**R. H. Amangeldiýew, Z. O. Jumagulyýewa, Ý. P. Osipowa,
M. G. Saparmyradowa, S. A. Tüýliýew**

# SAZ ESERLERINIŇ DERŇEWI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi
tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 781:378
A 54

**Amangeldiýew R. H. we başg.**

**A 54** **Saz eserleriniň derňewi.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

«Saz eserleriniň derňewi» okuw kitaby Türkmen milli konserwatoriýasynyň «Kompozisiýa», «Sazşynaslyk» we «Türkmen sazynyň taryhy we nazaryýeti» bölümlerinde okaýan talyplar üçin niýetlenilip, ony ýörite sazçylyk we sungat mekdeplerinde hem gollanma hökmünde peýdalanyp bolar.

TDKP № 166, 2017 KBK 85.2 ýa73

© R. Amangeldiýew we başg., 2017.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**
*– Ýer ýüzüniň halklarynyň sazçylyk dessurlarynyň köpdürlüligine garamazdan, adamzadyň sazçylyk medeniýeti bitewüdir. Ol biziň umumy baýlygymyzdyr.*

# SÖZBAŞY

Hormatly Prezidentimiziň bilim ulgamynda geçirýän netijeli özgertmeleri bu ugurda ähmiýetli öňegidişlikleriň gazanylmagyna düýpli täsirini ýetirýär.

«Saz eserleriniň derňewi» saz teoriýasynyň dersler toplumyny jemleýän, bu toplumda alnan bilimleri umumylaşdyrýan ders bolup, sazçylyk ugrundan kämil hünärmen bolup ýetişmekde uly ähmiýeti bardyr. Bu ýerde dürli stildäki we žanrdaky eserler derňew edilip, geljekki mugallymlaryň bilimleriniň gerimi giňeldilýär we çuňlaşdyrylýar.

Awtorlar bu okuw kitabyny saz formalarynyň meselelerini öwrenmeklige bagyşlanylan birnäçe işlere esaslanyp taýýarladylar. Olardan B. W. Asafýewiň, L. A. Mazeliň, I. W. Sposobiniň, Ý. N. Týuliniň, W. A. Sukkermanyň, W. P. Bobrowskiniň, W. W. Protopopowyň we beýlekileriň işlerini bellemek bolar.

Okuw kitaby saz formasynyň dünýä saz teoriýasy ylmynda ýola goýlan häzirki zaman konsepsiýasyndan ugur alnyp ýazyldy. Onda temalaryň beýan edilişi iki nukdaýnazardan seredilip geçilýär: formanyň nazaryýet esaslary we berlen formada beýan edilen dünýä nusgawy saz eserleriniň derňewi. Bu bolsa, diňe bir mugallyma däl, eýsem, tejribe mysalynda esasy forma emele getiriji pursatlary görmegi başarýan talyplara hem ýeňillik döredýär. Kitapda getirilen nota mysallary we shemalar nazary maglumatlaryň has ýeňil we düşnükli kabul edilmegine ýardam edýär.

«Saz eserleriniň derňewi» okuw kitaby Türkmen milli konserwatoriýasynyň «Kompozisiýa», «Sazşynaslyk» we «Türkmen sazynyň taryhy we nazaryýeti» bölümlerinde okaýan talyplary üçin niýetlenilip, ony ýörite sazçylyk we sungat mekdeplerinde hem degişli ders boýunça ulanmak bolar.

# I BÖLÜM

## SAZ FORMASYNYŇ UMUMY MESELELERI

## GIRIŞ

## SAZ ESERLERINIŇ DERŇEWI DERSI, ONUŇ MAKSATLARY WE MESELELERI

Saz eserleriniň derňewi dersi sazşynaslara we kompozitorlara bilim bermekde ideologiki we metodologiki ähmiýete eýe bolan saz-nazaryýet dersidir. Derňew dersinde umumy nazaryýet meseleleri, şeýle hem saz eseri, žanr, stil, forma we mazmun, saz dili, derňewiň usullary we saz eserlerine çeperçilik tarapyndan baha bermek ýaly düşünjelere seredilýär.

Saz eserleriniň derňewi saz medeniýetiniň ylmy-teoretiki esaslarynyň biri diýlip hasaplanýar, şonuň üçin bu dersi öwrenmekde saz eserine subutnamaly we ynandyryjy baha we häsiýetnama bermek ahyrky maksady göz öňünde tutýan we eseriň gurluşynyň, onuň çeperçilik ideýasynyň aýratynlyklarynyň we bu ideýany amala aşyrmak serişdeleriniň seredilmegine daýanýan derňewiň dürli usullaryny we žanrlaryny özleşdirmek meselesi örän wajyp bolup durýar.

Bu dersiň baş ideýasy eseriň bitewülik ideýasydyr. Ýagny, eseriň dürli taraplaryny bir bitewülikde, biri-birinden aýrylmaz ýagdaýda kabul edip öwrenmelidir. Bu bolsa, beýleki saz derslerinde (garmoniýa, polifoniýa, gurallama) özleşdirilen endikleri we bilimleri saz eserleriniň derňewi dersine girizmäge mümkinçilik berýär. Saz bitewüliginiň kontekstinde garmoniýanyň, polifoniýanyň, orkestr stilleriniň, forma emele getiriji we mazmuny mümkinçiliklerini ýüze çykarmak wajypdyr.

Saz eserleriniň derňewi – bu saz eserleriniň gurluşyny olaryň mazmuny we çeperçilik funksiýasy bilen baglylykda öwrenýän, şeýle hem formanyň, saz diliniň umumy kanunalaýyklyklaryna akyl ýetirýän we gözleg geçirmegiň usullaryny işläp taýýarlaýan saz-teoretiki dersdir. Şeýlelikde, saz eserleriniň derňewi dersi, bir tarapdan, saz

eserleriniň gurluşyny, beýleki tarapdan – derňewiň usullaryny, tärlerini we žanrlaryny öwrenmekden ybarat bolup durýar.

Saz eserleriniň gurluşyna dürli aspektler boýunça garalýar. Olar:

• ideýa-keşp mazmunynyň beýan edilmegi;

• kompozitorlyk usulynyň, stiliniň, çeperçilik ideýanyň we saz diliniň aýratynlyklary;

• ýerine ýetirijilik interpretasiýasynyň mümkinçilikleri;

• diňleýjä ugrukdyrma.

Saz eserlerini derňemek usullary, bu – saz eserlerini öwrenmegiň umumy we özboluşly tärleriniň, ýörelgeleriniň ulgamydyr. Derňewiň usullarynda dialektikanyň, akyl ýetirmek teoriýasynyň kanunlary, ulgamlaýyn çemeleşmegiň, öwrenilýän obýekte usullaryň laýyk gelmek ýörelgeleriniň talaplary aýan edilýär. «Derňew» adalgasy giň manyda, çeper eseri öwrenmekde diňe başlangyç tapgyr hökmünde detallara bölünmegi, differensiasiýany, çäklendirmegi aňladýar. Taryhylyk usuly, ýagny, saz eseriniň derňelmegine taryhy çemeleşme hem wajypdyr. Bu usulda dialektikanyň umumy kanunlary – gapma-garşylyklaryň bitewüligi we göreşi (mazmun bilen formanyň arasyndaky konflikt) beýan edilýär.

Sazşynaslyk derňewi bitewülikde derňemek usulydyr. Ýagny eser birnäçe tarapdan, ýöne olaryň bitewüliginde derňelýär. Bitewülikde derňemek usulynyň eseri jikme-jik öwrenmek maksady bilen kesgitlenilýän dürli görnüşleri bar:

1. Derňew – ýerine ýetirijiniň eseriň interpretasiýasynyň üstünde iş pursatlarynyň biri hökmünde;

2. Derňew – tankydy we publisistik žanr hökmünde;

3. Derňew – saz taryhy öwrenmäniň we teswirlenmäniň komponenti hökmünde;

4. Eseriň haýsy hem bolsa bir kanunalaýyklygyny (stiliň, diliň we ş.m.) ýüze çykarmak nukdaýnazaryndan derňew geçirilýär.

Saz eserleriniň derňewi dersiniň maksatlary we meseleleri – dersiň ähli temalary boýunça bilimleriň jemini özleşdirmek, şeýle hem barlagyň, teswirlemegiň, tankydyň, mugallymçylyk, terbiýeçilik işiniň anyk ugrukdyrylanlygyny hasaba alyp, bilimleri we usullary tejribede ulanmagyň endiklerini terbiýelemekdir.

# I BAP

# SAZ DERŇEWI. DERŇEWIŇ ŽANRLARY, GÖRNÜŞLERI WE USULLARY

## § 1. Saz derňewi. Umumy düşünje. Derňewiň žanrlary we görnüşleri

*Saz derňewi, analizi* (*grek.* – bölme, dargatma) saz eserleriniň, ýagny, olaryň stiliniň, formasynyň, saz diliniň, şeýle hem mazmuny beýan etmekde her bir komponentiň ähmiýetiniň we olaryň özara gatnaşyklarynyň ylmy taýdan öwrenilmegidir.

*Derňew* (*analiz*) – bitewüligi böleklere, düzüm elementlerine bölmeklige esaslanýan öwrenmeklik usuly hökmünde düşünilýär. Derňewe sintez garşy goýulýar. *Sintez* aýratyn elementleri bir bitewülige birleşdirmäge esaslanýan öwrenilme usulydyr. Derňew we sintez ýakyn bitewülikde durýarlar. Diňe sinteziň we derňewiň birleşmegi hadysalaryň esasynyň çuň düşünilmegine alyp barýar.[1] Bu bolsa, ahyrky netijede elmydama umumylaşdyrma, sinteze alyp barýan saz derňewine hem degişlidir.

«Saz derňewi» adalgasy giň we dar manyda ulanylýar. «Saz derňewi» diýlende – islendik bir saz kanunalaýyklygyny aýratyn hadysa hökmünde öwrenmek, bellibir saz eseriniň çäginde saz diliniň islendik bir elementini derňemek, tematiki derňew, saz eseriniň aýratyn elementleriniň we olarda beýan ediş serişdeleriniň (metriň, ritmiň, perdäniň, tembriň, dinamikanyň we ş.m.) ulanylyşyny derňemek, garmoniki derňew, polifoniki derňew, heňiň derňewi, eseriň kompozision gurluşynyň derňewi hökmünde düşünilýär.

Derňewiň aýratyn görnüşi kompleksleýin derňewdir. *Kompleksleýin derňew* kompozision formanyň derňelmegi esasynda ýerine ýetirilýän, emma bitewüligiň ähli komponentlerini, olaryň özara gatnaşyklarynda we ösüşde öwrenilmegi bilen utgaşdyrýan saz eseriniň analizidir.

Derňewiň žanrlary dürli görnüşlidir:

[1] Analiz we sintez – filosofiki düşünjeler.

- sazy öwreniş monografiýa[1], ylmy, professional derňew;
- has umumy tema boýunça ýazylan işiň aýratyn bir bölegi (meselem: bir kompozitora bagyşlanan monografiki ylmy işiniň bölegi);
- saz eseriniň populýarizasiýasy. Derňewiň bu görnüşi publisistiki häsiýetde bolup, okyjylaryň giň köpçüligine niýetlenilýär;
- eseriň tankydy-estetiki derňewi. Şeýle görnüş saz-beýan ediş serişdeleriniň, forma aýratynlyklarynyň derňewine çuňlaşman, esere umumy estetiki baha berýär. Eseriň bu babatda öwrenilmeginde tankyt we derňew ýakyn aragatnaşykda bolýar;
- okuw-türgenleşik ýumşy.

Saz eseriniň derňewine çemeleşmeler we derňewiň görnüşleri dürli bolup bilýär:

- umumy estetiki we taryhy-stilistiki çemeleşme;
- morfologiki derňew (formanyň ösüş proseslerine we gurluşyň kanunalaýyklyklaryna aýratyn üns bermek);
- aýratyn komponentleriň we olaryň gatnaşyklarynyň derňewi;
- diňleýjileriň kabul ediş, duýujylyk derňewi;
- giň derňew işlerinde derňewiň dürli görnüşleriniň utgaşdyrylmagy.

## § 2. Kompleksleýin derňewiň usullary we görnüşleri

Kompleksleýin derňewiň iň ýokary maksady saz eserini, onuň taryhy baglanyşyklarynyň ählisini nazara alyp, jemgyýetçilik-ideologiki hadysa hökmünde öwrenmekdir. Kompleksleýin derňewe başgaça *bitewülieýin derňew* hem diýilýär.

Eseriň kompleksleýin derňewi – eseriň mazmunyny we formasyny bitewülikde öwrenmekdir. Derňewiň bu görnüşinde taryhy-stilistiki we žanr baglanyşyklaryny, çeşmeleri aýdyňlaşdyrmak möhümdir. Kompleksleýin derňew teoriýa we taryhy saz bilimleriniň araçäginde durýar.

Saz eseriniň kompleksleýin derňewi forma emele getirýän çeperçilik serişdeleriň, olaryň logiki we beýan ediji roluny jikme-jik

---

[1] Monografiýa – bellibir tema bagyşlanan ylmy iş. Meselem: S. Feýnberg, «S. Prokofýewiň fortepiano stili barada»; W. Gurewiç, «Weli Muhadow»; A. Çugaýew, «Bahyň klawir fugalarynyň aýratynlyklary» we ş.m.

öwrenmegi talap edýär. Saz eseriniň mazmuny saz formasynyň mazmun tarapy arkaly açylyp görkezilýär. Derňewiň obýektine gönüdengöni dahylly bolan dürli maglumatlar (döreýiş taryhy, kompozitoryň döredijiliginde, öz döwrüniň we häzirki döwürdäki repertuarynda tutýan orny), şeýle hem has umumylaşdyrylan häsiýetli maglumatlar (kompozitoryň stiliniň, onuň dünýägaraýşynyň esasy aýratynlyklary, jemgyýetçilik-taryhy şertleri) nazara alynýar. Esere degişli döwrüň ideýalarynyň we sosial-taryhy şertleriň çäklerinde, döwür üçin häsiýetli žanr-stilistiki hadysalaryň üsti bilen seredilýär.

Derňew geçirijä berlen eseriň umumy-stilistiki alamatlaryny we onuň indiwidual, üýtgeşik, gaýtalanmajak aýratynlyklaryny ýüze çykarmak hökmanydyr. Meselem, F. Listiň *h-moll* sonatasy bir bölümli. Birbölümlilik bolsa, nusgawy sonata üçin kadaly däl. Şol bir wagtda, bu eser öz içinde adaty bolan dört bölüme bölünýär.

Derňew edilende tankydy nukdaýnazar wajypdyr. Meselem, awtor täze düzen eserini simfoniýa diýlip atlandyrýar. Hakykatda bolsa, bu eser öz göwrümi ýa-da haýsydyr bir başga aýratynlyklary boýunça simfoniýa žanrynyň talaplaryna laýyk gelmän, simfoniki sýuita ýakynlaşýar.

Kompleksleýin derňew, adatça, köp detallary öz içine alýan, eserde bolup geçýän prosesleriň ählisini açyp görkezýän yzygiderli derňew görnüşinde gurulýar. Emma uly göwrümli eserler öwrenilende şeýle jikme-jik derňewiň kemçilikleri ýüze çykýar: beýan edilme çylşyrymlaşýar, has uzaga çekilýär, okyjylara köpsanly toplanan faktlary özleşdirmek kyn bolýar.

Kompleksleýin derňew «*uly*» we «*kiçi*» görnüşlere bölünýär.

«Uly» kompleksleýin derňew döwrüň häsiýetnamasyny, taryhy köklerini, baý deňeşdirmeleri, jikme-jik derňewi, giň umumylaşdyrmalary öz içine alýar. «Kiçi» kompleksleýin derňew meseleleriň çäklendirilen toparyna degip geçýär. Diňe esasy beýan ediş serişdeleri we keşbiň, žanryň häsiýeti hakyndaky netijeler göz öňünde tutulýar. Ýöne «kiçi» derňewde-de kompleksleýin derňewiň esasy ýörelgesi, ýagny, forma we mazmunyň bitewüligi saklanmalydyr.

Kompleksleýin derňewiň usulyýeti (tehnikasy) dört tapgyrdan ybarat:

- *birinji tapgyr* – berlen eser boýunça materialy toplamak. Bu taryhy tapgyrdyr. Saz eseri hakynda, ýagny, saz eseri, saz formasy, mazmun, saz keşbi, žanr, heň, metr, ritm ýaly esasy düşünjeleriň ulgamy hakyndaky bilimler wajypdyr. Iň wajyp – saz konsepsiýalarynyň ulgamy barada düşünjeler hem gerekdir;
- *ikinji tapgyr* – saz eserini diňlemek. Bu döredijilik tapgyrydyr;
- *üçünji tapgyr* – çeperçilik täsirleriniň we saz eseriniň gurluşy barada anyk maglumatlaryň deňeşdirmesi. Bu tapgyrda subýektiw (şahsy) täsirlerini obýektiw maglumatlar bilen düşündirmek gerek. Bu ylmy tapgyrdyr;
- *dördünji tapgyr* – derňewiň netijeleriniň beýanynyň tapgyry. Netijeler gysgaça ýa-da has giňräk görnüşde beýan edilip bilner.

Derňewiň usullary dürli-dürli bolup bilýärler. Meselem: deduktiw we induktiw usullar. Köp ýagdaýda başda teoretiki pikir berilýär. Soňra bu pikir nusgalaryň (saz eserlerinden aýratyn parçalaryň ýa-da tutuşlygyna alnan eseriň) derňewi arkaly subut edilýär. Bu – deduktiw usul. Beýleki ýagdaýlarda şeýle görnüşli derňew nusgalary başda berlip, okyjylary kem-kemden umumylaşdyrylan häsiýetli netijelere eltýärler. Bu – induktiw usul. Bu usullaryň ikisi-de deň hukukly. Olar utgaşyp hem bilýärler.

*1-nji shema*



Derňew prosesi iki ugur boýunça amala aşyrylýar.

Birinji ugur saz eseriniň kabul edilenden beýleki analogiki eserler bilen deňeşdirilmegine, eseri haýsydyr bellibir stil we žanr görnüşli hadysalaryň hataryna girizilmegine, döwür we eseriň döreýiş şertleri barada, kompozitor hakda, onuň aýdan pikirleri, hatlary barada, her dürli maglumatlara we ahyrky netijede, döredijiligiň sosial-taryhy we çeperçilik-psihologiki şertliligi gurşawyna çykmagyna alyp barýar. Beýleki ugur derňelýän eseriň çuňlugyna – mazmunyň we onuň dürli taraplarynyň beýanyny açyp görkezýän eseriň strukturasynyň derňewine ugrukdyrýar. Bu bolsa eseriň mazmuny, häsiýeti, ideýasy barada has anyk we takyk düşünjäni ündeýär.

Derňewiň dowamynda şu ugurlaryň ikisi hem ulanylmalydyr.

*Makroderňew* uzakdan edilýän gözden geçirmä kybapdaş. Makroderňewiň dowamynda eser diňe uly planda, jikme-jiklikleriň we ikinji derejeli taraplarynyň köpüsine degip geçmän derňelýär.

Derňewi beýan etmegiň dürli görnüşleri bar:

1. derňewiň we onuň netijeleriniň has doly, jikme-jik beýan edilmegi;

2. derňewiň has möhüm tapyndylaryny belleýän gysga kesgitlemeleri gözlemek;

3. beýan etmegi bir baş pikire, ideýa garaşly etmek mümkinçiligi: faktlary eseriň iň wajyp umumy alamatlary bilen baglylykda toparlamak (meselem, faktlary wagt boýunça yzygiderlilikde däl-de, berlen eseriň keşpleriniň görnüşleri ýa-da ösüşiň esasy kanunalaýyklyklaryna laýyklykda görkezmek).

Eseri beýan etmegiň usullary derňew meselelerine, onuň gönükdirilen ugruna (okyjy, diňleýji), eseriň döredilen wagtyna garaşly bolýarlar:

1. Öz duýgularyňy teswirlemek;
2. Ýerine ýetirijilik ýagdaýyny teswirlemek;
3. Eseriň sýužetini, programmasyny teswirlemek;
4. Saz-tehnologiki teswirleme – strukturany teswirlemek;
5. Žanrlaýyn häsiýetnamalar usuly;

6. Sungatyň dürli görnüşleri bilen analogiýalary geçirmek ýa-da dürli eserleri deňeşdirmek usuly.

Derňew edilende eseriň keşpliliginiň üç tarapyna üns berilýär:

1. Mazmunyň – häsiýetli tarapy;
2. Emosional – duýgy tarapy;
3. Logiki – many tarapy.

Eseri derňemekde saz adalgalary bilen birlikde poeziýadan (ýamb, stopa, horeý), filologiýadan (sintaksis), matematikadan, psihologiýadan alnan adalgalar hem ulanylýar. Çeper eseri teswirlemek – bu şol bir wagtyň özünde hem ylmy, hem çeperçilik işdir. Şonuň üçin saz eserini derňemekde metaforalar, giperbolalar, epitetler, allegoriýalar, parafrazalar, deňeşdirmeler ýaly çeperçilik usullaryny ulanman bolmaz.

**Derňew üçin eserler:**

*Kompleksleýin derňew:*

1. Grig. «Люблю тебя» romansy.
2. Bartok. Pýesalar albomy, 2-nji depder, «Awrora» sazy.

**Eseriň umumy strukturasyny teswirlemek:**

1. Bethowen. «Prometeý» uwertýurasy.
2. Şopen. Etýud № 14.
3. Şuman. «Tokkata» op. 7 *C-dur*.

**Saz prosesini keşp taýdan teswirlemek:**

Grig. «Норвежский крестьянский марш» op. 31.

**Haýsydyr bir nazaryýet pikiri subut etmek:**

1. Şopen. Prelýudiýa *cis-moll*;
2. Mosart. Sonata № 2, final.

**Hödürlenýän edebiýat:**

1. Интонация и музыкальный образ. Сборник статей под редакцией Б. Ярустовского. М., 1965.

2. *Мазель Л.* Эстетика и анализ. // Советская музыка, 1966, № 12.

3. *Медушевский В.* К проблеме семантического синтаксиса. //Советская музыка, № 8,1973.

4. *Назайкинский Е.* Искусство и наука в деятельности музыковеда. //Музыкальное искусство и наука. Вып. 2. М., 1973.

5. *Цуккерман В.* О некоторых особых видах целостного анализа. // Советская музыка, № 4, 1967.

# II BAP

# SAZ SUNGATY. SAZYŇ MAZMUNY WE FORMASY. STIL. ŽANR (UMUMY DÜŞÜNJE)

## § 1. Saz sungaty

Saz – sungata degişli bolup, adam ruhuny estetika taýdan baýlaşdyrýan çeşmeleriň biridir. Şekillendiriş sungatynyň eserlerine (heýkele, žiwopis we grafika) seredilende, olaryň mazmuny birbada dolulygyna görünýän bolsa, sazyň mazmunyna düşünmek üçin bellibir wagt sarp etmeli, ýagny ony başyndan ahyryna çenli diňlemeli. Bu aýratynlygy bilen ol edebiýata (şygryýet, kyssa) we edebi esasda döredilýän kino we teatr sungatyna golaý gelýär. Bellibir wakany çeperçilik sungaty anyk şekillendirmäge edebiýat – takyk beýan etmäge ukyply bolsa, sazda bolup geçýän wakanyň häsiýetini (dabaraly, gaýgyly, näzik, gödek, asuda, dartgynly we ş. m.), onuň kem-kemden ýa-da duýdansyz ösüşini, güýçleriň gapma-garşylygyny we ş. m. diňe umumylykda berip bolýar. Ýöne, sazyň söz bilen beýan edip bolmajak inçe duýgulary açyp görkezmek mümkinçiligi bar. Aýratyn hem sazyň adam duýgularyny çuňňur beýan etmek ukyby onuň adam sesi bilen berk baglanyşyklylygyndadyr. Adamyň gepleýşinde begençli ýa-da gaharly, soragly ýa-da kesgitli, ynamly ýa-da ynamsyz, gülki ýa-da agy gatançly äheňler dürli intonasiýalar (ses owazlananda onuň belentliginiň üýtgemegi, güýji, ritmi, tizligi) arkaly aňladylýar. Şol sebäpli diline düşünmezden adamyň duýgularyny gürleýiş äheňinden duýup bolşy ýaly, sazyň hem halkara derejede serhedi bolmaýar. Ýagny, saz haýsy ýurtda ýerine ýetirilende-de, diňleýjilere düşnükli bolýar.

## § 2. Sazyň mazmuny we formasy

Sazyň mazmuny tebigy hadysalaryň, adamzadyň içki duýgularynyň we oý-pikirleriniň saz keşplerine syrykmagyndan emele gelýär we saz formasy arkaly beýan edilýär. Sazyň mazmunynyň daşky we içki taraplary bolýar. Onuň daşky tarapyna eseriň ady degişli edilýär. Ol at onuň programmasyny – mazmunyny beýan edýär. Meselem, P. Çaýkowskiniň fortepiano üçin «Çagalar albomyndan» «Babaýaga» ertekisindäki sübsäniň üstünde uçýan jadygöý aýalyň saz keşbini suratlandyrýan bolsa, şol albomdan «Gurjagyň kesellemegi» eserinde gurjagy kesellän çaganyň içki duýgulary beýan edilýär. Sazda ulanylan serişdeler hem, köplenç, eseriň programmasyny açyp görkezmäge ýardam edýärler. Meselem, M. Ataýewiň «Tans» fortepiano eserini çagalaryň baýramçylygynda tans edýän haýwanjygyň (köşegiň, aýyjygyň) keşbi bilen baglanyşdyrylanda: a) sazyň *p, mf*, *mp, p* çalynmagy bilen tansçynyň ilki aňyrdan tans edip gelşi, soň sahnanyň töründe tans edişi, soňra kem-kemden sahnadan çykyp gidişi görkezilýär; b) sazyň garmoniýasynyň güýçli ülüşlerde ýaýbaň, giň ses aralykdaky akkordlaryň pedal bilen alnyp, güýçli däl ülüşlerde golaý ses aralyklardaky akkordlara pedalsyz geçilmegi ýa-da onda täze garmoniýanyň ulanylmaýandygy we akkordyň güýçli ülüşlerde dowamlyrak saklanyp (*portamento*), gowşak ülüşlerde ýeňil (*legatoly stakkato*) çalynmagy haýwanjygyň iki tarapa çaýkanýan hereketlerini alamatlandyrýar; heňdäki arassa we peselen basgançaklaryň gezekleşmegi saz keşbine näziklik berýär we ş. m.

Saz mazmunynyň içki tarapyna sazyň tonallygy, ölçegi, depgini, gomofon ýa-da polifoniki fakturada beýan edilendigi, heňiň we heň öwrümleriniň göwrüminiň ulalyp-kiçelmegi, heň liniýasyny düzýän ses aralyklarynyň üýtgemegi, garmoniýasynyň çalyşmagy, sazyň dinamikasy, agogikasy (basymly – basymsyz, aýratynlykda – *legato*, haýalladybrak – tizleşdiribräk, *potramento – stakkato* çalynmagy we başgalar ýaly sazyň ýerine ýetiriliş usullary) we ş. m. girýär.

*Sazyň formasy* saz eseriniň gurluşyny aňladýar. Oňa 1, 2, 3 bölümli, rondo, wariasiýalar, sonata we ş. m. forma degişli. Olar hem

öz içinde period, sözlem, jümle, motiw, submotiw ýaly gurluşlardan ybarat bolýarlar.

*Mazmun bilen formanyň bitewüligi:* sungatyň beýleki görnüşlerinde bolşy ýaly, sazyň mazmuny we formasy dünýä bilelikde inýär. Ýagny, mazmun haýsy hem bolsa bir formada dogulmasa, özbaşdak dünýä inip bilmeýär. Bu babatda mazmun – jany, forma – göwräni ýada salýar. Ýöne, forma mazmuny däl-de, mazmun formany emele getirýär. Sazda esasy – mazmun, forma bolsa, diňe mazmuny beýan ediji serişde. Içinde many-mazmuny ýok sazyň çeperçilik ähmiýeti bolmaýar.

*Mazmunyň formadan aýratynlygy:* sazda mazmun forma görä baý we has giň mana eýe. Bu ýerde mazmunyň içki taraplary göz öňünde tutulýar. Dürli döwürde kompozitorlaryň her täze nesli öňden gelýän saz formalaryny ulanmak bilen durmuş wakalaryny, çeper oý-pikirleri, duýgulary täzeçe, ýaşaýan döwrüne laýyklykda beýan edýär. Meselem, Mosart, Bethowen, Berlioz, Çaýkowskiý – hemmesi simfoniýa ýazypdyrlar. Ýöne kompozitorlaryň simfoniýalary olarda ulanylan saz serişdeleri arkaly tapawutlanyp, netijede, mazmun özgerýär. Ỳerine ýetirijiler babatda aýdylanda, olar sazy özüçe duýşuna we islegine görä notalarda görkezilen depgini haýalrak ýa-da tizräk, käbir parçalary biraz haýalladybrak (*allargando*) ýa-da tizleşdiribräk (*accelerando*), saz sesiniň güýjüni batlyrak ýa-da ýuwaşrak ýerine ýetirip, eseriň içki gurluşyny üýtgetmezden sazyň mazmunyna goşmaça öwüşgin berip bilerler. Bir formada täze mazmunly, hersi özbaşdak saz keşpli eserleriň döreýşini görkezýän ýokarky mysallar mazmunyň formadan giň mana eýedigini aýdyň görkezýär.

Saz eseri döredilende onuň baş gahrymany bolup tema hyzmat edýär. Mazmunyna baglylykda eseriň bir ýa-da birnäçe temasy bolup biler. Saz temasy ýaňy dünýä inen çaga meňzeş. Her çaganyň öz ýürek arzuwlary, halaýan käri bolýar. Çaga terbiýelenende onuň tebigy aýratynlygynyň, zehininiň kämilleşmegine ýardam etmeli. Uly sporta höwesi ýok çagadan sport ussadyny ýetişdirjek bolup durmagyň geregi ýok. Belki, ol taryha, ýa-da saza, ýa-da matematika ýykgyn edýändir. Eseriň hamyrmaýasy bolan saz temasy hem öz içki gurluşynda-gönezliginde diňe özüne mahsus heň öwrümleri (motiwleri, submotiwleri) saklaýar. Kompozitor eseriň temasynyň (baş

gahrymanynyň) tebigy aýratynlyklaryny öwrenip, olary sazyň dramaturgiýasyna – ösdürilişine laýyklykda ösdürmek arkaly täze sazy dünýä indirýär. Başga bir meşhur esere öýkünip, onuň formasyny täze dörejek eser üçin esas edip almak düýpden nädogrudyr. Sebäbi, ol bilen täze dörejek eseriň temalarynyň gönezligi we sazyň mazmunynda olaryň ykballary, geçmeli ýollary dürli. Ýüregiň emri bilen dörän temanyň we onuň tebigy ösdürilişiniň netijesinde sazyň mazmunyna görä öz formasy emele gelýär. Dünýäde näçe saz eseri bar bolsa, şonçada forma bar we olaryň hemmesi barada aýratynlykda gürrüň etmek mümkin däl. Şol sebäpli olar gurluşyndaky meňzeşlikler esasynda ýönekeý (bir, iki, üç bölümli), çylşyrymly (iki, üç bölümli) formalar, rondo, wariasiýalar, sonata formasy[1] we ş. m. ýaly umumylaşdyrylan formalara birikdirilýär.

Saz formasyna eseriň tutuşlygyna alnany ýa-da bölümleri, olaryň içki gurluşy (period, sözlem, jümle, motiw) degişli bolmak bilen, ol sazyň fakturasyny (heňiniň ýerine ýetiriliş aýratynlygyny, garmoniýasyny, ritmini we olaryň özara baglanyşygyny we bitewüligini), perde-tonal çözgüdini, tembr we registr serişdelerini, dinamik belgilerini, depginini we olaryň üýtgeýşini (haýallamagyny, tizleşmegini), artikulýasiýany (sesleriň çalnyş usullaryny – *stakkato, legato* we başgalary) hem öz içine alýar.

## § 3. Saz stili

Her adamyň hat ýazyşynda öz aýratynlygy (poçerki) bolup, ondan haty kimiň ýazandygyny kesgitläp bolýar. Sazda hem her kompozitoryň döredijiligine mahsus ulanylýan heň öwrümlerinden, saz serişdelerinden eseri haýsy kompozitoryň düzendigini ýa-da, giňräk alnanda, sazyň haýsy döwre degişlidigini tanap bolýar. Bellibir taryhy

---

[1] Sonata – žanry, sonata formasy – formany aňladýar. Sonata formasy, esasan, iri göwrümli sonata, kwartet, kwintet, konsert, simfoniýa ýaly sazlarda ulanylýar. Sonata formasy, köplenç *allegro* depginde ýazylansoň, nusgawy kompozitorlaryň eserlerinde ol «sonata allegrosy» diýlip hem atlandyrylýar. Ýöne, sonata formasy aram we has haýalrak depginlerde hem ýazylmagy mümkin.

şertde döräp, kompozitoryň dünýägaraýşynyň saz keşpleri we saz serişdeleri arkaly beýan edilmegine stil diýilýär. Şeýlelikde, stile saz mazmuny, saz serişdeleri, formasy hem degişli. Stil kompozitoryň şahsy döredijilik aýratynlygy, milli kompozitorlyk mekdebine mahsus aýratynlyk we döwri kesgitleýji aýratynlyk ýaly manylarda ulanylýar.

*Kompozitoryň şahsy döredijilik stili.* Bahyň sazyny Gaýdnyňkydan, Mosartyň sazyny Bethoweniňkiden, Wagneriň sazyny Werdiniňkiden, D. Öwezowyň sazyny W. Muhadowyňkydan, N. Halmämmedowyň sazyny R. Allaýarowyňkydan tapawutlandyrmak kyn däl. Oňa her kompozitoryň saz düzmekde ulanýan usullary we saz serişdeleri ýardam edýär we «Bahyň stili», «Glinkanyň stili», «Ç. Nurymowyň stili» diýilýär. Ýa-da bir kompozitoryň döredijiligi döwürlere bölünip (Rahmaninowyň irki döredijilik stili, Çaýkowskiniň giçki döredijilik stili we ş. m.), hatda bir eseriň stili hem (W. Muhadowyň «Ganly saka» operasynyň stili) aýratynlykda öwrenilip bilner. Kompozitor döredijiliginiň stil aýratynlygy «stil» diýen düşünjäniň birinji halkasyny emele getirýär.

*Milli kompozitorlyk mekdebiniň stili.* XIX asyrdan başlap Ýewropada öz halkynyň sazlaryna esaslanan milli kompozitorlyk mekdepleri döreýär. XX asyryň birinji ýarymynda gündogar ýurtlarynyň milli kompozitorlary dünýä arenasyna çykyp ugraýar. Olardan, meselem, türkmen kompozitorlarynyň stil taýdan biri-birinden tapawutlanýan döredijiligi birigip, umumylykda türkmen milli kompozitorlyk mekdebini (we döredijilik stilini) emele getirýär. Türkmen milli kompozitorlyk mekdebi öz gezeginde özbek, gazak, täjik, azerbaýjan ýa-da rus milli kompozitorlyk mekdebinden milli aýratynlygy bilen tapawutlanýar. Her milli kompozitorlyk mekdebiniň stil aýratynlygy «stil» düşünjesiniň ikinji halkasyny emele getirýär.

*Döwri (epohany) häsiýetlendirýän stil.* Milli aýratynlykdan başga her döwrüň özüne mahsus estetikasy bilen bilelikde saz mazmunyna täzeçe garaýyş, täze saz düzüliş usullary we saz serişdeleri, täze žanrlar ýüze çykýar. Bu hadysa ençeme ýyllap dowam edýär we şol wagt aralyk «döwür», «epoha» diýlip atlandyrylýar. Meselem, Wiwaldi, Bah, Gendel döwrüniň kompozitorlarynyň düzen sazlary – Barokko stilini, Gaýdnyň, Mosartyň, Betoweniň döredijiligi – we-

naly nusgawy kompozitorlaryň stilini, XIX asyrda dörän saz akymy – romantizm stilini emele getirýär. XX asyryň sepgidi kompozitor döredijilik ugurlarynyň köpdürlüligi bilen tapawutlanyp, impressionizm, ekspressionizm, neoklassisizm, neoromantizm, neofolklorizm we ş. m. ýaly birnäçe saz stilleriniň döremegine getirdi. Saz stiliniň bu görnüşi tutuş döwri, epohany häsiýetlendirýär we ony üçünji halka görnüşinde aňlatsa bolar:




Şekilden görnüşi ýaly, kompozitorlaryň şahsy döredijilik stili öz milli kompozitorlyk mekdebine birigýär. Milli kompozitorlyk mekdepleri öz aralarynda stil taýdan tapawutlansa-da (olaryň wekilleri bolan döwürdeş kompozitorlaryň dünýägaraýşynda, saz düzmek usullarynda, döredýän saz keşplerinde umumy meňzeşlik bolansoň), hemmesi jemlenip, tutuş epohany, öz döwrüniň saz stilini emele getirýärler. Meselem, awstriýaly Şubert, fransuz Berlioz, wenger List, polýak Şopen, nemes Şuman we başgalar dürli milli kompozitorlyk mekdeplerine degişli bolsa-da, hemmesi öz döredijiligi bilen romantizm stiliniň wekilleri hasaplanýar.

## § 4. Saz žanry

*Žanr* – eseriň görnüşini aňladyp, ol sazyň mazmunynyň umumy häsiýeti boýunça kesgitlenilýär. Žanr taryhy şertlere, adamyň durmuş

zerurlyklary we ýaşaýyş isleglerine baglylykda dürli mazmunly we görnüşdäki eserler görnüşinde döreýär.

Taryhy şert bolanda – täze saz žanrlarynyň döremegi, möwriti geçensoň olaryň ulanyşdan galmagy, sazyň mazmunynyň üýtgemegi göz öňünde tutulýar. Bu hadysalar döwrüň talabyna görä tebigy ýagdaýda bolup geçýär. Her ýurtda bar bolan saz gurallaryna görä dürli düzümdäki ansambllar, orkestrler döräp, şoňa laýyklykda-da eserler ýazylýar. Meselem, sazandalar toparynyň düzüminde iki skripka, alt we wiolonçel bar bolsa, kirişli saz gurallary üçin kwartet; toparyň düzüminde fleýta, wiolonçel, fortepiano bolanda, şol saz gurallary üçin trio dünýä iner we ş. m. Simfoniki orkestr üçin sazlar – simfoniki orkestr bolanda; opera, balet eserleri – opera we balet teatry bar bolan ýerde dörär. Şeýle toparlaryň ýok ýerinde bu žanrlarda eser döremez, olar üçin öň ýazylan sazlar hem ýerine ýetirilmez we ulanyşdan galar... Bah, Gendel döwründe ýazylan oratoriýalar dini mazmunda bolan bolsa, XX asyrda oratoriýanyň mazmuny üýtgäp, onda öz döwrüniň wakalary beýan edilýär (meselem, D. Şostakowiçiň «Tokaýlar hakynda aýdym» oratoriýasy, G. Swiridowyň «Patetik oratoriýasy», R. Allaýarowyň Rabindranat Tagoryň goşgularyna oratoriýasy).

Adamyň durmuş zerurlyklary bolanda – meselem, çagany uklatmak üçin hüwdi, sygyr sagylanda «Höwlüm» ýaly zähmet aýdymlary döreýär. Adamyň ýaşaýyş islegi bolanda – tans etmek üçin tans sazlary, asuda dynç almak üçin liriki aýdym-sazlar, dabara sowmak üçin dabaraly sazlar, ýöriş üçin marşlar döreýär.

Žanr babatynda dürli mazmundaky eser bolanda – marş, tans, aýdym, sonata, konsert, simfoniýa, kantata, opera, balet we ş. m. degişli.

Eseriň görnüşi bolanda – eseri ýekelikde ýerine ýetirmek üçin (oňa bir ýa-da birnäçe saz guralynyň sazandarlyk etmeginde aýdym aytmak, saz çalmak hem girýär), ansambl, orkestr bolup ýerine ýetirmek üçin ýazylan düzümi göz öňünde tutulýar.

Ýokarda beýan edilen saz eserleriniň hemmesi žanryň görnüşlerini aňladyp, žanr düşünjesi onuň daşky we içki sypatlary ýaly manylarda ulanylýar. Žanryň daşky sypatlary – sazyň haýsy saz gural-

larynda ýerine ýetirilýändigini, içki sypatlary – sazyň mazmunyny häsiýetlendirýär.

## § 5. Žanryň ýerine ýetirijilik tarapy

Ýerine ýetirijilikde goşga ýazylan eserlere – wokal žanry, saz gurallary üçin sazlara – instrumental žanry diýilýär. Eserde saz gurallary aýdyma diňe sazandarlyk etmän, olaryň özbaşdak ýerine ýetirýän saz parçalarynyň hem ähmiýeti uly bolanda garyşyk wokal-instrumental žanry emele gelýär. Saz žanrlary ýerine ýetirijilik tarapdan düzgünleşdirilende, olary umuman 4 topara bölmek bolar:

1. Instrumental žanrlary: orkestr (simfonik orkestr, halk saz gurallary orkestri, üflenip çalynýan saz gurallary orkestri, kirişli saz gurallary orkestri) üçin sazlar; kamera sazlary (dürli ansambllar: duet, trio, kwartet, kwintet, sekstet, septet, oktet, nonet, desimet); ýekelikde (fortepianoda, skripkada, akkordionda, gitarada, fleýtada, dutarda we ş. m.) ýerine ýetirmek üçin sazlar.
2. Wokal žanrlary: garyşyk hor, aýallar ýa-da erkekler hory, çagalar hory; ansambllar (duet, trio, kwartet, kwintet we ş. m.); ýekelikde (şol sanda saz guralynyň sazandarlyk etmeginde) aýdym aýtmak.
3. Garyşyk wokal-instrumental žanrlary: oratoriýa, kantata, oda, wokal-instrumental ansambllar;
4. Teatr žanrlary: opera, balet, operetta, sazly drama, drama oýunlary üçin sazlar. Kino sazlary hem teatr üçin ýazylan eserleriň toparyna goşulýar.

Saz žanrlaryny ýerine ýetirijilik tarapdan 4 topara bölmek olar barada diňe umumy düşünje berýär we şertli ýagdaýda kabul edilen. Žanrlaryň görnüşleri has köpsanly bolup, olar öz aralarynda berk baglanyşykly we ýerine ýetirijilik taýdan dürli görnüşde garyşyp gelmegi mumkin. Meselem, opera žanry saz sungatyndan – simfoniki orkestri we dürli instrumental ansambllary, ýekelikde aýdym aýtmagy we dürli wokal ansambllaryny, hory, horeografiýadan – dürli tanslary, şekillendiriş sungatyndan – sahna bezeglerini, gahrymanlaryň geýýän egin-eşigini, sahna sungatyndan – gahrymanlaryň sahna hereketini özünde jemleýän çylşyrymly sungat eserini emele getirýär.

## § 6. Žanryň mazmun esasynda häsiýetlendirilişi

Saz sungaty programmaly we programmasyz sazlara bölünýär. Sazyň taryhyndan belli bolşy ýaly, programma eseriň mazmunyny takyk açyp görkezmäge gönükdirilendir. Goşga ýazylan saz eserleri (aýdym, romans, kantata) goşgynyň mazmunyny özüne programma edinip, anyk mazmuna eýe bolýar. Instrumental sazlardan wokal eseriniň esasynda döränleri hem onuň (aýdymyň) programmasyny özüne mazmun hökmünde kabul edýär. Meselem, türkmen instrumental sazlarynyň esli bölegi adybir halk aýdymynyň instrumental transkripsiýasy (görnüşi) bolup, ol aýdymyň mazmunyny özüne mazmun, adyny at edinip alýar (meselem, «Zybagözel» halk aýdymy we ol aýdymyň dutar üçin saz görnüşi). Dünýä saz edebiýatynda instrumental sazlardaky programmalygyň görnüşleri barada aýdylanda, G. Berlioz «Fantastiki simfoniýasynda» bolup geçýän wakalary bellibir sýužet arkaly açyp görkezýän bolsa, F. List eserlerinde sýužet bermän, wakalary çeper keşpleriň üsti bilen umumylykda beýan edýär, köplenç, programma hökmünde sazlaryna at dakýar («Wenger rapsodiýasy», «Mefisto-wals» we başgalar). P. Çaýkowskiniň meşhur sýužete esaslanyp ýazylan «Romeo we Julýetta» poemasy, N. Rimskiý-Korsakowyň durmuş sahnalaryny beýan edýän «Ispan kapriççiosy», W. Muhadowyň Watan barada söhbet açýan «Meniň Watanym» poemasy we ş. m. ýüzlerçe sazlar umumylaşdyrylan programma görnüşinde ýazylan nusgalardyr. Kiçi göwrümli instrumental sazlaryň «Kiçijik kerwen», «Şadyýan daýhan» ýaly atlary hem programmany umumylykda aňladýan topara degişli.

Marş, ballada, prelýudiýa, sýuita, uwertýura, kwartet, sonata, poema, konsert, simfoniýa ýaly instrumental sazlarda anyk programma bolmasa-da, ol atlar žanryň mazmunyny aňladýar we olaryň hersi özbaşdak žanr hasaplanýar (meselem, prelýudiýa žanry, simfoniýa žanry).

Sazyň göwrümi hem žanryň mazmunyny kesgitleýär. Marş, prelýudiýa, wals ýaly kiçi göwrümli sazlara «miniatýura (kiçi göwrümli) žanry», kwartet, sonata, konsert, simfoniýa, kantata, oratoriýa ýaly

eserlere «iri göwrümli žanr» diýilýär. Iri göwrümli žanrlar, köplenç, birnäçe bölümden ybarat bolýar.

Ondan başga liriki, dabaraly, dartgynly, epiki ýaly žanryň mazmunyny anyklaýjy goşulmalar (liriki poema, dabaraly uwertýura, epiki opera, liriki-dramatik simfoniýa) sazyň mazmunyny has aýdyňlaşdyrmaga ýardam edýär.

## § 7. Žanr bilen stiliň arabaglanyşygy

Saz žanrlarynyň stil bilen arabaglanyşygy örän çeýeligi bilen tapawutlanýar. Dürli döwrüň kompozitorlary ýokarda beýan edilen saz žanrlarynyň ençemesini öz döredijiliginde ulanypdyrlar. Ýöne, käbir kompozitoryň döredijiliginde agdyklyk edýän žanrlar hem bolýar. Meselem, Werdiniň, Wagneriň, Rimskiý-Korsakowyň stiline opera žanry, Şopeniň stiline fortepiano üçin kiçi göwrümli eserler mahsus. Bellibir žanryň bir stil üçin häsiýetli bolýan ýagdaýlary hem bolýar. Meselem, mazurka žanry diýlende, Şopeniň stili göz öňüne gelýär.

Başga tarapdan seredilende, dürli stillerde käbir saz žanrlary mazmun hem saz formasy taýdan özgertmelere sezewar bolýar: Barokko stilinde (Bahyň, Gendeliň döwründe) prelýudiýa žanry bir eseriň giriş sazy hökmünde ulanylan bolsa, ol romantizmde, ilki bilen Şopeniň döredijiliginde, özbaşdak, mazmun taýdan gutarnykly esere öwrülýär; Bahyň döredijiliginde eseriň «simfoniýa» ady, bu sözüň terjimesiniň «sazlaşygy» aňladýan manysynda ulanylyp, uly bolmadyk instrumental saza dakylan bolsa, Gaýdndan başlap, simfoniýa žanry mazmun taýdan iň göwrümli (edebiýatda roman bilen deň) saz eserine öwrüldi. Aýdylanlara meňzeş özgertmeler sýuita, sonata, konsert, simfoniýa, kantata, oratoriýa žanrlarynda hem bolup geçýär.

Kompozitorlaryň döredijiliginde giň köpçülikde ulanylýan žanrlaryň mazmun taýdan baýlaşdyrylan, ýerine ýetirijilik taýdan özgerdilen nusgalary hem gabat gelýär. Meselem, marş – ýöriş sazy, polonez, mazurka – polýak halkynyň tanslary bolsa-da, Şumanyň fortepiano üçin «Karnawal» toplumyndan «Dawidsbýundleriň marşy»,

Rahmaninowyň simfonik orkestr üçin «Simfonik tanslary», Şopeniň fortepiano üçin mazurkalary, polonezleri, walslary durmuş isleg-talaplaryndan has giň manydaky, konsert zallarynda çalynýan çeper mazmunly eserlere öwrüldi.

Netijede, dürli özgertmeler esasynda, bir tarapdan, žanrlaryň adynyň ähmiýeti üýtgän bolsa, beýleki tarapdan, saz žanrlarynda ewolýusiýa (hil taýdan özgerme) bolup geçýär.

## § 8. Žanr bilen formanyň gatnaşygy

Žanr we forma özara baglanyşyklydyr. Mysal üçin, fuga diňe fuga formasynda, wariasiýalar bolsa, diňe wariasiýalar formasynda ýazylýar. Emma, käbir ýagdaýlarda, bu arabaglanyşyk erkindir. Meselem, ballada sonata formasynda hem-de çylşyrymly üç bölümli formada düzülip bilner.

XVIII asyrda Gaýdnyň döredijiliginde sonata-simfoniki toplum dolulygyna kemala gelýär we saz gurallarynda ýekelikde ýerine ýetirmek üçin sonata žanry, dürli saz toparlary üçin trio, kwartet, kwintet we ş. m. žanrlar 3 bölümden, simfoniýa žanry 4 bölümden ybarat bolup, olaryň birinji bölümi (käte soňlaýjy bölümi hem) sonata formasynda ýazylýar. Saz edebiýatynda «toplum emele getirýän forma», «toplum formasy» ýaly jümleler ulanylýan bolsa-da, toplum formany däl-de, žanry aňladýar we özünde dürli formalarda ýazylan birnäçe bölümleri jemleýär. Toplumyň kadalaşdyrylan şerti boýunça instrumental sazlarda bellenen bölüm sany we ol bölümleriniň bellibir ýazylmaly formasy bar bolsa-da, kompozitorlaryň döredijiliginde eseriň mazmunyna görä bu kadalaryň bozulýan gezegi kän duşýar: Gaýdnyň fortepiano üçin № 21-nji sonatasy, Bethoweniň № 19, 20, 22, 24, 27, 32-nji sonatalary (3 bölüme derek) 2 bölümli. Galyberse-de, Gaýdnyň ady agzalan sonatasynyň bölümleriniň ikisi hem rondo formasynda ýazylan (sonata formasy ýok); Mosartyň fortepiano üçin № 11-nji sonatasy, Bethoweniň № 12, 13-nji sonatalary 3 bölümli bolsa-da, olarda sonata formasy ulanylmandyr; Berliozyň «Fantastiki simfoniýasy» (4 bölüme derek) 5 bölümli. Listiň döredijiliginden başlap, 1 bölümden ybarat sonata (Listiň si minor sonatasy, Skrýabiniň № 4–9, Prokofýewiň № 1–3 fortepiano sonatalary), 1 bölümli konsert

(Listiň fortepiano hem simfonik orkestr üçin № 2-nji konserti), 1 bölümli simfoniýa (Mýaskowskiniň № 10 we 21-nji simfoniýalary, W. Muhadowyň № 1-nji simfoniýasy, Ç. Nurymowyň № 2-nji simfoniýasy) žanrlarynda döredilen eserler köpelip ugraýar.

**Hödürlenýän edebiýat:**


1. *Альшванг А*. Проблемы жанрового реализма. Оперные жанры «Кармен». В сборнике статей. М., 1959.

2. *Крылова Л*. Функции цитаты в музыкальном тексте. //Советская музыка, 1975, №8.

3. *Музыкальные жанры*. Сборник под редакцией Т. П о п о в о й. М., 1968.

4. *Орджоникидзе Г*. Некоторые характерные особенности национального стиля в музыке. //Музыкальный современник. Вып. 1. М., 1973.

5. *Скребков С*. Художественные принципы музыкальных стилей. М., 1974.

6. *Соколов А*. Теория стиля. М., 1968.

7. *Сохор А*. Эстетическая природа жанра в музыке. М., 1968.

8. *Сохор А*. Теория музыкальных жанров; задачи и перспективы. //Теоретические проблемы музыкальных форм и жанров. М., 1971.

9. *Царева Е*. Жанр музыкальный. Статья в «Музыкальной энциклопедии». Том 2. М., 1974.

10. *Цуккерман В*. Музыкальные жанры и основы музыкальных форм. М., 1964.

# III BAP
# SAZ SERIŞDELERINIŇ SISTEMASY

## § 1. Saz dili

«Saz dili» düşünjesine kesgitleme bermekden öňürti, has umumy bolan «dil» düşünjesine düşündiriş bermelidir.

*Dil* – aragatnaşyk, täze bilimleri almak we ş.m. maksady bilen ulanylýan serişdeleriň tebigy dörän sistemasy. Başga sözler bilen aýdylanda, dil kommunikasiýa, ýagny adamlaryň aragatnaşyk serişdesidir.

Saz hem özboluşly görnüşli dildir. Islendik saz eseri emosional, estetiki, ideýa mazmunyny beýan edýär, diýmek ol, söz (werbal) dili ýaly, kommunikatiw mümkinçiliklere eýe bolup, awtoryň diňleýji bilen aragatnaşygyny emele getirýän serişde bolup durýar.

Ideýa-çeperçilik mazmunynyň, pikirleriň, duýgularyň beýan edilmegine saz beýan ediş serişdeleri hyzmat edýär.

Umumy aýratynlyklar bilen bir hatarda, söz we saz dilleri biri-birinden ähmiýetli tapawutlanýar. Söz dili seslenmäniň atlary tutulýan predmetleri we olaryň tebigaty bilen gös-göni meňzeşlik bolmadyk zatlary we hadysalary aňladýar. Saz dili bolsa degişli hadysalary we emosiýalary keşpleýin görkezýär, modelirleýär, olaryň hakyky strukturasynyň ol ýa-da beýleki taraplaryny beýan edýär. Meselem: N. Rimskiý-Korsakowyň «Şährizadasyndaky» Şähriýaryň we Şährizadanyň temalary bu gahrymanlaryň saz portretleri bolup durýar. Şol eseriň IV bölüminde saz labyzlylyk serişdeleri arkaly deňizdäki tupan we gäminiň gark bolmagy, I we IV bölümleriň soňunda bolsa rehimsiz patyşany köşeşdirme sahnasy suratlandyrylýar.

Sazyň elementleri belgiler däl-de, sesleriň sazlaşyklarynyň durnukly görnüşleri bolup durýar. Olaryň hersi bolsa bir däl-de, köp mana we görnüşlere eýedir. Hut şonuň üçin saza, söz tekstinden tapawutlylykda, takyk terjimesini ýa-da ýeke-täk mazmuny düşündiriş bermek bolmaýar. Her aýratyn eser her bir adam tarapyndan (diňleýji, ýerine ýetiriji) özüçe, subýektiw kabul edilýär.

Häzirkizaman saz ylmynda dil sesleriň sazlaşyklarynyň, intonasiýalaryň durnukly görnüşleriniň (olary ulanmak kada-düzgünleri bilen bile) kompleksi hökmünde düşünilýär.

«Intonasiýa» düşünjesiniň manysyny takyk aýdyňlaşdyrmak wajypdyr. Intonasiýa her bir halky we her bir döwri häsiýetlendirýän kesgitli heň, garmonik we ritmiki öwrümlerdir. Intonasiýalar saz tejribesinde, ýagny, gündelik durmuşda, kompozitorlyk tejribesinde döreýär. Meselem, ýakyn adamyňy ýitirmek, ony ýatlap tukatlanmak şatlygy suratlandyrýan serişdeleriň kömegi bilen däl-de, başga bir anyk serişdeler arkaly görkezilýär (F. E. Mendelsonyň «Toý marşyny» we F. Şopeniň matam marşyny deňeşdirmek ýeterlikdir).

«Saz dili» düşünjesiniň has doly kesgitlemesini şeýle görnüşde aýtmak bolar: «*Saz dili* – taryhy ösüş prosesiniň dowamynda emele gelen saz eserlerini döretmek, olary ýerine ýetirmek, şeýle hem kabul etmek üçin niýetlenilen saz-fonetiki, sintaktiki we žanr-stilistik birlikleriň we olary ulanmak kada-düzgünleriniň sistemasy hökmünde hasaplanylýan saz serişdeleriniň jemi». Saz serişdeleriniň şeýle kompleksi haýsy bolsa-da bir saz medeniýetiniň umumy gazananlary hökmünde hasaplanylýar. Şonuň bilen birlikde saz diline, kompozisiýadan başga, ähli serişdeleriň degişli bolandygyny bellemelidir.

Saz dili düşünjesi giň, şeýle-de has dar manyda ulanylýar. Mysal üçin, türkmen ýa-da rus aýdymynyň, bellibir mekdebiň (mysal üçin, XVI asyryň Niderland kontrapunktçylar mekdebi), döredijilik toparynyň (mysal üçin, «Kuwwatly topar», «Fransuz altylygy»), awtoryň, aýratyn eseriň we ş.m. saz dili barada aýtmak bolýar.

Shemada saz diliniň döreme prosesiniň tapgyrlary görkezilýär:

*2-nji shema*

Haýsy bolsa-da bir saz serişdesi (mysal üçin, punktir ritm)

↓

Serişdeleriň toplumy

↓

Aýratyn eser

↓

Stil, žanr

↓

Saz diliniň ulgamy

Saz ylmynda «saz dili» we «saz sözleýşi» düşünjeleri tapawutlandyrylýar. «Saz dili» we «saz sözleýşi» düşünjeleri lingwistikadaky «dil» we «sözleýiş» düşünjeleri bilen deňeşdirmek bolar. *Saz sözleýşi* – diňleýjiniň öňünde ýerine ýetirilýän eseriň özi. Bu – has dar düşünjedir. Düzüm birlikleriniň sany boýunça dil sözleýişden has giňdir, emma sözleýişde saz dilinde bolmadyk – täze zat emele gelýär. Bu täzelik – stilistiki (tematiki, grammatiki, dramaturgiki) serişdeler. Sözleýişde bolsa mazmun tarapy, ýagny pikirler, duýgular beýan edilýär.

Saz dilinde birnäçe sfera tapawutlanýar.

Birinji sfera fonetika gabat gelýär. Bu – düzgün, seshatarlar sistemalary, berlen stilde ulanylýan akkordlaryň, tembrleriň görnüşleriniň, nota dowamlylyklarynyň jemi we ş.m.

Ikinji sfera grammatika laýyk gelýär. Ol tonlary birleşdirme kadalaryny, olaryň funksional baglylygy, ses alyp barmanyň, garmoniýanyň, polifoniýanyň, saz kompozisiýasynyň kada-düzgünlerini öz içine alýar.

Üçünji sfera saz diliniň düýplülik manysy bilen baglydyr. Bu sfera saz materialynyň has umumy ýörelgeleri we sistemalarydyr, mysal üçin, perde-tonal sistemasy, tematiki, ritmiki gurama we beýlekiler.

Saz dili semantika, sintaksis, pragmatika nukdaýnazaryndan öwrenilýär.

Semantika – sözüň, sözleýiş öwrüminiň we ş. m. manysy. Saz semantikasy mazmuna degişlilikde saz-beýan ediş serişdelerini (haýsy bolsa-da bir saz serişdesi nähili many-mazmuny özünde jemleýär – mysal üçin, aşak düşýän sekunda, aktiw kwarta böküşi, marş žanry) öwrenýär. Semantika düşünjesi bilen «intonasion sözlük» (B. Asafýewiň aňlatmasy) düşünjesi hem baglydyr. Hut saz sungatynyň intonasion tebigaty saz diliniň dürli elementleriniň, saz-beýan ediş serişdeleriniň we olary ulanmak kadalarynyň jemini bitewi sistema birikdirýär.

Saz serişdeleriniň semantikasynyň çeşmeleri indikilerdir:

1) Žanr çeşmesi – fanfarlaryň semantikasy, marşlylyk, walslylyk. Bu ýagdaýda žanr üsti umumylaşdyrma ýörelgesi hereket edýär.
2) Sazyň suratlandyrma mümkinçilikleri (mysal üçin, «ýaň» usuly). Olar onçakly köp ulanylmaýar. Saz koloriti (meselem,

milli koloriti) predmetleýin anyklygy, gurşap alýan predmetleriň hereketlerini, proseslerini görkezmek, beýan etmek mümkinçiliklere eýedir. Şonda saz hakyky dünýäniň predmetlerinden we proseslerinden bitewi predmeti däl-de, onuň aýratyn taraplaryny alýar (Dargomyžskiniň, Musorgskiniň aýdymlary).

3) Simwolika – stilistika babatynda ýola goýlan düzümleriň ritualdan, saz eseriniň tekstinden (mysal üçin, «Dies irae» temasy) alnan bellibir manylar bilen baglylygy.

4) Konkret eserleriň tematizmi. Tema has aýdyň semantik serişdeleriň ýöredijisidir. Adatça, ekspozision bölümlerde beýan edilýän tema mydama bellibir, anyk mazmuny ýöredýär.

Sintaksis – gurluş baradaky, dürli strukturalaryň utgaşmasynyň düzgünleri baradaky ylym. Sintaktika garmoniýa, polifoniýa, forma baradaky ylym, orkestrleşdirme degişlidir.

Pragmatika – beýan ediş serişdeleriniň tejribe bilen baglanyşyklary hakynda ylym, diýmek saz diliniň ulanylmagynyň tejribesi. Pragmatika sazşynaslyk işi hem degişlidir.

## § 2. Saz serişdeleri we olaryň baglanyşyklary

Saz serişdeleri köpdürlüdir. Saz serişdeleriniň sistemalary hem meňzeş däldir.

Saz serişdeleri saz üçin has spesifiki we onçakly spesifiki bolmadyk görnüşlere bölünýär. Garmoniki, perde, perde tonal serişdeler has spesifikidir. Onçakly spesifik bolmadyk serişdeler: dinamik nýuanslar, tembr, artikulýasiýa, registr häsiýetnamasy we ş.m.

Şeýle-de saz serişdeleri ýönekeýlere we çylşyrymlylara bölünýär (mysal üçin, heňiň ritmik şekiliniň görnüşi – eseriň ritmiki gurnamasy).

Mundan başga-da, saz serişdeleri olaryň anyk çeperçilik bitewüligi bilen baglanyşygynyň häsiýetiniň talaplary boýunça bölünýär: bölümler we komponentler eserden bölünip aýrylýan strukturalar hökmünde (heň ýa-da bas sesleri, kadension ýa-da başlangyç öwrüm-

ler); elementler we taraplar bitewülikden aýrylyp bolmaýan düzüjiler hökmünde (ritm şekili, garmoniýa, heň liniýasy). Şeýle-de ýerine ýetirijilik saz serişdelerini we usullaryny (dinamiki nýuanslar, sesbelentlik intonasiýasy, agogika, depgin, artikulýasiýa) tapawutlandyrýarlar. Umuman, saz serişdeleriniň birlikleriniň ählisi dört kategoriýa bölünýär:

1. *Material*, diýmek çig, bişmedik bir zatdyr. Bu – sesleriň elementar häsiýetleri (belentlik, güýçlülik, dowamlylyk, tembr).
2. *Komponent* – bitewülikden bölüp bolýan zat (heňiň, basyň aýrylmagy).
3. *Tarap* – abstraksiýada bölünip aýrylýan zat. Bu hem bitewülikdir. Emma ol bitewülik bellibir nukdaýnazardan alynýar. Çeperçilik bitewüligiň taraplary – eseriň sesbelentlik guramasy (melodika, garmoniýa, perde, registrleýin gurama), ritmiki, kompozision, faktura, motiw we tematik, keşp-mazmun guramasy, formanyň ýerine ýetirijilik interpretasiýasy.
4. *Çeperçilik usuly.* Çeperçilik usul bitewülige degişlilikde komponentiň we tarapyň arasynda ýerleşýär (mysal üçin, faktura kontrasty).

Saz serişdeleriniň birmeňzeş däldigi saz bilen baglanyşykly işe degişlilikde hem ýüze çykýar:

1. Esasan, kompozitora degişli bolan saz serişdeleri (faktura, gurama serişdeleri).
2. Ýerine ýetirijilik bilen bagly bolan serişdeler (ýerine ýetirijlik beýan ediş serişdeleri). Mysal üçin, ýerine ýetirijlik intonasiýasy, ýerine ýetirijlik dinamikasy, ritmikasy.
3. Diňleýjiniň saz işi bilen bagly serişdeler (žanr dramaturgiýasynyň serişdeleri).

Saz serişdeleri öz funksiýalary boýunça hem birmeňzeş däldir. Olar mazmuny (beýan ediş) we forma emele getiriji (kommunikatiw) ýaly görnüşlere bölünýär. Mazmuny funksiýa – ol ýa-da beýleki mazmuny beýan etmegidir: duýgularyň we pikirleriň beýan edilmegi, haýsy hem bolsa predmetleriň (mysal üçin, daglaryň beýikligi, çeşmäniň şaggyldysy), hadysalaryň (halk hereketi, köpçülikleýin baýramçylyk), prosesleriň şekillendirilmegi. Forma emele getiriji saz serişdeleri şu indikilere ýardam edýärler: eseriň logikligini we

sazlaşyklygyny üpjün etme, onuň iň wajyp pursatlaryna ünsi çekmek, mazmunyň düşnükli, gyzykly we logiki beýan edilmegi.

Saz-beýan ediş serişdeleri kompleksde hereket edýärler. Mysal üçin, kadensiýa (koda) forma emele getiriji funksiýany ýerine ýetirýär, şol bir wagtda onda mazmuny funksiýa hem jemlenýär (netijelerini jemlemek, netije). Başga bir mysal: türkmen halk sazlarynda ýygy duş gelýän $d^2 - fis^2 - g^2 - a^2$ heň hereketi hem-ä mazmuny (ekspressiýanyň güýçlendirilmegi), hem-de forma emele getiriji (kompozisiýanyň täze bölümine geçiş) ähmiýete eýedir.

Saz serişdeleriniň bir umumy çeperçilik bitewüligiň çäklerinde özara gatnaşygynyň üç sany esasy ýörelgesi bar: parallelizm, kontrast-deňeşdirme we biri-biriniň üstüni ýetirme utgaşdyrmasy.

*Parallelizm* ýörelgesi, köplenç, ekspressiw, romantiki sazda duş gelýär. Şeýle ýagdaýlarda beýan ediş serişdeleriniň hemmesi bir maksada alyp barýarlar (sezura, kulminasiýa ýetmek we ş.m.). Mysal üçin, eseriň kulminasiýasyna ýetmekde dürli serişdeler bile hereket edip bilerler: sesiň güýçlenmegi, depginiň tizleşmegi, ritm çaltlandyrylmasy, ähli saz gurallarynyň goşulmagy, faktura sesleriniň köplügi. Parallelizm ýörelgesi kontrastdan has gadymydyr. Mysal üçin, gaýgyly-melanholik pýesada minor perdesinden başga, çalt bolmadyk depginiň, şeýle hem degişli häsiýetli intonasiýalaryň, ritmleriň, goltgynyň figuralarynyň ulanyljakdygy aýandyr.

*Kontrast hereketi prinsipi* parallelizm prinsipiniň esasynda döreýär. Bu prinsip eseriň täze bölümlerine, formanyň gyranlaryna golaýlaşma pursatlarynda ýüze çykýar. Kontrast hereketi prinsipi predykt düzümlerinde (organ punktunyň hereketsizligi + hereketli garmoniýa, ses güýjüniň artmagy + depginiň haýallamagy), käwagt bolsa kulminasiýa pursatlarynda özüni görkezýär.

*Komplementar (biri-biriniň üstüni dolduryjy)* hereketi prinsipi. Biri-biriniň üstüni dolduryjy gatnaşygyna mysal – heňde perdeleýin we linear ösüşiniň pursatlarynyň utgaşmasy. Heňiň perdeleýin ösüşi ýagdaýynda bir belentlikdäki sesler dürli garmoniýalaryň fonunda gaýtalanýarlar (heňe perde-garmoniki babatynda başga öwüşgin bermek). Linear ösüşi ýagdaýynda heňiň hereketi şol bir garmoniýanyň fonunda geçýär (F. Şopen, 4-nji Prelýudiýa, *e-moll*).

XX asyryň saz ylmynda saz serişdeleriniň beýan ediş mümkinçilikleri teoriýasy döräpdir. Bu teoriýanyň düýp esasy şundan ybarat: her aýratyn saz serişdesi diňe bir sany ähmiýete däl-de, konkret eserlerde amala aşyrylýan potensial ähmiýetli mümkinçilikleriň birnäçesine eýedir. Meselem: punktir ritmi kontekste baglylykda dürli manyly ähmiýete eýe bolup biler: liriki tolgunma, marşlylyk, kadensiýada tonikany berkitme.

L. Mazel saz serişdeleriniň özara gatnaşygynyň iki prinsipini tapawutlandyrýar:

*1. Funksiýalary utgaşdyrma prinsipi.* Ol şundan ybaratdyr: wajyp ähmiýetli çeperçilik serişdeleri, möhüm kompozision çözülişler, adatça, haýsy bolsa-da bir effekti däl-de, birnäçe effektleri gazanmagyna hyzmat edýärler, birnäçe funksiýalary alyp barýarlar, olary utgaşdyrýarlar. Mysal üçin, M. Glinkanyň «Ruslan we Lýudmila» operasyna uwertýuranyň kodasyndaky bitin tonly gammada («Çernomoryň gammasy») keşp-labyz we kompozision funksiýalaryň utgaşdyrylmasy. Basdaky ritm taýdan deňölçegli aşaklaýan gammalaryň jemleýji, netije çykaryjy uly güýje eýe bolmaklygy we şonuň üçin saz formalarynyň kodalarynda köp duş gelýänligi bellidir. Emma «Ruslan we Lýudmila» operasynda kompozitor uwertýuranyň kodasyna şeýle gammalaryň biri hökmünde (we has adaty görnüşli aşak düşýän gammalardan soň) «Çernomoryň bitin tonly gammasyny» girizýär. Şeýle usul arkaly şu gammanyň aýdyň bolan mazmuny-labyz manysy forma emele getiriji funksiýa bilen utgaşýar. Beýleki bir tarapdan, şol utgaşma sebäpli aýratyn üýtgeşik gamma (onuň üstesine-de, uwertýurada öň ýaňlanmadyk) uwertýuranyň kodasynda örän tebigy ýaňlanyp, ýeňil kabul edilýär. Başga mysal: kadensiýa, bir tarapdan, eseri bir bitewülige birleşdirýär, beýleki tarapdan – berlen düzümi tutuş soňky ösüşden bölýär.

*2. Köplük we konsentrirlenen täsir etme ýörelgesi.* Bu ýörelge funksiýalary utgaşdyrma ýörelgesinden tapawutlanýar. Möhüm labyz effekti (has umumy ýa-da has aýry, emma nýuans däl-de, hut effektiň özi) eserde haýsy bolsa-da bir serişdäniň däl-de, şol bir maksada gönükdirilen we şeýlelikde köplük we konsentrirlenen täsir ediji birnäçe ýa-da köpsanly serişdeleriň (berlen şertlerde, köplenç, mümkin boljaklarynyň hemmesiniň) kömegi bilen ýetilýär.

Kiçiräk motiwiň aýdyň täsirliligini döredýän örän köp serişdeleriň kompleksleýin hereketini P. Çaýkowskiniň 6-njy simfoniýasynyň I bölüminiň baş partiýasynyň başynda görmek bolýar (mysalda motiw ýaý bilen görkezilýär):

***1-nji mysal.*** *P. Çaýkowskiý. 6-njy simfoniýa, I b., baş partiýa.*




Mysalda serişdeleriň birnäçesi, ýagny takatsyz, aljyraňňy ýagdaýyň täsirini döredýän güýjeme we peselme uly bolmadyk tolkunyň emele gelmegine ýardam edýär. Heň liniýasy kulminasiýa sesine okdurylan, onuň yzyndan uly bolmadyk peselme bolýar. Ritmiki ösüş gysga seslerden ilki kulminasiýa bilen gabat gelýän has dowamly sese, soňra bolsa ýene-de gysgasyna gönükdirilendir. Şeýle-de muňa güýçli däl ülüşden güýçlä, soň ýene-de güýçli däl ülşe tarap hereket we uly bolmadyk *crescendo* hem *diminuendo* laýyk gelýär. Galyberse-de, analogik tolkuny garmoniýalaryň yzygiderligi emele getirýär: ilki – durnukly garmoniýa ($T_6$), soň – durnuksyz ($II_6$), yzyndan – kulminasiýa pursadynda – iň dartgynly ($DDVII_7$), soňra ýene-de onçakly dartgynly bolmadyk garmoniýa ($D_{3/5}$). Ýöne welin, bu ýerde motiwiň häsiýeti üçin tolkuny emele getirýän serişdeleriň kompleksinden başga-da, kirişlileriň tembri, minor perde öwüşgini, şeýle-de ähli sesleriň (şol sanda tolkuny emele getirmeýän sesleriň) hereketliligi wajypdyr. Galyberse-de, ýeterlik derejedäki çalt depginine garamazdan, heňiň her aýratyn sesiniň täze akkord bilen garmoniýalaşdyrylanlygy hem möhümdir: bu bolsa gysga we ýuwaş seslere içki agramlylygy, tutuş motiwe näziklik, takatsyzlyk, tolgunma, hereketlilik bilen utgaşýan aýratyn saldamlylygy berýär. Serişdeleriň teswirlenen konsentrasiýasy we esasy täsirliligine hyzmat etmeýän, tötänleýin, ikinji derejeli zatlaryň ählisinden azat bolma se-

bäpli, ýönekeý heň öwrümi bu ýerde çuňňur simfoniki konsepsiýanyň başlangyç özeniniň ähmiýetine çenli galdyrylýar.

Şeýlelikde, prinsipleriň biri ähmiýetli, düýpli maksatlar, düzgün boýunça, birnäçe serişdeleriň bilelikdäki hereketi arkaly gazanylýandygyny, beýlekisi – ähmiýetli, düýpli serişdeler, köplenç, birnäçe maksatlara hyzmat edýändigini aňladýar. Prinsipleriň ikisi hem biri-birini simmetriki doldurýarlar we fundamental prinsipler jübüdini emele getirýärler.

Aýratyn saz serişdeleri ýaly, saz serişdeleriniň sistemalary hem birmeňzeş däldir. Mysal üçin, ýewropa sazynyň sistemasyny we gündogaryň sazyny häsiýetlendirýän beýan ediş serişdeleriniň sistemasyny tapawutlandyrýarlar. Dürli döwürleriň beýan ediş serişdeleriniň sistemalary hem bar (mysal üçin, Renessans we klassisizm döwürleriniň sazynyň sistemalary we ş.m.).

**Hödürlenýän edebiýat**


1. *Арановский М.* Мышление, язык, семантика. //Проблемы музыкального мышления. М., 1974.
2. *Кон Ю.* К вопросу о понятии «музыкальный язык». //От Люлли до наших дней. М., 1967.
3. *Мазель Л.* Фантазия *f-moll* Шопена. //Исследования о Шопене. М., 1971.
4. *Мазель Л.* О системе музыкальных средств и некоторых принципах художественного воздействия музыки. //Интонация и музыкальный образ. М., 1965.
5. *Медушевский В.* О закономерностях и средствах художественного воздействия музыки. М., 1976.
6. *Сахалтуева О., Назайкинский Е.* О взаимосвязи выразительных средств в музыкальном исполнении. //Музыкальное искусство и наука. Вып. 1. М., 1970.
7. *Сохор А.* Музыка как вид искусства. М., 1971.


## § 3. Heň

*Heň* – sazyň beýan ediş serişdeleriniň iň wajyplarynyň biri, onuň esasy başlangyjy. Heň bitewi hadysadyr, dürli taraplaryň birligidir. Heňde intonasion başlangyç (ses-belentlik gatnaşyklary, perde, ritm, saz strukturasy (forma) ýaly iň wajyp saz elementleri ýüze çykýar.

Heň üçin dinamika, tembr, ýerine ýetirijilik usuly (meselem, *legato, staccato*) we, köplenç ýagdaýlarda, heňde bar bolan garmoniki gatnaşyklar uly ähmiýete eýedir. Heňiň gurluşynda, onuň içki sypatynda bu alamatlaryň ähmiýeti deň däldir. Esasy rol heňiň belentlik we wagt (ritmiki) taraplary oýnaýar.

Saz ylmynda «heň» düşünjesine dürli kesgitlemeler berilýär. Meselem, I. Sposobiniň pikiri boýunça «Heň bir sesli beýan edilen saz pikiridir». «Heň» düşünjesine has doly kesgitleme L. Mazel tarapyndan berlendir: «*Heň* – sesleriň belentliginiň üýtgemesini saklaýan we bellibir derejede özbaşdak keşp-saz manylygyna, häsiýetliligine, indiwidualizasiýalaşdyrmagyna eýe bolan saz eseriniň sesleriniň ýeke sesli ýzygiderliligi». W. Holopowanyň «heň» düşünjesine beren kesgitlemesinde biraz başgaça aksent edilendir: «Köp sesli sazda heň – bitewi saz pikirini-häsiýetini beýan edýän, eseriň intonasionlylygyň esasy merkezi bolan we umumylygyň ähli funksional gatnaşyklaryny (garmoniki, metr-ritmiki, arhitektoniki, fakturalaýyn we ş.m. gatnaşyklaryny) özünde jemleýän saz dokumasynyň, esasan, baş sesi».

*Melodika* – köp eserleriň heňlerini umumylaşdyrýan jemleýji düşünje (mysal üçin, P. Çaýkowskiniň melodikasy, N. Halmämmedowyň melodikasy).

Ýeke sesli we köp sesli sazlarda heňiň ähmiýeti dürlüdir. Ýekeseslilikde heň tutuş saz bitewüligini gurşap alýar, köpseslilikde bolsa ol saz dokumasynyň diňe bir elementini (ol iň wajyp bolsa-da) düzýär. Köpsesliligiň dürli görnüşlerinde heň beýleki sesleri bilen dürli ýagdaýlarda gatnaşýar.

«Heň» we «heň liniýasy» ýaly düşünjeler tapawutlandyrylýar.

Heň – heň liniýasyny, garmoniýany, ritmi, registri, ses güýjüni, tembri, depgini öz içine alýan kompleksleýin, köpdüzümli, polielementli hadysa. Heň liniýasy bolsa heňiň aýratyn, spesifiki elementi bolup durýar. Heň liniýasy heňiň sesbelentlik şekilidir, dürli belentlikdäki sesleriň yzygiderligidir.

Heň hereketini döremegine üç element gatnaşýar:

- ýokary galma,
- aşak düşme,
- üýtgemeýän belentlikde, bir sesde eglenmek.

Olaryň dinamiki we umumy beýan ediş manylarynyň gatnaşyklaryny bellemek wajyp bolup durýandygyny göz öňünde tutmalydyr. Olaryň adaty däl düşündirişleri bolup biler: aşak düşýän güýçlenme, ýokary galýan ýitip gitme.

Heňiň ýokaryk, aşak we bir sesde eglenmek hereketleriniň jemine heň şekili diýilýär.

Heň şekiliniň esasy görnüşleri:

- sesiň gaýtalanmagy, ýagny onuň birnäçe gezek yzygiderli alynmagy (A. Borodin, «Для берегов Отчизны дальной»);
- sesiň heňlendirilmegi (опевание). Mysal üçin, beýleki seslerden soň (köp halatlarda golaýda ýerleşdirilen) ýene öňki sese gaýdyp gelmegi;
- ýokaryk galýan hereket, ýagny has ýokary seslere geçmek. Sesleriň ýokaryk galýan hereketi, köplenç, dartgynlylygyň ösmegi bilen bagly (L. wan Bethowen, sonata № 1, baş partiýa);
- aşak düşýän hereket, ýagny, has pes seslere geçmek;
- tolkun şekilli hereket, ýagny, ýokaryk galýan we aşak düşýän geçmeleriň yzygiderligi (E. Grig. «Per Gýunt»: «Säher»).

Heň *akgynly* we *böküşleýin* hereketleriň gatnaşyklarynda gurulýar. Sekundalaryň esasynda dörän yzygiderlige *heňiň basgançaklaýýn hereketi* diýilýär. Sekundaly hereket heň hereketiniň esasy bolup durýar. Interwallaryň  heň görnüşinde tersiýadan giň aralyklar *heňiň böküşli hereketi* hasap edilýär. Heň böküşi melodikada akkord-garmoniki başlangyjyň bardygyny görkezýär. Heňde, köplenç, basgançaklaýyn we böküşli hereketler gezekleşýär. Şonda has çeýe heň ugry emele gelýär:

***2-nji mysal.*** *L. wan Bethowen. 6-njy sonata, II b.*



Aşak, ýokaryk hereketleriň gezekleşmegi tolkun şekilli hereketi emele getirýär. Ol hereketler heň ugrunyň deňagramlylygyny saklamaga ýardam edýär.

Giň aralyga bökülen ses aralyklaryndan soň yza dolanmak, geçilen aralygyň bellibir derejede «içiniň doldurylmagy» hem deňagramlylygy saklamagyň zerur şertleriniň biri bolup durýar. Meselem, I. S. Bahyň «Oňat temperirlenen klawir» atly toplumynyň I tomundaky *g-moll* fugasynyň temasynda mi-bemoldan sol notanyň üsti bilen fa-diýeze – kemeldilen septima aşak bökülýär we yza gaýdyp, içi doldurylýar (mysal 3a); L. wan Bethoweniň 1-nji sonatasynda tema $c^1$ – $as^2$ aralyga ýokaryk böküp, yza dolanýar (mysal 3b):

***3-nji mysal.*** *a) I. S. Bah. «OTK», I t., g-moll fugasy*




*b) L. wan Bethowen. 1-nji sonata, I b.*




Doldurmaly böküş – heň liniýasynyň ýaýbaňlandyrmasy usullarynyň iň wajyplarynyň biri. Ol kadaly ýazuw stil döwründen biziň günlerimize çenli hereket edýär. Çapraz usuly – yzyndan böküşi bolan sekundaly hereket.

Aşak, ýokaryk hereket dowamly (azyndan birnäçe takt) bolsa, tebigy ýagdaýda sesiň güýjüniň barha batlanmagyna – *crescendo* (heň ýokaryk gidende) ýa-da peselmegine – *diminuendo* (heň aşak gaýdanda) getirýär (2-nji mysal). Sazyň mazmunyna baglylykda bu serişdeler başga mana hyzmat edip hem biler.

Heňiň ugrunyň çäklendirilen ses göwrüminde, esasan, bir belentlikde dowam edýän görnüşi hem bar:

***4-nji mysal*** *L. wan Bethowen. Sonata № 6, II bölüm, Trio*




Heňiň ösüşiniň dowamynda onuň doly keşbi emele gelýär hem heňiň iň pes we iň belent sesleri anyklanylýar. Heňiň iň pes we iň belent sesleriniň arasyndaky aralygy heňiň göwrümi (diapazon) hasaplanýar. *Heň belentlikleri* – intonasion beýan edişiniň, labyzlylygyň merkezi, linear şekiliň strukturalaýyn tapgyrlary.

Belentlikleriň aýratyn görnüşleri tapawutlandyrylýar:

1. Gözbaş-belentlik;
2. Gözýetim-belentlik;
3. Kulminasiýa-belentlik.

Saz heňiň göwrüminiň iň beýik sesinden başlanýan bolsa, ol nokada *gözbaş-belentlik* diýilýär. Şonda saz basgançaklaýyn ýa-da böküşli hereket bilen ýokardan aşak düşýär.

Eseriň soňy heňiň göwrüminiň iň beýik sesinde tamamlansa, ol nokada *gözýetim-belentlik* diýilýär. Gözýetim-belentlik – heňi jemleýän dowamly, durnukly sesi. Onda saz barha pessaýlap, göýä uzaklara uzap gidýän gözýetime «siňip» gidýär.

Heňiň ösüş hereketiniň ýokarky, iň dartgynly nokadyna *heňiň kulminasiýasy* diýilýär. Käwagt kulminasion gurluşyň gaýtalanmagynda labyzlylygyny, ekspressiýany güýçlendirmek maksady bilen has ýokary kulminasiýa, adatça, ozalkysyndan sekunda ýa-da tersiýa ýokary berilýär. Şeýle usul *kulminasiýadan aşyrma* diýlip atlandyrylýar.

Sözüň giň manysynda «heň kulminasiýasy» we «kulminasiýa» düşünjeleri özara tapawutlanýarlar. Meselem, kulminasiýanyň heňiň iň beýik sesi bolmaklygy hökmany däldir: köp zat sesiň ritmiki ähmiýetliligine we beýleki şertlerine (dinamikadan, perde-garmoniki serişdelerine) garaşly bolýar.

Forma gatnaşygynda kulminasiýalar şu aşakdaky görnüşlere eýe bolýarlar:

- ýerli kulminasiýa;
- merkezi kulminasiýa;
- baş (general) kulminasiýa.

Baş kulminasiýada heňiň göwrüminiň ýokarky sesi sazyň dartgynlylygynyň ýokary derejesi, garmoniýasynyň çylşyrymlaşmagy, ritm babatynda nygtamaklygy bilen gabat gelýär. Kulminasiýadan soň dartgynlylygyň peselmegi we heňiň soňlamasy gelýär. Şonuň üçin kulminasiýa, köplenç, heniň ikinji böleginde (soňuna golaý) ýerleşýär. Eser dört bölege bölünende, baş kulminasiýa onuň üçünji bölegine (ýa-da ikinji böleginiň ahyryna) düşýär. Kulminasiýanyň heňiň üçünji çärýeginde ýerleşmegine «altyn bölünmäniň nokady» diýilýär[1]. F. Şopeniň *A-dur* prelýudiýasynda baş kulminasiýa sazyň 12-nji taktynda ýerleşýär:

***5-nji mysal.*** *F. Şopen. Prelýudiýa A-dur*




Baş kulminasiýadan başga, eseriň her böleginiň (sözleminiň, periodynyň, bölüminiň) öz ýokary nokady bolýar. Oňa *ýerli kulmi-*

[1] Gadymýetden bäri altyn bölünmäniň nokady estetiki babatda kämil proporsiýa hökmünde hasaplanýar (antik hudožnikler bu proporsiýany arhitekturada we skulpturada ulanypdyrlar: formanyň aglaba böleginiň (kulminasiýa çenli) kiçisine (kulminasiýadan soňraky) gatnaşygy bu iki bölümiň jeminiň (ýagny, bitewülik) has uly bölüme gatnaşygyna barabardyr.

*nasiýa* diýilýär. Netijede, iri eserlerde birnäçe ýerli kulminasiýalar özboluşly tolkunlary döredip, hemmesi bilelikde baş kulminasiýany taýýarlaýarlar. Diýmek, heň birnäçe heň tolkunlaryndan düzülen bolsa, olaryň hersi öz «ýerli» kulminasiýasyna eýe bolup biler. Olardaň biri, has uly göwrümli tolkun hökmünde, tutuş heňiň kulminasiýasy bolýar.

Kiçi göwrümli formalarda ýazylan eserleriň diňe ýerli kulminasiýalary bolup, heňiň ösüşi baş kulminasiýanyň derejesine ýetmän biler.

Kulminasiýanyň we heňiň ýokarky nokadynyň gabat gelmezligi hem mümkin. Meselem, eseriň dowamynda sazyň baş kulminasiýany emele getirýän sesden has ýokarda köwsarlap gaýtmagy mümkin ýa-da eseriň soňunda heň ýokaryk galdygyça sesiniň güýji barha peselip, «gözden ýitip» gidýär.

Heňiň has dartgynly pursady pes sesleriň birinde-de bolup bilýär. Köp heňlerde umumy kulminasiýa pursady bütinleý bolmaýar. Ol hereketiň aýratyn ýokarlandyrmalarynda we aşak düşmelerde ýitip giden ýaly bolýar. Şeýle heňlere *kulminasiýasyz heň* diýilýär (S. Rahmaninow, «Уж ты нива моя»). Adatça, şeýle heňler dartgynly bolmadyk häsiýete eýedir (A. Borodin, simfoniýa № 2: haýal depginli bölümiň baş temasy).

Heň hereketiniň iki esasy görnüşi tapawutlandyrylýar:

- kulminasiýa görnüşi (jemlenilen dinamikaly hereket);
- kulminasiýasyz görnüşi (jemlenen däl dinamikaly hereket).

Hereketiň birinji görnüşi güýjeýän hereketi we oňa çapraz düşýän onuň çylşyrymlaşdyrmalaryny göz öňünde tutýar: «basgançaklar» bilen hereket, heň garşylygy bilen (böwetçilikli) hereket, hereketsizligiň we ösýän uzaklaşmanyň kontrasty («iteklenme» we onuň antipody – «bir nokada daýanma, söýenme»).

Ikinji görnüşiň nusgalary ýokary galmalaryň we aşak düşmeleriň deňagramlylygy, tolkun görnüşli, saldamly, deň ölçegli hereket bilen baglydyr.

Aralyk ornuny tutýan görnüşlere owazlandyrma, aýlanma, has işjeň (aktiw) we has gowşak (passiw) görnüşleriň biri-birine aralaşmagy degişlidir.

Saz tejribesinde hereketleriň tipiki yzygiderlilikleri döredi, mysal üçin, dinamikany toplamak tapgyryndan (repetisiýalar, aýlanma) dinamiki böwsüp geçme – güýjemä tarap geçiş.

Kulminasiýalaryň görnüşleri ses güýji we linearlylyk parametrleri boýunça tapawutlanýarlar:

- dinamik kulminasiýa;
- «ýuwaş» kulminasiýa (S. Rahmaninowyň «Не пой, красавица, при мне» romansynda dinamik we «ýuwaş» kulminasiýalar);
- iň beýik sesde kulminasiýa;
- bellibir derejede beýik bolan sesde;
- heň liniýasynyň haýsy-da bolsa bir iň aşaky nokadynda kulminasiýa (P. Çaýkowskiý, Simfoniýa № 6, I bölüm: kulminasion zolagyň heň liniýasynyň iň pes nokadynda gutaryşy).

Eserde kulminasiýalaryň ýerleşýän ýeri dürli bolup biler: kulminasiýa altyn bölünmäniň nokady (ýa-da zolagy) bilen gabat gelibem, gabat gelmän hem biler.

Kulminasiýa altyn bölünmäniň nokady bilen gabatlaşsa ýa-da altyn bölünmäniň nokady öňünden ýerleşýän bolsa, onda formanyň dinamikasyny deňagramlylyk tapawutlandyrýar. Şeýle kulminasiýa, köplenç, saz düzüminiň ikinji ýarymynda, onuň üçünji çärýeginde ýerleşýär:

***3-nji shema***




Kulminasiýa formanyň soňuna süýşürilen ýagdaýynda formanyň ekspressiýasy güýçlenýär. Eseriň ýa-da bölümiň soňuna çenli «kulminasiýany saklamak» usuly P. Çaýkowskiniň döredijiligi üçin mahsusdyr («День ли царит» romansy; Kirişli orkestr üçin Serenada, Elegiýa).

«Kulminasion zolak» düşünjesi bardyr. Bu ýagdaýda kulminasiýany diňe bir sany, ýekeje ses däl-de, eýsem tutuş bir heň öwrümi, örän ýaýbaň, giň ösdürilen heňlere degişlilikde bolsa tutuş bir *kulminasion pudagy, zolagy* düzýändigi barada gürrüň etmek bolýar. Uly kulminasion zolaklar P. Çaýkowskiniň iri eserleri (Simfonýa № 6, I bölüm), XIX asyryň soňy–XX asyryň başyndaky, romantiklerden soňky sazy, A. Şýonbergiň eserleri üçin häsiýetlidir.

Eseriň mazmunyna hem göwrümine baglylykda sazyň dowamynda perdäniň üýtgemegi ýa-da üýtgemän galmagy, onuň basgançaklarynyň durnukly we durnuksyz häsiýeti, durnuksyz basgançaklaryň beýgelip-peselmegi, heňiň garmoniýasynyň ýönekeýden barha çylşyrymlaşmagy *sazyň perde-garmoniki dramaturgiýasyny* düzýär.

Gadymy heňler tebigy perdelerde, temperirlenen düzgüne esaslanan heňler mažorda ýa-da minorda düzülýär. Gadymy heňleriň perdesiniň I basgançagy tonikany emele getirýän bolsa, mažor-minora esaslanan heňleriň I–III–V basgançaklary hem tonikanyň düzümine girýär. Heň tonika gelende durnukly duýgyny, onuň beýleki basgançaklarda eglenmegi durnuksyzlygy görkezýär we öz çözgüdini talap edýär. Ioniý perdesi – arassa mažora, eoliý perdesi – arassa minora gabat gelensoň, kompozitorlaryň döredijiliginde tebigy perdeleriň mažor-minor ýaly garmoniýalaşdyrylmagy hem ýörgünli häsiýete eýe.

Dünýä halklarynyň saz mirasynda perdäniň düzümine girýän sesleriniň perdedäki ähmiýeti, heň öwrümleriniň aýratynlygy her halkyň sazynyň milliliginiň häsiýetnamasy bolup hyzmat edýär. Meselem, pentatonika tatar, başgyr, hytaý we ş. m. halklaryň sazyna, garmonik minora esaslanan perdeler slawýan halklarynyň (rus, belarus, ukrain we ş. m.) sazyna, düzüminde artdyrylan sekunda bar bolan perdeler gündogar halklarynyň sazyna mahsus.

Köp halklaryň sazyna perdeleriň deňeşdirme görnüşinde üýtgemegi (modulýasiýa) hem häsiýetli. Olaryň biri – esasy tonallyk, beýlekisi – ýerli (wagtlaýyn) tonallyk hasap edilýär.

Perdäniň we onuň basgançaklarynyň mažor-minor öwüşgini sazyň mazmunyny açyp görkezmekde ähmiýetli orny eýeleýär. Umumylykda alnanda, şatlykly sazlar, köplenç – mažor perdeleri, gaýgyly sazlar – minor perdeleri arkaly häsiýetlendirilýär. Emma minor

perdeleriň şatlykly, dabaraly duýgulary beýan edýän mysallary hem kän. Bu duýgy mažor-minor perdeleriň deňeşdirme görnüşindäki modulýasiýada, sazda mažor akkordyny emele getirýän basgançaklar agdyklyk edende, tiz depgindäki tans häsiýetli eserlerde döreýär.

Ses aralyklaryndan heňiň başynda arassa kwarta ýokaryk bökülmegi marş sazlarynda, dabaraly gahrymançylygy beýan edýän sazlarda duşýar. Bu ses aralygynyň häsiýetinde gujur-gaýrat duýulýan bolsa (*6-njy mysal*), heňiň başynda ýumşak häsiýetli ses aralyklary bolan uly we kiçi sekstalara (köplenç, V–III basgançaklara) ýokaryk bökmeklik XIX asyrda Ýewropada dörän liriki aýdym-sazlara häsiýetli (*7-nji mysal*). Sazda ulanylýan giň ses aralyklaryna bökmeklik, dürli basgançaklarda häsiýetli ses aralyklarynyň esasynda dörän heň öwrümleri heňiň häsiýetine dartgynlylyk berýär. Meselem, I. S. Bahyň «Oňat temperirlenen klawir» toplumynyň I tomundaky *cis-moll* fugadaky kemeldilen kwarta (*his–e*) temanyň içki dartgynlylygyny güýçlendirýär (*8-nji mysal*):

***6-njy mysal.*** *R. Wagner. «Tangeýzer» operasy, Giriş*




***7-nji mysal.*** *P. Çaýkowskiý. «Ýewgeniý Onegin» operasy, Tatýananyň monology*




***8-nji mysal.*** *I. S. Bah. OTK, I t., cis-moll fugasy*



Eserde tötänden duşýan belgileriň hem sazyň mazmunyna täsiri uly. R. Şumanyň «Şahyryň söýgüsi» wokal toplumyndan «Men gaharlanamok» atly aýdymda VI peseldilen (*as*) basgançagyň peýda bolmagy saza minor öwüşgin berip, lirik gahrymanyň hasratly duýgularyny beýan etmäge ýardam edýär (*9-njy mysal*):

***9-njy mysal.*** *R. Şuman. «Şahyryň söýgüsi» wokal toplumy, «Men gaharlanamok»*




Ses aralygynyň ýa-da akkordyň melodiki görnüşinde (sesler gezekleşip çalnanda) birnäçe heň ugrunyň emele gelmegine gizlin heň ugry diýilýär. F. Şopeniň 3-nji sonatasynyň II bölüminiň girişinde ses aralyklarynyň melodiki görnüşi gizlin ikisesliligi (*10-njy a mysal*), ortaky bölüminde heň çep elde ýerleşip, sag elde sazyň garmoniýasyna esaslanan akkordlaryň melodiki görnüşi ikinji heňi (*10-njy b mysal*) emele getirýär. Üç setirde ýazylan mysallaryň ortaky setirinde heňiň özi, ýokarky setirinde heňiň shemasy görkezildi:

***10-njy mysal.*** *F. Şopen. 3-nji sonata, II b.*

a)



b)




Jümläni tamamlaýan durnuksyz basgançagyň öz çözgüdine başga jümläniň soňunda geçmegine *birleşdiriji intonasiýa* diýilýär. Şonda durnuksyz basgançak wagtlaýynça ünsden düşürilen ýaly bolsa-da, sazda durnuksyz ýagdaý saklanýar we çözgüdine garaşýar.

Basgançaklaýyn (gamma görnüşli) hereket aýdymlylygyň, akgynlylygyň, baglanyşyklylygyň, heňdäki perde dartyşlarynyň merkezi bolýar.

XVI–XVII asyrlarda akgynly sekundalaýyn hereket ählumumy düzgündi. Böküşiň doldurmasy hökmany bolup durýardy. Gammalar-temalar bardy. Meselem, Freskobaldide «La sol fa mi re ut kapriççiosy». Addisiýa – heňi sekunda ädimleri bilen (*a-g-f, a-g-f-e, a-g-f-e-d-c* görnüşli) uzaltmak usuly ulanylýardy (meselem, Ž. Depreniň messalarynda).

Gamma görnüşli liniýa garmoniýa hem täsir edýärdi. Garmoniki baglanyşyklylyk, yzygiderlilik tonal-funksional gatnaşyklaryň netijesinde däl-de, basyň basgançaklaýyn liniýasynyň üstünde gurlan biri-birine akgynly «ösüp geçmegi» arkaly gazanylýardy. Şeýle däp I. S. Bahyň döredijiliginde az-kem saklanylýardy (organ üçin *C-dur* Fantaziýasy). XVIII–XIX asyrlaryň sazynda tonal funksionallygynyň ýeňmekliginiň netijesinde heň logikasyna garmoniýa täsir edýär, sesleriň hersi garmonik babatda düşünilýär, heňde böküşleri ulanmak mümkinçilikler peýda bolýar. XIX asyrda tematiki indiwidualizasiýa we emosional ýygnamalary, güýçlenmeleri döretmek usullarynyň biri

(P. Çaýkowskiý, R. Wagner) hökmünde böwetçilikli hereket häsiýetli bolýar. Gamma görnüşli liniýalar bolsa formanyň esasy bolmadyk, tabyn ýerlerine (tamamlamalar, baglaýjylar, kulminasiýa çykyşlar) gysyp süýşürilýär.

XX asyrda saz formasynyň saz elementleriniň arasyndaky gatnaşyklar üýtgeýärler, hususan-da, heň linearlygynyň ähmiýeti ösýär. Şeýle heň liniýalary garmoniýa täsir edýärler. Linear garmoniýa S. Prokofýewiň, D. Şostakowiçiň, B. Bartogyň, P. Hindemitiň döredijiligine mahsusdyr.

Häzirkizaman wajyp ylmy düşünje – «*saz intonasiýasy*». Onda saz labyzlylygynyň beýan edilişiniň düýp esasy, saza täsir etmekligiň tebigaty, sazyň sungat hökmünde spesifikasy görkezilýär. «Saz intonasiýasy» düşünjesini açmakda, esasan, XX asyryň belli rus alymy B. Asafýewiň hyzmaty bar.

**Derňew üçin eserler:**

1. Rahmaninow. «Не пой, красавица, при мне» romansy.
2. Caýkowskiý. «День ли царит» romansy.
3. Borodin. Simfoniýa № 2, III (haýal depginli) bölümi, baş partiýa.

**Hödürlenýän edebiýat:**

1. *Арановский М.* Мелодика С. Прокофьева. Л., 1969.
2. *Григорьев С.* О мелодике Римского–Корсакова. М., 1961.
3. *Мазель Л.* О мелодии. М., 1952.
4. *Папуш М.* К анализу понятия мелодии. //Музыкальное искусство и наука. Вып. 2. М., 1973.
5. *Тараканов М.* Неотложные проблемы. //Советская музыка, 1961, №10.
6. *Цуккерман В.* Выразительные средства лирики Чайковского. М., 1971.
7. *Якубов М.* Полифонические черты мелодики Прокофьева. //От Люлли до наших дней. М., 1967.

## § 4. Ritm

Ritm sazyň ýürek urgusy, sazyň janly pulsudyr. Şonuň üçin ritme iň wajyp rollaryň biri degişli bolýar. Şeýle-de, ritm sungatyň poeziýa, tans ýaly beýleki görnüşlerinde hem ähmiýetli element bolup durýar.

«Ritm» düşünjesi «metr» düşünjesi bilen özara baglanyşykly.

*Metr* – bu agyr we ýeňil (güýçli we güýçsüz) ülüşleriň gezekleşmesi. «Metr» grek dilinden – «ölçeg» diýmek. Metr iki elementi öz içine alýar: birsydyrgyn, deňölçegli pulsasiýany we aksentuasiýany.

Metriň güýçli ülşünde *metriki aksent (basym)* emele gelýär. Ol saz diliniň perde, ritmiki, garmoniki, faktura, dinamiki, tembr ýaly dürli görnüşli elementleriniň täsir etmeginde döreýär.

Metrik guramasynyň dürli görnüşleri bar:

1. *Kadaly (regulýar) metrika* – ritmiki gatnaşyklarynyň kadalaşdyrylan sistemasy. Başgaça aýdanyňda, metriki aksentleriň birsydyrgyn, periodikleýin peýda bolan ýagdaýynda (goşgy goşmakda basymly we basymsyz bogunlaryň gezekleşmesine kybapdaş gelýän ýagdaý) regulýar aksentlilik barada aýdylýar. Ol tans žanrlary, marş, köpçülikleýin aýdymlar, durmuşy žanrlarynda, XVII–XIX asyr nusgawy sungatynyň eserleri üçin häsiýetlidir.

2. *Erkin (regulýar däl) metrika* ýa-da metriki üýtgemeklik metriki aksentler deň bolmadyk wagt aralygynda peýda bolýar. Erkin metrika halk aýdymlarynda we sazlarynda ýygy duş gelýär. Professional sazlarynda erkin metrikanyň nusgalary *ad libitum* («isleg boýunça») ýerine ýetirilýän, taktlara bölünmesiz reçitatiwler, şeýle-de organ we klawir sazynyň gadymy improwizasion žanrlarynda duş gelýär. Erkin metrika XX–XXI asyr kompozitorlarynyň sazlary üçin örän häsiýetli. Onuň esasy alamatlarynyň biri ölçegleriň periodiki bolmadyk ýagdaýda gezekleşmesidir. Käbir häzirkizaman kompozitorlarynyň eserlerinde aýdyň aksentli, ýöne şol bir wagtda birsydyrgyn bolmadyk ritmika duş gelýär (I. Strawinskiý, B. Bartok).

Islendik stile degişli sazlarda hökmany suratda özara işjeň gatnaşýan regulýar we regulýar däl häsiýetdäki ritmiki gurluşlar duş gelýär.

Metr tarapdan düzgünleşdirilen, birmeňzeş ýa-da dürli dowamlykly sesleriň yzygiderligine *ritm* diýilýär. «Ritm» grek dilinden – «akym» diýmekdir. «Ritm» sözi tertibe salnan hereketi aňladýar. Bu hereketiň tertipleşdirme serişdesi bolup metriki aksentler hyzmat edýärler. Şeýlelikde, metr ritmi düzgüne getirýän möhüm faktor bolup durýar. Metriň we ritmiň ýakyn aragatnaşygy «*metroritm*» adalgasynda öz beýanyny tapýar. Hut şu adalga saz sesleriniň wagt boýunça tertipleşdirme kanunlylygyny doly aňladýar.

Ritmiň esasyny: 1) dürli dowamlylyklaryň gezekleşmesi; 2) ülüşleriň kadaly, deň ölçegli pulsasiýasy; 3) aksentler ýaly üç elementiň özara gatnaşygy düzýär.

Ýokarda sanap geçilen elementleri mysalda görkezeliň:

1) heňiň ritmik şekili, dürli dowamlykdaky sesleriň yzygiderligi:

***11-nji mysal.*** *P. Çaýkowskiý. «Ýewgeniý Onegin»*



2) metriki shema + 3) aksentler:



Ritmiki hereketiň prosesinde metrik aksentlerden başga-da, daýançlaryň roluny *ritmiki aksentler* ýerine ýetirip bilýär. Olar has iri dowamlylykly sesler arkaly döreýär:

***12-nji mysal.*** *L.wan Bethowen, fortepiano üçin 5-nji sonata*



Köplenç ýagdaýlarda ritmik we metrik aksentleriň gabat gelmezligi ýüze çykýar. Oňa *sinkopa* diýilýär.

Ritm – sazyň esasy beýan ediliş serişdeleriniň biri. Ritmiň labyzlylygy, täsirliligi dürli häsiýetli hereketler bilen baglanyşykly. Daba-

raly ýöriş, şadyýan tans sazy, asudalyk, rahatlyk ýa-da hyjuwly tolgunma ýagdaýlar, köplenç, ritm serişdeleri bilen döredilýär.

Ritm we metr heňiň žanryny kesgitleýärler. Hut ritm (ritmiki formulalar) boýunça biz mazurkany walsdan, marşy barkaroladan ýeňil tapawutlandyrýarys.

*Polimetriýa* birnäçe takt ölçegleriniň bir wagtyň içinde utgaşmasydyr.

Polimetriýa metrik aksentleriň ýa-da metriki ülüşleriň gabat gelmezligi bilen tapawutlandyrylýar. Şonuň bilen baglylykda polimetriýa iki görnüşe bölünýär: *taktara polimetriýa* we *taktyň içindäki polimetriýa*.

Taktara polimetriýa üçin metriki aksentleriň gabat gelmezligi häsiýetli. Taktyň içindäki polimetriýada metriki ülüşler gabat gelmeýär.

Polimetriýanyň özboluşly görkezmesi iki ülüşli motiwiň üç ülüşli motiwiň içine girizilmegidir. Muňa *gemiola* diýilýär. Gemiola başdaky ölçegden gelip çykýan metrik inwersiýanyň wagtlaýyn, epizodik bozulmasyny döredýär. Şeýlelikde, *metriki modulýasiýa* emele gelýär.

*Poliritmiýa* taktyň umumy metriki strukturasynyň saklanmagynda dürli seslerde meňzeş bolmadyk ritmiki bölünmäniň bir wagtyň içinde utgaşmasydyr.

Köpseslilikde sesleriň ritmiki deň bolmagyna *monoritmiýa* diýilýär. Monoritmiýa, aýratyn-da, horala degişli.

Diňe taktyň ülüşleri däl-de, eýsem bitin taktlar hem dürli agramlykda bolup bilýär. Agyr we ýeňil taktlaryň emele gelmeginde garmoniýa we metriki aksentlilik uly rol oýnaýar. Meselem, her iki taktda çalyşýan garmoniýa köp ýagdaýlarda täk taktlary agyr, jübüt taktlary bolsa ýeňil edýär (wals žanry üçin has häsiýetli). Tersine, garmoniýanyň her taktda çalyşmagynyň netijesinde ýeňil täk we agyr jübüt taktlaryň gatnaşygyny döredýär.

Ritm düşünjesine has giň düşündiriş bermek bolýar – formanyň ownuk we iri bölümleriniň dowamlylygynyň baglanyşygy.

Saz ylmynda «*ýokary derejeli ritm*» we «*ýokary derejeli metr*» diýen düşünjeler hem ulanylýar. «Ýokary derejeli ritm» diýen düşünje saz eseriniň uly bolmadyk gurluşlarynyň, has iri bölümleriniň, toplum

sazlarynyň bölümleriniň arasyndaky göwrüm taýdan gatnaşyklaryny aňladýar. Diýmek, formanyň proporsiýalary, masştab babatyndaky kanunalaýyklyklary ulaldylan ritm, ýokary derejeli ritm emele getirýärler. «Ýokary derejeli metr» düşünjesi hem eserleriň iri masştablaryna degişlilikde ulanylýar. Şeýle ýagdaýlarda taktlar biri-biri bilen taktyň içindäki aýratyn ülüşleri ýaly gatnaşýarlar. Ýokary derejeli metr agyr we ýeňil taktlarda ýüze çykýar.

**Derňew üçin eserler:**

1. Mosart. «Don Žuan», bal sahnasy.
2. Bethowen, Sonata № 10 (gemiola).
3. Şopen. *As-dur* walsy (heň – 6/8 + akkompanement – 3/4).
4. Çaýkowskiý, «Dekabr»(gemiola).
5. Strawinskiý. «Весна священная».

**Hödürlenýän edebiýat:**


1. *Харлап М*. Ритмика Бетховена. // Бетховен. Вып. 1. М., 1971.

2. *Холопова В*. Вопросы ритма в творчестве композиторов первой половины XX века. М., 1971.

3. *Холопова В*. Музыкальный ритм. М., 1980.

4. *Мазель Л*. Строение музыкальных произведений. Гл. III. Ритм и метр. С. 101-128.

5. *Способин И*. Музыкальная форма. О ритмоформулах европейских танцев. С. 152-155, 239-240.


## § 5. Garmoniýa

Garmoniýa – sazyň beýan ediş serişdeleriniň biri. Garmoniýanyň dürli alamatlarynyň arasynda *funksionallyk* esasy forma emele getiriji ähmiýete eýedir. Garmoniýanyň beýleki wajyp we hemişelik alamaty koloritdir (öwüşgin). Emma koloritiň forma gös-göni täsiri örän seýrek ýagdaýlarda duş gelýär.

Akkordika pudagynda funksionallyk tonikanyň we beýleki sazlaşyklaryň gapma-garşylygynda, merkezleşmede (beýleki akkordlaryň ählisiniň tonika tabynlykda bolmagynda) alamatlandyrylýar.

Tonika durnuklylyk, rahatlyk ýagdaýydyr. Tonikanyň bu alamaty saz gurluşyna garmoniki gutarnyklylyk berýär. Bu alamatyň ýüze çykmagyna aşakda görkezilen şertler ýardam edýärler:

1. Primanyň bas sesinde ýerleşmegi;

2. Primanyň esasy heň sesinde ýerleşmegi (bu şertiň ähmiýeti onçakly wajyp däl);

3. Güýçli ülüş;

4. Kadension (köplenç, jübüt) takt.

$T_6$, $T_{64}$ ýa-da güýçli däl ülüşdäki $T_{35}$ az durnuklydyr we soňlama üçin onça ýararly däl.

Perdäniň beýleki akkordlarynyň ählisi durnuksyzdyr. Saz gurluşynyň durnuksyz garmoniýada ýa-da tonikanyň kadension däl görnüşinde gutarmagy bu gurluşy garmoniki taýdan gutarnyksyz («açyk») edýär.

Durnuksyz akkordlar dartgynlyk derejesi boýunça dürlüdir. Bu alamat, köplenç, garmoniki dartgynlylygy ösdürmek üçin (I–V–I–II) we onuň gowşamagyny gazanmak üçin ($VII_7$ – $V_7$) ulanylýar.

Möhüm öňe sürüji güýç – gapma-garşylykly durnuksyz güýçleriň (subdominantanyň we dominantanyň) çaknyşmagydyr. Bu çaknyşma tonikanyň gelmegi bilen çözülýär (iň ýönekeý prototip: T – S – D – T kadansy). Modulýasion sowulmalarda hromatiki garmoniýalar hem-de alterirlenen akkordlar goşmaça dartgynlylyk döredýärler. Akkorda degişli däl elementler, öz nobatynda, elmydama akkordlar bilen gapma-garşylyklary emele getirýärler. Şeýle konfliktleriň ähmiýetliligi, köplenç, metre garşy bolýar: güýçli ülüşde akkorda degişli däl ses (saklanma) akkord bilen has anyk çaknyşmany döredýär. Tonikanyň we durnuksyz sazlaşyklaryň funksional alamatlary dürli ýagdaýlarda ulanylýarlar:

1. Tonika has ýygy we üstesine-de, kadansirleme üçin ýaramly görnüşlerinde girizilýär. Bu usul asudalyk täsirini döretmäge ýardam edýär (P. Çaýkowskiý, «Мы сидели с тобой» op.73, №1).

2. Tonika ýygy-ýygydan, emma güýçli däl ülüşlerde we kadanslar üçin orta ýaramly ýa-da bütinleý ýaramly däl görnüşlerde girizilýär. Bu ýagdaýda soňraky, geljekki hereketiň zerurlygy, tä gurluşyň

aýdyň kadans bilen gutarmagyna çenli duýulýar (W. A. Mosart, fortepiano üçin sonata № 14).

3. Gurluşyň başynda görkezilen (ýa-da kähalatda görkezilmedik) tonika soňra dürli üzülen aýlawlary we modulirleme arkaly ulgamlaýyn ulanylmaýar we diňe soňunda peýda bolýar. Bu usul tonikanyň yza süýşürilmegi diýlip atlandyrylýar. Ol durnuksyzlygy dyngysyz goldaýar we uly bölekleriň dowamynda ähmiýetli dartgynlylyk döredip bilýär (F. E. Mendelson, «Toý marşy»; L. wan Bethowen, Sonata op.10 № 3, II b.).

Formanyň döremeginde şol ýa-da beýleki bir garmoniýanyň (esasan, T ýa-da D) indiki usullaryň biri bilen nygtalan pursatlary-da uly rol oýnaýarlar:

1. Akkord bellibir wagtyň dowamynda saklanylýar ýa-da gaýtalanýar.

2. Beýleki sazlaşyklar bilen çalyşýan akkord güýçli ülüşlerde, wagtal-wagtal: diýmek, her taktda, her bir taktdan soň we s.m. girizilýär. Tonikanyň şeýle nygtalmagy bölümiň başlanmagyny ýa-da onuň soňuny aňladýar, sebäbi bu pursatlarda, beýlekä görä tonikanyň berkemegi has köp zerurdyr. Formanyň täze bölüminiň başlamagynyň öň ýanyndaky özgeriş pursatlarynda şol bir usul D üçin has mahsusdyr. Giňräk formanyň ösmegi üçin (käwagt kiçi) bir tonallygyň serişdeleri, köplenç ýeterlik däl. Täze dartgynlylyklary we garşylyklary döretmek üçin we koloriti çalyşmak üçin modulirlenme ulanylýar. Ol tonallyklaryň şol ýa-da başga funksional ähmiýetine eýe bolan deňeşdirmäni emele getirýär.

Tonallyklaryň gatnaşyklary bellibir derejede akkordlaryň gatnaşyklaryna kybapdaşdyr. Tonal gatnaşyklarda funksionallyk esasy tonallygyň we ähli beýleki tonallyklaryň arasyndaky gapma-garşylyklarda ýüze çykýar.

Esasy tonallyk, sözüň giň manysynda, tonikanyň roluny oýnaýar, diýmek, ol durnuklydyr. Eser, esasan, esasy tonallykda başlanýar we hemişe diýen ýaly şonda-da tamamlanýar. Şonuň üçin ol merkezleşdirilýän, tabyn edýän başlangyç bolup hyzmat edýär. Haýsy-da bolsa bir beýleki tonallyk, eserde, sözüň giň manysynda, durnuksyz bolýar we tabyn tonallyk diýlip atlandyrylýar. Tabyn tonallygyň girizilmegi bellibir derejeli dartgynlylygy döredýär.

Bu dartgynlylygyň güýji tabyn tonallygyň esasy tonallyk bilen bolan ýakynlyk derejesine bagly bolýar. Tabyn tonallygyň girizilmegi soňraky ösüş üçin itergi berýär. Tabyn tonallyklaryň formanyň arasynda girizilmegi durnuksyz ähmiýetli bölekleri döredýär.

Akkorddaky gatnaşyklar ýaly, köp halatda D we S toparlaryna degişli tonallyklar-da biri-birine garşy goýulýar. Bu esasy tonallygyň başlamagy bilen çözülýän konflikti (T – D – S – T formulasy boýunça)döredýär (A. Skrýabin, Prelýudiýa op.11 №10). T – D – S – T formulasy giň düşünmelidir. Ol funksional kontrasty we esasy tonallygyň dikeldilmegi bilen çözgüt edilýän konflikti emele getirýän tonallyklaryň tertibini kesgitleýär. Bu formulada D we S tonallyklaryň gös-göni deňeşdirmelerinde, şeýle-de has çylşyrymly ýagdaýlarda ýüze çykyp bilýär. Meselem, formulalaryň agzalary biri-birinden başga elementler bilen bölünýärler (T – D – T – S – D; T – D – başga tonallyklar – S – T; T – D – başga tonallyklar –T – S – T).

Tonikanyň berkidilmeginde subdominantalaryň we subdominanta tonallyklarynyň aýratyn ähmiýeti bar.

Esasy tonallyga gaýdyp gelmek eseriň dowamynda birnäçe gezek bolup biler. Her dolanmadan soň täze tonallyklar girizilýärler, täze hereket başlanýar:

*3-nji shema*

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| *esasy tonallyk* | *tabyn tonallyk* | *esasy tonallyk* | *tabyn tonallyk* | *esasy tonallyk* |

Tonallyklaryň çalyşmagynda aşakda görkezilen ýagdaýlar wajypdyr.

1. Täze tonallyk gös-göni, geçmesiz girizilip bilýär. Şeýle usul tonal ýa-da perdä böküş (bir tonikada mažor minor bilen çalşanynda, ýa-da tersine) diýlip atlandyrylýar. Onuň maksady – täze funksiýany (köp ýagdaýlarda koloriti-de) ýiti geçmegi bilen nygtamak.

2. Täze uzak tonallyk duýdansyz modulýasiýa bilen girizilýär. Bu effekt tonal böküşe ýakyn, emma ondan geçiş pursadynyň barlygy bilen tapawutlanýar.

3. Täze tonallyga modulirleme endigan geçilýär. Geçmeleriň şeýle görnüşleri agdyklyk edýär.

Has uzak tonallyklara bolan ýiti geçmeden soň, heňde böküşden soň gelýän endigan herekete meňzeş, endigan geçmeler ýygy duş gelýärler.

Gysga wagtyň içinde ýaňlanýan tonallyklara, köplenç, aralyk geçme ähmiýetli bolýarlar. Tonallyklaryň ýygy-ýygydan çalyşmalary dartgynlygyň umumy köpelmegini üpjün edýär.

Umuman alnanda, garmoniýa (iri derejede) formanyň bölümleriniň kompozision tabyn edilmegine indiki gatnaşyklarda ýardam edýär:

a) akkordlaryň merkezleşdirilen gatnaşyklarynda, kadensiýalaryň özara baglanyşyklarynda:

*4-nji shema*

| 1 | 2 |
|---|---|
| D | T |
| sorag | jogap |

b) tonal gatnaşyklary merkezleşdirmede, diýmek, esasy we tabyn tonallyklaryň özara gatnaşyklarynda we dürli tabyn tonallyklaryň özara gatnaşyklarynda;

ç) köplenç (ýöne hemişe däl) duş gelýän, hiç bolmanda formanyň içindäki durnuksyzlygyň (akkordlaryň, tonallyklaryň) we onuň soňundaky durnuklylygyň (T, esasy tonallyk) möçber babatda takmynan gabat gelmegi (L. wan Bethowen, simfoniýa № 1, Menuet).

Ýokarda bellenilişi ýaly, garmoniýa – sazyň iň bir wajyp, kesgitleýji taraplarynyň biri. Sazda ol esasy labyz we konsturktiw ähmiýete eýedir.

XVII–XIX asyrlaryň saz formasynda klassyky garmoniýa agdyklyk edýär. Forma emele gelmeginiň garmoniki serişdelerine şu indikiler degişli edilýär:

1. Esasy tonallyk; bu tonallygyň tutuş formany gurşap almagy;

2. Modulýasiýalar; saz eseriniň kompozisiýasynyň, onuň içki dinamikasynyň ösüşinde, onuň dowamlylygynyň we dürlüliginiň modulýasiýalarynyň ähmiýeti;

3. Tonal meýilnamalary; olaryň düzgünliligi, tertipliligi, periodiki tabynlygy; t – s – d – t klassyky tonal meýilnamasy ýokary derejeli has berk kadaly funksional garmoniki logikasynyň ýüze çykmasy hökmünde;

4. Akkordlaryň funksional ähmiýeti, tonal içindäki ösüşinde sazlaşyklaryň logiki baglylygy, sazlaşyklaryň tonal-funksional dartyşy sebäpli dartgynlylyklaryň döremegi;

5. Garmonik kadensiýalar, olaryň dinamik berkitme ýa-da gowşaşma, struktura jemlenmesi, formanyň araçäklendirme roly.

Aýratyn forma emele getiriji garmonik usullar – tonal-garmoniki babatda öňünden habar bermeler we jemleme. Mysallar: F. Şopeniň *f-moll* Fantaziýasy, F. Listiň *Des-dur* Etýudy.

Klassyky tonallyk we klassyky görnüşli formalar taryhy taýdan baglydyr. Mysal üçin, sonata formasynyň ösüş meýilnamasy gös-göni tonal gatnaşyklar bilen baglydyr. Tonal hereketi fuga formasynyň ösüşiniň iň wajyp faktorlarynyň biri bolup durýar.

Garmoniýa saz formasynda bölümleriň funksiýalarynda we beýan etme görnüşleriniň differensiasiýasynda işjeň rol oýnaýar. Ekspozisiýa bölüminde, mümkin bolaýjak modulýasiýalara garamazdan, bir tonallyk agdyklyk edýär. Ekspozisiýanyň başynda T berilýär, ösüşiň dowamynda durnukly garmoniýalara daýanç bellenilýär. Bölümiň soňunda doly kadans berilýär. Ortalyk funksiýalarynda (ortalyk funksiýasyny ýerine ýetirýän bölümlerde) modulirlenme bolup biler, durnuksyz garmoniýalara daýanma yzarlanylýar; ortaky bölümiň ýarym kadans (ýa-da kömekçi tonallykdaky ýarym kadans), käwagt – dominanta organ punkty bilen gutarmagy häsiýetlidir. Jemleýji funksiýa üçin tonallygyň berkitmesi, kadansirleme, subdominantanyň ulanylmagy, köplenç – tonika organ punkty mahsus.

Bir asyryň dowamynda ýewropa garmoniýasy ähmiýetli ewolýusiýa sezewar bolýar, klassyky garmoniýanyň ýönekeý hadysalarynda uly özgerme bellenilýär: 1) tonal içre gatnaşyklarynyň giňelmegi; 2) dissonirleýji akkordlaryň konstruktiw täsirlilik ähmiýetiniň güýçlenmegi, 3) wertikalyň çylşyrymlaşdyrylmagy.

Bir görnüşli konsonirleýji tonika akkordy (üçemses) gurluşy boýunça köp görnüşli dissonirleýji komoleksler bilen çalşyrylýar

(mysal üçin, uly we kiçi septakkordlar, olaryň öwrülişleri, alterirlenen nonakkord, A. Skrýabiniň «Prometeý akkordy», bitin tonly kompleks, ýarymtonlaryň kompleksi we ş.m.). Köp eserlerde indiwiduallaşdyrylan «merkezi element» (Ý. Holopowyň pikiri boýunça) zowwamlaýyn ösüşe eýe bolýar: A. Skrýabin, giçki eserler; K. Debýussi, «Ümürde»; S. Prokofýew, «Pursatlar», № 14, 18; B. Bartok, «Mikrokosmos», «Kiçi sekundalar we uly septimalar».

Ýewropa sazynda formanyň garmoniki gurluşynyň umumy kada-kanunlary emele geldi:

I. Temanyň beýan edilişi (sözlem, period, ýönekeý iki we üç bölümli formada) ýeke tonallylyk, ösdüriji bölümler bolsa (işlenilmeler, baglaýjy partiýalar, beýleki geçiş bölümleri) – modulýasiýa bilen baglanyşykly. Munuň özi uly bitewüligiň garmoniýasynyň esasy kanuny bolýar (W. A. Mosart, fortepiano üçin *A-dur* konserti, Adagio, K.V.488).

II. Tonal içre we tema ara tonal ösüşiniň häsiýetinde tapawutlylyk bar. Tonal içre ösüş – tonallygyň basgançaklarynyň owazlandyrylmagy, tema ara ösüşi – tonallykdan çykma (L.wan Bethowen, sonata op. 29, Adagio sostenuto: baş partiýada iki sany açar belgi aralygyndaky çykma we esasy tonallygyň çäklerinde V pes basgançaga ýetmek – sowulma, baglaýjy partiýada bir sany açar belgi aralygyndaky çykma bolsa modulýasiýadyr).

III. Garmoniki gurluşda baş we kömekçi partiýalaryň garmoniýalary özara tapawutlanýarlar. Bu tapawut käwagt kontrasta çenli ýetýär. Mysal üçin, menuetiň esasy bölümi we onuň triosy ýa-da sonata formasynyň baş we kömekçi partiýalarynyň arasyndaky kontrasty (P. Çaýkowskiý, 6-njy simfoniýa, II bölüm; L.wan Bethowen, fortepiano üçin sonata № 1, I bölüm, ekspozisiýa). Kömekçi tema baş partiýa garmoniki kontrast döretmek serişdesi hökmünde modulýasiýa gurluşa eýe bolup bilýär (F. Şubert, fortepiano üçin sonata op.143, Andante; N. Mýaskowskiý, 6-njy simfoniýa, I bölüm).

IV. Stilistiki taýdan şertlendirilen garmoniki serişdeleriň kompleksiň we olaryň forma emele getiriji ähmiýetiniň arasynda göni baglanyşyk bar. Mysal üçin, L.wan Bethoweniň Bäşinji simfoniýasynyň finalynyň baglaýjy partiýasynda goşa dominantanyň diatoniki däl

akkordynyň peýda bolmagy esasy tonallygy doly bozýar we täzesini berkidýär, S. Prokofýewiň fortepiano üçin № 8 sonatasynyň I bölüminiň başky sözlemindäki *B–b–Ces–Fes–heses–a–F* garmonik aýlawy bolsa, bary-ýogy giňeldilen *B-dur* tonallygynyň basgançaklary boýunça hereket bolup durýar.

Formanyň aýratyn bölümlerinde garmonik gurluş gaýtalanmaýar (L.wan Bethowen, sonata № 8, I bölüm: baş partýa–baglaýjy bölüm–kömekçi partiýa–jemleýji bölüm). Ýöne XX asyryň sazynyň käbir stillerinde garmoniýanyň forma emele getiriji mümkinçilikleri çäklidir, bitewüligiň garmonik gurluşynyň peselme howpy döreýär (A. Skrýabiniň giçki sonatalary).

Klassyky formalaryň kämilligi tonal garmonik pikirlenmäniň ýokary derejedäki gazanylmagy hem bolup durýar.

**Hödürlenýän edebiýat:**

1. *Беляев В.* Анализ модуляций в сонатах Бетховена. // Русская книга о Бетховене. М., 1927.

2. *Мазель Л.* Проблемы классической гармонии. М., 1972.

3. *Риман Г.* Систематическое учение о модуляции как основа учения о музыкальных формах. М., 1898.

4. *Танеев С.* Несколько писем по музыкально-теоретическим вопросам. Материалы и документы. Т. 1. М., 1952.

5. *Танеев С.* Подвижной контрапункт строгого письма. Вступление. М., 1959.

6. *Холопов Ю.* Понятие модуляции в связи с проблемой соотношения модуляции и формообразования у Бетховена. //Бетховен. Вып. 1. М., 1971.

7. *Холопов Ю.* Формообразующая роль современной гармонии. //Советская музыка, 1965, № 11.

## § 6. Faktura

*Faktura* (*latynça «facio»* – edýän, taýýarlaýan) – sözüň dar manysynda saz dokumasynyň gurluşyny, onuň anyk, konkret görnüşini aňladýar. Sözüň giň manysynda faktura saz formasynyň taraplarynyň biri bolup, saz-beýan ediş serişdeleriniň ählisi bilen bir bitewülikde saz formasynyň estetika-filosofiki düşünjesine girýär.

Faktura sesbelentlik-ritmiki şekil bolup, ol saz tekstiniň ähli komponentlerini (sesler, partiýalar, gatlaklar ýa-da plastlar, sazlaşyklar, öýjükler, meýilnamalar) wertikal, gorizontal we çuňluk ýaly ölçegler boýunça birleşdirýär, olaryň funksional baglanyşyklaryny we differensiasiýasyny döredýär, şeýle hem sazyň ähli taraplarynyň we serişdeleriniň çeperçilik mümkinçiliklerini amala aşyrmagyna ýardam edýär. Faktura saz eseriniň ýa-da onuň böleginiň sesleriniň jemi bolup, olar özüniň häsiýeti, biri-biri bilen utgaşmak we sazyň bitewülikdäki funksiýalary nukdaýnazardan seredilýär.

Faktura dürli tarapdan häsiýetlendirilýär. Meselem: ýönekeý we çylşyrymly faktura, dury we dykyz faktura, orkestr we fortepiano fakturasy, şol ýa-da beýleki žanrlar üçin mahsus bolan faktura, esasy sesiň we ýanamanyň (goldaw berýän sesleriň) bar bolanlygy bilen häsiýetlendirilýän gomofonik (gomofon-garmoniki) faktura we ähli sesleriň deňhukuklygyny göz öňünde tutýan polifoniki faktura, monodiýa we ş.m.

Fakturanyň esasy görnüşleri:

1. Monodiýa (ýa-da birseslilik);

2. Köpseslilik.

*Monodiýa* – birseslilik, unison. Fakturanyň bu görnüşinde tonlar diňe gorizontal boýunça koordinirlenýärler, baglanyşýarlar.

Köpseslilik birnäçe görnüşlere bölünýär:

a) *organum* – köpsesliligiň has irki görnüşi. Onda esasy ses kwarta (we kwinta) interwala goşalanýar;

b) *heňastylyk we geterofoniýa* wariant köpsesliligiň görnüşleri bolup, olar biri-birinden özbaşdak tabynlyk derejesi boýunça tapawutlanýarlar. Heňasty – bu esasy heňiň warianty, ol esasy heňe tabynlykda bolýar. Geterofon sesi esasy heňe has ýakyn bolan wariantdyr. Ol esasy ses bilen deň derejelidir. Geterofon fakturada esasy we tabyn bolýan sesler ýok;

ç) *polifoniýa* – birnäçe dürli, deňhukukly heňleriň utgaşmasy, olaryň bir bada bilelikde ýaňlanmagy. Polifoniýa başgaça «heňleriň ansambly» diýilýär. Polifoniýa imitasion we kontrastly (ýa-da imitasion däl, dürli temaly) görnüşlerine bölünýär.

Imitasion polifoniýada sesler deňderejeli, deňhukuklydyr, şeýle-de intonasion mazmuny boýunça gabat gelýärler. Emma olar giriş edýän wagty boýunça tapawutlanýarlar:

*5-nji shema*

A————————
A————————
A————————

*Kontrastly polifoniýada* deňderejeli, deňhukukly bolan sesler öz intonasion mazmuny boýunça biri-birinden tapawutlanýarlar:

*6-njy shema*

A——————
B——————
C——————

d) *gomofoniýa* (ýa-da gomofon-garmoniki düzüm). Saz dokumasy esasy heňe we akkompanemente bölünýär. Gomofoniki fakturanyň aýratyn görnüşi – *akkord* fakturasy. Akkord fakturasy – monoritmiki köpseslilik. Şeýle fakturada ähli sesler ýokarky ýa-da bas sesini dublirleýärler. Akkord düzüminiň aýratyn görnüşi – *akkord-figurasion* faktura;

e) *gomofon-polifoniki düzüm* – polifoniýa elementleri bilen baýlaşan gomofoniki köpseslilik;

f) *gatlaklaryň polifoniýasy* – köpsesliligiň görnüşi bolup, onda aýratyn ýeke sesli heňleriň ornuny köpsesli kompleksler tutýarlar (her aýratyn kontrapunktirleýji partiýa ýeke sesli däl-de, sesleriň kompleksi bolup durýar). Gatlaklaryň polifoniýasy XX asyryň ortasyndan başlap, esasan, saz dokumasynyň aýratyn görnüşi bolan aşa köpsesliligiň sistemasynda ulanylýar (meselem, W. Lýutoslawskiniň, K. Pendereskiniň döredijiliginde);

g) *puantilizm we aşa köpseslilik* (XX–XXI asyrlar). *Puantilizm* – esasan, polifoniki faktura. Ol aýratyn seslere-nokatlara seçelenen ýaly bolýar («puantilizm» diýen adalga hut şondan gelip çykýar). Adaty polifoniýadan tapawutlylykda, şeýle fakturada dowamly

heňleriň ornuny mikromotiwler (bir sesli ýa-da iki-üç sesli dyngyly motiwler) tutýarlar. *Aşa köpseslilik* – bu, esasan polifoniki faktura. Ol örän köp özbaşdak seslerden (sekiz-ondan – segsene çenli) düzülýär. 20–80 ses birbada ýaňlananda partiýalar öz özbaşdaklygyny, indiwiduallygyny ýitirýärler, köpseslilik bolsa polifoniki effektinden mahrum bolup, sonor häsiýetli monolit tembr-fakturaly reňke öwrülýär.

Fakturanyň garyşyk görnüşleri hem bolup bilýär. XVIII–XIX we köp ýagdaýlarda XX asyr sazlarynda polifon-gomofoniki faktura agalyk edýär.

Fakturanyň *komponentlerini* häsiýetlendireliň.

*Ses* – gorizontal boýunça gurnalýan saz fakturasynyň komponenti. *Sazlaşyk* – wertikal boýunça gurnalýan saz fakturasynyň komponenti.

*Plan* – çuňluk boýunça gurnama, ses komponentleriniň çuňluk babatynda tapawutlandyrylmagy. Bu tapawutlandyrma «relýef we fon», «ýakyn we uzak ýerleşme» ýaly hadysalar bilen assosiasiýalaşýar, deňeşdirilýär.

*Relýef* hökmünde has özboluşly, indiwidualizasiýalaşdyrylan, özüne üns çekiji we ýatda galýan tematiki material çykyş edýär (ilkinji nobatda – labyzly heň).

*Fon* hökmünde saz hereketiniň umumy formalary diýlip atlandyrylýan dürli görnüşdäki passažly, ädim görnüşli material, şeýle hem nagyşlanan, bezelen beýan ediliş hyzmat edýär. Fon üçin heň şekiliniň özboluşlylygy, indiwidualizasiýasy häsiýetli däl. Heňiň we goltgynyň tessitura babatynda meňzeş bolan ýagdaýynda (S. Rahmaninow, «Сирень», başy) meýilnamalary araçäklendirmek, tapawutlandyrmak serişdesi hökmünde relýefiň we fonuň kontrasty has wajyp bolýar.

*Faktura gatlagy* ýa-da *plast* – fakturany wertikal boýunça bölmeklik (bu ýerde aýratyn sesler boýunça bölmeklik göz öňünde tutulmaýar). Şeýle ýagdaýda faktura aýratyn sesler boýunça bölünmän, sesleriň goşalanmagynyň (dublirowka) netijesi bolup durýar.

*Faktura öýjügi* – žanr aýratynlyklary, ritmikanyň görnüşi, faktura ideýasy bilen bagly bolan gaýtalanýan häsiýetli, özboluşly figura.

Meselem, walslarda faktura öýjügi akkompanementiň iki taktly figurasy bolup durýar. F. Şopeniň 3-nji prelýudiýasynda bolsa, bu – bir taktly figuradyr. Faktura öýjügi – sintaksis taýdan iň kiçi birlikdir. Onda tutuş şekil başdan soňuna çenli ýaýbaňlandyrylýar, yzyndan bolsa, onuň gaýtalanmasy ýa-da üýtgedilmesi gelýär. Öýjügiň göwrümi dört takta çenli bolýar. Käbir ýagdaýlarda, mysal üçin polifoniki eserlerde ýa-da tremoloda öýjügi tapawutlandytmak kyn bolýar.

Fakturanyň dürli komponentleriniň tarapyndan ýerine ýetirilýän hyzmatlary *faktura funksiýalary* diýen adalgasy bilen aňladylýar. Fakturanyň esasy elementleri, sesleriň (we sesleriň toparlarynyň) mümkin bolaýjak faktura funksiýalary şu aşakdakylardan ybarat:

1. Esasy heň sesi (mümkin bolaýjak goşalandyrmalar bilen);
2. Bas sesi;
3. Garmoniýany saklaýan sesler;
4. Bellibir görnüşli garmoniki ýa-da heň figurasiýasyny emele getirýän sesler;
5. Haýsy-da bolsa bir ritmiki formulany nygtaýan sesler;
6. Esasy heňe kontrapunkt döredýän ses ( ýa-da sesler).

Sesleriň funksiýalary fakturanyň görnüşine bagly bolýar. Meselem, kanonda – proposta we risposta, gomofoniki düzümde – heň, bas, garmoniki sesler, akkord düzüminde – bas, garmoniki sesler.

Polifoniýa-garmoniki fakturada sesleriň funksiýalary şeýle:

- esasy ses, kömekçi ses;
- heňleşdirilen kontrapunkt (P. Çaýkowskiý, 4-nji simfoniýa, I bölüm, kömekçi partiýa, wiolonçelleriň temasy);
- figurasion kontrapunkt (N. Rimskiý-Korsakow, «Şa gelinligi», III parça, orkestr intermessosy);
- imitirleýji ses;
- heňasty (M. Glinka, «Kamarinskaýa», tans temasyna 1-nji wariasiýa); garmoniki nota ýa-da ses (heň);
- organ punkty (pedal), pedal tony, pedal sazlaşygy;
- dublirowka (goşalandyrma);
- özboluşly, köplenç ýagdaýda – häsiýet beriji ses ýa-da şekil boýunça indiwiduallaşdyrylan, esasan – şekillendirme gör-

nüşli gatlak (K. Debýussi, «Feýerwerk», «Gardaky ädimler» («Шаги на снегу»);
- bas.

Köp sesli fakturanyň komponentleri (aýratyn-da bas sesi) birbada birnäçe funksiýa ýerine ýetirip bilerler. Şeýle ýagdaýlara *faktura komponentleriniň polifunksionallygy* diýilýär. Meselem, «Şa gelinligi» operadaky Intermessoda aşaky ses diňe bas bolman, şol bir wagtyň özünde figurasion kontrapunktyň hyzmatyny ýerine ýetirýär. Gizlin köpseslilikde bolsa, tersine: birsesli heň iki ýa-da birnäçe şahajyklara bölünip, özboluşly «birnäçe» sesli fakturany emele getirýär. Bu ýagdaý bir sesli saz gurallary üçin düzülen eserlerine has mahsusdyr. Şonuň bilen birlikde gizlin köpseslilik köp sesli, meselem, polifoniki sazlarynyň heňleri üçin häsiýetlidir.

Registr nukdaýnazardan fakturany «ýokarky», «ortaky», «aşaky» seslere bölýärler.

Sesler, partiýalar, gatlaklar, planlar bellibir görnüşli faktura şekili bilen tapawutlanýarlar. *Faktura şekiliniň* esasy tipleri: figurasiýa, dublirowka (dublirowka – fakturanyň bezeg elementi hökmünde).

Figurasiýanyň görnüşlerine heň, garmoniki, ritmiki, garyşyk ýaly görnüşleri degişli edilýär. Figurasiýa beýan ediş ähmiýete eýe bolýar. Saz eserlerinde figurasiýanyň dürli indiwidual görnüşleri, figurasion tematizmi duş gelýär. Figurasiýalar arkaly fakturanyň kömekçi, esasy däl komponentleri indiwiduallaşýarlar. Goşalandyrmanyň interwally we akkordly, durnukly we üýtgeýän, konsonirleýji we dissonirleýji, garyşyk ýaly görnüşleri bar. Goşalandyrmanyň görnüşi garmoniki stil bilen bagly. Figurasiýalaryň we dublirowkalaryň garyşyk utgaşmalary arkaly dürli funksiýaly sesler indiwiduallaşýarlar. Her aýratyn eseriň faktura babatyndaky çözülişi özboluşly, gaýtalanmajak häsiýetlidir. Şuňa aýdyň mysallar – F. Şopeniň prelýudiýalary, etýudlary. Faktura bitewüligi – faktura funksiýalarynyň we faktura şekiliniň özara gatnaşygyny anyk bir kesgitli görnüşinde jemleýändir.

Eseriň dowamynda fakturanyň komponentleriniň funksiýalary üýtgewsiz saklanyp we üýtgäp hem biler. Üýtgewsizlik, durnuklylyk

– formanyň bölüminiň çäklerinde funksiýalaryň üýtgemän saklanylmagy. Üýtgemeklik – formanyň bölüminiň çäklerinde funksiýalaryň çalyşmagy. Funksiýalaryň üýtgewsizligi we üýtgemekligi şol ýa-da beýleki stiliň görkezijisi bolup durýar. Mysal üçin, F. Şopeniň, Ž. Bizeniň, P. Çaýkowskiniň stilleri faktura funksiýalarynyň stabilligine, durnuklylygyna gönükdirilen stiller hökmünde häsiýetlendirilýär. G. Maleriň, K. Debýussiniň, I. Strawinskiniň, A. Weberniň, D. Şostakowiçiň stilleri – faktura funksiýalarynyň üýtgemeklige gönükdirilen stilleri hökmünde häsiýetlendirilýär.

Saz dokumasynyň aýratyn sesleriniň we elementleriniň faktura funksiýalarynyň käbir görnüşlerini görkezeliň:

- funksiýalaryň özara çalyşmagy (D. Şostakowiç, simfoniýa № 4, final, 156-njy belgi);
- funksiýalaryň biri-birine geçmegi we öçmegi (*включение и отключение*) (K. Debýussi, «Menestreller»);
- «goşulýan kontrapunkt» (*вторгающийся контрапункт*) (G. Maler, «Песнь о земле», I bölüm).

Saz pikiriniň nusgawy düzgünleşdirilmegi funksiýalaryň durnuklylygynyň üsti bilen ýüze çykýar. Diýmek, fakturanyň komponentleriniň tarapyndan ýerine ýetirilýän funksiýalaryň üýtgemezligi formanyň aýdyň içki bölünmeginiň serişdeleriniň biri bolup durýar. Funksiýalaryň üýtgemekligi bolsa – bu formanyň akymlylygyny, üznüksizligini döretmek usulydyr. Funksiýalaryň üýtgemekligi bilen saz dokumasy işjeňleşýär, sesleriň çylşyrymly özara gatnaşyklary döreýär, faktura indiwiduallaşýar.

Umuman alnanda, fakturanyň forma emele getiriji güýji onçakly uly däl. Forma gurlanda fakturanyň serişdeleriniň ulanylyşy ilki bilen stiliň spesifikasy (aýratyn kompozitoryň, mekdebiň, döwrüň), žanryň aýratynlyklary, şahsy ideýasy, dramaturgiýa bilen şertlendirilýär. Faktura bölüniji we birleşdiriji mümkinçiliklere eýedir. Faktura tematiki materialy gurnamaga we ony ösdürmege gatnaşýar (meselem, wariasiýalarda). Şeýle-de fakturanyň kulminasiýalary döretmekde roly wajyp bolýar. Derňew prosesinde fakturanyň we gurallamanyň

(instrumentowkanyň) özara gatnaşyklaryna (fakturanyň dürli görnüşlerinde şekiliň we koloritiň özara gatnaşyklaryna) üns bermeli.

**Derňew üçin eserler:**

1. Bah. OTK, prelýudiýalar (figurasiýalar).
2. Şopen. Prelýudiýalar we etýudlar (figurasiýalar).
3. Şopen. Etýud № 18 (dublirowka).
4. Glinka. «Iwan Susanin» (dublirowka).
5. Skrýabin. Üç etýud op. 65 (dublirowka).
6. Prokofýew. 3-nji konsert, I bölüm, kömekçi partiýa (dublirowka).

**Hödürlenýän edebiýat:**


1. *Бершадская Т.* Некоторые особенности русского народного многоголосия //Очерки по теоретическому музыкознанию. Л., 1959.
2. *Григорьев С.* О мелодике Римского-Корсакова. М., 1961.
3. *Дмитриев А.* Полифония как фактор формообразования. Л., 1962.
4. *Назайкинский Е.* О психологии музыкального восприятия. Очерк. 2. М., 1972.
5. *Протопопов Вл.* История полифонии в ее важнейших явлениях. М., 1962.
6. *Скребков С.* Художественные принципы музыкальных стилей. М., 1973.
7. *Скребкова-Филатова М.* Драматургическая роль фактуры в музыке. //Проблемы музыкальной науки. Вып. 3. М., 1976.
8. *Слонимский С.* «Песнь о земле» Г. Малера и вопросы оркестровой полифонии. //Вопросы современной музыки. Л., 1963.
9. *Цуккерман В.* О музыкальной речи Римского-Корсакова. //Музыкально-теоретические очерки и этюды. Вып.2. М., 1975.


## IV BAP

## TEMATIZM

Tematizm – ähli stiller üçin ähmiýetli bolan saz teoriýasynyň iň wajyp derejesi, saz formasynyň esaslarynyň biridir (tonal-garmoniki gurama bilen birlikde).

Tematizm – giň manyly düşünje. Bu düşünje tematizmiň intonasion-täsir ediji, žanr-stilistiki, faktura, struktura, prosessual taraplaryny öz içine alýar. Tematizmiň we formanyň özara gatnaşyklary wajypdyr: temanyň gurluşy, temanyň içki ösüşi, ekspozision ösüşiň usullary we tärleri, motiw we onuň ösüşi, umuman alnanda, formanyň tematiki prosesi.

Grek dilinden tema «esasda goýlan zat» manyny aňladýar. Tema – ösüşi başdan geçirýän, berlen eseriň doly gutarnykly we bellibir derejede gutarnykly pikiri. Tema mydama aýdyňlylygy, indiwiduallygy, gutarnyklylygy bilen tapawutlanýar.

Temany saz keşbi düşünjesi bilen garyşdyrmak bolmaýar. *Saz keşbi* düşünjesi – estetik düşünje, saz temasy bolsa iki sany biri-biri bilen berk baglynyşykly: keşp-täsir edişi we saz-tehnik taraplaryna eýe bolan düşünjedir.

Saz keşbiniň esasy alamatlary saz eserinde ilki bilen tema görnüşinde öz beýanyny tapýar. Tema saz eseriniň ýa-da onuň bölüminiň esasy bolup hyzmat edýän saz düzümidir. Eserde temanyň esasy orny saz keşbiniň ähmiýetliligi arkaly, temany düzýän motiwleriň ösmek ukyby, şeýle-de gaýtalanmalar (takyk ýa-da wariasiýalaşdyrylan) arkaly tassyklanylýar.

Temany ony beýan edýän mümkin bolan formalary, ýagny sintaksis strukturalary bilen garyşdyrmaly däldir. Tema – saz ösüşiniň esasy, saz eseriniň emele gelmeginiň basgançagy. Käbir ýagdaýlarda tema ösüşe sezewar bolmaýar (epizodiki tema, tutuş eser bolup durýan tema).

Temanyň dowamlylygy we formasy dürli bolup bilýär:

1. Period temanyň beýan edilmeginiň has adaty formasy hökmünde (gomofoniki sazda);

2. Iki ýa-da üç bölümli formadaky tema (refrenlerde, wariasiýalar üçin temalarda);

3. Sözlem formasyndaky tema (klassyky baş partiýalaryň adaty görnüşleriniň biri);

4. Jümle, motiw (operalarda, simfoniýalarda leýtmotiw, «mikrominiatýuralarda» tema-motiwler, mysal üçin, A. Weberniň sazynda), käwagt iki-üç sesli motiwler görnüşindäki tema. Temanyň motiw görnüşinde funksionirlenme *mikrotematizme* alyp barýar.

Temanyň fakturalaýyn beýan edilmegi şu görnüşde bolup bilýär:

1. Tema-heň (gomofoniýada);

2. Tema-köpseslilik (polifoniýada, polifon-garmoniki düzülişde);

3. Tema-garmoniýa (leýtgarmoniýa: I. Brams, simfoniýa № 3; R. Wagneriň «Tristanyň akkordy»);

4. Tema-ritm (leýtritm: A. Berg, Skripka we orkestr üçin konserti);

5. Tema-tembr (B. Bartok, Kirişliler, kakylyp çalynýanlar we çelesta üçin saz: ksilofonyň temasy);

6. Figurasion tematizm (I. S. Bah, OTK, II tom, *d-moll* prelýudiýasy; F. Şopen, *b-moll* sonatasy, final; N. Rimskiý-Korsakow, «Arynyň uçuşy»).

Temanyň içki gurluşy hem örän dürlüdir («Period» temasyna ser.).

Kontrastly we kontrastsyz (birsydyrgyn) temalar tapawutlandyrylýar. Birsydyrgyn hereketdäki temalar bir motiwiň (R. Şuman, «Karnawal»: «Kiarina») ýa-da birnäçe motiwleriň esasynda gurulýar (F. Şubert, *C-dur* Simfoniýasy: giriş temasy). Kontrastly temalar saz täsirliligi boýunça özara kontrastlaşýan motiwleriň, jümleleriň, düzümleriň deňeşdirmesini öz içinde jemleýär (W. A. Mosart, «Ýupiter» simfoniýasy, baş partiýa) .

W. Bobrowskiý «tema-kompleks» düşünjesini girizdi. *Tema-kompleks*, *düzümli tema* ýa-da *tematiki kompleks* – birnäçe temalaryň bir, çylşyrymly, köp düzümli tema birikme ýa-da temalar bolup durýan komponentlerden düzülen tema (F. Şopen, *es-moll* polonezi: iki kontrastlaşýan temadan ybarat başky period).

*Temanyň häsiýeti* we *gurluşy eseriň* žanryna (käwagt temada dürli žanrlaryň alamatlary utgaşýar) we umumy formasyna bagly bolýar. Mysal üçin, fuganyň temasynyň, sonata allegrosynyň baş partiýasynyň temasynyň, sonata-simfoniki toplumynyň haýal depginli bölümleriniň temalarynyň we ş.m. gurluş kanunlary ähmiýetli tapawutlandyrylýar.

Adatça, temada kompozitoryň, kompozitorlyk mekdebiniň haýsy hem bolsa alamatlary (mysal üçin, tema – dabaraly, marş häsiýetli, uly fransuz operasynyň däplerinde saklanylan) ýüze çykýar.

Temanyň göwrümi we gurluşy diňe dürli žanrlardaky we stillerdäki eserlerde däl-de, eýsem bir stildäki we žanrdaky, hatda bir eseriň içinde hem dürli bolup biler. Polifoniki eserleriň (mysal üçin, fugalaryň) temalary, adatça, gysgalygy bilen tapawutlanýar (bir taktdan birnäçe taktlara çenli) we ýeke sesli beýan edilýär. Leýtmotiwler has gysgalygy bilen tapawutlanýar. Olar operalarda özboluşly temalaryň roluny ýerine ýetirip, ol ýa-da beýleki gatnaşyjyny, hadysany, hal-ýagdaýy häsiýetlendirýär. Gomofoniki eserleriň temalary, adatça, dowamly bolýar (köplenç, sekiz taktdan birnäçe taktlara çenli).

Tematiki prosesleri *ekspozisiýanyň içindäki we ekspozisiýadan soňky* – iki gurluş derejesinde tapawunlandyrmak bolar.

Içki tematiki ösüş deňlik we kontrast prinsipleriniň esasynda amala aşyrylýar. Ösüşiň şunuň ýaly prinsipleri bellenilýär:

- *gaýtalanma prinsipi* (takyk ýa-da görnüşi üýtgedilen gaýtalanma). Görnüşi üýtgedilen gaýtalanmalaryň arasynda şu aşakdakylary tapawutlandyrmak bolar:

a) wariasiýalaşdyrylan gaýtalanma. Şeýle görnüşdäki gaýtalanma heňe ähmiýetli bolmadyk üýtgeşmeleri girizýär;

b) wariantlaýyn gaýtalanma. Wariantlaýyn gaýtalanma hil taýdan ösüş geçirýär, heňiň konturlaryny saklanmak bilen onuň görnüşini üýtgedýär.

ç) sekwensiýa – heň we ritm strukturasynyň saklanmagy bilen heň öwrüminiň başga belentlikde gaýtalanmagy.

- *kontrast prinsipi*. Ol intonasion taýdan dürli bolan jümleleriň utgaşmagyna esaslanýar.

*Ekspozisiýadan soňky ösüşiň usullary we tärleri*, ýagny temanyň ekspozision beýan edilişinden, onuň ilkinji görkezilişinden soňky ösüşiň usullary we tärleri köpdürlüdir – ýönekeý warýirlemeden temanyň çalyşmagyna çenli.

Ösüş prinsipleri:

- takyk gaýtalanma (deňlik);
- üýtgedilen gaýtalanma;
- wariasiýalylyk;
- wariantlylyk;

- žanr transformasiýasy;
- esasy tematiki maňzyň ösdürilişi;
- polifoniki ösüş;
- motiwleýin işlenilme (temanyň hereketiň umumy görnüşlerinde – gammalarda, arpejiolarda, trellerde, motiwleýin işlenilmäniň soňky stadiýasy bolan repetisiýalarda ýitip gitmegi);
- temalaryň öndürijiligi;
- täze heň emele gelmeleri (işlenilme bölümlerindäki epizodik temalar, häsiýetli wariasiýalar);
- täze, kontrast tema bilen çalşyrylmagy (çylşyrymly üç bölümli, kontrast-düzümli formalarda, instrumental we wokal toplumlarda).

Dürli stiller üçin tematizmiň we tematiki ösüşiň öz aýratynlyklary mahsusdyr. Şeýle-de sazyň stil häsiýeti bilen baglylykda tematizmiň we tematiki ösüşiň täsirlilik ähmiýeti dürli bolýar. Mysal üçin, takyk gaýtalanma has ýygy F. Kuperende we beýleki fransuz klawesinçilerinde duş gelinýär. I. S. Bahda figurasion we figurasion däl tematizmiň özara gatnaşyklary dürlüdir. Onuň eserlerinde periodyň çäklerinde kontrast bolmadyk motiwleýin işlenilme ýygy duş gelýär. Motiwleýin işlenilme Ý. Gaýdn, L.wan Bethowen, P. Çaýkowskiý, A. Borodin we XVIII–XIX asyrlaryň ýewropa simfonizminiň beýleki wekilleri üçin häsiýetlidir. Täze heň emele gelmeleri W.A. Mosartyň, Ý. Bramsyň eserlerinde duş gelýär; figurasion tematizm – F. Şopende, tonal warýirlenme – F. Listiň sazynda, deňeşdirme – R. Şumanda duş gelýär. Wariasiýalylyk, wariantlylyk M. Glinka, M. Balakirew, M. Musorgskiý ýaly XIX asyryň rus kompozitorlary üçin mahsusdyr. Soňra bu däpler S. Prokofýewiň, I. Strawinskiniň, B. Tişenkonyň döredijiliginde ösdüriliýär. Günbatar-ýewropa simfonizminde hem (F. Şubertde, W.A. Mosartda) wariantlylyk we wariasionlylyk ýüze çykýar. F. List, A. Skrýabin üçin žanr transformasiýasy, monotematizm häsiýetli. S. Taneýewiň sazynda imitasion-kanoniki ösüş, S. Prokofýewiň, B. Bartogyň, P. Hindemitiň sazynda – tonal-garmoniki warýirleme, D. Şostakowiçde – ýaýbaňlandyrylma duş gelýär.

Eserler *ýeke temaly* we *köp temaly* görnüşlere bölünýär.

*Tematiki material*, temadan tapawutlylykda, gutarnyklylygy talap etmeýär. Tematik material temany ýa-da onuň bölümini döredýän saz serişdeleriniň konkret kompleksidir. Mysal üçin, sonatanyň işlenilmesinde ekspozisiýanyň temalarynyň biriniň ulanylyşy barada aýdanyňda, adatça, temanyň tutuşlygyna geçirilişi däl-de, onuň aýratyn bölejikleriniň ulanylyşy göz öňünde tutulýar.

Tematiki material *tematiki däl materialdan*, ýagny berlen eserde tematiki ähmiýeti bolmadyk saz materialyndan tapawutlandyrylýar. Tematiki däl materialy başgaça «*hereketiň umumy görnüşleri*» diýlip atlandyrýarlar. Olara aralyk passažlar, umumy figurasion formulalar degişlidir. Temanyň indiwiduallygy we hereketiň umumy görnüşleriniň indiwidul däldigi bellenilýär. Saz dokumasynda we saz formasynda hereketiň umumy görnüşleriniň ýerleşýän ýeri dürli bolup bilýär:

- gomofoniýada figurasion akkompanement (mysal üçin, «Albertiniň baslary»);
- ortalyklaryň, işlenilmeleriň soňunda tematizmiň «eräp gitme» pursatlary;
- girişlerde;
- predyktlarda;
- baglaýjylarda;
- kodalarda;
- kadanslarda.

Tematiki hadysalaryň tutuş kompleksi eseriň tematizmini döredýär. Eseriň «*tematizmi*» diýlende, onuň temalarynyň we «tematiki materiallarynyň» ählisiniň jemi göz öňünde tutulýar. Tematizm düşünjesi has giň manyda – eserleriň temalarynyň tutuş bir toparynynyň we olaryň häsiýetli aýratynlyklarynyň jemi hökmünde ulanylýar (mysal üçin, L.wan Bethoweniň giçki sonatalarynyň, S. Taneýewiň kwartetleriniň tematizmi; ýa-da gomofon tematizm, polifoniki tematizm).

Tema we tematizm taryhy kategoriýalar bolup, islendik saz dili we pikirleniş sistemasyna degişli däldir. Tema taryhyň dowamynda ösüp, saz pikirlenişiniň ösüşiniň ýeterlik derejedäki tapgyrynda

doly gutarnykly görnüşe eýe bolýar. Mysal üçin, halk sazyndaky, gadymy dini aýdymlardaky ýa-da gündogar ýurtlarynyň adaty saz žanrlaryndaky uly bolmadyk heň öwrümlerini motiw hökmünde hasaplamak bolmaýar. Çünki motiw aksentleýin takt-ritmiki sistemasyny we heň öýjüginiň sesleriniň metr taýdan güýçli bolan ülşüň töwereginde jemlemegini göz öňünde tutýar. Şeýle görnüşli, ýagny, güýçli täsirlilik serişdelerine eýe bolan, emma temanyň hut özüniň manysynda ýok bolan eserler (F. Şopeniň *b-moll* sonatasynyň finaly) XIX–XX asyrlaryň kompozitorlarynda duş gelýär.

**Hödürlenýän edebiýat:**

1. *Бобровский В*. О переменности функций музыкальной формы. М., 1970.

2. *Тиц М*. О тематической и композиционной структуре музыкальных произведений. Киев, 1972.

3. *Тюлин Ю*. Строение музыкальной речи. М., 1969.

# V BAP

# SAZ FORMASYNYŇ ÖSÜŞ PRINSIPLERI. BÖLÜMLERIŇ FUNKSIÝALARY

## § 1. Saz formasynyň ösüş prinsipleri, olaryň umumy sistemasy

Saz formasy wagt boýunça ýaýbaňlandyrylyp, proses, ýagny ösüş bolup durýar. Şonuň üçin saz materialyny ösdürmegiň esasy prinsipleri aýratyn ähmiýete eýe bolýarlar. Saz formalary hut şu prinsiplere esaslanýarlar.

Saz eseriniň alty sany ösüş we forma emele getirme prinsipleri bar:

1) gaýtalanma;
2) wariasionlylyk;
3) işlenilme;

4) dürli saz pikirleriniň (hususan-da, kontrastlaşýan pikirleriň) deňeşdirilmegi;

5) erkin ýaýbaňlandyrma;

6) reprizalylyk.

Gaýtalanma (motiwleriň, jümleleriň, sözlemleriň, temalaryň, bölümleriň) iň ýönekeý ösüş prinsipidir. Bu ýerde takyk we şol bir kadension soňlamaly gaýtalanma göz öňünde tutulýar.

*Wariasionlylyk* – ýene bir ösüş prinsipi. Üýtgedilen gaýtalanma warýirlenen diýilýär. Bu prinsip, takyk gaýtalanma bilen deňeşdirilende, çylşyrymlydyr. Warýirlenen gaýtalanmada hem, adatça, gurluşyň dowamlylygy we onuň kadensiýasy saklanylýar.

Gaýtalanmada üýtgemeler indiki görnüşli bolýarlar:

1) üýtgedilen garmoniýada yzygiderli gaýtalanma;

2) başga belentlikde yzygiderli gaýtalanma (meselem, sekwensiýa);

3) başga sesde yzygiderli gaýtalanma (imitasiýa);

4) başga kadensiýa bilen yzygiderli gaýtalanma;

Aralykdaky sekwensiýalar – sekwensiýa gatnaşmaýan beýleki elementler bilen bölünen sekwentli gurluş.

Eger-de gaýtalanma her gezek täze üýtgemeler bilen birnäçe gezek ulanylsa, onda warýirlenme eýýäm forma emele getirmegiň esasy prinsipi hökmünde çykyş edýär:

*7-nji shema*

$$a + a_1 + a_2 + a_3 + a_4 + a_5 \text{ we ş.m.}$$

Şeýle ýagdaýlarda gaýtalanýan bölümleriň her haýsy aýratyn bölüm ýaly hasaba alynýar.

Formanyň görnüşi kesgitlenende ownuk elementleriň (iki-üç takta çenli) bir gezek takyk ýa-da warýirlenen yzygiderli gaýtalanmasy formanyň täze elementi hökmünde kabul edilýär:

*8-nji shema*

$$a_1 + a_1 = 2$$

ýa-da:

*9-njy shema*

$$a_1 + a_1 = 2$$

Haýsy-da bolsa ulurak we otnositel gutarnykly gurluşyň (period-dan kiçi bolmadyk) birgezeklik gaýtalanmasy, adatça, hasaba alynmaýar, diýmek şeýle ýagdaýlarda iki birmeňzeş bölüm bir bölüm ýaly hasap edilýär.

Warýirlenme görnüşleriniň arasynda *wariasionlylyk* we *wariantlylyk* tapawutlandyrylýar.

Wariasionlylyk, köplenç, çalt depginli aýdymlarda, halk tansly we instrumental heňlerde duş gelýär. Wariasionlylyk warýirlenýän öwrümiň esasy pursatlarynyň gatnaşyklaryny metriki agramlylyk babatynda üýtgetmeýär we adatça, figurasion baýlaşmanyň çäklerinden çykmaýar.

Wariantlylyk bolsa, esasan, akymly, liriki aýdymlarda ulanylýar we heň öwrüminiň has erkin üýtgemelerine, ýagny sesleriň we intonasiýalaryň metriki süýşmelerine, öwrümiň umumy dowamlylygynyň üýtgemelerine we beýleki mümkin bolaýjak üýtgemelere ýol berýär.

Emma wariasionlylygyň we wariantlylygyň arasynda ýiti araçäk geçirmek kyn.

*Işlenilme* – bu öň doly görnüşde beýan edilen temanyň aýratyn bölejikleriniň we elementleriniň aýrylmasy we bu bölejikleriň özbaşdak ösdürilmegi. Prosesiň dowamynda olar dürli-dürli täze utgaşmalary emele getirip bilerler.

Işlenilmede temanyň bölümleriniň gaýtalanmasy şol bir belentlikde, üýtgedilmedik ýa-da üýtgedilen görnüşinde, täze belentlikde, başga garmoniýada we başga tonallykda ulanylyp bilner. Öň aýry ýaňlanan elementler yzygiderli tertipde ýa-da bir wagtda birleşip bilerler. Öň beýan edilen temalaryň böleklerine täze elementler hem goşulyp biler (biri-biriniň yzynda ýa-da bir wagtda).

*Deňeşdirme* prinsipi indikiden ybarat: temanyň ýa-da eseriň haýsy-da bolsa bir bölüminiň yzyndan onuň bilen deňeşdirilýän täze tema, täze saz materialy boýunça başga bölüm gelip biler. Meselem: çylşyrymly üç bölümli formanyň ösüşi I bölümiň we trionyň (we I bölümiň reprizaly dolanmagy) deňeşdirilmegine esaslanýar.

Dürli temalaryň deňeşdirilmegi, adatça, temalaryň dürli derejede kontrastlaşmasy bilen baglanyşyklydyr.

Dürli temalaryň deňeşdirilmeginde dürli emosiýalaryň, şekilleriň ýiti kontrastynyň emele gelmegi mümkin. Dürli temalar bir-biriniň üstüni dolduryp, bir saz keşbiniň, duýgynyň dürli taraplaryny beýan edip bilýär. Bu ýagdaýda temalaryň, bölümleriň üstüni dolduryan ýa--da täzeçe öwüşgin berýän kontrast döreýär.

Iki kontrastlaşýan temanyň deňeşdirilmesi gös-göni, yzygiderli bolup bilýär ýa-da olary geçiş, baglaýjy bölüm birleşdirýär. Käwagt täze kontrastlaşýan tema öňki temanyň motiwleriniň özgerişleriniň esasynda döreýär. Şeýle kontrasta ýasama kontrasty diýilýär.

*Erkin ýaýbaňlandyrma* – ösüşiň bu görnüşi ritmiki gaýtalamaklygyň, kontrastly, gapma-garşylykly deňeşdirmeleriň, işlenilme usullarynyň ýoklugy bilen tapawutlanýar. Şeýle-de bolsa, ýanaşyk pursatlaryň ýakynlygy we umumy bitewülik saklanylýar. Bu prinsip erkin wariantlylyk bilen berk bagly.

*Reprizalylyk* – doly takyk ýa-da üýtgedilen görnüşli gaýtalanmakdyr. Bu – başdaky gurluşyň (başdaky bölümiň) tamamlaýjy bolup gaýdyp gelmegidir. Ol kontrast deňeşdirmeden ýa-da işlenilmeden soň gaýdyp gelýän esasy pikiriň tassyklanmasy hökmünde uly ähmiýete eýedir. Şol bir wagtda ol saz formasynyň gutarnyklylygyna, aýdyňlygyna ýardam edýär.

Formanyň bölümleriniň funksiýalary, beýan etmegiň görnüşleri we ösüşiň prinsipleri özara dürli gatnaşyklarda bolup bilerler. Meselem: temada (aýratyn-da, uly temanyň) beýan edilmeginiň ekspozision we ortaky görnüşleri utgaşyp bilerler ýa-da bir temanyň beýan edilmeginde häsiýeti boýunça dürli elementleriň deňeşdirilmegi mümkin. Ýene bir mysal: sonata formasy ösüşiň deňeşdirme (ekspozisiýanyň iki temasy), işlenilme we reprizalylyk prinsiplerine esaslanýar. Şol bir wagtyň özünde käbir sonatalaryň işlenilme bölüminde ösüşiň işlenilme prinsipi däl-de, wariasion usuly agalyk edýär.

## § 2. Formada bölümleriň funksiýalary

Formada bölümleriň her biri öz funksiýasyna eýe bolýar. Olar:

a) temanyň (ýa-da temalaryň) beýan edilmegi, ýagny onuň ilkibaşdaky geçirilişi;

b) dürli temalaryň arasyndaky we umuman, formanyň esasy bölümleriniň arasyndaky baglaýjy bölüm (baglaýjy, sepleme);

ç) ortaky bölüm, ýagny beýleki, köplenç ýagdaýda mazmun taýdan meňzeş bölümleriň arasynda ýerleşýän gurluş. Baglaýjy bilen deňeşdirilende, ortaky bölüm has özbaşdak häsiýete eýedir. Ortaky bölümiň aýratyn we örän wajyp görnüşi işlenilmedir. Işlenilmede öň beýan edilen tema (temalar) ösdürilýär: ol täze öwüşginlere eýe bolup, tutuşlygyna däl-de, bölekleýin (köp halatda bu bölekler has gysgajyk göwrümli) geçirilýär;

d) repriza, ýagny temanyň (temalaryň) haýsy bolsa-da başga bir sazdan soň (şol bir temanyň işlenilmeginden soň, täze temadan soň) täze geçirilişi, onuň gaýtalanmagy. Reprizada tema ýa tutuşlygyna, ýa-da özüniň has özboluşly, häsiýetli böleginde peýda bolýar. Bu bolsa, şol bir temanyň işlenilmeginden (böleklere bölmek) soň has-da aýdyň bolýar. Saz formalarynyň ählisi diýen ýaly reprizanyň ulanmagyna esaslanýarlar. Şonuň üçin reprizalylyk saz eseriniň bitewüligine ýardam edýän forma emele getiriji prinsipleriň iň wajyplarynyň biri bolup durýar. Eseriň başynda we soňunda gaýtalanýan gurluş, formanyň beýleki bölümleri bilen deňeşdireniňde, göwrüm taýdan has kiçi bolan ýagdaýynda gurşawa alynmagy barada aýdýarlar;

e) esasy forma ýa-da onuň bölümine giriş, ýagny formanyň öňüsyrasyndaky gurluş. Ol adatça esasy formadan ýa-da onuň bölüminden aýdyň araçäklendirilýär;

f) esasy forma ýa-da onuň bölümini jemlemek. Bu – esasy formanyň ýa-da onuň bölüminiň tamamlanmagynyň yz ýanyndan gelýän gurluş. Şeýle ýagdaýda oňa koda diýilýär. Beýleki ýagdaýlarda soňlama formanyň haýsy-da bolsa bir bölüminiň (temanyň beýan edilişi, ortaky bölüm we ş.m.) yzyna goşulýar.

# II BÖLÜM

## SAZ ESERLERINIŇ GURLUŞY

## VI BAP

## PERIOD FORMASY

### § 1. Period. Onuň çäkleri we göwrümi

Bellibir derejede ösen we gutarnykly saz pikirini beýan edýän forma period diýilýär.

Diýmek, periodyň üç esasy alamaty bolýar:

1. *Ekspozisionlyk*, ýagny pikiriň beýan ediliş häsiýeti;

2. Belli derejede *ýaýbaňlyk*, ýagny saz formasynyň birigen (bölünmez) we gysga bölegine eltmezlik;

3. Pikiriň soňuny, onuň yzyndan gelýäninden anyk bölünmegini duýmak üçin ýeterlik derejede *gutarnyklylyk*.

Bu aýratynlyklaryň utgaşyklylygy bolsa periodyň maksadyny, funksiýasyny häsiýetlendirýär.

«Saz pikiri» düşünjesi, umuman aýdanyňda, dürli düşünjelere ýol berýär. Şonuň üçin periody has takyk kesgitlemek üçin aşakda görkezilenleri nazarda tutmak gerek:

1. Period formasy, umuman, polifoniki däl-de, gomofoniki saz üçin has häsiýetli. Polifoniki temalaryň köpüsini perioda degişli etmek mümkin – has ösen, içki bölünen we ýeterlik derejede gutarylan temalar nazarda tutulýar. Mysal üçin, «Oňat temperirlenen klawiriň» I tomundan *a-moll*, *fis-moll*, *h-moll*, II tomundan *Fis-dur*, *fis-moll* fugalaryň, *B-dur* (iki sesli), *g-moll* (üç sesli) inwensiýalaryň temalary, D. Şostakowiçiň «Tokaýlar barada aýdymyndan» («Песнь о лесах») fuganyň temasy şeýle. Eger-de tema dominanta tonallygyna geçse, tonal jogaby bolsa, esasy tonallygyň tonikasyna gaýdyp gelse, onda «sorag-jogap» gurluşly period bilen meňzeşlik döreýär (mysal üçin, I tomdan *gis-moll* fuganyň temasy). I. S. Bahyň köp tans eserlerinde, prelýudiýalarynda, inwensiýalarynda birinji bölümler periodyň

aýratyn gadymy görnüşindedir (şeýle gurluş «ýaýbaňlandyrma görnüşli period» diýlip atlandyrylýar). Şeýle periodlar heň babatynda has aýdyň bolan özenden, sekwensiýa boýunça ösdürilen bölümden we jemlemeden ybarat durýar. Hut şular fugalaryň käbir temalarynda hem duş gelýär (mysal üçin, II tomdan *e-moll, a-moll* fugalar).

Şoňa garamazdan, polifoniki sazyň temalarynyň arasynda saz pikiriniň has gysga we doly tamamlanylmadyk beýan edilişi agdyklyk edýär.

2. Period görnüşinde beýan edilen gomofoniki gurluşdaky saz pikiri, köplenç, eseriň temasyny – has uly eserlerde birnäçe temalaryň birini ýa-da kiçiräk eserde ýeke-täk temany düzýär. Köp ýagdaýlarda period özbaşdak gomofoniki eseriň ýönekeý formasyny emele getirýär.

Islendik gomofoniki tema period görnüşde beýan edilmeýär. Dowamlylygy boýunca gysga, doly tamamlanylmadyk köpsanly temalar bolýar, mysal üçin, opera we programma-simfoniki sazda «leýtmotiw» görnüşdäki temalar. Polifoniki temalar ýaly, olar periody emele getirmeýärler.

Formanyň şeýle az ýaýbaňlandyrylan we az gutarnykly bölümlerini bellemek üçin umumy häsiýetli adalga – «gurluş» ulanylýar.

Ýöne has dowamly temalar hem käwagt gutarnykly beýan edilişden saklanýarlar we şonuň üçin periody emele getirmeýärler. Üç bölümli formalarda ortaky epizodlaryň (mysal üçin, F. Şopeniň op.15 № 2 *Fis-dur* noktýurnynda), rondonyň epizodlarynyň käbir temalary (mysal üçin, L. wan Bethoweniň op.14 № 2 sonatasynyň finalynda, 28-38 tt.), şeýle hem käbir sonata-simfonik temalar (mysal üçin, P. Çaýkowskiniň 5-nji simfoniýasynda kömekçi partiýanyň temasy – *Un pochettino pio animato*) şeýledir. Temalaryň ösüş pursatlary (durnuksyz ortaky bölümler, işlenilme bölümleri, baglaýjylar, predyktlar) diňe kämahal periody emele getirýärler. Periodyň formasy temanyň başlangyç beýan edilişine has mahsusdyr.

3. Periodyň gutarnyklylygynyň has aýdyň alamaty, köplenç, doly kadensiýadyr.

«Period» adalgasy saza edebiýatdan geçdi, onda ol giňden ýaýran, oýlanyşykly beýan edilen pikiri aňladýar (gysga jümleden tapawutlylykda). Ilkinji gezek period formasynyň ady I. H. Lobeniň «Учение о композиции или Всеобщая теория тематической работы и новых инструментальных форм, основанная на произведениях лучших

мастеров и пояснённая разнообразными примерами» atly işinde duş gelýär.

Derňew tejribesinde periodyň çäklerini dogry bellemäni öwrenmek zerur. Olary anyklap, periodda bir bitewi pikiriň ýerleşenligine esaslanmaly. Şu sebapli periodyň tamamlanandygyny görkezýän şeýle alamatlar ýüze çykýar:

1. Mese-mälim täze pikiriň peýda bolmagy:

***13-nji mysal.*** *P. Çaýkowskiý. 4-nji simfoniýa, II bölüm*




(ser.: Ý. Gaýdn, trio *G-dur*, «Wenger rondosy»)

2. Pikiriň beýan edilmeginden soň şol pikiri ösdürýän, işleýän we durnuksyz-parçalaýyn häsiýetli bölüm peýda bolýar (ser.: L. wan Bethowen, 1-nji sonata, III b.; P. Çaýkowskiý, 4-nji simfoniýa, I b.).

Başga ýagdaýlarda parçalaýyn bolmanda-da, ýöne ilkibaşda doly durnukly däl, öňkiniň dowamy, geljekki ösüş bolup gulluk edýän bölüm peýda bolýar.

Netijede, kämahal, garmoniki durnukly, ýöne aýdyň üstüni ýetirmek manyly we tematik möhümliligi boýunça öňki bilen meňzeş bolmadyk bölüm peýda bolýar (Ý. Gaýdnyň käbir simfoniýalarynyň baş partiýalaryna serediň, mysal üçin №№ 103, 104).

3. Beýan edilen pikir gyşarnyksyz gaýtalanýar (köplenç, notalaryň ýazylmazlygy bilen, ýagny II:II belgileri bilen); pikir täzeden bir bitewi görnüşde gaýtalanmagy bilen tassyklanylýar, nygtalýar

(ser.: Ý. Gaýdn, trio *G-dur*, «Wenger rondosy»). Bu alamatlaryň hemmesi – daşky, ýagny, pikiriň özüniň daşynda ýatýar. Içki alamatlar bolsa pikiriň tamamlananlygyny tassyklaýarlar. Olara – doly kadansdan başga – heň tolkunynyň tamamlanmagy, ritmiki saklanma, soňky güýçli ülüşiň bellenilmegi, göwrüm-tematiki utgaşdyrma, has giň nukdaýnazardan alnanda – iki meňzeş (periodyň has adaty görnüşi) we köplenç, deň sözlemleriň özara laýyk gelmegi degişlidir.

Periodyň we onuň bölekleriniň dowamlylygy, göwrümi baradaky soraga seredeliň. Ilki bilen bölekleriň bellibir derejede ululygyny, olaryň arasyndaky deň ölçegliligi agzap geçeliň. Bölekleriň deň ölçegliligini, barabarlygyny talap etmek wagtyň berk, juda belli guralmagyna eýe bolan wagt bilen baglanyşykly sungat-saz üçin örän möhümdir, bu talap öz-özünden yzygiderliligi goldaýan, çäklerini görkezýän, sözsüz instrumental sazy üçin has-da zerurdyr.

Deňölçegli metriki pulsirleme iň ownuk saz formalar bilen berk bagly bolup, bellibir derejede olar üçin «esas» döredýär. Metriki periodiklik gurluşlaryň göwrümine, olaryň arasyndaky gatnaşyga «düzlemek» bilen täsir edýär. Şeýlelikde, wagtly gurluşyň umumy esaslary hem, aýdyň – metrik – ýagdaý hem iň ýönekeý deňölçegliligiň anyklanmagyna, ýagny bölekleriň özara deňlenmegine getirýär. Bu ýagdaý has uly derejede «kwadrat» diýilýän ululygynda, ýagny 2-lik sanyň (4, 8, 16, 32 takt) derejesini berýän taktlaryň sanynda gazanylýar. Hakykatdan-da, şeýle we diňe şeýle ululykda has uludan kiçilere çenli bölekleriň doly özara deňeçerligi gazanylýar: mysal üçin, 8 takt iki sany 4 takta, 4 takt iki sany 2 takta, soňra-da, 2 takt – iki sany bir takta bölünip biler.

Şeýle netijä gelmek mümkin: «kwadratlyk» – saz pikiriniň bölümleriniň arasyndaky has uly deňlenmäni we gatnaşyklaryň ýönekeýligini üpjün edýän sintaksis esasdyr.

Ýöne, deňlik duýgusy bölümleriň deňligini aňlatmaýan has çylşyrymly tärler bilen hem gazanylyp bilner: emma ululygy boýunca meňzeş däl gurluşlar olaryň içki ösüşiniň (ilki bilen – heň-ritm we garmoniki) kanunylygy we gutarnyklylygy sebäpli deňeçerlikde ýerleşip biler.

Indi periodyň hökmany (absolýut) ululygyna ýüz tutalyň. Period formasynda göwrümi boýunca sada hem bolsa pikiriň beýan edilişine görä, period uzaklygyň haýsydyr bir minimumyny talap edýär. Periodda, köplenç, käbir tematiki hyjuw («däne», «maňyz», «başlangyç

itergi»), onuň soňky ösüşi we tamamlanmasy ýerleşýär, başgaça aýdanyňda, period birnäçe böleklerden ybarat bolmaly. Käte şu üç dereje – beýan ediliş, ösüş, tamamlama – biri-birinden aýdyň böleklenen; mysal üçin, L. wan Bethoweniň op.10 № 1 sonatasynda baş partiýanyň periody: a) 1-8 tt., b) 9-16 tt. we ç) yzyndan gelýän goşulmasy bilen (22-31 tt.) –17-22 tt.; şeýle hem M. Glinkanyň «Nirede biziň bägülimiz» («Где наша роза») aýdymyndaky periody: a) 4 tt., b) 6 tt., ç) 4 tt. we soňlama. Ýöne köp ýagdaýda bir dereje beýlekä kän duýulman, has üznüksiz geçýär. Her näme bolsa-da, olar periodda ýa özbaşdak, ýa baglanyşykly bolýar. Şonuň üçin iki taktyň şularyň hemmesini ýerleşdirip bilmejekdigini aňlamak ýeňil. Hatda dört takt hem periodyň çäkleri bolup örän seýrek gulluk edýär. Dört taktly periodlar ýa kiçi pýesalaryň temalarynda, esasan, R. Şumanda[1] (14-nji mysala ser.), ýa-da aram depginde iri taktlarda (15-nji mysal hem-de F. Şopeniň op. 9 № 2 noktýurnyna ser.) duş gelýär. Bu periodlar, köplenç, gaýtalanýar. Uly bolmadyk taktlarda bu mydama diýen ýaly düzgün bolup durýar:

***14-nji mysal.*** *R. Şuman. «Karnawal» toplumy, «Boýun alma» («Признание»)*




***15-nji mysal.*** *D. Skarlatti. 45-nji sonata («Pastoral»)*




[1] Mysal üçin: «Ýigitlik albomynda» («Юношеский альбом») ýedi sany pýesa dört taktly periodlar bilen açylýar.

Diňe taktlaryň sany däl, emma olaryň «doldurylmagynyň» gürlük derejesi, «wakalaryň» ýygylygy (esasanam, garmoniki öwrümleriň; R. Şumanyň 1-nji nowelletasyna hem-de «Gijeki pýesa» № 2 ser.) hem ähmiýetlidir; bu ýagdaý uly däl taktlarda hasam wajypdyr.

Sekiz we on alty taktly periodlar has giňden ýaýrandyr. Giň ösen kwadrat periodlar käte otuz iki takta-da ýetýärler (A. Skrýabiniň 2-nji simfoniýasynyň IV bölüminiň $^{12}/_{8}$ ölçegde ýazylan baş temasyna ser.).

Ýöne otuz iki taktly periodlar, köplenç, kiçi taktlarda, esasan, üç ülüşli taktlarda duş gelýär; üç ülüşlilige, köplenç, bütin takty eýeleýän bir ülşüň triol bölünişigi hökmünde garalýar. Şonuň üçin otuz iki taktly period, mysal üçin walsda, hakykatda on alty takta kybapdaş (ser.: P. Çaýkowskiý, «Ýewgeniý Oneginden» Wals, *h-moll* temasy; A. Lýadow, op.3 № 1 *D dur* prelýudiýa; A. Skrýabin, op.8 *Des-dur* etýudy).

Uly göwrümli periodda, köplenç, şoňa görä tematiki maňzynyň beýan edilmeginiň yzyndan gelýän we garmoniýanyň durnuksyzlygy bilen bagly ösüş derejesi uly ýeri (her sözlemiň içinde) tutýandygyny belläp geçeliň. Ony ýalňyşlyk bilen üç bölümli formanyň ortaky bölümidir diýip pikir etmek mümkindir (A. Skrýabin, op.8 *Des-dur* etýuda ser., her sözlemiň 1-8 tt. we 9-16 tt. deňeşdiriň). Ikinji sözlemiň derňelmeginde dogry nukdaýnazar aýdyň bolup durýar.

Şu ýerde görkezilenlerden has uly göwrümli we ösüşiň aýratyn giňligi bilen bagly periodlar hem duş gelýärler. Adatça, olar kwadratlygyň çäklerini saklamaýar we şonuň üçin şu ýagdaý soňrak derňeler.

## § 2. Periodyň garmoniki gurluşy

Periodyň meňzeş ýa meňzeş däl sözlemlere bölünmegine baglylykda, garmoniki ösüş onda has bitewi ýa-da böleklenen.

Ilki bilen bitewi gurluşly periodlarda durup geçeliň.

Iň ýönekeý ýagdaýda garmoniki ösüş olarda şeýle bolýar: durnukly başlangyç gurluşdan (ýa-da şunuň ýaly iki sany gurluşdan) soňra birneme ýaýbaň doly kadans berilýär:

***16-njy mysal.*** *Ý. Gaýdn. Kwartet, op. 17, № 5*




(*hem-de L.wan Bethoweniň op.33 №7 Bagateline ser.*)

Haçanda başlangyç durnukly gurluş durnuksyz gurluş (ýa sowulma) bilen çalşanda we diňe şondan soň kadans gelen ýagdaýynda, ösüş has uly, güýçli depginlilige ýetýär:

***17-nji mysal.*** *W. A. Mosart. Skripka we fortepiano üçin e-moll sonata*




(*hem-de L.wan Bethoweniň 4-nji sonatasyndan Largo, F. Şopeniň op. 9 № 2 noktýurnyna ser.*).

Şonuň bilen birlikde kadansyň öňünden, köplenç, güýçlenme we kulminasiýa gelýär (L. wan Bethowen, 3-nji simfoniýa, II b.;

J. Werdiniň «Rigoletto» operasyndan Gersogyň «Wah, ýaş gözel gyz» («О, красотка молодая») ariýasyna ser.).

Bu ýagdaýlarda umumy we aýratyn hem, dartgynlylygyň garmoniki ýokary göterilişi we gowşamagy bilen aýdyň görünýän tolkun emele gelýär.

Başlangyç gurluşlaryň özleri sorag häsiýetli durnuksyz soňlama getirip bilerler; şonda periodyň 2-nji bölegi has uly derejede jogabyň häsiýetini kabul edýär (F. Listiň «Göwün hoşy» («Утешение» II) *E-dur* hem-de F. Şopeniň op.55 № 1 noktýurnyna ser.).

Bu ýerde hem jogap, kadans bölegiň öňünden sowulmalar, güýçlenme we kulminasiýa gelip biler (F. Şopeniň op. 32 № 1 noktýurny). Periodyň öz başy hem durnuksyz bolup biler (ser.: R. Şuman, «Gijeki pýesa» № 2, Skrýabin, op. 8 *Des-dur* etýudy).

Durnuksyzlygyň ugruna çuňlaşma kem-kemden, yzygiderli häsiýetli bolup biler, mysal üçin, ilki bilen durnuksyz öwrüm, soň sowulma, yzyndan – iň güçli, kulminasion garmoniýalar we iň soňunda, kadans gowşama (L. wan Bethowen, «32 wariasiýa»).

Başga tonallyga geçýän (modulirlenýän) periodlarda hem durnukly tassyklanýan we durnuksyz, soragly başlangyç gurluşly görnüşleri tapawutlandyrmak mümkindir. Birinji ýagdaýda ýa esasy we täze tonallyklaryň arasyndaky aralyk dereje duýulýar (L. wan Bethoweniň 5-nji simfoniýasyndan Andanteniň ikinji temasyna ser.) ýa-da birden täze tonallyk geçiş pursatsyz peýda bolýar (W. A. Mosartyň № 11 *A-dur* sonatasynyň III b. ser.). Ikinji ýagdaýda täze tonallyga garşy hereket örän basym duýulýar; başlangyç soragly pursatdan soňra durnuksyzlyga çuňlaşylýar, şondan soň bolsa – modulýasiýa bolup geçýär:

***18-nji mysal.*** *R. Şuman. «Maý, eziz maý» («Май, милый май»)*




Indi bolsa, periodyň has giňden ýaýran görnüşinde jikme-jik durup geçeliň. Iki sözlemlere aýdyň bölünmek şu sözlemleriň soň-

lamalarynda, ýagny, kadensiýalarynda ünsüň jemlenmegi bilen bagly. Şonuň üçin orta we tamamlaýjy kadensiýalaryň gatnaşygy şeýle periodlaryň garmoniki gurluşlarynda möhüm ähmiýete eýe bolýar. Kadensiýalaryň kiçi ýa uly gapma-garşylygyna iki sözlemleriň biri-birine garşy goýlan derejesi bagly bolýar. Kadensiýalaryň forma emele getiriş roly has wajypdyr – aralykda kadensiýa garmoniýalarynyň özara gatnaşygy döreýär: iki deň bölegiň jebisligi, aýratyn bitewüligi birinji bölegiň durnuksyz ýa-da doly durnukly däl soňlamasynyň öz durnukly çözülişigini ikinji bölegiň soňunda almagy bilen gazanylýar[1].

Kadensiýalaryň heň-ritm meňzeşliginde olar kapyýa dek ýüze çykýarlar; bu kadensiýalary has hem baglaşdyrýar, olaryň arasynda «arka» ýa-da «birleşdiriji äheň» emele gelýär.

Mälim bolşy ýaly, kadensiýalaryň iki gatnaşygy has ýönekeý we adaty: «doly kämil däl – doly kämil» we «ýarym–doly». Birinji ýagdaýda tamamlanmadyk pikiriň aýdylyp gutarylmagy, ony düýpgöter tassyklama duýgusy döreýär:

***19-njy mysal.*** *Ý. Gaýdn. «Aw» simfoniýasy, final*




Ikinji ýagdaýda, gapma-garşylyk has güýçli. Durnuksyzlygyň we durnuklylygyň deňeşdirilmegi, eger-de onda diňe kadensiýalar däl-de, başlangyç pursatlar, ýagny, sözlemleriň hemme çet nokatlary hem gatnaşýan bolsa, has uly aýdyňlygy gazanýar. Şonda periodyň dialog görnüşi T – D – D – T «sorag we jogap» görnüşi döreýär:

***20-nji mysal.*** *Nemes halk aýdymy*




---

[1] Başga tonallyga geçýän periodlarda hem-de ýarymkadensiýa bilen tamamlanýan periodlarda ýagdaý tersine. Ýöne aralykdaky baglylyk bu ýerde hem bolar.

Emma ol ähmiýetli, dinamiki sazda öz mümkinçiliklerini çuňňur ýüze çykarýar. Onuň dialoglylygy käte her sözlemiň içindäki tematiki gapma-garşylyk bilen güýçlendirilýär; şundan belli gapma-garşylyk döräp bilýär (W. A. Mosartyň *g-moll* simfoniýasynyň finalynyň hem-de L. wan Bethoweniň 5-nji sonatasynyň III bölüminiň başlangyç periodlaryna ser.).

«Sorag-jogap» periodyň başga görnüşi hem bar: ikinji sözlem dominantadan däl-de, subdominantadan başlanýar. T – D – S – T yzygiderlilikde ikinji sözlem dominanta tassyklanmaga ýol bermän, garmoniki gapma-garşylygy girizýär:

***21-nji mysal.*** *Ý. Gaýdn. 103-nji simfoniýa*




Bu görnüşdäki periodyň gyzykly aýratynlygy ikinji sözlemi birinjiniň kwarta ýokary ýa-da kwinta aşak, eger-de subdominanta IV basgançak hökmünde berlen bolsa, dogry transpozisiýasynyň üsti bilen emele getirmekdedir:

***22-nji mysal***




(*R. Şumanyň «Wena karnawalyna» hem-de A. Skrýabiniň op.11 № 10 Prelýudiýasyna ser.*).

Orta kadensiýalaryň aýratyn görnüşleri barada, ilki bilen subdominantanyň ähli wariantlarynda (IV, II, VI basgançaklar) hem-de DD-da saklanmaklyk barada (F. Şubert, «Ýaň», giriş) aýdyp geçeliň. Wena-nusgawy döwür üçin bu entäk adaty däldi (L. wan Bethowen, 7-nji sonatanyň II b. ser.) we diňe Günbataryň romantiki sazynda we rus sazynda köp duş gelip başlady. Käbir kadanslaryň we tonikanyň arasynda döreýän tersiýa gatnaşyklaryny belläp geçeliň: bu üzülen görnüşdäki kadensiýada bolýar (*14-nji mysala ser.*), soňra – paralleliň

dominantasynda durmaklykda (F. Şopeniň gowy görýän kadansy), hem-de III basgançagyň dominantasynda durmaklykda bolýar[1] (23-nji mysala ser. hem-de: F. Şopen, op. 33 № 4 Mazurka, *H-dur* temasy, 8-nji takt; F. List, № 104 «Petrarkanyň soneti», 10-njy takt; S. Prokofýew, «Aýralykdan öň Romeo Julýettanyňkyda» («Ромео у Джульетты перед разлукой») *C-dur* temasy):

***23-nji mysal.*** *F. Şopen. Noktýurn, op. 15 № 1*




XX asyryň sazynda orta kadensiýalar tonika has çylşyrymly gatnaşykda bolan akkordlary (we sowulmalary) hem girizýär (meselem, S. Prokofýewiň *fis-moll* gawotynda minoryň IV$^{b}$ basgançagy; J. Gerşwiniň «Porgi we Bess» operasyndan «Porginiň aýdymynda» mažoryň IV basgançagy).

Garmoniki durnukly periodlar has uly bitişikli bolýarlar. Modulirlenýän periodlar bolsa indiki kämilleşmä ýoly aňsat açýarlar. Eseriň başynda berlip, olar indiki durnuksyz bölümlere adaty alyp barýarlar (orta bölümlere, baglaýjylara we ş.m.).

Modulýasiýalar dowamlylygy boýunça örän tapawutlydyrlar. Eger-de bir ýagdaýda ýeke kadansy alyp, ol diňe soňky pursatda amala aşyrylýan bolsa:

***24-nji mysal.*** *L. wan Bethowen. «Afina harabalyklaryndan» marş*




[1] Bu ýerde tersiýa gatnaşygy yzyndan gelýän esasy tonallygyň dominantasy bilen emele gelýär.

onda başga ýagdaýlarda modulýasiýa ikinji sözlemi bütinleý eýeleýär (mysal üçin, W. A. Mosartyň «Rondo alla turca'nyň» birinji periodynda ýa-da L.wan Bethoweniň op.28 sonatasynyň Andantesinde).

Mažoryň V basgançagyna, minoryň paralleline we natural V basgançagyna (has seýrek – mažor dominantasyna) modulýasiýalar has ýönekeýdir.

Modulýasiýalaryň göwrümi taryhy taýdan kem-kemden giňelýärdi. Mysal üçin, VI basgançagyň tonallyklary girizilýär. Mažorda minor paralleline bolan modulýasiýa perde üýtgemeklik bilen bagly rus we gündogar sazy üçin bellibir derejede düzgün boldy, munuň bilen, elbetde, onuň ulanylmagy çäklenmeýär («Şährizadanyň» III bölüminiň ikinji temasyna ser.). Onuň ýerine, minor üçin şeýle adaty bolan III basgançaga modulýasiýa (mažor paralleline), mažorda giç emele geldi we ýumşak, liriki häsiýetli saz bilen aýratyn baglydyr:

***25-nji mysal.*** *M. Glinka. «Iwan Susanin» operasyndan Wanýanyň aýdymy*




(F. Şopen, Etýud op. 25 № 5, ortaky bölüm; P. Çaýkowskiý, «Size pata berýän, tokaýlar» («Благославляю вас, леса»); S. Rahmaninow, Prelýudiýa *Es-dur* op. 23; I. Dunaýewskiý. «Şadyýan ýel» («Веселый ветер») aýdymy).

Hromatiki tersiýa gatnaşykly tonallyklar, soňra has daşky tonallyklara hem girizilýär[1] (R. Wagner, «Tangeýzer» operasy, «Ýöriş» (3-nji temanyň 2-nji sözlemi); A. Skrýabin, 4-nji sonata, I b. (baş temanyň 2-nji sözlemi)).

Modulirlenýän period öz tamamlaýjy doly kadensiýasy bilen haýsydyr bir täze durnuklylygy tassyklaýar. Bütinlik nukdaýnazaryndan alnanda, bu soňlamanyň özi durnuksyz. Durnukly soňlamasynyň ýoklugy has-da aýdyň bolan periodyň başga

[1] Tonal gatnaşyklar has çylşyrymly we has daş bolanda we soňky tonallyk başdaky bilen has aýdyň deňeşdirilende, period modulýasiýanyň täsirli mümkinçilikleri, umuman has açyk çykyş edýär.

görnüşi-de bar – tamamlaýjy ýarym kadansly period. Şeýle periodlar XVIII asyryň sazynda, köplenç, duş gelýär (Ý. Gaýdnyň fortepiano üçin *E-dur* sonatasynyň II b., I. S. Bahyň *d-moll* Fransuz sýuitasyndan sarabanda; Ž. Ramonyň *e-moll* Rigodonyna; K. W. Glýugyň «Alsestasynyň» 3-nji aktynyň gawotyna ser.).

Olar kiçi formalaryň başlangyç periodlary hökmünde (meselem, tanslarda), hem-de uly formalaryň içinde baş, kömekçi partiýalar, rondodan epizodlar hökmünde (W. A. Mosartyň baş partiýalaryna – *Es-dur* fortepiano sonatasynyň finaly, 18-nji *F-dur* sonatasynyň Andantesi (*alla breve*), № 19 *F-dur* sonatasynda kömekçi partiýanyň birinji temasy, № 3 *B-dur* sonatasynyň final rondosynyň – *g-moll'*da ikinji epizody) duş gelýärler. Şeýle periodlaryň ulanmagynyň has aýdyň manysy – has uly (formanyň berlen pursady üçin) gutarylanlygyndan gaçmakdyr.

Wokal sazynda ýarym kadensiýaly periodlar ilkibaşda şunuň bilen delillendirilýär: wokal eseri sazdaky doly gutarylanlygyň ýoklugynda tekstdäki gutarylanlyga daýanyp bilýär (P. Çaýkowskiniň «Ни слова, о друг мой» romansyna ser.).

XIX asyrda bütinleý başga (gadymy period bilen deňeşdirilende) esasda bilgeşleýin soňlamasyz goýlan, ýa-da üzülen, kesilen ýa-da soňky ösüşde «ýitip gidýän» tamamlanmadyk periodlar emele gelýär. Bu periodlaryň umuman tamamlaýjy kadansy ýok. Olary tamamlaýjy ýarym kadansly gadymy periodlar bilen deňeşdirip, biz käbir daşky meňzeşlikli, emma dürli döwürler we sebäpler bilen döredilen hadysalary görýäris. Birinji ýagdaýda biziň öňümizde entek hemme taraplaýyn düzülmedik period, ikinji ýagdaýda bolsa – eýýäm dörän düzgünlerden geçen period.

## § 3. Periodyň tematiki gurluşy

Periodlaryň tematiki gurluşy teswirlenende, köplenç, iki sany esasy görnüşleriniň barlygyndan ugur alýarlar. Birinji görnüşde period bellibir derejede meňzeş sözlemlere bölünýär, beýleki bolsa meňzeş sözlemlere bölünmeýär. Olaryň birinjisiniň ady – «gaýtalama gurluşly period», ikinjisiniň ady – «bitewi gurluşly period» ýa-da «gaýtalanmaýan gurluşly period».

Periodyň iki sany görnüşiniň her birine jikme-jik seredeliň. Gaýtalama gurluşly period, umuman, has ýönekeýligi bilen tapawutlanýar we giňden ýaýrandyr. Gurluşynyň ýönekeýligi, aýdyňlygy ony köpçülik žanrlary bolan tanslar, marşlar, aýdymlar üçin örän ähmiýetli edýär. Emma gomofoniki sazynyň başga dürli žanrlarynda we formalarynda hem bu periodyň roly örän uludyr: bu gurluş saz pikiriniň aýdyňlygyna, täsirliligine, aňsat ýatda galmaklygyna, onuň bölümleriniň barabarlygyna we şonuň bilen bilelikde – dinamikligine kömek edýär.

Sözlemleriň meňzeşlik derejesi örän dürli-dürli bolýar. Olaryň tapawutlylygy bir-iki kadension akkordlara getirip bilýär. Sözlemleriň heň meňzeşliginde garmoniki babatda deň gelmeýän periodlar hem duş gelýär. Sözlemler doly meňzeş, başgaça aýdanyňda, ikinji sözlemiň ýerine ýene-de birinji geçirilýär. Bu ýerde gaýtalama gurluşly adaty period emele gelmese-de, ýöne doly kadansly gaýtalanan sözlem periodyň bütinleý ýerini tutýar, onuň borjuny ýerine ýetirýär; şonuň üçin oňa gaýtalama gurluşly periodyň aýratyn görnüşi hökmünde seredip bolýar (F. Kupereniň «Passakaliýasyna» ser.)

Sözlemleriň meňzeşliginiň görnüşleri we yzygiderliligi örän köpdür. Gaýtalama gurluşly periodyň esasy prinsipini «meňzeşlikden hereket» hökmünde (soňlamalaryň deň gelmezliginde başlangyçlaryň gabat gelişi) kesgitlemek mümkin. Onuň maksady – bölümleriň meňzeşliginiň barlygyny, olaryň gaýtalanmagyny takyklamak; eger başlangyçlaryň umumylygy anyklanan bolsa, soňky ösüş belli derejede erkinligi alýar. Örän ýygy umumylygyň daýanjy bolup iki sözlemiň birinji ýarymlary galýar («birinji jümleler»), ikinji ýarymlar bolsa («ikinji jümleler») aýry ýollar bilen gidýärler. Emma birinji ýarymlaryň tapawutlylygynda ikinji ýarymlaryň meňzeş bolýan ýagdaýlary hem az däl. Sözlemleriň içindäki jümleleriň tematiki meňzeşliginiň ýa-da gapma-garşylygynyň derejesinden we periodda sözlemleriň arasyndaky tapawudyň derejesinden tematiki gatnaşyklar düzülýär. Olary şeýle formulalar bilen görkezip bolar: $aa_1+aa_2$ ýa-da $aa_1+aa_1$ (L.wan Bethoweniň 9-njy simfoniýasynyň finalynyň temasy, P.Çaýkowskiniň «Garahal zenan» («Пиковая дама») operasynyň 1-nji görnüşiniň başlangyç periody), $ab+ab_1$ ýa-da $ab+a_1b_1$, $ab+ab$ (24-nji mysala, F. Şopeniň «Arzuw» («Мечта») aýdymyna, R.Şumanyň «Täsin keşplerine» («Причудливые образы») ser.),

ab+ac ýa-da ab+$a_1$c (W. A. Mosartyň *g-moll* simfoniýasynyň kömekçi temasyna; P. Çaýkowskiniň Rokoko wariasiýalarynyň temasyna; J. Gerşwiniň «Porgi we Bess» operasyndan Hüwdüsine, F. Şopeniň op. 26 № 1 Polonezine ser. ).

Käbir ýagdaýlarda meňzeşlik diňe sözlemleriň iň başynda saklanýar. Bu «başlangyjyň meňzeşligi» äheň taýdan aýdyň bolmalydyr, ýogsa periodyň şu görnüşe degişlidigi şübheli bolar.

Birinji pursatdan başlap, meňzeşlik duýgusyna zyýan ýetmez ýaly sözlemler garmoniki-belentlik tarapyndan tapawutlanyp bilerler. Materialyň ýeriniň üýtgemegi bilen bagly «sorag-jogap» ýaly periodlar, birinji sözlemiň transponirlenmegine esaslanan periodlar şeýledir.

Netijede, hiç ýerde jikme-jik meňzeşligiň bolup bilmezligi hem mümkin, şol bir wagtda hem bütin periodyň dowamynda takmynan umumylaşdyrylan meňzeşlik duýulýar:

***26-njy mysal.*** *D. Şostakowiç.«Duş gelen barada aýdym» («Песня о встречном»)*




(şu mysalda iki sözlemiň ritmi meňzeş, bölekleýin belentlik meňzeşligi hem bar – 2-3 tt. ýa-da öwürme – 1-2 tt.).

Gaýtalama gurluşly periodyň bitewüligi üçin we onuň dinamikasy üçin heň ösüşi uly ähmiýete eýedir. Ol hemişe periodyň gaýtalanmagyny we onuň bilen bagly böleklenmegi ýeňip geçýär. Gürrüň bütin period üçin umumy kulminasiýanyň ikinji sözlemde gazanylmagy barada gidişi ýaly, has giň manyda – periody baýlaşdyrýan täze heň elementleriniň peýda bolmagy barada hem gidýär (F. Şopen, Polonez, op.40 № 2, 1-nji periodyň iň soňky jümlesini başlangyç jümleler bilen deňeşdiriň hem-de «Şährizadanyň» III bölüminiň 1-nji temasyna we F. Şopeniň op. 26 № 1 Polonezine ser).

Ikinji sözlem gurluşy boýunça birinjä garanda, köplenç, has gutarnykly bolýar. Ynha, mysal üçin, haçanda birinji sözlemiň

periodiklikleriň jübütine ikinji sözlemde jemleme jogap berýän ýagdaýlary az däl:

***27-nji mysal.*** *F. List. 1-nji ballada*




(hem-de F. Şopeniň op. 6 № 2, 17-24 tt. mazurkasyna, «Çernomoryň marşynda» trionyň 1-nji periodyna hem-de J. Rossininiň «Sewilýa dellegi» («Севильский цирюльник») operasynda II görnüşdäki kwintete, E. Grigiň op. 38 Elegiýasyna ser.).

Beýleki ýagdaýlarda «4-nji sapardaky üýtgemä» ikinji sözlemde aýdyň jemleme jogap berýär:

***28-nji mysal.*** *L. wan Bethowen. 16-njy sonata, I b.*




Biz gaýtalama gurluşly periodyň nähili baý mümkinçilikleriniň bardygyny görýäris. Periodyň şu görnüşi iň soňky wagta çenli ýeke-täk, period adyna mynasyp gelýän hökmünde garalýardy. Meňzeş sözlemlerden durmaýan periodlaryň beýleki görnüşleri başga atlara eýe boldular: ýöne hakykatda olaryň perioda deň ähmiýetliligi – saz pikiriniň gutarnykly beýan edilmeginiň meňzeş borjyny ýerine ýetirmeklik ukyby tassyklanylýardy.

Kadans bilen tamamlanýan motiwleriň topary bitewi gurluşly periodyň gadymy prototipidir.

Beýleki tarapdan, başda kiçiräk we gutarnyklylygy talap etmeýän tematiki maňzy bar bolanda, onuň yzyndan biraz dowamly ýaýbaňlandyrma, ýagny täze tonallykda jemlemä getirýän garmoniki durnuksyz (köplenç, sekwent modulirlenýän) we tematiki işlenýän beýan ediş gelýär, şeýle forma giňden ulanylýardy. I. S. Bahyň sýuitalarynyň tanslarynyň birinji bölümlerinde köp duş gelýän bu forma «ýaýbaňlandyrma görnüşli period» diýýärler (3-nji we 6-njy

Fransuz sýuitalarynyň allemandalaryna, 2-nji Fransuz sýuitasynyň kurantasyna ser.).

Tanslar (allemandalar, kurantalar, žigalar) bilen birlikde, şeýle periodlar, köplenç, prelýudiýalarda we inwensiýalarda hem ulanylýardy. Tematiki maňyz köp ýagdaýlarda T – S – D – T ýaýbaň kadans görnüşindedir (OTK-nyň 1-nji tomundan *d-moll*, *es-moll* prelýudiýalar), käte sorag – jogap dialogydyr (iki sesli *C-dur* inwensiýasy), imitasiýa üsti bilen (*d-moll* inwensiýasy), dik ýerini üýtgetme bilen (*E-dur* inwensiýasy) geçirilýär. Ýaýbaňlandyrma kem-kemdenlik we köplenç, üznüksizlik bilen tapawutlanýar; sekwensirlenmede aşak düşmek agdyklyk edýär, bu oňa maňyza bolan jogaplylyk öwüşginini berýär: maňyz uly aktiwligi, ýa-da hiç bolmanda, anyklygy we taýýarlananlygy bilen tapawutlanýar, aşak düşýän sekwensiýa bolsa hereketiň has inert görnüşidir. Bölünme, käte gaýtalanýan (goşa), ösüş usuly hökmünde örän adatydyr. Ýaýbaňlandyrmada olaryň her birinde aýry modulýasiýalar bilen iki döwür bolup biler (2-nji Fransuz sýuitasyndan kuranta we žiga hem-de OTK-nyň II tomundaky *fis-moll* prelýudiýasyna ser.). Kömekçi tonallykda doly kadans bilen jemlenmeden soň şu kadansy berkidýän goşulma bolup biler.

Tans eserlerinde period gaýtalanýar we eseriň ikinji bölüminden örän aýdyň bölünýär. Prelýudiýalarda we inwensiýalarda hemişeki ýaly gaýtalama ýok we ikinji bölüme geçiş – birsydyrgyn, az duýulýar. Şunlukda berlen žanrlaryň polifonik düzümi ýüze çykýar. Aslynda ýaýbaňlandyrma hökmündäki period polifoniýanyň, onuň melodikasynyň we ösüş prinsipleriniň güýçli täsirinden emele geldi. Periodyň bölümleriniň gatnaşygyna fuganyň temasynda ýekebara maňzyň we has umumylaşdyrylan hereketiň gatnaşygy ýakyndyr; ondan başga-da, ýaýbaňlandyrmaly perioddaky heň, käte polifoniki gurluşyň ýekeseslilige geçişini görkezýär: bu periodyň bölümleri biri-birine, takmynan, şeýle gatnaşykda, ýagny fugada temanyň geçirilişiniň birinji baglaýjy intermediýa ýa-da fuganyň bütin ekspozisiýasynyň yzyndan gelýän intermediýa gatnaşygy ýaly bolýarlar.

Kadans tarapyndan berkidilen motiw topary hem, ýaýbaňlandyrma görnüşdäki period hem gaýtalama gurluşly ösen periodyň doly emele gelmeginden has öň hem bardy. Ýöne, gomofoniki düzümiň ösen we doly kämillige ýeten döwründe, bitewi (gaýtalanmaýan)

gurluşly period täze esasda ösüp ugrady. Ol özüne gaýtalama gurluşly periodyň häsiýetlerini – heň tarapdan aýdyň tematizmini, aralykda garmoniýalaryň (esasan, kadensiýa) özara baglanyşygyny aldy we üstesine-de ösüşiň, aýratyn hem –uly ähmiýetli ösüşiň (şu ýerden hem bitewi gurluşly period termini gelip çykýar) ýokary bitewüligi bilen baýlaşdyryldy. Bu täze bitewi gurluşly period, üznüksiz ösýän liriki temalar üçin häsiýetli bolşy ýaly, esasan, dinamiki sonata – simfoniki temalar üçin hem häsiýetlidir.

Öň aýdylyşy ýaly, gaýtalanmaýan gurluşly periodda bitewüligiň wajyp esasy – göwrüm-tematiki kanunylyklardyr. Her bir göwrüm – ösen gurluşyň bu ýerde, gaýtalama gurluşly periodda bolşy ýaly, bir sözlemi däl-de, bütin periody eýeleýändigini bellemelidir.

Gaýtalanmaýan gurluşly period bize belli bolan dürli gurluş bilen birleşip biler. Mysal üçin, periodiklikleriň jübüti (Ý. Gaýdn, Kwartet op.76 № 2), dördünji çärýekde üýtgeme (P. Çaýkowskiý, «Şarmankaçy aýdym aýdýar» («Шарманщик поет»), jemleme (Ý. Gaýdn, 88-nji simfoniýa, Adagio; F. List, Etýud *Des-dur*), gytaklaýyn jemleme (goşulmaýan birleşdirýän bölüm bilen, L. wan Bethowen, 3-nji simfoniýa, II b.; 16-njy mysal), ownatma, utgaşdyrma bilen ownatma (L. wan Betheweniň op.13 *c-moll* sonatasyndan Adagio we P. Çaýkowskiniň 6-njy simfoniýasyndan kömekçi tema ser.).

Gaýtalanmaýan gurluşly periodda, eger esasy tematiki dänedeň daşlaşma bar bolup, ondan soň – şol dänä gaýdyp gelinýän bolsa, repriza elementi döräp biler. Mysal üçin, bu ýagdaý ownatmadan soň utgaşdyrýan gurluşda (P. Çaýkowskiniň 6-njy simfoniýasyndan kömekçi tema) ýa-da üçünji çärýekdäki üýtgemelerden soň (A. Skrýabiniň op.16 № 4 *fis-moll* prelýudiýasy) ýa-da çetdäki we ortadaky gurluşlaryň simmetriýasy hökmünde (R. Şumanyň «Nämeden?» («Отчего?») pýesasynyň 1-nji periody, bu ýerde iň soňky – dördünji dörttaktlyk birinjiniň reprizasydyr, ortaky iki sany dörttaktlar bolsa durnuksyz orta görnüşe golaýlaşýarlar) mümkindir. Elbetde, repriza gurluş perioda uly gutarnyklylygy berýär. Bu ýerde periodyň umumy kanunalaýyklygy aýdyň ýüze

çykýar: başlangyç hyjuwy, soňky ösüşi we ahyrynda, tamamlamany ýerleşdirme ukyby.

Eger bitewi gurluşly period sözlemlere bölünýän bolsa, onda onuň kesgitlemesinden gelip çykyşy ýaly, bu sözlemler meňzeş däldir. Bu meňzeş dälligiň derejesi, käte gapma-garşylyga ýetip, örän uly bolup biler. Eger şeýle gapma-garşylyk modulirlenýän periodyň sözlemleriniň arasynda dörese, onda bellibir derejede sonata ekspozisiýasyna ýakynlaşma emele gelýär: birinji sözlemi baş partiýanyň prototipi hökmünde düşünmek mümkin, ikinji sözlem – eger ol bütinleý täze tonallykda ýaňlanýan bolsa – kömekçi partiýa kybapdaş bolar. W. A. Mosartyň *A-dur* sonatasyndan menuetiň başlangyç periody muňa mysal bolup biler. Şuňa meňzeş ýagdaý, gaýtalama gurluşly modulirlenýän periodda eger ikinji sözlemde kem-kemden täze, bellibir derejede gapma-garşylykly elementler ýygnansa ýa-da eger period gutarandan soň täze tonallygy berkidýän täze materially goşulma peýda bolsa hem döräp biler. F. E. Mendelsonyň № 39 «Sözsüz aýdymynyň» başlangyç periody şeýledir.

Gaýtalanýan we gaýtalanmaýan görnüşleriň arasyndaky aralyk periodlarda – L. wan Bethoweniň 28-nji sonatasynda (kömekçi partiýa – 17-nji taktdan, «soňlaýjy» – 26-njy taktdan), E. Grigiň «Primula bilen» («С примулой») aýdymynda – meňzeş ýagdaý bardyr.

Bitewi gurluşly perioda gaýdyp gelip, onuň ýene bir görnüşini belläliň.

Periodyň esasy hökmünde gaýtalanmagyň ýoklugy, periodyň bölünýän aýratyn gurluşlarynyň hemmesi öz aralarynda meňzeş bolman, bellibir derejede gapma-garşylykly bolup bilýändiklerinde aýratyn hem mese-mälim ýüze çykýar. Tematiki shemasyny a+b+c+d hökmünde görkezip bolýan ýa-da şoňa ýakyn periodlar käte W. A. Mosartda we L. wan Bethowende duş gelýärler. 29-njy mysalda (hem-de L. wan Bethoweniň «Joşgunly» («Патетическая») sonatasyndan Adagionyň temasynda) utgaşmaly ownatma gurluşyň açyk aýan edilmegi häsiýetlidir; ol özüne, esasan, tematiki üýtgeşiklik ýagdaýynda möhüm bolan esasy birikdirýän faktoryň funksiýasyny alýar:

***29-njy mysal.*** *W. A. Mosart. Skripka we fortepiano üçin B-dur sonata, III b.*




Aýratyn hilli bitewi gurluşly periodlara ilki bilen liriki rus halk aýdymynda duş gelmek bolar. Tertipli, aýdyň metrikanyň ýüze çykmalaryndan azat bolan, bu aýdymlar, kwadratlygyň kadalaryndan hem azatdyr. Olar üçin uly ähmiýetli-tematiki berk gurluşlar hem häsiýetli däldir; diňe periodikliklериň jübüti we kämahal periodikliklериň has çylşyrymly toparlary ol ýerde duş gelip bilerler. Eger professional sazyň periodlarynda tematiki elementleriň gatnaşygy gaýtalama (ýönekeý ýa-da görnüşini özgerden), ýa-da gapma-garşylykly bolsa, onda liriki halk aýdymynda heňiň dowam edýän soňky akymynyň täsirini döredýän ilki başdaky heň maňzyndan ösüş usuly, başlangyç, esasy äheňleriň erkin aýdylmagy agdyklyk edýär. Bu usula erkin wariantlylyk diýilmelidir. Şeýlelikde, rus liriki daýhan aýdymlary üçin kwadrat däl gurlan we tematizmi boýunça erkin-wariantly bitewi gurluşly periodlar häsiýetlidir.

Periodyň iki esasy tematiki görnüşini derňäp, olaryň biri-birinden haýsydyr bir çäk bilen asla bölünmeýändigi göz öňünde tutulmalydyr. Gaýtalanýan we gaýtalanmaýan gurluşly periodyň alamatlaryny birleşdirýän ýagdaýlar az däldir. Mysal üçin, käbir nusgalarda başda sähel bellenen (käwagt iň soňunda «kapyýalaşýan» hökmünde gaýdyp gelýän) we şonuň bilen birlikde doly däl meňzeşlik, ikinji sözlemiň täze elementleriniň erjelliginden şol wagtda yza çekilýär:

***30-njy mysal.*** *G. Berlioz. «Matam-triumfal simfoniýa», «Apofeoz»*





(L. wan Bethoweniň op. 2 № 2 *A-dur* sonatasyndan Largo appassionato we 7-nji sonatasyndan II b. ser.).

Beýleki nusgalarda meňzeşlik has aýdyň görünýär, emma iki sözlem bir bitewi gurluşy düzýär (mysal üçin, birinji sözlem iki bölege bölünen, ikinji bolsa has birigen bolup, jemleme roluny oýnaýar (16-njy mysala hem-de L. wan Bethoweniň op. 2 № 1 *f-moll* sonatasyndan Adagio we R. Şumanyň «Karnawalyndan» «Valse noble» sazynyň reprizasyna ser.).

Periodyň iki görnüşiniň arasyndaky çäk, bitewi gurluşly period uly bolmadyk üýtgetmeler bilen gaýtalananda şertli bolýar (mysal üçin, periodyň we onuň gaýtalamasynyň arasyndaky baglaýjy bilen). Onda oňa bir sözlem diýlip, bilelikde alnan iki geçirilmä bolsa – gaýtalama gurluşly period diýip bolar.

**Periodyň funksiýasyny ýerine ýetirýän gurluşlar.** Periodyň esasy wezipesi, mälim bolşy ýaly, gutarnykly pikiriň beýan edilmeginden ybarat bolýar, has anyk manyda bu – gomofoniki temanyň beýan edilmegidir. Ýöne periodyň şeýle funksiýasy käbir ýagdaýlarda perioddan kem tamamlanan ýa-da kem ösen gurluşlara hem «tabşyrylyp» bilner. Periodyň rolunda sözleme meňzeş goşulan aýratyn gurluşlar doly kadansdan mahrum edilen ýa-da tersine, iki sapar deň doly kadansy berýän gurluşlar çykyş edip bilerler.

Mysal üçin, ýönekeý üç bölümli formalaryň birinji bölümleri käwagt sözlemlere bölünmeýärler we şol bir wagtda hem ýarym kadans bilen tamamlanýarlar; şunuň ýaly gurluş bütinleý bir sözlem hökmünde alnyp bilner. Ýöne periodyň funksiýasyny ol näme-de bolsa ýerine ýetirýär – onuň yzyndan ortaky we doly kadansly repriza gelýär (birinji bölüm repriza bilen bilelikde gaýtalama gurluşly periodyň iki sözlemidir, olaryň arasynda bolsa ortalyk ýerleşýär diýmek bolar) (P. Çaýkowskiý, 3-nji simfoniýanyň finalynyň birinji 7 takty; A. Skrýabin, op. 9 çep el üçin prelýudiýasynyň birinji 8 takty).

Beýleki ýagdaýlarda, tersine, periodyň funksiýasyny doly kämil kadansly sözlem hökmünde iki sapar üýtgewsiz geçirilen uly däl,

bütinleý durnukly gurluş ýerine ýetirýär; fransuz klawesinçileriniň rondolarynda käbir kiçiräk tema-refrenler (mysal üçin, F. Kuperen «Söýgülim» («Любимая»), «Passakaliýa») ýa-da halk aýdymlaryndan gelip çykan temalar şeýledir (M. Glinkanyň «Pars horunyň» birinji 8 takty).

Eger birinji ýagdaýda bir sözlem bitewi gurluşly periodyň roluny ýerine ýetiren bolsa, onda ikinji ýagdaýda iki meňzeş sözlem gaýtalama gurluşly periodyň roluny ýerine ýetirýärler. Käbir derejä çenli garşylykly ýagdaý hem mümkindir: adaty periodyň hemme alamatlaryny öz içine alýan bölüm periodyň ähmiýetine eýe bolmaýan, bu rolda bolsa has uly bölüm çykyş edýär.

Indi şeýle netije çykaryp bolar: periody ýakyn, ýöne oňa barabar däl gurluşyň görnüşi bilen çalyşmak iki – içki we daşky şertde mümkindir.

Birinji şert – bu gurluş ekspozisiýa häsiýetlidir, temany beýan edýär, ýöne öň beýan edilen temany ösdürmeýär we baglaýjy bolup gulluk etmeýär; garmoniki durnuksyzlyk bilen gurluş bitişiksizligini utgaşdyrýan gurulmalara periodyň funksiýasyny ýerine ýetirmek (mysal üçin, birnäçe ownuk böleklerden durýan modulirlenýän sekwensiýalara) mahsus däldir.

Ikinji şert – bu gurluşyň yzyndan eseriň temasyndan soň peýda bolmaly bölüm gelmelidir. Bu – formanyň umumy görnüşine baglylykda – durnuksyz bölüm bolşy ýaly, durnukly bölüm hem bolup biler; üç bölümli formada orta, rondoda kuplet (bent), gysga temadan soň wariasiýa.

Şeýlelikde, periodyň funksiýasyny ýerine ýetirýän gurluşlar üçin talaplar periodyň çäklerini takyklaýan talaplar bilen meňzeşdir.

Netijede, bütin periodyň görnüşini üýtgedýän gaýtalama esaslanan uly ähmiýetli ösüşi bar bolan periodyň görnüşi bilen tanşalyň. Has uly formany döretmek üçin periodyň iki geçirilmesiniň bir bitewä birleşmegine ýardam edýän şeýle ähmiýetli üýtgeme zerurdyr. Şu görnüşiň has adaty we şübhesiz üýtgemegi – gaýtalamakda täze tamamlaýjy kadensiýanyň döremegi; täze kadensiýa, özünden öňki kadensiýa bilen, gaýtalama gurluşly adaty periodyň içinde bolşy ýaly, özara gatnaşyga girýär. Şeýlelikde, aýry kadensiýaly iki ýönekeý meňzeş period bir iň ýokarky perioda goşulýarlar, ol çylşyrymly ada

eýe bolýar. Ýönekeý periodlar bu periodyň çylşyrymly sözlemlerine öwrülýärler (F. Şubertiň op.18 a walsynyň birinji 16 tt. hem-de F. Şopeniň *f-moll* Fantaziýasynyň birinji 20 tt. ser.).

Gurluşyň gaýtalanmagy çylşyrymly period üçin esasy bolup durýar: oňa ýönekeý period hökmünde düşünmeli däldir. Şeýle periodda gurluşyň şol bir prinsipi iki sapar uly we kiçi möçberde aýan bolýar; iki ýola gaýtalama gurluşly periodyň döreýändigini aýtmak mümkindir. Onuň shemasy iň ýönekeý ýagdaýda şeýledir:

*10-njy shema*

| | |
|---|---|
| a $\quad$ $a_1$ | a $\quad$ $a_2$ |
| ýönekeý period | periodyň ikinji gezek geçirilişi |
| *(1-nji çylşyrymly sözlem)* | *(2-nji çylşyrymly sözlem)* |

Täk bölümler (iki **a**, ýagny, ýönekeý periodlaryň başlangyç sözlemleri), gaýtalama gurluşly ýönekeý periodda deň gurulmalar ýaly, köplenç, düýpden meňzeş bolýandyr.

Ortaky kadansyň durnuksyzlygynda (mysal üçin, ýarym kadensiýada) birinji çylşyrymly sözlem gutarnykly periody emele getirmeýär, bütin çylşyrymly perioda bolsa täk sözlemleriň meňzeşligi we jübütleriň käbir (käte uly) tapawutlary bilen dört sözlemden (ýönekeý) ybarat bolan period hökmünde seretmek bolar (F. Şopeniň op.10 № 9 etýudyna, 16 tt.; P. Çaýkowskiniň 5-nji simfoniýasynda kömekçi toparynyň soňky 3-nji temasyna; hem-de A. Glazunowyň op.47 *D-dur* konsert walsynyň başlangyç periodyna, 64 tt. ser.).

Ýönekeý periodda bolşy ýaly, ýöne örän seýrek, çylşyrymly periodyň hem sorag-jogap görnüşi bardyr (T–D, D–T hökmünde); oňa aýratyn simmetriýa we gutarnyklylyk mahsusdyr (J. Rossini, «Sewilýa dellegi» («Севильский цирюльник») 2-nji görnüş, kwintet).

Adaty görnüşe ikinji geçirme birinjiniň transponirlenmegine esaslanýan, ýöne meňzeş kadansa getirýän görnüş garşylyklydyr (F. Şopeniň op. 25 № 11 *a-moll* etýudyna ser., periodyň uly göwrümine üns beriň – çylşyrymly ölçegiň 36 tt.). Emma transpozisiýanyň esasy tonallyga gaýdyp getirmeýän çylşyrymly periody hem bardyr (F. Listiň *Es-dur* konserti, II bölüm, pianinoçynyň partiýasynda trelleriň ugrunda ýaňlanýan iň soňky *C-dur-E-dur* temasyna ser.).

Çylşyrymly period özi bilen göni gaýtalamany çalşyp wariasiýa üýtgemeler üçin giňişlik berýär. Onda faktura warýirleme bütinleý mümkindir (W. A. Mosartyň № 17 *D-dur* sonatasyna, 16 tt. we F. Şopeniň op.10 №10 *As-dur* etýudyna ser.); esasan hem çylşyrymly periodyň ulanylmagy ansambl deňeşdirmeleri üçin ýerliklidir. Kamera eserlerinde we konsertlerde ansamblyň iki gatnaşyjylarynda periodyň gezekleşip gaýtalanmagy adatydyr. Şeýle «ansambl gaýtalamanyň» çylşyrymly period bilen çalyşmagy partiýalaryň gezekleşmegine uly düýplülik we bitewülik berýär (S. Rahmaninowyň 2-nji konsertiniň I bölümine, Adagio ser.).

Çylşyrymly periodyň görkezilen görnüşi W. A. Mosartda, esasan, ansambl hökmünde duş gelip başlaýar.

Emma uly ösüşe ol has giç – XIX asyrda eýe bolýar.

F. Şopen öz etýudlarynda periodyň warýirlenen gaýtalamalary bilen birlikde, olaryň birinji bölüminiň formasy hökmünde çylşyrymly periody telim gezek ulanýar (op.10 № 5 *Ges-dur*, op.10 № 7 *C-dur*, op.25 № 3 *F-dur*).

Eger bitewi gurluşly periodlaryň hem bir bitewä birleşip bilýändigini hasaba alsak, onda çylşyrymly period düşünjesi has giň bolar[1]. Muňa ilki bilen täze garmoniki öwrüm ikinji geçirmede modulýasiýa ýardam berýär; başgaça aýdanyňda, adatça bolşy ýaly, kadanslaryň baglanyşygy emele gelýär (F. Listiň *Des-dur* etýudyna hem-de L. wan Bethoweniň 16-njy sonatasyndan Adagio, 16 tt. we 3-nji simfoniýasyndan matam marşyna, 16 tt., ser.).

Çylşyrymly period barada garşylykly ýagdaýy hem aýtsa bolýar: kadensiýalaryň garmoniki tapawudy bolmadyk, emma täze heň soňlamasy ýa-da içki ösüşiň wajyp täze pursady, mysal üçin, giňelme bar bolan gaýtalama gurluşly periodlar birleşýärler.

Soňky iki ýagdaýda çylşyrymly periodyň alamatlary doly gatnaşmaýar: ýönekeý periodyň meňzeş sözlemlere bölünmegi (bu onuň özbaşdaklygynyň peýdasyna bolýar) we kadanslaryň tapawudy

[1] Aýratyn özboluşly ýagdaýy belläp geçeliň. Birinji gaýtalama gurluşly ýönekeý period ikinji, has dinamiki bitewi gurluşly period bilen utgaşýar; bu özboluşly jemlemäni emele getirýär. Şol sebäpli çylşyrymly periodyň tutuşlygy has utuşda bolýar (R. Şumanyň Karnawalyndan «Valse-nobleniň» reprizasy).

(bu ýönekeý periodlaryň birleşmäge bolan ukybyny görkezýär). Ýagdaýlaryň her birinde şu alamatlaryň diňe biri bardyr; şonuň üçin periodyň çylşyrymlylygy şeýle bir şertsiz däl. Diýmek, birinji ýagdaýda birinji ýönekeý periodyň ýokary gutarnyklylygy talap edilýär (doly kämil kadans, içki ösüşiň uly giňligi), bu F. Listiň *Des-dur* etýudynda bar. Ikinji ýagdaýda heň üýtgemegi ähmiýetli bolmalydyr; ol mysal üçin, iki ýönekeý periody berk birleşdirýän umumy kulminasiýany saklap biler.

Çylşyrymly periodyň ähmiýeti – onuň görnüşine seretmezden gaýtalanmagyň ýönekeý prinsipine esaslanýan, ýöne şonuň bilen birlikde saz pikiriniň giň beýan edilmegine ýol berýän bitewi, uly formanyň döredilmegindedir. Gaýtalanýan periody ýatladyp, çylşyrymly periodyň formasy, özüne has önjeýli we has tutanýerli ösüşi alyp, ondan has belende galýar.

Çylşyrymly periodyň hemme görnüşleri ýönekeý periodyň täzelenen gaýtalanmasyna esaslanýandygyny belläliň; olar durnuksyz – özgerýän pursady goşýan pikiriň soňky ösüşine ýa-da başlangyç periodyň başga period bilen, her niçik-de bolsa, gapma-garşylykly deňeşdirilmegine esaslanmaýar.

Çylşyrymly periodyň başga formadan – ýagny, iki bölümli formadan tapawudy şundadyr.

## § 4. Periodyň bölekleri

Period sezuradan düýpgöter mahrum edilen bölünmeýän bitewülik bolup bilmez. Bu, saz pikirini beýan edýän forma hökmünde periodyň roluna garşy gelerdi. Her bir period nähili-de bolsa böleklere bölünýär, emma ownatmanyň häsiýeti iri ýa-da ownuk, birmeňzeş ýa-da birmeňzeş däl, ownatmanyň döwrüniň sany – bularyň hemmesi dürli-dürli bolup bilýär. Ilki bilen nusgawy period üçin esasy kada hasaplanýan ownatmanyň görnüşini derňäliň, soňra bolsa başga görnüşlere geçeliň.

Ownatmanyň bu görnüşiniň üç döwri bar: sözlem, jümle, motiw. Göwrüm kiçeldigiçe, ýagny forma ownadyldygyça, formanyň metrikisintaksis tarapy – bellibir derejede «ölçeg» ýaly onuň pulsirleme bi-

len, takt bilen baglanyşygy has aýdyň öňe çykýar. Tersine, göwrüm ulaldygyça, ýagny formanyň has dowamly birlige geçmegi bilen, berlen bölegiň tematiki-many ähmiýeti has aýdyňlaşýar.

Periodyň gös-göni bölünýän uly we açyk görünýän kadanslar bilen üpjün edilen böleklerine *sözlemler* diýilýär. Sözlem pikiriň ýaýbaňlandyrmagynda tamamlanmadyk bolsa-da (perioddan tapawutlylykda), eýýäm kesgitlenen uly tapgyrdyr. Sözlemiň çäginde, esasan. periodyň tematik materialy ýa-da hiç bolmanda, onuň esasy bölegi beýan edilýär. Sözlemiň çäginde eýýäm ösüşiň kesgitli liniýasy ýüze çykýar – melodiki, garmoniki ýa-da sintaksis. Şeýlelikde, sözlem belli bitewülige, hatda bölekleýin gutarnyklylyga ýetýän periodyň bölegidir. Sözlemiň bu alamatlary ösüşdäki «säginme» bilen bellenen; olar ýeterlik çuň sezura bilen görkezilen arakesmä mümkinçilik döredýärler[1].

Periodyň sözlemlere bölünmegi diňe gaýtalama gurluşly periodda hökmanylyk häsiýetini göterýär. Onuň meňzeş, gaýtalanýan bölekleri hem sözlemlerdir. Gaýtalanmaýan gurluşly period bolsa ýa meňzeş däl sözlemlere bölünýär (şeýle ownatma, umuman aýdanyňda, onçakly ýüze çykmadyk), ýa-da sözlemlerden düýpgöter ybarat bolmaýar (hut şu ýagdaýda onuň başga ady – «bitewi gurluşly period» – aýratyn delillendirilýär) we şu ýagdaýda, sözlemlere bölünmän, has ownuk böleklere bölünýär (mysal üçin, L.wan Bethoweniň op.10 № 2 sonatasynyň Allegrettosynyň, «32 wariasiýanyň» temalaryndaky, F. Şopeniň op. 9 № 2 noktýurnyndaky ýaly).

Ikinji sözlem ösüşiň intensiwligine görä birinjiden, köplenç, üstün çykýar (heňiň has belent tessiturasy, periodyň umumy kulminasiýasy, sowulmalar, giňelmeler we başgalar).

Sözlemiň özbaşdak forma däl-de, diňe periodyň bölegidigini bellemek gerek; periodyň bolmadyk ýerinde, adatça, sözlemler hem ýokdur[2]. Şonuň üçin özgerýän, baglaýjy we giriş häsiýetli uly däl we durnuksyz gurulmalara sözlemler diýmek bolmaýar.

---

[1] Şu, sözlemi tamamlaýan orta kadans barada hem gürrüň etmäge esas berýär.

[2] Kadadan çykmany diňe, haçanda sözlem hyýal edilen, ýöne amala aşyrylmadyk periodyň ýeke-täk hakyky bölegi bolan ýagdaýynda görmek mümkindir. Bu sonatalaryň baş partiýalarynda mümkindir: baş partiýanyň temasyny sözlemiň çäginde gysgaça beýan edip, kompozitor, has uly bitewülik üçin ikinji sözlemi goýberip, ony baglaýjy partiýa bilen çalyşýar (L. wan Bethowen we A. Skrýabin öz birinji *f-moll* sonatalarynda şeýle etdiler).

Indi bolsa, wagtlaýynça aralyk döwür bolan jümläni goýup, periodyň iň kiçi bölegi bolan motiwe geçeliň.

*Motiw* saz pikiriniň many we konstruktiw birliginiň ähmiýetini alýan iň kiçi bölegidir. Motiwiň iki tarapynyň her birinde durup geçeliň. Motiw periodda ýeke-täk, ýa-da ikisinden biriniň, seýrek ýagdaýlarda bolsa birnäçe gapma-garşylykly, tematik maňzynyň roluny oýnaýar.

«Motiw» sözi latyn «*movere*» – hereketlendirmek, «*motus*» – hereket we fransuz –«*motif*» («mejbur ediji sebäp») sözlerinden gelip çykýar; şeýlelikde ol, temanyň we has giň manyda, saz eseriniň hereketlendiriji başlangyjyny aňladýar. Motiw düşünjesi 1939-njy ýylda A. B. Marks tarapyndan hödürlendi we şol wagtdan bäri nazaryýet saz biliminde iň kiçi tematiki gurluşy aňladýan adalga hökmünde berkidildi[1]. Hakykatdan-da motiw, pikiriň kiçijik tematiki ähmiýetli bölegi bolup, tematiki ösüşe itergi berýär, onuň üçin hyjuw bolup gulluk edýär. Ol eýýäm başlangyçda sazyň häsiýeti barada düşünje döredýär; bu manyda ol saz pikiriniň ruhudyr. Motiwiň şeýle wajyp roluny üstünlikli ýerine ýetirmegi üçin kompozitor oňa bellibir derejede tematiki häsiýetlilik berýär. Ol, köplenç, heň (F. Şopeniň *Des-dur* noktýurnynyň baş temasy), ritmiki (L.wan Bethoweniň 5-nji simfoniýasynyň, heň taýdan örän üýtgeýän, emma uzak dowamlykda öz häsiýetli ritmini – keşbini saklaýan baş motiwi hem-de F. Şopeniň *b-moll* sonatasynyň baş partiýasynyň baş motiwi), garmoniki bolup biler («Sadko» operasynda suwasty patyşalygyň motiwi, 99-njy belgi).

Emma has manyly, emosional taýdan baýlaşdyrylan we heň babatynda ösen motiwler her taraply, kompleksleýin häsiýete eýe bolýarlar. Mysal üçin, «Appasionatanyň» baş partiýasynyň baş motiwi (sonatanyň birinji 2 takty).

Konstruktiw tarapy motiwleriň gaýtalanmagyndan, ösmeginden we deňeşdirilmeginden has uly forma emele gelmeginde ýüze çykýar.

Gomofoniýanyň iň ownuk saz formalary gaýtalanmagyň iň sada hadysasy bolan metr bilen ýakyn baglydyr. Metr daýanç nokatlaryny emele getirýär, olaryň daşynda kiçi konstruktiw-tematiki döremeler emele gelýärler. Şonuň üçin motiwiň konstruktiw tarapy ilki bilen

---

[1] *Арановский М.Г.* Синтаксическая структура мелодии: Исследование. М.: Музыка, 1991. С. 42.

metriki tarapydyr. Şu sebäpli motiwiň köne kesgitlemesi emele gelýär – «güýçli ülüşleriň töwereginde birleşen sesleriň topary» (ýa-da «bir aksent bilen birleşdirilen»).

Bu kesgitlemäniň kemçiligi onuň birtaraplylygyndadyr, motiwiň täsirli – many, tematiki rolunyň äsgerilmezligindedir. Ondan başga-da, ol motiwiň tarapyny bir taktly ululyk bilen çäklendirýär, motiwler bolsa taktdan uly hem, kiçi hem bolup bilerler. Bu, ilki bilen, periodyň umumy ululygyna, umuman, bütin pikiriň göwrümine bagly bolýar: elbetde, iri motiwler kiçi-de däl-de, köplenç, uly periodda duş gelýärler (we tersine). Şeýle gysga we uzyn motiwlere mysal getireliň: a –15-nji mysala ser., b – 31-nji, 32-nji mysallara ser.:

***31-nji mysal.*** *A. Lýadow. Prelýudiýa h-moll op. 11*




***32-nji mysal.*** *A. Glazunow. Konsert walsy op. 47*




15-nji mysalda period diňe dört taktdan ybarat, 31–32-nji mysallarda bolsa – altmyş dört we hatda ýetmiş alty taktlardan (A. Lýadowyň prelýudiýasy) ybarat.

Tematiki birlik, tematiki maňyz hökmünde, motiwiň ähmiýeti periodyň içinde bolşy ýaly we has giň çäklerde motiwiň ösüşiniň giň mümkinçilikleri bilen baglydyr. Motiwiň ösüşiniň galtaşýan we käte biri-birine geçýän iki esasy görnüşi bar: warýirleme we işlenilme. Warýirleme islendik üýtgemeler bilen gurulmanyň bitewüliginiň we onuň gurluşynyň (sintaksis ýa-da melodik) esasynyň saklanýandygyny aňladýar.

Işlenilme bolsa ösüşiň has erkin usulyny aňladýar. Munda gurulmanyň bitewüligi hemişe aýratyn bölekleriň saýlanmagynyň (ownatmaklygyň) ýa-da has seýrek ýagdaýlarda, başga tematiki element bilen birleşmeginiň, utgaşdyrylmagynyň üsti bilen bozulýar; gurulmanyň gurluşy çäksiz üýtgäp biler. Bu bolsa motiwleriň çuň özgerdilmegi üçin warýirlemeden hem has uly mümkinçilikleri döredýär.

Motiwiň warýirleme usullary köpdürlüdir. Motiwiň tanyşlygynyň köp ýagdaýda heň-ritm tarapa daýanmagyna görä garmoniki üýtgemeler örän uly bolup bilýärler.

Heň liniýasynda bellibir derejede görkezilýän interwal üýtgemeleri (uzaga çekme, kemelme, öwrülme) örän adatydyr. Ritmikanyň häsiýetli boldugyça, hatarlaýyn üýtgemeler has öňe gidip, çuňlaşyp bilerler.

Tersine, ritm üýtgemeleri heň şekiliniň uly häsiýetliliginde has tebigydyr. Ritm warýirleme, köplenç, dyngylaryň ritmiki doldurylmagynda (ýagny deňölçegli – üznüksiz hereketiň peýda bolmagynda – L. wan Bethoweniň 5-nji simfoniýasynyň Andantesi, kodanyň başy – Piu mosso, 2-5 we 6-9 tt. deňeşdiriň) ýa-da täze ritm şekiliniň peýda bolmagynda görkezilýär.

Depgin üýtgemeleriniň özgerdiji roly örän uludyr. Hatda olar özözünden motiwiň häsiýetini düýpgöter üýtgetmäge ukyplydyr. Simfoniki sazda haýal girişleriň motiwleri sonata allegrolara geçip çürtkesik özgerýärler (R. Şumanyň *B-dur* simfoniýasy, P. Çaýkowskiniň 6-njy simfoniýasy, onuň 1-nji simfoniýasynyň hem finaly). Depgin üýtgemelerine ritmiki göwrümiň çalyşmasy (ulalma ýa-da kiçelme) goşulýar. Ol täsiri boýunça çendenaşa netije berip bilýär – F. Listiň *h-moll* sonatasynyň baş partiýasynyň ikinji elementiniň transformirlenmegi, onuň kömekçi partiýanyň ikinji temasynyň esasy bolup duran ýagdaýyndaky şeýle mysalydyr. Ritmiki ulaltma bilen bagly transformirlenmegiň başga mysaly, L.wan Bethoweniň 5-nji simfoniýasynyň birinji bölüminiň baş motiwidir (şeýle hem örän uly dowamlylyklar bolan «brewis» bilen beýan edilen R. Şumanyň «Karnawalyndan», «Sfinksler» («Karnawalyň» başga pýesalaryndaky

gysga dowamlylyklardan tapawutlylykda), olar köp manyly we syrly ýaňlanýarlar).

Metr üýtgemeleri aýratyn güýje eýedir. Güýçli ülüşe gatnaşyk boýunça motiwiň ýerini çalşyrmagy uly özgermede bolýandyr; motiwiň metr bilen baglanyşygy bu mysalda tassyklama tapýar[1]. Kompozitorlar metr waryirlemäni seresaplyk bilen ulanýardylar, sebäbi metr, ritm we depgin üýtgemeleriniň sazlaşmagy motiwi tanamazlyk ýagdaýyna çenli «düýpli özgertmäge» ukyplydyr.

Tersine, I. Strawinskiniň döredijiliginde ýitileşdirme hem-de üznüksizlik maksatlary yzarlaýan motiw ösüşiniň örän adaty serişdesi bolup metr süýşmeleri hyzmat etdiler.

Metr süýşmesi motiwleriň birleşmegine itergi bolup biler:

***33-nji mysal.*** *E. Grig. Sonata op. 7.*




Motiwiň işlenilmegi has çylşyrymly we şonuň bilen birlikde, köplenç, has özbaşdak hadysadyr. R. Şumanyň «Karnawaly» motiwiň, onuň dowamynyň esasynda birnäçe gezek we çendenaşa dürli işlenilmäniň mysaly bolýar – bu ýerde dört sesli (*A-Es-C-H*) ýa-da üç sesli (*As- C- H*) motiw ençeme ugurlarda ösýär.

Motiwiň işlenilýän prosesinde käte kiçi gurulmalar ýüze çykýarlar. Şunuň ýaly motiwden saýlanan ýa-da motiwiň içinde aýdyň tapawutlanýan ownuk böleklere *submotiwler* diýilýär. Olar, köplenç, özbaşdak däl, garaşly elementler hökmünde özleşdirilýärler. Eger motiwi söz bilen deňeşdirip bolsa, onda submotiw bogny ýatladýar. Haçanda metroritm motiwiň içindäki sezura üçin amatly şertleri döredende, esasan-da şol ýagdaýlarda, motiwiň submotiwlere bölünme-

[1] «Joşgunly» («Патетическая») sonatanyň finalynyň baş temasynda ölçegiň täzeden üýtgemegi barada ýatladýarys.

gi ýönekeýdir. Motiwiň takt bilen baglanyşygynyň adaty boldugyça, submotiw taktyň aýratyn ülşi bilen baglydyr.

Submotiwler bilen iri motiwleri düzýän figurasiýanyň elementlerini deňeşdirmek mümkindir (L.wan Bethoweniň op. 22. *B-dur* sonatasy, 3-nji takt; F. Şopeniň op.10 № 1, op.10. № 4 etýudlary, bu ýerde her çärýeklik gaýtalanýan ýa-da sekwensirlenýän fugarision birligi aňladýar).

Periodyň böleklerini öwrenip, biz uly bölekden-sözlemden, jümläni goýup, motiwe geçdik. Ilkinji gezek jümle düşünjesi F. Kuperen tarapyndan 1717-nji ýylda çap edilen «Klawesini çalmak sungaty») işinde girizildi.[1] Jümläniň dogry kesgitlemesi diňe metr esasynda berilýärdi: eger motiw bir güýçli ülşi alýan bolsa, onda jümle iki güýçli ülşi öz içine alýar we şu sebäpli eseriň ölçegini kesgitlemek mümkinçiligini döredýärdi. Bu kesgitlemede iki kemçilik bar. Birinjiden, motiwden has uly gurulmalar diňe metr tarapyndan kesgitlenmeli däl. Ikinjiden, eýýäm motiwiň bir taktyň dowamlylygyndan artyk bolýandygy görkezildi, diýmek, iki takt, köplenç, jümle däl-de, motiw bolýar.

«Jümle» adalgasyny, ony diňe metriki däl-de, tematiki – sintaksis manyda düşünip, amatly ulanyp bolýan çäklerini belläliň.

Eger sözlemiň bölünmeginde iki bölek ýüze çykýan bolsa, onda olaryň birinjisi *jümledir*[2]. Sözlem iki jümlä bölünýär (käte – köp). Jümleler bolsa motiwleri hemişe jübütleýin birleşdirýärler, şonuň üçin ýa iki periodiklileriň utgaşmagy (aa+$a_1a_1$ ýaly – R. Şumanyň Ende vom Lied Triosynda we 27-nji mysalyň birinji sözleminde ýa-da aa+bb – 31-nji mysalda) ýa-da çylşyrymly periodiklik (ab+$a_1b_1$); başgaça aýdanyňda, ýa iki gaýtalanmagyň gapma-garşylygy, ýa-da, tersine, gapma-garşylygyň gaýtalanmagy döreýär. Şu sebäpli käbir motiwleriň jübüti beýlekiden aýdyň bölünýär, bu bolsa jümleleri döredýär. Aýdylanlardan jümläniň meňzeş hem meňzeş däl motiwleri birleşdirip bilýändigi aýdyňdyr. Periodyň içindäki tematiki gapma-garşylyk bara-

---

[1] *М. Г. Арановский.* Синтаксическая структура мелодии: Исследование. – М.: Музыка, 1991.С. 133.

[2] Periodda jümläniň ornuny iň kiçi gurulma nukdaýnazaryndan kesgitläp, jümläni, entek sözlem düzmeýän, motiwleriň birleşmesi diýlip kesgitlemek mümkindir.

daky düşünjäniň, köplenç, jümle bilen baglydygy aýratyn ähmiýete eýedir.

***34-nji mysal.*** *F. Şopen. Mazurka op. 68. № 2*




Motiwleriň jümlelere birleşmegi diňe heň-tematik esasda däl-de, eýsem garmoniki esasda hem bolýandyr. F. Şopeniň *A-dur* prelýudiýasynda, «Guw kölünden» «Neapolitan tansynda» iki taktly motiwler «predykt – ikt» prinsipi boýunça dört taktly jümlelere, ýagny durnuksyz garmoniýalaryň tonika çözülmegi sebäpli birleşýärler.

Ahyry, motiwleriň jemleýän gurulma bilen birleşmeginde bolşy ýaly, uly başlangyç gurulmanyň bölünmeginde dogrudan hem jümleler göwrüm-tematik gurluşlarda döreýärler (*24-nji mysala ser.*). Bu şertlerde jümleler birigendir.

Berlen bölegi bellemek üçin «motiw» adalgasyny ulanyp bolşy ýaly, «jümle» adalgasyny hem ulanyp bolýan ýagdaýlar az däldir.

Eger bellenilşi ýaly «sözlem» düşünjesini perioddan üzňe ulanmak amatly däl bolsa, onda has ownuk bölekler – motiwler, jümleler – perioddan garaşsyz bolýandyr, ýagny diňe pikiriň beýan edilmeginde däldir. Bu ilki bilen ownatmanyň bölünmegi mahsus bolan ösýän häsiýetli bölümlere degişlidir.

Indi periodyň bölünme baradaky soragyna has umumy nukdaýnazardan seredeliň. Period, her hili usullar bilen böleklere bölünip biler; aýratyn hem, bölünme döwürleriniň sany bütinleý deň däldir. Eger bir ýagdaýda bölünme sözlemlerde, olary hiç hili soňky ownatma sezewar etmän, saklanýan bolsa, onda beýleki ýagdaýlarda bölünmäniň döwürleri köpsanlydyr. Şundan jümle düşünjesiniň diňe bölünmäniň bellibir görnüşiniň esasynda dörändigi we başga görnüşlerde az ýaramly ýa-da hatda bütinleý kanagatlandyrmaýandygy gelip çykýar.

Indiki ýagdaýlarda bölekleriň sany – üçden az: period göni motiwlere bölünip, sözlemlere bölünmeýär (L. wan Bethoweniň «32 wariasiýanyň» temasy, F. Şopeniň op.9. № 2 noktýurny), sözlemler gös-göni motiwlere bölünýärler (F. Şopen. Etýud op.10. № 1), sözlemler bile (R. Şuman. «Gijeki pýesa» («Ночная пьеса»), № 2)[1].

Garşylykly ýagdaýda – döwürleriň köpsanlylygyny – ýokary differensirlenen göwrüm gurluşly uly periodlarda syn etmek aňsatdyr. Mysal üçin, A. Skrýabiniň op.11 fis-moll prelýudiýasynda period iki meňzeş sözlemlere bölünýär, sözlemler bolsa sekiz taktdan – bir takta çenli hemme mümkin bolan kwadrat ululyklary ýüze çykarýarlar; periodda bölünmäniň bäş döwri bolýar.

## § 5. Kwadrat däl gurluşly periodlar

Şu wagta çenli period, esasan, kwadrat gurluşyň nusgalarynda öwrenildi. Kwadratlygyň bozulmagyny iki hili tapawutlandyrmalydyr. Birinjiden, olar ösüşiň ugry boýunça tapawutlanýarlar. Kwadratlygyň bozulmagy göwrümleýin ösüşe (goşulma, giňelme) we «göwrüm kemelmegine» (gysgalma, kemelme) eltýär.

Ikinjiden, kwadratsyzlygyň görnüşleri ösüşiň häsiýeti boýunça tapawutlanýarlar. Olaryň käbirleri daşyndan, goşmak ýa-da tersine, aýyrmak ýoly bilen (goşulma we kemelme) döreýärler. Beýlekiler içki ösüşiň netijesi bolup durýarlar (giňelme we ýygyrma (gysylma).

Ilki bilen ýokary galýan görnüşleri derňäliň.

Käbir gurulma eýýäm gutarnykly bölüme, ilki bilen – tamamlanan perioda goşulan ýagdaýynda daşky göwrümleýin ösüş bolmagy mümkindir. Şundan şeýle kesgitleme gelip çykýar: kadansyň soňundan, ýagny tamamlamadan soň berlen bölüme *goşulma* diýilýär; goşulma periodyň çäginden çykýar. Kadensiýadan soň gelip, goşulma ony ýa ýönekeý gaýtalama ýa-da şol bir kadensiýa getirýän täze, has giň gurulma bilen berkidýär.

[1] Eger period göwrümleýin ösüşe esaslanan bolsa, onda onuň bölünmesi deňölçegli däldir (mysal üçin, birigen sözlem bilen jemlenen, iki jümleler).

Goşulmanyň diapazony, onuň täze taraplaryny açýan ýa-da öň eýýäm bellenenleri baýlaşdyrýan ujypsyz goşmaçadan mazmunly dowama çenli, öň aýdylan ýönekeý tassyklamadan pikiriň «çäkden daşary» ösüşine çenli gidýär. Şuňa uly bolmadyk uzaltmadan dowamlylygy boýunça esasy bölümden artyk gelýän goşulmanyň göwrümleri jogap berýärler.

Goşulmalaryň ähmiýeti L. wan Bethoweniň köp sonata-simfoniki temalarynda örän uludyr. Bäşinji simfoniýanyň *Andante* bölüminde sekiz taktly perioddan soň özi bäş bölekden durýan, çetkide – gysga, ortakyda – has giň (2; 5, 4; 1, 2) we ösüşiň özünden soňra örän çylşyrymly we simmetriýa prosesli on dört taktly goşulma gelýär. Op.13 sonatanyň finalynyň baş partiýasynda sekiz taktly temadan soň iki mümkin bolan tematik görnüşleri utgaşdyrýan dokuz taktly goşulma gelýär: ýönekeý gaýtalama (2-nji sözlemiň) we täzäniň goşulmagy (hem-de op. 31 № 2 sonatanyň finalynyň baş temasyna ser.).

L. wan Bethoweniň goşulmalary käte dartgynlylygyň hakyky merkezi, kulminasion ýerleri bolýarlar. Olarda öňki gurulmalarda ýygnalan kuwwat jemlenýär; kämilleşip, ol goşulmada çykalga tapýar. Şeýle ähmiýetli goşulma, dinamiki reprizanyň (5-nji sonata, I b., 22-31 tt.) ýa-da ösüşiň netijesiniň öwüşginini alýar (14-nji sonata, III b., 9-14 tt.).

Goşulmalaryň roly W. A. Mosartyň temalarynda örän wajypdyr. W. A. Mosart üçin goşulmalar (köplenç, goşulmalaryň hatary) esasy temany bezeýän nepis «çäk» we özboluşly «postskriptumlaryň» ýazylmagynyň üsti bilen täsirliligi nepislemek, pikiri çuňlaşdyrmak serişdeleri bolup durýarlar. Beýleki goşulmalaryň tebigaty operanyň däplerinden gelip çykýar, ol ýerde sözleriň we olar bilen bagly saz jümleleriň gaýtalamalary örän adatydyr (Figaronyň «Çakgan oglan» («Мальчик резвый») ariýasynyň başlangyç periodyna we Leporellonyň «Baş üstüne» («Вот извольте») ariýasynyň iň soňky 18 tt. ser.).

Goşulmalaryň başga many düşünmeleri hem bardyr. Pikiriň tamamlanmagy, «hereketiň soňy» diňe kadansirleme bilen däl, eýsem heň intonasiýalary bilen hem aýratyn bellenýär: olar esasy bölümiň intonasiýalaryny gysgaça ýatladýarlar, jemleýärler, olara soňlama häsiýeti berýärler.

Eger ýönekeý goşulma ýaňja ýaňlanan sazy gaýtalaýan bolsa, ol aňsat «gaýtarga» öwrülýär, registr geçirmede ýa-da seslenmäniň peseltmeginde ýaňyň täsirini berip bilýär[1]:

***35-nji mysal.*** *F. Şubert. Serenada*




Wokal eserlerinde goşulmalar, köplenç, instrumental bölekler hökmünde peýda bolýarlar.

Goşulma käwagt skerso, güldüriji serişdäniň roluny oýnaýar. Esasy bölüm ýeterlik gutarnykly, dowama mätäç bolmaýar. Eger şonuň bilen birlikde goşulma şeýlelikde peýda bolsa, onda ol «hökman däl», «artykmaç» bir zat ýaly aňsat ýaňlanyp biler; başga täsirli serişdeleriň kömegi netijesinde şeýle «artyklyk» – degişgen, gülküli sypaty alýar.

Sungatda köp ulanylýan komizmiň beýleki gözbaşy her hili deň gelmezlikler; aýratyn hem, soňlamanyň hetdenaşa gysgalygy (esasy bölümiň göwrümleri bilen deňeşdirilende) skersolylyga gulluk edip biler (L. wan Bethoweniň op.31. № 3 sonatasynyň skersosyna (8+1) ser.). Ahyry, skersoda hemişe ulanylýan seslenme (habarlaşma) geçirme usuly (çalt depginde, ýiti ritmde, ýeňil seslenmede) goşulmalara hem käte şowhunly we degişgen oýnuň häsiýetini berip geçýär, mysal üçin L. wan Bethoweniň *G-dur* konsertiniň finalynyň baş partiýasynyň ortasynda bolşy ýaly.

Goşulmalaryň käbir aýratyn görnüşlerini derňäliň.

Perioddan has uly formalaryň hem özünden soň goşulmalary bolýandyr. Eger – kiçi ýa-da uly – forma bütin eseri alýan bolsa, onda goşulma koda bolup durýar.

Bize käbir mysallar eýýäm goşulmalaryň diňe doly kadensiýadan soň däl-de, eýsem ýarym kadensiýadan soň hem peýda bolup bilýändigini aýan etdiler (L. wan Bethoweniň op.27 № 2 sonatasynyň finalynyň baş partiýasy). Bu, goşulmalaryň perioddan kiçi böleklerden soň hem gelip bilýändigini aňladýar. Wokal eserlerde olar diňe

[1] Bu ýerde goşulmalar iki sözlemleriň soňundan berilýärler

sözlemlerden soň däl, eýsem bellibir derejede instrumental seslenmede «duýgudaş gaýtargy», «emosional ýaň» hökmünde motiwlerden soň hem peýda bolýarlar. Şu usuly, köplenç, F. Şubert ulanýar («Serenada», «Ýaş monahinýa» («Молодая монахиня») aýdymlara ser.), ondan soň E. Grig ulanýar («Solweýgiň hüwdüsi», («Колыбельная Сольвейг»), «Gizlin söýgi», («Тайная любовь»), «Şa gyzy» («Принцесса») aýdymlara ser.).

XIX asyrda goşulma hakdaky düşünje giňeýär. Eger öň goşulma esasy bölümi berkidýän we onuň çäklerinden daşyna çykarylan bölüm bolan bolsa, indi bolsa bu iki alamatlar käte biri-birinden aýry bolýarlar: daşky, «çäkden daşary» bölümiň funksiýasy berkitme, tassyklama funksiýadan çetleşýär. Şunlukda iki garşylykly ýagdaý mümkindir: ýa durnukly goşulma durnuksyz gutarylan esasy bölümden soň peýda bolmaly ýa-da durnukly bölümiň berkitmesi hökmünde başlanan goşulma, soň durnuklylygy ýitirmelidir.

Birinji ýagdaýda goşulma ozalky ýaly esasy bölümden soň berlen we ondan aýdyň daşlaşan jemleýji – nygtaýan häsiýetli gurulma hökmünde kesgitlenip biler; emma täzeçilik, goşulmanyň durnuklylygy eýýäm oňa iberilen doly kadensiýa daýanmaýandygyndadyr. F. Şopeniň *C-dur* prelýudiýasynda, ikinji sözlemiň soňunda tonika ýok, dominantada saklanýar, kadensiýany tamamlaýan tonika peýda bolýar, ýöne ol eýýäm goşulmanyň başy hökmünde peýda bolýar (25-nji t.). Şunuň ýaly goşulmalar kadension akkordlary öňki, durnuksyzlykda kesilýän sazy birden bölmek täri bilen baglylykda döreýär (*e-moll, f-moll, g-moll* prelýudiýalara ser.).

A. Skrýabiniň prelýudiýalarynda durnuksyzlykda arakesmeden soňky goşulmalar az duş gelmeýär. Olar, adat boýunça, repriza häsiýete eýedir: köplenç, ikinji sözlem giňelýär, bu giňelme ýönekeý üç bölümli formanyň ortasyny ýatladýar, bu hem «jogaby» – goşulmada reprizalylygy teklip edýär (op.11 *D-dur, E-dur, Ges-dur, g-moll,* op.17 *d-moll* prelýudiýalara ser). Şeýlelikde, ösen period özüne üçbölümliligiň (ýa-da repriza ikibölümliligiň) elementlerini alýar. Görkezilen goşulmalar giňelmelere ýakyndyr, sebäbi olar kadensiýasyz, durnuksyzlykdan soň berilýärler. Emma hakyky

giňelmelerden olar böleklenmek, aýrylyk we öz içki tematiki we gurluş bitewüligi bilen tapawutlanýarlar.

Ikinji ýagdaýda goşulma iki roly ýerine ýetirýär: öz ilkibaşdaky meselesini ýerine ýetirenden soň (doly kadensiýany tassyklamadan soň), ol esasy bölüm bilen nazara alynmadyk öwrüm edýär – modulýasiýa geçýär. Bu sonata formalarynda ilki esasy tonallygy berkidýän, soňra bolsa kömekçi partiýanyň tonallygyny taýýarlaýan baglaýjy partiýa üçin juda häsiýetlidir.

Biz baglaýjy partiýalaryň mysalynda goşulmalardan eserde öz roly boýunça örän wajyp has uly bölümleriň nädip ösýändigini görýäris. Bu ýagdaýda olar ösüp geçmeklige funksiýanyň içki üýtgemelerine ukyplydyr (baglaýjy partiýalar). Beýleki ýagdaýlarda olar durnukly – tassyklaýjy ähmiýeti soňuna çenli saklaýarlar (kömekçi partiýalara giň ösen goşulmalar hökmünde ekspozisiýanyň köp jemleýji partiýalary ýa-da jemleýjileri, hem-de umuman forma bolan uly goşulmalar hökmünde kodalar).

Goşulmanyň, tersine, esasy bölümden soň bolman, onuň öňünden berlen goşmaça gurulma bardyr. Onuň funksiýasy – giriş bolup, ol her gezek esasy bölüm bilen gaýdyp gelip, onuň bilen üznüksiz baglydyr; şonuň üçin oňa hemişelik giriş diýmek mümkindir (L. wan Bethoweniň 2-nji simfoniýasynyň finalynyň baş partiýasynda – iki sözlemde giriş sesler we F. Şopeniň op.10 № 2 etýudynda – temanyň her sözleminiň öňünde giriş iki taktly «tolkunlar»).

Kwadratsyzlygyň beýleki iň möhüm görnüşini öwrenmäge geçeliň. Berlen bölümiň çäginde içki ösüşiň üsti bilen ýetilen masştab ösüşe giňelme diýilýär.[1] Bu ösüş köp tarapdan giňelmäniň öňünden gelýän gurulmalaryň gutarnyksyzlygyň esasynda edilýär. Gutarnyksyzlygyň görnüşlerini görkezeliň.

1. Heň gutarnyksyzlygy: peselmek bilen deňlenmedik beýgelme, soňunda ýa-da şonuň öňünde berlen belentlik; doldurylmadyk böküş; bellenilen soňky nokada eltilmedik heň. Heň tamamlanylman-

[1] Giňelme diýlip diňe ýaňky görkezilen ösüşiň usulyna aýdylman, eýsem formanyň belli bölegine, ol arkaly göwrüm ösüş bolan bölege hem aýdylýar (mysal üçin, ikinji sözlemiň käbir taktlary).

lyk, köplenç, garmoniki gutarnyksyzlyk bilen birlikde hereket edýär; munuň soňky giňelmeler üçin aýratyn uly ähmiýeti bardyr.

2.Garmoniki gutarnyksyzlyk: tonal-durnuksyz sfera geçiş (sowulmalar, modulýasiýalar), doly çözülmekden daşlaşma (kämil däl, üzülen kadanslar), kadansyň durnuksyz garmoniýalarynyň birini süýndürme (esasan, S ýa-da $K_{64}$) (L. wan Bethowen, 18-nji sonata, IV b.).

Esasy tonallykdan daşlaşma – esasy tonallygy gaýdyp getirýän we periodyň umumy çäklerini giňeldýän jogap gurulmany – «garşylygy» döredýär (A. Borodin, «Knýaz Igor», Wladimiriň kawatinasy, goşa subdominanta sowulma bilen reprizanyň kömekçi partiýasyny ekspozisiýa bilen deňeşdireliň). Beýleki ýagdaýlarda iň soňunda peýda bolan täze tonallyk berkitmäni talap edýär, bu bolsa ýene-de giňelmä getirýär (L. wan Bethoweniň 7-nji simfoniýasynyň III bölüminiň başy).

Doly kämil däl kadensiýadan soň, aýratyn hem eger bir meňzeş saz gaýtalansa, giňelmäniň görnüşi bölünen häsiýeti göterýär, şonuň üçin goşulma ýakyn; bu görnüş hatda goşulma geçip biler (W. A. Mosartyň *A-dur* sonatasynyň wariasiýalarynyň temasynyň soňuny we 3-nji minor wariasiýasynyň soňuny deňeşdiriň).

Kadension garmoniýalaryň süýndürilmegi (W. A. Mosartyň *Es-dur* sonatasynyň I Menuettosy), köplenç, dominanta ýaly tonika şeýle gös-göni ýa-da intensiw dartyşly bolmadyk beýleki funksiýalara degişlidir, şu sebäpli bolsa ýeterlik uzak saklanyp bilerler (konsertlarda $K_{64}$-da kadensiýalary deňeşdiriň).

3. Sintaksis (gurluş) gutarnyksyzlygy: periodikligiň ýa-da periodiklikleriň toparynyň emele gelmegi zerarly iň soňky gurulmanyň yza süýşürilmegi.

Periodiklik, köplenç, öňki materiala, seýrek – täze materiala esaslanýar (A. Skrýabiniň op.11 № 11 Prelýudiýasyna ser.). Esasan, ol sekwensiýaly, ýöne käte «bir ýerinde» (göçürmesiz) gaýtalamadyr (P. Çaýkowskiniň Kirişli serenadasyndan Walsa hem-de F. Şopeniň *h-moll* prelýudiýasyna (2-nji sözlemiň 5-6 tt.), ser.).

Giňelme üçin sekwensiýanyň ähmiýeti örän uludyr. Gaýtalanmagyň islendik başga görnüşi ýaly, onuň belli çäkleri ýokdur; döredijilik nukdaýnazaryna garaşlylykda kompozitor minimum iki

bölek bilen kanagatlanyp biler, ýöne olaryň sanyny has ula ýetirip hem biler. Sekwensiýa tematizmi boýunça hem çeýedir; gaýtalanmak gyşarnyksyz hem erkin hem bolup biler. Garmoniki taýdan ol ösüşe täze akkordlary we tonallyklary çekýär. Sekwensiýanyň uly güýçlenme döretmek ukyby (esasan – beýgelýän) aýratyn wajypdyr, bu bolsa örän köp giňelmeleriň çeper maksady bolup durýar.[1]

Berlen bölümi giňeldýän periodiklik «ýeňip geçmä», ýagny utgaşdyrma (soňlama) mätäç bolýar. Periodiklikden soň utgaşdyryjy gurulmanyň peýda bolmagy sintaksis (gurluş) kadansynyň emele gelmegine getirýär:

*11-nji shema*

12
8 | sintaksis kadansy | 4
4, 4; 4, 2, 2, 4 ýa-da 2, 2
1-nji sözlem 2-nji sözlem
4, 4 ýerine; 4, 4 2, 2; 4 ýerine

Jemleýji dört taktyň ýerine 2+2 periodiklik emele gelýär, bu bolsa umuman ony çalyşýan kwadrat gurulmadan (4 ýerine 8 t.t.) iki esse uly sintaksis kadansyny berýär. Şeýlelikde, iň soňunda gelýän gurulma eýýäm kwadrat ululygyň çäginiň daşynda (8 t. soň, 16 t. soň) peýda bolýar, ýagny yza çekilýär (A. Skrýabiniň op.40 № 1 Mazurkasyna (2-nji sözlem) hem-de E. Grigiň «Ilkinji duşuşyk» («Первая встреча») pýesasynyň reprizasyna ser.).

Käwagt sintaksis kadansynyň öňünden eýýäm periodiklik gelýär. Bu ýagdaýda iki ýa-da hatda has köp periodiklikleriň topary emele gelýär.

*12-nji shema*

periodiklik sintaksis kadansy
2 a, 2 a; 2 b, 2 b 4 c
periodikllikleriň jübüdi

[1] Sekwensiýa – giňelmäniň adaty usuly. Ýöne her bir sekwensiýa giňelme däldir. Ilki bilen sekwensiýanyň, giňelmesi bolmadyk, ýönekeý gurluşa sygmaýandygyna göz ýetirmeli.

Giňelme, şeýlelikde, periodiklikleriň giden hatary bilen baglanyşykda bolýar (A. Skrýabiniň op.11 № 11 Prelýudiýasyna (2-nji sözlem), S. Prokofýewiň «Petýa we möjek» eserinden Awçylaryň temasyna (1-nji sözlem, ikinji sözlem) ser.).

Iň soňunda gelýän gurulmany goşmaça periodikleriň döremeýän ýagdaýlarynda hem süýşürip bolar. Eger period ýa-da sözlem bölünme bilen utgaşdyrma hökmünde gurlan bolsa, onda eýýäm üçünji çärýekdäki bar periodikligiň özi meňzeş motiwleriň sanynyň ulalmagy bilen, sekwensiýanyň uzalmagy bilen «süýndürilip» biler (W. A. Mosartyň *C-dur* «Ýeňil» («Легкая») atly sonatasyna ser.: 2, 2; 1, 1, 1, 1; 4).

Üçünji çärýek gurluşyň durnuksyz we dinamiki pursadydyr, şonuň üçin onuň kwadratlygy bozmak üçin ulanylmagy tebigydyr (kadansda garmoniýanyň durnuksyz pursatlaryň süýndürilmeginiň tebigy bolşy ýaly). Şol bir sebäplere görä, üçünji çärýek aýdyň sintaksis çäkleri «köwýän» we sazy ösýän plana geçirýän uly giňelmäniň başlangyç punkty bolup biler.

F. Listiň *h-moll* sonatasynyň ikinji kömekçi (liriki) temasynyň ikinji sözleminde bu giňelme improwizirleme häsiýeti göterýär we periody hiç bir tamamlamasyz goýýar.

4.Tematiki gutarnyksyzlyk: bitewüligiň ýerine bölekleriň peýda bolmagy (ownatma), motiwiň ýa-da kiçi äheňiň gaýtalanmagy, täze materialyň girizilmegi (şu zerarly temanyň tamamlanmagy süýşürilýär), soňlamanyň haýal beýan edilmegi («*ýazylan ritenuto*»)[1]. Görnüşi ýaly, şu usullaryň käbiri şol bir wagtda sintaksis hem bolýandyrlar.

N. Rimskiý-Korsakowyň liriki temalarynyň soňunda soňlamalaryň has uly giňligini we owazlylygyny belläp, köplenç, ýazgy bilen görkezilen ritenuto duş gelýär («Sadko» operasyndan Hindi myhmanyň aýdymy, «Şa gelinliginiň» («Царская невеста») II görnüşinden Marfanyň ariýasy, «Ýürek näzikligiň joşgunynda» («В порыве нежности») romansy).

[1] Ýazylan ritenuto adaty ýerine ýetiriliş serişdesinden temalaryň hereketini «gowşadýan» we gutarnykly togtamanyň ýakynlygyny görkezýän soňundaky haýallatmadan gelip çykýar.

Täze materialyň girizilmegini E. Grigiň «Ilkinji duşuşyk» («Первая встреча») pýesasynyň reprizasynda we F. Şopeniň *Des-dur* noktýurnynyň temasynyň üçünji gezek geçirilmeginde görüň.

Tematiki gutarnyksyzlyga pikiriň soňuna çenli eltilmezligi onuň üzülmegi bilen ýetip bolar. Şeýle usul, aslyýetinde, giňelmä garşylykly pudaga degişlidir («gysgalma»), ýöne häzirki ýagdaýda pikir diňe ösüşi başga ýola öwürmek üçin (köplenç – oňa jemleýji häsiýeti bermek üçin) we netijede, pikiri has giň açmak üçin «doly aýdylmaýar». L. wan Bethoweniň op.7. sonatasynyň III bölüminde (Allegro) (2-nji sözlemiň 4-nji we 6-njy taktlarynda) ösüş ulalan işjeňlik bilen täzeden başlanýar, köplenç, ösüşiň bozulmalaryndan soň bolşy ýaly; netijede ikinji sözlem birinjiden iki esse uly. F. Şopeniň *Des-dur* prelýudiýasynda (reprizanyň 2-nji sözleminde) ösüş diňýär we täzelenip, eýýäm koda täsirini göterýär. Ikinji sözlemlerde ösüş arakesmelerine käte A. Skrýabin prelýudiýalarynda ýüz tutýar (op.11 №4 *e-moll* we № 13 *Ges-dur* ser.). Kömekçi partiýalarda «süýşmeler» ýa-da «özgerişler», köplenç, onuň soňky giňelmesi üçin, ýöne eýýäm sazyň täze häsiýetinde, temanyň gysgaldylmagy bilen baglydyr.

Gutarnyksyzlygyň aýratyn görnüşlerini görkezip, şonuň bilen birlikde dürli serişdeleriň bilelikdäki hereketini hem belledik.

Gutarnyksyzlygyň manysyny dogry düşünmek üçin, onuň giňelme üçin diňe serişde ýa-da sebäpdigini ýatda saklamalydyr. Kompozitor giňeltmäni onuň üzülen kadans ýada bitişmedik periodiklik bilen öňünden çözülenligi üçin berenok; tersine, pikiriň ösmegi oňa haýsy-da bolsa bir çeper pikir boýunça zerurlygy üçin ol tamamlanmadan saklanýar: ikinji sözleme birinjiden üstünlik bermäge, düýp manysyny soňky bölüme geçirmäge, täzeden geçirilmede dartgynlylygyň ösüşini görkezmäge wajyp täze element girizmäge isleg.

Käwagt, tersine, giňelme täsirliligi boýunça garşylykly maksatlara gulluk etmelidir. Her bir giňelme dinamiki manyda ösüşi aňlatmaýar. Dinamikanyň gowşamagy, diňme we ş.m. bilen bagly ekstensiw giňelmeler hem bardyr. Olar iňňän liriki, çuňňur pikiri, şahyrana synçylygy beýan edýän saza mahsusdyr. Olar F. Şopende peýda boldular – mysal üçin, *H-dur* (17-nji) noktýurnyň repri-

zasynda, *h-moll* prelýudiýasynda (ikinji sözlem, prelýudiýanyň 13-14 taktlary). Iň aýdyň nusga diýlip op.25 № 7 «duet» etýudy hasaplamak mümkindir (*cis-moll*, girişden soň 1-8 we 9-20-nji taktlary deňeşdiriň). Bu görnüşiň soňky ösüşi A. Skrýabiniň, häsiýeti boýunça synçylykly we beýan edilişi boýunça duetli, käbir prelýudiýalary boldular: op.11 *e-moll*, *Des-dur* hem-de duýgy häsiýeti we ösüşiň görnüşi boýunça olara ýakyn op.11 *E-dur*, *Ges-dur*, *g-moll* we op.17 *b-moll* prelýudiýalar.

Giňelmeleriň ösüş we çylşyrymlylyk derejesi asla deň däldir; W. A. Mosartyň *A-dur* sonatasynyň temasynyň soňuny F. Listiň sonatasynda ikinji kömekçi tema bilen deňeşdirmek ýeterlikdir. Çylşyrymly nusgalarda mydama dogry düşündirme tapmak aňsat däl. Ýalňyşlyklardan gaça durmak üçin, formanyň hemme esasy elementlerine, olaryň ösüşiniň hereketine, tamamlanmazlygyň emele geliş we ony ýeňme usullaryna ünsli seretmelidir.

Giňelmäniň gurluşynyň delillendirilmegi, kanunylygy saz formasyna düşünilmeginiň bir umumy prinsipi bilen baglydyr: göwrümi boýunça ikinji bölümiň birinjiden artyk bolmaklygy sazda ters ýagdaýdan, arhitektonik durnuklylygyň duýgusyny has köp derejede berýär[1]. Ähtimal, bu, wagtda ýaýbaňlandyrylýan sungat hökmünde, umuman sazda güýjeýän ösüşiň tebigylygy bilen baglydyr. Şu prinsip iki bölümiň yzygiderliligini görkezýän formada örän aýdyň duýulýar: iki bölümli formanyň ikinji bölümi örän köp ýagdaýlarda birinji bölüm bilen deňeşdireniňde ulalýar. Şol sebäbe görä ikinji sözlemiň giňeldilmegi bilen periodlar ýeterlik durnukly täsiri berýärler.

Ahyrynda giňelmä berlen kesgitlemä gaýdyp geleliň. Biz umumy göwrümleýin ösüşi saklaýan her bir gaýtalamany giňelme hasaplaýan bolsak, onda esasda ýatan gurulmanyň (periodyň birinji sözlemi) kwadrat bolmagy hökman däldir. Ilkibaşdaky kwadrat däl gurluşy hem giňeltmek mümkindir (W. A. Mosartyň *F-dur* sonatasynyň III b. hem-de N. Mýaskowskiniň *d-moll* sonatasynyň II bölüminiň başlangyç bölegine (24 tt. we 35 tt.) ser.).

Biz göwrümleýin kemelme hadysalarynda olaryň örän az ähmiýetli bolanlygy mynasybetli örän gysga durup geçeris.

[1] Göwrümleriň gysgaldylmagy bilen durnuklylygy nygtamak diňe jemleýji bölümlerde duş gelýär. Olaryň «ýitileşdirýän» gurluşy hemişe öňündäkiniň gysga tassyklanylmagy bilen kanagatlanýar we ösüşiň gutaranlygyny görkezýär.

Eger daşky häsiýetli ösmelerde şol bir materialyň gaýtalanmagy ýa-da täzäniň goşulmagy bolan bolsa, onda kemelmäniň daşky görnüşi soňuň aýrylmagyndadyr.

*Gysgalma* özüni iki hili görkezýär. Garaşylýan soňuň ýerine öňkini «bölýän» («kesýän»), ony gysyp çykarýan (ýa gutarnykly ýa-da wagtlaýyn) başga, gapma-garşylykly saz peýda bolýar. Bu usulyň dinamiki manysy düşnükli (A. Skrýabiniň 2-nji simfoniýasynyň I bölümi, kömekçi tema, 6–7-nji belgiler).

Emma, köplenç, gysgalma täzäni könäniň üstünden goýma bilen baglaşmaýar we berlen temany «açyk» goýýar. Şonuň ýerini aýratyn hem sazyň durnuksyz garmoniýada bes edilmegi zerarly, uly täsirli manyny gazanýan dyngy («gepleýän dyngy») eýeleýär. Tamamlanmazlyk şu ýol bilen ýiti bellenip bilner. 36-njy mysalda orkestrde temanyň «doly çalynmaýanlygy» italýan operasy üçin häsiýetli hakyky teatr usulydyr (orkestr diňe «aýdymçynyň guludyr» we garaşma täsirini döretmelidir):

***36-njy mysal.*** *J. Werdi. «Rigoletto»*




F. Şopeniň «Barkarolasynda» (ortaky bölüm, *A-dur* temasy) açyk liriki heň iň dartgynly pursatda kesilýär (kwartsekstakkordda kulminasiýa), ol diňe kodada soňlanýar.

Kwadratlygyň beýleki bozulmalary ýaly, gysgalma gülkünçlige hem gulluk edip biler (sazyň duýdansyz «ýitmegi»).

Içki ösüş bilen bagly göwrümleýin kemelmäniň görnüşine (we şonuň üçin giňelmä garşylykly), *kemelme* ýa-da *gysylma* diýmek bolar. Ol barada, haçan kwadratlykdan soň göwrümi boýunça gysylan, kwadratlykdan kiçelme tarapa çekilýän beýan etme geçirilende, gürrüň gidip biler. Giňelmede bolşy ýaly, bu, köplenç, periodyň ikinji sözleminde bolýar. Käte kemelme ikinji sözlemde çaltlandyrylan ýa-da temanyň täze geçirilmeginde heň ösüşi bilen (F. E. Mendelson, «Sözsüz aýdym», *fis-moll*, № 12, 1-nji sözlem) ýa-da has önjeýli garmoniki ösüş bilen (37-nji mysal, 5-7-nji taktlarda dominantalaryň hataryna üns beriň) düşünilýär:

***37-nji mysal.*** *F. Şopen. Ballada g-moll*




Käwagt ikinji sözlemiň (ýa-da reprizanyň) kiçi göwrümleri «kwadratlyga getirmegiň», onuň bozulmagyndan soň deňeçerlige getirmegiň netijesidir (L. wan Bethoweniň 1-nji sonatasynyň finalynyň merkezi parçasyndaky we P. Çaýkowskiýniň triosyndan wariasiýalaryň temasyndaky reprizalara ser.).

Indi kwadrat we kwadrat däl gurluşyň alamatlarynyň aýratyn utgaşdyrylmagy bilen tanşalyň. Umumy çäkler boýunça kwadrat (taktlaryň sany boýunça) temalar duş gelýärler, bu temalaryň bölümleri bolsa kwadrat däl. Şeýle gurluş «hyýaly kwadratlylyk» adyny alýar[1].

Onda iki garaşylmadyk ýagdaý bar: mese-mälim kwadrat däl bölümler tötänden kwadrat jeme goşulýarlar (mysal üçin, 5+3=8) we mese-mälim kwadrat bitewi kwadrat däl ululykly deň däl bölümlere bölünýär (F. List, Wals-ekspromt, bu ýerde tansly figuranyň öňünden başlangyç «hereketlenme» döretmek üçin birinji takt, beýleki üç taktdan bölünen). Ýöne beýleki nusgalary şol ýa-da beýleki «polýusa» asla degişli diýmek bolmaýar. 38-nji mysalda kwadratsyzlyk agdyklyk edýär, ýeketaktlyklar ikitaktlyklardan soň ýaň şekilli ýaňlanýarlar we 2+1+2+1+2 gurluş temanyň ikinji geçirilmeginiň gurallamasynda tassyklama alýar, bu ýerde ýeketaktlyklar saýlanýarlar:

[1] I. Ryžkiniň hödürlän adalgasy.

***38-nji mysal.*** *F. Şubert. Simfoniýa C-dur*




Kwadratsyzlygyň agdyklyk etmegi F. Şopeniň op.10 №3 *E-dur* etýudynyň temasynda görünýär, bu ýerde gutarnykly bäştaktlyk üçtaktlyk bilen doldurylýar. M. Glinkanyň Wals-fantaziýasynda *G-dur,* tema has dogrusy, kwadratlyga ymtylýar; onda bütin Wals-fantaziýanyň üçtaktlylygynyň seslenmeleri eşidilýär, emma tutuş dört takta çenli beýan edilen bu parçanyň orta bölümi, kompozitoryň wagtlaýyn kwadratlyga ýakynlaşmak islegi barada aýdýar.

Kwadrat däl gurluşyň görnüşleriniň soňkusy has uly özbaşdaklyk bilen tapawutlanýar, ol öz gelip çykyşy boýunça kwadratlykdan garaşsyzdyr. Oňa «tebigy kwadratlyk» diýilýär. Onuň çäklerinde iki görnüşi tapawutlandyrmak mümkindir «regulýar» («tertipli») we «irregulýar» («regulýar däl»). Olaryň birinjisi kwadratlygy kiçi gurulmalaryň çäginde ýitirýär. Emma kwadratsyzlygyň görnüşiniň özi (mysal üçin, üçtaktlylyk ýa-da bäştaktlylyk üýtgemän galýar; ondan başga-da, kwadrat däl gurulmalaryň sany, köplenç, iň ýokary düzgüniň kwadrat gatnaşyklaryny emele getirýär (mysal üçin, dört üç-taktlar) we şonuň üçin kwadratlygyň duýgusy soňuna çenli ýitmeýär[1]. Şeýle-de bolsa, täklik ýa-da kwadratlyk özüne mahsus täsirini goýup ýetişýär. Şeýle hilli tebigy kwadratsyzlyk regulýar häsiýeti göterýär.

Liriki we aýratyn hem, joşgunly rus aýdymlarynda yzygiderli (saklanan) üç taktly gurluş örän köpdür. Şonuň bilen birlikde tans aýdymlarynda, köplenç, üçtaktlar jübütleýin baglanyşýarlar. Rus aýdymynyň dürli žanrlary üçin üçtaktly gurluşyň häsiýetliligi M. Glinka tarapyndan «Kamarinskaýada» bellenilýär, bu ýerde aýdymlaryň ikisi-de – toý we tans – şeýledir. Üçtaktlyk beýleki halklaryň aýdymlaryna hem özge däldir. Halk aýdymynda saklanan bäştaktlyk beýle köp duş gelmeýär.

Regulýar kwadratsyzlyk professional sazda hem ýaýrandyr. Onuň ähmiýeti her dürli; ol halk sazy we onuň sintaksisi bilen baglanyşy-

[1] Eger şeýle sazy iri taktlarda ýazsak, onda onuň gurluşy kwadrat bolar.

gy barada (P. Çaýkowskiniň 1-nji simfoniýasynyň kömekçi temasyna we F. Şubertiň *Es-dur* sonatasynyň II bölümine, N. Rimskiý-Korsakowyň «Garpamyk» («Снегурочка») operasynda Leliň birinji aýdymyna ser.), beýan edilşiň aýratyn erkinligi, ýönekeýligi barada (Ý. Gaýdn, Sonata № 21, Rondo), kwadratlykdan hereketiň häsiýetinde üznüksizligiň we gutarnyklylygynyň has uly derejesi barada (M. Glinkanyň «Wals-fantaziýasy, F. Listiň № 3, «Söýgi hyýallary» («Грезы любви»), skerso kapriççoiolyk ýa-da täsinlik barada (I. Bramsyň op.119 № 4 Rapsodiýasy, P. Çaýkowskiniň «Çerewiçkilerinden» Solohanyň we şeýtanyň dueti (Дуэт Солохи и черта) güwä geçýär.

Biziň tanyş bolan professional saz nusgalarymyzda käbir häsiýetli stilistik alamatlar duýulýar. XIX asyryň daşary ýurt kompozitorlarynyň arasynda tebigy kwadratsyzlyga F. Şubert hem I. Brams aýratyn höwes bildirdiler. Halk sazy bilen baglanyşykdan daşary, bu ýerde stiliň özbaşdak häsiýetleri ýüze çykýar: F. Şubertde – iň ýönekeý kwadrat formulalar we olardan her dürli yza çekilmeler deň hukukly hökmünde özleşdirilýän pikiriň, ýönekeýligiň we täzeligiň şeýle derejesi. I. Bramsda bolsa kwadrat formalaryň iň ýokary gutarnyklylygyndan we bir boluşlylykdan oýlanyşykly azat edilmäge meýil bar.

P. Çaýkowskiý üç taktly gurluşda ýaşyrylan liriki täsirliligiň mümkinçiliklerini giňden ösdürdi, şu täk düzüme potensial mahsus bolan uly ýumşaklyk zerarly üçtaktlygy şeýle düşündirmek mümkin boldy[1].

Kompozitoryň saýlan gurluşynyň görnüşi käte bütin pýesalara ýa-da uly bölümlere ýaýraýar. Mysal üçin, I. Bramsyň *F-dur* № 3 Wenger tansy, uly göwrümde bolsa – M. Glinkanyň Wals-fantaziýasy, onuň hemme temalary diýen ýaly üç taktly; belki, M. Glinkanyň özboluşly hyýaly jemlenen wals hereketini iki esse – ýönekeý taktlarda we iň ýokary derejeli taktlarda – bermekdedir. A. Skrýabin hem öz op.38, walsynda şol ýol bilen gidýär, bu ýerde «goşa walsyň» prinsipi başdan soňuna çenli saklanýar. P. Çaýkowskiniň Üçünji sýuitasyndan

[1] P. Çaýkowskiden öň şeýle düşündirmegiň mümkinçiligine diňe duýdurmalar bardy, mysal üçin F. Listiň «Söýgi hyýallarynda», («Грезы любви»), *Des-dur* etýudynda, «Söýgüniň gimninde» («Гимн любви»), hem-de M. Glinkanyň Wals-fantaziýasynyň baş temasy barada ýatladalyň.

Elegiýanyň birinji bölüminiň melodikasy bütinleý diýen ýaly üçtaktlykda döredilen.

L. wan Bethoweniň 29-njy sonatasyndan täsin skersosynyň çetki bölümleri üçin ýedi takt esasy kada boldy, R. Şumanyň «Halk stilindäki pýesalary» («Пьесы в народном стиле») (№ 2) üçin bolsa ýeke-täk kada boldy.

Regulýar däl kwadratsyzlyk ilki bilen halk aýdymynyň aýratynlygydyr. Onuň alamatlary – bitewiniň kwadrat däl ululygy we bölümleriň deň bolmazlygy; olara, elbetde, kiçi göwrümiň şeýle ýagdaýy hem degişlidir – taktlaryň deň bolmazlygy, ýagny metriň üýtgemekligi goşulýar. Bu alamatlaryň hemmesi bir-biri bilen her dürli baglanyşýarlar.

Regulýar däl kwadratsyzlyk halk aýdymlarynda gurulmalaryň ululyklaryny berlen gurulmada ülüşleriň umumy sany boýunça, köplenç, ölçemek bolýar, sebäbi taktlar deň däl, käte bolsa metr pulsirleme hem örän aýdyň däl.

Irregulýar kwadratsyzlyk käbir ýagdaýlarynda kompensasiýanyň özboluşly prinsipi ýöreýär: bir bölümiň kwadrat ýa-da jübüt ululykdan näçe kiçi boldugyça, şonça-da beýleki bölüm şu ululykdan uludyr.

Geçmişiň professional sazynda biz eýýäm irregulýarlyga ýakynlaşmany gördük. Göwrüm metr irregulýarlygy häzirki zaman sazynda has giň ýüze çykýar, aýratyn hem heň-tematik ösüşiň erkinligi, dowamlylygy, üznüksizligi bilen bagly, pikiriň ýaýbaňlandyrylmagynyň polifonik usullaryna ýakyn ugurlarynda ýüze çykýar. Iň görnükli nusga – D. Şostakowiçiň döredijiligi:

***39-njy mysal.*** *D. Şostakowiç. 5-nji kwartet*




5-nji kwartetiň Andantesiniň labyzly rus aýdymyna ýakyn saldamly labyzly temasy ýedi taktdan durýar, ol ýerde dört sapar ölçeg üýtgeýär; onuň gurluşy – bölünmäniň erkin görnüşi (13 çärýekler;

6 çärýekler, 5 çärýekler) (hem-de 3-nji kwartetden Adagionyň temasyna, 10-njy simfoniýanyň finalynyň introduksiýasyna, 7-nji simfoniýanyň skersosynyň birinji periodyna ser.).

Irregulýar kwadratsyzlyk Bela Bartogyň döredijiliginde uly rol oýnaýar; onuň gözbaşy wenger, rumyn we başgalarynyň halk döredijiliginiň nusgalarynyň öwrenilmegi we täzeden işlenilmegi boldy. 40-njy mysalda biz umumy ululykly kwadratsyzlyk hem, deň däl böleklere bölünmege hem, ölçegleriň ençeme gezek çalyşmagyna hem duş geleris:

***40-njy mysal.*** *B. Bartok.«Rumyn roždestwo aýdymlary», № 4*




I. Strawinskiniň sazynda irregulýarlyk örän giň görkezilen. Onuň esasynda doly metroritm erkinligiň talapy ýatyr. Taktlaryň ölçegi dyngysyz üýtgäp durýarlar, olar bilen bolsa gurulmalaryň ölçegleri hem üýtgeýärler. Tematiki tarapdan bu motiwleriň ýa gysylan, ýa-da süýnýän sansyz modifikasiýalarynda görünýär; tematik ösüş her dürli özgerişler we bökdençlikler bilen bol bolýar. «Strawinskiý saz eserleriniň gurluşynyň deňmetrliliginiň we kwadratsyzlyk nusgawy prinsipleri bilen has yzygiderli göreşen kompozitordyr»[1].

Tebigy kwadratsyzlyk diňe aýratyn bölümiň ululygy, olaryň içki gurluşy bilen bildirmän, eýsem olaryň arasyndaky gatnaşygyň görnüşi bilen hem görkezilýär: eger her bölüm öz-özünden kwadrat bolmasa, onda olaryň sany bitewiniň kwadratsyzlygyna getirer (mysal üçin, iki taktdan ýa-da dört taktdan üç gurulmalar). Şeýlelikde, gatnaşyklaryň kwadratsyzlygy döreýär. Onuň iň möhüm ýagdaýy – üç sözlemlerden durýan period. Üçünji sözlem käte goşulma ýa-da giňeltme hökmünde peýda bolýar we şu ýagdaýda esasan ikinji sözlemiň sazyny gaýtalaýar

[1] *A. Alşwang* Балет «Петрушка» Стравинского. М.,1965.

(L.wan Bethoweniň 8-nji simfoniýasynyň I bölüminiň baş partiýasy, 8-nji sonatasynyň finalynyň baş partiýasy; W. A. Mosartyň «Figaronyň toýy» («Свадьба Фигаро») operasyndan Figaronyň «Çakgan oglan» («Мальчик резвый») ariýasynyň birinji periodyna ser.).

Ýöne üçünji sözlemi özbaşdaklyga eýe bolan periodyň görnüşi has gyzyklydyr; diňe şu görnüşi tebigy kwadratsyzlygyň pudagyna degişli diýmek mümkindir. Şeýle periodyň tematik ösüşiniň mümkinçilikleriniň köpdürliligi bardyr. Bu ýerde gaýtalama gurluş hem onuň arassa görnüşinde duş gelýär (L. wan Bethowen, 24-nji sonata, II bölüm, 12 taktdan durýan başlangyç period; F. Şopen, *E-dur* prelýudiýa).

Şonuň bilen birlikde adaty period üçin täze gaýtalama gurluşyň wariantlary hem tebigydyr. S. Prokofýew XVI «Pursatlarynyň» reprizasynda özboluşly meseläni çözdi: üç heň taýdan meňzeş sözlemler dowamly ýitip gitmegiň görnüşini berýärler (*f, p, pp* + Meno mosso), onuň her döwri täze garmonik beýan etme bilen bellenen (*C-dur*, *a-moll*, *e-moll*).

Gurluşyň başga bellibir derejede çylşyrymly prinsipleri hem duş gelýärler. «Mosartyň improwizasiýasynda» (N. Rimskiý-Korsakow, «Mosart we Salýeri», 22-nji belgi) sözlemler diňe umumy häsiýetlerde meňzeş. Ikinji sözleme durnuksyz orta bölümiň häsiýeti berilýär (D we S tonallyklary), oňa zerarly üçünji sözlem reprizalylygyň öwüşginini alýar. S. Prokofýewiň «Nusgawy simfoniýasyndaky» («Классическая симфония») gawotda sözlemleriň meňzeşligi tematiki ösüşiň belli erkinligi bilen baglaşýar, üstesine-de üçünji sözlem birinji sözlemiň ikinji jümlesi bilen meňzeş we şonuň üçin hem reprizalylygyň elementini girizýär. W. A. Mosart Kerubinonyň «Ýüregi tolgundyrýar» («Сердце волнует») ariýasynda periody üçbölümlilige başgaça ýakynlaşdyrýar: çetki sözlemleriň meňzeş tamamlamalary bar, munuň tersine, ortaky sözlem, orta bölüme mahsus bolşy ýaly, biraz gapma-garşylykly bolýar we şonuň bilen birlikde gurluşy boýunça açyk (sekwensiýanyň iki hatary); W. A. Mosartyň bu ýerde kwadrat periody döredýän çetki sözlemleri gös-göni birleşdirip we ikinji sözlemi düýbünden göýberip, orkestr girişinde temanyň gysga wariantyny bermegiň mümkindigini hasaplany örän gowudyr.

I. Bramsyň *g-moll* Wenger tansynyň ikinji periodynda gaýtalanmaklyk gapma-garşylykly tamalama bilen bitirilen («üçünji gezek üýtgeme» prinsipi boýunça). Gaýtalanmaýan gurluş – L. wan Bethoweniň 27-nji sonatasynyň baş partiýasynda; birinji iki sözlem özara gapma-garşylykly (jogap berýän «ýaň» bilen gysga dogumly motiwler – hyjuwlar – we ýakymly, owazly heň); ozalky iki sözlemleriň elementlerini birleşdirip, üçünji sözlem periody sintetiki tamamlaýar[1].

Eger başlanyşy boýunça meňzeş birinji iki sözlemler özara gapma-garşylykly dowamlara getirse, üçünji sözlem bolsa hemme gapma-garşylykly bolýan elementleri birleşdirse, sintez prinsipi gaýtalama gurluş hökmünde ýönekeý esas bilen bilelikde ýerine ýetirilip bilner. N. Rimskiý-Korsakow «Şa gelinliginiň» («Царская невеста») uwertýurasynyň baş partiýasynda şeýle edýär: hemme sözlemleriň başlangyç sekiz taktlary esasynda meňzeş, ýöne olaryň ikinji bölümleri örän tapawutly – ilki oýun äheňinde, soňra gaýgynyň we howpuň häsiýetinde; jemleýji sözlem bolsa, iň dartgynly, sintetik ähmiýete eýedir.

Gurluşyň gaýtalanmazlygy hemme üç sözlemleriň tematik tapawutlylygynda (abc) maksimaldyr. Şeýle görnüşe R. Şumanyň «Bagyşlama» («Посвящение») we E. Grigiň «Gaýykda» («В челне») aýdymlarynyň başlangyç periodlary ýakynlaşýarlar, olar üçin tekstde käbir sebäpler bar.

Biz meňzeş we meňzeş däl sözlemleriň arasyndaky gatnaşyklaryň dürli görnüşlerini görýäris: gaýtalanmagyň yzyndan gapma-garşylyk (aab), gapma-garşylygyň yzyndan gaýtalanmak (aba), gapma--garşylygyň yzyndan birleşme (aba/b), umumy gapma-garşylyk (abc). Şeýlelikde, üç sözlemden ybarat bolan period (ýa-da käte oňa «Üç bölümli period» diýýärler) saz pikiriň formasyny, adaty periodyň kyn amala aşyrýan, hatda ýerine ýetirip bilmeýän mümkinçilikleri bilen baýlaşdyrýar.

[1] Üçünji sözlemiň soňlaýjy funksiýasy registr seslenmeler arkaly – tipik «hoşlaşyk» usul bilen aýdyň bellenilen. Şonuň üçin L. wan Bethowen bu tamamlamany sonatanyň bütin I bölümi üçin saklaýar (koda ser.).

## § 6. Period bütin eseriň formasy hökmünde

Periodyň käwagt kiçiräk özbaşdak eseriň formasyny emele getirýändigi eýýäm bellenilip geçildi. Bu, haçanda eser dürli keşpleriň deňeşdirilmegini, gapma-garşylygyny bermän, diňe bir saz keşbiniň beýan edilmegi bilen çäklenende mümkindir. Başga şert – ýönekeý iki ýa-da üç bölümli formanyň ortasyna kybapdaş ösüş häsiýetli aýrybaşga, özbaşdak bellenen orta bölümiň ýoklugy. Periodda, biziň bilşimiz ýaly, ösýän bölüm bolup bilýär; ýöne ol ýa orta bölümiň ýerini tutmaýar (her bir sözlemiň soňky ösüşi bolup gulluk edýär) ýa-da özbaşdak ähmiýetli aýratyn bölüme taýýar bolmaýar (ýerleşmeýär). Periodyň formasy diňe käbir kiçi žanrlaryň eserleri üçin ýeterlik bolsa gerek. Wokal sazda – bu aýdym, romans, emma has köp aýdymlaryň diňe bir bendi period formasynda ýazylýar[1]. Instrumental sazynda – bu prelýudiýalar we olara ýakyn miniatýuralar.

Period bütin eseriň formasy hökmünde umuman perioda mahsus bolan esasy kanunalaýyklyklary saklaýar. Ýöne şu umumylyk bilen birlikde bellibir derejede period-bölüm we period-bitewini aýdyňlaşdyrmaga ýol berýän alamatlar hem bardyr.

Keşp tapawutlylyklarynyň umumylaşdyrýan häsiýetlendirmesini bermek kyn, sebäbi köp zat berlen periodyň degişli žanryna we stiline baglydyr. Ýogsa-da, köp bitewi periodlar bitewiniň diňe bölejigini düzýän «kärdeşlerinden» uly ähmiýetlilik bilen tapawutlanýarlar; emma başga tarapdan, sonata-simfoniki eserdäki periodlar (baş partiýalar, köplenç – kömekçi partiýalar hem) bitewi periodlaryň köp böleginden çuňluk we ösüşiň hereketi boýunça has ýokary bolýarlar.

Gurluşda we ösüşde bolan tapawutlary häsiýetlendirmek has aňsatdyr. Köplükde alnan periodlar-bölümler period-bitewi eserler bilen deňeşdireniňde az ýaýrandyr. Olaryň arasynda kwadratlylygyň bozulmagynyň köp mysallaryny tapyp bolsa-da – kwadrat periodlaryň

---

[1] Käte wokal eserlerde period iki sany bendiň utgaşyklygynda emele gelýär (E. Grig, «Şahyryň ýüregi» («Сердце поэта»), S. Rahmaninow, «Uky» («Сон»).

gutarnykly formalar hökmünde däl-de, has uly bitewiniň bölegi hökmünde has-da häsiýetlidigini nygtamak bolar. Eserleriň başlangyç periodlary örän kän modulirlenýärler, tersine bitewi periodlar bolsa – üýtgeýän – perde halk heňlerinden özge – hemişe diýen ýaly bir tonallykly, ýagny durnuklydyr. Biziň bilşimiz ýaly, giňden ösen soňlamalar (goşulmalar) başlangyç periodlarda duş gelýän hem bolsa, olar üçin gaty häsiýetli däldir[1].

Mazmuny boýunça has ähmiýetli period-bölümleriň nusgalarynda, ýagny eýýäm aýdylyp geçilen sonata – simfoniki temalarynda, köplenç, häsiýetli hadysany görmek mümkindir: güýçli dartgynlylygyň ýagdaýynda geçýän wakalaryň bollugynyň, baýlygynyň, köpdürlüliginiň – olara «goýberilen» wagtyň azlygynyň formanyň her hili hem bolsa gysgalygynyň arasyndaky belli garşylykdyr. Mysal üçin, L. wan Bethoweniň 3-nji we 5-nji simfoniýalaryndaky, 5, 11, 17, 27-nji sonatalaryndaky baş partiýalaryň periodlary şeýledir; bu garşylyk öňe sürýär, ýagny dowamy talap edýär, ony hökmany edýär.

Indi bolsa garşylykly ýagdaýa ýüz tutalyň. Eger-de, mazmunynyň aýratyn ähmiýetliligi bilen, ösüşiň baýlygy, formanyň uly möçberliligi bilen saýlanmaýan «ýönekeý» periody göz öňünde tutsak, onda ol diňe seýrek kadadan çykma ýaly bütin eser hökmünde ýerlikli bolar.

Şunuň bilen şeýle netijä gelmek mümkin: period iki garşylykly ýagdaýda, haçan-da ol waka bilen «aşa doýgun» bolsa soňky ösüşi talap edýän gapma-garşylygy bar bolsa, ýa-da haçan-da ol, tersine, örän ähmiýetsiz we ösen däl bolsa, haçan-da ol aýratyn, gutarnykly eser üçin örän az çeper gymmatlyk bolanynda - özbaşdak eser bolup bilmeýär. Iki ýagdaýda-da olaryň yzyndan käbir dowamlama gelmeli.

Indi bolsa period-bitewiniň häsiýetli alamatlarynda durup geçeliň.

Özbaşdak eser hökmündäki periodlaryň arasynda gaýtalama gurluşly periodlar gürrüňsiz hökümdarlyk edýär, gaýtalanmaýany az duş gelýär. Emma gurluşyň gaýtalanmasy özüni onuň iň ýönekeý formalarynda görkezmeýär.

---

[1] Bu düzgünden aýdyň kadadan çykmany görkezeliň: nusgawy konsertleriň rondo-sonata finallaryndaky baş partiýalar örän aýratyn bellenilip we erjellik bilen goşulmalar bilen tamamlanýarlar. Sonatalaryň finalynda bu biraz kem derejede duýulýar.

Haýsy ýollar bilen periodyň ujypsyz çäklerinde içki ösüşi güýçlendirip bolar? Muňa formanyň umumy ösmegi bilen ýagny, dowamlylygy boýunça uly periodyň döredilmegi bilen ýetip bolar. Käbir ýagdaýlarda ol şeýle hem bolýar: mysal üçin, F. Şopeniň uly dinamiki we hereketli dogumlylygy bilen *b-moll* prelýudiýasy (aýratyn hem ikinji sözlemde), op. 25 *gis-moll* etýudy – göwrümi boýunça örän uly nusga (üç sözlem, umumy dowamlylygy 63 takt, olaryň «dykyz» doldurylmagy bilen), A. Lýadowyň uly, has inçe-nepis heň ösüşi bilen op. 11 *h-moll* we op.10 *Des-dur* prelýudiýalary; E. Grigiň «Şahyryň ýüregi» («Сердце поэта») aýdymynda period giňden ösýär, onda birinji sözlem tekst boýunça uzak ýaýbaňlandyrylýan soragy, ikinji sözlem bolsa – ondan hem uly göwrümli jogaby içine alýar. Soňky iki eserde biz ösüşiň häsiýetli ýagdaýyny görýäris: meňzeş sözlemleriň uly göwrümlerinde esasy tematiki materialyň beýan edilişi sözlemiň diňe başlangyç bölegini eýeleýär (onuň birinji ýarymyny, ýa-da şondan hem kiçi), olaryň her biriniň ikinji ýarymy bolsa üç bölümli formanyň ortasyny ýada salýan uly, örän giňden ösýän bölümlerdir. Şonuň üçin, köplenç, bütin eseriň formasy hökmünde period iki sany ýaýbaň, umuman meňzeş we ululygy boýunça takmynan deň sözlemlerden ybaratdyr.

Ýöne başga, aýratyn uly göwrümi talap etmeýän ýol has ýaýrandyr. Ösüşiň iki döwrüni deňeşdirmek ýoly bilen köp netijeler gazanylýar: olaryň birinjisi, başlangyç, aram herekediň we kadaly gurluşyň çäklerinde ýerleşýär, ikinji bolsa dinamiki we gurluş tarapyndan bu çäkleriň daşyna çykýar. Bu ýerde bize gowy mälim bolan ikinji sözlemiň giňeldilmeginiň göz öňünde tutulýandygyny aňmak kyn däldir. Bitewi eserlerde kwadrat periodlar örän seýrekdir we tersine, giňeltmeli period-bitewini özboluşly kada diýlip hasaplamalydyr[1]. Ondan başga-da, umuman, giňeltme görnüşiň özi aýratyn ähmiýetlilik bilen tapawutlanýar; bu giňeltmäniň göwrüminde hem, olaryň hereket derejesinde hem, käte bolsa – olaryň keşp we gurluş taýdan

[1] Kwadrat ýönekeý periodyň formasynda ýazylan pýesanyň seýrek duş gelýän mysaly – F. Şopeniň *A-dur* prelýudiýasy.Çylşyrymly perioda R. Şumanyň «Karnawalyndan» «Replika» ýakynlaşýar (ol hem kwadrat). Goşulmaly ýönekeý kwadrat period hökmünde P. Çaýkowskiýniň «Säher oýlanmasy» («Утреннее размышление» («Çagalar albomy»)) beýan edilendir.

çylşyrymlaşdyrylmagynda hem ýüze çykýar (A. Skrýabiniň op.17 № 1, op. 37 № 1, op.11 № 9 prelýudiýalary).

Biz giňeltme bilen bagly ösüşiň çylşyrymlaşdyrylmagy barada aýdyp geçdik. Käwagt ösüşde käte bellibir derejede bir-birine garşylykly aýratyn, manysy boýunça her dürli döwürler ýüze çykýarlar. Eger ikinji sözlemiň giňeldilmegi birinji sözlemiň görkezen ýolundan çetde dursa, sözlemleriň arasynda tapawut döräp biler. Mysal üçin, F. Şopeniň *h-moll* prelýudiýasy. Ýöne tapawut ikinji sözlemiň içinde hem döräp biler. A. Skrýabiniň prelýudiýalarynda (esasan – haýal) ikinji sözlemiň ösüşi, köplenç, arasy üzülýän häsiýeti göterýär, dinamiki we depgin ugurlarynyň çalyşmagy ýüze çykýar (11-nji opusda №№ 4, 8, 9, 13, 15, 22).

Emma tematiki ösüşiň ähmiýetliligi, aktiwligi giňeltmelerden garaşsyzlykda hem bolup bilerler. Ol özüni ösüşiň dowamynda materialyň önjeýli üýtgemegi bilen görkezýär. Bu ýerde (esasan – parahat-liriki sazda) asuda hemişelik täzelenme mümkindir; M. Balakirewiň ýakyn, ýöne üýtgeşik bäş sany periodiklikleriniň gatlaklanmasy hökmünde gurlan «Gülleriň arasynda» («Среди цветов») romansy şuňa mysal bolup biler.

Umuman, wokal sazda gapma-garşylyk bilen däl-de, erkin wariantly gaýtadan işleme bilen bagly tematiki täzelenme köp bolýar. Ol N. Rimskiý-Korsakowyň «Ýaň» («Эхо») romansynyň ikinji sözleminde bar. Instrumental periodda erkin-wariantly ösüşiň nusgalary hökmünde D. Şostakowiçiň käbir prelýudiýalary (mysal üçin, op.34 №1 we №23) bolup bilerler.

Aslynda dinamiki ösüş (giňeltme bilen bagly bolmadyk) periodlarda-eserlerde hem-de bentlerde özüni aýdyň görkezýär. Has hem bu dartgynly ýokary täsirli kulminasiýalaryň emele gelmeginde täsir galdyrýar. F. Şubertiň «Sabyrsyzlyk» («Нетерпение») aýdymynda bendiň gaýtalamasy bolan ikinji sözlem, «Men ömürlik seniňki bolaryn!» («Твоим я вечно буду!») sözler bilen bellenen, hyjuwly kulminasiýadyr.

Dinamiki ösüşiň ajaýyp nusgasy A. Skrýabiniň op. 33 № 3 prelýudiýasydyr.

Eger-de başga formalaryň alamatlaryny alyp periodyň gurluşy kynlaşýan bolsa, eger iň ýokary formalara çykyş göz öňünde tutulýan bolsa, içki ösüşiň mümkinçilikleri giňelýär. Dogrusy, period-bölüm hem şeýle mümkinçiliklerden mahrum däl, olaryň iň beýigi – sonata ekspozisiýasyna ýakynlaşmakdyr; şonuň üçin şu alamat barada period-bitewiniň özüne mahsus bolan häsiýeti diýip bolmaýar. Şonuň bilen bilelikde, şeýle baýlaşdyrma her niçik-de bolsa period-bitewülik üçin has häsiýetlidigi gürrüňsizdir. Iki bölümli gaýtalama formanyň alamatlaryny A. Skrýabiniň op. 11 № 17 *As-dur*, op.16 № 4 *es-moll* prelýudiýalarynda tapmak mümkindir. Eger-de periodyň üç sözlemi bar bolsa – ikinji ortalygyň häsiýetini aňsatlyk bilen özüne alýan bolsa (F. Şopeniň *E-dur* prelýudiýasy, *gis-moll* etýudy, S. Rahmaninowyň «Men onuň ýanynda boldum» («Я был у ней») we «Men söýdüm» («Полюбила я») romanslary), käwagt ýönekeý üçbölümliligiň alamaty döreýär. Orta bölümi ýada salýan başga hili alamat uly durnuksyz ösýän bölüm hökmünde birinji sözlemiň ikinji ýarymynda peýda bolýar, muny E. Grigiň «Şahyryň ýüregi» («Сердце поэта») aýdymynda synlamak mümkin.

Sonata formasynyň (işlenilme bölümi ýok) alamatlary A. Lýadowyň *h-moll* prelýudiýasynda ornaşýar, onda sözlemiň içinde iki sany tematiki elementiň örän uly gapma-garşylygy bar; tonal gatnaşyklar tematiki tapawutlylyk bilen bilelikde hem sonatalygyň elementini girizýärler. Keşp öwüşginleriniň tapawutlylygy we temanyň bölegini ilki bilen durnuksyz, soňra bolsa durnukly tonal beýan etmede eşidiş mümkinçiligi, elbetde eseri baýlaşdyrýar.

Eger-de period-bölüm sonata ekspozisiýasyna ýakynlaşyp bilýän bolsa, onda period-bitewiniň ekspozisiýanyň we gaýtalamanyň alamatyny alyp ondan has çuňlaşýandygyny belläp geçeliň.

Aýdylan ösme usullar XIX asyryň soňunyň – XX asyryň başynyň liriki we liriki-dramatiki keşpleri bilen has hem baglanyşyklydyr. Başga mazmunly miniatýuralar üçin (meselem, B. Bartogyň halk temalaryna ýazylan pýesalary, onuň «Mikrokosmos» ýygyndylary şeýledir) olar örän az häsiýetlidir, periodyň görnüşi bolsa şu sebäpli hem hereketlidir.

Period-bitewide içki ösüşden gutarnyklylygyň berkidilmegine, jemlenmegine, beýgelmegine geçeliň. Bu ýerde umuman bütin eserleri tamamlamak üçin adaty usullar hereket edýär. Ösen tamamlaýjy gurluşlar we usullar häsiýetlidir. Käte ululygy boýunça üstüni ýetirýän bölüm-period bilen deňeşdirilýän uly we özbaşdak goşulmalar – kodalar wajyp rol oýnaýarlar (mysal üçin, A. Skrýabiniň op.11 № 11 prelýudiýasynda goşulmanyň 15 takty esasy bölümiň 24 taktyndan soň berilýär). Aýdymlarda we romanslarda fortepiano goşulmanyň-instrumental bölegiň wajyplygy onuň seslenmesiniň wokal bölümine bolan gapma-garşylygy bilen güýçlenýär (mysal üçin, M. Glinkanyň «Bagrym ýanýar» («В крови горит») romansy). Wokal eserleriň instrumental çarçuwalary has köp derejede olaryň tamamlananlygyny belleýär. Ýöne şol bir maksada has seýrek wokal çarçuwasy hem gulluk edip biler (S. Rahmaninowyň «Men söýdüm» («Полюбила я») romansy). Goşulmalara käte jemleme, gaýtalama häsiýeti berilýär (E. Grigiň «Seni söýýärin» («Люблю тебя») aýdymyna ser.).

Goşulmalaryň tamamlaýjy ukybyny artdyrmak kyn. Eseriň başynda goşulmasyz berlen we eseriň soňunda goşulma bilen berkidilen (käwagt bolsa – häsiýeti boýunça goşulma ýakyn giňeltme bilen) şol bir tema gutarnyklylygyň örän dürli derejesi bilen ýaňlanýar. Muňa L. wan Bethoweniň käbir temalarynyň mysalynda göz ýetirip bolar (2-nji sonatanyň skersosynyň, 11-nji sonatanyň menuetiniň, 8-nji we 25-nji sonatalaryň haýal bölümleriniň başlangyç temalaryna ser.). Aýdylanlar bütin eserleriň goşulma-kodalaryna hem has köp derejede degişlidir.

Jemleýji kadanslar örän ýaýbaň bolýarlar; F. Şopeniň *G-dur* prelýudiýasynda, mysal üçin, T –D→S–S–D–T kadans bütin ikinji (giňeldilen) sözlemi eýeleýär.

Beýleki ýagdaýlarda kadanslar şonça giň ösen däl, emma fakturasy bilen tapawutlandyrylan we böleklenilen, bu bolsa olara aýratyn üns çekdirýär.

Haýallatmanyň hem-de seslenmäniň fermato bilen «kadadan ýokary» uzaga çekmeginiň üsti bilen soňlamalary nygtamagyň ýerine ýetirijilik usullary öz manysy boýunça diňleýji üçin hökmanylyga çenli diýen ýaly adaty we aýratyn görnüp durýandyr. Käte haýallatma ýazylan ritenuto we fermato bilen güýçlenýär.

Ahyrynda, her dürli üstüni ýetirýän bölümler arkaly period-bitewi eserde formanyň ulalýandygyny, üstüni ýetirýän bölümleriň rolunyň neneňsi wajypdygyny görkezýän mysaly getireliň. S. Prokofýewiň «Pursatlar» («Мимолетности») toplumynyň XVII pýesasy iki sözleme-de girişli, olaryň ikinjisine baglaýjyly we biraz uly kodaly gaýtalama gurluşly period hökmünde ýazylan; bilelikde alnanda olar sözlemleriň öz dowamlylygyndan artyk gelýärler.

Periodlaryň-bitewi eserleriň özboluşlylygyny görkezýän näçe subutnamalar getirilse-de, olara artyk baha bermekden herniçik-de bolsa saklanmalydyr. Olary absolýut, bir-birine geçmeýän diýlip hasaplap, bölüm hökmündäki we bitewi hökmündäki periodlaryň tapawutlaryny artdyrmaly däldir. Aýdylanlardan, period-bitewä mahsus bolan ösüşiň we tamamlamanyň köp serişdeleri period-bölümde hem käbir çäklerde ulanylýandygy mese-mälimdir. Öz gutarnyklylygy boýunça käbir period-bölümleriň period-bitewilerden az tapawutlanýandygyny-da aýdalyň (mysal üçin, P. Çaýkowskiýniň «Güýz aýdymynyň» («Осенняя песня») birinji periody). Esasan hem bu uly goşulmaly periodlara degişlidir. W. A. Mosartyň *F-dur* sonatasynyň baş partiýasy barada ýatladalyň. A. Skrýabiniň op.3 № 7 (*e-moll*) mazurkasynda bolsa, özüçe örän gutarnykly we üstesine-de ýaýbaň we örän täsirli «sözsoňy» bilen üpjün edilen onuň birinji periodynyň näme üçin aýratyn eser hökmünde bolup bilmeýändigini görkezmek örän kyn bolardy; edil şeýle ýagdaý – A. Skrýabiniň op.10 № 2 ekspromtynda-da bar.

Munuň tersine, käbir özbaşdak eserleri we period-beýtleri iki, üç bölümli formalaryň birinji bölümleriniň rolunda ýa-da gaýtalamalaryň rolunda göz öňüne getirip bolar (mysal üçin, F. Şopeniň *A-dur* prelýudiýasy, E. Grigiň «Ol şeýle ak» («Она так бела») aýdymy).

Jemini jemlänimizde, period-bitewiniň özi üçin iň ýakyn formalara we adaty žanrlara bolan gatnaşygyna degip geçeliň.

Period-bitewi, period-bölümden (simfonizirlenmedik görnüşi), görnüp durşy ýaly, ösüş we tamamlama prosesleri üçin has amatly esas bolup durýar. Beýleki tarapdan, period-bitewi ýönekeý iki ýa-da üç bölümli formalardan ösüşiň birneme az (köp ýagdaýlarda) derejesi, emma – has bitewüligi bilen tapawutlanýar: ösüş häsiýetli bir temaly ýönekeý formada bitewülik nähili uly bolsa-da, onuň bölümleriniň

arasyndaky çäkler periodyň içindäki gurluşlarynyň arasyndaky çäklerinden formany has köp bölekleýärler.

Şeýlelikde, period-bitewi belli manyda period-bölüm we ýönekeý iki, üç bölümli formanyň arasynda aralyk orny eýeleýär.

## § 7. Periodyň taryhy ösüşine gysgaça syn

Periodyň döremegi, köplenç, gomofoniki saz temasynyň şekillenmegi bilen ýakyn baglydyr. Sazyň haýsy pudaklarynda tema öň kesgitlenen bolsa, şoňa görä period hem ir dörändir. Bu ilki bilen halk sazyna, köpçülikleýin sazlarynyň durmuşy žanrlaryna degişlidir. Heň keşbiniň aýdyňlygy, ýeterlik uzaklygy, tamamlamanyň barlygy – şu alamatlaryň bolmagynda period barada ýa-da hiç bolman-da, eýýäm uzak taryhy döwürleriň sazynda perioda ýakyn formalar barada gürrüň etmek mümkin:

***41-nji mysal.*** *a) Aýdym (IX-XI aa.)*




*b) Rondonyň heňi (XII-XIII aa.)*




***42-nji mysal.*** *Adam de la Gal (1240-1287). «Roben we Mariondan» heňi*




XIV–XVI asyrlaryň polifoniki sazynda hem perioda ýakyn formalar duş gelýär. Ýaňy aýdylan gadymy gomofoniki temalarda has ir

zamanlarda hem perioda ýakynlygynyň barlygy üçin, polifonik saza hut şunuň ýaly gadymy gomofonik heňlerinden period formasynyň geçendigini çak etmek mümkindir.

Periodyň professional sazda birneme ösen, intonasiýa we gurluşy boýunça jemlenen pikiri beýan edýän has kiçi gutarnykly forma hökmünde kesgitli tassyklanmagy XVII–XVIII asyrlara degişlidir. Bu döwürde, soňky gelýän döwürlerde bolşy ýaly, ýönekeýlik we çylşyrymlylyk derejesi boýunça, göwrümi boýunça, gutarnyklylyk derejesi boýunça dürli-dürli periodlar bir wagtda bolupdyr. Bir tarapdan, aýdym-tans sazynda kiçiräk, köplenç, kwadrat, kadensiýalaryň sada baglanyşygy bilen, wajyp bolmadyk tematik ösüşli iň ýönekeý periodlar bolluk edýär:

***43-nji mysal.*** *Ž. L. Ramo. 2-nji sýuitadan Mýuzett*




Beýleki tarapdan, gysga beýan edilen gomofoniki tematik materialyň we gomofoniki fakturanyň polifoniýadan gelýän üznüksiz ösüşiň usullary bilen baýlaşdyrylmagy netijesinde uly periodlar emele gelýärler. Şeýle «ýaýbaňlandyrma görnüşli perodlar» barada eýýäm aýdylyp geçildi.

Wena klassyklarynda-da periodyň dürli görnüşleriniň diapazony uludyr. Gaýtalama gurluşly iň ýönekeý periodlar bilen birlikde, köplenç, bitewi gurluşly, çylşyrymly gurlan uly periodlar – «simfoniki periodlar» – döreýärler. Tematiki material aýdym we tans bilen ýakyn bagly, düzümi boýunça ýönekeý we uly däl periodlary köplenç ornaşdyrýan Ý. Gaýdn üçin olar entäk örän az häsiýetlidir. Iň ýönekeý periodlar finallar üçin has häsiýetlidir; ulurak göwrümli kwadrat, bir boluşly ýa-da biraz giňeldilen periodlar seýrek däldir; uly ösmeli periodlar az duş gelýärler (mysal üçin, op.74. № 2 kwartetiň baş partiýasynda). Emma olar, köplenç, W. A. Mosartda duş gelýärler; onuň baş we kömekçi partiýalarynda, opera ariýalarynda «sorag we jogap»

görnüşli başlangyç gurluş, köplenç, bütin periody däl-de (W. A. Mosartdan öň bolşy ýaly käte onuň özünde hem duş gelýär), hatda birinji sözlemi düzmeýän diňe onuň ekspozisiýa bölegini döredýär[1]. Ondan soň ýa-da durnuksyz tematiki, garmoniki we göwrümli ösüş ýa-da goşulma häsiýetli saz gelýär we diňe şularyň hemmesiniň birliginde sözlem (üç sany soňky simfoniýalarynyň baş partiýalaryna ser.) ýa-da seýrek, bitewi gurluşly period (*c-moll* sonatasynyň baş we kömekçi partiýalary) emele gelýär.

«Simfoniki period» has-da uly ösüşe L. wan Bethoweniň döredijiliginde eýe boldy. Onuň baş partiýalary, umuman gysgalyga, jemlilige meýil etseler-de, olaryň arasynda uly, erkin we çylşyrymly düzülenler hem duş gelýär. Şulara eýýäm birinji iki simfoniýalarynyň baş partiýalary ýakynlaşýarlar, doly derejede bolsa, 5-nji sonatasynyň, 5, 6 we 9-njy simfoniýalarynyň baş partiýalaryny degişli etmek mümkindir; bu ýerde haýal hereketiň 25 taktyny eýeleýän we bütin ekspozisiýany diýen ýaly tutýan 28-nji sonatanyň birinji bölüminiň birinji periody hem degişlidir. Kömekçi partiýalary 3, 4-nji simfoniýalarda, 1, 5, 7 (2-nji tema), 8, 14-nji sonatalarda bellemek mümkin; olaryň köpüsi üç basgançagy – ekspozisiýa, ösüş we tamamlama tapgyrlary anyk tapawutlandyrmaga ýol berýär. Şonuň bilen birlikde periodyň içinde, meselem, 3-nji simfoniýanyň ikinji kömekçi temasynda (ekspozisiýanyň 57-83 tt.) we tamamlaýjy partiýasynda käte örän gapma-garşylykly pursatlar ylalaşykda bolýar.

Periodyň gurluşlarynyň erkinligi we giňligi hil taýdan täze netijelere eltýär. Ösen period has kyn formalara ýakynlaşýar ýa-da hatda oňa ösüp geçýär. Ýagny, 21-nji sonatanyň finalynyň temasynda halk aýdym häsiýetli kiçijik sekiz taktly periody görmek mümkin; emma bu bütin kiçijik period durnuksyz häsiýetli uzak dowamy bilen bilelikde birinji sözlemi (30 takt), ondan soň gelýän warýirlenen ikinji we başdaky sekiz takta çenli gysgaldylan üçünji sözlemi ýatladýar.

[1] Sorag-jogap formulasy eseriň başlangyç hyjuwy hökmünde ýaýbaňlandyrma görnüşli perioddan gelip çykýar. I. S. Bahyň köp eserlerinde ol başlangyç maňzynyň roluny oýnaýar (mysal üçin, «OTK», I t., *C-dur, c-moll, D-dur, d-moll, Es-dur, es-moll* prelýudiýalar we başgalar). W. A. Mosart we L. wan Bethowen öz periodlarynyň ekspozisiýa gurluşlarynda, hemişe, ony doly gutarnyklylyga eltmeýärler (gutarylmadyk kadans bilen tamamlaýarlar).

Has ösen durnuksyz gurluşlaryň ortaky bölümiň häsiýetini alýandygy üçin, bütin refren netijede rondo, goşa üç bölümli formanyň takyk alamatlaryny alýar. Bu faktyň prinsipial ähmiýetini belläliň: şol ýa-da beýleki gurluşyň, formanyň bellibir döreýşi, gelip çykyşy bardyr; ýöne ol üýtgemelere duçar bolýar we netijede, täze ähmiýete eýe bolýar. Örän köp ýagdaýlarda berlen hadysanyň (onuň kökleri) döreýşini we soňky netijesini tapawutlandyrmalydyr. Muny L. wan Bethoweniň sonata-simfoniki periodynyň başga, örän giňden ýaýran we möhüm modifikasiýasynyň mysalynda görmek mümkin. Baş partiýanyň düzümi boýunça ýönekeý, uly däl periodyň soňunda durnuksyz predykt häsiýeti alýan we başlangyç materialyň gaýdyp gelmegine getirýän goşulma eýe bolýar. Şonuň bilen birlikde-de, mälim bolşy ýaly, goşulmaly başlangyç period giňden ýaýran (çylşyrymly) periodyň birinji sözlemi; onuň sazynyň gaýdyp gelmegi bolsa – ikinji sözlemi bolup durýar; modulýasiýa edip, ol baglaýjy partiýanyň roluny oýnaýar. Emma beýleki tarapdan, goşulma orta bölege, şonuň bilen ikinji sözlem – repriza, hemmesi bilelikde bolsa – ýönekeý üç bölümli forma ýakynlaşýar. Şeýlelikde, berlen formanyň gelip çykyşy – baş partiýanyň materialynda goşulmaly we baglaýjy partiýaly ýönekeý perioddyr; umuman bolsa – modulirlenýän çylşyrymly perioddyr; netijesi bolsa üç bölümlilige ýakyndyr[1].

Beýleki netijede – periodyň gysga we aýry-aýry gutarylmadyk tematiki emele gelmeleriň kompleksine öwrülmegidir. 4-nji simfoniýanyň kömekçi partiýasynda (birinji period) – diňe bilelikde gutarnykly bitewüligi emele getirýän dört sany dürli häsiýetli materiallar[2]. Ösüşiň intensiwligi, durnuksyzlygyň we gutarnyksyzlygyň köplügi; gapma-garşylygyň baýlygy bilen simfoniki pikirlenme prinsipleri periodyň içine hem gatyşýarlar. Soňky taryhy ösüşde şeýle temanyň we periodyň modifikasiýasy simfonizmiň belli ugurlary üçin (A. Brukner, G. Maler) we şonuň bilen bilelikde köpsanly, köplenç, gysga leýtmotiwleriň utgaşmagyna esaslanýan R. Wagneriň opera sazy üçin hem häsiýetli bolup durýar. Ýöne, diňe aýratyn bölekleriň gutarnyksyzlygy däl-de, umuman bütin periodyň gutarnyksyzlygy

[1] Mysallar – dördünji we ýedinji simfoniýalaryň, on altynjy, on sekizinji, ýigrimi dokuzynjy sonatalaryň baş partiýalary.

[2] 6+8+14+6

L. wan Bethoweniň döwründen bäri sonata-simfoniki saza mahsusdyr: baş partiýalaryň periodlary durnukly soňlamadan mahrum edilen baglaýjy partiýalara ösüp geçýärler, kömekçi partiýalaryň periodlary dramaturgiýa prosesiniň täsirliliginde tamamlanmaga eltilmeýär, jemleýji partiýalara bolan predyktlara ösüp geçýärler[1].

Period formasynyň giňelmek meýli XIX asyrda hem täsirini dowam edýär. Ol göwrümi boýunça uly çylşyrymly periodlaryň rolunyň ösmegine hem, aýratyn ösenleriň giňligi bilen (F. Şopeniň *h-moll* Skersosynyň birinji bölümindäki ýaly), ýönekeý periodlaryň peýda bolmagyna hem täsir edýär. Ýöne garşy häsiýetli başga meýil hem emele geldi – miniatýurany täsirlilik bilen baýlaşdyrmak, onuň mazmunyny çuňlaşdyrmak, ony özbaşdak çeper baýlygynyň we bitewüligiň derejesine götermek.

Bu miniatýuralar, köplenç, bir keşbi beýan edýärler, bir belli – köplenç, liriki ýa-da liriki-dramatiki – duýgyny, şähdi suratlandyrýarlar. Bu periodyň çäginde tutuş eserler şeýle döreýär.

Instrumental miniatýurasynyň esasy žanry bolan prelýudiýalary dörediji F. Şopendir. Onuň prelýudiýalarynda-periodlarynda (olaryň örän az sanlydygyna garamazdan) diňe mazmunyň uly baýlygy däl-de, eýýäm formalaryň hem baýlygy jemlenýär: olaryň arasynda – ýönekeý kwadrat period (№ 7), uly göwrümli deň ölçegli sözlemli gaýtalama gurluşly period (№№ 4,14), sonata gatnaşygynyň başlangyjy bilen analogik period (№ 5, kömekçi partiýanyň başlangyjy *Fis-dur*-da ýaňlanýar), kiçi birinji sözlemli we ikinjiniň uly giňelmegi bilen period (№№ 1, 3, 6), uly içki ösüşe eýe bolan örän ýaýbaň birinji sözlemli we şeýle-de bolsa giňeldilen ikinji sözlemli period (№ 6), bitewi gurluşly period (№ 18), üç sözlemden durýan period (№№ 2, 9), çylşyrymly period (№ 23).

A. Skrýabin has hem giňeldilen ikinji sözlemli period-prelýudiýanyň görnüşini ulanýardy, käte iki bölümli gaýtalama formalara ýakyn periodlary girizýärdi (op.11 № 17, op.16 №4); ýöne, köplenç, ol giňelme we gaýtalama görnüşleri baglaşdyrýardy, şonuň bilen

[1] Bethoweniň 3-nji we 5-nji simfoniýalarynyň birinji bölümlerinde, Çaýkowskiniň 1,3,4 we 5-nji simfoniýalarynyň bölümlerine ser. Bistiň *h-moll* sonatasynda ikinji kömekçi tema örän giňeldilen, tamamlanan, ösüş häsiýetli hyjuwly epizod bilen bölünýär.

aýratyn formany döredýärdi. Bu forma periody iki we üç bölümli formada ýerleşýän mümkinçilikler bilen baýlaşdyrdy.

A. Lýadow formany öz on üç prelýudiýa-periodlarynda[1] her taraply düşündirýär. Olaryň arasynda ýönekeý periodlar (8+8, op.36 № 1 we op.46. № 3), bitewi gurluşdaky periodlar (op. 33 № 1 we op. 40 № 3), ikinji sözlemi täze materialy goşýan, uly ösüşli period (op. 39. № 4) we aýratyn ünsüňi çekýän, sonata gatnaşykly üç sany period (op. 11, op. 46 № 4, Prelýudiýa–pastoral).

XIX asyryň ikinji ýarymynda period uly ewolýusiýa duçar bolýar. Periodyň iki görnüşiniň gatnaşygynda agyrlyk merkezi bitewi gurluşly periodyň tarapyna mese-mälim geçýär. Gaýtalama gurluşly period, esasan, aýdym-tans žanrlaryna degişli bolup durýar.

Bitewi gurluşly period köp ýagdaýda iki wajyp alamatdan – dowamlylykdan we gutarnyklylykdan – daşlaşýar. Periodyň «açyklygy» beýgelýär; köp temalar gysgalyk bilen tapawutlanýar, bu bolsa olary period formasynda hemişeki ýaly aňlamaga mümkinçilik bermeýär.

Periodyň iki görnüşiniň başga formalaryna bölekleýin geçişi barada belläp geçmek mümkindir. Hatda garmoniki taýdan tamamlanmadyk ýagdaýda-da gaýtalama gurluşly period, köplenç, sözlemiň gaýtalanmagy bilen çalyşýar (mysal üçin, «Guwly kölden» («Лебединое озеро») *fis-moll* «Kiçijik guwlaryň tansynyň» («Танец маленьких лебедей») temasyna ýa-da M. Musorgskiniň «Сорочинская ярмарка» operasynyň girişiniň ikinji temasyna ser.).

Bitewi gurluşly period has dürli özgermelere sezewar bolýar. Ol gysga we tamamlanmadyk gurluşa ýa-da äheňleriň dürli öwüşginine, goşulmagyna ösüp geçýär. Ol özgerýän, baglaýjy («hereket görnüşli») görnüşli gurluşlara ýakynlaşýar, sekwensiýa tebigatyny ýüze çykarýar[2]. Mysal üçin, S. Frankyň Skripka üçin sonatasynyň liriki temalary (birinji bölümiň baş we kömekçi partiýalary, ikinji we dördünji bölümleriň kömekçi temalary) şeýledir.

---

[1] Op.10 № 1, op.11 № 1, op.31 № 2, op.33 № 1, op.36 № 1, op.39 № 1 we 4, op.40 № 3 we 4, op.46. №№ 1, 3, 4, Prelýudiýa–pastoral (opussyz).

[2] E. Grigiň we A. Skrýabiniň birinji sözlemiň transponirlenmeginde, ýagny sekwensiýalykda, esaslanan ýapyk periodlary şu umumy meýil bilen baglydyr.

Diýmek, XIX asyryň ikinji ýarymynda periodyň onuň «arassa» görnüşinde roly mese-mälim kiçelýär; muny has hem opera we simfoniki sazda görmek mümkin, bu ýerde bir tarapdan, gysga we häsiýetli temalara ýykgynlyk bildirýär («entäk period däl»), beýleki tarapdan bolsa gutarnykly formanyň çägini ýeňip geçýän üznüksiz ösüşiň meýilleri hereket edýär («eýýäm period däl»)[1]. Diýmek, «period» we «period däl» (ýagny, gutarnykly forma girizilmedik pikir) düşünjeler ýakynlaşýarlar.

Periodyň rolunyň kiçelmegine asla mydama inkär edilýän ýaly düşünmeli däldir. Çeper mazmun perioddan has gysga ýa-da az gutarnykly formalary talap edip biler. Bu esasan hem programma-simfoniki we şekillendiriş instrumental sazyna, «zowwamlaýyn» we leýtintonasiýa görnüşli operalara degişlidir. K. Debýussiniň we M. Raweliň sazynda tebigat tarapyndan döredilýän çalt, inçe duýulýan ruhy duýgularynyň ýa-da täsirleriniň suratlandyrylyşyny periodyň nusgawy görnüşleriniň saklanmagy bilen, pikirleriň beýan edilişiniň dolulygy hem olaryň arasyndaky çäkleriň aýdyňlygy bilen utgaşdyrmak aňsat däl.

XIX asyryň has giçki günbatar sazynda ýagdaý başgaça. Nusgawy saz formalarynyň bozulmagynyň umumy prosesi periodyň deňinden geçip gitmedi we häzirki zaman sazynyň käbir ugurlarynda (A. Şýonbergiň mekdebi) onuň bozulmagyna getirdi. Bu hilli sazda period formasyna duş gelmek esasan stilleşdirme pudagynda mümkindir. Şol bir wagtda hem konstruktiwizm bilen bagly häzirki zaman sazynyň ugurlary (husůsan-da – P. Hindemit) period formasyny saklamaga çalyşýarlar, ýa-da her näme bolsa-da, ondan çekilmeýärler (mysal üçin, P. Hindemitiň «Klaviermusik» – iň liriki temalaryna, op.37, ikinji bölüm, «Lied» we «Langsam und zart» ser.).

XIX asyrda periodyň ewolýusiýasy bilen bagly prosesler daşary ýurt we rus sazlarynda hem bardy. Şonuň bilen birlikde, rus sazynda periodyň düşündirilmeginiň özbaşdak aýratynlygy hem ýüze çykdy. M. Glinkadan başlap A. Skrýabine çenli (onuň döredijiliginiň ortaky döwründe), rus sazynyň klassyklarynyň köpüsi pikiriň beýan ediliş

[1] XX asyrda geçen garmoniýanyň kynlaşdyrma prosesi öz tarapyndan formalaryň gutarylmadyklygyna, durnuksyzlygyna ýardam edýärdi.

formalarynyň aýdyňlygyna we temalaryň gutarnyklylygyna höwes bildirýärler. Ady agzalan kompozitorlardan başga-da, P. Çaýkowskiý, «Kuwwatly toparyň» («Могучая кучка») agzalarynyň arasynda – A. Borodin we N. Rimskiý-Korsakow öz temalaryny beýan edenlerinde mydama period formasyna ýüz tutýardylar. P. Çaýkowskide, bu has-da tematizmiň aýdyňlygy we dowamlylygy bilen baglaşdyrylýardy, A. Borodinde – formalaryň giňligine we gutarnyklylygyna onuň umumy çalyşmasy bilen, N. Rimskiý-Кorsakowda – formalaryň kanunalaýyklygynyň we birboluşlylygynyň meýilleri bilen baglaşdyrylýardy. Özbaşdak tapawutlar nähili-de bolsa (şu üç sany klassyklaryň arasynda P. Çaýkowskiý period formasyny has kämilleşdirdi, bu nukdaýnazardan ol M. Glinka ýakynlaşýar, A. Borodin bolsa – has az ýagdaýda) umuman periodyň roly örän möhüm bolup durýardy. Rus kompozitorlarynyň kwadratlyga garaýşy hem özboluşlydy. Hemişeki pikiriň tersine, rus professional sazy kwadrat gurluşy örän köp ulanýardy. Ýöne kwadratlyga kadaly gurluş hökmünde garaýyş halk aýdymyndan çykyp gelýän kwadrat däl gurluşlaryň giňden ulanylmagy bilen utgaşdyrylýar.

Häzirkizaman kompozitorlarynyň (XX–XXI asyrlar) ulanýan formalarynyň arasynda periodyň roly ýeterlik derejede uludyr. Ilki bilen ol köpçülik saz žanrlarynyň pudagynda zerurdyr. Ol ýerde uly ýönekeýlik we materialyň aňsat özleşdirilmegi talap edilýär.

Aýdymlaryň we köpçülikleýin repertuarynyň başga eserleriniň temalary, adat boýunça, period hökmünde ýa-da periody öz içine alýan has uly (iki bölümli forma) formalar hökmünde beýan edilýärler. Şonuň bilen birlikde periodyň görnüşleri dürli-dürli we düýbünden gaýtalama gurluşa eltmeýär. Ýöne uly žanrlaryň sazynda hem period birnäçe kompozitorlarda görnükli ýeri eýeleýär. Bu ýerde S. Prokofýewiň köp (esasan, instrumental) eserleri hakda aýdylmalydyr. Eger-de D. Şostakowiç giňden ýaýran bölümleriň açyk meňzeşliginden we dürs böleklenmeginden çekilýän, erkin gurlan irregulýar kwadrat däl, tamamlanylmaýan periodlara höwes bildirýän bolsa we «simfoniki period» görnüşine soňraky ösüşi berýän bolsa, S. Prokofýew köp ýagdaýlarda şonuň ýaly periody simfonizirläp, umuman her niçik-de bolsa, has ýönekeý, gutarnykly we periodyň

kwadrat görnüşlerini kämilleşdirýär. D. Kabalewskiniň sazynda formalaryň aýdyň bölünişigi we gutarnyklylygy hem periodyň dürli görnüşlerine ýüz tutmaklyk bilen baglydyr.

Nusgawy gurluşyň we halk aýdymynyň gurluş prinsipleriniň sintezi täze milli professional mekdeplerine degişli bolan kompozitorlaryň sazlarynda has aýdyň ýüze çykýar.

Ahyrynda periodyň dürli görnüşleriniň ulanylmagy üçin, kompozitorlaryň diňe saz diliniň aýratynlyklaryna däl-de, eýsem žanrlara hem garaşly bolýandygyny belläp geçeliň: L. wan Bethoweniň «oba tanslarynyň» ýa-da «bagatelleriniň» periodlary we onuň sonata temalarynyň periodlarynyň diňe kämahal bir görnüşli bolup bilmegi[1], P. Çaýkowskiniň simfoniýalarynda we «Çagalar albomynda» örän dürli periodlary görkezýänligi doly düşnükli. Şulary hem instrumental sazyny kamera wokal sazy bilen ýa-da «zowwamlaýyn» görnüşli operalaryň sazy bilen deňeşdireniňde, operanyň çäginde bolsa – gutarylan ariýanyň we erkin ariozonyň formalaryny deňeşdireniňde diýmek mümkindir.

***Derňew üçin mysallar:***

**1. Periodyň göwrümi**

1. Mosart. Sonata *G-dur.* Simfoniýa *D-dur* final, kömekçi partiýa (finalyň 66-njy taktyndan).

2. Şopen.Wals *cis-moll*.

3. Şuman. Nowelletta №1. «Gül pýesasy» («Цветочная пьеса»), №2.

4. Çaýkowskiý . Wals *fis-moll*.

5. Skrýabin. 2-nji simfoniýa, IV b.

**2. Periodyň garmoniki gurluşy**

1. Mosart. Simfoniýa *Es-dur*, menuetiň triosy.

2. Bethowen. Sonata op.27 №2, Allegretto.

3. Şuman. «Kebelekler» («Бабочки») № 1. Simfoniýa *B-dur*, I b., baş partiýa. «Aýdymlaryň soňy» («Конец песен»), ortaky bölüm. «Karnawal», Dawidsbýundlerleriň marşy (Марш давидсбюндлеров).

[1] Simfoniýada ýönekeý aýdym perioda duş gelmek bolar, ýönekeý aýdymda bolsa simfonik periodyň bolmagy mümkin däldir.

4. Şopen. Etýud op. 25 № 1. Konsert *e-moll*, I b., kömekçi tema (orkestr ekspozisiýasy, cantabile).

5. List. «Söýginiň hyýallary» («Грезы любви»), №1. «Çeşmäniň kenarynda» («На берегу ручья»).

6. Grig. «Norweg tansy» («Норвежский танец») op. 35 № 4, trio. Wals *e-moll* op.38.

7. Çaýkowskiý. «Garahal zenan» («Пиковая дама»), 3-nji görnüş.

8. Rahmaninow. «Aýdym aýtma, gözel» («Не пой, красавица»), giriş «Säher» («Утро»).

9. Rimskiý-Korsakow. «Şa gelinligi» («Царская невеста») operasyndan uwertýura, kömekçi partiýa.

10. Skrýabin. Prelýudiýa op.13 №1. Prelýudiýa op.27 №1.

11. Glier. Ses üçin konsert, II b., *C-dur* parçasy.

12. Şostakowiç. 1-nji simfoniýa, III b.

13. Prokofýew. «Poruçik Kiže» sýuitasy, «Kiženyň toýy», tansyň temasy 27-29-njy belgiler.

**3. Periodyň tematiki gurluşy**

1. Bah.Orkestr sýuitasy *h-moll*, rondo.

2. Gaýdn. Kwartet op.76 № 3, menuet.

3. Mosart. Sonata *Es-dur*, menuet, trio.

4. Bethowen. Sonata op.109, II b.

5. Çaýkowskiý. Skripka üçin melanholik serenada.

6. Taneýew. «Saz» («Музыка»), «Gyş ýoly» («Зимний путь») romanslary.

7. Şuman. Arabeska, refren. «Italýan deňizçileriň aýdymy» («Песня итальянских моряков»), («Ýigitlik üçin albomyndan») («Альбом для юношества»).

8. Grig. Wiolonçel üçin sonatasy, II b.

9. Prokofýew. Marş op.65. «Romeo aýralykdan öň Julýettanyňkyda» («Ромео у Джульетты перед разлукой») (giriş we I b.).

**4. Kwadrat däl gurluş**

1. Bethowen. «Minýona» aýdymy. Sonata op.7, Allegretto. Sonata op.32 № 2, baş partiýa.

2. Şubert. Kwartet *a-moll* op. 29.

3. Mendelson. Sözsüz aýdym № 30 «Bahar aýdymy» («Весенняя песня»).

4. Şopen. Noktýurn op.9 № 1. Prelýudiýa *G-dur* (bütinleý). Prelýudiýa *gis-moll*, repriza.

5. Musorgskiý. «Boris Godunow», poloneziň triosy.

6. Grig. Fortepiano üçin sonata, baş partiýa.

7. Skrýabin.Prelýudiýa op. 11 № 14.

8. List. Sonata *h-moll*, kömekçi partiýanyň 2-nji temasy (bütinleý). «Prelýudlar»(«Прелюды»), kömekçi partiýa.

9. Glazunow. Fortepiano üçin Gawot op. 49. № 3.

10. Rawel. «Kupereniň mazary» («Могила Куперена»), Rigodon.

11. Mýaskowskiý. Fortepiano üçin *d-moll* sonatasy, II b.

12. Prokofýew. «Saglyk tosty» («Здравица»), birinji tema.

**Tebigy kwadratsyzlyk**

1. Bethowen. 9-njy simfoniýa, skerso, I bölümiň işlenilme bölegi.

2. Glinka.Wals-fantaziýa.

3. Şubert. Ekspromt op. 90 № 4 *as-moll*, 18 takt.

4. List. Konsert *Es-dur*, skerso.

5. Brams. Wenger tanslar, №№ 1 (I b.), 3 (bütinleý), 6 (birinji period).

6. Rimskiý-Korsakow. «Garpamyk» («Снегурочка»), guşlaryň hory (хор птиц) (bütinleý).

7. Debýussi. Prelýudiýalar №№ 1, 3, 6, 8, 13, 14, 20.

8. Çaýkowskiý. 3-nji sýuita, elegiýa, I bölüm. «Ýewgeniý Onegin», 7-nji görnüş (3 taktly beýan edilen parçalary tapmaly).

9. Strawinskiý. «Petruşka», 1-nji görnüş, başdan 7-nji belgä çenli. «Balalaýka» (dört el üçin 5 fortepiano pýesalardan). «Marş» (dört el üçin 3 fortepiano pýesalardan). «Bäş barmak» («Пять пальцев») («8 aňsat pýesalardan») («8 легких пьес»).

**Hödürlenýän edebiýat:**

1. *Бобровский В*. О переменности функций музыкальной формы. М., 1970.

2. *Мазель Л*. О мелодии. М., 1952.

3. *Мазель Л.* Заметки о тематизме и форме в сочинениях Бетховена раннего и среднего периодов //Бетховен. Вып. 1. М., 1971.

4. *Протопопов Вл.* Принципы музыкальной формы Бетховена. М., 1970.

5. *Ройтерштейн М.* Музыкальные структуры в поэзии Блока //О музыке. Проблемы анализа. М., 1974.

6. *Тиц М.* О тематической и композиционной структуре музыкальных произведений. Киев, 1972.

7. *Тюлин Ю.* Строение музыкальной речи. М., 1969.

8. *Цуккерман В.* Бетховенский динамизм в его структурных формообразующих проявлениях. //Бетховен. Вып. 2. М., 1972.

# VII B A P

# ÝÖNEKEÝ IKI BÖLÜMLI FORMA

## § 1. Kesgitleme. Umumy gurluş. Görnüşler

Ýönekeý iki bölümli forma diýlip, birinji bölümi perioddan ybarat bolup, ikinji bölümi perioddan çylşyrymly bolmadyk forma aýdylýar.

Ýönekeý iki bölümli forma çylşyrymlylygy boýunça perioddan soň gelýän formadyr. Onuň, diňe bitewi eseriň formasy däl-de, eýsem, eseriň temasynyň formasy bolup gelýänligi-de seýrek däldir (mysal üçin, wariasiýalaryň temasynyň formasy, rondonyň temasynyň formasy).

Bu formanyň iň ýönekeý görnüşi gaýtalanýan gurluşly iki periodyň deňeşdirmesidir:

*13-nji shema*

$$a+a_1+b+b_1$$

Bu formanyň kökleri halk sazyna baryp ýetýär we halk sazyna mahsus bolan iki bölümiň: kupletiň (zapew) we gaýtalamanyň, ýekelikde ýerine ýetirilýän tansyň we köpçülik tansynyň, aýdymyň we instrumental sazyň aýdyňlaşdyryş ýa-da ösdüriş prinsipi bilen ýakyndan bagly.

Iki bölümli formanyň ikinji bölüminiň wezipesi diňe aýdyňlaşdyrmak kontrasty bolup durmaýar. Beýle kontrast bilen ikinji period birinji periodyň pikirini ösdürip, dowam etdirip bilýär, ondan netije çykaryp, ony jemläp bilýär. Bu soňky wezipe (jemleme), köplenç, gaýtalamalarda we umuman, öz ähmiýeti boýunça gaýtalama ýakyn ikinji periodlarda aýdyň beýan edilendir. Ösüş, dowam etdiriş wezipesi hakynda aýdylanda bolsa, ol haçanda ikinji periodyň başynda perde-garmoniki durnuksyzlygyň (dominanta garmoniýasy, sekwensiýa, başga tonallyga sowulma) agdyklyk edýän ýagdaýynda ýüze çykýar.

Köplenç, ikinji periodyň dürli wezipeleri utgaşýar: mysal üçin, bir wagtyň özünde hem kontrast, hem ösüş berilýär. P. Çaýkowskiniň belli «Nata-walsynda» *A-dur* tonallygyndan *cis-moll* tonallygyna modulirlenýän we ikinji sözlemiň giňelmegini öz içine alýan birinji period has gaýgyly häsiýete eýe, ikinji period bolsa açyk beýan edilen tans we birneme göçgünli häsiýetli. Şuňa baglylykda, onuň birinji sözleminiň gurluşy – bölünme (4+2+2, ab+b+b), ikinji sözlemiňki bolsa – bu ýagdaýlara mahsus ýarym simmetriýadyr (ab+bc). Ikinji period birinji bilen dinamiki babatynda hem kontrastirlenýär. Ýöne şol bir ýagdaýda bu – hakyky ikinji (dowam etdirýän, üstüni ýetirýän) period; hususan, onda dowam etdirilýän häsiýet, dominanta garmoniýasynyň agalyk etmeginde periodyň sözlemleriniň ýokary heň we dinamiki derejesinde başlanmagynda, üstüni ýetirýän häsiýet bolsa – periodyň başlangyç perioddan gysgalygynda we onuň iki sözleminiň hem esasy tonallygyň tonikasynda tamamlanýanlygynda beýan edilen.

Formany tamamlamagyň iň ýönekeý we güýçli serişdeleriniň biri – onuň repriza jemlenmesi, ýagny başky esasy pikiri gaýtalamakdyr. Şonuň üçiň hem ýönekeý iki bölümli formanyň ikinji bölüminiň ikinji ýarymy, köplenç, öz üstüne repriza wezipesini alýar: ol başky periodyň bir sözlemini, esasan ikinji, ýagny doly kadensiýa bilen tamamlanýan sözlemini gaýtalaýar. Ikinji bölümiň birinji ýarymy bolsa bütinleý ösüş wezipesini ýerine ýetirýär we has durnuksyzdyr; onda umuman dominanta garmoniýasy agalyk edýär ýa-da başga tonallyga sowulma bolup geçýär. Mundan başga-da, ol has bölünýän (adatça, sekwent)

häsiýete (mysal üçin, 4 däl-de, 2+2) eýe we şonuň bilen baglylykda bütin iki bölümli forma jemleme bölekli ownadylan gurluş bolup durýar. Käbir halatlarda ikinji bölümiň birinji ýarymynyň bölekligi imitasiýa ulanylmagy bilen bagly.

Şeýlelikde, iki bölümli formanyň bu görnüşiniň adaty shemasy $(a+a_1)+(b+b_1)$ däl-de, $(a+a_1)+(b+a_1)$. Bu ýagdaýlarda b gurluşyna formanyň orta bölegi diýilýär; ol takyk ortarada ýerleşmeýän hem bolsa, adaty «ortalyk» wezipesini ýerine ýetirýär (ösüş, durnuksyzlygyň agdyklygy, bölek-böleklik). Şeýlelik bilen, ýönekeý iki bölümli formanyň iki esasy görnüşi bar: 1) reprizasyz we 2) reprizaly.

Ikinji görnüşde (reprizaly) ikinji bölümiň soňunda baş periodyň bir sözleminiň reprizasy bar, birinji görnüşde bolsa ol ýok. Oňa garamazdan, formanyň iki bölüminiň islendigi gaýtalanyp bilner, özi hem bu gaýtalanma göçürilip ýa-da gaýtalanma belgileri bilen (reprizalary) görkezilip bilner. Bölümleriň beýle gaýtalanmagy reprizaly formalarda hem, reprizasyz formalarda hem gabat gelýär we formanyň esasy görnüşleriniň kesgitlenmegine täsir etmeýär.

Ikinji periodyň birinjiden gysga bolýan ýagdaýlary seýrek gabat gelýär. Ýöne, köplenç, ikinji period birinjiden uly bolýar.

Mysal üçin, A. Skrýabiniň *g-moll*, op. 27 № 1 prelýudiýasynda birinji period sekiz taktdan ybarat, ikinji bölüm bolsa on sekiz takt (soň ýene-de sekiz takt goşulma – koda ýaňlanýar). Şol bir wagtyň özünde formanyň reprizasy bu ýerde hiç giňeldilmedik (ol dört taktly sözlemden ybarat), ýöne ösdürýän bölümi on dört taktdan durýar.

Başlangyç periodyň hem standart däl gurluşy bolup biler, bu bolsa käwagt bütin iki bölümli formada gurluş aýratynlyklaryny emele getirýär. Mysal üçin, A. Lýadowyň *g-moll*, op.46 № 2 prelýudiýasynda birinji period sekiz taktly üç sözlemden durýar, özi hem üçünji sözlem kadansy üýtgedilen birinji sözlemiň gaýtalanmagy, ikinjisi bolsa birneme täze material girizilen sözlem bolup, ol onçakly durnukly däl ($a\ b\ a_1$). Soňra sekwentli ortaky bölüm (4+4) bolup, ondan soň başky periodyň ikinji sözleminiň giňeldilen reprizasy geçirilip, ol durnuksyz ösüşi pýesanyň soňuna çenli diýen ýaly uzaldýar. Onuň iki bölümli formasy $a\ b\ a_1\ c\ b_1$ shema kybapdaş gelýär.

Reprizasyz iki bölümli formada ikinji bölüm azda-kände gaýtalanýan gurluşly adaty period bolman, durnuksyz, ösdürýän häsiýetli bolup, diňe iň soňunda esasy tonallykda tamamlanmaga getirýän halatlary seýrek däldir. Şonuň bilen birlikde ikinji bölüm formasy boýunça ýene-de birinji bölümden uly bolup biler. M. Glinkanyň «Wenesiýa gijesi» romansynyň reprizasyz iki bölümli kupletinde gaýtalanýan gurluşly birinji period sekiz taktdan ybarat, ikinji bölüm bolsa (ösdürýän, gaýtalanmaýan gurluşly) – on taktdan ybarat. M. Glinkanyň «Не искушай меня» romansynyň kupletiniň ikinji bölümi hem, esasan, ösüş häsiýetde we on iki takta çenli giňeldilen. Köplenç ýagdaýlarda reprizasyz iki bölümli formanyň ikinji bölüminiň ösüş häsiýeti has hem aýdyň beýan edilen.

Käwagt reprizasyz iki bölümli formanyň soňunda repriza elementleri, ýagny birinji periodyň bütin sözleminiň gaýtalanmagy däl-de, käbir motiwleriň, jümleleriň gaýtalanmagy bellenilýär.

Ýönekeý iki bölümli forma örän giňden ulanylýar. Ol özbaşdak eseriň formasy hem, bir eseriň bir bölegi hem bolup biler.

Özbaşdak eseriň formasy hökmünde ýönekeý iki bölümli forma romanslaryň aglabasynda, tanslaryň köpüsinde, dürli saz gurallary üçin eserlerde, mysal üçin, fortepiano üçin prelýudiýalarda, etýudlarda we ş.m. gabat gelýär.

Bu romanslaryň we instrumental pýesalaryň aglabasy oý-pikirleri, duýgulary beýan edýär we bu babatda period formasynda ýazylan eserlere meňzeýär. Ýöne ýönekeý iki bölümli forma, period formasyna garanyňda, keşbi has köptaraplaýyn ösen uly gerimli pýesalary döretmäge mümkinçilik berýär (bu mümkinçilikleri hemme pýesalarda amala aşyryp bolmaýanlygy öz-özünden bellidir).

Ýönekeý iki bölümli formalar romanslarda käbir aýratynlyklar bilen tapawutlanýar. Birinji periodyň gurluşy köp halatda has erkin, kwadrat däl. Period, instrumental pýesalara garanyňda, romanslarda has köp, ýarym kadensiýa bilen tamamlanýar, bir sözlemden durýar. Bu zatlaryň hemmesi tekst bilen bagly bolup, ol gurluşa uly many, gutarnyklylyk we aýdyňlyk berýär. Tersine, romanslaryň ortaky bölegi, instrumental pýesalaryň ösüşli ortaky bölegine garanyňda, adatça, gurluşynyň çäkli erkinligi we ortaky bölüme mahsus beýan

etmekligiň çäkli aýdyňlygy bilen tapawutlanýar: ýygy-ýygydan gelýän modulýasiýalar ses üçin kyn, tekstiň goşgy gurluşy bolsa, adatça, gurluş bölünmesiniň birinji perioddakydan köp boljakdygyna esas bermeýär. Şygyr teksti reprizalaryň bolmagyna-da hiç hili esas goýmaýar; şonuň üçin hem, instrumental pýesalara garanyňda, romanslarda reprizasyz iki bölümli forma has köp gabat gelýär (özbaşdak eseriň formasy hökmünde).

Bütin eseriň bölegi hökmünde ýönekeý iki bölümli formalar ençeme ýaýbaň eserleriň içine girýär, mysal üçin, çylşyrymly üç bölümli we çylşyrymly iki bölümli formalar. Wariasiýalaryň temasynyň we rondo temalary ýönekeý formada beýan edilýändir. Rondonyň bölümleriniň, sonata formasynyň bölümleriniň, şeýle hem käwagt toplum formasynyň bölümleriniň, hususan hem sýuitalaryň, ýöne käte sonatalaryň, konsertleriň we başgalaryň ýönekeý formada ýazylýan halatlary seýrek däldir.

Ýönekeý iki bölümli formanyň kuplet aýdymynyň, bent formasynyň esasy hökmünde ähmiýeti uludyr.

Kuplet formasy diýlip, dürli söz tekstli şol bir saz gurluşynyň birnäçe gezek ýaňlanmagynda düzülen aýdym eseriniň formasyna aýdylýar.

Dürli tekstli gaýtalanýan meňzeş saz gurluşyna kuplet diýilýär.

Kupletiň sazynyň gaýtalanmagy bütinleýin takyk ýa-da birneme üýtgedilen, wariantly bolup biler. Kuplet formasy halk aýdym döredijiliginde, köpçülik aýdymlarynda ýygy duş gelýär, romanslarda gabat gelýär. Halk aýdymlarynda wariant üýtgeşmeler kupletiň sazyna, ýerine ýetirilýän wagty, köplenç, improwizasiýa ýoly bilen girizilýär.

Gurluşy boýunça kuplet, öň aýdylyşy ýaly, period, ýöne köplenç (has hem romanslarda) ýönekeý iki bölümli formada bolýar. Mysal üçin, M. Glinkanyň « Не искушай меня» romansy kuplet formasynda ýazylan (iki kupletden ybarat), özi hem kuplet reprizasyz iki bölümli formada ýazylan (mundan başga hem, romansda fortepiano girişi we jemleme bar). M. Glinkanyň «Wenesiýa gijesi» romansynda hem bent reprizasyz iki bölümli formada beýan edilen. Bu agzalan iki romansda hem kupletiň ikinji bölümi giňeldilen.

Kuplet formasy bilen, köplenç, zapew-gaýtalama – kuplet gurluşy utgaşýar. Umuman aýdylanda, halk aýdymynda bu gurluş birinji bölümi (aýdymyň giriş bölümi) bir ýa-da birnäçe ses, ikinji bölümi bolsa hor bilen ýerine ýetirmekligi göz öňünde tutýar. Ýöne zapew-gaýtalama strukturasy, ýekelikde aýdylýan kuplet aýdymynda hem, köpçülik bolup ýerine ýetirilýän (iki bölümi hem) aýdymlarda hem gabat gelýär. Bu ýagdaýlarda aýdymyň hemme bentlerinde gaýtalanýan bendiň teksti üýtgemän gaýtalanýar, zapewiň teksti üýtgeýär. Mundan başga-da, öň aýdylyşy ýaly, iki bölümli formanyň birinji we ikinji periodlarynyň özara gatnaşygy bilen baglylykda sazyň häsiýetiniň üýtgeşikligi göze görnüp dur. Galyberse-de, aýdymyň zapew-gaýtalama – gaýtalanýan kuplet gurluşynyň taryhy ösüşini göz öňünde tutmaly: köp daýhan aýdymlarynda aýdymyň zapewi aýdymyň esasy (hor) bölümine uly bolmadyk giriş bolup durýar, köpçülik aýdymlarynda bolsa aýdymyň zapewi we gaýtalamasy dowamlylygy boýunça takmynan deňdir.

Professional sazda bolşy ýaly, kuplet formasy dürli halklaryň halk sazynda örän ýaýrandyr. Bu formanyň artykmaç taraplary, edil onuň kemçilikleri ýaly, onuň tebigaty bilen bagly.

Artykmaç taraplary ilki bilen onuň ýönekeýliginde we formanyň aýdyňlygynda, şeýle hem umuman uly bolmadyk we ýönekeýje saz gurluşynyň köp gezek gaýtalanýanlygy üçin onuň ýeňil ýatda galýanlygyndadyr. Bu saz gurluşy, adatça, hemme kupletleriň tekstine kybapdaş gelýär we eger-de bentleriň tekstiniň mazmuny has tapawutly bolsa, onuň dürli hili saz-ýerine ýetirijilik babatda düşünmäge we ündemäge mümkinçilik berýär. A. Serowyň ýatlamalary boýunça, M. Glinka öz «В крови горит огонь желанья» («Ganymda isleg ody ýanýar») romansynyň iki kupletini şeýle bir tapawutly ýerine ýetirýärdi weli (bu romansda kuplet period formasynda ýazylan) diňleýjiler sazyň meňzeşligini bütinleý aňşyrmaýarlar.

Kuplet formasynyň ýetmezçilikleri – belli bolan birmeňzeşlik, bölümleriň ýapyklygy we biri-birinden üzňeligi, formasynyň ösen däldigi, onda bitewi, organiki zowwamlaýyn ösüşiň ýoklugy, bölümleriniň birleşdirilişiniň mehanikligi. Bu ýetmezçilikleri kä-

wagt, ep-esli derejede, kupletleriň sazyna üýtgeşiklikler girizmek arkaly ýeňlip geçilýär. Mysal üçin, professional sazda soňky kupletden başga, hemme kupletler beýle ýapyk edilmeýär (mysal üçin, dominanta tonallygynda tamamlanýar), soňky bent bolsa doly tamamlaýyş berýär. Beýle usul kuplet formasynyň bitewi bolmagyna ýardam edýär, bölümleriň arabaglanyşygyny has düýpli edýär, eseriň soňky kupletden başga kupletlerde tamamlanmagyna ýol bermeýär. Mysal üçin, M. Glinkanyň «Kim ol we nirede ol» romansynda ilkinji üç kuplet (kuplet – sekiz taktly period) dominanta tonallygynda tamamlanýar, dördünji bolsa (iki takt giňeldilen) – esasy tonallykda tamamlanýar (şeýle hem formanyň bitewüligine bütin romansa fortepiano girişi we jemleýşi ýardam edýär).

Köp eserlerde dürli bentleriň sazyna girizilýän üýtgeşiklikler wariasiýa häsiýetine, käwagt bolsa has erkin häsiýete eýe. Bu ýagdaýlarda oňa kuplet-wariasion forma, erkin kuplet formasy diýilýär.

Kuplet, kuplet-wariasion we erkin kuplet formalaryndan bent formasyny (строфическая форма) tapawutlandyrmak gerek (ýöne köp gollanmalarda kuplet formasyna hem şol forma diýlip düşünilýär).

Olaryň arasyndaky tapawut – bent formasynda şahyrana tekstiň dürli bentlerine degişli saz birmeňzeş bolmasa, şol bir esasa waryirlemeýär we ony erkin üýtgetmeýär. Şeýlelik bilen, biz şahyrana tekstiň bentlerine laýyk, sazy boýunça üýtgeşik birnäçe bölümlerden durýan forma bent formasy diýýäris. Adatça, dürli bentleri käbir intonasiýa-ritm meňzeşlik birleşdirýär.

Kuplet formasy käbir gadymy žanrlarda köp gabat gelýär (motet, madrigal). Ol XIX–XX asyrlaryň kompozitorlarynyň uly bolmadyk, hor üçin a kapella eserlerinde hem gabat gelýär (mysal üçin, E. Naprawnigiň «Iki äpet» atly hory bäş bölümli formasynda ýazylan). Gürrüň berilýän forma zowwamlaýyn aýdym formasyna ýakyn (nemes adalgasy boýunça ol – *durchkomponiertes žied*).

Şahyrana tekstiň dürli bentlerinde, sazyň başdan hiç hili (hatda üýtgedilen hem) gaýtalanmalary (reprizalary) bilmeýän erkin kuplet we bent formalarynyň arasynda aralyk forma hem bar.

## § 2. Gadymy iki bölümli forma

Iki bölümli formanyň XVII asyryň soňundaky we XVIII asyryň I ýarymyndaky görnüşi soňky görnüşinden, ilkinji nobatda, bölümleriniň göwrüm babatyndaky özara gatnaşygy (proporsiýalar) boýunça tapawutlanýar. Bu ýerde birinjä garanyňda ikinji bölümiň göwrüminiň uludygy we içki gurluşyna degişlilikde çylşyrymlydygy bellenilýär. Bölümleriň her biri, adatça, aýratynlykda gaýtalanýar, kähalatda bolsa, gaýtalama ulanylmaýar. Şekili boýunça birinji bölüm birmeňzeş bolup, forma babatynda ol periodyň dürli görnüşlerinde düzülýär. Bu formanyň gaýtalama düzümli görnüşi has ýörgünli bolup, käwagt üç sözlemli, şeýle-de ýaýbaňlandyrma görnüşi duş gelýär.

I bölüm elmydama esasy tonallykda başlanýar we adatça, tabyn tonallykda doly kadensiýa bilen tamamlanýar. Tabyn tonallyk hökmünde mažor pýesalarda – mažor dominantasy tonallygy, minor pýesalarda – parallel mažor ýa-da minor dominantasy tonallygy çykyş edýär. Aýdylanlardan başga-da I bölümiň esasy tonallykda ýarym kadensiýa bilen jemlenmegi hem duş gelýär.

II bölüm tutuşlygyna I bölümiň tematizmine esaslanýandygy bilen baglylykda tematiki babatynda üýtgeşme girizmeýär. Formanyň hökmany bolan birmeňzeş şekilliligi bölümleriň ikisini hem tematiki taýdan bir bitewülige birleşdirýär. Şeýle-de bolsa, birinji periodyň başlangyç elementleri gaýtalanmadyk ýagdaýynda onuň soňy, aýratyn-da kadensiýa bölejigi, esasy tonallyga geçmek bilen, II bölümiň hem soňy hökmünde kabul edilýär.

*Formanyň tonal babatyndaky umumy şekili*

| | I bölüm | II bölüm |
|---|---|---|
| mažorda | I – V | V – I |
| minorda | I – III | III – I |
| | I – V | V – I |

II bölümde IV, II ýa-da VI basgançaklaryň tonallyklaryna modulýasiýa häsiýetlidir. Umuman alnanda, modulýasiýa babatynda II bölüm birinjä garanyňda has işjeň bolup, şunuň bilen baglylykda käwagt tonal repriza giç gelýär. Işjeň modulýasiýa hereketi II bölümiň gurluşyna öz täsirini ýetirip, ol göwrümi boýunça birinji bölümden iki,

üç esse artýar. Gadymy iki bölümli forma XVII asyryň soňunda we XVIII asyryň I ýarymynda döredilen eserleriň aglabasynyň gurluşyny emele getirýär. Olara I.S. Bahyň sýuitalarynyň bölümleri, inwensiýalary, OTK-nyň käbir prelýudiýalary degişlidir.

## § 3. Ýönekeý iki bölümli formanyň ulanylýan ýerleri

Ýönekeý iki bölümli forma gadymy tanslar (allemanda, kuranta, sarabanda, žiga, gawot, menuet, burre we baş.) üçin häsiýetli bolupdyr, olar şol görnüşde I. S. Bahyň we G. F. Gendeliň gadymy sýuitalaryna giripdir. Bu forma I. S. Bahyň prelýudiýalarynda we inwensiýalarynda hem gabat gelýär.

Wena klassyklarynyň instrumental döredijiliginde ýönekeý iki bölümli forma, esasan, eseriň bir bölüminiň formasy hökmünde, mysal üçin, wariasiýalarda (temanyň we käbir wariasiýalaryň formasy hökmünde), rondoda, çylşyrymly üç bölümli formada gabat gelýär. Özbaşdak instrumental pýesa hökmünde ýönekeý iki bölümli forma wena klassyklarynyň döredijiliginde seýrek gabat gelýär (L. wan Bethoweniň käbir bagatellerine ser.), ýöne özbaşdak wokal eseri we kuplet formasy hökmünde köp duşýar.

L. wan Bethowenden soňky döwürde miniatýura žanrynyň ösmegi we şonuň netijesinde bir period formaly özbaşdak pýesalaryň döremegi ýönekeý iki bölümli formada ýazylan pýesalaryň has hem köpelmegine getirdi. Şunuň bilen birlikde beýle formalaryň täze, adaty däl görnüşleriniň döremegi tebigydyr.

Mysal üçin, özboluşly reprizasyz iki bölümli forma gabat gelip başlady. Onda ikinji ösdürýän bölüm doly kämil kadensiýa getirýär, şondan soň bolsa – formanyň kodasynda – reprizanyň käbir elementleri berilýär. Beýle reprizasyz iki bölümli, kodaly, repriza elementleri bar formalara S. Rahmaninowyň *Es-dur* prelýudiýasy mysal bolup biler.

S. Rahmaninowyň reprizaly ýönekeý iki bölümli formada ýazylan «Давно ль, мой друг» («Köpden bärimi, meniň dostum») romansynda repriza dinamizasiýalarynyň dürli görnüşli serişdeleri ulanylan. Onuň dabaraly häsiýeti I bölümiň gaýgyly ýagdaýyna garşy goýlan.

Dinamizasiýa serişdeleriniň bu baýlygy – köpsanly we konsentrirlenen täsiriň aýdyň mysaly bolýar. Başlangyç periodda haýal, reprizada bolsa güýçli sesleniş agdyklyk edýär. Birinji period *Andante tranguillo* depgininde, repriza – *agitato* depgininde beýan edilen. Birinji period minorda, repriza – adybir mažorda geçirilen, şeýle hem reprizanyň sözlemi giňeldilen we has beýik kulminasiýa ýetýär. Goltgy berýän faktura hem reprizada has goýaldylan, tolgundyryjydyr. Metr çalyşýar – üçülüşlilige derek dörtülüşlilik ulanylýar. Soňky iki pursat reprizany onuň öňündäki ortaky bölüm bilen ýakynlaşdyrýar we reprizany sintetiki ýagdaýa getirýär: tolgundyryjy-dabaraly ortalyk gönüden-göni tolgundyryjy-şatlykly repriza geçýär.

Postromantiki döwürde ýönekeý iki bölümli formany ulanmak wokal sazyna has hem häsiýetli bolýar. XX asyr köpçülik aýdymlarynyň ösen döwrüne öwrülýär, dürli milli mekdeplere degişli bolan kompozitorlar halk çeşmelerine (halk aýdymlaryna) ýüzlenýär, etniki heň-perde intonasiýalaryny ulanmak ýönekeý iki bölümli formanyň ýygy ulanylmagyny kesgitleýär. Ol özbaşdak struktura hökmünde ulanylyşy ýaly, has iri formanyň bir bölegi hökmünde hem ulanylýar.

**Derňew üçin mysallar:**

**$A + A_1$**

1. Glinka. «Прощальный вальс» («Hoşlaşyk walsy»); Mazurka.

2. Mosart. Sonata № 6, III b., wariasiýalaryň temasy; sonata № 10, III b.

3. Brams. Fortepiano üçin sonata *fis-moll* op. 2, skerso (trio çenli).

4. Bethowen. Sonata № 2, skerso, trio; sonata № 13, skerso, trio; sonata № 30, III b., wariasiýalaryň temasy.

**A + B**

1. Şopen . Wals № 2.

2. Bethowen. Sonata № 18, skerso, trio; sonata № 31, skerso, I b.; sonata № 23, II b., wariasiýalaryň temasy; sonata № 25, final, başy; sonata № 32, II b., wariasiýalaryň temasy.

# VIII BAP

# ÝÖNEKEÝ ÜÇ BÖLÜMLI FORMA

## § 1. Kesgitleme. Umumy gurluş. Görnüşler

Üç bölümden ybarat bolup, onuň birinjisi period formasyny emele getirýän, beýleki bölümleriniň bolsa, perioddan çylşyrymly strukturalary bolmadyk gurluşa ýönekeý üç bölümli forma diýilýär.

Ýönekeý üç bölümli formany iki görnüşe bölmek bolýar. Olaryň birinjisi ortaky bölümi ösüşli ýönekeý üç bölümli forma. Ikinji görnüşi – ortaky bölümi kontrast, täze materiala esaslanýan ýönekeý üç bölümli forma.

Ortaky bölümiň näme emele getirýänligine baglylykda, üç bölümli formanyň görnüşlerini tapawutlandyrmak gerek:

1. Ortaky bölüm birinji bölümiň tematiki materialynyň ösüşiniň dowamy bolup durýar (temanyň golaý ýa-da adybir tonallykda geçirilmegi, ritmiň, garmonizasiýanyň, fakturanyň waryirlenmegi) – $A+A_1+A$.

2. Ortaky bölümde birinji bölümiň temasynyň işlenilmesi geçirilýär (bölekleme, ownadylma, garmoniki ösüş usullary arkaly) – A+I+A.

3. Ortaky bölüm täze materialda gurulan – A+B+A.

4. Ortaky bölüm aýdyň ýüze çykýan tematizmi bolman, geçişi emele getirip biler – A+geç.+A.

Şeýlelikde, ýönekeý üç bölümli formanyň bölümleriniň arasyndaky dürli gatnaşygy aşakdaky umumy formula bilen beýan etmek bolar:

*14-nji shema*

$$A+\left\{\begin{matrix} A_1 \\ I \\ B \\ \textit{geçiş} \end{matrix}\right\}+A$$

Ýönekeý üç bölümli formanyň ortaky bölüminde garmoniki ösüş ýönekeý hem, çylşyrymly hem bolup biler. Bu bölümde garmoniki ösüş ilki bilen onuň tematizminiň häsiýeti bilen bagly bolýar. Or-

taky bölümde täze tematizmiň bolmagy (A+B+A) daş tonallyklara (birinji periodyň esasy tonallygyna degişlilikde) gitmäge uly esas berýär. Ýönekeý üç bölümli formanyň bölümleriniň arasyndaky tonal gatnaşyklaryň dürli ýagdaýlaryny üç görnüşe bölmek bolýar:

1. Ortaky bölümde täze tonallyk ýola goýulýar we onuň dowamynda esasy tonallygyň tonikasyndan gaça durulýar.

2. Ortaky bölümde parallel ýa-da golaý tonallyga gysga wagtlyk sowulma bolup geçýär. Bu ýagdaý, adatça, haçanda ortaky bölüm birinji periodyň tematiki elementlerine esaslanan wagty bolýar: $A+A_1+A$. Beýle gurluş ýygy duş gelýär.

3. Ortaky bölümiň başyndan täze tonallyk peýda bolýar, kähalatda esasy tonallykdan daşdaky tonallyklar hem duş gelýär. Esasy tonallyga gaýdyp gelmeklik reprizany taýýarlaýan taktlarda ýa-da ortaky bölümiň bütin dowamyna çekýän kem-kemden modulýasion hereket arkaly geçirilýär. Ortaky we gapdalky bölümleriň beýle gatnaşygy $A+A_1+A$ ýagdaýynda bolşy ýaly, beýleki ýagdaýlarda hem duş gelip biler.

Dogrudan-da, göwrümi boýunça uly bolmadyk ortaky bölüm, adatça diňe tonallyklary garşy goýmaklyga mümkinçilik berýär. Ýeterlik derejede ýaýbaňlandyrylan ortaky bölümde, adatça, birnäçe aralyk tonallyklaryň üstünden geçýän, kem-kemden reprizany taýýarlaýan geçiş bolýar.

Iki bölümli formada bolşy ýaly, üç bölümli formada hem bölümleriň takyk ýa-da warýirlenen görnüşde gaýtalanmagy mümkin. Ýönekeý üç bölümli formanyň üçünji bölümi (repriza) aýratynlykda gaýtalanmaýar. Emma ikinji we üçünji bölümler bilelikde alnan ýagdaýynda gaýtalanmaklary örän ýygy duş gelýär. Bu ýagdaýda birinji period hem gaýtalansa, şeýle shema emele gelýär:

*15-nji shema*

||: A :||: BA :||

Eger birinji period gaýtalanmasa:

*16-njy shema*

A ||: BA :|| ýa-da ABABA

Üç bölümli formanyň bölümleriniň takyk ýa-da warýirlenen görnüşde beýle gaýtalanmasy netijede bäş bölümi emele getirýär we ol ýönekeý üç-bäş bölümli forma diýlip atlandyrylýar.

Ýönekeý üç bölümli formada giriş, goşulma we koda bölekleri hem ulanylyp bilner. Kodalar, köplenç, ähmiýetli göwrümde bolup, käwagt, aýratyn hem uly bolmadyk pýesalarda, göwrümi boýunça formanyň esasy bölümlerinden pesde durmaýar.

Ýönekeý üç bölümli formanyň reprizasynda bolup biljek üýtgeşmeleriň üstünde durup geçmek gerek. Muňa baglylykda ilki bilen formanyň birinji periodynyň modulirleýji bolup bilýändigini aýtmaly. Modulýasiýa, köplenç, V ýa-da III basgançaklaryň tonallyklaryna geçýär. Eger birinji period modulirleýji bolsa, repriza esasy tonallykda tamamlanmak üçin üýtgedilýär.

Şeýle-de, birnäçe beýleki üýtgedilmeler hem duş gelýär. Meselem, reprizanyň warýirlenmegi, onuň giňeldilmegi we beýlekiler. Warýirleme serişdeleri dürli-dürli bolup biler: faktura, ritmika, garmoniýa.

Şeýle-de birnäçe dürli reprizalar hem bar. Meselem:

1. Tematiki repriza;
2. Tonal repriza;
3. Tembrleýin repriza;
4. Dinamiki repriza.

Üç bölümli formada repriza takyk we üýtgedilen görnüşde bolýar. Takyk repriza bölekleýin üýtgedilmeler girizilýär (heňiň warýirlenmegi, fakturanyň üýtgedilmegi arkaly), emma olar täze ösüş emele getirmeýärler. Täze ösüşiň peýda bolmagy giňeldilme we gysgaldylma hökmünde orun eýeläp biler.

Giňeldilen reprizaly ýönekeý üç bölümli formada umumy kulminasiýa, köplenç, hut üçünji bölüme düşýär. Haçanda üýtgedilen repriza işlenilme elementleri girizilen ýagdaýynda, ol dinamiki reprizanyň häsiýetlerini özünde jemleýär. Käbir ýagdaýlarda reprizada birinji we ortaky bölümleriň tematiki elementleri birleşdirilýär. Beýle birleşdirilme, adatça, reprizanyň esasy düzüminiň goşulmasyny emele getirýär.

## § 2. Ýönekeý üç bölümli formanyň ulanylýan ýerleri

Ýönekeý üç bölümli formanyň ulanylýan ýerleri örän kändir. Ol özbaşdak eseriň formasy hökmünde hem, eseriň bir bölegi hökmünde hem bolup biler.

Özbaşdak eseriň formasy hökmünde ýönekeý üç bölümli forma köpsanly romanslarda, tanslarda, aýratyn saz gurallary üçin aglaba pýesalarda, meselem, fortepiano üçin prelýudiýalarda, etýudlarda duş gelýär.

Romanslarda ýönekeý formalar käbir aýratynlyklary bilen tapawutlanýarlar. Birinji periodyň düzümi, köplenç, erkin, kwadrat däl gurluşda bolýar. Instrumental pýesalara garanyňda, period, ýarym kadensiýa bilen tamamlanyp, bir sözlemden ybarat durýar. Meselem, P. Çaýkowskiniň «Ни слово, о друг мой». Bu elbetde, tekst bilen bagly bolup, ol eseriň gurluşyna ähmiýetli pikir gutarnyklylygyny we aýdyňlygyny berýär.

Ýönekeý üç bölümli forma gadymy tanslara mahsus bolupdyr (allemanda, kuranta, sarabanda, žiga, gawot, menuet, burre).

I. S. Bahyň döredijiliginde ýönekeý forma özbaşdak eseriň formasy hökmünde ýa-da toplum eseriniň (sýuita, oratoriýa) bölüminiň formasy hökmünde has köp duş gelýär.

Tersine, wena klassyklarynyň instrumental döredijiliginde ýönekeý üç bölümli forma, esasan, eseriň bölüminiň formasy hökmünde, meselem, wariasiýalarda, rondoda, çylşyrymly üç bölümli formada ulanylýar. Özbaşdak instrumental pýesalaryň gurluşy hökmünde ýönekeý üç bölümli forma wena klassyklarynyň sazynda seýrek duş gelýär, emma özbaşdak wokal eserler we kuplet formasy hökmünde ýygy ulanylýar.

Şeýle-de toplum formalarynyň, aýratyn hem konsertleriň haýal bölümlerinde ýönekeý üç bölümli formalaryň has köp peýda bolýandygyny bellemek gerek.

Wena klassyklarynyň ýönekeý üç bölümli formalarynda birinji period bilen ortakynyň arasyndaky araçäk ortaky bölüm bilen reprizanyň arasyndaky araçäkden has ýiti. Bu, diňe bir periodyň doly kadansy bilen kesgitlenilmän, kadansyň, adatça, ritmiki säginmekligi ýa-da pauzasy bilen hem kesgitlenilýär.

Ýönekeý üç bölümli forma örän maýyşgak bolup, dürli-dürli mazmuny beýan etmeklige uýgunlaşdyrylan. Ýönekeý üç bölümli formanyň köptaraply mümkinçiliklerine baglylykda, ol daşary ýurt nusgawy we häzirkizaman kompozitorlary tarapyndan özbaşdak wokal we instrumental eserlerde, şeýle-de has çylşyrymly formalaryň bölümi hökmünde aýratyn üns bilen ulanylýar.

P. Çaýkowskiniň «Çagalar albomynda» ýönekeý üç bölümli formada ýazylan pýesalar beýlekilere garanyňda has agdyklyk edýär. Olar: «Зимнее утро», «Игра в лошадки», «Мама», «Марш деревянных солдатиков», «Похороны куклы» we beýlekiler.

Toplumyň 5-nji pýesasy «Марш деревянных солдатиков» («Agaç esgerjikleriň marşy») diýlip atlandyrylan. Bu pýesa tutuşlygyna ýöriş häsiýetinde beýan edilýär. Eseriň dowamynda ähmiýetli orun eýeleýän punktir ritmi, şeýle-de iki ülüşli ölçeg marş žanryny tassyklaýar. Pýesa ýönekeý üç bölümli formada ýazylan. Onuň kwadrat gurluşly birinji bölümi gaýtalanýan iki sözlemden ybarat. Ýokarky sesde geçirilýän tema tersiýa aşakda aram-aram dublirlenýär. Ikinji sözlem ahyrky kadensiýasynda bolup geçýän uly bolmadyk üýtgeşmeler bilen birinjini gaýtalaýar.

*D-dur*'da beýan edilen bu bölüm tonallygyň dominanta sesinde tamamlanýar. Bu bolsa *A-dur*'da geçirilýän ortaky bölümiň tonikasyna taýýarlyk bolup hyzmat edýär. Pýesanyň ikinji bölümi köp babatda birinjini gaýtalaýar. Ol hem kwadrat gurluşly iki sözlemden düzülip, birinji temany beýan edýär. Bu ýerde perde-tonallyk özgerişlikleriniň girizilmegi ortaky bölüme häsiýetli bolan kontrasty ýüze çykarýar.

Pýesanyň reprizasy birinji bölümiň gaýtalanmagy bolup, diňe ikinji sözlemi tapawutlanýar. Şeýlelikde, bu eser bir görnüşli tematizme esaslanan ýönekeý üç bölümli formanyň doly kadensiýada tamamlanýan görnüşi bolup durýar.

«Неаполитанская песенка» («Neapolitan aýdymjygy»). Bu pýesa toplumda beýan edilen beýleki eserlerden gurluşy boýunça tapawutlanýar. Onda kompozitor ýönekeý üç bölümli strukturanyň reprizasyz görnüşini ulanýar. Üç bölümli formanyň birinji bölümi gaýtalanýan iki sözlemi öz içine alýar. Göwrümi boýunça deň bolmadyk

sözlemleriň birinjisi özüniň başy we ahyry sebäpli on bir takt dowam edýär, ikinjisi bolsa dokuz takt.

Bu bölümiň fakturasy eseriň bütin dowamynda bolşy ýaly, aýdym žanryna laýyk gelýär. Onuň aşaky sesi sazandarlyk ediji saz guraly hökmünde kabul edilse, ýokarky partiýa wokal häsiýetli ýeke sesli temany beýan edýär.

Birinji bölüm bir tonallykly bolup, ol *Es-dur* tonallygynda ýazylan.

Ikinji bölüm özüniň sazandarlyk ediji partiýasy boýunça birinji bölümi dowam edýän bolsa-da, tematiki materialy boýunça täze heňi görkezýär. Struktura babatda bu bölüm kwadrat gurluşda bolup, gaýtalanýan iki sözlemden ybarat. Bu ýerde esasy tonallyk saklanyp galynýar.

Üçünji bölüm beýleki bölümlerden düýpli tapawutlanýar. Onda täze tema peýda bolýar, sazandarlyk ediş usuly üýtgedilýär, depgin çaltlandyrylýar (*Andante – Vivace*), dinamika güýçlendirilýär (*p – f*). Saz materialynyň işjeňleşmegi oňa tans häsiýetini berýär. Bu bölüm hem beýlekiler ýaly, gaýtalanýan sözlemlerden düzülen. Onuň ikinji sözleminiň iki taktlyk kadension öwrümi arkaly giňeldilmegi kwadrat gurluşyň bozulmagyna getirýär. Pýesa esasy tonallygy tassyklamak bilen tamamlanýar.

Toplumyň «Сладкая греза» («Süýji hyýal») atly pýesasynda kompozitor ýönekeý üç bölümli formanyň bir görnüşli tematiki saz materialyna esaslanýan nusgasyny beýan edýär. Pýesanyň oý-pikirlere gaplanan tematizmi onda süýji arzuwlary, hyýallary häsiýetlendirmäge itergi berýär. Umumy strukturanyň birinji bölümi kwadrat gurluşda bolup, iki sözlemden ybarat periody emele getirýär. Çaýkanyp duran akkordlaryň fonunda geçirilýän tema bir oktawadan az-kem geçýän diapazonyň çäklerinde giň ýaýbaňlandyrylan heňi görkezýär. Onuň tersiýa interwalyna basgançaklaýyn ýokaryk hereketinden we garşylyklaýyn tarapa arassa kwinta interwalyna bolan soňraky böküşden ybarat bolan iki taktlyk jümlesi temanyň esasy özenine öwrülýär.

Sazandarlyk ediji seslerde ulanylýan hromatiki ýöriş we tötänleýin duşýan belgiler temanyň dowamynda sowulmalaryň häsiýetli alamatlarynyň ýüze çykmagyna getirýär. *C-dur*'da başlanýan

heň eýýäm ikinji taktda *d-moll* tonallygyna we sözlemiň ahyrynda *G-dur*'a gysga wagtlyk sowulýandygyny görmek bolýar.

Köp babatda birinjini gaýtalaýan ikinji sözlem az-kem üýtgedilmelere sezewar bolýar, has takygy, onuň ikinji ýarymy, umumy bölümiň kadension bölegi täze görnüşe – jemleýji äheňe eýe bolýar. Bu ýagdaý diapazonyň giňelmegine getirýär. Ortaky bölüm keşp babatynda başdakyny dowam edýär. Bu ýerde tema aşaky sesde, akkordlar bolsa ýokarda geçirilýär. Başdaky temanyň ritmiki şekiline esaslanan bu heň ortaky bölüme mahsus bolan prinsipde düzülen, ýagny esasy tema işlenilme görnüşde ulanylýar we hromatizmler köp duş gelýär. Şeýle-de bolsa, kompozitor iki sözlemden ybarat bu bölümde kwadrat gurluşa we durnukly tonallyk bolup hyzmat edýän *G-dur* tonallyga esaslanýar.

Pýesanyň birinji bölümi takyk gaýtalanýan repriza bilen tamamlanýar.

Şeýlelikde, ýönekeý üç bölümli formanyň instrumental sazda ulanylyşyna seredip geçmek bilen aşakdakylary bellemek bolar:

- ýönekeý üç bölümli forma dürli saz keşplerini beýan etmäge ukyply;
- ýönekeý üç bölümli forma özbaşdak strukturanyň çäklerinde, şeýle-de has iri kompozisiýanyň bölegi hökmünde hem hödürlenip bilner;
- saz-beýan ediş serişdeleri berlen strukturanyň çäkleri bilen çäklendirilmedik;
- ýönekeý üç bölümli forma saz tejribesinde işjeň ulanylýar.

Wokal sazynda ýönekeý üç bölümli forma, edil instrumental sazdaky ýaly, giňden ulanylýar. Onuň içki gurluşynyň dürli görnüşliligi şahyrana esasynyň emosional babatda işjeňligi we dramaturgiýasy bilen düşündirilýär.

P. Çaýkowskiniň romanslaryna seredip geçeliň.

Kompozitoryň baý döredijilik mirasynda saz sungatynyň ähli žanrlary öz beýanyny tapypdyr. Olaryň içinde romans žanry hem ähmiýetli orun eýeleýär. Ömrüniň bütin dowamynda bu žanra ýüzlenmek bilen, olarda kompozitoryň ussatlyk derejesini aýdyň görmek bolýar.

11. Sargyt № 2832.

Romanslaryň forma taýdan beýan edilişine seredeniňde, olaryň aglaba böleginiň ýönekeý üç bölümli formadadygyny görmek bolýar. Bu strukturanyň wokal eserde ulanylyşyny synlamak üçin kompozitoryň käbir romanslarynyň üstünde durup geçeliň.

«Mezza Notte». Näbelli awtoryň goşgusyna ýazylan bu romans žanrda žanry ulanmaklygyň mysaly bolup durýar. Italýan teksti, kadaly hereket edýän ritm, depginiň hereketliligi, äheňiň ýönekeýligi we garmoniki goltgynyň aýdyňlygy romansyň barkarolla žanrynda ýazylan bolmagynyň mümkindigini çaklamaga esas berýär.

Romans kontrast merkezi bolan nusgawy ýönekeý üç bölümli formada berlipdir. Bölümleriň her biriniň birmeňzeş intonasion-garmoniki kadensiýa bilen tamamlanmagy romansyň gurluş aýratynlygy bolup durýar.

Romans tonika organ punktundaky dört taktly instrumental giriş bilen başlanýar. Tonika, dominanta we goşa dominanta akkordlarynyň baglanyşygy, soňra gelýän wokal sesiň geçirilmegi diňleýjini bu sazy romantiki hökmünde kabul etmäge taýýarlaýar.

Birinji bölüm iki sözlemden ybarat. Birinji sözlem (a) wokal sesiň gatnaşmagy bilen girişiň saz materialyny gaýtalaýar.

Gurluşy, garmoniki gatnaşygy boýunça ikinji sözlem (c) gyzyklanma döredýär. Tematizm boýunça ol gapma-garşylyklydyr. Garmoniki taýdan sazyň hereketiniň ugry ikinji sözlemde *G-dur* tonallygyndan *D-dur* tonallygyna modulýasiýa geçýär. Ýöne welin, modulýasiýa pursady garmoniki we äheň taýdan yza çekdirilýär ($D \rightarrow DVII_7 \rightarrow D$). Şonuň netijesinde hem üzülen kadensiýanyň täsiri emele gelýär.

Täze tonallygyň tonikasynyň tassyklanmagy sözlemiň goşulmasynda görkezilendir. Şeýlelik bilen, ikinji sözlemiň äheň-garmoniki ösüşi onuň gurluş taýdan ulalmagyna ýardam edýär. Fortepiano partiýasyndaky ritmler romansyň ikinji bölümine alyp barýar.

Ikinji bölüm – kontrast merkez – has liriki duýgulary bilen tapawutlanýar. Bu tapawutlylyk perde (*d-moll*) we tematiki taýdan beýan edilýär.

Bu bölümiň sazy iki sany kontrast elementlerden ybarat: aýdym häsiýetli ýokaryk hereket we başlangyç nokada (I basgançak) lapidarlaýyn-reçitatiwleýin gaýdyp geliş.

Birinji we ikinji sözlemler ($b\,b_1$) tematizm boýunça meňzeşdirler. Ikinji sözlem, romansyň birinji sözlemi ýaly, şol bir kadensiýa bilen tamamlanýar.

Repriza tarap iki taktly fortepiano girişi interlýudiýa diňleýjini ýeňiljek tans atmosferasyna gaýtaryp getirýär. Äheň-garmoniýa taýdan ol reprizanyň temasyny we tonallygyny (*G-dur*) taýýarlaýar.

Üçünji bölümde birinji bölümiň materialy gaýtalanýar, ýöne welin, ol diňe esasy tonallykda gaýtalanýar.

Eseriň umumy kompozision shemasy şeýledir:

*17-nji shema*

| Giriş | A | Fortep. interlýudiýasy | B | Fortep. interlýudiýsy | A |
|---|---|---|---|---|---|
| | **a** **c** | | **b** $\mathbf{b_1}$ | | $\mathbf{a_1}$ $\mathbf{c_1}$ |
| *G-dur* | *G-dur G→D* | | *d d→D* | | *G-dur* |
| 4 | 4 10 | 3 | 4 10 | 2 | 4 12 |

«Средь шумного бала». Bu romans (goşgusy A. Tolstoýyňky) wals žanryna esaslanmak bilen, ýönekeý üç bölümli gurluşda beýan edilen. Eýýäm onuň başlangyç giriş sazynda tansyň häsiýetli alamatlary ýüze çykýar. Esasy tonallyk bolan *h-moll'*yň doly tonika akkordy bilen başlanýan giriş sazy bas sesinde I basgançakdan VI çenli hromatizm boýunça aşak hereket edýär, ýokarky sesler bolsa şoňa laýyk akkord gurluşda bolup, onda käbir tonallyklara sowulmalar duýulýar.

Eseriň esasy saz materialyny eksponirleýän birinji bölüm çylşyrymly goşa period formasynda gurlan. Mazmunyna laýyklykda, ol liriki keşbi esaslandyrmaga bagyşlanan. Bu bölüm iki sözlemden ybarat bolup, onuň tekst esasyna goşgynyň iki bendi goýlan. Birinji sözlemiň gurluşyny, bendiň her iki setiri bilen baglylykda, iki jümlä bölmek bolýar.

Heň babatynda bu jümleler kwadrat gurluşy emele getirse-de, ikinji jümläniň, ýagny umumy birinji sözlemiň ahyryndaky doly kadensiýadan soň bir taktlyk goşulma dowam edýändigi sebäpli, birinji jümle sekiz takt, ikinji – dokuz takt hökmünde kabul edilýär. Uly bol-

madyk goşulma indiki sözleme geçiş funksiýasyny hem ýerine ýetirýär.

Birinji sözlemiň heň liniýasy tolkun görnüşinde gurlup, ol kem-kemden aşakdan we ýokardan diapazony eýelemek prinsipinde düzülen. Fortepianonyň partiýasy bas sesindäki hromatiki ädimleriniň fonunda beýan edilen akkord gurluşly fakturany dowam edýär.

Kwadrat gurluşdaky ikinji sözlem birinjiniň wariant görnüşi bolup durýar. Onda kompozitor sözlemiň ahyrynda *D-dur* tonallygynda bolan modulýasiýa sebäpli kadension jemlemede özgerişlik girizýär. Bu pursat dinamika bilen hem tassyklanylan.

Tonal babatda birinji bölüm modulirleýji periody emele getirip, onuň birinji sözleminde sowulmalaryň häsiýetli alamatlary ýüze çyksa-da, bir tonallyk saklanyp galynýar.

Ortaky bölüm gurluş aýratynlygy bilen tapawutlanýar. Onda tans we aýdym žanryna esaslanyp, periodlylyk saklanylýar. Bu periodlylyk onuň perde-garmoniki durnuksyzlygy, modulirlenmegi, gutarnyksyz gurluşlygy, kadansda durnuksyz garmoniýada saklanmagy bilen utgaşdyrylýar.

Göwrümi boýunça bu bölüm gapdalkylardan kiçi bolup, ony goşgy tekstiniň ulanylyşy bilen düşündirilýär. Eger birinji we üçünji bölümlerde iki bent getirilýän bolsa, ortakyda diňe bir bent ulanylýar. Öňki heňi täze öwüşginde dowam etmek bilen, kompozitor kwadratlygy hem saklap galýar. Onuň ikinji sözleminiň tematiki materialyna salgylansaň, ol hem birinji ýaly sekiz takt dowam edýär. Durnuksyz kadensiýasy sebäpli oňa ýene-de iki takt goşulýar. Bu bolsa repriza bilen aralykdaky uly bolmadyk baglaýjy hökmünde ýüze çykýar.

Romansyň üçünji bölümi dinamizirlenen repriza görnüşinde beýan edilen. Şeýle-de bolsa onuň umumy göwrümi başdaky ýagdaýyna ýakyndyr. Bu ýerde girizilen täze öwrümler, şahyrana tekstiň çylşyrymly taraplaryny açmaga täsir edýär. Reprizanyň jemleýji bendinde sazyň häsiýeti üýtgeýär. Özgerişikler goşa periodyň ikinji sözleminiň heňinde we garmoniýasynda bolup geçýär. Temanyň dowamynda «*засыпая*» we «*но кажется мне, что люблю*» sözlerinde sazyň haýallama häsiýetinde, reçitatiw görnüşli jümleler peýda bolýar.

Tonal babatda bu ýerde minor agdyklyk edýär. Sözlemiň ikinji jümlesinde ýiti emosional kontrast we ynamsyzlyk duýgusyny döredýän, dominantada doňup galýan, reçitatiw häsiýetli jemleýji sözlerde goşgynyň doly manysy açylyp görkezilýär.

Romans ýene-de başlangyç nokada gaýdyp gelme hökmünde peýda bolýan giriş saz materialy bilen tamamlanýar. Ol tutuş eseriň jemleýji bölegidir.

Eseriň gurluş shemasy:

*18-nji shema*

| Giriş | A | | B | | $A_1$ | | Jemleme |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | a | $a_1$ | b | $b_1$ | $a_2$ | $a_3$ | |
| 8 | 16 | 16 | 8 | 8+2 | 16 | 16 | 8 |
| *h - moll* | *h* | *h – D* | *D-dur* | *D – h* | *h- moll* | | |

«Ни слова, о друг мой» (goşgusy A. Pleşeýewiňki) romansynda P. Çaýkowskiý ýönekeý üç bölümli formanyň ortaky bölüminiň ösdürilen görnüşini beýan edýär. Beýle gurluşlara kompozitoryň wokal eserlerinde ýygy-ýygydan duşmak bolýar.

Gaýgyly, dartgynly duýgulara ýugrulan romans goşgynyň liriki, söýgi setirleriniň içki mazmunyny doly açyp görkezýär.

Gür fakturaly giriş sazy tutuş eseriň häsiýetine girizýär. Onuň ýokarky sesinde geçirilýän heň öwrümi *e-moll* tonallygyny tassyklaýjy hökmünde kabul edilýär. Bu tema sazandarlyk ediji akkordlaryň fonunda beýan edilýär.

Uzak arakesmeden soň kompozision strukturanyň birinji bölüminiň temasy başlanýar. Bir bende esaslanýan bu heň gurluşy boýunça şahyrana tekst bilen berk baglanyşykda bolýar. Tekste laýyklykda, pauzalar bilen birnäçe jümlelere bölünen bu tema reçitatiw alamatlaryny özünde jemleýär. Ýönekeý akkord goltgusy astynda geçirilýän tema bitewi heň tolkunyndan ybarat bolup, kem-kemden diapazonyny giňeltmek bilen, içki kulminasiýasy bolan $e^2$ çenli beýgelýär we ýene-de aşak gaýdýar. Umumy heň tolkunynyň we ony düzýän jümleleriň köpüsiniň pese inýän jemlemesinde hasratly, gam-gussaly duýgularyň äheňi bolýar.

Tonal babatda bu bölümde modulýasiýalaryň alamatlary ýüze çykýar. Ol esasy tonallykda başlanýar we bendiň ikinji setirinde *G-dur*'yň üsti bilen *a-moll'*a geçýär.

Bölümiň ahyrynda ýüze çykýan *h-moll* we *H-dur* tonallyklarynyň alamatlary ony esasy tonallygyň dominantasy hökmünde hem kabul etmäge mümkinçilik berýär.

Romansyň ortaky bölümi P. Çaýkowskiniň wokal eserlerine häsiýetli bolan erkin ýaýbańlandyrylan görnüşde beýan edilen. Ortaky bölümleriň beýle görnüşlerinde duş gelýän ýygy tonal çalşygy, sekwensiýalar, gysgajyk jümlelere we motiwlere bölünmeklik, işlenilme häsiýetini döredýär. Bu romansyň ortaky bölümi hem şeýle ýagdaýa eýe. Onuň esasyndaky bentde pajygaly äheňler has-da güýçlendirilen. Bu ýerde saz materialynyň ösüşi umumy kulminasiýa baryp ýetýär.

Bölümiň başynda pauzalar bilen çäklendirilen bölekler has gysgaldylan we ýygjamlaşdyrylan. Her bir jümle aýratyn sözüň çintgelip aýdylmagyna bagyşlanan, heň bolsa öňündäki temanyň iň soňky äheňinden bölünip alnan gysgajyk motiwlere bölünen. Bu motiw, kem-kemden beýgelýän sekwension tolkunlar bilen kulminasion pursady taýýarlaýar. Ortaky bölümiň ikinji ýarymy ariozo häsiýetli giň jümleden ybarat. Ol giriş sazynyň wariant görnüşi bolup durýar. Sekwensiýalar arkaly birnäçe tonallyklara degip geçýän (*A – D – d – C – e*) bu bölümiň soňky jümlesinde tonallyk dikeldilýär. Bendiň soňky gaýtalanmagy *e-moll'*yň doly subdominanta akkordynyň fonunda geçirilýär. Şu ýagdaýda tamamlanan bölüm gutarnyksyzlyk, lapykeçlik duýgusyny döredýär. Başlangyç depgine, registre, reçitatiw häsiýete, goşgynyň birinji bendine gaýdyp gelmeklik, takyk reprizany alamatlandyrýar.

Romans giriş materialyny gaýtalaýan jemleýji bölek bilen tamamlanýar.

Romansyň strukturasy: *19-njy shema*

| Giriş | A | B | $A_1$ | Jemleme |
|---|---|---|---|---|
| 5 | 4 4+1 | 5 + 8 | 4 + 6 | 5 |
| *e-moll* | *e-G-a* | *A-D-A-G* | *e-moll* | *e-moll* |

Ýönekeý üç bölümli formanyň özboluşly gurluşynyň ýene-de bir görnüşini P. Çaýkowskiniń N. Grekowyň sözlerine döreden «Погоди» atly romansynda görmek bolýar. Liriki häsiýetde ýazylan bu eser wokal partiýada wasp edilýän tebigaty, onuň dürli gözelligini fortepianonyň partiýasy arkaly tassyklaýar.

Romans haýal depginde, ýuwaş dinamikada beýan edilen alty taktlyk giriş bilen başlaýar. Ol tematiki materialy boýunça soňra beýan ediljek wokal partiýadaky tema girizýär. Giriş biri-birine ýakyn bolan üç jümleden ybarat. Olarda kompozitor tematiki materialy kem-kemden täze belentlige çykarmak bilen onuň diapazonyny giňeldýär we dartgynlylygy artdyrýar. Bu ýerde ýokarky sesde beýan edilýän tema bilen bir hatarda goşulan ses hökmünde ýüze çykýan heň liniýasyny hem bellemek bolar. Tonal babatda *a-moll*'yň garmoniki görnüşine esaslanýan giriş sazyň gaýgylylygyny belläp geçýär.

Wokal partiýada temanyň başlanmagy bilen birinji bölüm bellenilýär. Onuň esasynda kompozitor goşgynyň bir bendini ulanýar. Bu bendiň her setiri gutarnykly jümläni emele getirip, olar biri-birinden pauzalar arkaly aýrylan. Girişde bolşy ýaly, bu ýerde hem tematiki materialyň kem-kemden beýgelip we ýene-de aşak düşmegi bellenilen. Bu bölümde fortepiano partiýasy girişdäki fakturasyny dowam edýär.

Tonal babatda birinji bölüm modulirleýji bolup durýar. Ol esasy tonallyk bolan *a-moll*'da ýazylandyr, bölümiň soňky taktlarynda tonal durnuksyzlygy duýulýar we indiki bölümiň tonallygy taýýarlanylýar.

Ikinji bölüm täze tema esaslanyp, period formasynda ýazylan, bu bölüm birnäçe taraplary boýunça gapdalky bölümler bilen kontrastlaşýar. Bu ýerde saz materialyna girizilen tematiki kontrastyň döremegine teksti sebäp bolýar. Onuň manysynda adam durmuşynyň başagaýlykda, örän çalt geçişi, tomus gijesiniň gözelligi arkaly tebigatyň baky rahatlygyny garşy goýmaklykda suratlandyrylýar. Eger birinji bent liriki, täsirli ariozo heňinde, tonal durnuksyzlykda, modulirlemede görkezilen bolsa, rahatlygy, tomus gijesiniň ümsümligini wasp edýän ortaky bölüm başga häsiýetde beýan edilýär. Bu ýerde kontrast ilki bilen faktura we garmoniýa serişdeleri arkaly ýüze çykarylan.

Dabaraly *Ges-dur* tonallygyna (*a-moll*'dan *D/es* üsti bilen) engarmoniki modulýasiýa, ortaky bölümiň bütin dowamynda durnukly saklanylan akkompanement partiýasyndaky barkarolla görnüşli, çaýkanyp duran ritmiki figura – bularyň hemmesi bölümiň sazyna belent arzuwçyllyk öwüşginini çaýýar. Bu bölümiň esasynda kompozitor täze saz materialyny ulansa-da, onuň käbir intonasiýalary başdaky tema bilen ýakynlaşdyrýar. Şeýlelikde, bu ýerde kontrast umumylyklaryň esasynda döreýär. Ortaky bölüm esasy düzýän bendi wokal partiýada beýan edeninden soňra onuň saz materialyny fortepiano partiýasy aýratynlykda gaýtalaýar.

Gutarnyksyz görnüşde tamamlanan ortaky bölüm dinamizirlenen repriza geçýär. Bu bölüm saz materialy boýunça birinji bölüme esaslansa-da, onda düýpli özgerişlikler bellenilýär. Onuň esasynda goşgynyň bir bendi ulanylyp, onuň käbir jümleleri gaýtalanýar. Wokal partiýada tema başdaky görnüşde başlanýar we bendiň üç setiri aýdylandan soňra tema täze öwüşginlere girýär. Bu ýerde alterasiýa belgileriň agdyklyk etmegi arkaly saz materialy durnuksyzlaşýar. Fortepianonyň partiýasy hem ilki birinji bölümiň materialyna esaslanyp, onuň dowamynda ortaky bölümdäki barkarolla görnüşli çaýkanyp duran figurasiýany görmek bolýar. Sowulmalar arkaly birnäçe tonallyklaryň üstünden geçen tematiki material *A-dur* tonallygyna gelýär. Bu tonallyk bilen romansyň jemleýji bölegi bolan goşulma başlanýar. Ol diňe fortepiano partiýasynda geçirilýär. Bu ýerde birinji we ikinji bölümleriň tematiki materiallarynyň utgaşdyrylan görnüşini bellemek bolýar, ýagny ýokarky sesde oktawalaýyn geçirilýän ýokarky ses, birinji bölümiň temasyna esaslanýan bolsa, bas sesi – ortaky bölümiň çaýkanyp duran figurasiýasy bilen goltgy berýär. Romans tematiki materiallary bir ýerde jemlemek we *A-dur* tonallygyny tassyklamak bilen ýagty öwüşginlerde tamamlanýar.

Romansyň kompozision shemasy:

*20-nji shema*

| Giriş | A | B | $A_1$ | Goşulma |
|---|---|---|---|---|
| 6 | 8 | 13 + 6 | 14 | 8 |
| *a- moll* | *a-moll* | *Gis-dur* | *a-moll* | *a-moll* |

Ýokarda kompozitoryň ýönekeý üç bölümli formada ýazylan käbir romanslarynyň üstünde durlup geçildi. Olaryň derňewi netijesinde nusgawy ýönekeý üç bölümli formanyň esas bolup durýandygy yzarlanyldy. Romanslarda goşgy tekstiniň aýratyn sözleriniň gaýtalanýan pursatlarynyň, formanyň gurluşyna täsir edýändigini görmek bolýar.

Seredilip geçilen romanslarda kwadrat gurluşly we kwadrat däl gurluşly sözlemlere, jemlemeli we goşulmaly tamamlanýan romanslara hem duşmak bolýar.

Şeýlelikde, P. Çaýkowskiniň ýönekeý üç bölümli formada ýazylan romanslarynyň derňewi netijesinde, kompozitoryň bu formanyň nusgawy görnüşine esaslanýandygy ýüze çykýar. Romanslar boýunça geçirilen derňew, esasan, forma babatynda seredilen-de bolsa, onuň dowamynda degilip geçilen forma emele getirişiň beýleki serişdeleriniň hem özboluşly aýratynlyklarynyň bardygyny görmek bolýar.

Ýönekeý üç bölümli formanyň wokal sazynda ulanylyşyny derňäp geçmek bilen, aşakdaky netijeleri umumylaşdyrmak bolar:

- ýönekeý üç bölümli forma wokal sazda giňden ulanylýar;
- ýönekeý üç bölümli formanyň bölümleriniň içki gurluşy köpgörnüşli we onuň mümkinçilikleri çäklendirilmedik;
- öwrenilýän kompozisiýanyň çäklerinde dürli mazmundaky we dramatizm derejesindäki eserleri döretmek bolýar;
- ýönekeý üç bölümli forma özbaşdak struktura hökmünde we has çylşyrymly kompozisiýanyň bölümi hökmünde çykyş edip biler.

**Derňew üçin mysallar:**

*Ýazylan gaýtalanmaly üç bölümli forma*

1. Grig. «Per Gýunt» sýuitasy, «Anitranyň tansy».

Giriş+||:A:||+||:I+$A_1$:||.

2. Şopen. Mazurka № 23. ||:A:||+||:$A_1$:|| + ||:A:||.

3. Bethowen. Sonata № 3, skerso, trio ||:A:||+||:$A_1$+A:||; sonata № 6, II b., ortaky bölüm ||:A:||+||:$A_1$+A:||; sonata № 12, skerso, trio ||:A:||+||:I+A:||.

**Üç bölümli forma**

$A + A_1 + A$

1. Skrýabin. Prelýud, op. 15 № 4.
2. Şopen. Polonez № 3, birinji bölek.
3. Mendelson. Sözsüz aýdym, № 27.
4. Brams. Sonata *f-moll*, op. 5, Intermesso.
5. Bethowen. Sonata №1, menuet, trio; sonata № 2, skerso, trio; sonata № 4, III b., Minore; sonata № 9, II b., birinji bölek; sonata № 13, II b., birinji bölek.

**A + B + A**

1. Bethowen. Sonata № 7, menuet; sonata №11, menuet; sonata №15, Andante; sonata № 12, I b., wariasiýalaryň temasy.
2. Çaýkowskiý. «Heň» («Мелодия»).

**A + I + A**

1. Mosart. Simfoniýa № 2 (№ 48) *g-moll*, menuet; sonata № 5, menuet.
2. Bethowen. Sonata № 1, menuet; sonata № 3, skerso, birinji bölek; sonata № 12, skerso, birinji bölek.
3. Grig. «Per Gýunt» sýuitasy, «Anitranyň tansy».

**A + geç. + A**

1. Mosart. Simfoniýa № 3 (№ 47) *Es-dur*, menuet; sonata № 4, menuet.
2. Bethowen. Sonata № 4, III b., birinji bölek; sonata № 9, II b., Maggiore; sonata №18, menuet, trio; sonata № 2, Largo appasionato, birinji tema.
3. Grig. Wals *e-moll*.
4. Şopen. Mazurka, op. 6 № 4; mazurka, op. 24 № 16.

**A + geç.+I + $A_1$ we A + IB + A**

1. Mosart. Simfoniýa № 3 (№ 47) *Es-dur*, Andante.
2. Bethowen. Sonata № 2, skerso, birinji bölek.
3. Şopen. Mazurka, op. 33 № 1.

**Hödürlenýän edebiýat:**

*Цуккерман В.* Динамический принцип в музыкальной форме. // Музыкально-теоретические очерки и этюды. М., 1970.

# IX BAP

# ÇYLŞYRYMLY IKI BÖLÜMLI FORMA

## § 1. Kesgitleme, esasy aýratynlyklar

Tematiki materialyň beýan edilmeginden soňra kontrastly bölümlerde onuň ösüşini görkezýän forma çylşyrymly iki bölümli forma diýilýär. Wena klassyklarynyň ýa-da olaryň däplerini dowam edýänleriň sazlaryna degişlilikde çylşyrymly iki bölümli formanyň haýsy hem bolsa bir bölümi ýönekeý formadan kiçi bolmaly däldigini aýtmak bolar.

Çylşyrymly iki bölümli formanyň kesgitlemesinden belli bolşy ýaly, ol beýleki çylşyrymly formalardan esasy aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Bu forma iki bölümli bolup, ol her bir bölümiň funksional mümkinçilikleriniň has giňdigini göz öňünde tutýar. Eger ýönekeý formanyň birinji periody diňe temany eksponirlemek bilen çäklendirilen bolsa, bu ýerde eýýäm birinji bölümiň içinde temanyň yzy bilen onuň ösüşi ýa-da reprizaly jemlenilmesi dowam edip biler.

Şeýle-de çylşyrymly iki bölümli forma reprizaly bolup bilmeýär, sebäbi, eger-de başdaky saz materialy, hatda periodyň göwrüminde gaýtalanan ýagdaýynda hem, ol gysgaldylan bolsa-da, üçünji bölüm ýaly kabul ediler. Eger onuň göwrümi mundan hem gysga bolsa, onda beýle gaýtalanma düýbünden reprizanyň funksiýasyny ýerine ýetirip bilmez.

Çylşyrymly iki bölümli formanyň bellenilen alamatlary – kontrastlygy we reprizasyzlygy – onuň ýönekeý iki bölümli formanyň diňe bir görnüşiniň, has takygy – kontrast görnüşiniň «derejesiniň beýgeldilmegini» emele getirýändigini aňladýarlar. Çylşyrymly iki bölümli formanyň düzüminiň umumy prinsipi, A + B shemasy boýunça, kontrast iki bölümiň garşy goýulmagy bolup durýar.

Ýokarda aýdylyp geçilenler çylşyrymly iki bölümli formanyň ahyrynda birinji bölümiň belli derejede reprizalylygyň elementleri hökmünde bilinjek alamatlarynyň peýda bolup biljekdigi baradaky pikiri aradan aýyrmaýar.

Şeýlelikde, gomofoniki formalaryň umumy ulgamynda çylşyrymly iki bölümli forma «gorizontal boýunça» edil çylşyrymly üç bölümli formanyň derejesinde ýerleşýär. Emma reprizanyň ýoklugy ony diňe bir kepillendirilen arhitektoniki deňagramlylykdan mahrum etmän, eýsem bu forma «wertikal boýunça», öň bellenilişi ýaly, ýönekeý iki bölümliniň kontrast görnüşiniň «beýgeldilmegi» bolup durýar.

Eger çylşyrymly üç bölümli formada bölümleriň gatnaşygy ýeterlik derejede kesgitlenilen bolsa, iki bölümli formada olar dürli-dürli bolup, olaryň gatnaşygy klassifikasion alamat hökmünde seredilip bilner. Bu nukdaýnazardan ugur alyp, formanyň üç görnüşini tapawutlandyrmak bolar: deňagramly – bölümleri bellibir derejede deň ähmiýetli; horeý – bu görnüşde birinji bölüm ikinjä garanyňda has ähmiýetli kabul edilýär; ýamb – ikinji bölümiň aýdyň agalyk etmegi.

1. *Deňagramly* görnüşdäki formada – bölümleriň häsiýeti biri-birine meňzeş hem bolýar, düýpli tapawut hem edýär. Bu alamat, köplenç, meňzeşlikde öz beýanyny tapýar. Şeýle-de bölümleriniň gurluşy doly meňzeş hem bolýar (J. Werdiniň «Rigoletto» operasyndan kwartet, P. Çaýkowskiniň «Ýewgeniý Onegin» operasyndan Mazurka).

2. *Horeý* görnüşdäki formada – ýönekeý formany ýeterlik derejede ösdürilen tematiki babatda täze kodaly hasap etmek bolar. Emma, eger jemleýji düzüm ýeterlik derejede özbaşdak struktura öwrülýän bolsa, onda forma umumylykda çylşyrymly iki bölümli bolýar (meselem, I. S. Bahyň OTK-nyň II tomundan prelýudiýa *Ges-dur*). Ikinji bölüm has ösen hem bolup biler.

3. Çylşyrymly iki bölümli formanyň *ýamb* görnüşi ikinji bölümiň pikir-mazmun, gurluş we göwrüm babatynda agdyklyk etmegini göz öňünde tutýar. Bu görnüşiň has irki nusgalarynyň formasyna Ž. Lýulliniň we ony dowam etdirijileriň käbir uwertýuralary degişli bolup durýarlar.

Formanyň görnüşleri – deňagramly, horeý, ýamb – uly we kiçi derejelerde hem beýan edilip bilner, käwagt bolsa, bir eserde dürli görnüşleriň alamatlary utgaşdyrylýar. Meselem, I. Dunaýewskiniň «Entuziastlaryň marşy» aýdymyny (aýdymyň kupleti) deňagramly

görnüşdäki çylşyrymly iki bölümli forma degişli etmek bolar. Ýöne onuň birinji bölüminiň (zapewiň) formasy has ösendir, ýagny ol aýdyň görkezilmedik reprizaly ýönekeý iki bölümli formada ýazylan. Gaýtalama bolsa, gaýtalanmaýan gurluşly period formasyndadyr. Formalaryň beýle gatnaşygy kompozisiýada horeikliligiň agdyklyk edýänligi barada aýdýar. Beýleki tarapdan, gaýtalamanyň heňiniň giň kantilenasy, akkordly goltgynyň iri ritmi, *As-dur*'da beýan edilen zapewden soňra dominantadan soňky tonika hökmünde kabul edilýän *Des-dur* tonallygy ikinji bölümiň ähmiýetliligini artdyryp, oňa ýamb elementini girizýär. Netijede, deňagramlylyk agdyklyk etse-de, beýleki görnüşleriň alamatlary bilen özara täsirlenýär. Şeýlelikde, sazda çylşyrymly iki bölümli formanyň bölümlerini tapawutlandyryp ýa-da deňleşdirip biljek ähli taraplaryny göz öňünde tutmak gerek.

## § 2. Çylşyrymly iki bölümli formanyň beýan ediji tarapy

Çylşyrymly iki bölümli formada dürli garşy goýulmalarda bellibir şert ýok. Hatda formanyň deňagramly bolmadyk görnüşlerinde hem, epizoddan, triodan ýa-da işlenilmeden tapawutlylykda, «gowşak» bölümler hem bitewülige degişlilikde ähmiýetli, has agramly görünýär. Bu ilki bilen bölümleriň ýerleşişini kesgitleýär: olaryň her biri ýa başlangyç ýa-da jemleýji bolup durýar. Iki ýagdaýda hem olar ýeterlik derejede mazmunly hem bolmaly, özbaşdak hem, şeýle-de aýdyň gurnalan bolmalydyr.

Çylşyrymly iki bölümli formanyň bölümleriniň çäklerinde «wakalar öwrümi» haýsy tarapa bolup geçýär? Täze saz pikiri näme sebäpden girizilýär? Bu soraglara jogap her bir eserde dürli bolup, olaryň tapawutlylygy, şertli aýdylanda, san we hil babatynda häsiýetlidir. San tarapy hökmünde bölümleriň arasyndaky kontrastlyk derejesiniň bahasy hasaplanyp bilner. Onuň diapazony örän giň. Käbir ýagdaýlarda ikinji bölümde peýda bolýan täze saz materialy birinji bölümiň pikiriniň «başga sözler» bilen beýan

edilmegi bolup durýar. Hil tarapy hökmünde kontrastyň häsiýetine goýlan baha hasaplanyp bilner. Ilki bilen haýallykdan, sabyrlylykdan, beýan edijilikden işjeň hereketlilige geçişiň häsiýetliligini bellemek gerek.

Žanr däpleri bizi ýene-de, birinjä garanyňda, ikinji bölümiň has işjeň we hereketli bolan ýagdaýyna gaýtaryp getirýär. Käbir žanrlar öz içinde haýal we işjeň hereketleriň garşy goýulmagyny göz öňünde tutýarlar. Muňa mysal edip, «çardaş» wenger tansyny görkezmek bolar. Bu žanryň nusgalary – çylşyrymly iki bölümli formada – diňe bir wenger kompozitorlarynda däl, eýsem, L. Delibiň («Koppeliýa» baleti), P. Çaýkowskiniň («Guwly köl» baleti), A. Glazunowyň («Raýmonda») döredijiliginde hem duş gelýär.

Çylşyrymly iki bölümli formada bölümleriň arasyndaky kontrast ikinji bölümiň depginini üýtgetmezden beýan edilýär. L. wan Bethoweniň 6-njy simfoniýasynyň skersosynyň birinji bölüminde toparlaýyn we solo tanslaryň, «Ýewgeniý Oneginden» mazurkanyň bölümleriniň rahat-sabyrly (*G-dur*) we howsalaly (*e-moll*) ýagdaýlaryň garşy goýulmagy depginiň çaltlandyrylmagyny, ritmiki hereketiň işjeňleşmegini talap etmeýär. Şeýle-de bolsa, ikinji bölüm birinji bilen nähili gatnaşykda bolsa hem, ol kompozitoryň pikirine laýyklykda başlangyç ýagdaýa gaýdyp gelmekligi göz öňünde tutmaýar. Seredilip geçilýän formanyň iki bölümliligi şunuň bilen hem kesgitlenilýär.

## § 3. Formanyň logikasy. Onuň ulanylýan ýerleri

Aýdym bentli çylşyrymly iki bölümli forma aýratyn seredilmegini talap edýär. Bu ýerde indiwiduallaşdyrylan we söz babatynda yzygiderli täzelenilýän zapew has umumylaşdyrylan gaýtalamak bilen birnäçe gezek doldurylýar. Eger bu bölümleriň bolmanda biri ýönekeý forma çenli ösdürilen bolsa, kupletiň formasy çylşyrymly bolýar. Ikinji bölüme geçmeklik bu ýerde žanr däpleriniň derejesinde hem, pikirlenme logikasynyň derejesinde hem içgin motiwirlenýär. Beýleki tarapdan, kupletiň gaýtalanmagy

onuň formasyny kabul etmekde biraz başgaça şertleri döredýär: birinjiden, bölümleriň ikisi hem diňe bir tutuş formanyň iň gapdalky ýerlerinde ýerleşmän, eýsem, ortaky pozisiýalarda hem bolýar. Bu bolsa, kontrastyň motiwirlenmegine bolan talaby bellibir derejä çenli ýumşadýar.

## § 4. Bölümleriň gurluşy

Çylşyrymly iki bölümli formanyň kesgitlemesinden belli bolşy ýaly, onuň bir bölümi hatda period hem bolup biler, ýöne bu ýagdaýda beýleki bölüm has ösdürilen bolýar.

Period formasynda birinji bölümiň ýazylmagy örän seýrek bolup, diňe kupletde zapewiň funksiýasynda duş gelýär. Hatda formanyň ýamb görnüşi hem şeýle. Periodyň çäklerinde ony diňe şahyrana tekstiň kömegi bilen gazanyp bolýar.

Periodyň ikinji bölümiň formasy hökmünde ulanylmagy has ýygy duş gelýär. Muňa kybapdaş nusgalar wokal kupletleriň içinde has köpdür. Mysal üçin, I. Dunaýewskiniň «Entuziastlaryň marşy» eserinde giňden beýan edilen, dabaraly kantilenaly zowwam geçýän ösüşli gaýtalamak geçenki hereketiň kulminasion netijesi hökmünde kabul edilýär. Çylşyrymly üç bölümlini düzýän formalaryň arasynda bolşy ýaly, bu ýerde hem ilki bilen ösüş görnüşli formalar duş gelýär. Olarda tematiki material häsiýeti we intensiwlilik derejesi boýunça dürli-dürli üýtgedilmelere sezewar edilýär: perde çalşygyndan işjeň işlenilmä çenli ortalyk ýa-da dowamly beýan etme häsiýetde.

Kontrast görnüşli formalardan iki bölümli forma has köp duş gelýär. Olar, adatça, zapew–gaýtalama görnüşi boýunça bölümleriň birleşmegini emele getirýär, ýagny, adaty ekspozision period we ony doldurýan bölek goşulma häsiýetini we özbaşdak temany özünde jemleýär. Diňe käbir ýagdaýlarda çylşyrymly iki bölümli formanyň bir bölegi reprizaly kontrast ýönekeý iki bölümli formany emele getirýär.

Haçanda çylşyrymly iki bölümli formanyň bölümleri çylşyrymly formada beýan edilen bolsa, forma umumylykda iki esse çylşyrymly «adatdan daşary çylşyrymly» bolýar. Mysal üçin, J. Werdiniň «Ri-

goletto» operasyndan kwartetiň iki bölümi (*E-dur* we *Des-dur*) hem şeýle ýagdaýda gurlan: ilki bilen ösüş görnüşli reprizaly ýönekeý iki bölümli forma emele gelýär (8+4+4), soňra uly bolmadyk epizod dowam edýär, ahyrynda perioda çenli gysgaldylan repriza. Formanyň iki bölümi hem çylşyrymly üç bölümli formada bolup, netijede iki esse çylşyrymly iki bölümli forma emele gelýär.

## § 5. Bölümleriň baglanyşygy

Çylşyrymly iki bölümli formanyň umumy, bitewi bolmagy üçin ýardam berýän köpdürli serişdeler üç topara bölünýärler: olaryň biri bölümleriň umumy mazmunyny emele getirýär, ýagny, olaryň stilistik we žanr, perde-tonallyk, struktura we göwrüm babatynda biri-birine laýyklygyny üpjün edýär; beýlekileri bölümleriň arasyndaky çäkleri ýumşatmaklyga, geçişi berkitmeklige ýardam edýär; üçünji topar girişlerde we kodalarda ýüze çykýar. Bölümler stil-dil babatynda islendik formada saz eseriniň bitewüligine laýyk gelýär. Bölümleriň žanr laýyklylygy bolsa, dürli görnüşlerde beýan edilip bilner: takyk we takyk däl hökmünde, şeýle-de däp bolan we indiwidual taraplaryň tapawutlylygy hökmünde.

Romanslarda, opera ariýalarynda we ansamblլarda žanr arabaglanyşygy, köplenç, görnüşiň täzelenmegine esaslanan: «Пиковая дама» operasyndan Lizanyň monologynyň iki bölümi hem opera ariozosynyň häsiýetli nusgasy bolup, birinji ariozo – *lamento*, ikinji bolsa – *impeto*.

Bölümleriň perde-tonal gatnaşygy bölümleriň ikisiniň hem tonallyklarynyň meňzeşliginde beýan edilýär. Tonallyk çalşygynyň esasy bölegi minordan adybir mažora geçmeklik pursadyna gabat gelýär. Ikinji bölüm parallel mažorda ýa-da VII basgançagyň tonallygynda geçirilip bilner.

Mažordan tonal hereketi bolmagy hem mümkin. Bu ýagdaýda perde öwüşgini saklanyp galynyp hem bilner, emma sazyň mazmunyna laýyklykda, minora çalşylyp hem bilner. J. Werdiniň «Bal-maskarad» operasyndaky kwintetde *B-dur*’da geçirilýän birinji bölümden soň, ikinjisi *b-moll*’da başlanýar.

Bölümleriň tematiki babatda baglanyşygy öz gözbaşyny gadymy lýutnýa tanslaryndan alyp gaýdýar (XVI asyryň başy–XVII asyryň ahyry). Olaryň köpüsinde jübüt metrdäki haýal tans we şol bir tema esaslanýan üç ülüşli işjeň tans utgaşdyrylýar.

Giriş we jemleme hem çylşyrymly iki bölümli formanyň bölümleri bilen baglylykda lokal serişdeler hökmünde ulanylýar.

Çylşyrymly iki bölümli formanyň bölümleriniň bellibir derejede özbaşdaklygy, göräýmäge, olaryň hersini giriş bilen başlap, jemleme bilen tamamlamaga mümkinçilik döredýän ýaly. Eýýäm bir gezek gaýtalamaklyk çylşyrymly iki bölümli formanyň bitewüligini ýeterlik derejede tassyklaýar. F. Listiň Ekspromt-walsynda hem forma şeýle gaýtalanylan. Operettadaky, sazly komediýadaky käbir nomerler, köpsanly estrada aýdymlary «iki bentli» forma eýe we bu ýagdaýda kuplet çylşyrymly iki bölümli formada beýan edilen.

Birnäçe eserlerde çylşyrymly iki bölümli formanyň aýdyň alamatlary bellenilýär, emma, şeýle ýagdaýda käbir beýleki alamatlar bu eserleri berlen formanyň nusgalaryna degişli etmäge mümkinçilik bermeýär. Nähili ýagdaýlarda çylşyrymly iki bölümlä ýakynlaşýan formalar hakynda, aralyk formalar hakynda, garyşyk we ş.m. formalar hakynda aýtmak bolar? Olaryň hemmesi kompozitorlygyň çäksiz oýlap tapyşlarynyň netijesi bolup durýarlar.

**Hödürlenýän edebiýat:**

*Цуккерман В.* Динамический принцип в музыкальной форме. //Музыкально-теоретические очерки и этюды. М., 1970.

# X BAP

# ÇYLŞYRYMLY ÜÇ BÖLÜMLI FORMA

## § 1. Kesgitleme

Birinji bölümi ýönekeý iki ýa-da üç bölümli formada, beýleki bölümleri bolsa has ösen formada bolmadyk reprizaly üç bölümli forma çylşyrymly üç bölümli forma diýilýär.

Çylşyrymly üçbölümliligi bellibir derejedäki şertlilik bilen esasylar, ilkinjiler we baýlaşdyryjylar, ikinjiler ýaly häsiýetlere bölmek bolýar. Olary atlandyryp geçeliň:

1. Birinjisi gaýdyp gelýän iki ýönekeý formalaryň goşulmagy.

2. Bölümleriň aýdyň bölünmegi, olaryň arasynda düýpli sezuralaryň barlygy.

3. «Daşyndan» kontrast garşy goýmaklyk. Kontrastyň görnüşi – biri-birini dolduryjy däl, emma konfliktli hem däl-de, hadysanyň beýleki tarapyny şöhlelendiriji. Kontrast görnüşli ýönekeý üç bölümliligiň meňzeşligi.

4. Hadysalaryň rahat gezekleşmekleri. Dramaturgiýa ýaýbaňlandyrmanyň logikasy – «beýan etme logikasy» (W. Meduşýewskiý)[1].

5. Ösen we gutarnykly gapdalky bölümleriň barlygy sebäpli formanyň berk daýanjy.

6. Bölümleriň dürlüligi: has ýatda galyjy we biri-birini «dublirleýän» gapdalky bölümleriň agalyk etmekleri.

Baýlaşdyryjy häsiýetler:

1. Ortaky bölümiň ähmiýetli erkinligi.

2. Ortaky bölümiň gapdalkylar bilen tematiki baglanyşygy.

3. Birinji iki bölümiň garmoniki we struktura ýapyklygynyň kemelmegi.

4. Uly ösüşe we mazmunlylyga ýetýän baglaýjy bölekleriň peýda bolmagy.

5. Reprizanyň warýirlenmegi we dinamizasiýasy. Zowwamlaýyn geçýän ösüşiň başga, dinamiki däl ýüze çykmalary. Reprizada «dowam edýän hereketiň» funksiýasy (W. Bobrowskiniň pikiri boýunça).

6. Kodanyň ösüşiniň jemlemesiniň emele gelmegi.

7. Ähli bellenip geçilenleriň netijesi hökmünde «formanyň garşylygyndan üstün çykmaklyk»[2].

Çylşyrymly üçbölümliligiň käbir häsiýetlerinde saklanyp geçeliň.

---

[1] Анализ музыкальных произведений. Программа-конспект для историко-теоретико-композиторских факультетов музыкальных вузов.–М., 1977. С. 60.

[2] Şol ýerde.

Çylşyrymly üçbölümliligiň düzüm häsiýetini onuň taryhy gelip çykyşy bilen baglanyşdyrmaga iki aýry pýesanyň, aýratyn hem sýuitalardaky tanslaryň baglanyşygy laýyk bolup durýar. Iki eseriň ABA shemasy boýunça baglanyşmagy kähalatda has soňraky döwrüň sýuitalarynda hem özüni görkezýär.

Çylşyrymly üç bölümli forma ýönekeý bilen deňeşdirilip baha berlende, keşp kontrastyny ýüze çykarmakda we bu kontrastyň olaryň her haýsysynyň (iri bölümleriň içindäki ortaky we beýleki ösüş bölümleri) içki ösüşiniň mümkinçilikleri bilen çalşyrmaklyga has oňaýly şertleriň bardygyny bellemek gerek. Şeýlelikde, çylşyrymly üçbölümlilik ösüşli, potensial babatda (reprizanyň üýtgedilen ýagdaýynda) özgerdilen keşpleriň kontrastlylygyny özünde jemleýär.

Çylşyrymly üç bölümli forma dürli-dürli žanrlardaky eserlerde duş gelýär. Bu formada marşlaryň aglabasy ýazylan. Şeýle-de, ol tanslarda – walslarda, mazurkalarda, polonezlerde örän köp duş gelýär. Bu formada simfoniýalaryň, sonatalaryň we başga-da birnäçe toplum eserleriň haýal (*Andante, Adagio*), şeýle-de çalt (skerso, menuet) depginde beýan edilen ortaky bölümleri ýazylan. Bulardan başga-da, çylşyrymly üç bölümli formada wokal eserler – romanslar, ariýalar, horlar hem ýazylýar. Gadymy ariýa da capo (onuň ortaky bölüminden soň ýene-de birinjiniň gaýtalanýandygy sebäpli şeýle atlandyrylan) gadymy sýuita bilen bir hatarda çylşyrymly üç bölümli formanyň taryhy gözbaşy bolup durýar.

## § 2. Çylşyrymly üç bölümli formanyň gurluşy. Onuň esasy görnüşleri

Umuman alanyňda, çylşyrymly üç bölümli formanyň shemasy ýönekeý üç bölümli formanyň shemasyny ýatladýar: birinji we üçünji bölümler özaralarynda meňzeş bolup, olary bir harp bilen belgiläp bolar, ikinji bölüm, adatça, saz materialy boýunça tapawutlanýar we başga harp bilen belgilenýär:

*21-nji shema*

| I bölüm | II bölüm | III bölüm |
|---|---|---|
| **A** | **B** | **A** |

Çylşyrymly üç bölümli formanyň birinji bölümi ýönekeý iki ýa-da üç bölümli formada ýazylýar. Ol, adatça, esasy tonallykda, kähalatda bolsa başga tonallykda doly kadensiýada tamamlanýar.

Çylşyrymly üç bölümli formanyň ikinji bölümi iki görnüşde bolýar:

1. Özbaşdak formaly (period ýa-da ýönekeý iki ýa-da üç bölümli);

2. Beýle formasy bolmadyk, birnäçe düzümden ybarat bolan we adatça, tonal babatda durnuksyz.

Çylşyrymly üç bölümli formanyň period ýa-da ýönekeý iki ýa üç bölümli özbaşdak formada ýazylan ortaky bölümi, notada bellenilmedigine garamazdan, trio diýlip atlandyrylýar; beýle formasy bolmadyk, birnäçe düzümden ybarat bolan ortaky bölüm epizod diýlip atlandyrylýar.

Şeýle-de, gutarnykly bolmasa-da, özbaşdak formasy bolan ortaky bölümler hem gönüden-göni trio degişli edilýär.

Eger trio we epizod formalary boýunça özara tapawutlanýan bolsalar, beýleki taraplardan olar birnäçe meňzeş alamatlara eýe: trio hem, epizod hem täze saz materialynda düzülýär; trio hem, epizod hem, adatça, esasy tonallykda däl-de, täze tonallykda ýazylýar we gapdalky bölümlerden tonal babatda tapawutlanýar.

Şeýle-de çylşyrymly üç bölümli formanyň epizody we ösüş görnüşli ortaky bölümi üçin özbaşdak formanyň ýoklugy, tonal babatda durnuksyzlyk häsiýetlidir. Olaryň arasyndaky tapawut bolsa, epizodyň tematiki özbaşdaklygynda jemlenýär.

Şeýlelikde, üç bölümli formalardaky ortaky bölümleri olaryň özbaşdaklyk derejesi boýunça indiki tertipde ýerleşdirmek bolar:

1. Ösüş görnüşli ortaky bölüm (özbaşdak formasy we özbaşdak temasy ýok);

2. Epizod (özbaşdak formasy ýok, ýöne özbaşdak tematiki materialy bar);

3. Trio (özbaşdak formasy hem, temasy hem bar).

Ortaky bölümi period ýa-da ýönekeý iki-üç bölümli formada ýazylan çylşyrymly üç bölümli forma trioly çylşyrymly üç bölümli forma diýlip atlandyrylýar. Özbaşdak formasy bolmadyk ortaky bölümi özünde jemleýän çylşyrymly üç bölümli forma bolsa epizodly çylşyrymly üç bölümli forma diýlip atlandyrylýar.

Eger-de trioly çylşyrymly üç bölümli forma gadymy tans sýuitalary bilen bagly bolýan bolsa, epizodly çylşyrymly üç bölümli forma öz gözbaşyny gadymy wokal-tans žanrlaryndan – aýdymly horowodlardan, şeýle-de wariasiýalar formalaryndan alyp gaýdýar. Epizodly çylşyrymly üç bölümli formada reprizanyň köp ýagdaýlarda warýirlenýändigi we kiçi bölümleriň warýirlenen gaýtalamalarynyň seýrek duş gelmeýändigi hem ýöne ýerden däl.

Trioly we epizodly çylşyrymly üç bölümli formalaryň ulanylyşy XVIII asyrda we XIX asyryň başynda dürli-dürli bolýar. Bu ýagdaý formanyň bu görnüşiniň žanr aýratynlyklary we labyz mümkinçilikleri bilen baglydyr.

Çylşyrymly üç bölümli formanyň üçünji bölümi – repriza – birinji bölümiň takyk gaýtalanmasy bolup biler. Beýle ýagdaýda ol, öň bellenilip geçilişi ýaly, kähalatda gaýtalap ýazylmaýar-da, *Da capo* sözleri bilen ýa-da *d.c.* harplar ýa-da *d.c. al fine* bilen belgilenýär.

Adatça, birinji beýan edilişinde gaýtalanýan (formanyň birinji bölümi) düzümler reprizada gaýtalanmaýar. Käbir eserlerde kompozitorlar bu ýagdaýy ýörite belläp geçýärler: onda, da capo sözlerine «*senza repetizione*» (ýa-da «*senza replica*»), ýagny, «gaýtalamasyz» diýen sözler goşulýar. Beýle diýildigi, ortaky bölümden soň ýene-de birinji bölümi dolulygyna geçirmelidigini, emma, onuň içindäki gaýtalamak belgilerine üns bermeli däldigini aňladýar.

Şeýle-de bolsa, repriza birinji bölümi hemme wagt takyk gaýtalamaýar we dürli görnüşde üýtgedilýär: ol warýirlenip, giňeldilip, gysgaldylyp bilner. Çylşyrymly üç bölümli formanyň reprizasy örän seýrek ýagdaýda dinamizirlenýär. Repriza gysgaldylan ýagdaýynda ýönekeý iki ýa-da üç bölümli forma derek, mysal üçin, diňe bir period gaýtalanyp bilner. Beýle üýtgedilme çylşyrymly üç bölümli forma

hökmünde bitewi formany kesgitlemekde hiç hili täsirini ýetirmeýär: ol doly däl reprizaly çylşyrymly üç bölümli forma bolýar.

Umuman, çylşyrymly üç bölümli formany, onuň üç bölüminiň her birisi ýönekeý iki ýa-da üç bölümli formada ýazylan bolsa, doly diýlip atlandyryp bolar. Beýleki görnüşlerini bolsa, mysal üçin, trioly ýa-da diňe bir period formadaky reprizaly, edil şonuň ýaly hem, trio derek epizodly bolsa, ony doly däl diýlip atlandyrmak bolar. Ortaky bölümi ýönekeý iki ýa-da üç bölümli formany emele getirip, gapdalkylar bolsa period formada bolan çylşyrymly üç bölümli forma hakynda sorag ýüze çykýar. Beýle forma ýönekeýiň hem, çylşyrymly üç bölümli formanyň hem kesgitlemesine laýyk gelmän, ony ýönekeýiň we çylşyrymlynyň arasyndaky aralyk forma diýlip atlandyrmaklyk kabul edilen. Dogrusy, çylşyrymly üç bölümli forma, bellenip geçilen aralyk formany hem öz içine almak bilen, has giň kesgitleme-de bermek bolar: çylşyrymly üç bölümli forma – bu, üç bölümiň bolmanda biriniň ýönekeý iki ýa-da üç bölümli formany emele getirýän we bir bölümi hem ondan has ösen formada bolmadyk reprizaly üç bölümli formadyr.

Şeýle-de birinji bölümi period, repriza bolsa ýönekeý üç bölümli formany emele getirýän üç bölümli forma örän seýrek duş gelýär. Bu ýönekeý we çylşyrymly üç bölümli formalaryň arasyndaky aralyk formanyň aýratyn görnüşi bolup durýar. Öz gelip çykyşy boýunça ol reprizasy giňeldilen ýönekeý üç bölümli forma bilen baglanyşýar. Emma bu giňeldilme reprizanyň formasynyň görnüşiniň üýtgemegine getirenligi üçin bitewi forma aralyk bolup galýar.

Çylşyrymly üç bölümli formada ýazylan eserleriň giriş we koda bölekleri hem bolup biler.

Giriş kähalatda uly bolmaýar, tonal taýýarlygyny özünde jemleýär. Şeýle-de, onda eseriň depgini we metri ýola goýulýar. Göwrümi boýunça ähmiýetli bolan girişler hem duş gelýär. Olaryň tematiki materialy, formanyň bölümleriniň biri bilen bagly bolup durýar. Şeýle-de kähalatda giriş bölegi eserde ähmiýetli orun eýeleýän özbaşdak tematiki materiala hem esaslanýar.

Çylşyrymly üç bölümli formada ýazylan eserlerde koda bölegi hem, köplenç, uly ähmiýete eýe bolýar. Koda jemleýji bölek

hökmünde, eseriň esasy pikir-mazmunyny tassyklaýar, has berk soňlama döredýär. Pikir babatynda koda her bir eserde onuň tematiki materialy bilen şertlendirilýär. Koda birinji bölüm bilen bagly bolup biler, şeýle-de ortaky bölümiň materialy hem ulanylyp bilner.

Seýrek ýagdaýlarda çylşyrymly üç bölümli formada diňe bir ony düzýän ýönekeý formalaryň içindäki bölümleriň gaýtalanmagy duş gelmän, eýsem, çylşyrymly formanyň esasy bölümleriniň gaýtalanmagy hem gabat gelýär: umumy reprizadan soň ýene-de trio gaýtalanýar we soňra gaýtadan repriza berilýär. Beýle formany (ABABA) ýönekeý üç-bäş bölümli forma meňzeşligi boýunça çylşyrymly üç-bäş bölümli forma diýlip atlandyrmak bolar. Mysallar: M. Glinkanyň «Ruslan we Lýudmila» operasyndan «Çernomoryň marşy», L. wan Bethoweniň Ýedinji simfoniýasyndan Skerso.

Çylşyrymly üç bölümli formanyň aýratyn görnüşlerine, ýönekeý iki ýa-da üç bölümliden has ösen formada ýazylan bölümleri bar bolan, reprizaly üç bölümli formalary degişli etmek bolar. Meselem, wariasiýaly tema formasynda (L. wan Bethoweniň Ýedinji simfoniýasynyň ikinji bölümi) ýa-da sonata formasynda (L. wan Bethoweniň Dokuzynjy simfoniýasynyň skersosy, A. Borodiniň Birinji simfoniýasy). Bularyň soňkusyny, adatça, garyşyk formalara degişli edýärler.

## § 3. Ortaky bölüm. Kontrastlygyň roly

Çylşyrymly üç bölümli forma üçin ortaky bölümiň gapdalkylar bilen kontrastlaşmagy häsiýetli bolup durýar.

Çylşyrymly formada kontrastyň derejesi we çuňlugy, ondaky keşpleri garşy goýmaklyk häsiýeti stile, žanra we ol ýa-da beýleki eseriň pikir aýratynlygyna baglylykda dürli-dürli bolup biler. Ortaky bölümiň kontrastlygy aýratyn hem gönüden-göni birinji bölüm bilen garşy goýmaklyk arkaly tassyklanylýar.

Çylşyrymly üç bölümli formanyň esasynda dürli keşpleriň özara garşylaşmagy ýatyr.

Çylşyrymly üç bölümli formada kontrast birnäçe labyz serişdeleri arkaly gazanylýar.

Kontrast gatnaşyklaryň indiki görnüşleri has ýygy duş gelýär:

1. Birinji bölümiň çalt, janly hereketini ortaky bölümiň rahat, aýdym häsiýetli hereketine garşy goýmaklyk;

2. Birinji bölümiň tuttisiniň we ortaky bölümiň solirleýji toparynyň ýa-da solosynyň arasyndaky kontrast;

3. Birinji bölümdäki ýaýbaňlandyrmanyň okgunlylygy bilen ortaky bölümiň deňagramlylygynyň, rahatlygynyň arasyndaky garşy goýulma.

## § 4. Ortaky bölüm. Trio

Çylşyrymly üç bölümli formanyň aýdyň strukturaly ortaky bölümi trio diýlip atlandyrylýar. Bu atlandyrma XVIII asyrdan bäri saklanyp galyp, şol döwürlerde ortaky bölümler adatça üç ses üçin ýazylypdyr. Onuň başgaça atlandyrmasy hem gabat gelýär – Maggiore ýa-da Minore. Bu atlar berlen bölümiň adybir tonallykda ýazylan birinji bölümden tapawutlykda perdesini belläp geçýär.

Trio hem birinji bölüm ýaly ýönekeý iki ýa-da üç bölümli formada gurulýar (şeýle-de bir period görnüşindäki trio hem duş gelýär; L.wan Bethowen, Sonata № 7, III bölüm).

Ýokarda aýdylyşy ýaly, trio kontrast girizýär. Kontrast tematizmiň duýdansyz çalyşmagynda, täze tonallygyň peýda bolmagynda ýa-da ýykgyn edýän perdesiniň üýtgemeginde, beýan etme häsiýetiniň çalyşmagynda ýüze çykýar. Kähalatda trio gaýtalanýar.

Umuman, trio üçin beýan etmäniň has saldamly we rahat häsiýeti mahsus. Bu ýagdaý birinji bölüm bilen deňeşdireniňde öz beýanyny tapýar. Trionyň heňi, adatça, deňagramlydyr, onuň ritminde çekimli dowamlylyklar agdyklyk edýär.

Tematizmi boýunça trio, köplenç, bir görnüşli bolýar. Onuň ortaky böleginde, düzgün boýunça, täze heň peýda bolmaýar.

Trio, köplenç, duýdansyz, taýýarlyksyz gelýän täze tonallykda geçirilýär. Şeýle-de bolsa, tonal babatda kontrastlaşmaýan, hatda birinji bölümiň tonallygynda ýazylan triolar hem duş gelýär.

Trionyň we gapdalky bölümleriň arasyndaky tonal gatnaşyklar klassyklaryň eserlerinde, adatça, birinji derejeli ýakynlygyň çäklerinden çykmaýar.

Mažorda ýazylan eserleriň triosynda subdominanta (*C–F*), adybir (*C–c*) we parallel minor (*C–a*) tonallyklaryny ulanmaklyk häsiýetlidir.

*C–As* ýa-da parallellere adybir görnüşdäki daş tersiýa gatnaşykly tonallyklar örän seýrek peýdalanylýar.

Gapdalky bölümler minorda ýazylan ýagdaýynda trio hökman mažorda, köplenç, adybir mažorda ýazylýar.

Sekunda gatnaşykly tonallyklar seýrek duş gelýär.

Trio, adatça, doly kadans bilen tamamlanýanlygy sebäpli, tonal babatda ýapyk bolýar. Şonuň bilen baglylykda trionyň we reprizanyň arasynda ýörite modulirleýji baglaýjylar peýda bolup biler.

## § 5. Ortaky bölüm. Epizod

Ortaky bölüm takyk özbaşdak forma eýe bolmadyk ýagdaýynda ol epizod diýlip atlandyrylýar.

Epizodyň ikinji tapawutly tarapy – onuň tonal durnuksyzlygy. Garmoniki babatda epizod üçin ýönekeý üç bölümli formanyň ösüşli ortaky bölümi bilen ýakyn taraplar mahsus: modulirleme, akgynlylyk, kähalatda reprizanyň öňünden dominanta organ punktunyň peýda bolmagy.

Triodan tapawutlylykda epizod gaýtalanmaýar.

Trioda aýdyň struktura ösüşi, bölümleriň arasyndaky çäkleriň aýdyňlygy onuň XVIII asyrda–XIX asyryň başynda ulanylyş häsiýetini kesgitleýär. Ol köplenç, çalt hereketli – tans sazlarynda, marşlarda, skersoda we beýlekilerde ulanylýar.

Epizodly çylşyrymly üç bölümli forma klassyklaryň toplum eserleriniň haýal bölümlerinde ýygy duş gelýär.

## § 6. Düzümli ortaky bölüm

Ýokarda bellenilip geçilişi ýaly, L. wan Bethowenden soňky döwrüň eserlerinde çylşyrymly üç bölümli formanyň ortaky bölüminiň gurluşynyň täze görnüşi peýda bolýar. Ol «düzümli ortaky bölüm» diýlip atlandyrylýar:

*22-nji shema*

$A + \overline{BC} + A$;  $A + \overline{BCD} + A$ we ş. m.

Shemadan görnüşi ýaly, beýle formanyň ortaky bölümi özbaşdak, adatça, kontrast temalardan gurlan iki ýa-da birnäçe bölümlerden ybarat durýar. Bölümleriň arasyndaky kontrast diňe bir tematiki däl, eýsem, tonal tarapdan hem bolýar.

## § 7. Baglaýjylar

Çylşyrymly üç bölümli formada kähalatlarda baglaýjylar ulanylýar. Olar, köplenç, ortaky bölümiň we reprizanyň arasynda gelýärler. Adatça, uly bolmadyk düzümdäki bu baglaýjylaryň ähmiýeti kem-kemden repriza geçmeklikden ybarat bolup durýar. Beýle geçiş birinji we ikinji bölümleriň arasynda emele gelen kontrasty gowşadýar. Baglaýjylaryň üç görnüşini tapawutlandyrmak zerur:

1. Geçenki temanyň materialyny ulanýan we onuň ösüşini dowam edýän baglaýjylar;

2. Indiki bölümiň temasyna esaslanyp, ony öňünden habar berýän baglaýjylar;

3. Iki bölümiň hem materialyna esaslanýan baglaýjylar. Bu görnüş örän seýrek duş gelýär.

## § 8. Repriza

Üçünji bölüm birinjiniň gaýtalanmagy bolup, ol repriza bolup hyzmat edýär. Eger birinji bölümiň materialy üýtgewsiz gaýtalansa, beýle repriza takyk diýlip atlandyrylýar. Tekstde ol käwagt ýazylman, «başdan» diýmegi aňladýan *Da capo* belgisi bilen belgilenýär.

Üýtgedilen reprizalar waryirlenen we dinamiki bolýar. Waryirlenen reprizalarda material käbir üýtgeşmeler bilen beýan edilýär. Bu üýtgeşmeler, esasan, faktura tarapyndan bolup, olar temanyň häsiýetine düýpli täsirini ýetirmeýär. Waryirlenen reprizalar toplum eserleriň çylşyrymly üç bölümli formada ýazylan haýal bölümleriniň reprizalaryna örän mahsus.

Aýdyň ýüze çykýan şekillendiriş taraplary bolan programmaly eserlerde waryirlenen reprizalar aýratyn ştrihler bilen onuň

öwüşginliligini güýçlendirip, sazyň esasy taraplaryny has-da açyp görkezýär. Käbir warýirlenen reprizalarda temanyň ösüşi başga bir aspektde dowam edip biler.

Romantikleriň çylşyrymly üç bölümli formalarynda reprizalaryň dinamiki diýlip atlandyrylýan aýratyn görnüşleri duş gelýär. Olar emosional taraplaryň agdyklyk etmegi we dramatiki dartgynlylygyň uly derejesi bilen kesgitlenilýär.

Reprizanyň dinamizirlenmeginiň ähmiýetli faktorlarynyň biri faktura bolup durýar. Fakturanyň üýtgemegi temanyň transformasiýasynda uly ähmiýet eýeleýär. Depginiň, gurallamanyň, dinamikanyň üýtgemegi hem şuňa degişli bolup durýar.

Dinamiki reprizanyň fakturasy ortaky bölümiň fakturasy bilen berk baglanyşykda bolýar we köplenç, gönüden-göni şondan ösüp çykýar.

Dinamiki reprizalarda keşbi özgertmekde garmoniýa uly ähmiýet eýeleýär.

Käbir dinamiki reprizalarda birinji we ortaky bölümleriň temalarynyň kontrapunkt usulynda birleşdirilmegi duş gelýär (polifoniki repriza).

Şeýlelikde, warýirlenen reprizalardan tapawutlylykda, dinamiki reprizalar tematiki materiala ähmiýetli özgertmeler girizýärler.

## § 9. Koda

Çylşyrymly üç bölümli forma, adatça, ähmiýetli orun eýeläp biljek koda bilen tamamlanýar. Koda uly garmoniki durnuklylyk mahsus bolup durýar. Bu durnuklylyk esasy tonallygyň tonikasynyň tassyklanmagynyň, subdominanta tarapa sowulmagynyň, ýygy kadansirlenmeginiň, tonikada organ punktunyň ulanylmagynyň kömegi bilen gazanylýar. Şeýle-de, kodanyň durnuklylyk häsiýeti onda ortaky bölümiň temasynyň esasy tonallykda beýan edilmegi bilen tassyklanylýar.

Koda üçin ortaky we gapdalky bölümleriň materialynyň ýakynlaşmagy häsiýetli. Kodanyň biriniji bölümiň materialynda gurulmagy seýrek duş gelýär.

## § 10. Tonal meýilnamalary

Bu meselede aýratyn köp durmaklygyň zerurlygy ýok. Sebäbi bölümleriň prinsipial gatnaşyklary ýönekeý kontrast formada görenlerimizdäki bilen meňzeş. Şol ýerde bolşy ýaly, olar «daşyndan» garşy goýmaklygyň netijesi bolup durýar. Şu ýerden hem subdominanta sferasyndaky, ilki bilen hem SIV[1] perde-tonallyklaryň aýratyn uly ähmiýeti gelip çykýar.

Tematiki kontrastyň ähmiýetliligi köp ýagdaýlarda perde-tonallygy üýtgetmezlige mümkinçilik berýär. Bu ýagdaý gadymy sýuitalarda garşy goýulýan adybir tanslaryň tonal umumylygy bilen taryhy baglanyşykly. Başga bir ýagdaýlarda perdäniň adybir perdä çalyşmagynda tonallyk saklanyp galynýar. Şunuň ýaly tonallygyň üýtgewsizligi eseriň bitewüligini belläp geçýär; şonuň bilen birlikde hem tonal kontrastynyň girizilmegi bilen Maggiore ⇆ Minore çalşygy aýdyň duýulýar. Eger eseriň tonallygy ýa-da perde-tonallygy bitewi bolsa, onda kompozitor melodikanyň, ritmiň, fakturanyň, beýan ediş serişdeleriniň kontrastlyk derejesiniň ýeterlikdigine, şeýle-de umumy žanr tarapyna üns bermeli.

Perde-tonallygynyň giňişligi haýal hem bolsa, dominanta tonallyklaryny (P. Çaýkowskiý, Simfoniýa № 4, Andantino: *b-moll – F-dur*), kähalatda bolsa has daş, meselem, bir tersiýaly gatnaşyklary (P. Çaýkowskiý, Kwartet № 2, Andantino: *f-moll – E-dur*) öz içine alyp giňeldilýär. Tonallyk saýlamaklykdaky çäklendirmeler ortaky bölümleriň, esasan, bir kesgitli tonallyk höküm sürýän trio görnüşlerine degişli. Epizodlar bolsa, perde-tonallyk serişdelerine has erkin çemeleşýärler. Şeýle-de transponirlenen reprizalaryň peýda bolandygyny bellemek gerek. A. Borodiniň («Knýaz Igor» operasyndan «Şöhrat»: *C-dur – E-dur*, S. Prokofýewiň «Romeo we Julýettasynda» menuet: *B-dur–H-dur*, P. Hindemidiň «Ludus tonalis» toplumyndan Intermediýa: *Cis-H*).

Soňraky taryhy ösüşinde tonal meýilnamalaryndaky çäklendirmeler kem-kemden aýrylýar.

---

[1] SIV perde-tonallyklaryň roluna ýönekeýleşdirilip düşünmeli däl. Bu barada baglaýjy böleklere bagyşlanan bölümde aýdylýar.

## § 11. Çylşyrymly üç-bäş bölümli forma

Ýönekeý üç bölümli formada bolşy ýaly, birinji bölümiň bir gezek geçirilmegi we ikinji bilen üçünjiniň bilelikde gaýtalanmagy a+b+a+b+a görnüşli bäşbölümliligi emele getirýär.

*23-nji shema*

| I bölüm | Trio | Repriza | Trio | Repriza |
|---|---|---|---|---|
| A | B | A | B | A |

Çylşyrymly üç-bäş bölümli forma mysallar: Bethowen, 4-nji simfoniýa, skerso, 7-nji simfoniýa skerso; Glinka. «Ruslan we Lýudmila» operasyndan Çernomoryň marşy.

## § 12. Taryhy ösüşiň käbir taraplary

Çylşyrymly formanyň gelip çykyşy we başlangyç ösüş tapgyrlary bir žanrdaky gutarnykly pýesalaryň, esasan, tans häsiýetindäki, ähmiýeti boýunça bolsa – baş we kömekçiniň bile utgaşdyrylmagynyň ýüze çykmagy bilen bagly bolup durýar. Çylşyrymly üç bölümliligiň elementleri dürli žanr çeşmeleriniň özara baglanyşygyndan düzülýär; sýuitalarda tanslar, gadymy konsertde solonyň we tuttiniň kontrasty, soňra uly özbaşdaklyga eýe bolýan ortaky bölümi ösüşli da capo ariýalary.

Çylşyrymly üçbölümlilik iri, kontrastly, düşnükli we sada gurnalan formanyň (fantaziýalardan, tokkatalardan, kapriççiolardan tapawutlylykda) döremeginde möhüm rol oýnaýar. Onuň iki görnüşiniň (trioly we epizodly) ösüşi bellibir derejede parallel hereket edýär. Eger olaryň birinjisiniň ariýa da capo’dan gelip çykanlygy hakynda hiç hili güman edilmeýän bolsa, ikinjisi çak bilen baglanyşdyrylýar.

Tansyň we ariýa da capo’nyň ähmiýetini deňeşdirip, tanslaryň utgaşdyrylmagynyň has takyk çylşyrymly üç bölümliligi döredýändigini aýtmak bolar. Şeýle-de bolsa, ariýa da capo «onuň struktura görnüşleriniň baýlygyny we dürli görnüşliligini» has köp görkezýär. Bu ýerde ýönekeý we çylşyrymly formanyň arasynda ýiti çäk görünmeýär, tapawut diňe tematiki ýaýbaňlandyrmanyň tapgyrlarynyň

sanynda jemlenýär we köplenç, aralyk formalar bilen doldurylýar. Bitewi tematiki esasda dowam edýän ösüşden başlap, ýiti gapma-garşylyklara çenli kontrastlyk derejesi düýbünden deň däl. Birinji bölümlerde gadymy ikibölümlilik agdyklyk edýär, ortaky bölümleri bolsa kesgitli aýtmak kyndyr.

Tematiki kontrastlaryň uly bolmadyk diapazony, has ýönekeý tonal gatnaşyklary (käwagt bolsa çalşygyň ulanylmazlygy), umumy gurluşyň sadalygy – bu ähli başlangyç alamatlar ähmiýetli derejede birinji wena klassyklary üçin güýjünde galýar. Emma berlen formanyň birnäçe gezek kultiwirlenmegi sebäpli, onuň kanunalaýyklyklarynyň doly ýola goýulmagynda we ony dünýäde öňdebaryjy formalaryň hataryna süýşürilmeginde wena klassyklarynyň uly hyzmaty görünýär.

L. wan Bethowen formalaryň göwrümini giňeldýär, bölümleriň arasyndaky kontrastlylygy güýçlendirýär, gapdalky bölümleriň (aýratyn hem simfoniki skersolaryň) içinde ösüşiň giň ýaýbaňlandyrylmagyna getirýär, şol bir wagtda tutuş formany zowwamlaýyn ösüşe taýýarlap, dinamiki formanyň ilkinji nusgalaryny döredýär. Emma onuň özi, mümkin, formanyň belli bolan çäklendirmesini duýup (skersonyň çäklerinden daşary), iň bolmanda fortepiano üçin sonatalarynda kem-kemden bu forma bolan gyzyklanmasyny ýitirýär: op.31-den soň diňe bir gezek oňa ýüzlenýär (op.110 skerso görnüşli *Allegro molto*).

Çylşyrymly üçbölümliligiň gülläp ösen döwri R. Şumanyň, F. Şopeniň, P. Çaýkowskiniň, I. Bramsyň atlary bilen, şeýle-de A. Glazunowa we irki A. Skrýabine çenli bagly bolup durýar. Muňa formanyň keşp-tematiki beýanynyň giňligi, onuň täze liriki programmaly-şekillendiriş, beýan edijilikli-epiki žanrlarda ulanylmagy täsirini ýetirýär. Bu ýagdaý irki tans žanrlarynyň hem beýgelmeginde bolup geçýär: onda hem forma we onuň proporsiýalary bilen erkin çemeleşmeklik, formanyň trioly we epizodly görnüşleriniň ýakynlaşmagy, düýpli dinamiki profiliň döredilmegi, goşulma bölekleriniň – girişleriň, baglaýjylaryň, kodalaryň giň we çeperçilik taýdan doly ulanylmagy öz täsirini ýetirýär.

Bulardan başga-da, XIX asyryň dowamynda (esasan, onuň ikinji ýarymynda) çylşyrymly üç bölümliligiň biraz ähmiýetiniň peselmegi yzarlanylýar. Munuň sebäbi şeýle. Berlen forma has köp şertleri öňe sürýär: ortaky bölümi emele getirmegiň zerurlygy, soňra bolsa trio ýa-da epizod, iki derejeleriň ortaky bölümleriniň arasynda belli gatnaşyklaryň saklanylmagy, bölümleriniň baglanyşmagy hakynda alada etmeklik, tagaşyksyzlykdan gaça durmaklyk, umumy jemlemeklige üns berilmegi. Bu kadalaryň utgaşyklygy ol ýa-da beýleki kompozitorlar tarapyndan gyslyşyklyk hökmünde kabul edilip bilner.

Indiwidual stilleriň tapawudy çylşyrymly üçbölümlilige degişlilikde aýdyň ýüze çykýar. R. Şuman üçin onuň eserleriniň köpüsiniň originallygy we arhitektoniki nowatorlygy ýagdaýynda, çylşyrymly üçbölümlilik ortalyk masştabdaky formanyň düzüminiň serişdeleriniň iň bir ähmiýetlileriniň biri bolup galmagyny dowam edýär. Leýpsig mekdebine ýakyn bolmagy, ondan däplere uly sylag-hormat bilen garamagy talap edýär.

**Derňew üçin mysallar:**

*Görnüşleri*

**A + B + A**

1. Mosart. Simfoniýa *g-moll*, menuet.

2. Bethowen. Sonata № 1, menuet; sonata № 2, skerso; simfoniýa № 5, skerso.

3. Çaýkowskiý. «Ýyl pasyllary», № 12 – «Dekabr».

4. Şopen. Mazurka *a-moll*, op. 7 № 2; mazurka *a-moll*, op. 17 № 14.

**A + $A_1$ + A**

1. Bah. Kantatalar: № 2, tenor, *g-moll*; №5, tenor, *Es-dur*; № 5, bas, *B-dur*; № 7, bas, *G-dur*; №12, alt, *c-moll*; № 35, alt, *a-moll*.

2. Bah. Da capo ariýalar: soprano, *h-moll*; soprano, *G-dur*; bas, *g-moll*.

**A + I + A**

1. Bethowen. Sonata № 6, III b.; sonata № 22, II b.

**A + geç. + A**

1. Bethowen. Sonata № 14, I b.

**Ortaky bölüm. Trio**

1. Mosart. Simfoniýa *Es-dur*, menuet.

2. Gaýdn. Simfoniýa *C-dur* ( №1), menuet.

3. Bethowen. Simfoniýa № 1, menuet; simfoniýa № 2, skerso; sonata №18, menuet; sonata № 2, skerso; sonata № 5, skerso; simfoniýa № 7, skerso; sonata № 28, II b.

**Ortaky bölüm. Epizod**

1. Bethowen. Sonata № 4, II b.; sonata № 16, II b.

2. Şopen. Mazurka *b-moll*, op. 24 № 4.

3. Skrýabin. Noktýurn, op. 5.

**Düzümli ortaky bölüm**

1. Şopen. Polonez *fis-moll* ( A BC A).

2. Şopen. Mazurka *Des-dur*, op. 30 № 3 (A BCD B); mazurka *C-dur* op. 56 № 2 (A BCD A).

**Baglaýjylar**

1. Gaýdn. Simfoniýa № 7 ( № 104), menuet.

2. Şopen. Mazurka *h-moll*, op. 33 № 4; mazurka *fis-moll* op. 59 № 3.

3. Çaýkowskiý. Simfoniýa № 6, II b.

4. Brams. Intermesso *A-dur* op. 118; Intermesso *cis-moll* op. 117.

**Repriza**

*I. Waryirlenen görnüşi*

1. Bethowen. Sonata № 15, II b.; sonata № 16, II b.

2. Şopen. Noktýurn *f-moll.*

3. Çaýkowskiý. Simfoniýa № 4, II b.; noktýurn *cis-moll.*

*II. Dinamiki görnüşi*

1. Şopen. Noktýurn *c-moll*; noktýurn *As-dur*; polonez *c-moll.*

2. Mendelson. Sözsüz aýdym, *e-moll.*

3. Rahmaninow. Prelýud *cis-moll*.

**Koda**

1. Çaýkowskiý. Simfoniýa № 2, skerso; kwartet №1, II b., kwartet № 2, II b.

2. Bethowen. Sonata № 9, II b.; simfoniýa № 7, skerso; sonata № 15, II b.; sonata № 4, II b.

3. Şopen. Sonata *b-moll*; etýud *e-moll* op. 25; «Fantaziýa-ekspromt»; wals № 1.

**Hödürlenýän edebiýat:**

*Цуккерман В.* Динамический принцип в музыкальной форме // Музыкально-теоретические очерки и этюды. М., 1970.

# XI BAP

# KONSENTRIKI FORMA (UMUMY MERKEZLI FORMALAR)

## § 1. Konsentriki forma (umumy merkezli formalar)

Konsentriki (*lat. concentrikus* – umumy merkezli) forma – munuň özi aýna görnüşli-simmetriki gurluşly reprizaly köp bölümli formadyr. Onuň bölümleri merkezi bölümden soň ters tertipde A B C B A ýa-da A B C D C B A shemasy boýunça gaýdyp gelýärler. Konsentriki forma romantik-kompozitorlaryň döredijiliginde döreýär. Onuň esasy alamaty – tertiplilik, kontrastlaryň köpsanlylygy – XX asyryň kompozitorlaryny-da özüne çekýär. Konsentriki forma kamera-wokal sazlarynda (F. Şubert, «Приют»), hekaýa alamatly maksatnamaly instrumental sazlarynda (konsentrikliligiň alamatlary F. Şopeniň üçünji balladasynda) ýa-da şekilli sazlarda (K. Debýussi, «Deňiz» atly orkestr toplumyndan «Tolkunlaryň oýny»; B. Bartok, 5-nji kwartet, II b.) duş gelýär. Operada konsentriki formanyň ulanylmagy käwagt fantastiki («Сказка о царе Салтане») ýa-da komediýaly (P. Hindemitiň «Туда и обратно» sketçiň umumy kompozisiýasy) keşplilik bilen baglanyşyklydyr. Konsentrikliligiň alamatlary daşy aýlawly reprizaly formalarda (N. Rimskiý-Korsakowyň «Sadko» operasyndan Hindi myhmanyň aýdymy; P. Çaýkowskiniň «Kirişli orkestr üçin serenadasyndan» Elegiýa), aralyk formalarda (F. Şopen, Mazurka, op. 41 № 2), tersleýin görnüşli reprizaly sonata formasynda bolýar. Käwagt

simmetriýa başdan soňuna çenli bitewi, bir ugra durman gitýän bilen (B. Bartok, «Kirişliler, kakylyp çalynýanlar we çelesta üçin saz», III b.) utgaşýar, başga formalaryň üstünden goşulýar (S. Prokofýew, 7-nji sonata, final; D. Şostakowiç, 11-nji simfoniýa, I b.).

**Hödürlenýän edebiýat:**

1. *Мазель Л.* Некоторые черты композиции в свободных формах Шопена. //Фридерик Шопен. М., 1960.

2. *Мазель Л.* Исследования о Шопене. М., 1971.

3. *Цуккерман В.* Динамический принцип в музыкальной форме. //Музыкально-теоретические очерки и этюды. М., 1970.

# XII BAP

# WARIASIÝALAR FORMASY

## § 1. Kesgitleme. Umumy düşünje

Wariasiýa (latyn sözi «*variatio*» – üýtgeme, dürlülik) saz pikiriniň üýtgedilen görnüşde gaýtalanmasydyr. Wariasiýalaşdyrmagy ösüş prinsipi, wariasiýalary bolsa görnüş hökmünde tapawutlandyrmak hökmanydyr.

Wariasiýalar umumylygynda alanymyzda, eseriň esasynda ýatan saz temasynyň  we onuň üýtgedilen bir-birinden tapawutlanýan gaýtalamalarynyň yzygiderligidir. Wariasiýalar birnäçe bölekden, köplenç, gutarnykly pýesalardan ybarat bolan toplumyň görnüşidir.

Wariasiýalaşdyrmak – täzeden gaýtalamak prinsipi bolup, ol dürli žanrlarda we formalarda duş gelýär. «Wariasion ösüş» adalgasy amala aşýan prosesuallygyny we prosesiň işjeňligini nygtaýar. «Wariasiýaly tema», «wariasion forma», «wariasion toplum», «wariasion kuplet formasy» ýaly adalgalaryň many ähmiýetini tapawutlandyrmak wajypdyr.

Mysal üçin, «wariasiýaly tema» diýen aňlatma diňe bir forma hökmünde kesgitlenmän, eýsem, köplenç, eseriň ady hökmünde ulanylýar. «Wariasion toplum» eseriň bitewüligini we gutarnyklylygyny aýratyn belleýär.

«Wariasion forma» – bu birneme giňräk düşünjedir. Ol bir-biriniň yzyndan gelýän deňhukukly saz bölümleriniň ýerine ýetirilmegine mümkinçilik berýär, emma ilkinji tema soňra gaýtalanmaýar.

«Wariasion kuplet formasy» wariasion formanyň žanr görnüşidir. Ol halk aýdymy bilen baglanyşyklydyr. Heňiň gaýtalanmagy her kupletde tapawutlanýar, emma bu tapawut düýpli häsiýete eýe däldir.

Birinji adalgalar toparyna ýakyn düşünje – «wariant», «wariantlyk», «wariantlaýyn ösüş», «wariantlaýyn forma».

«Wariant» diýen düşünje giň we dar manyda düşündirilýär. Onuň giň düşündirilişi saz sungatynyň çäginden çykýar. Ol islendik görnüşini, obýektleriň arasyndaky (köplenç, ýakyn bolan) saýlamanyň ýa-da deňeşdirmäniň haýsydyr bir mümkinçiliginiň birini kesgitleýär. Sazşynaslyk ylmynda onuň birnäçe giň düşündirişleriniň üstünde durup geçmek mümkin. Olaryň birinjisi halk döredijiligi baradaky ylymda ýerli aýratynlyklaryň kesgitlemeleri üçin ulanylýar. Ikinjisi – eseriň döreýiş taryhyna degişli. Üçünji – berlen eseriň çäklerinde temanyň täzelenen geçirişleriniň biri.

«Wariant» diýen düşünje sözüň dar manysynda «wariantlylyk», «wariantlaýyn ösüş» ýaly düşünjelerden gelip çykýar. Wariantlaýyn ösüş – bu temanyň täze görnüşleriniň emele gelmegi. Bu görnüşlerde temanyň islendik taraplary erkin üýtgedilýär, emma şonuň bilen birlikde umumy keşp-žanr häsiýeti babatda gös-göni ýakynlyk saklanylýar. Soňky döwürde peýda bolan «wariantlaýyn forma» diýen düşünje bir bitewüligi emele getirýän wariantlaryň jemini aňladýar.

Saz eserinde temanyň ähmiýeti bize mälimdir. Adaty bolan nusgawy tema – bu intonasiýalar boýunça konsentrirlenen, formasy boýunça gutarnykly we soňraky ösüşiň esasynda ýatan saz pikiri.

Wariasion formanyň spesifikasy onuň tematizmine has takyklanan baha bermekligi talap edýär.

## § 2. Wariasiýalaryň temasy. Temalaryň iki görnüşi

Wariasion formada tema, adatça, ösüşiň ýeke- täk çeşmesi bolup hyzmat edýär. Wariasion temalaryň düzülmeginde iki ugur – «häsiýet-

li» we «umumylaşdyrylan» ugurlar bar. Ýöne welin, umumylaşdyrma ýakynlaşýan temalar hem öz içine käbir häsiýetli elementleri alýarlar. Häsiýetliligiň we umumylaşdyrmanyň utgaşdyrma mysaly bolup, L.wan Bethoweniň iki temasy hyzmat edýär. «32 wariasiýada» temanyň heňi özüniň gyşarnyksyz öňe gidýän heň ösüşinde çendenaşa ýagty öwüşginli bolup, onuň haýallygynyň öwezini ritmiki ýitilik doldurýar. Şol bir wagtda basda adaty bolan hromatik pese ýöriş we ondan gelip çykýan garmoniýa temanyň umumylaşdyrylan tarapyny görkezýär. Meşhur «Prometeý» temasynda (fortepiano wariasiýalarynda – has aýdyň) bu iki tarap düýbünden hususylandyrylyp, onda häsiýetli heň we özbaşdak ähmiýete eýe bolýan, ýöne özüniň garmoniki gelip çykyşy boýunça temanyň umumylaşdyrylan basy differensirlenýär (tapawutlanýar).

Häsiýetli görnüşli temalaryň arasynda üç gatlagy tapawutlandyrmak bolýar: halk temalary, alynma temalar we original temalar.

Halk temalarynyň «tebigy» kuplet formasy professional sazyň wariasiýalar formasynda kadaly dowamyny tapyp, olary warýirlenmäge ündeýär. Soňky iki asyryň Günbatar Ýewropa kompozitorlary temany, esasan, erkin täzeleýärdiler, olaryň eserlerinde üýtgedilmän saklanan halk temalary seýrek duş gelýärdi. Rus sazynda bolsa üýtgedilmän saklanan halk temasyna wariasiýalar has ýaýrap, giňden ösdürilen prinsipe öwrülýär. Şeýle görňüşdäki wariasiýalar toplumlary, elbetde, halk kuplet formasyna has-da ýakyn durýar.

XVIII asyryň ikinji ýarymynda – XIX asyryň birinji ýarymynda başga bir kompozitoryň temasyna wariasiýalary düzmek örän giň ýaýrapdyr. Hatda iň beýik kompozitorlar – W. A. Mosart, L.wan Bethowen – «keseki» temalara ýüzlenmegi ýerlikli diýip hasap edýärler. Olaryň fortepiano üçin wariasiýalarynyň aglabasy alynma temalaryna düzülen.

Temada häsiýetliligiň ýa-da umumylaşdyrylmagyň agdyklyk etmekligi onuň we wariasiýalaryň aragatnaşygyna täsir edýär. Aýdyň materiala baý bolan tema onuň baýlyklary bilen «iýmitlenýän» wariasiýalar üçin itergi bolýar. Beýleki görnüşli tema bolan ýagdaýynda wariasiýalar minimumdan gelip çykýan ýaly bolup, olarda,

tema bilen deňeşdireniňde, awtorlyk indiwiduallygy has aýdyň ýüze çykýar.

## § 3. Temalaryň umumy alamatlary

Olaryň ilkinjisi – temanyň ýönekeýligi. Başlangyç punkty onçakly çylşyrymlaşmadyk we gowy ýatda galýan tema bolanynda wariasion ösüş has kadaly geçýär we ýeňil özleşdirilýär. Onuň tersine – tema näçe çylşyrymly bolsa, ol şonça-da kyn özleşdirilýär, ösmek üçin şonça-da az mümkinçilik galýar, şonça-da diňleýjiler üçin akyl ýetirmek, aňlamak kyn bolýar.

Wariasiýalaryň temasy – bu ekspozision hadysa. Şonuň üçin onda akyl ýetirmek üçin ýeterlik derejede düşnükli we wariasion üýtgemelere «garşy durup» bilýän konstruksiýanyň aýdyňlygy, kesgitliligi zerurdyr. Bu hem garmoniki meýilnama hem-de sintaksise (hususan-da temada bölünmeklige, sezuralylyga) degişlidir.

## § 4. Dowamlylyk

Temanyň ululygy hem (owazlanyşynyň dowamlylygy) käbir kada-düzgünler bilen baglanyşykly. Olar wariasiýalaryň we temalaryň dürli görnüşleri üçin birmeňzeş däldir. Professional gomofon sazyň temalaryny ululygy boýunça «orta» hasap etse bolýar. Örän gysga temalaryň ulanylmagyndan gaça durulýar. Sebäbi tema (hatda ol umumylaşdyrylan görnüşli bolsa-da) bellibir ruhy güýji («zarýady») özünde saklamaly, şeýle hem her wariasiýa özüni görkezip ýetişmeli, üýtgemäniň bellibir prinsipini amala aşyrmaly. Tersine, uly göwrümli tema örän dowamly wariasiýalary döretmeli, bu bolsa, birinjiden, gabalyk howpunyň, ikinjiden, wariasiýalaryň çakdanaşa özbaşdaklygynyň sebäbi bolýar.

Umuman, polifoniki temalar ýaly, ostinato bas temalary hem kiçi göwrümlidir. Häzirki zaman sazynda basso ostinato wariasiýalaryň täze gülläp ösmegi, köplenç, basyň indiwidualizasiýalaşdyrylmagy we şu sebäpli temalaryň göwrüminiň az-kän giňeldilmegi bilen

baglanyşykly (meselem: D. Şostakowiçiň 8-nji simfoniýasyndan «Passakaliýada» we 3-nji kwartetiniň II bölüminde).

## § 5. Temalaryň formalary

Temanyň ululygyna onuň üçin saýlanylýan formalar gabat gelýärler. Polifoniki temalar perioddan uly bolmaýar (bu polifoniki usulda warýirlenýän horal temalaryna degişli däl). Aýdylanlar halk temalaryna hem doly degişli diýse bolýar; diňe olaryň käbirleri – strukturasy boýunça periodlylygyň jübüdine golaý bolan (esasan, gündogar) temalar – kiçi göwrümli iki bölümli forma ýakynlaşýarlar (meselem: «Şährizadanyň» II bölüminde).

Professional gomofoniki sazynyň temalary başgaça düzülen. Gomofoniki wariasiýalar üçin period formasy ýeterlik derejede kämil däl. Wariasion temalar üçin ýönekeý iki bölümli forma mahsusdyr. Reprizaly ikibölümlilik üçbölümliligiň artykmaçlyklaryny ýitirmän, onuň öňünde artykmaçlyk ähmiýetini saklaýar. Doly reprizasyz oňup, ol has çaklaň forma döredýär. Reprizasyz ikibölümlilik hem birkemsiz ýerlikli. Bu formada meňzeş bölümleriň islenilmeýän galtaşmalaryndan doly gaça durulýar. Reprizaly we reprizasyz formalaryň arasynda aralyk görnüşleri hem ýaýran: formanyň üçünji çärýegi aýdyň tapawutlandyrylan, ýöne tonal repriza tematiki babatda erkin soňraky ösüş ýaly gurulýar. Örän seýrek ýagdaýlarda reprizasyz üç bölümli forma duş gelmek bolýar (W. A. Mosart, «Lison dormait» temasyna 9 wariasiýa; L.wan Bethowen, «Fortepiano, skripka we wiolonçel üçin 14 wariasiýa» op. 44).

Gomofoniki temalaryň formalary ähmiýetli gutarnyklylygy bilen tapawutlanýar.

## § 6. Faktura, depgin

Temalaryň fakturasy ýönekeýligiň umumy talabyny ödeýär. Akkordly beýan etmäniň, şeýle hem akkompanementli heňiň fakturasy örän kadaly. Goltgudaky figurasiýa, adatça, iň bir ujypsyz çäklerde galýar. Goltgynyň diňe bas sesi bilen çäklendirilmegi mümkin. Fakturanyň has ýönekeý görnüşi – bir sesli beýan edilmegi. Ol halk

aýdym häsiýetindäki we polifoniki temalarda has kadaly, kähalatda – hökmany bolýar.

Depgin gatnaşygynda halk tansly temalara ýazylan wariasiýalar üçin çalt hereket mahsusdyr. Galan ýagdaýlarda tema aňsat ýatda galar ýaly we soňraky ösüşde depgini tizleşdirmäge mümkinçilik berjek aram depgin dogry diýlip hasaplanylýar.

## § 7. Warýirlemek usullary

Warýirlemegiň häsiýeti wariasion toplumyň umumy görnüşine garaşly bolýar. Wariasiýalaryň görnüşi temanyň ösüş aýratynlyklary bilen kesgitlenýär. Olardan käbirlerini teswirläliň.

«Diminuirlemek» we «diminuisiýa» (lat. «diminuitio») – nota dowamlylyklarynyň gysgaldylmagy. Kolorirlenýän figurasiýanyň görnüşi bolup durýan ritmiki ownadylma göz öňünde tutulýar. Diminuirlenme XVIII asyryň figurasion warýirlenmeginiň tymsallarynyň (прообраз) biri bolýar. Ýöne hakyky figurasiýany ritmiki deňlik (şol bir nota dowamlylyklar bilen hereket), hereketiň üznüksiz häsiýeti, melizm öwüşgininiň ýoklugy tapawutlandyrýar:

***44-nji mysal.*** *J. Palestrina, Madrigal*

*a)*



*b)* *Aranžirowka*



Heňiň warýirlenmesiniň iň ýönekeý usullaryna temanyň täsirliligini güýçlendirýän daýanç sesleriň daşynda aýlanma, uly bolmadyk böküşleriň doldurmasy degişlidir:

***45-nji mysal.*** *W. Býord, Kantata*




Köplenç, warýirlenme şekiliň özbaşdaklygyny döredýär (heň hereketi öz ugruny ters üýtgedýär ýa-da wagtlaýynça tema tarapyndan berlen şekilden düýpgöter daşlaşýar). Wariasiýanyň öz içinde-de hem-ä onuň tema bilen bolan ýakynlyk derejesi, hemem temany ulanmak usuly üýtgemegi mümkin. Şeýlelikde, temanyň intonasiýalaryna gaýdyp gelmegi bilen erkin figurasiýa (özboluşly «ýarym figurasiýa») ulanylýar. Figurasiýalary ujypsyz ýa-da bütinleý ulanman, heňiň täze wariantlaryny düzmek bolýar – «täze heňiň» görnüşi.

Ritmiki babatda warýirlenmede iki tendensiýa syn etme bolýar:

- ritmiki deňölçeglilik (birsydyrgyn nota dowamlylyklary bilen hereket). Ol käwagt wariasiýa prelýudirlenme häsiýetini berýär;
- temada ýok ritmiki (ýa-da heň-ritmiki) figuralaryň ostinatoly girizme. Bu bolsa, tersine, heň-ritmiki figurirlenmäni ýönekeýleşdirýär:

***46-njy mysal.*** *W. Býord, Galýarda, II bölüm*

**a) tema**



**b) 1-nji wariasiýa**



Wariasion toplumda iki tendensiýanyň utgaşdyrylmagy mümkin.

Iň täsirli metroritmiki warýirlenme ölçegiň üýtgemegi bilen baglanyşykly.

Wariasion forma üçin fakturanyň uly dürlüligi häsiýetli:

- imitasionlylyk (onuň giň aspektde – kanonlardan uly bolmadyk fugalaşdyrylan gurluşlara çenli ulanylyşy);
- fakturanyň islendik görnüşinde üstüni dolduryjy ritmiki hereketi, ýagny, ritmiki hereketiň sesden sese geçmegi (komplementar ritmika);
- heň taýdan işjeň ikiseslilik;
- gizlin polifoniýaly birseslilik;
- esasy we goltgy berýän seslerde ulanylýan heň figurasiýasy;
- monoritmiki (ähli seslerde bir ritmi saklaýan) akkordlaryň hereketi;
- heňiň we goltgy berýän sesleriň dublirlenmegi.

Wariasiýalarda garmoniki özgerişleriň roly eseriň düzülen döwrüne, awtoryň stiline we žanryň alamatlaryna bagly. Garmoniki özgertmeleriň diapazony gaty giň: doly üýtgewsizlikden ep-esli warýirlenmäge we perde tonallygyň üýtgemegi bilen bütinleý garmoniki utgaşma çenli.

## § 8. Wariasiýalaryň görnüşleri

Saz sungaty dörän döwründe wariasion forma we wariasion ösüş usuly hem dörändir. Döwürden döwre saz düşünjesi näçe çylşyrymlaşsa, şoňa görä bar bolan strukturalar hem üýtgeýärler.

Birnäçe görnüşli bolan «gadymy» wariasiýalar – wariasion žanryň formalarynyň iň ilkinjileriniň biridir.

«Dubllar» – gadymy wariasiýalaryň tans bilen birikdirilen aýratyn görnüşleriniň biridir. Dubl – sýuitadaky tansyň ýeke-täk wariasiýasy. Esasy heňden gaty uzak gitmän, figurasiýa has hereketli şekil düzmek üçin ondan käte bir azajyk daşlaşýar, käte bolsa ýene-de oňa gaýdyp gelýär. Figurasiýa üçin köp mümkinçilik berýän haýal depginli bolan sarabanda dublirlenmäge has amatly (I. S. Bah, *d-moll* «Iňlis sýuitadaky» sarabanda, skripka üçin *h-moll* Partitatadan sarabanda; D. Bukstehude, «Auf meinen lieben Gott», dubllar).

Sýuitanyň hemme pýesalary (žigadan başga) dublirlenip bilerler.

Horala düzülen wariasiýalar gadymy wariasiýalaryň ýene bir görnüşi. Kähalatda horalyň heňi soprano ostinato ýaly saklanýar, beýlekilerde – käbir üýtgeşmelere sezewar bolýar, kolorirlenýär, üçünjilerde – bütinleý birsydyrgyn hereketde gidýän figurasiýa öwrülýär, dördünjilerde – dürli seslerde gezekleşdirip geçirilýär.

Horala ýazylan wariasiýalarda polifoniki işiň adaty usullary imitasionlyk, wertikal çalyşmalary, ulaldylma we kiçeldilme ýaly usullar giňden ulanylýar. Horala ýazylan wariasiýalaryň nusgasy – I. S. Bahyň organ üçin «Sei gegrüsset, Iesu gütig» temasyna wariasiýalary.

Nusgawy döwürden öňki gadymy sazda-da özüniň aýratyn, şahsy keşp we has hem žanr alamatlaryna eýe bolan wariasiýalaryň görnüşi («häsiýetli wariasiýalar») bardy. Tanslaryň žanr transformasiýasy (meselem, täzeden işlemegiň netijesinde, ýagny, depginiň, ölçegiň, käwagt bolsa ses düzüminiň ähmiýetli bolmadyk üýtgemegi arkaly Allemandadan Saltarella, Pawannadan – Galýarda etse bolýardy) bu görnüşdäki hadysanyň ilkinjileriniň biridir. Diňe horeografiki maksatlar bilen döredilýän şeýle ikinji derejeli düzmeler hemişe ýokary çeper dereje eýelemän, ýagdaýlaryň köpüsinde ilkibaşdaky tansyň gowşak warianty bolýardy.

## § 9. Basso ostinato wariasiýalary

Saklanan basly polifoniki wariasiýalar (basso ostinato) iň irki wariasion formalaryň biridir. Olaryň peýda bolmagy XVI asyra, gülläp ösen döwri XVII–XVIII asyrlara degişli. Wariasiýalaryň berlen görnüşi çakona we passakalýa – şol döwriň tans žanrlary bilen berk baglanyşyklydyr.

«Basso ostinato» adalgasy aşaky sesde şol bir heň öwrüminiň gaýtalanmagyny aňladýar. Bu heň öwrümi wariasiýalaryň temasy bolup hyzmat edýär. Ostinato wariasiýalaryň temasy, adatça, gysga, ýönekeýdir. Birneme çylşyrymly formalarda (I. S. Bahyň eserlerinde) kadensiýalarda esasy funksiýalar boýunça hereket edilýär.

Temanyň ilkibaşdaky beýan edilmegi, köplenç, bir sesli, emma tema bas sesi bolup hyzmat edende, garmoniki gurluşda bolmagy hem mümkin.

Ostinato wariasiýalaryň birneme kämil formalarynda (mysal üçin, I. S. Bahyň *c-moll* Passakaliýasynda) tema basdan beýleki seslere geçýär.

Tema hemişe üýtgedilmän geçirilýär. Goltgy berýän sesler esasan polifoniki ugurda timarlanýarlar, ösýärler.

Minor temalary mažor temalaryndan köpräk duş gelýär. Mundan başga-da, temalar minorda birneme täsirliräk häsiýete eýe bolýarlar (ýiti dartgynly interwallar görnüşinde: $kem_7$, $kem_4$, VII we VI basgançaklaryň seslerine daýanç edilip).

Gutarnyklylyk manysynda alanymyzda, temalary gutarnykly we gutarnyksyz görnüşlere bölmek bolýar. Ikinji görnüş köp duş gelýär. Onuň artykmaçlygy – wariasiýalary umumy bitewülige eltýän temanyň bir geçirilmeginden indiki geçirilmegine hereketiň üznüksizligine itergi berýär.

Ýokarky sesleriň polifoniki dokumasy şeýle görnüşdäki beýan üçin adaty bolan tilsimleri ulanýar: imitasionlyk (kä kadaly, kä erkin), käwagt bolsa – kanonlaryň girizilmegi; kontrastly, imitasion däl kontrapunktirlemek; ýokarky seslerde diklik boýunça süýşmeler; hereketiň üznüksizligi; «ýerli» belentlikleriň deň gelmezligi. Dissonirleýji sazlaşyklar hem duş gelýärler.

Wariasiýalar fakturanyň ösýän we çylşyrymlaşýan prinsipi boýunça ýerleşýärler. Olar köpsanly bolanynda bir görnüşli warýirlenmäniň alamaty boýunça, ýagny, polifoniki sesleriň heň we ritm şekiliniň takmyny meňzeşligi boýunça birnäçe toparlara birigýärler. Registrleriň perde kontrasty bolmagy mümkin.

Forma emele gelmeginde kulminasiýalaryň ýerleşiş tertibiniň uly ähmiýeti bar. Giň göwrümli formada olar, adatça, birnäçe bolýar. Her bir ýerli kulminasiýa öz daşyna wariasiýalaryň toparyny ýygnaýar we şunlukda formanyň birnäçe bölümlere bölünmegine ündeýär. Emma, kulminasiýalar bölünmeklik bilen bir wagtda formany birikdirýärler, çünki her indiki kulminasiýa öňküden güýçli we

olaryň hemmesi eseriň soňunda ýerleşýän iň beýik kulminasiýanyň daşynda toplanýar.

Basso ostinato wariasiýalarynda Barokko çeper stiliniň wajyp alamatlary ýüze çykýar. Bu alamatlar – mazmunyň ruhubelentligi. Bu bolsa köp ýagdaýlarda formanyň ägirt ululygy bilen beýan edilýändir.

Obýektiw başlangyç agalyk edýär, ýöne bu tragizme ýetýän güýçli ekspressiýany ret etmeýär. Bu stil bilen baglanyşykly saklanan basa ýazylan wariasiýalar iki sany – biri-birine gapma-garşylykly we biri-biriniň üstüni ýetirmek aspektlerinde ruhubelentlik keşplerini beýan etme mümkinçiligini berýär. Şanlylyk lakonizm arkaly aýan edilip bilner (basyň gysga temasy), ýöne şanlylyk, ruhubelentlik özüniň bitewüligi we özüniň göwrümi bilen geň galdyrýan uly, käwagt – ägirt uly bina hökmünde beýan edilip bilner (wariasiýalaryň jemi).

Gadymy basso ostinatolarynyň çeper täsirliligi sazyň beýan etme ruhy, birsydyrgynlylygy bilen baglanyşykly. Daşyndan göräýmäge, biziň öňümizde rahat hekaýalylygyň äheňi, içgin seredeniňde keşp taýdan köp manyly ýagdaýa ymtylmak bolup durýar.

Ostinato wariasiýalardan soň peýda bolan wariasion formalara, hususan-da, kadaly wariasiýalara mahsus bolan ösüş usullarynyň köpüsi çakonada we passakaliýada işlenildi.

## § 10. Kadaly wariasiýalar

XIX–XX asyrlaryň sazynda wariasiýalaryň esasy taryhy ösüşiniň tendensiýalary – kadalylykdan erkinlige we bellibir derejedäki umumylaşdyrmakdan anyk häsiýetlilige geçmekden ybaratdyr.

Wariasiýalar toplumynyň bitewüligi birnäçe faktorlar bilen şertlendirilýär: temanyň formasynyň, heňiň esasy daýanç nokatlarynyň, depgininiň (metriki ülüşleriň hereketiniň absolýut çaltlygy), garmoniki meýilnamasynyň, tonallygynyň üýtgedilmän saklanylmagy. Bu «umumy birikdiriji kompleksiň» haýsy derejede saklanýandygy kadaly wariasiýalary erkin wariasiýalardan tapawutlandyrmak üçin wajyp kriteriý hökmünde kabul edilýär.

Derňew edilýän döwrüň başlangyç tapgyrynda bellibir derejede kadalylyk agdyklyk edýär.

Kadaly wariasiýalarda toplumyň bitewülik prinsipi iki faktora esaslanýar: bitewülik we täze girizilen kada. Bitewülik birnäçe pursatlar bilen şertlenilýärdi, şolardan wajyby – heňiň tükelligi. Kadaly wariasiýalarda tematiki materialyň ösüş tilsimi heň bilen göni baglanyşygyny onuň ähli dowamynda saklaman, diňe bir onuň aýratyn wajyp «naýbaşy» pursatlarynda, käbir has aýdyň intonasiýalarda ýa-da heňiň gyraky bölümlerinde bolmagy bilen tapawutlanýar. Birikdiriji usullaryň jemini temanyň formasy, onuň garmoniki meýilnamasy we depgini düzýär. Köp halatlarda garmoniýanyň hemme çalyşmalary, tonallyk saklanýar.

Temanyň käbir taraplarynyň üýtgemezligi we berk saklanylmagy beýlekileriň ählisinde döredijilik erkinligine öwrülýär.

Heň temanyň iň indiwidual komponenti hökmünde, birinji nobatda üýtgedilmelidir. Bu üýtgemeleriň derejesi ýönekeý figurasion «doldurylmalardan» (gadymy dubllary ýatladýan) heňiň daýanç seslerine, hatda onuň esasyna-da güýçli täsir edýän bozulmalara çenli dürli-dürli bolup biler.

Heňiň iki tarapy – ritm we belentlik taraplary warýirlenmäge sezewar edilýär. Heňiň figurasiýa ýa-da täze girizilýän birnäçe meňzeş motiwleri bilen çalyşmagy köp ýagdaýlarda heň liniýasynyň, şekiliniň esasy tendensiýalary, esasy ugurlary saklamaklygy bilen utgaşýar.

Ritm esasynyň üýtgedilmegi bolsa täzelenmegiň iň bir ýönekeý we aýdyň usulydyr. Wariasiýanyň täze žanr öwüşginine eýe bolmagy, ilkinji nobatda, ritmiň üýtgedilmegi bilen baglanyşykly.

XIX asyryň ortasyna çenli wariasiýalar toplumynda ýygy-ýygydan perde çalyşýardy. Perde gapma-garşylygy sazyň anyk häsiýetini, onuň öwüşginini üýtgedip, şol bir wagtda umumylaşdyrylan alamatlaryny – tonallygyny, hususan-da, gyraky durnukly sesleriň (tonika üçemsesiniň prima we tersiýa sesleriň) bitewüligini, tonikanyň üýtgedilmezligini saklamaga mümkinçilik berýärdi. Hut perde çalyşmasy wariasiýalar formasynda «ortaky bölümleriň» düzülmegine ýardam edýärdi.

Wariasiýalarda täzelenmegiň faktorlarynyň biri f a k t u r a d y r. Fakturanyň warýirlenmegi – warýirlenmegiň iň bir esasy görnüşlerine degişli:

- heňiň tutuş dowamynda hem-de uly ähmiýeti bolmadyk parçalarda ulanylýan oktawa goşalandyrylan unison (L.wan Bethowen, 6 ýeňil wariasiýa);
- heňiň akkordly agraldylmagy (W. A. Mosart, Allegretto *F-dur*, №3; L.wan Bethowen, 32 wariasiýa, №26);
- heňiň belentlik dublirlenmegine gatnaşýan beýleki sesleriň melodizasiýasy;
- figurasiýanyň girizilmegi. Fakturada ol iki dürli funksiýany: goltgy ediji we solo (goltgusyz berilýän ýeke-täk heň görnüşinde) funksiýalary ýerine ýetirip biler.

Goltgy ediji funksiýa iki halda bolup biler, ýagny, figurasiýa:

a) heň we basyň (L.wan Bethowen, simfoniýa №3, final) ýa-da iki gyraky sesleriň heňleriniň arasynda hereketli fon (R. Şuman, «Simfoniki etýudlar») düzýär;

b) fakturanyň aşaky sesini emele getirýär (N. Mýaskowskiý, «Ýönekeý wariasiýalar», № 1).

Figurasiýanyň solosynyň ýekelikde ýaňlanma ýagdaýy gaty seýrekdir (S. Rahmaninow, «Şopeniň temasyna wariasiýalar», № 1).

Heňiň ösüşinde figurirlenme uly rol oýnaýar. Onuň ýönekeý bölünen akkordlardan heň taýdan ýokary derejede gymmatly bolan indiwidual öwüşginli intonasion konturlara çenli görnüşleri örän kän.

Figurasiýanyň bir görnüşi – ritmiki üznüksizlige çenli doldurylmagy bilen heňiň ähli ýa-da ähli̇si diýen ýaly öwrümleriniň beýan edilmegidir (W. A. Mosart, sonata № 11 *A-dur*, I bölüm; L. wan Bethowen, «Appasionata», Andante, wariasiýa № 2).

Beýleki, garşylykly görnüş – heňiň figurasiýada siňmegidir. Bu ýagdaýda heň şekiliniň diňe käbir, esasan, uly elementleri saklanylýar, beýlekiler bolsa ýitip gidýärler (I. Brams, «Şumanyň temasyna wariasiýalar» op. 9, soňky wariasiýada üns basa çekilýär). Heňden şeýle görnüşde daşlaşmanyň manysy – temadan wagt hasabynda çet-

leşmedir. Adatça, «siňip gidýän» wariasiýalaryň ýanynda tematizm boýunça has aýdyň wariasiýalar ýerleşýärler.

Figurasiýanyň beýleki görnüşleri-de bolýar. Kähalatda olar, metriki taýdan süýşürilmegi şertinde, heňiň ähli sesleriniň saklanmagy bilen utgaşýarlar (W. A. Mosart, Wariasiýalar *F-dur*, KV 54, № 1):

***47-nji mysal.*** *W. A. Mosart, Wariasýalar F-dur (KV, 54)*

**a) tema**




**b) 1-nji wariasiýa**



Tematiki sesler käwagt temadan daş ýaly figurasiýanyň dykyz salkymlarynda gizlenýärler. Şeýle wariasiýalar «bezegli» diýlip atlandyrylýar (L. wan Bethowen, fortepiano üçin 6 wariasiýa op.34, №1, ikinji sözlemiň başy).

Ähli ýagdaýlarda figurasiýalaryň ösenligi, kämilligi akkord däl sesleriň (ötegçi, kömekçi sesler, saklanma, predýom we ş.m.) giňden ulanylmagy bilen baglanyşyklydyr.

Warýirlenmegiň başga usuly – ostinato (gaýtalanýan) figuralaryň girizilmegidir. Wariasiýanyň gaýtalanýan häsiýetli şekilleriň esasynda düzülmegi bu wariasiýa täzelik berýär, onuň «öz ýüzüni» döredýär.

Fakturanyň sesleriniň birinde üznüksiz üýtgedilmän gaýtalanýan figura – ilkinji nobatda, arassa ritmiki öwrümiň, soňra – gysgajyk heň-ritmiki elementiň, käwagt – ösen motiwiň görnüşinde çykyş edip biler. Mundan başga-da, bellibir fakturaly emele gelmeler (meselem: sesleriň dürli gezekleşmesi), akkompanementdäki häsiýetli figura, tehniki usul (ses alyşmalary, goşa notalar we ş.m.) ostinatoly bolup biler. Ostinatoly figura ençeme, käwagt – onlarça gezek gaýtalanyp bilner.

Ostinato we figurasiýa hem heňde, hem goltgy berýän seslerde ulanylýar.

Temanyň figurasion ösüşinden, adatça, metroritmiki warýirlenme gelip çykýar.

Ýygy-ýygydan heňiň ähli sesleriniň güýçli ülüşlerden güýçsüz ülüşlere süýşme usuly duş gelýär; bu ýa sinkopirlenmek ýa-da olaryň ýerlerini akkord däl sesler bilen ornuny tutmak arkaly amala aşyrylýar (L.wan Bethowen, sonata № 12).

Ritme birmeňzeş, üznüksiz hereket mahsusdyr. Şeýle wariasiýalar kiçi etýudlar ýaly bolýarlar, sebäbi, birinjiden, olarda beýan etmegiň bellibir üýtgedilmeýän görnüşi saklanylýar we, ikinjiden, köp ýagdaýlarda şeýle wariasiýalar tehniki çylşyrymlylyk bilen häsiýetlendirilýärler. Umuman, birfakturalylyk wariasiýany we etýudy ýakynlaşdyrýar.

Ähli esasy üýtgeme usullaryny deňeşdirip, şeýle netijeleri çykaryp bolýar:

- heňe – figurasion usul we figurasion däl täze heň wariantlary,
- ritme – ostinatolyk,
- faktura – beýan etme görnüşleriniň dürli çalyşmalary laýyk bolýarlar.

Kompozision babatda kadaly wariasiýalar üçin şu aşakdakylar häsiýetli:

- wariasiýalar şeýle tertipde ýerleşýärler: her täze gelýän wariasiýa öňküden çylşyrymly;
- uly göwrümli wariasiýalar toplumlarynda wariasiýalaryň temanyň bir görnüşli warýirlenme alamaty boýunça ýerleşmegi;
- wariasiýalaryň ýerleşmeginde gapma-garşylyklyk prinsipi (žanr, perde, faktura taýdan) uly rol oýnaýar.

Wariasiýalar toplumynyň umumy kompozisiýasy üçin iki ahyrky wariasiýalaryň gurluşynyň we aýratynlyklarynyň uly ähmiýeti bar. Olar özünde temanyň ähli öňden ulanylýan ösüş usullaryny jemläp, toplumyň netijesi ýaly – onuň ilkibaşdaky ýaňlanmagyndan, ahyrkydan öňki wariasiýa tamamlaýjy umumylaşdyrma çenli bolýarlar.

Kadaly wariasiýalar formasy XVI asyrdan başlap kompozitorlar tarapyndan giňden ulanylýar. Temanyň bezegli ösüşli irki formasy werdžinalistlere – W. Býord, J. Bull ýaly kompozitorlara mahsusdyr, soňky döwürde – J. Freskobaldiniň eserlerinde duş gelýär.

Kadaly wariasiýalar Ý. Gaýdnyň, W. A. Mosartyň, L. wan Bethoweniň döredijiliginde iň beýik derejä ýetýärler. Olaryň eserlerinde «kadaly» formanyň çäklerinde temanyň warýirlenmegi ulanylýan ösdüriliş usullaryna baglylykda dürli häsiýetlere eýe bolýar. Meselem, W. A. Mosartyň wariasiýalarynda heňiň ösmeginde figurirlenme usuly aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Ý. Gaýdnyň we L.wan Bethoweniň wariasiýalarynda, köplenç, heň garmoniýadan üzňe bolman, onuň bilen goşulýar, bir bitewüligi döredýär, şonuň üçin faktura saz keşbiniň döredilmeginde baş ähmiýete eýe bolýar. Ý. Gaýdnda we L. wan Bethowende garmoniýanyň faktura taýdan özgertmeleri temanyň üýtgedilmeginde, köplenç, esasy we kesgitleýji faktor bolýar.

Soňra kadaly wariasiýalaryň F. Şubert, F. Şopen, A. Gurilýow, M. Glinka we ş.m. kompozitorlar tarapyndan ulanylmagy dowam edýär. Ýöne, eýýäm L. wan Bethowende öňden gelýän warýirlenme usullaryndan täze hilli – temanyň erkin özgerişine geçmegi ugrunda ilkinji synanyşmalar duş gelýär. Bu hakda indiki bölümde gürrüň ediler.

## § 11. Erkin wariasiýalar

XIX asyrda saz materialyna erkin ýüzlenme derejesi ösýär: «azat etme» usullary çylşyrymlaşýar we dürli-dürli bolýar, netijeleri çuňlaşýar we baýlaşýar. Erkin warýirlenme – bu aýratyn kategoriýadyr. Ony tapawutlandyrýan esasy aýratynlygy – umumy birikdiriji serişdeleriniň, ýagny, formanyň içki gurluşy, garmoniýa, heňiň esasy, metr we depgin ýaly serişdeleriniň üýtgedilmegi. Erkin wariasiýalar toplumyny düzmek bilen baglanyşykly başga-da ölçegler bar:

- bir wariasiýadan beýleki wariasiýa geçilende böleklikden üznüksizligiň agdyk gelmegi;
- tonal meýilnamasynyň adybir ýa-da ýakyn tonallyklaryň çäklerinden çykmagy;

- wariasion däl gurluşlaryň bolmagy (baglaýjylar, predyktlar, improwizasion epizodlar).

Erkin wariasiýalarda temanyň işlenilmesi uly rol oýnaýar. Kadaly wariasiýalardan tapawutlylykda erkin warýirlenme temanyň bitewüligini bozýar. Temanyň uly bölegi-de hem-de has kiçi göwrümli gurluşy-da – motiw ýa-da jümle, köplenç, başlangyç motiw işjeň işlenilmä sezewar bolup biler. Motiwiň işlenilmegi has köp duş gelýär. Ol birnäçe görnüşde bolup biler. Käbir halatlarda bu – motiwiň az-kem täze dowamy («dowan edilýän ösüş», «içinden ösme»), başga halatlarda – motiwiň ekspozisionlylygyň çäklerinde berlen sekwentli ýa-da başga görnüşli, doly tertibe salnan geçirilmekleri bolup durýar.

Bütin temanyň aýratyn bir motiw bilen çalyşmagy işlenilmäniň esasy, ýöne ýeke-täk däl usulydyr. Temanyň elementleriniň täze utgaşmalarynyň, birleşmeleriniň bolmaklygy mümkin (R. Şuman, «Simfoniki etýudlar», № 8).

Şunlukda, şu kanun ýüze çykýar: warýirlenme näçe erkin bolsa, şonça-da wariasiýalar tema gatnaşygynda özbaşdak, garaşsyz bolýar, öz aralarynda hem şeýle gatnaşykda bolýar. Özüniň umumy köküni, ýagny tema bilen golaý aragatnaşygyny ýitirip, wariasiýalar özara kowumlygyň, ýakynlygyň esasyny-da ýitirýärler. Dürli wariasiýalarda motiwiň işlenilmesiniň usullary dürli-dürli bolup bilerler. Şonuň bilen birlikde wariasiýalaryň kontrastlylygy ösýär. Eger-de ösüşiň erkinligi žanr-keşpli özgertmeleriň erkinligi bilen güýçlense, sýuitalaşma ymtylýar.

## § 12. Göçme görnüşleri

Erkin wariasiýalary aýratyn kategoriýa hökmünde tapawutlandyryp, ýagdaýlaryň köpüsinde kadaly görnüşlerden erkinlere göçme görnüşleriň bardygyny, kadaly we erkin wariasiýalaryň özara tapawutlandyrylmagynyň şertliligini göz öňünde tutmaly. Olaryň birnäçesini görkezeliň:

a) formanyň uly meýilnamasy el degirmesiz galýar, bölümleriň içki gurluşy bolsa erkin we giňeldilen görnüşde kabul edilýär;

b) wariasiýada tematiki mazmun erkin ulanylýar, temanyň formasynyň hem umumy sudurlary saklanylýar;

ç) wariasiýa temadan has daşlaşdyrylan, emma temanyň formasy we onuň proporsiýalary takyk saklanylýar.

Şu ýagdaýlaryň ählisinde erkinlik «içinde» bolýar, kadalylyk bolsa onuň «daşky jähegi» bolýar.

Takmynan, XIX asyryň ikinji ýarymyndan başlap has erkin görnüşli, bellibir çäklendirmelerden azat bolan wariasiýalar peýda bolýar. R.Şumanyň monotematiki sýuita bolan (has takygy, iki meňzeş motiwiň esasynda düzülen) «Karnawalyny» mysal hökmünde getireliň. Ol köp jähtden wariasiýalar toplumy ýaly kabul edilýär. Onuň wariasion aýratynlygy motiw-impulslaryň ençeme gezek erkin ösdürilmegi bilen kesgitlenilýär. Ýöne, adaty wariasiýalardan tapawutlylykda, «Karnawaldaky» pýesalaryň köpüsinde «epigraflary» bilen hiç hili baglanyşyksyz «keseki» kontrastly material (№№ 4, 6, 13, 15, 16, 21) ýa-da «epigraflar» bilen gatnaşygyny ýitiren ösdüriji material (№№ 2, 9, 11, 18, 19) ulanylýar, käbir pýesalarda bolsa (№№ 1, 8, 12, 17, 20) umumy esas sähelçe ýüze çykýar.

Erkin wariasiýalarda temanyň toplum düzüliş prinsiplerine täsir edişini aňlamak wajypdyr. Ol diňe bir anyk baglanyşyklarda däl-de, umumy intonasion-ritmiki ýa-da garmoniki «atmosferanyň» döredilmeginde has köp duýulýar. Şeýle wariasiýa temanyň umumy häsiýeti, onuň duýgy ýagdaýy bilen baglanyşykly.

Şeýlelikde, erkin wariasiýalaryň düzülişinde: temanyň bellibir aýratyn elementleriniň ösdürilmegine we temanyň umumy intonasion, gurluş konturlaryny beýan edilmegine esaslanýan iki adaty tendensiýasy bolýar.

Erkin wariasiýalaryň beýleki komponentleriniň arasynda garmoniýanyň uly ähmiýeti bar. Soňky bir ýarym asyryň dowamyndaky sazda garmoniki erkinligiň ýüze çykmalary we derejesi dürli-dürlüdir. Ýokarda bellenişi ýaly, kadaly wariasiýalarda bitewüligi saklamak üçin garmoniýanyň (forma bilen bilelikde) üýtgedilmän saklanmagy iň wajyp serişdeleriň biri bolup durýar. Ýöne aýratyn akkordlaryň (ýa-da olaryň utgaşmalarynyň) başga akkordlar (utgaşmalar) bilen çalyşmagy eýýäm nusgawy şahsyýetleriň dörediji-

liginde görülýär. Erkin formanyň hökümlik eden döwründe tema üçin häsiýetli bolan garmoniýadan daşlaşma olaryň metriki erkinligi we täze garmoniýanyň ulanylmagy bilen baglanyşyklydyr.

XIX–XX asyrlarda maksimal dürlüligi talap ediji, köpsanly we kontrastly epizod erkin wariasiýalar formasyny baý garmoniki diliň ulanylmagyna getirdi. Faktura babatda-da edil şeýle diýsek bolýar. Ýöne, fakturanyň kadaly wariasiýalarda-da ýeterlik derejede erkin bolanlygy sebäpli, (garmoniýadan aýratynlykda) bu babatda kadaly we erkin wariasiýalaryň arasynda uly tapawut bolup bilmez.

Erkin wariasiýalarda temanyň formasyndan sowulmalar mahsus. Berlen formanyň üýtgedilmeginde iki ugur tapawutlandyrylýar: gysgaldylma we giňeldilme. «Diabelli-wariasiýalarda» tema 32 taktdan ybarat, toplumyň 29-njy wariasiýasy bolsa 12 takta çenli gysgaldylan. Bu ýagdaýda gysgaldylma içki strukturanyň (garmoniýa we sintaksis taýdan) ähmiýetli üýtgedilmeginiň esasynda amala aşyrylýar. Gysgaldylma başgaça hem edilip bilner. Mysal üçin, I. Bramsyň «Şumanyň temasyna wariasiýalardan» 6 taktly № 2 wariasiýasy 24 taktly temadan gelip çykýar we temanyň esasy alamatlaryny özünde jemleýär. Bu wariasiýa gysgajyk jemi, rezýume, temadan özboluşly «sykylma» ýaly kabul edilýär we onda tema mahsus bolan gurluşy düýpli özgerişe sezewar bolmaýar.

Giňeldilme, öz nobatynda, dürli görnüşli bolup biler. Ýönekeý giňeldilýän usullar bilen çäklense bolýar: garmoniki yzygiderlikleriniň faktura taýdan täzelenmegi, üýtgedilmegi, garmonik üstüni doldurma tilsimleri we ş.m. Strukturanyň doly üýtgemegi hem mümkin: ikibölümliligi üçbölümlilik bilen çalyşmaklygy, goşa reprizany girizmekligi we ş.m.

Metroritmiň ähmiýetini erkin warýirlemegiň komponenti hökmünde aýratyn bellemelidir. Köp halatlarda metr garmoniki üýtgemekligiň dürli-dürlüliginde stabilizirleýji faktor ýaly çykyş edýär.

## § 13. Wariasiýalar formasynyň ulanylyşy

Sazda wariasiýalar formasy giňden ulanylýar. Wariasiýalar özbaşdak eseriň formasy hökmünde, toplumyň bölümi, şeýle hem

haýsy-da bolsa çylşyrymly formada ýazylan (mysal üçin, çylşyrymly üç bölümli formada) eseriň aýratyn bölüminiň formasy hökmünde duş gelýär. Wariasiýalary wokal sazda-da aýdymlaryň, ariýalaryň, horlaryň formalary hökmünde ulanmak mümkin.

Wariasiýalara mahsus bolan monotematizmlilik aýratyn bir temanyň onuň ähli detallarynda açylyşyna ýardam edýär. Detallara üns we ösüşiň kem-kemdenligi wariasiýalar formasyna hekaýalylyk ýa-da çuňňur oýlanma mahsus bolan alňasaman edilen beýanyň häsiýetini berýär. Şonuň bilen baglylykda wariasiýalar formasynyň çalt depginli, okgunly hereketli we ýiti gapma-garşylykly bolan öňdäki bölümlere kontrast döredýän sonatalaryň we simfoniýalaryň haýal depginli bölümlerinde ulanylmagy has-da mahsus. Şol sebäpli wariasion formanyň we umuman, ösüşiň wariasion prinsipiniň ulanylmagy hekaýa häsiýetli eserlerde duş gelýär. Wariasiýalar formasy, köplenç, solo instrumental eserlerde haýsy-da bolsa saz guralynyň dürli wirtuoz mümkinçiliklerini görkezmek serişdesi hökmünde ulanylýar. Ýöne wariasiýalar formasynyň ýokary çeperçilik nusgalarynda dürli görnüşdäki fakturanyň we dürli-dürli wirtuoz mümkinçilikleriň görkezilmegi esasy maksat bolman, çuň manyny açmagyna ýardam berýär.

**Derňew üçin mysallar:**

**Basso ostinato wariasiýalary**

1. Persell. «Didona we Eneý», Didonanyň ariýasy.
2. Bukstehude. Organ üçin *e-moll* çakona; organ üçin *d-moll* Passakaliýa.
3. Gendel. Çakona *G-dur.*
4. Bah. Messa *h-moll*, Crucifixus; skripka solo üçin sonatadan *d-moll* Çakona; organ üçin *c-moll* Passakaliýa; klawir üçin Passakaliýa.
5. Brams. Simfoniýa № 4, final.
6. List. «Bahyň – Weinen, Klagen, Sorgen – temasyna wariasiýalar».
7. Taneýew. Fortepiano kwarteti, II b.
8. Kuşnarýow. Organ üçin *fis-moll* Passakaliýa.
9. Şostakowiç. Simfoniýa № 8, III b.; skripka üçin konsert, III b.
10. Şedrin. Fortepiano üçin konsert, III b.

**Kadaly wariasiýalar**

1. Freskobalbi. «Freskobalda».

2. Gendel. Klawir üçin sýuita *B-dur*, II b. Ariýa wariasiýalar bilen.

3. Bah. «Goldbergiň temasyna 30 wariasiýa».

4. Gaýdn. Simfoniýa *G-dur* (Paukenschlag), II b.

5. Mosart. Sonata № 11, I b.; sonata № 6, final; wariasiýalar; Diwertisment № 15, II b.; Diwertisment № 17, op. 334, II b.

6. Bethowen. Sonata № 10, II b.; sonata № 12, I b.; sonata № 23, II b.; sonata № 30, final; sonata № 32, final; skripka we fortepiano üçin sonata № 1, II b.; skripka we fortepiano üçin sonata № 9, II b.; Wariasiýalar, I-II tomlar.

7. Şubert. Kwartet *d-moll* – «Gyz we ölüm», II b.; sonata № 1, II b.

8. Şuman. Kwartet № 3, II b.

9. Paganini. «Skripka solo üçin 24 kapris», kapris № 24.

10. Gurilýow. «Warlamowyň temasyna wariasiýalar».

11. Glinka. «Mosartyň temasyna wariasiýalar»; «Benedetta sia La Madre romansyna wariasiýalar».

**Erkin wariasiýalar**

1. Şuman. «ABEGG temasyna wariasiýalar», op.1; «Simfoniki etýudlar»; sonata *f-moll*, op.14, III b.

2. Britten. «Pýorselliň temasyna wariasiýalar».

3. Çaýkowskiý. Wariasiýalar *F-dur*, op. 19 (žanr); wiolonçel we orkestr üçin «Rokoko temasyna wariasiýalar» (žanr); sýuita № 3, final (žanr).

4. Glazunow. Wariasiýalar *fis-moll*; simfoniýa № 6, II b.

5. Lýadow. «Polýak halk temasyna wariasiýalar», op. 51; «Glinkanyň temasyna wariasiýalar,op. 35.

6. Rahmaninow. «Pagininiň temasyna rapsodiýa»; «Korelliniň temasyna wariasiýalar».

7. Skrýabin. Fortepiano üçin konsert, II b.

8. Prokofýew. Fortepiano üçin konsert № 3, II b.

9. Kabalewskiý. Wariasiýalar, op. 51 № 1-5.

10. Şedrin. Fortepiano üçin konsert, IV b.

**Hödürlenýän edebiýat:**

1. *Бобровский В.* Претворение жанра пассакалии в сонатно-симфонических циклах Шостаковича. //Музыка и современность. Вып. 1. М., 1962.

2. *Будрин Б.* Вариационные циклы в творчестве Шостаковича. //Вопросы музыкальной формы. Вып. 1. М., 1966.

3. *Головинский Г.* Куплетная, вариационная форма и форма рондо. М., 1962.

4. *Кац Б.* Об отграниченности вариационного цикла. // Советская музыка, 1974, № 12.

5. *Лаврентьева И.* Вариантность и вариантная форма в песенных циклах Шуберта. // От Люлли до наших дней. М., 1967.

6. *Протопопов Вл.* Вариационные процессы в музыкальной форме. М., 1967.

7. *Протопопов Вл.* Вариации в русской классической опере. М., 1957.

8. *Цуккерман В.* «Камаринская» Глинки и ее традиции в русской музыке. М., 1967.

# XIII BAP
# RONDO FORMASY

## § 1. Kesgitleme we umumy häsiýetnama

Rondo formasy diýlip, birnäçe gezek gaýtalanýan baş temanyň epizodlar bilen gezekleşdirilip geçirilmegine aýdylýar. Kesgitlemeden belli bolşy ýaly, baş tema, adatça, üç gezekden az geçirilmeýär, olaryň aralygynda ýerleşdirilýän epizodlaryň hem ikiden az bolmaýandygy ýüze çykýar. Bu formanyň beýlekilerden, ýagny iki bölümli, üç bölümli, üç-bäş bölümli formalardan aýratyn tapawutlanýan tarapy, onuň bölümleriniň umumy sany hem, içki strukturasy hem kesgitleýji alamata eýe bolmaýar. Onda bellibir tertibe laýyklykda bölümleriň ýerleşdirilmegi rondonyň esasy alamaty bolup durýar. Rondonyň kesgitlemesi bäş bölümli gurluşdan kiçi bolmadyk formany göz öňünde tutýan bolsa-da ýedi, dokuz, on bir bölümlileri hem duş gelýär. Şeýlelikde, bu formanyň shemasyny aşakdaky görnüşde aňlatmak bolar:

*24-nji shema*

A+B+A+C+A+…A

Bu formada birnäçe gezek gaýtalanyp gelýän tematiki materialy nazara alyp, onda, beýleki formalar bilen deňeşdireniňde, reprizalylyk prinsipiniň aýratyn tapawutlanýandygyny görmek bolar. Reprizalylyk bu ýerde gaýtalanýan we gaýtalanmaýan bölümleriň arasyndaky kontrast, garşy goýmaklyk prinsipi bilen hem utgaşdyrylýar. Eger-de gaýtalanýan temalaryň arasyndaky bölümleriň her gezek täze bolmagyny göz öňünde tutsak, onda bu formany üýtgewsizligiň dürlülik bilen gezekleşdirilmegi hökmünde häsiýetlendirmek bolar. Bu prinsip formada ikitaraplaýyn, ýagny temanyň we epizodyň arasyndaky kontrast, şeýle-de, epizodlaryň öz arasyndaky kontrastyň jemlenýändigini ýüze çykarýar. Forma emele getirmäniň reprizalylyk we kontrast ýaly prinsiplerine esaslanýan rondoda, beýleki formalardan tapawutlylykda, bu iki ýörelge birnäçe gezek geçirilýär.

Rondo formasynyň birinji, gaýtalanýan bölümi baş tema ýa-da refren diýlip atlandyrylýar. Onuň aralygyndaky bölümlere bolsa epizod diýilýär. Eger çylşyrymly üç bölümli formanyň ortaky bölümlerinde trio we epizod ýaly görnüşleri özleriniň gurluşlary boýunça tapawutlandyrylan bolsa, rondo formasynda baş temadan galan temalar epizod diýlip bellenilýär.

Formanyň umumy bitewüligini üpjün edýän refren merkezleşdiriji ähmiýete eýe. Onuň gaýtalanyp durmagy dürli-dürli saz materiallarynyň arasynda ünsüňi bir ýere jemlemeklige ýardam berýär. Refren diňe bir bitewüleşdiriji däl, eýsem, ugrukdyryjy wezipäni hem ýerine ýetirýär. Onda ugrukdyrmak bilen bir hatarda togtamak, başlangyç nokat, hereket hem jemlenýär. Başgaça aýdanymyzda, başlangyç impuls we jemleme özara baglanyşykda bolýar.

## § 2. Gelip çykyşy

Aglaba formalara mahsus bolan halk aýdym-tans sazlaryndan gözbaş almak, gadymy hasaplanylýan rondo formasyna hem de-

gişlidir. Bu formanyň aňyrsynda gaýtalamaly horowod, ýagny aýlaw görnüşinde aýlanyp aýdylýan tansly aýdymlar ýatyr. Beýle görnüşdäki aýdymlarda adatça, ilki zapew, soňra bolsa gaýtalama (pripew) ýerine ýetirilýär. Zapewde saz her gezek gaýtalansa-da, tekst täzelenýär. Gaýtalamada bolsa saz bilen birlikde tekst hem dolulygyna galýar ýa--da köp bölegi saklanýar. Instrumental sazda üýtgedilýän tekste derek saz çalşyrylýar (23-nji shemada B we C).

Formanyň «rondo» diýlip atlandyrylmagynyň özi hem onuň gadymy aýdymlardan we tanslardan gelip çykýandygyny aňladýar. «Rondo» adalgasy «aýlaw» manysyny berýär.

## § 3. Beýleki formalar bilen deňeşdirme

Rondo formasy wariasiýalar we üç bölümli formalar bilen bellibir derejede ýakyndyr. Rondo we wariasiýalar formalarynyň baglanyşygy olaryň ikisinde hem saz materialynyň gaýtalanyp durmagynda ýüze çykýar. Rondo formasynda refreniň gaýtalanmagy, wariasiýalarda bolsa saz materialynyň üýtgedilen görnüşde dürli öwüşgine girmegi olaryň arasyndaky tapawutly tarap bolup hyzmat edýär. Şol bir wagtda formalaryň ikisinde hem bölümleriniň sany çäklendirilmeýär. Rondo formasynda jemleýji nokady ahyrky refren kesgitleýär. Ol beýan ediş häsiýeti boýunça soňlaýjy ähmiýeti berýär. Wariasiýalar formasynda refreniň berýän funksiýasyny gaýtarylyp getirilen tema berip biler, emma bu ýagdaý hemme wagt bolup durmaýar. Şeýle bolanda jemlemek üçin başga usullar gözlenilýär.

Rondo bilen üç bölümli forma deňeşdirilende, birnäçe gezek geçirilýän reprizalar bilen baglylykda düýpli tapawutlylygy görmek bolýar. Üç bölümli formanyň reprizasy diňe bir gezek geçirilýänligi sebäpli, ol repriza mahsus bolan alamatlaryň ählisini özüne siňdirmäge çalyşýar. Rondoda bolsa her bir indiki reprizada saz materialynyň takyk saklanylan ýagdaýynda özgerdilmä garaşmaklyk kyn. Şonuň üçin refrenleriň warýirlenmegi ýa-da üýtgedilmegi aýratyn aktuallyga eýe bolýar.

## § 4. Rondo görnüşli formalar

Rondogörnüşlilik düşünjesi, umuman alanyňda, rondo düşünjesinden has giň. Käbir ýagdaýlarda düzümler rondo formasynyň kadaly şertlerine gabat gelmese-de, şol bir wagtda onuň bilen arabaglanyşyk bardygyny aýdyň görmek bolýar. Formanyň bu ýagdaýda hem kada-kanundan çykman, özüniň aýratyn kanunalaýyklyklaryna tabyn bolýandygy hakynda aýtmak gerek. Üç bölümli forma bilen ýakyn bolan rondo formasyny üç bölümliligiň dowamly topary hökmünde häsiýetlendirmek bolar. Iň ýönekeý görnüşi ortaky we repriza bölümleriniň gaýtalanmagy bilen ýüze çykýar. Emma rondo formasynyň her gezek täze epizody göz öňünde tutýandygy sebäpli, bu gurluşa häsiýetli bolan kontrast ýitýär. Kontrast boýunça forma emele gelmese-de, bölümleriň san taýdan gabat gelýändigini görmek bolýar. Esasy temanyň üç gezek geçirilmegini we umumy bäş bölümliligiň saklanylmagyny nazara almak bilen, bu formanyň rondo ýakynlaşýan ilkinji ädimdigini bellemek bolar.

Bu forma ýakynlaşmagyň indiki ädimleri ikinji ortaky bölümiň birinjiden tapawutlanan ýagdaýynda bolup geçýär. Bir tarapdan, forma üçbölümlilikden gelip çykyp, wariasiýa ugry boýunça hereket edýär we rondo formasyna gelip ýetýär. Bu görnüş adaty gaýtalamalar esasynda döreýär. Bölümler gaýtalananda olaryň warýirlenmegi mümkin. Şeýlelikde, ortaky bölümiň warýirlenen görnüşi ýüze çykýar.

Ortaky bölümiň transponirlenen ýagdaýynda rondo formasyna has ýakynlaşylandygy barada aýtmak bolar. Şeýle-de bolsa, bu ýerde hem epizodlaryň tematiki kontrasty ýitýär, tonal öwüşgininiň çalşyrylmagy bolsa täzeçe reňk berýär.

Ortaky we refren bölümleriň tematiki babatda işlenilen ýagdaýynda has işjeňlik bellenilýär.

Ýokarky görnüşleriň üçüsini hem bir umumy düşünje bilen birleşdirmek bolar – goşa üç bölümli forma. Ol iki sany üçbölümlilik görnüşinde bolup, olaryň birinjisiniň reprizasy we şol bir wagtda ikinjiniň başlangyç bölümi bolup hyzmat edýär:

*25-nji shema*

| | | |
|---|---|---|
| A B | A | |
| A B | A | BA |

Goşa üçbölümliligiň rondo formasyndan esasy tapawudy epizodlaryň tematiki babatda ýakynlygynda jemlenýär. Şeýle-de bolsa, bu formanyň çäklerinde onuň iki görnüşini görmek bolýar: bir temaly, ösüşli we iki temaly, kontrastly.

## § 5. Gadymy rondo

XVII asyrda – XVIII asyryň birinji ýarymynda kompozitorlar rondo formasyny, esasan, aýdym-tans häsiýetli sazlarda ulanypdyrlar. Irki rondolarda aýdym häsiýetlilik, aýratyn hem tans häsiýetlilik tematizmiň žanr esasyny emele getiripdir. Bu döwürde rondo formasynyň aýratyn kompozision taraplary bellenilip, entek doly kadalaşdyrylmaýar. Şeýle-de bolsa, formanyň esasy alamaty – refreniň epizodlar bilen gezekleşdirilmegi kesgitlenilýär.

Rondo formasynyň irki görnüşlerine köpbölümlilik häsiýetli bolup, tonal babatda hem belli kadalar ýola goýulmaýar. Epizodlar refrene degişlilikde ýakyn tonallyklarda ýazylýar. Epizodlaryň ilki refreniň tonallygynda başlap, soňra kem-kemden täze tonallyga modulýasiýa geçirýän ýagdaýy hem duş gelýär. Tematiki babatda refren bilen az kontrastlaşýan epizodlar intonasion tarapdan biri-birine ýakyn durýar we şeýlelikde, uly bolmadyk tematiki kontrast emele gelýär.

Garmoniki tarapdan epizod baş tema bilen deňeşdireniňde biraz baýlaşdyrylan. Käbir ýagdaýlarda epizod göni täze tonallykda başlanýar.

Gurluş babatynda gadymy rondonyň refreni period formasynda, epizodlar bolsa, period formasynda ýa-da erkin gurluşy emele getiripdir.

Gadymy rondoda baglaýjy bölekleri girizmek häsiýetli bolmandyr. Koda hem adatça ulanylmaýar.

XVIII asyrda rondo formasy ulanylan eserleriň käbirinde bölümleriň kem-kemden gysgaldylmasy we formanyň has

bitewüleşdirilmesi bellenilýär. Gadymy rondoda ýola goýlan bu täze alamatlar nusgawy rondo formasynda soňky ösüşini tapýar.

## § 6. Nusgawy rondo

Klassisizm döwrüniň sazynyň esasy alamaty giň ösüşlere ymtylmakdan ybarat bolup, bu ýagdaý rondoda hem öz beýanyny tapýar. Onuň bölümleri gadymy rondonyňka garanyňda has giňeýär, adaty sany bolsa, köplenç, bäş bolup, A B A C A formulasy häsiýetli bolup galýar. Baglaýjy bölekleriň girizilmegi sebäpli bölümleriň arasyndaky baglanyşyk güýçlendirilýär. Epizodlaryň kontrast döredýänligi we başga tonallyklarda geçirilýänligi üçin girizilen baglaýjy bölekler epizodlardan baş temanyň reprizasyna geçiş pursadynda peýda bolýar. Koda kompozisiýanyň umumylaşdyryjy bölegi hökmünde giňden ulanylyp başlanýar.

Gadymy rondoda period formasynda gurlan baş partiýa ýönekeý iki ýa-da üç bölümli formada düzülýär. Şeýle-de bolsa, özüniň giň ösüşe eýe bolýanlygyna garamazdan, gutarnyklylyk ýagdaýyny saklap galýar. Reprizalara dürli görnüşlerde üýtgeşmeler girizilýär.

Epizodlar hem gurluş babatynda göwrümini giňeldýär, ýagny ýönekeý iki ýa-da üç bölümli, kähalatda period formasynda, şeýle-de, durnuksyz düzümden ybarat bolýar.

Tematiki babatda epizodlaryň we refreniň arasyndaky kontrast öňkülere garanyňda ýitileşýär. Formada iki epizod bolan ýagdaýynda olaryň ikinjisi kontrastlyk derejesi, şeýle-de gurluşy boýunça has-da tapawutlanýar. Birinji epizodyň bolsa, oňa görä pesräkdigini bellemek bolar.

Rondo formasynyň tonal meýilnamasy hem kesgitlenilýär. Refren ähli geçirilişlerinde esasy tonallykda berilýär. Epizodlaryň tematiki kontrasty bolsa, tonal kontrasty bilen güýçlendirilýär, ýagny epizodlar, adatça, tabyn tonallyklarda ýazylýar. Baş partiýanyň tonallygyna degişlilikde epizodlary dominanta, subdominanta tonallyklarynda, parallel tonallykda ýa-da adybir tonallykda geçirmek häsiýetli.

Eýýäm bellenilişi ýaly, epizodlar gurluş babatynda dürlüligi bilen tapawutlanýar. Aglaba ýagdaýlarda epizodlara, özleriniň iki ýa-da üç bölümli formada ýa-da period formasynda ýazylanlygyna garamazdan, gutarnyklylyk mahsus. Şol sebäpden bitewi gurluşda üznüksizligi gazanmaga bolan ymtylyş modulirleýji baglaýjy bölekleriň emele gelmegine getirýär. Üznüksiz ösüşe bolan ymtylyş käwagt işlenilme häsiýetli epizodlaryň peýda bolmagyna hem täsir edýär.

Formanyň kontrastlyk derejesiniň güýçlendirilmegi we ösüşiniň çylşyrymlaşdyrylmagy bilen, kompozisiýanyň ahyrynda umumylaşdyryjy, jemleýji bölegiň girizilmegi zerurdyr. Şunuň bilen baglylykda klassisizm döwrüniň rondo formasynda täze alamatlaryň biri bolan koda bölümini ulanmak ähmiýetli bolup galýar. Koda tematiki babatda esasy formanyň materialyna esaslanandyr.

Şeýlelikde, nusgawy rondo formasynyň esasy alamatlary kontrastyň güýçlendirilmeginde we zowwamlaýyn ösüşiň peýda bolmagynda jemlenýär. Bu bolsa, formada bitewülik emele getirmekde ähmiýetli hyzmat edýär.

## § 7. XIX–XX asyrlarda rondo formasynyň ösüşi

Romantizm akymynyň saza ornaşmagy rondo formasyna hem täze üýtgeşmeleriň girizilmegine getirýär. Bu döwürde rondo formasynyň çylşyrymly görnüşiniň ýönekeý görnüşinden agdyklyk etmegi aýdyň bellenilýär. Rondo formasynyň bäş bölümli görnüşi işlenilme ýörelgesiniň girizilmegi bilen has ösdürilýär. Rondonyň ýönekeý formalarynda, gadymy rondoda bellenilen köpbölümlilige bolan ymtylyş ýene-de peýda bolýar. Emma, bu köpbölümlilik irki rondodan düýpli tapawutlanýar. Bu ýerde her bir bölümiň aýratynlykda ösdürilişi we göwrümliligi biri-birine kontrast bolan temalaryň we tonallyklaryň aýdyň utgaşmasyna esaslanýar.

Rondonyň bölümleri iki ýa-da üç bölümli formada ýazylýar, käwagt bolsa, olarda rondolylyk düzüm prinsipi ulanylýar. Formanyň tonal meýilnamasy has dürli görnüşli bolup, onda diňe bir ýakyn tonallyklar däl, eýsem uzak tonallyklara hem geçmeklik bellenilýär.

Rondo formasynyň soňky ösüşinde bellenilýän käbir täze taraplar: refreniň haýsy hem bolsa ortaky geçirilişleriniň biri täze tonal-

lykda görkezilýär; bölümleriň gutarnyklylyk derejesi öňküler bilen deňeşdirilende peselen. Muňa işlenilme häsiýetindäki baglaýjy bölekler sebäp bolýar; epizodlaryň häsiýeti has-da dürli görnüşli bolýar; käbir ýagdaýlarda dürli materialdaky iki epizod yzygider dowam edýär. Kähalatlarda bolsa, iki repriza yzygider geçirilýär.

## § 8. Rondo formasynyň ulanylýan ýerleri

Rondo köp ýagdaýlarda özbaşdak eseri emele getirýär. Ol käwagt «Rondo» diýlip atlandyrylsa, käwagt başga at bilen bellenilýär. Bulardan başga, rondo toplum formalarynyň bir bölümi hökmünde hem ulanylýar. Köplenç, rondo formasy final bölümlerde, käwagt ortaky bölümlerde duş gelýär. Rondo formasynyň opera ýa-da balet eserleriniň bir sahnasy hökmünde ulanylýandygyny hem görmek bolýar.

**Derňew üçin mysallar:**
**Gadymy rondo**

1. Bah. Solo skripka üçin Partita *E-dur*, III b. – Gawot.
2. Daken. «Ikatýok».
3. Ramo. «Towuk»; «Näzik şikaýatlar» («Нежные жалобы»).

**Nusgawy rondo**

1. Gaýdn. Sonatalar № 7 we 9, finallary (ABACA); sonata № 21, I b.(AA1ARA).

2. Mosart. Rondo *a-moll*, op.511 (ABACA); skripka we fortepiano üçin sonata № 10, 12 (ABACA), 15 ($AA_1AA_2A$), finallary; sonata № 9, II b. ($ABAB_1A$); sonata № 14, II b. (ABACA); skripka we fortepiano üçin sonata № 18, I b. (ABACA); skripka we fortepiano üçin sonata № 14, II b. (ABACA); konsert № 20 *Es-dur*, II b. (ABACA); konsert № 22 *c-moll*, II b. (ABACA); kwintet № 5, II b. (ABACA).

3. Bethowen. Rondo *A-dur* (ABACA); rondo *C-dur*, op. 51 № 1 (ABACA); Andante *F-dur* («Favorie») (ABACA); sonata № 20, 25, finallary (ABACA); sonata № 8, II b. (ABACA); kwartet № 10, II b.

(ABACA); sonata № 19 we 24, finallary ($ABAB_1A$); sonata № 3, II b. ($ABAB_1A$); sonata № 2, II b. (ABAIA).

**Bethowenden soňky döwrüň rondosy**

**ABACA**

1. Şuman. Simfoniýa № 1, II b.; «Арабески».

2. Şubert. Sonata № 2 op. 53, final.

3. Brams. Simfoniýa № 1, III b.

4. Dargomyžskiý. «Ночной зефир», «Свадьба».

5. Çaýkowskiý. Sýuita № 5, IV b.; fortepiano we orkestr üçin Andante we final.

6. Kabalewskiý. Bäş rondo, op. 51.

**$ABAB_1A$**

1. Şuman. Trio № 2, op. 80, II b.; kwartet № 3, op. 41, III b.

2. Şubert. Sonata № 2, II b.; sonata № 8, II b.; kwartet № 5, II b.; kwartet № 9, II b.; simfoniýa № 5, II b.; simfoniýa № 4, II b.; simfoniýa № 7, II b.

3. Şopen. Sonata *h-moll*, final; wiolonçel we fortepiano üçin sonata, final.

4. Brukner. Simfoniýa № 5, II b.; simfoniýa № 7, II b.;

5. Glinka. «Iwan Susanin», Antonidanyň rondosy; «Ruslan we Lýudmila», Farlafyň rondosy.

6. Borodin. «Спящая княжна».

7. Çaýkowskiý. Simfoniýa № 1, II b.

8. Glazunow. Simfoniýa № 6, final.

**Köp bölümli**

1. Şuman. «Wena karnawaly», I b. (ABACADAE geç. FAK); Nowelletta № 1, *F-dur* (ABACABA); Nowelletta № 5, *D-dur* (ABACADAK);

2. Sen-Sans. Skripka we orkestr üçin «Rondo-kapriççiozo» (ABACACBAK).

3. Prokofýew. «Romeo we Julýetta», «Julýetta-gyzjagaz» (ABACADCAK).

**Opera sahnalarynda rondo**

1. Glinka. «Ruslan we Lýudmila», introduksiýa.

2. Musorgskiý. «Сорочинская ярмарка», I görnüş, ýarmarka sahnasy.

3. Rimskiý-Korsakow. «Снегурочка», I görnüşiň finaly; «Садко», 4-nji görnüşi.

**Hödürlenýän edebiýat:**

1. *Головинский Г.* Рондо. М., 1961.

2. *Якубов М.* Форма рондо в произведениях советских композиторов. М., 1967.

# XIV BAP

# SONATA FORMASY

## § 1. Kesgitleme we umumy häsiýetnama

Sonata formasy – bu reprizaly forma bolup, onuň birinji bölümi (ekspozisiýa) dürli tonallyklarda geçirilýän iki (ýa-da birnäçe) temanyň yzygiderligini görkezýär. Reprizada bolsa temalar täze gatnaşykda, ýagny tonal babatda ýakynlaşyp, adatça, iki temanyň hem esasy tonallykda geçirilmegi häsiýetlidir. Sonata formasynyň ortaky bölümine işlenilme, ýagny tonal babatda durnuksyzlyk, ekspozisiýanyň temalaryny ösdürmek, işlemeklik mahsus bolup durýar. Kähalatda ortaky bölümde täze tematiki materialyň beýan edilmegini we ösdürilmegini yzarlamak bolýar. Beýle bolanda forma epizodly sonata formasy hökmünde bellenilýär. Şeýle-de ortaky bölümiň ulanylmaýan görnüşi hem duş gelip, oňa işlenilme bölümsiz sonata formasy diýilýär.

Kesgitlemeden hem belli bolşy ýaly, sonata formasy hereketiň esasy kanunlaryna mahsus bolan prinsipleri – kontrastlaşdyrma, ýaýbaňlandyrylan görnüşde ösdürme we reprizalylyk ýaly kompozision serişdeleri özüne siňdirýär. Doly görnüşinde forma, esasan, üç bölümi öz içinde jemleýär. Olar: ekspozisiýa, işlenilme we repriza

bölümleri. Şeýle hem ol, köplenç, giriş bilen başlanýar we koda bilen tamamlanýar. Koda W. A. Mosartyň, aýratyn hem L. wan Bethoweniň döredijiliginde sonata formasynyň ähmiýetli bir bölegi hökmünde ýüze çykýar. Ösen sonata formalary, şeýlelikde, üç däl-de, kodanyň hem goşulmagy bilen, dört bölümlilige eýe bolýar.

Formanyň esasy üç tarapy – tematizm, işlenilme, tonal meýilnama – kompozisiýany kesgitleýji ähmiýetli taraplarydyr. Sonata formasynyň üç ösüş tapgyry, ýagny ekspozisiýa, işlenilme we repriza dramaturgiýanyň şahalary bolup, olar keşbiň, ideýanyň dramaturgiýa ösüşiniň derejesini görkezýär.

Sonata formasynyň ähmiýetli taraplarynyň biri hem temalaryň arasyndaky kontrastyň utgaşdyrylmagydyr. Biri-birine gapma-garşy bolan iki temanyň yzygiderligini ekspozisiýa bölümi özünde jemleýär. Bu ýerde temalaryň kontrastlaşdyrylmagy beýleki (mysal üçin, çylşyrymly üç bölümli ýa-da rondo) formalardaky ýaly ýönekeý derejede amala aşyrylmaýar. Eger, çylşyrymly üç bölümli formada birinji bölümiň we trionyň arasynda, ýa-da rondo formasynda refreniň we epizodlaryň arasynda kontrastlyk derejesini ýüze çykarmak esasy maksat bolýan bolsa, ekspozisiýadaky kontrastlaşýan temalar, adatça, bitewi ösüş bilen baglanyşýarlar. Çylşyrymly üç bölümli formanyň birinji bölümi ýa-da rondo formasynyň refreni bilen deňeşdireniňde, ekspozisiýanyň birinji temasynyň gutarnyklylyk derejesi pes gelýär. Birinji temanyň elementleriniň ösdürilmegi we özgerdilmegi ikinji temanyň kem-kemden taýýarlanylmagyny amala aşyrýar. Birinji tema bilen kontrastlaşýan we şol bir wagtda oňa ýakyn bolan, onuň bilen bitewülik emele getirýän ikinji tema ösüş prosesiniň netijesi bolup durýar. Soň dowam edýän işlenilme bölümi ekspozisiýanyň tematiki materialynyň ösdürilmegini amala aşyrýar. Reprizada temalaryň kontrastlyk gatnaşygy ýene-de üýtgedilýär, ýagny temalar täze tonal gatnaşykda gaýtalanýar, olar tonal babatda ýakynlaşyp, ekspozisiýa garanyňda, bitewülik derejesini has-da güýçlendirýär.

Sonata formasynda tonal-garmoniki ösüş aýratyn ähmiýete eýedir. Ekspozisiýada beýan edilýän ikinji temanyň dominanta tonallygynda berilmegi bu ýerde diňe bir esasy tonallyk bilen kontrast emele getirmän, eýsem konflikt hem döredýär. Netijede,

15. Sargyt № 2832.

temalaryň arasynda tonal babatda dartgynlyk emele gelýär. Umumy kompozisiýanyň çäginde ikinji temanyň wagtlaýyn höküm sürýän dominanta tonallygy dominanta durnuksyzlygy hökmünde kabul edilip, özüniň çözgüdini talap edýär. Işlenilme bölüminde esasy tonallygyň ulanylmagyndan gaça durulmagy bilen bu çözgüt reprizada öz beýanyny tapýar. Temalaryň şeýle dartgynly işjeňlik ýagdaýy we tonal dartgynlygynyň üznüksizligi beýleki formalar bilen deňeşdireniňde sonata formasynda has aýdyň ýüze çykýar.

Sonata formasynyň taryhy ösüşinden belli bolşy ýaly, onuň irki döwründe tonal gatnaşyklary tematiki tarapyna seredeniňde has ähmiýetli orun eýeleýär. Wena klassyklarynyň döredijiliginde iki tarap hem deň derejeli hasaplanýar we L. wan Bethowenden soňky döwürde bolsa, sonata formasynyň dramaturgiýasynda keşp-tematiki gatnaşyklar kem-kemden öňdäki hatara geçýär, şeýle-de bolsa, tonal gatnaşyklar hem ähmiýetliligine galýar we has dürli görnüşli ýagdaýa eýedir.

## § 2. Ekspozisiýa

Sonata formasynyň ekspozisiýasy, ýokarda hem bellenilip geçilişi ýaly, biri-birine kontrast bolan iki (ýa-da birnäçe) temalaryň dürli tonallyklarda geçirilmegini özünde jemleýär. Bu ýerde temalaryň arasynda emele gelýän kontrastlyk derejesi bütin kompozisiýanyň dowamynda ähmiýetlidir. Kontrast dürli mazmunda berlip bilner, emma adatça, ikinji tema garanyňda, birinji tema has işjeň hereketli ýagdaýda berilýär.

Sonata formasynda birinji tema, adatça, esasy keşbi, kompozisiýanyň ähmiýetli mazmunyny emele getiriji hökmünde bellidir. Onuň janlandyrýan keşpleri uly güýç-kuwwatlylygy, işjeňligi bilen tapawutlanýar. Ikinji tema, köplenç, has mylaýym, liriki häsiýetli heňi beýan etmeklige bagyşlanylan.

Ekspozisiýanyň birinji temasy baş tema, ikinjisi bolsa, kömekçi tema diýlip atlandyrylýar. Temalardan soň dowam edýän ösüşi hem öz içine almak bilen, olar baş we kömekçi partiýalar hökmünde bellenilýär. Baş we kömekçi partiýalar sonata fomasynyň ekspozisiýasynyň

düzümini kesgitleýärler. Olaryň her biri özbaşdak bir keşbi, şekili janlandyryp, özboluşly labyzy, äheňi bilen öz arasynda tapawutlanýarlar. Ekspozisiýa diňe bir baş we kömekçi partiýalary beýan etmek bilen çäklenmän, baglaýjy bölümi we jemleýji bölümi hem öz içinde jemleýär. Baglaýjy bölüm baş we kömekçi temalaryň aralygynda ýerleşmek bilen, soňky dowam etjek temany taýýarlaýar. Kömekçi partiýanyň ahyrynda peýda bolýan jemleýji bölüm täze tonallygy tassyklamak bilen, köplenç, ekspozisiýanyň ösüşini jemleýär.

Baş partiýa esasy tonallykda, kömekçi bolsa, täze tonallykda, adatça V ýa-da III basgançagyň tonallygynda geçirilýär. Haçanda, esasy tonallyk mažor bolan ýagdaýynda kömekçi partiýanyň dominanta tonallygynda geçirilmegi, esasy tonallyk minor bolan ýagdaýynda kömekçini parallel mažorda ýa-da minor dominantada geçirmek häsiýetlidir. Eýýäm L. wan Bethoweniň döredijiliginde täze-täze tonal gatnaşyklar duş gelýär: mažorda – daş tersiýa ($G$ – $H$); minorda – aşaky mediantanyň gatnaşygy ($h-G$), minor, seýrek ýagdaýda – mažor dominantasy. Şeýle-de sekunda gatnaşyklaryny görmek bolýar.

Soňky döwürlerde mümkin bolan beýleki, adaty bolmadyk tonal gatnaşyklara hem duş gelmek bolýar. Şeýle-de bolsa, kömekçi partiýa häsiýetli bolmadyk ýakyn tonallyklary bellemek gerek:

1) subdominanta;

2) mažorda parallel tonallyk.

Daş tonal gatnaşyklardan häsiýetli bolmadygy:

1) ýokaryk we aşak uly sekunda aralykdaky mažor tonallyklary (baş partiýa mažorda ýazylan ýagdaýynda);

2) üçtony emele getirýän tonallyklar.

## § 3. Baş partiýa. Baglaýjy bölüm

Ekspozisiýanyň birinji bölümi – baş partiýa – ilkinji heňiň geçirilmegine bagyşlanan. Oňa içki durnuksyzlyk, dartgynlylyk, soňky ösüş üçin uly güýç-kuwwat häsiýetlidir. Baş tema, formada tutýan orny boýunça esasy pikir bolup, ösüşde giň we köptaraply açylyp görkezilýär.

Baş tema öz içinde kontrastly ýa-da kontrastsyz (birgörnüşli) bolýar. Häsiýeti boýunça aýdyň tapawutlanýan iki jümleden ýa-da düzümden ybarat tema kontrastly diýilýär. Beýle ýagdaýda birinji element has aýgytly, kuwwatly bolup, ikinji oňa görä ýumşak, mylaýym, ýeňil bolýar. Temanyň irki döwürden bäri dowam edip gelýän bu içki ýagdaýy has iri derejedäki, ýagny baş we kömekçi partiýalaryň arasyndaky kontrastyň özeni bolup durýar. Onda biri-birinden tapawutly bolan elementler ýaýbaňlandyrylan görnüşde beýan edilýär. Mysal hökmünde A. Borodiniň Ikinji simfoniýasynyň I bölüminiň baş temasyna seredip geçsek, onuň aýdyň duýulýan iki elementiniň aýratynlyklaryny görmek bolýar. Olaryň birinjisi oktawa-unison görnüşinde beýan edilip, has agras, gowgaly häsiýete eýe. Onuň güýçli dinamikada (*ff*), pes registrde geçirilmegi bu ýagdaýy has-da tassyklaýar. Ikinji element birinjä garanyňda pesräk dinamikada (*f*), registr babatynda hem has ýokarda bolup, özüniň garmoniki gurluşy bilen tans sazyna ýakynlaşýar. Elementler depgin babatynda hem tapawutlandyrylyp, olaryň birinjisi *Allegro*, ikinjisi bolsa *Animato assai*.

Baş temanyň birinji elementi kähalatlarda girişi ýatladýar. L. wan Bethoweniň fortepiano üçin 2-nji sonatasynyň baş temasy muňa mysal:

***48-nji mysal.*** *L. wan Bethowen. Fortepiano üçin 2-nji sonata. Baş tema*






Temanyň elementleri kiçi bolmadyk gurluşa eýe bolup, olaryň birinjisi oktawalaýyn ýagdaýda ýokardan aşak hereketlenýär. Sekiz taktly bu element häsiýeti boýunça girişe ýakyn. Soňraky dowam edýän on iki takt bolsa, ikinji elementi alamatlandyryp, onuň tolkun görnüşli heňi okgunly baş temanyň esasyny düzýär. Ikinji sözlemiň, gysgaldylan hem bolsa, ýene-de birinji element bilen başlanmagy, ony adaty giriş däl-de, baş partiýanyň öz içindäki özboluşly giriş elementi hökmünde kabul etmäge mümkinçilik berýär.

Beýle giriş elementlerine L. wan Bethoweniň 5-nji simfoniýasynyň ilkinji bäş taktynda hem, onuň 17-nji sonatasynyň başlangyç iki taktynda hem duş gelmek bolýar.

Kontrastly baş temalar bilen deňeşdireniňde kontrastsyz, ýagny birgörnüşli baş temalaryň hem seýrek däldigini bellemek gerek. F. Şopeniň *b-moll* sonatasynyň baş temasy dolulygyna şol bir ritmiki şekile, faktura esaslanýar. Bu ýerde pauzalar bilen bölünen tema ýaýradylan görnüşde berlen akkord sesleriniň fonunda geçýär:

***49-njy mysal.*** *F. Şopen. Sonata b-moll. Baş tema*



Bir elementli baş temanyň aýdyň mysaly hökmünde L. wan Bethoweniň fortepiano üçin 1-nji sonatasynyň baş temasyna, W. A. Mosartyň *g-moll* simfoniýasynyň temasyna hem seretmek bolar.

Bu temalar özleriniň içki kontrastsyzlygyna garamazdan, çylşyrymlylyk, dartgynlylyk derejesi boýunça kontrastly baş temalardan pesde durmaýar. Olaryň çylşyrymlylygy we gapma-garşylygy iki elementden ybarat bolan baş temalaryňky ýaly açyk görnüşde görkezilmese hem, içki häsiýetlerde ýüze çykýar, ýagny olarda tapawutly elementler bir bitewülik hökmünde utgaşdyrylandyr.

Nusgawy sonata formasynda baş tema köp ýagdaýda period formasynda ýa-da ýönekeý iki-üç bölümli formalarda, seýrek halatda bolsa, erkin düzülişde beýan edilýär. Gurluş babatynda aýdyňlygyna garamazdan, baş tema, köplenç, özüniň soňraky ösüşini talap edýär. Bu zerurlyk, käwagt baş temanyň tematiki materialynyň ähmiýetliligine, kontrastlylygyna laýyk gelmeýän uly bolmadyk göwrümi bilen bagly bolup durýar. Köplenç, soňky ösüşe bolan zerurlyk duýgusy, baş temanyň kontrastlaşýan elementleriniň deňagramly däldigi, garmoniki durnuksyzlygyň agdyklyk etmegi we ş.m. bilen kesgitlenilýär. Şeýlelikde, baş temanyň esasy tonallykda, doly kadensiýada tamamlanmagyndan soňra, baglaýjy bölegi başlaýan birnäçe goşulma bölekleri dowam edýär.

Baş tema esasy tonallykda, doly kadensiýada tamamlanan ýagdaýynda gutarnykly diýlip atlandyrylýar:

***50-nji mysal.*** *L. wan Bethowen. Fortepiano üçin 3-nji sonata. Baş tema*



Munuň bilen bir hatarda gutarnyksyz, ýagny esasy tonallygyň doly kadensiýasynda tamamlanmadyk baş temalar hem giňden duş gelýär:

***51-nji mysal.*** *L. wan Bethowen. Fortepiano üçin 21-nji sonata. Baş tema*




Baglaýjy bölüm iki esasy keşbiň – baş we kömekçi temalaryň aralygynda ýerleşýär. Bu bölümiň esasy maksady kömekçi partiýa geçmekden, ony taýýarlamakdan ybaratdyr. Baglaýjy – tonal babatda durnuksyz, ýapyk düzümleri bolmadyk we häsiýeti boýunça onuň hereketi kömekçi tema tarap gönükdirilen. Onuň göwrümi dürli-dürli bolup, birnäçe taktlardan uly düzümlere çenli baryp ýetýär. Köp ýagdaýlarda baglaýjy, baş heňiň dowamy hökmünde, onuň materialyna esaslanýar. Şeýle-de onuň täze tematiki materialy beýan edýändigini hem görmek bolýar.

Baş tema gutarnykly bolan ýagdaýynda baglaýjy, adatça, baş temanyň goşulmasy ýa-da birnäçe goşulmalary bilen başlanýar. Bu ýerde baglaýjynyň birinji bölegi garmoniki babatda entek baş temany dowam ediji hökmünde umumy üznüksiz ösüşiň hereketlenmegine itergi berýär. Baş temanyň goşulmasyndan soň kömekçi partiýanyň tonallygyna modulýasiýa geçişi özünde jemleýän baglaýjy bölüm beýan edilýär. Bu geçiş pursady, köplenç, kömekçi partiýanyň tonikasynda däl-de, dominantasynda tamamlanyp, ol baglaýjynyň soňky bölegi – komekçi partiýa bolan predykt bilen dowam etdirilýär.

Baş tema gutarnyksyz bolan ýagdaýynda onuň bilen baglaýjynyň arasyndaky araçäk şertli bolup durýar, ýagny bu ýerde baş temanyň soňky sözlemi ösdürilip, baglaýjy bölüme öwrülýär. Şeýle-de bolsa, bu sözlemde hem entek baş temanyň tonallygynda hereket edýän bölegi, baglaýjynyň özüni we kömekçiniň öňýanyndaky predykty synlamak bolýar.

Bu üç bölegi – baş temanyň goşulmasy, baglaýjy we predykt – hemme wagt doly görnüşde ulanmak hökmany bolup durmaýar. Bu düzüm bölekleriniň haýsy hem bolsa biriniň geçirilmeýän pursatlary hem duş gelýär. Emma, bu bölekleriň üçüsiniň hem baglaýjy bölegi düzmekde ulanylmagy häsiýetli bolup, olar baş temadan kömekçä üznüksiz geçişi emele getirmekde ähmiýetlidir.

Baglaýjy bölümiň ähmiýeti kömekçini diňe bir tonal we tematiki babatda taýýarlamakdan ybarat däl. Birnäçe eserlerde baglaýjynyň temalaryň arasynda diňe bir geçiş wezipesini ýerine ýetirmek bilen çäklenmeýändigini görmek bolýar. Ol baş temanyň ösüşinde ýokary derejäni emele getirmek bilen, ekspozisiýanyň ilkinji kulminasiýa nokadyny özünde jemleýär.

Baglaýjynyň aýratyn ähmiýetliligine garamazdan, onuň bar bolmagy ekspozisiýa üçin hökmany ýagdaý däldir. Şeýle-de baglaýjy bölüm käwagt kiçi göwrümli bolup, birnäçe taktlardan ybarat bolup durýar. Formanyň bitewülikde uly göwrümli bolmazlygy, baş we kömekçi temalaryň arasyndaky kontrastyň ýoklugy ýa-da olaryň intonasion babatda ýakynlygy, üç bölümli baş temanyň göwrümliligi baglaýjy bölümiň ulanylmazlygynyň ýa-da göwrümi boýunça kiçi bolmagynyň käbir sebäpleridir.

## § 4. Kömekçi partiýa. Jemleýji bölüm

Ekspozisiýanyň ikinji bölümi kömekçi partiýanyň beýan edilmegine bagyşlanan. Kömekçi tema baş partiýadan tapawutlykda, tonal taýdan durnukly, öz ösüşinde has gutarnykly we, adatça, göwrümi boýunça uly bolýar. Olaryň arasyndaky kontrast, kömekçi partiýanyň liriki aýdym häsiýeti bilen, şonuň bilen baglylykda haýal depginde, kähalatda bolsa, başga metrde geçirilmegi arkaly tassyklanylýar.

Kömekçi temanyň başlanmagy sonata formasynyň ekspozisiýasynyň ösüşinde ähmiýetli pursady emele getirýär, ýagny ol geçenki ösüş bilen taýýarlanylan täze tarapyň peýda bolmagyny alamatlandyrýar. Baş we kömekçi temalaryň diňe başlangyç böleklerini deňeşdireniňde, köplenç, olaryň arasynda hiç hili ýakynlyk, baglanyşyk görünmeýär. Emma baş temadan kömekçä çenli ösüşi yzarlasak, onda, adatça, temalaryň arasyndaky baglanyşygy görmek bolýar. Baş tema kontrastly bolan ýagdaýynda kömekçi onuň ikinji elementiniň äheňlerine esaslanýar. Baş temanyň ikinji elementi birinji bilen deňeşdireniňde, mylaýym, liriki häsiýetde bolýar. Muňa mysal edip, L. wan Bethoweniň fortepiano üçin 20-nji sonatasynyň baş we kömekçi temalaryny deňeşdirmek bolar.

Baş temanyň kontrastly bolmadyk ýagdaýynda hem baş we kömekçi temalaryň arasyndaky äheň we ritmiki baglanyşyklary görmek bolýar (mysal üçin, L.wan Bethoweniň fortepiano üçin 1-nji sonatasy, F. Şubertiň «Tamamlanmadyk» simfoniýasy, P. Çaýkowskiniň 1-nji konserti).

Kömekçi partiýa iki ýa-da birnäçe temadan ybarat bolup biler we olaryň öz aralarynda hem gapma-garşylygyň ýüze çykma mümkinçiligi bar. Bu temalar, adatça, adybir, şeýle hem dürli ýakyn tonallyklarda geçirilýär. Bu ýagdaýda, köplenç, minor-mažor yzygiderligi häsiýetli bolup durýar.

Kömekçi temanyň soňunda onuň esasy tonallygynda, doly kadensiýada tamamlanmak mahsusdyr.

Ekspozisiýanyň ösüşini jemleýji bölüm tamamlaýar we köplenç, bütin formanyň birinji kulminasiýa nokady bolýar. Ol, adatça, kömekçini tamamlaýan doly kadensiýadan soň başlanýar we kömekçiniň tonallygynda hem geçirilýär. Bu bölümde taktyň güýçli ülşünde

tonikany belläp geçmek, tonika organ punktuny ulanmak häsiýetli ýagdaýa öwrülýär. Jemleýjiniň öz içinde, esasan, iki funksiýany utgaşdyrýandygyny görmek bolýar. Olaryň biri jemlemek funksiýasy bolsa, ikinjisi – soňky herekete itergi bermek, ýagny esasy tonallykda däl-de, kömekçi partiýanyň tonallygynda tamamlanmakdyr.

Nusgawy sonata formalarynda jemleýji bölekleri çalt depginde geçirmek mahsus bolup, bu babatda olar, akgynly, mylaýym kömekçi bilen deňeşdireniňde, işjeň hereketli baş partiýa has ýakynlaşýar. Jemleýjiniň baş temanyň materialyna esaslanmagy hem duş gelýär (W. A. Mosartyň *g-moll* simfoniýasynyň I bölümi, L. wan Bethoweniň 2-nji simfoniýasynyň I bölümi, 5-nji we 23-nji sonatalarynyň final bölümleri). Käwagt jemleýji bölüm baglaýjynyň materialyna esaslanýar (L. wan Bethoweniň 2-nji sonatasynyň I bölümi). Şeýle-de ekspozisiýanyň jemleýjisinde özbaşdak materialyň öz beýanyny tapýandygyny hem bellemek gerek (L. wan Bethoweniň 8-nji sonatasynyň I bölümi, 14-nji sonatasynyň finaly).

Jemleýji bölüm esaslanýan tematiki materialyna garamazdan, heň, ritmiki we garmoniki babatda ýönekeýligi we aýdyňlygy bilen tapawutlanýar.

Soňky kompozitorlaryň döredijiliginde jemleýji bölegiň kömekçiniň täsiri astynda, onuň liriki akymyna garyşyp geçýändigini görmek bolýar (F. Şopeniň *h-moll* sonatasynyň I bölümi, P. Çaýkowskiniň 6-njy simfoniýasynyň I bölümi, «Romeo we Julýetta» uwertýurasy). Beýle ýagdaýda ekspozisiýa özüniň umumy jemlemesini tapmaýar we kä halatlarda beýle ekspozisiýa biri-biri bilen kontrastlaşýan iki bölüme bölünýär. Käwagt jemleýji bölek ulanylmaýar we kömekçi göni işlenilmä getirýär (M.Glinkanyň «Ruslan we Lýudmila» operasynyň uwertýurasy).

## § 5. Işlenilme

Sonata formasynyň ortaky bölümi ýerine ýetirýän wezipesine laýyklykda işlenilme diýlip atlandyrylýar. Ol ekspozisiýadan (temalaryň ilkibaş geçirilişi) we reprizadan (temalaryň esasy ýa-da başga görnüşde gaýtalanmagy) tematiki, struktura we tonal babatda erkin beýan edilişi bilen tapawutlanýar.

Umuman, sonata formasynyň häsiýetli taraplarynyň biri bolup durýan ösüş, eýýäm ekspozisiýada ähmiýetli orun eýeleýändigini aýan edýär. Onda baş partiýa diňe bir temany görkezmek bilen çäklenmän, onuň ösüşini hem berýär. Köplenç, baglaýjy bölümiň tutuşlygyna ösüşe bagyşlanandygyny, şeýle-de, kömekçiniň ikinji ýarymynda işlenilme häsiýetiniň bardygyny bellemek gerek. Emma, işlenilme bölüminde bu ýagdaý aýratyn uly güýje eýedir. Ekspozisiýadan we reprizadan tapawutlylykda bu bölüm, adatça, olaryň düýpli işlenilmesini amala aşyrýar.

Işlenilmäniň tematiki tarapy ekspozisiýadan alnan materiallar bilen çäklenýär. Bu ýerde, heňleri bölekleme giň netijesinde alnan has gysgajyk labyz äheňlerini geçirmek häsiýetlidir. Umuman, işlenilmäniň ösüş ýagdaýy düzümleriň açyklygy, tematizmiň gurluş periodlylygynyň bozulmagy, aýry-aýry motiwleriň bölünmegi, olaryň arasyndaky täze baglanyşyklaryň emele gelmegi, olaryň has çylşyrymly esasda birleşdirilmegi bilen häsiýetlendirilýär. Şeýlelikde, işlenilmede ekspozisiýanyň materiallary herekete getirilýär we täze taraplary açyp görkezilýär.

Käbir ýagdaýlarda işlenilme bütinleý ýa-da onuň aglaba bölegi bir temanyň motiw ösüşine bagyşlanýar. Beýle ýagdaýda, adatça, ekspozisiýada beýlekilerden az ösüşe sezewar bolan işjeň häsiýetli baş partiýanyň materialy saýlanyp alynýar. Işlenilmede kantilen, liriki aýdym häsiýetli temalar çalt depginliler bilen deňeşdireniňde az derejede ýaýbaňlandyrylýar. Bu bolsa, olaryň häsiýetiniň, işlenilme usullary sebäpli, bozulma mümkinçiliginiň bardygy bilen düşündirilýär.

Düzüm babatynda işlenilmedäki tematiki materialyň yzygiderligi, tonal meýilnamasy erkin beýan edilişi bilen tapawutlanýar. Bu ýerde, ekspozisiýanyň düzüminde bellenilişi ýaly, kesgitli kada-kanunlar ýok. Işlenilme bölümi birnäçe böleklerden ybarat bolup biler. Olaryň her biri bolsa, aýry-aýry tematiki elementleriň ösdürilişini beýan edýär. Kä halatlarda dürli motiwleriň bir bitewi heň döredip, utgaşýandygyny hem görmek bolýar. Işlenilmeleriň aglaba bölegi reprizanyň öňüsyrasynda esasy tonallygyň dominanta predykty bilen tamamlanýar. Bu predykt tutuş işlenilmäniň kulminasiýa pursadyny özünde jemleýär we göwrümi boýunça käwagt has uly bolýar. Emma,

predyktyň öňýanynda esasy tonallyk mümkin boldugyndan ulanylmaýar.

Sonata formasynyň bu bölüminiň garmoniki tarapy, heň-tematiki düzümi bilen bir derejede, onuň ortalyk ýagdaýyny we ähmiýetini häsiýetlendirýär. Bu ýerde ilki bilen umumy tonal durnuksyzlyk wajyp bolup, ol tonal yzygiderligiň we tonallyklary saýlamak erkinligi bilen gazanylýar. Işlenilmede, esasan, ekspozisiýada öňdebaryjy orun eýelän baş we kömekçi partiýalaryň tonallyklarynyň durnukly görnüşde ulanylmagyndan saklanylýar. Eger olar peýda bolan ýagdaýynda, diňe bir ötegçi hökmünde, şol sanda modulýasiýaly sekwensiýa aýlawlarda duş gelýär. Eger ekspozisiýanyň kömekçi we jemleýji bölümlerinde dominanta sferasynyň tonallyklary agalyk edýän bolsa, işlenilme bölümine subdominanta tonallyklary häsiýetli bolup durýar.

Reprizasynyň esasy tonallykda geçýändigini hem nazara alyp, sonata formasynyň umumy tonal meýilnamasy T – D – S – T formulasynda beýan edilýär.

Käbir işlenilmeler, ekspozisiýany tamamlaýan mažor tonallyklaryna degişlilikde, adybir minor bilen başlanýar. Bu bolsa ekspozisiýanyň kömekçi we jemleýji bölümlerine perde babatynda ýiti kontrast döredýär. Şeýle-de işlenilme bölümi käwagt baş partiýanyň materialyny ulanmak bilen, esasy tonallykda başlanýar (L. wan Bethoweniň fortepiano üçin 16-njy we 18-nji sonatalarynyň I bölümleri, I. Bramsyň 4-nji simfoniýasynyň I bölümi, D. Şostakowiçiň 10-njy simfoniýasynyň I bölümi).

Işlenilme bölüminde imitasiýa, kanon, fugato ýaly polifoniki ösüş usullary ähmiýetli orun eýeleýär. Polifoniki esasda düzülen tematiki ýaýbaňlandyrma işlenilmeleriň aglaba bölegine häsiýetlidir.

Käbir ýagdaýlarda işlenilme prosesinde täze heň – epizod – peýda bolýar. Şeýle hem epizodyň işlenilmäni bitewüligine ýa-da onuň ähmiýetli bölegini eýeleýändigi bellenilýär. Beýle epizod, köplenç, gutarnykly iki ýa-da üç bölümli formada ýazylýar.

Käwagt işlenilme bölüminiň ahyrynda baş partiýanyň «ýalan» reprizasy duş gelýär. Ol hakyky reprizadan başga tonallykda geçirilmegi bilen tapawutlandyrylýar.

Işlenilmäniň tamamlaýjy bölegi kem-kemden repriza tarap golaýlaşmak bilen bolýar. Onda, adatça, formanyň täze bölüminiň öňüsyrasynda dartgynlylygy döredip, esasy tonallygyň dominantasy öňe sürülýär. Bu ýagdaý ýa dominanta organ punktunyň üsti bilen ýa-da güýçli ülüşlerde dominantanyň agdyklyk etmegi bilen, şeýle hem dominanta garmoniýasynyň ýöne saklanylmagy ýa-da gaýtalanmagy arkaly döredilýär.

## § 6. Repriza

Sonata formasynyň repriza bölümi has ýönekeý ýagdaýlarda ekspozisiýanyň materialyny, ýagny baş partiýany üýtgeşme girizmezden we diňe kömekçi partiýany tonal babatda özgerdip gaýtalaýar. Bu ýerde kömekçi partiýa esasy tonallykda geçirilýär we bu ýagdaý baglaýjy bölegiň hem üýtgedilmegine öz täsirini ýetirýär. Beýle reprizalaryň ähmiýeti eseriň esasy temalaryny has-da umumylaşdyrmakdan ybarat bolup durýar, ýagny işlenilmede özleriniň görnüşlerini üýtgeden temalar reprizada ýene-de başdaky ýagdaýyna gelýärler. Reprizanyň bu görnüşi Ý. Gaýdnyň, W.A. Mosartyň we L. wan Bethoweniň aglaba sonata formalaryna mahsus bolup durýar.

Köp ýagdaýlarda reprizada baş tema, ekspozisiýadaky geçirilişine garanyňda, has uly güýje eýe bolýar we bütin eseriň kulminasiýa pursadyny emele getirýär (L. wan Bethoweniň 9-njy we 7-nji simfoniýalarynyň I bölümleri, A. Borodiniň 2-nji simfoniýasynyň I bölümi, S. Rahmaninowyň fortepiano üçin 2-nji konsertiniň I bölümi, D. Şostakowiçiň 5-nji simfoniýasynyň I bölümi). Bu ýagdaýda baş partiýanyň işlenilmäni dowam edýän ýaly, onuň täsirine düşýändigini görmek bolýar.

Reprizanyň beýle ýönekeý görnüşi bilen bir hatarda, has çuň üýtgedilmelere sezewar bolan, formanyň bu bölüminiň aglaba bölegi boýunça dinamizirlenmegine gönükdirilen görnüşleri hem bar. Faktura, dinamika, gurallama boýunça geçirilýän üýtgeşmelerden başga, sonata reprizalarynyň baş temalarynyň umumy gurluşynda, göwrüminde, tonal meýilnamasynda, käwagt bolsa, esasy motiwleriň hä-

siýetinde bolup geçýän üýtgedilmeleri yzarlamak bolýar. Umumy gurluşy we göwrümi barada aýdylanda, baş temanyň gutarnyklylyk derejesiniň peselmegini we bellibir derejede gysgaldylmagyny bellemek bolýar. Baş tema gutarnykly bolan ýagdaýynda onuň kadensiýasyny tassyklamak arkaly berkidýän goşulma ekspozisiýada berlen hem bolsa, reprizada ulanylman galdyrylýandygyny hem mysal getirmek mümkin (L.wan Bethoweniň 5-nji sonatasynyň I bölümi). Şeýlede, eger baş partiýa ekspozisiýada üç bölümli formada berlen bolsa, reprizada ol, köplenç, bir period bilen çäklendirilýär (P. Çaýkowskiniň «Romeo we Julýetta» uwertýurasy). Baş temanyň göwrüminiň reprizada giňeldilen görnüşde ulanylmagyna seýrek gabat gelinýär.

Tonallyk barada aýdylanda, reprizada baş temanyň esasy tonallykda geçirilmeýändigine gabat gelinýär. Bu ýagdaýda baş tema subdominanta sferasyna degişli bolan tonallyklar häsiýetli. Käwagt reprizanyň baş temasy subdominanta tonallygynda tamamlanýar (L.wan Bethoweniň 32-nji sonatasynyň I bölümi, 28-nji sonatasynyň final bölümi, skripka we fortepiano üçin 3-nji sonatasynyň I bölümi), käwagt bolsa, subdominanta tonallygy bilen başlanýar (W.A. Mosartyň fortepiano üçin sonatasynyň 15-nji sonatasynyň I bölümi).

Baglaýjy bölegiň reprizada has ýygy üýtgedilmeginiň sebäbi, kömekçiniň öňüsyrasynda predykta getirmeklik zerurlygy bilen baglydyr. Eger ekspozisiýada baglaýjy bölek esasy tonallygyň dominantasynda ýarym kadensiýa emele getiren ýagdaýynda, reprizada ol hiç hili üýtgeşmeler geçirmeýär. Beýleki ýagdaýlarda baglaýjy bölek, kömekçi partiýany esasy tonallyga taýýarlamakda ýüze çykýan zerurlyklar sebäpli, käbir özgerdilmeleri başdan geçirýär. Kähalatda baglaýjy ýa-da onuň ähmiýetli bölegi gutarnyksyz görnüşe giren baş tema bilen garyşyp, işlenilme häsiýetine eýe bolýar. Baglaýjynyň reprizada ulanylmaýan ýagdaýyna hem gabat gelmek bolýar (L. wan Bethoweniň 14-nji sonatasynyň final bölümi).

Kömekçi partiýanyň reprizada sezewar edilýän üýtgedilmesi tonallyk bilen baglydyr. Sonata reprizalarynyň käbirinde başga tonallykda başlanýan, emma, esasy tonallykda tamamlanýan kömekçi partiýalar ýygy duş gelýär (L. wan Bethoweniň 5-nji, 8-nji sonatalarynyň

I bölümleri). Käbir ýagdaýlarda reprizanyň kömekçi partiýasy dolulygyna esasy tonallykda geçirilmeýär. Beýle bolanda koda esasy tonallygy dikeltmekde ähmiýetli orun eýeleýär (M. Glinkanyň «Ruslan we Lýudmila» operasynyň uwertýurasy, P. Çaýkowskiniň «Romeo we Julýetta» uwertýurasy).

Eger minor eserleriniň ekspozisiýasynda kömekçi partiýa mažorda geçirilse, reprizada ol diňe bir tonallygyny däl, eýsem perdesini hem çalyşýar we esasy minor tonallygynda geçirilýär. Köplenç bolsa, minor eserleriň reprizasynda kömekçi öz perdesini saklap galýar, ýagny adybir mažorda beýan edilýär we şonda hem tamamlanýar. Käwagt beýle ýagdaýda esasy minor tonallygy kodada dikeldilýär ýa-da adybir mažorda başlanan kömekçiniň özi soňra minor tonallygyna geçýär.

Kömekçiniň keşbine düýpli täsirini ýetirýän faktura, metroritm we beýleki üýtgedilmeler kem-kemden ýygjamlaşyp başlaýar. Onuň göwrümi we gurluşy bilen bagly bolan üýtgeşmeler, köplenç, gysgaldylmanyň hasabyna amala aşyrylýar.

Bulardan başga, reprizanyň aýratyn görnüşleri hem duş gelýär. Olaryň biri doly däl repriza, ýagny baş ýa-da kömekçi partiýanyň galdyrylmagy. Käwagt reprizada baş partiýa ulanylmaýar (F. Şopeniň *b-moll* we *h-moll* sonatalarynyň I bölümleri). Beýle ýagdaýda, aglaba bölegi baş temanyň materialynda gurlan işlenilme, reprizada baş partiýanyň galdyrylmagyna täsir edýär we ol gönüden-göni kömekçi partiýa bilen başlanýar. Reprizada kömekçi partiýanyň ulanylman galdyrylmagy baş partiýa bilen deňeşdireniňde seýrek duş gelýär (W.A. Mosartyň «Idomeneý» operasynyň uwertýurasy). Baş we kömekçi temalaryň kontrapunkt görnüşinde birleşdirilmegi aýratyn seýrek ýagdaýdyr.

Reprizanyň ýene-de bir aýratyn görnüşi «tersleýin» repriza, ýagny baş we kömekçi partiýalaryň ýerlerini çalşyp gelmegi (W.A. Mosartyň fortepiano üçin 9-njy sonatasy, F. Şopeniň 1-nji balladasy, F. Listiň «Preýudlary»). Beýle görnüşli repriza formanyň has gutarnykly, simmetrik bolmagyna getirip biler. «Tersleýin» repriza ulanylan ýagdaýynda baş tema jemleme häsiýetine eýe bolýar ýa-da geçişi emele getirýär.

## § 7. Koda

Reprizada gaýtalanýan ekspozisiýanyň materialynyň doly, kähalatda bolsa, bölünen kadensiýa bilen tamamlanmagyndan soň girizilýän bölüm koda diýlip hasaplanylýar.

Sonata formasynyň has ýönekeý dramaturgiýasy bolan ýagdaýynda, koda özbaşdak bölüm hökmünde duş gelmeýär. Beýle ýagdaýlarda formany tamamlamak üçin, esasy tonallygy tassyklaýan, reprizanyň jemleýji bölegi we ony dowam etdirýän uly bolmadyk goşulma kadensiýalar ýeterlik bolup durýar. Has çylşyrymly ýagdaýlarda, reprizanyň kömekçi partiýasy tamamlananyndan soň, formanyň özbaşdak dördünji bölümi hökmünde dowam edýän koda geçirilýär. Ol aýratyn hem sonata-simfoniki toplumlaryň finalyna häsiýetlidir.

Çylşyrymly gapma-garşylykly dramaturgiýa giň ýaýbaňlandyrylan kodalaryň emele gelmegine getirýär. Ol, köplenç, işlenilme ösüşi bilen başlap, sonata formasynyň işlenilme bölümini dowam etdiriji bolup hyzmat edýär. Beýle ýagdaýlarda ol işlenilmeli koda diýlip atlandyrylýar.

Tematiki babatda koda, adatça, ekspozisiýanyň materialyna esaslanýar. Kähalatda ol täze temany beýan edýär. Şeýle hem onda formanyň işlenilme bölüminde geçirilen epizodyň görkezilmegine duş gelmek bolýar (L. wan Bethoweniň 3-nji simfoniýasynyň I bölümi). Käbir ýagdaýlarda koda tutuşlygyna täze tematiki materialy beýan edýär (L. wan Bethoweniň «Egmont» uwertýurasy). Şeýle-de onda öňki geçirilen material bilen bir hatarda özbaşdak, täze material hem girizilýär (L. wan Bethoweniň «Appasionatasynyň» final bölümi).

Kodanyň jemleýji ähmiýete eýe bolanlygy sebäpli, oňa esasy tonallygyň subdominanta tarapyna sowulma häsiýetli bolup, soňra ýene-de tassyklanylan tonika gaýdyp gelýär.

Adaty ösdürilen koda düzümi boýunça işlenilme bölümini ýatladýar. Işlenilmede bolşy ýaly, kodada hem giriş düzümi bellenilýär. Soňra işlenilme häsiýetindäki ortaky bölegi dowam edýär. Koda jemleýji bölek bilen tamamlanýar.

## § 8. Giriş

Sonata formasynda beýan edilen eserleriň köpüsi giriş bölümi bilen başlanýar. Sonata formasynyň adaty çalt, okgunly depgini bilen deňeşdireniňde, giriş haýallygy we saldamlylygy bilen tapawutlanýar. Ol göwrümi boýunça dürli-dürli bolşy ýaly, ähmiýeti, tematiki materialy, soňky ösüş bilen arabaglanyşygy babatynda hem tapawutlanýar.

Giriş baş temany ýa-da onuň elementlerini taýýarlap biler (L. wan Bethoweniň 9-njy simfoniýasynyň finaly), kömekçi temany öňünden habar berip biler (L. wan Bethoweniň 4-nji simfoniýasynyň I bölümi, A. Glazunowyň 4-nji simfoniýasynyň I bölümi) ýa-da olaryň ikisini hem, ýagny baş we kömekçi temalary ýatladyp biler (A. Glazunowyň 6-njy simfoniýasynyň I bölümi). Girişiň ähmiýeti, onuň soňky beýan edilme bilen baglanyşygy dürli-dürlüdir. Käbir ýagdaýlarda onuň tematizmi girişiň içinde çäklendirilýär we soň ulanylman, bütin eserde özbaşyna dramaturgik ähmiýete eýe bolmaýar. Giriş tematiki babatda özbaşdaklyga eýe bolan ýagdaýynda tema, köplenç, eseriň soňky ösüşiniň ähmiýetli pursatlarynda peýda bolup, onuň dramaturgiýasynda uly rol oýnaýar (L. wan Bethoweniň 8-nji sonatasynyň, F. Şubertiň «Tamamlanmadyk» simfoniýasynyň, P. Çaýkowskiniň 4-nji simfoniýasynyň I bölümleri).

Klassyky görnüşli eserlerde esasy tonallyk mažor bolan ýagdaýynda, giriş adybir minorda ýazylýar. Ol, adatça, esasy tonallykda başlanýar, ahyrynda bolsa, esasy tonallygyň dominanta garmoniýasyny ýa-da dominanta organ punktuny almak häsiýetlidir.

Klassyky sonata formasynyň nusgasy hökmünde Ý. Gaýdnyň *Es-dur* № 3 sonatasynyň I bölüminiň derňewine seredip geçeliň.

Kompozitoryň bu sonatasy giň pikirliligi, materialyň baýlygy we dürli görnüşliligi, onuň ösüşiniň ýokary derejeliligi, ýaýbaňlandyrylan saz formalary bilen tapawutlanýar.

Sonata allegro formasynda ýazylan birinji bölümiň sazy tematiki babatda baýlygy bilen aýratyn üns çekýär. Onda diňe bir baş we kömekçi tema däl, eýsem, baglaýjy we jemleýji bölümler hem özbaşdak tematiki materiala eýe. Temalaryň her biri özbaşyna inçelik bilen bölekleşdirilen. Bu ýagdaý aýratyn hem baş temada aýdyň beýanyny tapypdyr (*Es-dur*):

16. Sargyt № 2832.

***52-nji mysal.*** *Ý. Gaýdn, № 3 sonata, I bölüm.*
*Baş tema*




Tema birnäçe elementden ybarat bolup, olar biri-birini doldurmak bilen, tans žanryna mahsus bolan alamatlary özünde jemleýär. Bu ýerde tans äheňini özünde jemleýän ritmiki gurama ähmiýetli orun eýeleýär: birinji ülşi basymly üç ülüşli ölçeg, jümleleriň mylaýym tamamlanmagy – bularyň hemmesi menuetiň hereketi bilen sazlaşýar. Aýdyň we simmetriki garmoniki shema (TDST) bitewüligiň gutarnyklylygyny we durnuklylygyny kesgitläp, bu materialy dolulygyna berkidýär.

Kömekçi partiýa (*B-dur*) özüniň tolgundyryjy ýagdaýy bilen baş partiýa kontrast gelýär. Şeýle-de bolsa, bu kontrast akgynly geçiş bilen mylaýymlaşdyrylan, ýumşadylan. Baglaýjy bölüm özbaşdak heňe esaslanan hem bolsa, labyz babatynda onuň baş temanyň heň aýlawlary bilen ýakynlygy duýulýar. Hut şu sebäpli hem kömekçi temanyň girişi ösüş netijesi hökmünde kabul edilýär. Ol baş partiýanyň ilkinji motiwiniň biraz üýtgedilen görnüşi bilen açylýar we ondan ösüp çykýan täze temanyň peýda bolmagyna taýýarlaýar. Onaltylyk dowamlylyklaryň okgunly hereketi we heň jümleleriniň belent nokadynda ýüze çykýan säginme motiwi kömekçi tema aýdyň, kesgitli seslenmäge ýardam berýär. Ritmiki urgy çaltlandyrylan, rahatsyz goltgy bilen yzygiderli saklanylýar:

***53-nji mysal.*** *Ý. Gaýdn, № 3 sonata, I bölüm.*
*Kömekçi tema*






Jemleýji bölüm ýetilen dartgynlygyň kem-kemden peselmegi bilen häsiýetlendirilýär. Onuň heňi baş we kömekçi temalaryň materialyny özboluşly utgaşdyrýar. Şol bir öwrümiň gaýtalanmagy tamamlaýjy häsiýeti tassyklaýar.

Jemleýji bölümiň tamamlanmagynyň öňüsyrasynda ýene-de bir garaşylmadyk ýagdaý ýüze çykýar. Saklanylan pauzadan soň pes dinamikada, üzülen aýlawda täze motiw peýda bolýar. Onuň beýan edilmegi haýsydyr bir gapma-garşy başlangyjyň girizilmegi hökmünde kabul edilýär:

***54-nji mysal.*** *Ý. Gaýdn, № 3 sonata, I bölüm*
*Jemleýji bölüm*




Ýaňy bir bellenilen bu gapma-garşylyk çetleşdirilýär: täze motiw aýrylýar, garmoniki durnuksyzlyk çözülýär. Jemleýji bölümiň mylaýym owazly jümleleri rahatlyk bilen ekspozisiýany tamamlaýar.

Işlenilme (*Allegro*) gysylanlygy we maksadaokgunlylygy bilen häsiýetlendirilýär. Bu ýerde temalaryň yzygiderliligi, geçişleriň akgynlylygy ekspozisiýadaky ýagdaýy gaýtalaýar. Işlenilme, nusgawy sonata işlenilmeleriniň aglaba bölegine häsiýetli bolşy ýaly, jemleýji bölümiň soňky elementinden başlaýar.

Işlenilmäniň sazynyň özgerýänligi aýdyň duýulýar: sesleriň polifoniki usulda girizilmegi, umumy durnuksyz sesleniş, heňiň

hromatizasiýalaşdyrylmagy – bularyň hemmesi oňa çuňluk we sabyrtakatly dartgynlylyk ýagdaýyny berýär.

Işlenilmäniň kontrastlaryndan soň reprizanyň temalary has hem yzygiderli we okgunly görünýär. Muňa diňe bir olaryň bir tonallykda (*Es-dur*) geçirilmegi däl, eýsem, baglaýjy, jemleýji böleklerde beýan etmäniň käbir täze taraplary hem ýardam edýär. Has hem jemleýjiniň ikinji elementi – täze motiw – aýratyn özgerişlere sezewar bolýar: ol forşlaglar bilen bezelip, oýunçyl häsiýete eýe bolýar.

Gysby koda jemleýji bölümiň (onuň ikinji temasynyň) mylaýym owazly jümlelerine we baglaýjynyň labyz-äheňlerine esaslanyp, aýdyň we ýagty seslenýär. Koda akkordlaryň gujurly seslerini we göni ugurly ýokary hereketlenýän soňky passažyny öz içine alýar. Bu passaž ösüşi tamamlap, diňe bir ýetilen garmoniýa duýgularyny tassyklamak bilen çäklenmän, şol bir wagtda toplumyň indiki bölümlerine bolan okgunlylyk pikirini döredýär.

## § 9. Sonata formasynyň taryhy gelip çykyşy we ösüşi

Sonata formasynyň döreýşi we ösüşi, forma emele getirmäniň öňde baryjy ýagdaýy hökmünde, perde funksional pikirlenme esaslarynyň tassyklanylmagy bilen baglanyşykly. Sonata formasynyň kem-kemden düzülen taryhy ýoly XVIII asyryň ahyrlarynda wena klassyklarynyň – Ý. Gaýdnyň, W. A. Mosartyň we L. wan Bethoweniň döredijiliginde berk kompozision kadalarynyň mäkämleşmegine, kämilleşmegine getirýär. Sonata formasynyň bu döwürde esaslandyrylan kanunlary dürli stildäki sazlarda taýýarlanylyp, soňky döwürlerde bolsa, ol öz dürli görnüşli ösüş dowamyny tapýar. Bu formanyň taryhy aşakdaky görnüşde şertli üç döwre bölünýär.

*Gadymy sonata formasy.* XVII asyrda we XVIII asyryň başlarynda sonata formasynyň kem-kemden kämilleşmegi bolup geçýär. Onuň kompozision esaslary fugada we gadymy iki bölümli formada ýüze çykýar. Sonata formasynyň başlangyç bölüminde dominanta tonallygyna geçmegi, ortaky bölümde başga tonallygyň peýda bolmagy we formanyň jemleýji bölüminde esasy tonallygyň gaýdyp gelmegi ýaly taraplary öz gözbaşyny fugadan alyp gaýdýar.

Fugalaryň intermediýasynyň işlenilme häsiýeti sonata formasynyň işlenilme bölümine esas bolup durýar.

Gadymy iki bölümliden gadymy sonata formasy T – D, D –T tonal meýilnamaly kompozision iki bölümliligi, şeýle hem başlangyç güýç-kuwwat bolan tematiki özenden çykýan üznüksiz ösüşi alyp galýar.

*Klassyky sonata formasy.* Wena klassyklarynyň döredijiligine degişli saz sungaty dürli taraplary boýunça gülläp ösüşe eýe bolýar. Klassisizm akymynyň görnükli wekilleri bolan Ý. Gaýdnyň, W. A. Mosartyň we L. wan Bethoweniň döredijiliginde sonata formasy esasy agalyk ediji forma hökmünde kabul edilýär.

Klassyklaryň sonata formasynda aýdyň çäklendirilen esasy bölümler bellenilýär – ekspozisiýa, işlenilme, repriza, şeýle hem giriş we koda. Olaryň aglaba eserleri nusgawy kompozisiýalary ýola goýýar. Klassyky sonata formasynda ýazylan eserlerde temalaryň takyklygy, olaryň gutarnyklylygy bar. Şeýle-de kompozitorlaryň temalarynda pikiriň gutarnyklylygy duýulýar. Olarda sözlemleriň käbir üýtgeşmeler girizilen görnüşde gaýtalanmagyny, sözlemlere bölünmeýän periodlylygy, modulirleýji ýa-da açyk galdyrylan periodlary, ikinji sözlemi ýaýbaňlandyrylan periodlary, çylşyrymly periodlary görmek bolýar. Bu ýerde tematizm soňky dowam etdiriljek işjeň ösüş mümkinçilikleri özünde jemlemek bilen kompozisiýanyň özeniniň funksiýasyna eýe bolýar, tematiki ösüşiň hereketlendiriji ähmiýeti artýar. Ol ösüşiň ähli tapgyrynda wajyp orun eýeleýär. Şeýle-de kompozisiýa mazmun taýdan has labyzly bolup, forma ähli babatda logiki tarapdan baýlaşdyrylýar.

Bu döwürde sonata formasynyň epizodly, doly we işlenilme bölümsiz ýa-da reprizasyz, «tersleýin reprizaly», goşa ekspozisiýaly, rondo-sonata görnüşleriniň ulanylýandygyny görmek bolýar.

Ý. Gaýdnyň we W. A. Mosartyň döredijiliginden tapawutlylykda, L. wan Bethoweniň eserlerinde sonata formasyna işlenilme, pikiriň üznüksiz ösüşi, bir häsiýetiň dürli taraplarynyň ýüze çykarylmagy mahsusdyr. Onuň döredijiliginde sonata formasynyň ösüş tapgyry sonatalar we simfoniýalar toplumynda şöhlelendirilýär. Olaryň dramaturgiýa tarapy hem formanyň gurluşyna öz täsirini ýetirýär. Drama-

turgiýa babatynda aýdylanda, L. wan Bethoweniň eserlerinde sonata formasynyň dramaturgiýa ýörelgesiniň esasyny tematiki materialyň zowwam geçýän ýaýbaňlandyrylan ösüşi düzýär.

*L. wan Bethowenden soňky sonata formasy.* XIX asyrda sonata formasy ähmiýetli özgerişleri başdan geçirýär. Kompozitoryň stiliniň, žanrynyň, dünýägaraýşynyň aýratynlyklary bilen baglylykda birnäçe dürli-dürli kompozision wariantlar peýda bolýar. Tonal gatnaşyklar has erkinleşýär. Ekspozisiýada daş tonallyklar garşy goýulýar, reprizada bolsa kähalatlarda, doly tonal bitewüligine gelinmän, tonal ösüşiň güýçlendirilmegini bellemek bolýar. Bu ýagdaýda ol reprizanyň ahyrynda we kodada öz çözgüdini tapýar. Formanyň üznüksiz ýaýbaňlandyrylmagy, onuň hemme bölümlerine täsirini ýetirýän, dartgynly işlenilme ösüş rolunyň güýçlendirilmegi bilen utgaşyp, ýa-ha gowşadylýar, ýa-da artdyrylýar.

XIX asyryň sonata formasynyň ösüşinde esasy pikirleriň biri, baş we kömekçi partiýalaryň garşy goýulmagynda ýüze çykýan dramaturgiki kontrastyň güýçlendirilmeginde jemlenýär. Kömekçi partiýa baş partiýa bilen deňeşdireniňde, köplenç, has haýal depginde ýazylýar (bu ýagdaý Ý. Gaýdnyň, W. A. Mosartyň, L. wan Bethoweniň sonata formalaryna häsiýetli däl), şeýle hem gutarnykly we özbaşdak formada beýan edilýär.

XIX asyryň kompozitorlarynda ýönekeý iki we aýratyn hem ýönekeý üç bölümli formada ýazylan baş partiýalar ýygy duş gelýär. Käwagt bu ýagdaý baş partiýanyň az hereketli bolup, has köp aýdym häsiýetli jemlenmegi bilen baglydyr (F. Şubert). Kähalatlarda, aýratyn hem rus klassyklarynda, hereketli dartgynlylygyň saklanylan ýagdaýynda, baş partiýa giň gerimde bolýar (A. Borodin, P. Çaýkowskiý, S. Rahmaninow). Baglaýjy bölüm depgini boýunça we özüniň häsiýeti boýunça bitewüligine baş partiýanyň keşp sferasyna degişli bolýar. XIX asyryň ikinji çärýeginden başlap, kömekçi partiýa baş partiýa bilen diňe bir keşp babatda däl, eýsem, depgini we metri boýunça hem az kontrastlaşmaýar. Kömekçi partiýanyň beýan edilýän tonal aýlawy hem giňeldilýär. VI pes basgançakly (W. A. Mosartdan başlap), III mažor we minor (L. wan Bethowende), VII natural, mažorda III pes basgançakly tonallyklar ulanylýar. Bulardan

başga hem kömekçi partiýanyň içinde perde çalşygy ýygy geçirilýär, käte bolsa, garaşylýan tonallyk bir tersiýaly (*d – Des*) ýa-da hromatiki ýakyn tonallyga (*D – Des*) çalşyrylýar. Jemleýji bölek kömekçi partiýanyň liriki keşbine dolulygyna girýär.

Şeýlelikde, ekspozisiýa öz arasynda ýiti kontrastlaşýar we özbaşdak uly iki bölüme bölünýär.

Beýleki esasy pikir has dramatiki sonata formalarynda reprizanyň dinamizirlenmeginde we özgerdilmeginde jemlenýär. Reprizanyň baş partiýasy bu ýagdaýda işlenilmäniň ol ýa-da beýleki täsirini alýar. Kähalatlarda onuň dowamy hökmünde hyzmat edýär.

Ekspozisiýa garanyňda, reprizada baş temanyň has uly güýç bilen tassyklanýandygyna ýygy duş gelmek bolýar. Bu onuň işlenilmede geçiren ösüşiniň netijesi bolup, bütin formanyň kulminasiýasyny emele getirýär. Bu ýagdaýda reprizanyň baş partiýasy ekspozisiýadaka garanyňda has durnuksyz beýan edilýär. Tonal babatda, gutarnykly baş partiýanyň gutarnyksyza çalyşmagy bilen baglanyşykly üýtgeşmelerden başga, reprizanyň baş partiýasyna subdominanta tarapa ymtylma häsiýetli.

Ekspozisiýa bilen deňeşdireniňde, tonal babatda üýtgeşmelere sezewar bolýan reprizanyň kömekçi partiýasy hem özgerdilýär we gysylýar. L. wan Bethoweniň döwründen başlap, reprizalarda, esasy tonallykda tamamlansa-da, başga tonallykda başlanýan kömekçi partiýalara ýygy duş gelmek bolýar. Bu ýagdaý ekspozisiýada kömekçi partiýalar däp bolan tonallyklarda (nusgawy sonata degişlilikde) berilmedik eserlere aýratyn häsiýetli. Käbir ýagdaýda, reprizanyň kömekçi partiýasy soňuna çenli esasy tonallykda geçmän, ol diňe kodada dikeldilýär.

Ekspozisiýada kömekçi partiýa mažorda geçirilýän (mysal üçin, parallel mažorda) minor eserlerinde reprizanyň kömekçi partiýasy diňe bir tonallyk däl, eýsem, perde çalşygyna sezewar bolýar, ýagny esasy minor tonallykda beýan edilýär.

XIX asyryň eserlerinde baş we kömekçi partiýalaryň aýdyň indiwiduallygy ýagdaýynda, olaryň esasynda labyz ýakynlygyny duýmak bolýar. Bu bolsa programmaly eserlerde monotematizme getirýär.

XX asyrda, romantiki sonatada bellenilen esasy pikirler özüniň soňky ösüş dowamyny tapýar. Birnäçe kontrast temalardan ybarat bolup bilýän baş partiýa giňeldilýär (S. Prokofýew, D. Şostakowiç). Işlenilme bölümi polifoniýalaşdyrylýar, temalaryň keşp taraplary bolsa özgerdilýär. Reprizada depgin dikeldilýär we ol köplenç dinamizirlenýär. Forma umumylygyna ýaýbaňlandyrylan bolup, bir bitewi tolkunyň ösüşi we peselişi hökmünde kabul edilýär.

**Derňew üçin mysallar:**

1. Gaýdn. Fortepiano üçin sonatalaryň birinji bölümleri (10-dan başgasy); London simfoniýalarynyň birinji bölümleri.
2. Mosart. Fortepiano üçin sonatalaryň birinji bölümleri (9 we 12-den başgasy); Simfoniýa *g-moll*, birinji bölümi; Fortepiano üçin konsertleriň birinji bölümleri.
3. Bethowen. Fortepiano üçin sonatalary: birinji bölümleri (op. 26, 27, 54, 101, 109-dan başgasy); Fortepiano üçin op. 2 № 1, op. 10 № 1, op. 27 № 2, op. 31 № 2, op. 31 № 3, op. 57 sonatalaryň final bölümleri; № № 1, 2, 5 simfoniýalaryň birinji bölümleri; «Egmont», «Leonora», «Fidelio», «Koriolan» uwertýuralary.
4. Şubert. Fortepiano üçin op. 42, op. 53, op. 120 sonatalaryň birinji bölümleri; Simfoniýalar *h-moll, C-dur, c-moll*, birinji bölümleri; Kwartet *d-moll*, birinji bölümi.
5. Şuman. Fortepiano üçin *g-moll* sonata, birinji bölümi; «Manfred» uwertýurasy.
6. Şopen. Fortepiano üçin *b-moll* we *h-moll* sonatalaryň birinji bölümleri; Fortepiano üçin *e-moll* we *f-moll* konsertleriň birinji bölümleri.
7. Grig. Fortepiano üçin sonatanyň birinji we final bölümleri; Skripka we fortepiano üçin sonatalaryň birinji bölümleri; Fortepiano üçin konsertiň birinji bölümi.
8. Glinka. «Iwan Susanin», «Ruslan we Lýudmila» operalarynyň uwertýuralary; «Aragon hotasy» uwertýurasy.
9. Borodin. Simfoniýalaryň birinji bölümleri.
10. Rimskiý-Korsakow. «Şährizada», birinji bölüm.
11. Çaýkowskiý. Simfoniýalaryň birinji bölümleri; Sonata *G-dur*, birinji bölümi; Fortepiano üçin konsert *b-moll*, birinji bölümi.

12. Rahmaninow. Fortepiano üçin №№ 1, 2, 3-nji konsertleriň birinji bölümleri.

13. Skrýabin. Fortepiano üçin №№ 1, 3-nji sonatalaryň birinji bölümleri; №№ 1, 2, 3-nji simfoniýalaryň birinji bölümleri.

14. Prokofýew. Fortepiano üçin №№ 1-5-nji sonatalaryň birinji bölümleri; Klassyky simfoniýa, birinji we dördünji bölümleri.

15. Şostakowiç. №№ 1, 5, 7-nji simfoniýalaryň birinji bölümleri.

**Hödürlenýän edebiýat:**


1. *Асафьев Б*. Музыкальная форма как процесс. I, II чч. Л., 1963.

2. *Барсова И*. Проблема формы в ранних симфониях Густава Малера. // Вопросы музыкальной формы. Вып. 2. М., 1972.

3. *Бобровский В*. О двух методах тематического развития в симфониях и квартетах Шостаковича.//Д. Шостакович. М., 1967.

4. *Горюхина Н*. Эволюция сонатной формы. Изд. 2-е. Киев, 1973.

5. *Евдокимова Ю*. Становление сонатной формы в предклассическую эпоху. //Вопросы музыкальной формы. Вып. 2. М., 1972.

6. *Климовицкий А*. Зарождение и развитие сонатной формы в творчестве Д. Скарлатти. // Вопросы музыкальной формы. Вып. 1. М., 1967.

7. *Орджоникидзе Г*. Фортепианные сонаты Прокофьева. М., 1967.

8. *Протопопов Вл*. Принципы музыкальной формы Бетховена. М., 1970.

9. *Протопопов Вл*. Вопросы музыкальной формы в произведениях Шостаковича. // Черты стиля Шостаковича. М., 1962.

10. *Сборник «С*. Прокофьев». Статьи и исследования. М., 1972.

11. *Слонимский С*. Симфонии Прокофьева. М., 1964.

12. *Соколов О*. Об индивидуальном претворении сонатного принципа. //Вопросы теории музыки. Вып. 2. М., 1970.

13. *Тараканов М*. Стиль симфоний Прокофьева. М., 1968.

14. *Холопова В*., Холопов Ю. Фортепианные сонаты С.С. Прокофьева. М., 1961.

15. *Царева Е*. К проблеме стиля Брамса. // Из истории зарубежной музыки. М., 1971.

16. *Цуккерман В*. «Камаринская» Глинки и ее традиции в русской музыке. М., 1967.

# XV BAP

# RONDO-SONATA FORMASY

## § 1. Kesgitleme we umumy häsiýetnama

Rondo-sonata formasy diýlip, rondo formasynyň esasy alamaty bolan, üç gezekden az geçirilmeýän baş partiýany we tematiki tarapdan meňzeş bolan birinji we üçünji epizodlary özünde jemleýän forma aýdylýar. Bu epizodlaryň birinjisi tabyn tonallykda geçirilse, beýlekisi esasy tonallykda beýan edilýär. Toplum sonata žanrlarynyň ösüşi başdan geçirmekleri bilen baglylykda rondo formasynyň has ýaýbaňlandyrylan we çylşyrymlaşdyrylan bu täze görnüşleri ýokary derejeli rondolar hökmünde hem bellenilýär.

Rondo-sonata formasy, öň seredilip geçilen rondo formasyndan tapawutlylykda, üç bölümli kompozisiýany emele getirýär: ekspozisiýa, ortaky epizod we repriza. Bu reprizaly gurluşda çylşyrymly üç bölümli we sonata formalary bilen meňzeşlik ýüze çykýar. Emma ekspozisiýanyň we reprizanyň öz içinde iki däl-de, üç bölege bölünmegi ony sonata formasyndan tapawutlandyrsa, birinji epizodyň başga tonallykda geçirilip, reprizada gaýtalananda esasy tonallykda berilmegi çylşyrymly üç bölümli formadan tapawutly tarapy bolup durýar.

Baş partiýanyň dört gezek geçirilmegini göz öňünde tutýan bu formanyň umumy shemasyny aşakdaky görnüşde bermek bolar:

*26-njy shema*



Shemadan görnüşi ýaly, birinji ($B_1$) we üçünji (B ) epizodlaryň meňzeşligi formanyň tapawutly tarapy bolup durýar we epizodlaryň gaýtalanmaýan materiala degişlidigini nazarda tutup, olar epizod däl-de, kömekçi partiýa diýlip atlandyrylýar.

Formanyň ortaky bölümine ortaky epizod diýlip, onda täze material ýa-da ekspozisiýadan alnan materialyň işlenilmesi beýan edilýär.

Rondo-sonata formasynyň koda bölümi giňeldilen jemlemäni emele getirýär. Käwagt koda öňki materiala esaslanýar, şeýle-de onuň täze temanyň esasynda gurlandygyny hem görmek bolýar. Refreniň soňky geçirilişiniň koda bilen çalşyrylýan ýagdaýlary hem gabat gelýär. Formanyň toplum eserleriniň finalynda ýygy ulanylýandygy bilen baglylykda, koda aýratyn ähmiýete eýedir.

## § 2. Ekspozisiýa. Baş partiýa

Formanyň birinji bölümi ekspozisiýa diýlip atlandyrylýar. Onuň içki gurluşy reprizaly üç bölümlilige gabat gelýär.

Eseriň umumy häsiýetini kesgitleýji bolup hyzmat edýän baş partiýanyň temasy köp babatda rondo formasyna mahsus alamatlary özünde jemleýär. Bu barada aýdylanda ilki bilen forma ýakyn bolan tans we aýdym häsiýetliligiň aýratyn ornunyň bardygyny bellemeli. Baş tema hem gönüden-göni şunuň bilen bagly bolup durýar. Gurluş babatynda ol ýönekeý iki bölümli, seýrek üç bölümli formadadyr. Bu bolsa rondo-sonata formasynyň baş temasy, adatça, periodda ýazylýan sonata formasyndan tapawutlanýan ýene bir tarapydyr. Haçanda temanyň formasy period bolanda, sonata formasy bilen ýakynlyk artýar.

Nusgawy rondo-sonata formasynda, rondoda hem bolşy ýaly, refren ähli geçirilişinde esasy tonallykda berilýär.

Baş temany dowam edýän baglaýjy bölek umumy alamatlary boýunça, şol sanda täze tema modulýasion geçişi döretmeklige niýetlenmegi bilen sonata formasyndaky baglaýja ýakynlaşýar. Köplenç, baglaýjy bölek baş temanyň materialyna esaslanýar we onuň soňky ösüşini emele getirýär. Käbir ýagdaýda ol özbaşdak materialda hem ýazylýar.

Garmoniki babatda baglaýjy bölekde modulýasiýa geçýär. Göz öňünde tutulan tonallyk gazanylanyndan soň, kömekçi partiýanyň öňüsyrasynda dartgynlyk döretmek maksady bilen, täze tonallygyň dominantasynda saklanylýar. Bu ýagdaý baglaýjy funksiýany ýerine ýetirýän böleklere häsiýetli bolup, täze tonikada tamamlanmak rondo-sonata formasynda hem seýrek duş gelýär.

Gurluşy boýunça baglaýjy bölek period emele getirmeýän birnäçe düzümlerden ybaratdyr. Şeýle-de, baglaýjy ulanylmazdan, indiki düzüme geçilýän ýagdaýlar gabat gelýär.

## § 3. Kömekçi partiýa. Baş partiýanyň gaýtalanmagy

Rondo-sonata formasynyň kömekçi partiýasy, sonata formada bolşy ýaly, baş partiýa bilen bellibir derejede kontrastlaşýar. Häsiýeti we göwrümi boýunça dürli bolan kömekçi partiýa käwagt uly bolmadyk aralyk epizody emele getirýär. Käwagt bolsa biraz ulurak göwrümde bolup, refreniň gaýdyp gelmegine çenli ösüş geçirýär. Kömekçi partiýanyň özbaşdaklyk derejesini artdyryp, refrene garşy goýulmagy hem duş gelýär. Şeýle-de bolsa, sonata formasynda bolşy ýaly, kömekçi partiýa jemleýji bölek bilen tamamlanman, refreniň gaýtalanmagyna getirýär. Ekspozisiýanyň soňky bölümine bolan geçiş temanyň ösüşi ýa-da özbaşdak baglaýjy bölek amala aşyrylýar. Bu ýerde baglaýjynyň ulanylmaýan ýagdaýy hem bolup biler.

Garmoniki babatda ekspozisiýanyň kömekçi partiýasyny täze tonallykda geçirmek häsiýetlidir. Ol, adatça, dominanta tonallygynda geçirilýär, eger rondo minor tonallygynda ýazylsa, kömekçi partiýa parallel mažorda beýan edilýär. Bir tonallylyk mahsus bolan kömekçi partiýa tonikada tamamlanýar, şeýle-de onuň doly däl kadensiýada jemlenmegini hem görmek bolýar.

Gurluşy boýunça kömekçi tema, köplenç, iki sözlemden ybarat periody emele getirýär. Oňa goşulýan goşulmalara garamazdan, kömekçi uly bolmadyk göwrümde bolýar.

Ekspozisiýanyň ahyrynda baş partiýanyň gaýdyp gelmegi tematiki we tonal reprizalylygy özünde jemleýär. Bu bolsa ekspozisiýanyň

esasy tonallykda tamamlanmagyna getirýär. Refreniň gaýtalanmagy dürli ýagdaýlarda geçirilýär, ýagny köplenç, doly gaýtalansa, käwagt warýirlenýär ýa-da faktura taýdan üýtgedilýär ýa-da gaýtalamagyň ahyrynda ortaky epizoda geçişi emele getirýän baglaýja öwrülýär.

## § 4. Ortaky (merkezi) epizod

Formanyň ortaky bölümi kontrast girizýän bölüm bolup, ol ortaky ýa-da merkezi epizod diýlip atlandyrylýar. Bu bölüm diňe bir öz ýerleşişi boýunça däl, eýsem umumy kompozisiýasy boýunça hem, uly göwrümi bilen hem merkezleşdirilen bolup durýar. Şeýle-de onuň uly bolmadyk göwrümde berilýän ýagdaýyna hem duş gelmek bolýar.

Tematiki babatda onuň kontrastlyk derejesi ekspozisiýa we repriza bölümleriniň içinde emele gelýän kontrastlykdan has ähmiýetlidir. Bu babatda ortaky epizod çylşyrymly üç bölümli formanyň triosyny ýatladýar.

Garmoniki tarapdan epizodyň baş partiýa bilen kontrastlaşmagy wajyp bolup durýar. Ortaky epizod tabyn tonallyklarda geçirilýär, emma, adatça, kömekçi partiýada berlen tonallyk ulanylmaýar. Şeýle-de, tonallyk tarapdan durnuksyz bolan, birnäçe tonallyklary öz içine alýan ortaky epizodlar hem duş gelýär.

Ortaky epizodyň gurluşy, adatça, ýönekeý iki ýa-da üç bölümli formada, seýrek ýagdaýlarda period formasynda ýazylýar. Gurluş babatynda aýdyňlyk ony trio bilen has-da ýakynlaşdyrýar.

Käbir ýagdaýda formanyň ortaky bölüminde ekspozisiýanyň materialynyň işlenilmesi geçirilýär. Beýle bolanda formanyň sonata formasyna bolan ýakynlygy artýar. Emma ortaky bölüm işlenilme bolan ýagdaýynda hem ekspozisiýanyň deňagramly üç bölümli gurluşy ony sonata formasyndan tapawutlandyrýar. Kähalatda ortaky epizodda işlenilme häsiýetli ösüşiň täze materialyň geçirilişi bilen utgaşdyrylýandygyny hem görmek bolýar.

Ortaky epizoddan repriza bölümine geçiş, köplenç, baglaýjy bölek arkaly amala aşyrylýar. Onda dartgynlyk döretmek bilen repriza taýýarlanylýar.

## § 5. Repriza

Doly görnüşinde formanyň reprizasy ekspozisiýanyň bölümlerini şol bir tertipde gaýtalaýar. Baş partiýa doly ýa-da üýtgedilen, ýagny giňeldilen ýa-da gysgaldylan görnüşde geçirilýär. Üýtgedilmeden başga, täze tonal gatnaşyklary girizmek arkaly geçirilýän dinamizasiýa hem bellenilýär. Üýtgedilmeleriň çäklerinde baş partiýanyň dördünji geçirilişi käwagt galdyrylýar, soňra dowam edýän kodanyň refreniň materialyna esaslanmagy bu dinamizasiýa bellibir derejede mümkinçilik berýär. Reprizada baglaýjy bölekler esasy tonallygy dikeltmäge gönükdirilýär.

Kömekçi partiýa, sonata formasynda bolşy ýaly, esasy tonallykda geçirilýär.

## § 6. Koda

Rondo-sonata formasynda koda diňe bir bölümiň däl, eýsem tutuş toplumyň jemlemesi hökmünde uly ähmiýete eýedir. Dürli görnüşlerde öz beýanyny tapýan kodanyň goşmaça işlenilme ösüşi başdan geçirýändigini hem görmek bolýar. Käwagt bu ýerde ortaky epizodyň materialy ulanylýar. Tematiki materialy ähmiýetli derejede üýtgedilen ýa-da düýbünden täze materiala esaslanýan kodalara hem gabat gelinýär.

## § 7. Ulanylýan ýerleri

Rondo-sonata formasy, köplenç, iri toplum eserleriniň final bölümlerinde duş gelýär. Toplum formalarynyň beýleki bölümlerinde bu forma seýrek ulanylan. Käwagt aýratyn eserler hem rondo-sonata formasynda ýazylýar.

**Derňew üçin mysallar:**

1. Mosart. Fortepiano üçin №№ 3, 4, 7, 13 we 17-nji sonatalaryň final bölümleri.

2. Bethowen. Fortepiano üçin op. 2 № 2; op. 2 № 3; op. 7; op. 13; op. 14 № 1; op. 22; op. 26; op. 27 № 1; op. 28; op. 31 № 1; op. 90 sonatalaryň final bölümleri.

3. Şubert. Fortepiano üçin op. 42, *A-dur*, *B-dur* opussyz sonatalaryň final bölümleri.

4. Çaýkowskiý. Fortepiano üçin sonatanyň, fortepiano üçin op. 23 konsertiň we № 3 simfoniýanyň final bölümleri.

5. Glazunow. Fortepiano üçin *b-moll* sonatanyň final bölümi. № 5 simfoniýanyň final bölümi.

6. Skrýabin. Fortepiano üçin op. 24 sonatanyň we op. 20 konsertiň final bölümleri.

7. Prokofýew. Fortepiano üçin op. 29 sonatanyň final bölümi.

# XVI BAP

# ERKIN WE GARYŞYK FORMALAR

## § 1. Kesgitleme. Görnüşler

Erkin we garyşyk formalar nusgawy-romantiki sazlaryň formalarynyň tipiki shemalary bilen gabat gelmeýän ýa-da dürli formalaryň alamatlaryny öz içinde birikdirýän toplum däl saz formalarydyr.

Garyşyk formalarda, köplenç, simfoniki poemalar, bir bölümli sonatalar, konsertler, uwertýuralar, fantaziýalar, rapsodiýalar, balladalar we beýleki pýesalar, seýrek ýagdaýlarda toplum eserleriniň aýratyn bölümleri ýazylýar.

Şeýle formalaryň klassifikasiýasy elmydama örän takmynan bolýar. Garyşyk formalaryň görnüşleri:

- bellibir kompozision shemanyň ähmiýetli üýtgedilmesine esaslanan formalar (köplenç, sonata allegrosy);
- iki ýa-da birnäçe öňden gelýän kompozision shemalaryň we ýörelgeleriň alamatlaryny öz içinde birikdirýän formalar (gadymy formalar);
- formalaryň adaty görnüşleriniň üýtgedilmesi ýa-da birikdirilmesi bolmaýan, kompozision meýilnamasy boýunça bütinleý üýtgeşik formalar (erkin formalaryň özi).

## § 2. XVII–XVIII asyrlaryň sazlarynda erkin formalar. Barokko formalary

Barokko döwrüniň erkin formalary – bularyň özi organ, klawir üçin fantaziýalar, tokkatalar we olara ýakyn žanrlardyr.

XVII–XVIII asyrlaryň gomofoniki sazynyň irki instrumental formalaryna improwizasionlylyk, erkin ýaýbaňlandyrma, struktura taýdan aýdyň gutarnyklylygyň ýoklugy, ösüşiň akymlylygy we üznüksizligi, reprizasyzlyk mahsusdyr. Olar polifoniki düşünje bilen (polifoniki tematizm we beýan edilişi bilen) ýakyn baglanyşykly. Formany indiki faktorlar gurnaýarlar:

- iň esasy rol tonal-garmoniki gurama degişli bolýar (eseriň tonal meýilnamasy TDST formula tabyn bolýar);
- kadanslar we olaryň özara gatnaşyklary formany bölýän we birikdirýän faktor hökmünde aýratyn rol oýnaýarlar;
- aýratyn ýagdaýlarda forma emele getiriji wezipäni gizlin ýa-da aýan bolan basgançaklaýyn linear sesugry (gamma görnüşli liniýalar) ýerine ýetirýär (I. S. Bah, Organ üçin fantaziýa *G-dur*: çetki bölümler KWV 572 (organ üçin eserler, T IV)).

## § 3. Wena klassyky sazlarynda erkin we garyşyk formalar

Wena klassyklarynyň sazlarynda erkin formalaryň nusgalary fantaziýalar bolupdyr. XVIII asyryň 2-nji ýarymynda fantaziýa erkin formalar bölümleriň sany we olaryň ýerleşiş tertibi boýunça dürlüdir. Bölümleriň gurluşy hem kadaly, hem-de erkin bolup biler. Fantaziýa formalaryň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

- ■ bölümleriň kompozisiýasy, sany we ýerleşişi boýunça, olaryň her haýsysynyň düşnükli we aýdyň strukturasy bolan erkin formalar (W. A. Mosart, Fantaziýa *d-moll*; organ üçin Fantaziýa *f-moll*);
- ■ içki bölümleriň erkin gurluşy (W.A.Mosart, Fantaziýa *c-moll*). Mälim bolşy ýaly, bu döwürde nusgawy formalar emele gelýärler. Şol bir wagtda dürli kompozision ýörelgeleriň

alamatlarynyň garyşmasyna bolan ymtylyş döreýär. Meselem, sonatanyň işlenilme bölümine ýeke temaly ýa-da goşa fuganyň ýörelgeleri aralaşýar (W. A. Mosart, «Jadyly fleýta» operasy, Uwertýura; ýa-da has doly geçme: W. A. Mosart, Kwartet *G-dur* KV 587, final ). Rondo we wariasiýalaryň (birtemaly ýa-da goşa) prinsipleriniň utgaşmagy örän ýörgünli: Ý. Gaýdn, Sonata № 2 *e-moll*, final; Sonata № 7 *D-dur*, final; Sonata №10 *G-dur*, I bölüm; W. A. Mosart, Fortepiano we orkestr üçin konsert: № 22 *Es-dur*, II b., KV 482, № 21 *c-moll*, III b., KV 491).

## § 4. XIX–XX asyrlaryň sazlarynda erkin we garyşyk formalar

XIX asyrda erkin we garyşyk formalaryň (şol sanda balladalar, poemalar, rapsodiýalar we ş.m.) ähmiýeti ep-esli artýar.

Garyşyk (erkin) formalaryň ýaýramagynyň sebäpleri dürlüdir. Olaryň biri hem XIX asyryň öňdebaryjy kompozitorlarynyň öz eserlerinde saz formasyny has çeýe, her bir aýratyn eseriň indiwidual mazmunyna (köplenç, programmaly) laýyk bolup bilmegini gazanmaga ymtylmakdyr.

Garyşyk formalaryň ösen ähmiýeti romantizm estetikasy bilen kesgitlenilýär. Sazda tipiki romantizme mahsus bolan antitezalar (arzuwyň we hakykatyň, real we erteki zatlaryň we ş.m.) beýan edilýär, şonuň üçin formada kontrastlyk güýçlenýär.

Sazyň maksatnamaly mazmuny we ony has aýan, doly beýan etmegine hyzmat edýän formalar üçin göreş dürli sungatlaryň (instrumental eserde edebi maksatnama, romansda poeziýanyň we sazyň, operada poeziýanyň, sazyň we sahna hereketiniň utgaşmagy) hem-de bir sungatyň çäginde dürli görnüşleriň we žanrlaryň ýakynlaşmaga we bir-birine aralaşmaga çalyşmaklary bilen tebigy baglanyşýar.

Instrumental heňler, köplenç, wokal-gepleýiş labyzlylyk bilen baýlaşdyrylýar, wokal heňler bolsa instrumental sazlarda emele gelen ösüş prinsipleri bilen ösdürilýär. Lirika, drama we epos alamatlaryny

utgaşdyrýan eserler giňden ýaýraýarlar (meselem, ballada žanry), bu bolsa dürli formalaryň bir-birine aralaşmagynyň sebäbi bolýar (meselem, liriki-epiki häsiýetde wariasiýalaryň we dramatiki ösüş üçin giň mümkinçilikleri döredýän sonatanyň bir-birine aralaşmagy).

Ahyrynda, halk sazlaryna mahsus formalaryň, žanrlaryň, tärleriň kämil professional saz sungatynyň çylşyrymly formalar we žanrlar bilen täze birikmeleri daşary ýurt we türkmen sazlarynda garyşyk formalaryň milli özboluşly tiplerini kesgitleýärler.

Garyşyk formalaryň ýaýramagynyň teswirlenen göni sebäpleriniň bir bitewi esasy: iň soňunda hakykaty, onuň köpdürli taraplaryny we hadysalaryny, olaryň ýiti kontrastlaryny, olaryň baglanyşyklaryny has doly we takyk görkezmäge çalyşmak bolup durýar.

Erkin we garyşyk formalara mahsus bolan umumy alamatlar bar. Olaryň biri – keşpleriň doly beýan edilmegine we olaryň kontrastynyň ösmegine bolan çalyşmalar bilen baglanyşykly masştablaryň giňelmegine, bir bölümli formanyň bölümleriniň özbaşdaklaşma tendensiýasydyr. Gapma-garşylykly tendensiýa – ösüşiň has uly üznüksizligine, toplumyň bölümleriniň birleşmegine, olaryň tematiki bitewüliginiň ösmegine bolan çalyşma. Bu tendensiýalardan şeýle netije gelip çykýar: toplumlaýyn we birbölümli formalaryň alamatlaryny sintezleýän formalaryň peýda bolmagy. Köp ýagdaýlarda garyşyk formalaryň emele gelmegine monotematizm ýörelgesi – bir temanyň üýtgemelerine esaslanýan iri eserleriň gurluş ýörelgesi ýardam edýär. Bu prinsipiň ters tarapy-da bar: tematiki transformasiýa. Erkin formalaryň köpüsiniň ösüşiniň esasy prinsipi: eseriň başynda özbaşdak we tonal gutarnykly kontrastly keşpleriň giň beýan edilişi we soňunda olaryň gysgaldylma arkaly dinamizirlenen beýan edilişi. Eseriň soňunda ösüş dartgynlaşýar we çaltlaşýar. Dinamizirlenen we sintetiki reprizalar, şeýle hem kodalar dramaturgiýa taýdan ösüşiň netijesi hökmünde aýratyn rol oýnaýarlar. Reprizalaryň dinamizasiýasy repriza-koda bölüminde keşpleriň üýtgedilmegi we olaryň ýakynlaşmagy arkaly geçýär (F. Şopen, Polonez-fantaziýa, Barkarola, Ballada № 3; F. List, «Tasso», «Prelýudlar», «Mefisto-wals», «Tarantella», «Ispan rapsodiýasy»; A. Balakirew, «Islameý»).

Forma monotematizm we tematiki üýtgedilme ýörelgesi esasynda bölünip ýerleşdirilen erkin wariasionlylyk ornaşýar.

Islendik garyşyk formalara we olaryň bölümlerine sonata prinsipleri girýär (ekspozisionlylyk we işlenilme) (meselem, F. Şopen, Skerso *b-moll*).

Käbir halatlarda bölümleriň esasy we goşmaça kompozision funksiýalarynyň utgaşmagy netijesinde emele gelen birinji we ikinji derejedäki formanyň arasyna çäk çekilmegi bolup biler.

Garyşyk formalaryň dürli görnüşlerini bellemek bolýar:

1) sonatalygyň we toplumlygyň bir-birine aralaşmagy. Şeýle görnüşli formalaryň dürli wariantlary bar – birinji derejede toplumyň ýa-da sonatalygyň artyk bolmagy. Birigen-toplum formasynyň irki romantiki nusgasy – F. Şubertiň «Sergezdan» eseri. Başga nusgalar: F. Listiň *h-moll* sonatasy; N. Rimskiý-Korsakowyň Fleýta we orkestr üçin konserti; R. Ştrausyň poemalarynda sonatalygyň we toplumlygyň utgaşmasy modifisirlenýär;

2) sonatalygyň we wariasionlygyň utgaşmasy (F. List, «Ispan rapsodiýasy»). Bu görnüş rus we türkmen sazlary üçin örän häsiýetli (M. Glinka, «Aragon hotasy»; A. Balakirew, «Üç rus tema boýunça uwertýura», «Islameý»). Bu görnüşiň aýratynlyklary – saz keşpleriniň aýdyň ýüze çykýan žanrlylygy, wariasionlygyň forma emele gelşiniň prinsipi hökmünde uly roly, warýirlenmäniň aýratyn görnüşleri;

3) ikiden köp bolan formalaryň utgaşmasy (F. List, «Prelýudlar» – sonatalyk, toplum, erkin wariasionlyk, simmetriýa prinsipi, konsertlilik; «Tarantella», «Wenesiýa we Neapol» toplumyndaky – birigen sýuitalyk, wariasionlyk, sonatalyk; «Mefisto-wals» – çylşyrymly üçbölümlilik, sonatalyk, toplumlyk);

4) sonatalygyň we konsentriki formanyň sintezi (R.Wagner, «Tangeýzer», uwertýura). Käbir nusgalarda sonata formasynyň daşky strukturasy ýitýär (F. Şopen, Ballada № 3; P. Çaýkowskiý, «Françeska da Rimini»);

5) rondo görnüşli däl formalara rondo prinsipleriniň aralaşmagy. Meselem, rondo we wariasiýalar formalaryň utgaşmasy («Ruslan we Lýudmila» operasyndan Finiň balladasy) ýa-da rondo we toplum formalarynyň utgaşmasy (M. Musorgskiý, «Sergidäki şekiller»).

XX asyrda, aýratyn-da ikinji ýarymynda, kompozisiýanyň esasy prinsipi bolup formanyň indiwidual düzülişi hyzmat edýär (W. Lýutoslawskiý, «Orkestr üçin kitap»).

Erkin formalarda ähmiýetli taraplar aşakdakylardyr:

1. Erkin ulanylmagynda wariasion prinsipi giňden ýazylýar. Ol, wariasion formadan başga-da, beýleki ösüş prinsipleri bilen birleşmede dürli beýleki formalara aralaşýar. Bu, birinjiden, işlenilme bölümlerinde temalaryň aýratyn elementleriniň dürli görnüşli ösüşiniň deregine temalaryň bütinleý ýa-da uly bölekler bilen geçirilmegi bilen bagly. Ikinjiden, opera leýtmotiwizm bilen parallel we mümkin bolan, onuň bilen aragatnaşykda, bir temanyň esasynda uly eseriň düzülmegine tendensiýa peýda bolýar. Oňa *monotematizm* diýilýär. Emma erkin warýirlenme arkaly, hatda bir temany – leýtmotiwi – bir-birinden häsiýeti boýunça ýiti tapawutlanýan birnäçe temalara öwrüp bolýar. F. Listiň «Tasso» atly simfoniki poemasynyň birinji temasy we onuň üýtgemeleri oňa mysal bolup bilýär. Üçünjiden, ýaňy agzalan temalaryň erkin warýirlenmesi reprizany dinamizirlemek, käwagt hatda temanyň doly özgerdilmesi bilen baglanyşykly.

Wariasionlygyň aşakda görkezilen ähli alamatlary, başga prinsipler bilen dürli utgaşmalarda ulanylyp bilner:

a) aýratyn bölümlere indiwidual häsiýet berlen erkin wariasion formalar gurluşy taýdan sýuita has golaýlaşýarlar (A. Glazunow, Simfoniýa № 6, wariasiýaly tema);

b) wariasionlyk formanyň iki-üç bölümlilik bilen utgaşmagynda ortaky bölümde birinji bölümdäki iri elementleriň geçirilmeginde hem-de reprizanyň dinamizasiýasynda ýüze çykýar;

ç) wariasionlyk, ilkinji nobatda, esasy temanyň warýirlenme ýagdaýynda rondo görnüşli formalary bilen baglanyşykly, olara epizodiki temalaryň üýtgedilen gaýtalanmagynda has çuň aralaşýar (goşa fugalar) a b $a_1$ $b_1$ $a_2$...;

d) sonata formasynda wariasionlyk ekspozisiýanyň monotematiki gurluşyna, hem-de işlenilme bölümde ekspozisiýadaky temalaryň (baglaýjy, kömekçi, tamamlaýjy partiýalar – baş partiýanyň wariasiýalary ýaly) aglaba böleginiň warýirlenen görnüşde geçirilmegine, elementleriniň üýtgedilmegine öz täsirini ýetirýär.

2. Sonata prinsipi beýleki prinsipler bilen daşky deňeşdirmede utgaşýar. Oňa mysal: çetki bölümleri doly ýa-da doly däl sonata formasynda bolan çylşyrymly üç bölümli forma (L. wan Bethowen, Simfoniýa № 9, skerso; A. Borodin, Simfoniýa № 2, skerso). R. Wagneriň «Tangeýzer» operasyna uwertýura – goşa üç bölümli formada çetki bölümleriň we tersleýin reprizaly, hem işlenilme bölüminiň ornuna epizodly sonata formasynda ortaky bölümiň utgaşmasynyň nusgasy. Bu mysalda ýokarda teswirlenen formadan başga-da, ýedi bölümli simmetriki forma emele gelýär.

Rondo we sonata formasynyň ýakynlaşmasy diňe ekspozisiýada baş partiýanyň kömekçi partiýadan soň esasy tonallykda gaýtalanmagynda däl-de, eýsem baş partiýanyň gaýtalanmagy tabyn tonallykda bolsa-da, işlenilme bölümiň içinde ýa-da onuň deregine bolmagy mümkin (meselem, F. Şopeniň *f-moll* fantaziýasy).

Birbölümliligiň we kontrast toplumlylygyň aragatnaşygy aýratyn ünsüňi çekýär. Birbölümliligiň we kontrast toplumlylygyň utgaşmasy netijesinde iri bir bölümli, özbaşdak formalar döreýär, emma olarda tematiki we depgin kontrastlarynyň alamatlary aýdyň ýüze çykýar, bir-birinden tapawutlanýan epizodlara bölünýärler. Şeýle formanyň iň birbelli nusgasy – F. Listiň *h-moll* sonatasydyr. Onuň işlenilme bölümine täze tema esaslanýan *Fis-dur* üç bölümli epizod girizilen. Epizodyň ortaky bölümi bolsa ekspozisiýanyň temalarynyň işlenilmegini öz içine alýar. Bu epizod gutarnykly häsiýetli, onda hatda koda hem bar. Epizod sonata toplumynyň haýal depginli bölüminiň ornuny tutýan ýaly bolýar. Onuň yzyndan, birnäçe geçiş taktlardan soň *b-moll* fugatosy gelýär. Fugatoda ähli formanyň reprizasy başlanýar. Şol bir wagtda fugato bellibir derejede sonata-simfoniki toplumyň skersosynyň roluny ýerine ýetirýär. Şeýlelikde, bu uly göwrümli bir bölümli eserde ekspozisiýada we reprizanyň aglaba böleginde adaty tonal gatnaşyklary bilen sonata formasynyň sudurlary bar. Şol bir wagtda ol häsiýeti boýunça dört bölümli sonata toplumynyň adaty görnüşine ýakyn bolan iki epizody öz içine alýar.

**Derňew üçin mysallar:**

1. Şubert. Kwintet, op. 114, II b. (ABC+ABC).

2. Çaýkowskiý. Konsert № 2, III b. (ABC+ABC).
3. Bethowen. Sonata № 8, II b.; sonata № 10, final.

**Hödürlenýän edebiýat:**

1. *Бобровский В.* О переменности функций музыкальной формы. М., 1970.

2. *Канчели М.* Крупная одночастная форма в музыке XIX века. Тбилиси, 1969.

3. *Мазель Л.* Некоторые черты композиции в свободных формах Шопена. //Исследования о Шопене. М., 1971.

# XVII BAP
# POLIFONIKI FORMALAR

## § 1. Kanon

Kanon (grekçe – norma, düzgün, kada) – köpmanyly söz. Sazda «kanon» sözi bilen şu aşakdakylar atlandyrylýar:

- bellibir görnüşli kompozisiýa: onda söz «açarynyň» esasynda hemme sesler berlen sesden çykarylýar ( I. S. Bah, «Saz sowgady», kanonlar 4, 5);
- kanoniki tehnika, ýagny, birinji sesiň ähli materialyny görkezýän üznüksiz imitasiýa esaslanan eser [1].

Heňiň imitirlenýän halkalarynyň yzygiderligi bolup, tehniki taýdan kanon:

a) propostadaky heň başky halkasyndan we onuň rispostadaky gaýtalanmasyndan;

b) bu heňiň propostada dowam etmegi we rispostada gaýtalanmagy we ş.m. ybarat.

Sesleriň girişmesiniň aralygyna deň bolan halkalar kanonyň bölümleri diýlip atlandyrylýar. Eger heňiň başlangyç bölegini «a» harpy bilen bellesek we başky bölümiň dowamlylygyna deň bolan birinji sesiň heňiniň soňky bölümleri b, c, d we ş.m. bilen bellenilse,

[1] Kanonyň başky sesi «proposta» («sözlem») diýlip atlandyrylýar, imitirleýji ses – «risposta» («jogap»).

onda gutarnykly iki sesli imitasiýanyň shemasy indiki görnüşe eýe bolýar:

*27-nji shema*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| P | a | b | c | d | e | f | |
| R | | $a_1$ | $b_1$ | $c_1$ | $d_1$ | $e_1$ | $f_1$ |

Kanonyň täsir edijilik hili – meňzeşligiň maksimal bitewüligi, keşbiň konsentrirlenen beýan edilişi, ýeke-täk saz pikirinde jemlenmegi.

Kanony kesgitleýän alamatlar: sesleriň sany, olaryň başlanmagynda wagt aralygy we interwaly, propostalaryň we rispostalaryň gatnaşygy.

**Kanonyň görnüşleri** indiki alamatlar boýunça tapawutlandyrylýar:

- propostalaryň sany boýunça – bir (ýönekeý kanon) we birnäçe (goşa kanon, üçem kanon);
- gutarmagy we gaýtalanmagy boýunça – gutarnykly we gutarnyksyz;
- başlanyşynyň arasynyň deňligi ýa-da deň däldigi – I we II derejeli;
- imitirlenmäniň häsiýeti boýunça – adaty ýa-da özgerýän;
- rispostalaryň we propostalaryň meňzeşligi – doly we bölekleýin, şeýle-de kadaly we erkin. Soňkular başlanyşyň interwalynyň (imitasiýa interwalynyň) üýtgeýänligi ýa-da imitirlenmäniň takyk däldigi bilen tapawutlanýarlar.

Kanonlaryň formalary (ýagny, kanoniki imitasiýanyň tehnikasyndan peýdalanýan eserleriň gurluşy) öz döwründe ulanylan formalardan tapawutlananok. Meselem, I. S. Bahyň № 2 inwensiýasynda (*c-moll*) kanon ýaýbaňlandyrylma görnüşli perioda «salnan».

«Fuga sungatyndaky» 11-nji *Canone* üç bölümli *da capo*, formasy bir temaly sonata we gadymy konsert formalaryny utgaşdyrýar.

XVIII–XIX asyrlarda kanona gomofoniki formalary salynýar: period (L. wan Bethowen, Simfoniýa № 4, I b., 141 t.), ýönekeý üç bölümli (Ý. Gaýdn, Sonata № 23, *Es-dur*, II b.; N. Mýaskowskiý, Kiçijik duet op. 43, № 2), çylşyrymly üç bölümli forma (W. A. Mo-

sart, *e-moll* kwinteti, KV. 406, IIIb.; E. Grig, Liriki eserler, «Kanon», op.38).

Iki we üç sesli kanonlar has giňden ýaýran, ýöne dört we bäş sesli kanonlar hem duş gelýär. Sazyň taryhyndan belli bolan köpsesli kanonlar birnäçe ýönekeý kanonlaryň utgaşygyndan ybarat.

Ýönekeý kanon diýlip, bir temany imitirleýän kanona aýdylýar. Eger bile ýaňlanýan iki tema imitirlense, onda ol goşa kanon diýlip atlandyrylýar. Kanonda üç ýa-da dört proposta bolup biler (üçem we dördem kanonlar).

Girişme interwaly köplenç halatlarda – prima ýa-da oktawa (kanonyň has irki nusgalarynda hut şu interwaly ulanylýar). Soňra kwinta we kwarta gelýär; galan interwallar seýrek ulanylýar, sebäbi tonallyk saklananda temanyň interwal taýdan üýtgemegine getirýär (onda uly sekundalar kiçä öwrülýär we tersine). Üç we üçden köp sesi bolan kanonda sesleriň girişme aralyklary dürli bolup bilýär.

Kanondaky sesleriň iň ýönekeý aragatnaşyklary – rispostada ýa-da rispostalarda propostanyň takyk gaýtalanmagy. «Göni hereketdäki» kanonyň görnüşleriniň biri (lat. *canon per motum rectum*) emele gelýär. Bu görnüşe ulaldylan kanon (*canon per augmentationem*), kiçeldilen (*canon per diminutionem*), şeýle hem «menzural» (ýa-da «proporsional») kanon degişli bolup biler. Bu kanonlaryň başdaky ikisinde risposta ýa-da rispostalar propostanyň heň şekilini we nota dowamlylyklarynyň aragatnaşyklaryny doly takyk gaýtalaýarlar, emma olardaky her tonyň absolýut dowamlylygy birnäçe esse artdyrylan ýa-da kemeldilen (goşa, üçem artdyrylma we ş.m.). «Menzural» ýa-da «proporsional» kanonda sesler dürli metr ölçeglerinde berilýär. Bu görnüşdäki kanon gelip çykyşy boýunça menzural notasiýa bilen baglanyşykly. Menzural notasiýada şol bir nota dowamlylyklary iki ülşe (*imperfecte*) we üç ülşe (*perfecte*) bölünip bilýär.

Geçmişde, esasan-da polifoniýanyň agalyk edýän döwründe, has çylşyrymly ses gatnaşykly kanonlar ulanylypdyr – öwrülen görnüşde («aýna» görnüşli ýa-da *canon per motum contrarium, all inverse*), tersleýin hereketli görnüşde (leňňeç ýörişli ýa-da *canon cancrisans*), aýna-leňňeç ýörişli görnüşde. Öwrülen kanonda proposta rispostada ýa-da rispostalarda öwrülen görnüşde geçýär, ýagny, propostanyň her

bir ýokaryk gönükdirilen interwalyna rispostanyň basgançak sany boýunça deň bolan, ýöne aşak gönükdirilen interwaly jogap berýär ýa-da tersine. Leňňeç ýörişli kanonda rispostadaky tema proposta bilen deňeşdirilende «ters hereketde» geçýär – iň soňky sesden birinjä tarap. Aýna-leňňeç ýörişli kanonda öwrülen we leňňeç ýörişli kanonlaryň alamatlary utgaşdyrylýar.

Gurluşy boýunça kanonyň iki sany esasy görnüşi tapawutlandyrylýar – bir bada, ähli seslerde tamamlanýan kanon we sesleri dürli wagtda togtaýan kanon. Birinji ýagdaýda jemleýji kadensiýada intonasiýa gurluşy bozulýar, ikinjide iň soňuna çenli saklanýar we sesler haýsy tertipde başlanan bolsa, şol tertipde hem tamamlanýar.

Käte şeýle ýagdaýlar duş gelýär: sesler öz ýaýbaňlanmasynyň dowamynda kanonyň başyna dolanyp gelýär. Şeýlelikde, ol islendik sanda gaýtalanyp bilýär we *gutarnyksyz kanony* emele getirýär. Kanonyň ýene-de bir görnüşi *kanoniki sekwensiýa*. Onda sesleriň her birinde sekwent hereketi bar we munda kanon kesgitli interwaly (adatça, uly däl) boýunça göçýär, hamala öz başyna, ýöne başga beýiklikde gaýdyp gelýän ýalydyr.

Gutarnyksyz kanonlaryň we kanoniki sekwensiýalaryň *I we II derejeleri* tapawutlandyrylýar. I derejeli gutarnyksyz kanonlarda we kanoniki sekwensiýalarda propostanyň we rispostanyň hem-de rispostanyň we propostanyň gaýdyp gelmeginde wagt ölçegi boýunça aralygy deň, II derejeli gutarnyksyz kanonlarda we kanoniki sekwensiýalarda – deň däl.

Şeýle-de *aýlawly* ýa-da *spirallaýyn* (*canon per tonos*) kanonlar duş gelýär. Spirallaýyn kanonda tema modulirlenip, kanonyň kwinta aýlawynyň ähli tonallyklarynda geçmegine şert döredýär.

*Bölekleýin* kanonda rispostada propostanyň sesbelentlikli ýa-da ritmiki şekili gaýtalanýar. *Ritmiki* kanon has köp ulanylýar (P. Çaýkowskiý, Kwartet № 3, II b., başky period), esasan XX asyryň sazynda (S. Prokofýew, simfoniýa № 3, III b.), hususan-da – O. Messianda.

Kanonyň has çylşyrymly we özboluşly görnüşleri hem ulanylýar – rispostada propostanyň diňe käbir böleklerini geçirýän kanon,

rispostada propostanyň sesleriniň dowamlylyklary kemeldilme tertibi boýunça ýerleşdirilýän kanon we ş.m.

*Erkin sesli* ýa-da *doly däl garyşyk* kanonlar hem bar. Onda 2, 3 we ş. m. seslerde geçirilýän kanon galan seslerinde erkin, imitasion däl görnüşdäki ösüşi bilen utgaşdyrylýar. Kähalatlarda kanon organ punktunyň ýerliginde berilýär.

Geçmişde kanonda diňe proposta ýazylypdyr; rispostanyň haçan we haýsy görnüşde başlanmalydygy başda berlen ýörite belgiler ýa-da düşündirişler arkaly görkezilipdir. «Kanon» sözi şuňa meňzeş görkezmäni aňladypdyr; diňe wagtyň geçmegi bilen ol formanyň ady bolup galypdyr. Aýratyn ýagdaýlarda propostada rispostanyň peýda bolmagynda berilýän görkezmeler ýazylmandyr – olary ýerine ýetiriji kesgitlemeli, «bilmeli» bolupdyr. Şeýle ýagdaýlarda rispostanyň başlanmagynda birnäçe dürli wariantlary şertlendirýän *syrly kanon* emele gelipdir, ol *polimorfly* diýlip atlandyrylypdyr.

Kanonyň ulanylyşy Pariž mekdebi döwründen bäri (XII asyr) bellidir. Kanonyň tehnikasy, hususan-da, niderland kontrapunktçylarynda XV–XVI asyrlarda gülläp ösýär. Heňiň kanoniki işlenilme däbi I. S. Bahyň eserlerinde saklanyp galypdyr: *cantus firmus* kanon görnüşinde beýan edilýär ýa-da kanon bilen utgaşdyrylyp geçirilýär («horala düzülen kanon»).

Erkin stilde iki sesli kanon agdyklyk edýär. Fugalardaky strettalardan daşary ol wariasiýalarda (L. wan Bethowen, R. Şuman, I. Brams), özbaşdak eserlerde (R. Şuman, op. 124), käte ýygynda goşulýan eserlerde (E. Grig, S. Frank, N. Mýaskowskiý, R. Şedrin: kanonlaryň ýygyndysy; A. Lýadow, op. 34; A. Arenskiý, op.1). Kanon opera sahnasynyň bir bölegi bolup biler («Ýewgeniý Onegin», duel sahnasy), temanyň beýan ediliş usuly (S. Frank, skripka we fortepiano üçin sonata, final), ortaky we işlenilme bölümlerinde ösdüriş serişdesi hökmünde ulanylyp bilner.

**Derňew üçin mysallar:**

Мюллер Т. Хрестоматия «Полифонический анализ», №№ 36-43, 72-74, 146, 147.

**Kanonlaryň görnüşleri**

***Ýönekeý kanonlar (iki we köp sesli)***

1. Palestrina. Kanoniki messa, Crucifikus.
2. Mosart. Kanon K. 508; Kwartet *G-dur* K. 387, IV b., başy.
3. Lýadow. Kanonlar, № 12.
4. Taneýew. «Psalm okalandan soňra», № 3, 29-njy belgi.
5. Glinka. «Iwan Susanin», I akt, Sobininiň, Antonidanyň we Susaniniň terseti.
6. Çaýkowskiý. «Ýewgeniý Onegin», duel sahnasy.
7. Şostakowiç. Simfoniýa № 8, I b., 28-nji belgi; Simfoniýa №5, I b., 39-40-njy belgiler .
8. Şedrin. «Polifoniki depder», № 22.
9. Bah. Inwensiýalar.
10. Bartok. «Mikrokosmos», №№ 28, 30, 31, 39, 58.

**Goşa kanonlar**

1. Mosart. «Rekwiýem», «Rex tremendae majestatis», tt. 7-11.
2. Bah. I/cis, tt. 94-97; Kantata № 80, duet № 7, t. 22; Horal täzeden işlenilmegi Bd. V, № 35.
3. Şostakowiç. Fuga *e-moll*, tt. 111-115; Kwintet *g-moll* op. 57, 35-nji belgi; Simfoniýa № 8, I b., 23-nji belgi; Simfoniýa № 5, I b., 32-nji belgi.
4. Taneýew. «Psalm okalandan soňra», № 5, 18-nji belgi.
5. Şedrin. «Polifoniki depder», № 15.

**Gutarnyksyz kanonlar**

1. Glinka. «Ruslan we Lýudmila»: I akt, «Какое чудное мгновенье» kanony (4 sesli); «Ruslan we Lýudmila», Uwertýuranyň kodasy, kulminasiýa.
2. Bah. Kanon BWV 1074, 1076; «Saz sowgady», № 4.
3. Bartok. Kwartet № 5, final, tt. 134-142.
4. Bize. «Arlezian gyzy», Farandola.
5. Mýaskowskiý. Kwartet № 3, II b., wariasiýa *D-dur*.
6. Brams. Kanonlar op. 113, №№ 8, 9, 13.
7. Mosart. Ave Maria K. 554 we Lacrimosa K. 555; Kanon K. 515b.

8. Bethowen. «Fidelio», № 3 (4-sesli kanon).

9. Şuman. «Simfoniki etýudlar», wariasiýa № 4.

10. Şedrin. «Polifoniki depder», № 17.

11. Maler. Simfoniýa № 1, III b.

12. Gaýdn. Kwartet № 76, III b., periodyň beýan edilişi.

13. Şubert. «Tamamlanmadyk simfoniýa», I b., işlenilme, tt. 122-129.

14. Şostakowiç. Simfoniýa № 1, II b., 21-nji belgi .

15. Taneýew. «Ioann Damaskin» kantatasy, I b., başlangyç fugato.

16. Skrýabin. Simfoniýa № 3, I b., tt. 73-76.

17. Strawinskiý. «Весна священная», 182-nji belgi .

18. Prokofýew. «Огненный ангел», III akt, 393-nji belgi, ostinato häsiýetli kulminasiýa.

**Kanoniki sekwensiýalar**

1. Wagner. «Nýurnbergli meýsterzingerler», Uwertýura, tt. 8-10, 15-17.

2. Glazunow. Simfoniýa № 7, II b., 7-nji belgi; Simfoniýa № 8, II b., 58-nji belgi.

3. Taneýew. «Ioann Damaskin» kantatasy, III b., 12 we 15 belgiler; «Psalm okalandan soňra», № 3, 28-nji belgi , 29-njy belgi , t. 4; Simfoniýa *c-moll*, II b., tt. 29-33.

4. Mosart. Simfoniýa *g-moll*, IV b., işlenilme; Kwartet *B-dur*, K. 589, Ib., tt. 108-112; Sonata № 14 *c-moll*, K. 457, I b., tt. 168-173.

5. Bah. «Saz sowgady», № 7 (özbaşdak sekwent eserine seýrek duş gelýän mysal); Contrapunctus V, t. 65; Fuga I/fis; Fuga II/F, tt. 9-14.

6. Şuman. Fortepiano kwarteti *Es-dur*, IV b., tt. 73-81.

7. Çaýkowskiý. Simfoniýa № 6, I b., kömekçi partiýadaky Moderato mosso.

8. Mýaskowskiý. Simfoniýa № 5, II b., 40-njy belgi; Simfoniýa № 21, 4-nji belgi.

9. Rimskiý-Korsakow. «Кащей Бессмертный», Kaşeýewnanyň we Iwan Korolewiçiň dueti, tt. 5-8; «Сказание о невидимом граде

Китеже и деве Февронии», I parça, Knýaz Ýuriniň ariýasy, 156-njy belgi.

**Özgertmeli kanonlar**

*a) öwrülişikli kanonlar*

1. Bah. Fugalar, I/*d*, II/*b*; «Saz sowgady», № 5, 10, 13, 6.

2. Mosart. «Ýupiter» simfoniýasy, IV b., tt. 191-194; Fuga *g-moll* K. 401; Kwintet *c-moll* K. 406, III b., Triodaky goşa kanon; Sonata *D-dur* K. 576, III b., kömekçi partiýa, kanoniki sekwensiýa; Kwartet *D-dur* K. 575, IV b., tt. 113-116 (goşa).

3. Glazunow. Skripka üçin konsert, II b., 46-njy belgi.

4. Şedrin. «Polifoniki depder», № 7.

5. Bartok. Mikrokosmos, №№ 25, 29.

*b) ulaldylan kanonlar*

1. Bah. Fugalar, I/*dis*, II/*c*.; «Fuga sungaty», Canone 1; Organ üçin Kanoniki wariasiýalar BWV 769, wariasiýa 4.

2. Taneýew. «Psalm okalandan soňra», № 3, 6-njy belgi.

3. Stançinskiý. Prelýudiýa *Ges-dur*.

4. Lýadow. Kanonlar, № 21.

5. Mýaskowskiý. Sonata № 2, koda.

6. Prokofýew. Sözsüz aýdymlar op. 35, № 3.

7. Şostakowiç. Fugalar *Des-dur*, *As-dur*.

8. Şedrin. Fuga № 6 *h-moll*; «Polifoniki depder», № 14.

*ç) kiçeldilen kanonlar*

1. Wagner. «Nýurnbergli meýsterzingerler», Uwertýura, t. 178.

2. Lýadow. Kanonlar, № 22.

*d) bölekleýin kanonlar*

1. Çaýkowskiý. Kwartet № 3, II b., başdaky period.

2. Prokofýew. Simfoniýa № 3, III b., 91-nji belgi.

3. Messian. «Epouvant».

4. Şýonberg. Sýuita op. 25, Prelýudiýa.

## § 2. Inwensiýa

Inwensiýa – bu polifoniki gurluşly uly bolmadyk eser. Onuň ady (latynçadan «*inventio*» – oýlap tapma, döretmek) heňiň,

şeýle-de tematiki özeniň ösmegi, formanyň gurluşy babatynda saz oýlaptapyjylygyň, döretmegiň ähmiýetini görkezýär. Şeýlelikde, «inwensiýa» ady kesgitli kompozision-tehniki pikiri, ideýany aýdyň beýan edýän esere dakylýar (mysal üçin, I. S. Bahyň № 1 inwensiýasy iki taktyň esasynda döredilen).

I. S. Bahdan öňki döwürde ýa-ha üýtgeşik kontrapunkt hereketli *curiose* pýesalary, ýa-da partitalar, ýa uwertýuralar, ýa simfoniýalar, ýa prelýudiýalar inwensiýa diýlip atlandyrylypdyr.

Ilkinji bolup «inwensiýa» adalgasyny F. Žaneken ulanypdyr (köpsesli «Inventios musicales» aýdymlary, iki goýberiliş). Käha-latlarda «inwensiýa» sözi eserleriň ady hökmünde ýa-da eserleri hä-siýetlendirýän sözbaşyda ulanylypdyr; käte ol doldurgyç sözleri bilen utgaşdyrylypdyr («Inventios musicales», J. B. Witali «Artificall musi-cali» ýygyndysyndan, op. 13, 1689). F. A. Bonportiniň (1713) skripka solo üçin inwensiýalary op.10 I. S. Bahyň belli inwensiýalary üçin nusga bolupdyr diýlip çak edilýär. Ol bu inwensiýalary öz eli bilen göçüripdir we şonuň üçin olara köp wagtyň dowamynda I. S. Bahyň eserleri hökmünde garalypdyr.

I. S. Bahyň inwensiýalary – bu W. F. Bah (1720) üçin ýazy-lan «Klawir kitapçasyndan» iki sesli eserler toplumy bolupdyr, olar I. S. Bahyň polifonki prelýudiýalary we fugalarynyň arasynda aralyk ýagdaýy eýeläpdirler. Başda olar *preambulalar* diýlip atlandyry-lypdyr. Şol görnüşdäki üç sesli eserleri I. S. Bah başda *fantaziýa* diýlip atlandyrypdyr, soňra bolsa *simfoniýa* diýlip adyny üýtgedipdir. I. S. Bahyň pikiri boýunça, onuň inwensiýalary iki we üç sesli ýerine ýetirlişiň tehnikasyny ösdürmekde, şeýle-de sazly oýlaptapyjylyga höwes döretmekde we olaryň yzygiderli kämilleşmeginde hyzmat et-meli eken. I. S. Bah iki sesli inwensiýalary ýazyp, üç sesli simfoniýa-lary döretmekde taýýarlyk görüpdir. «Oňat temperirlenen klawiriň» käbir prelýudiýalary we «Klawir gönükmeleriniň» eserleri inwen-siýalara meňzeş bolupdyr.

XX asyrda inwensiýa ýazmaklyga köp kompozitorlar ýüz tutupdyr (E. Pepping, Kiçi orkestr üçin inwensiýalar, 1931; B. Blahler, Orkestr üçin iki inwensiýa, op.46; M. Butting, Garyşyk düzümli sekstet üçin inwensiýalar, 1950; G. Reýter, Fortepiano üçin inwensiýalar op.25;

G. Klebe, Fortepiano üçin dört inwensiýa op.26; B. Martinu, Orkestr üçin inwensiýalar; A. Berg, «Wossek» operasy, üçünji hereketi).

Inwensiýalar topluma girip (R. Şedriniň «Polifoniki depderi») we toplumy düzüp bilerler (B. Tişenkonyň «Orkestr we organ üçin on iki inwensiýasy»). Inwensiýalar pedagogiki (A. Gedike, S. Gubaýdulina, L. Grobowskiý) ýa-da konsert ähmiýetine eýe bolup biler.

Dogrusyny aýdanda, inwensiýa özboluşly spesifiki polifoniki forma bolup duranok. Hakykatda ol prelýudiýanyň bir görnüşidir. I. S. Bahyň köp prelýudiýalary fugalara ýa-da fugettalara ýakyndyr. Inwensiýany fugalardan tapawutlandyrýan aýratynlyklar indikiler:

1) adatça, inwensiýalar bir sesde başlanmaýarlar;

2) inwensiýada imitasiýa, köplenç, oktawa formada berilýär («oktawalaýyn fuga»), üç sesli inwensiýalaryň köpüsi bolsa fuga üçin mahsus bolan tonika-dominantalaýyn ekspozisiýadan başlanýar;

3) inwensiýalaryň içinde, köplenç, fugalaryňkydan tapawutlylykda, eseri bölýän doly tamamlanan kadanslar gabat gelýär, şonuň netijesinde hem inwensiýa gomofoniki formalara ýakynlaşýar.

Meselem, *E-dur* inwensiýasy ýönekeý üç bölümli formada ýazylan, onda-da period, şeýle-de ortaky bölüm we repriza, hemmesi bilelikde gaýtalanan. Käbir inwensiýalaryň temalary, fugalaryň adaty temalary bilen deňeşdirilende, doly ösmedik ýaly bolup görünýär (iki sesli inwensiýalar – *C, e, F, G*, azda-kände *D* we *d*; üç sesli inwensiýalar – *d, Es, E, g*). Başga inwensiýalarda temalar öz ösüşi boýunça fugalaryň adaty temalary bilen gabat gelýär. Inwensiýalaryň köpüsi fugalardan temanyň ilkinji beýanyň bir sesde däl-de, eýsem ýanamasy bilen berilýändigi bilen tapawutlanýar. Goltgynyň aýrylmagy bilen üç sesli inwensiýalaryň aglabasy (*c, h, Es* inwensiýalardan başgasy) adaty fuga ýa-da fugetta öwrülip bilerdi.

Adatça, inwensiýa iki, has seýrek ýagdaýlarda üç bölümden ybarat, üstesine-de olaryň her biri ýönekeý ýa-da goşa, käteler bolsa kanoniki oktawalaýyn ýa-da dominantaly imitasiýa bilen başlanýar. Birinji bölümiň ahyry dominanta tarap modulirleýär, soňraky bölümlerde bolsa ösüş başky tonallyga gaýdyp gelýär.

Inwensiýalaryň we simfoniýalaryň käbiri ýönekeý fuga görnüşinde, käte goşa we hatda üçem fuga görnüşinde ýazylandyr. Muňa keşpleýin mazmuny boýunça çuňňur tragiki üç sesli *f-moll* simfoniýasy mysal bolup biler.

Iki sesli *Es, A, B* inwensiýalary kiçi göwrümli goşa fuga görnüşinde berilýär: temanyň birinji geçişine ýanalýan kontrapunkt soňra hem saklanýar. Iki sesli *E* inwensiýasy – goşa, oktawalaýyn jogaply; üç sesli *f* inwensiýasy üçem fuga bolup, kadadan çykýan bir tapawudy bar – ilkinji beýanynda diňe iki tema (1-2) berilýär, üçünji tema bolsa görkezilmeýär.

Inwensiýalaryň köpüsi birinji bölümi aýdyň tamamlanýan iki bölümli formada ýazylan. Käwagt ikibölümlilik gadymy sonata formasyna ýakynlaşýar, mysal üçin, *F* inwensiýasynda birinji bölümi *G-dur* dominanta tonallygynda tamamlaýan kanonyň dokuz takty, ikinji bölümi tamamlamak üçin esasy tonallyga takyk transponirlenipdir (kömekçi partiýanyň görnüşi). Iki sesli *c-moll* inwensiýasynda iki bölümli forma bilen kanoniki imitasiýa başgaça baglanyşýar: *c* we *Es* tonallyklaryndaky on taktly kanondan soň ýene-de şol kanon *g–B* tonallyklaryndaky oktawanyň goşa kontrapunktunda gaýtalanýar; soňra iki sesli baglaýjy we dört taktly repriza gelýär.

Iki sesli *E* inwensiýasy doly reprizaly we aýdyň araçäkli ýönekeý üç bölümli formada ýazylan. Galan inwensiýalarda üçbölümlilik fugalaryňky ýaly, çäkleri öçügsi berilýär.

Häzirkizaman inwensiýa köpsanly emosional ýagdaýlary janlandyrýar we fakturasy boýunça dürlüdir. Ony romantizm zamanasynda ýüze çykan garmoniki prelýudiýanyň özboluşly polifoniki analogy diýlip hasaplasa bolar. Kompozitorlar öz eserlerini inwensiýa diýlip atlandyrmak bilen, kontrapunkt serişdeleri bilen çözülen oýlaptapyjylygyň aýratyn ähmiýetini nygtap görkezmäge çalyşýarlar. Haçanda inwensiýa uly göwrümli saz formalaryny ulananda (mysal üçin, sonata ýa-da rondo), onuň göwrümine baglylykda bu formalar ýönekeýleşýär. Häzirki döwürdäki sazda inwensiýa – göwrümi boýunça uly bolmadyk, formasy boýunça erkin, bir polifoniki «ideýany» ösdürýän polifoniki instrumental eserdir.

**Derňew üçin mysallar:**

1. Bah. Iki we üç sesli Inwensiýalar.
2. Berg. «Wossek» operasy, 3 akt (6 inwensiýa görnüşinde düzülen).
3. Haçaturýan. «Çagalar albomy», «Gaýane» baletindäki «Adagionyň» täzeden işleneni.
4. Bartok. «Mikrokosmos», №№ 91, 92, 145.
5. Şedrin. «Polifoniki depder», Inwensiýalar.

## § 3. Fuga

Fuga diýlip (latynça «*fuga*» – ylgaw, gaçmaklyk, kowalamak, gaça durmaklyk) temanyň (ýa-da birnäçe temanyň) hemme seslerde köpsanly geçirilişlerine we ösüşine esaslanan polifoniki esere aýdylýar. Ýönekeý (bir temaly) we çylşyrymly (goşalar – iki temaly, üçemler – üç temaly we ş.m.) fugalary tapawutlandyrýarlar.

Fuga inwension polifoniýanyň ýokary derejeli formasy bolup durýar. Ol ýüzýyllyklaryň dowamynda gelýän polifoniki köpsesliligiň ösüşini tamamlapdyr we biziň günlerimize çenli öz ähmiýetini saklap galypdyr. Formasy boýunça fuga üç sany esasy bölüme bölünýär: 1) ekspozisiýa, 2) işlenilme (ýa-da ortaky bölüm) we 3) soňlaýjy (ýa-da repriza). Bu babatda ol, beýleki üç bölümli formalara meňzeş. Kä halatlarda fugada işlenilme bilen soňlaýjy bölümiň arasynda aýdyň araçäk ýok we şonuň üçin ol, iki bölümden ybarat ýalydyr: 1) ekspozisiýa we 2) erkin bölüm.

Ýönekeý fuga hemişe *temanyň* («baştutanyň») bir sesli beýanyndan başlanýar, ol örän gysga, käte ýaýbaň bolup bilýär. Emma öz gysgalygyna garamazdan, fuganyň temasy mazmuny boýunça gutarnykly we bitewidir. Temalar mazmun babatynda dürli görnüşli bolup bilerler. Fugalaryň temalary liriki, çuňňur filosofiki, joşgunly, gamgyn, degişmeli, hyjuwly-dogumly we ş.m. häsiýetli görnüşde gabat gelýär.

Fuganyň temalary, adatça, öz perde funksional gurluşy boýunça kesgitli bolýar. Köplenç, eýýäm onuň başynda perdesini kesgitleýän tonika-dominanta ädimleri berilýär. Tema köp halatlarda taktyň güýçli ýa-da orta güýçli ülşünde tamamlanýar. Ol, bir tarapdan, saz

pikirini tamamlaýan kämil däl kadansy emele getirip, beýleki bir tarapdan hereketiň soňraky işjeň ösüşi üçin mümkinçilik döredýär.

Tema ritmik taýdan, adatça, dürli-dürlüdir. Temasy deň nota dowamlykly, birsydyrgyn ritmiki şekili bilen beýan edilýän fugalarda bu ýagdaý birinji temadan aýdyň tapawut edýän ikinji temanyň ýa-da garşyheňiň berilmegi bilen öwezi doldurylýar.

Temanyň beýanyndan soňra *jogap* (ýa-da «hemra») diýlip atlandyrylan ikinji ses başlanýar. Jogap – temanyň dominanta tonallygyna geçmegi. Real we tonal jogaplary tapawutlandyrýarlar. Real jogap temany dominanta tonallygyna takyk transponirleýär. Tonal jogap, tema bilen jogabyň arasyndaky tonal bitewüligini saklamak maksady bilen ýüze çykýan zerurlygyň esasynda, tema täze üýtgeşmeleri girizýär. Eger temanyň başynda tonika-dominanta ädimleri aýdyň görkezilen bolsa, onda tonal jogapda tonikadan dominanta tarap süýşýän ädime, dominantadan tonika ýa-da tersine bolan ädimler laýyk gelýär.

Eger tema dominanta tonallygyna bolan geçiş bilen tamamlanýan bolsa, onda tonal jogapda dominantadan esasy tonallyga geçýän ters modulýasiýa berilýär.

Jogap ikinji sesde beýan edilýän mahalynda, birinji ses öz hereketini dowam etdirýär we garşyheňi emele getirýär. Garşyheň käwagtlar temadan alnan intonasiýalar esasynda gurulýar, käte bolsa ol ýiti gapma-garşylygy görkezýär.

Köplenç, garşyheň temanyň soňraky geçişlerinde hem oňa hemra bolýar. Şeýle garşyheň saklanan diýlip atlandyrylýar. Bu geçişleriň dowamynda ol tema bilen ýerini çalşyp, üýtgäp bilýär. Şonuň üçin saklanan garşyheň düzülende süýşýän kontrapunktlary ulanmak zerurdyr.

Kä ýagdaýlarda tema bilen garşyheňiň arasynda gysgajyk heň öwrümi berilýär, ol ýaňy ýaňlanan tema bilen başlanýan jogabyň arasyndaky düýpli arabaglanyşyga ýardam berýär. Şunuň ýaly baglaýjy *kodetta* diýlip atlandyrylýar.

Fuganyň ekspozisiýasy we kontrekspozisiýasy ähli seslerde temanyň (ýa-da jogabyň) yzygiderli geçirilişinden ybarat. Köp ýagdaýlarda bu – temanyň we jogabyň gezekleşmegidir. Köplenç, temanyň goşmaça geçirmeleri hem berilýär. Şeýle ekspozisiýa *aşan* ýa-da *giňeldilen* diýlip atlandyrylýar. Mysal üçin, I. S. Bahyň

OTK-nyň birinji tomunyň üç sesli *Es-dur* fugasynda tema ilki hemme sesde ýokardan aşak yzygiderli ýaňlanýar, soňra hem ýokarky sesde goşmaça berilýär.

Käwagt tema we jogap hemme sesde ikinji gezek berilýär. Fuganyň şeýle bölümi kontrekspozisiýa diýlip atlandyrylýar. Kontrekspozisiýada sesler ozal temany beýan eden bolsalar jogaby geçirýärler ýa-da tersine (mysal üçin, I. S. Bahyň OTK-nyň birinji tomunyň *E-dur* fugasynda).

Temanyň aýratyn geçirmeleri öz aralarynda *intermediýalar* bilen baglanýar. Olaryň kompozision ähmiýeti köpdürlüdir. Kähalatlarda olar temanyň dürli geçirmeleriniň arasyndaky ýönekeý baglaýjy bolup hyzmat edýärler, käwagt bolsa tematik materialynyň ösüşinde özbaşdak rol oýnaýarlar, uly masştablara ýetýärler we uly möçberde tutuş fuganyň formasyna täsir edýärler. Intermediýalar, köplenç, temanyň ýa-da garşyheňiň materialy esasynda düzülýär we modulirleýän ädimler, sekwensiýalar, kanoniki sekwensiýalar we ş.m. görnüşinde beýan edilýärler. Ekspozisiýa haýsy hem bolsa bir golaý tonallyklaryň birine geçýän intermediýa bilen tamamlanýar. Köp halatlarda bu esasy tonallyga parallel bolan tonallykdyr.

Işlenilme – fuganyň has ösdürimli, dinamiki bölümi, onda polifonik ösüşiň dürli usullary ulanylýar. Eger-de ekspozisiýanyň formasy aram berk kadalarda saklanýan bolsa, onda ortaky bölümiň formalary örän köpgörnüşlidir.

Fuganyň ortaky bölüminde tonal işlenilme uly rol oýnaýar. Adatça, bu ýerde tema (köplenç, saklanan garşyheň bilen) golaý tonallyklarda geçirilýär, perde ugrunyň çalyşmagy bilen täze öwüşgine eýe bolýar: mažor temasy minorda ýaňlanýar ýa-da tersine. Işlenilmäniň ahyrynda, adatça, esasy tamamlaýjy bölümine getirýän subdominanta tonallyklary peýda bolýar.

Şeýlelikde, fugadaky tonal işlenilmesi sonata formasynyň işlenilmesini öňünden mälim etdi we uly möçberde onuň häsiýetine täsir etdi.

Emma, tonal taýdan durnukly fugalar hem gabat gelýär. Şeýle fugalaryň işlenilmesinde, esasan, inwension ýazuwyň dürli usullary ulanylýar. Tema ulaldylan (mysal üçin, I/*es* fugasynda, 62–72-nji tt.), kemeldilen (mysal üçin, II/*E* fugasynda, 26–30-njy tt.), ters hereket-

li (mysal üçin, I/*fis* fugasynda, 20–23-nji tt. we 32–35-nji tt. ýa-da II/*d* fugasynda, 17–18-nji tt.) görnüşlerde berilýär we ş.m.

Köplenç, işlenilmede süýşýän kontrapunktlar ulanylýar: dikligine, keseligine we iki taraplaýyn süýşýän, öwrülen kontrapunktlar we ş.m. Mysal üçin, II/*g* fugasynda işlenilmedäki tema we onuň saklanan kontrapunkty oktawanyň kontrapunktundan başga, duodesimanyň (28–30-njy tt.), desimanyň kontrapunktunda (36–38-nji tt.), şeýle-de başga has çylşyrymly kontrapunktlarda görkezilýär. II/*As* fugasynyň 37–38-nji taktlarynda ikitaraplaýyn süýşýän kontrapunkt ulanylypdyr, onuň kömegi bilen garşyheň wagt ölçeginde bir çärýeklik öňe süýşýär.

Käwagt işlenilmedäki tema perdäniň dürli basgançaklaryndan geçirilýär. Mysal üçin, D. Şostakowiçiň «24 prelýudiýasy we fugasyndan» *C-dur* fugasynda tema hemme basgançaklaryndan, VII we IV basgançaklary hem hasaba alanyňda, imitirlenýär, şonuň üçin ol seýrek duşýan perdelerde beýan edilýär: lokriý (47–55-nji tt.) we lidiý (87–95-nji tt.).

Ortaky bölümde *stretta* uly ähmiýete eýe bolýar (italýança «*stretta*» – gysylma). Ol temany gysylan görnüşinde görkezýär. Onda temany beýan edýän her bir ses ozalky ses tamamlanmanka başlanýar. Eger ozalky ses şonuň bilen birlikde temany ahyryna çenli eltýän bolsa, onda kanon emele gelýär.

Kämahal strettada tema birbada adaty görnüşde we ulaldylan, öwrülen görnüşde geçýär.

Soňlaýjy bölüm (oňa repriza hem diýilýär) tematiki we tonal taýdan fuganyň bütin formasynyň ösüşini jemleýär. Ekspozisiýadaky tonika-dominanta gatnaşyklary bu ýerde ýa-ha tonika-subdominanta gatnaşyklary bilen çalyşýar, ýa-da tutuş bölüm diňe esasy tonallykda geçýär. Bu ýerde strettalar we fuganyň ähli ozalky ösüşini tamamlaýan tonikadaky organ punktlar seýrek gabat gelmeýär (I/*C,* I/*c,* I/*cis,* II/*Cis* fugalaryna we başg. ser.). Şeýle seredeniňde bolsa, bütin soňlaýjy bölüm, adatça, gysylan görnüşde berilýär.

Köplenç, ortaky we soňlaýjy bölümleriň arasyndaky araçäkleri aýdyň däl we şonuň üçin repriza, gös-göni işlenilmeden çykýar (mysal üçin, I/*d* fugasyndaky ýaly).

Fuganyň formasy erkin – ýagny, onuň gurluşynyň diňe has umumy ýörelgeleri bar. Her fuganyň anyk, konkret kompozision çözgüdi indiwidualdyr.

XVIII asyryň birinji ýarymynyň nusgawy fugasyndan ozal ekspozisiýadan we onuň wariantlaryndan-kontrekspozisiýalaryndan gurulýan fugalar bolupdyr. I. S. Bahyň we G. Gendeliň döwründe fuga modulýasiýa prosesi arkaly kämilleşýär (öň I. Pahelbel, D. Bukstehude tarapyndan tejribe geçirilipdir). Tonal herekete esaslanan formalaryň, esasy tonallyga dolanmaklygy (ýagny, repriza) meýilleşdirýändigi üçin, fugadaky tonal-garmoniki ösüşiň güýçlenmegi bilen, onuň polifoniki däl reprizaly formalary bilen bolan gatnaşygy ýygjamlaşypdyr.

I. S. Bahyň fugalarynda gurluşyň iki sany esasy – üç we iki bölümli görnüşi tapawutlandyrylýar . Şeýle-de başga formalar, şol sanda, öz döreýşinde ýeke-täk bolan meýilnama boýunça gurlanlar hem bar.

*Fuganyň üç bölümli formasyny* bölümleriň garmonik we gurluş taýdan ösenligi, olaryň aýdyň araçäklenmegi we takmynan deňligi (mysal üçin, I/*c* fugasynda bölümleriň dowamy: 25+21+30 taktlara deň) tapawutlandyrýar. Käbir fugalarda soňlaýjy bölüm giňeldilmeleriň we goşmaçalaryň esasynda has dowamly bolýar (II/*C*) ýa goşmaça jogabyň (mysal üçin, II/*A'*da subdominantada), ýa ýaýbaň intermediýanyň (II/*F,* II/*f*) hasabyna uzaldylýar. Başga fugalarda – käte ähmiýetli – goşmaça geçirmeler ýa-da kontrekspozisiýalaryň girizilmegi bilen uzalýar, mysal üçin, I/*G* fugasyndaky ýaly (19+18) + 32 + 17.

Ösdüriji we tamamlaýjy bölümleri iki gezek (I/*Cis*) ýa-da üç gezek (II/*D,* II/*b*) ýüze çykýan üç bölümli fugalar rondo görnüşli diýlip atlandyrylýar.

*Fuganyň iki bölümli* formasy köp ýagdaýlarda gadymy iki bölümli forma ýakyn bolan gurluş meýilnamasy esasynda kesgitlenilýär. Iki bölümli formanyň alamatlary: bölümleriň takmynan deň dowamy (ikinjisi käwagt ulurak); ekspozisiýa bölüminiň takmynan formanyň ortaragynda takyk tamamlanmagy; ikinji bölüm ösdüriji (subdominantanyň ýa-da ondan soň gelýän kadensiýanyň agalyk et-

megi bilen) we tamamlaýjy (I/*H: 17+(8+8);* I/*fis;* I/*F;* II/*Es*) böleklerden ybaratdyr.

Iki we üç bölümli formanyň alamatlarynyň gatyşýan ýagdaýlaryda seýrek däldir. Meselem, II/*G* 23+(22+27) we I/*B* 21+(15+12) fugalarynda iki bölümli garmonik meýilnama üç bölümli formanyň proporsiýalary bilen goşulyşýar.

Öz aslynda ýeke-täk bolan kompozision ideýa bilen ugrukdyrylýan *aýry formalar* I. S. Bahyň döredijiliginde köp gabat gelýär. Şeýle fugalardan *I/C* fugasynyň üýtgeşik, unikal iki bölümliligini (7–14-nji we 14–19–27-nji tt.); II/*c* fugasynyň iki bölümi olaryň hersinde ulanylýan tehnikanyň dürlüligi bilen kesgitlenýär; I/*d* fugasyna gadymy sonata formasynyň alamatlary mahsusdyr; II/*E* fugasynyň formasy stretta-wariasiýalaryň rondo görnüşli hatary esasynda gurlan. Ol bitewüligi riçerkara ýakynlaşdyrýar.

Özboluşly görnüşli fugalaryň hataryna *bir tonallykly* (käte bir perdeli diýlip atlandyrylýan) fuga hem goşulyp biler, ol temanyň diňe esasy tonallykda we jogabyň diňe dominantada geçirilmegi esasynda gurulýar; mundan başga, onda sowulmalar girizilip biler we tema subdominantada geçip biler (mysal üçin, Contrapunktus 1 – 32–36-njy tt., tersleýin repriza – 74–78-nji tt.). Bir tonallykly fugalaryň formasy esasan üç ýa-da iki bölümli. Ösüş esasan temany üýtgetmegiň dürli usullaryndan (II/*c,* I/*fis*), onuň kontrapunktiki özgermesinden (II/*Es – strettalar,* II/*d – öwrülme*) ybarat; irki organ nusgalarynda akkordly-garmonik başlangyjy güýçlendirilýär (*c-moll* BWV 549 we 575, Bd. IV). Bir tonallykly fuga XVIII asyryň birinji ýarymynda eýýäm könelişen bolmaly, şonuň üçin I. S. Bah oňa diňe käwagt ýüzlenipdir; soňra ol has seýrek gabat gelýär.

Esasynda iki, has seýrek ýagdaýlarda üç, dört temasy bolan köptemaly fuga indiki görnüşlerde bolup bilýär: çylşyrymly fuga, birnäçe tema düzülen fuga, horala düzülen fuga.

*Çylşyrymly fugada* (iki temaly – goşa, üç temaly – üçem) hökmany suratda haýsydyr bir bölümde temalaryň birleşmesi bolup geçýär. *Bilelikdäki ekspozisiýaly* formada temalar birlikde ýaňlanýar, hersi – tema ýa-da jogap görnüşinde – ähli seslerde geçýär. Birinji temany has aýdyň görkezmek üçin, ikinji tema, adatça, hereketliräk we kän bir özbaşdak däl; temalaryň ikisiniň hem başlanyş pursady deň däl. Şular

ýaly ekspozisiýanyň nusgawy görnüşi – W.A. Mosartyň Rekwiýemindäki fugada bar. *Aýry ekspozisiýaly* formalar has giň ýaýrapdyr, bu ýerde temalar has tapawutlanyp biler. Ikinji we üçünji temalaryň ilkinji beýany, köplenç, berk düzgünleri däl: tema hemme sesde geçirilenok, ol jogapdan başlanyp bilýär we ş.m. Fuga ekspozisiýa bölümleriniň yzygiderligi hökmünde (käwagt olaryň çäginden çykyp), bilelikdäki soňlaýjy bölüminiň hem goşulmagy bilen gurulýar (II/*gis*).

Temalary girizmegiň başga usullary-da bar. Mysal üçin, II/*cis* fugasynda ikinji temanyň ekspozisiýasy formada tutýan ornuna görä ösdüriji bölüme gabat gelýär (35 t.); I/*cis* fugasynda birinji tema ikinji we üçünji tema beýan edilende öçürilmeýär; L.wan Bethoweniň Diabelliniň temasyna ýazan wariasiýalaryndaky dördünji fugada temalar goşa-goşadan geçirilýär.

Umuman, çylşyrymly fugalara üç bölümli gurluş mahsus bolup durýar. Formany çylşyrymlaşdyrmaga bolan meýil aýdyň görünýär (mysal üçin, II/*cis* fugasynda birinji bölüm – üç, II/*gis* fugasynda – iki bölümli fuga bolup, şunuň bilen birlikde iki nusga hem çylşyrymly motiw işi bilen bellenen). XX asyryň çylşyrymly fugalarynda birinji we ikinji temalar, käteler sonata formasynyň esasy we kömekçi partiýalaryna kybapdaş.

*Mysallar:*

Bilelikdäki ekspozisiýaly fugalar: goşalar – *h-moll* Organ BWV579, Bd, IV; *c-moll* Organ passakaliýasy BWV 582. Bd, 1; S. Taneýew, *gis-moll* Prelýudiýasy we fugasy op, 29; «Psalm okalandan soňra», № 4; üçemler – Prelýudiýa I/*A*; üç sesli Simfoniýa *f-moll*; S. Taneýew, «Prometeý» hory op. 27.

Aýry ekspozisiýaly fugalar: goşalar – organ *c-moll* BWV 546, Bd. 11 we BWV 574, Bd, IV; A. Glazunow, op. 101 *a-moll*, *cis-moll*, *c-moll* fugalary; N. Mýaskowskiý, Polifoniki sudurlary op. 78, *b-moll*, *fis-moll* fugalary; D. Şostakowiç, *e-moll*, *d-moll* fugalary; P. Hindemit, Ludus tonalis, Fuga in A; I. Strawinskiý, «Psalmlar simfoniýasy», b.11; üçemler – II/*fis*, *Es-du*r Organ fugasy BWV 552, Bd III; Contrapunctus XV; S. Taneýew, «Psalm okalandan soňra»; P. Hindemit, Ludus tonalis, Fuga in C.

*Birnäçe temaly fugalar* çylşyrymlylaryň hataryna girenok, sebäbi temalar kontrapunktirlemeýär (bilelikde geçirilenok). Forma dürli

temaly ekspozisiýalar hökmünde gurulýar, olaryň arasy käte improwizasion intermediýalar bilen bölünýär (D. Bukstehude, *fis-moll*, *E-dur* Organ fugalary). Bu gadymy forma I. S. Bah seýrek ýüzlenipdir; ýöne şonda-da oňa *Aus tiefer Not horalynyň* organ üçin täzeden işlenilmegi BWV 686, Bd. VI degişlidir (bäş ekspozisiýadan ybarat bolan alty sesli fuga, olaryň her biri horalyň jümleleriniň birine gurlandyr).

*Horala düzülen fuga* – fuganyň bir görnüşi, onda özbaşdak temaly fuga *cantus firmus* bilen bilelikde geçirilýär; *cantus firmus*, intermediýalarda ýa-da soňlaýjy bölümlerde has işjeň fuganyň ýerliginde tapawutlanyp, iri dowamlylyklar bilen geçirilýär. Fuganyň bir görnüşi organ horallarynyň täzeden işlenilmeleriniň arasynda gabat gelýär (BWV 713); şeýle-de, *h-moll* Messasynda, *Confiteor* horala düzülen goşa fuga ser. Has giçki we seýrek nusgalardan iň ajaýyplarynyň sanyna «Ioann Damaskin» kantatasyndaky fuga degişlidir.

Fugalaryň ulanylyşy uniwersaldyr. Ol:

a) özbaşdak instrumental ýa-da hor eseri;

b) instrumental ýa-da wokal-simfoniki toplumynyň bir bölümi;

ç) has uly formanyň bölümi;

d) fuganyň şol ýa-da başga aýratynlyklary ulanylan eser (mysal üçin, XVII asyryň birinji ýarymyndan –XVIII asyryň žigasynda) bolup biler.

*Mysallar:*

a) XVII asyryň ikinji ýarymyndan başlap, fugany giriş eserli iki bölümli toplumda ulanmak adaty ýörgünli bolup başlaýar (D. Bukstehude, *e-moll* Organ prelýudiýasy we fugasy; I. S. Bah, Hromatiki fantaziýa we fuga; W. A. Mosart, kirişliler üçin *c-moll* Adažiosy we fugasy k. 546; A. Haçaturýan, Ýedi reçitatiw we fuga). Kä eserlerde pýesa fuganyň öň ýanyndan däl-de, onuň içinde berilýär (*d-moll* Organ tokkatasy). Üç bölümli toplumlar hem gabat gelýär (S. Frank, Prelýudiýa, Horal we fuga).

Prelýudiýalar we fugalar uly toplumy emele getirýärler: olara OTK-nyň iki tomy, XX asyrda – P. Hindemitiň, D. Şostakowiçiň, R. Şedriniň we başgalaryň toplumlary degişlidir.

b) Fuga messanyň, oratoriýanyň, kantatanyň, *concerto grosso* (№4 Brandenburg konserti) görnüşli eseriň, sonata-simfoniki toplumyň (adatça, final), sýuitanyň (P. Çaýkowskiý, orkestr üçin №1

sýuita) bir bölümi bolup biler. XIX–XX asyrlarda fuga opera girizilýär (M. Glinka, J. Werdi, R. Wagner, A. Berg, D. Şostakowiç).

ç) XVII–XVIII asyrlarda fuga ýa-da fugato uwertýura (Ž. Lýulli, G. F. Gendel, I. S. Bah) girizilipdir, uly wariasion toplumlarda ol, köplenç, umumylaşdyryjy finalyň işini ýerine ýetirýär (I. Brams, G. F. Gendeliň temasyna wariasiýalar we fuga). Erkin formaly bir bölümli eserlerde ýa-da sonata-simfoniki toplumyň içinde fuga hemişe merkezi orny eýeleýär (F. List, Dante simfoniýasy; S. Rahmaninow, Simfoniýa № 3, final; N. Mýaskowskiý, Simfoniýa № 10).

Edebiýatda eserleriň uly bölümleriniň bölekleri, dürli parçalary fuga formasynda beýan edilen nusgalaryna gabat gelmek bolýar. Mysallar: N. Mýaskowskiniň № 13 kwartetiniň 1-nji bölüminiň kömekçi partiýasy, A. Glazunowyň № 2 sonatasynyň finalynyň baş partiýasynyň reprizasy we ş.m.

**Derňew üçin mysallar:**

*Fuganyň esasy kompozision elementleri we gurluşy*

1. Bah. «Oňat temperirlenen klawir», I-II tomlar; «Fuga sungaty»; «Saz sowgady».
2. Gendel. Klawir üçin 6 fuga.
3. Şuman. BACH temasyna 6 fuga.
4. Mendelson. Fugalar.
5. Glazunow. Fugalar.
6. Hindemit. Ludus tonalis.
7. Şostakowiç. «24 prelýudiýa we fuga»; «Tokaýlar hakynda aýdym» («Песнь о лесах»), fuga; Kwintet, fuga.
8. Şedrin. «24 prelýudiýa we fuga».
9. Muşel. «24 prelýudiýa we fuga».

**Çylşyrymly fugalar**

*Bilelikdäki ekspozisiýaly fugalar:*

*a) goşa fugalar*

1. Bah. Organ üçin fuga *h-moll*, BWV 579, Bd. IV; Organ üçin Passakaliýa *c-moll*, BWV 582, Bd. I.
2. Gendel. «Izrail Ýegipetde» oratoriýasy, № 10; Klawir üçin 6 fuga: fuga № 3.
3. Mosart. «Rekwiýem», «Kyrie».

4. Taneýew. *gis-moll* Prelýudiýasy we fugasy op. 29; «Psalm okalandan soňra», № 4.

*b) üçem fugalar*

1. Bah. Prelýudiýa I /*A*; Üç sesli Sinfoniýa *f-moll*.

2. Taneýew. «Prometeý» hory op. 27.

*ç) dördem fugalar*

Taneýew. «Psalm okalandan soňra», final.

**Aýry ekspozisiýaly fugalar:**

*a) goşa fugalar*

1. Bah. Organ üçin fuga *c-moll* BWV 546, Bd. II; Organ üçin fuga BWV 574, Bd. IV; II/*gis*; Kantata № 24, № 3.

2. Gendel. «Baltasar» oratoriýasy, № 18; «Izrail Ýegipetde» oratoriýasy, № 12.

3. Mosart. Missa brewis, №7.

4. Bethowen. Fortepiano üçin sonata, № 29, final.

5. Glazunow. Op. 101, *a-moll, cis-moll, c-moll* fugalary.

6. Mýaskowskiý. «Полифонические наброски» op. 78, *b-moll*, *fis-moll* fugalary.

7. Şostakowiç. *e-moll, d-moll* fugalary.

8. Hindemit. Ludus tonalis, Fuga in *A*.

9. Strawinskiý. «Psalmlar simfoniýasy», II b.

*b) üçem fugalar*

1. Bah. II/*fis* Organ üçin fuga *Es-dur*; BWV 552, Bd. III; Contrapunctus XV.

2. Taneýew. Kwintet op. 16; Kirişli kwintet op. 14, final, 10-njy wariasiýa; «Psalm okalandan soňra», № 3.

3. Hindemit. Ludus tonalis, Fuga in *C*.

**Garyşyk görnüşli çylşyrymly fugalar:**

1. Bah. I/*cis*.

2. Bethowen. «Diabelliň temasyna wariasiýalar» op. 120.

3. Mýaskowskiý. Simfoniýa № 10, işlenilme bölümi.

**Birnäçe temaly fugalar**

1. Bukstehude. *E-dur, fis-moll* organ fugalary.

2. Bah. Axs tiefer Not horalyň organ üçin täzeden işlenilmegi BWV 686, Bd. VI (bäş ekspozisiýaly fuga).

**Horala düzülen fugalar**

1. Bah. «Jesu, meine Freude» horalyň organ üçin täzeden işlenilmegi, BWV713; Messa *h-moll*, Confiteor horala düzülen fuga №19; Organeserleri, t. VI, №11, 21, 33, 34; Motet № 4, 77-154 tt.

2. Mendelson. Organ üçin sonata № 3.

3. Taneýew. «Ioann Damaskin» kantatasy, final.

4. Frank. «Prelýudiýa, horal we fuga».

5. Muşel. «24 prelýudiýa we fuga», fuga № 15 *H-dur*.

## § 4. Fugetta

«Fugetta» adalgasyny takyk kesgitlenmedik diýlip hasaplap bolar. Italýançada «fugetta», sözme-söz terjime edileninde, kiçijek fuga diýen manyny berýär.

Fugetta – bu çeper keşp mazmuny, kompozision tärleri we fakturasy boýunça biraz ýönekeý fugadyr. Adatça, fugetta organ we fortepiano üçin ýazylýar. Başga ýerine ýetiriji toparlary üçin ýazylanlary seýrek gabat gelýär (N. Rimskiý-Korsakowyň «Царская невеста» operasyndan «Слаще мёду ласковое слово»).

Käbir ýagdaýlarda dogrudan hem kiçijek fugany fugetta diýlip atlandyrýarlar, käte bolsa kän bir agras bolmadyk häsiýetli fuga aýdylýar. I. Ý. Pustylnigiň belleýşi ýaly, «… esas diňe bir fugettanyň göwrümine baglananok, ol käte fugadan-da uzak bolup biler (mysal üçin, I. S. Bahyň «Kiçijek prelýudiýalary we fugalaryndan» *c-moll* fugettasy ýaly), emma formanyň umumy ösüşiniň kän bir çylşyrymly däldigine baglanýar; adatça, fugettada temalaryň geçirilişi, ortaky bölümiň goýberilmesi we ş.m. az bolýar»[1]. Mysal üçin, I. S. Bahyň «Kiçijek prelýudiýalary we fugalaryndan» *d-moll* fugettasynda temanyň dört gezek geçirilmeginden ybarat bolan ekspozisiýadan soň, üç gezek subdominanta tonallygynda geçirilen tema esaslanan uzak bolmadyk işlenilme bölümi ýerleşýär. Işlenilme bölümi temany iki gezek esasy tonallykda görkezýän gysgajyk soňlaýjy bölümine geçýär.

Fugettalaryň umumy alamaty (fugetta diýlip atlandyrylan käbir horal prelýudiýalardan başga) – doly özbaşdaklyk we formanyň gu-

[1] Музыкальная форма. Под. ред. Ю. Тюлина. М., 1974. с. 300.

tarnyklygy bolup durýar, şuňa görä hem her bir fugetta – özbaşdak eserdir.

Düzgün bolşy ýaly, fugettada ähmiýetli saz pikirleriniň çylşyrymly ösüşi ýok, onuň hereketi aram, rahat, köplenç oýlandyryjy (I. Pahelbeliň organ üçin horal täzeden işlenilmeleri), liriki-oýlandyryjy (I. S. Bahyň *d-moll* fugettasy, BWV 899), kä wagt skerso häsiýetli (I. S. Bahyň *G-dur* fugettasy, BWV 902); şunuň bilen fugettalaryň temalarynyň keşbi kesgitlenýär – adatça, uly bolmadyk we akgynly görnüşli; aýdymlaryň heňleriniň ulanylmagy mahsus (N. Rimskiý-Korsakowyň rus temalaryna fortepiano üçin üç fugettasy, D. Kabalewskiniň «Летним утром на лужайке» atly fortepiano prelýudiýasy we fugasy op. 61).

Ýokarda bellenilişi ýaly, köp halatlarda eseriň göwrümi kiçi bolany üçin fugetta diýlip atlandyrylýar. Emma «fugetta» we «kiçijek fuga» adalgalaryň sinonim hökmünde düşünilmegi hemişe dogry gelenok (I. S. Bahyň «OTK-nyň» ikinji tomundaky *c-moll* fugasynda jemi 28 takt bar; G. F. Gendeliň № 3 *D-dur* klawir fugasynda – 100 takt). Fugettanyň, fuganyň we kiçijek fuganyň arasynda takyk araçäk geçirip bolmaýar (R. Şumanyň № 4 op.126 fortepiano fugettasy hakykatda fuga; N. Mýaskowskiniň op.43 fugalary fugettalara meňzeş).

Aslynda, fugettalar «uly» fugalar ýaly gurulýar (G. F. Gendeliň klawir üçin № 4 *G-dur* fugettasy, I. Pahelbeliň horalyna organ fugettasy), emma olar göwrümi boýunça kiçiräk. Ekspozisiýalar has doly we durnukly görnüşde gurulan. Formanyň ösdüriji bölümi kän bir uly bolmaýar – temanyň girişmeleriniň bir toparyndan köp däl; köp halatlarda kompozitorlar sekwent ýa-da imitasion intermediýa ýeterlik diýlip hasap edýärler (I. S. Bahyň «Allein Gott in der Hoh sei Her» organ-horal fugettasy, BWV 677). Formanyň soňlaýjy bölümi, köplenç ýagdaýlarda, temanyň ýeketäk geçirilmegi bilen çäklenýär (M. Çýurlýonisiň op. 9 № 3 *h-moll* fortepiano fugettasy).

Çylşyrymly kontrapunkt usullary gadagan edilmese-de (G. Gendeliň № 4 *C-dur* fugettasynda gutarnyksyz kanon, 10–15-nji taktlar, R. Şedriniň fortepiano üçin «Polifoniki depderindäki» fugettada temanyň öwrülmegi, A. Arenskiniň fortepiano üçin *d-moll* fugettasynda), fugettalar üçin imitasiýanyň ýönekeý görnüşleri kadalydyr.

Fugetta özbaşdak eser (I. S. Bahyň *c-moll* fugettasy, BWV 961), wariasiýa (I. S. Bahyň № 9, № 16, № 24 «Goldberg wariasiýalarynda», L. wan Bethoweniň «Diabelliniň walsynyň temasyna wariasiýalarda», N. Rimskiý-Korsakowyň «Parafrazalarynda» BACH temasyna fugetta), toplumyň bir bölümi (Ledenýowyň organ üçin op. 20 «Mini-sýuitasynda») hökmünde gabat gelýär. Fugetta has uly göwrümli bitewüligiň aýratyn bölümi bolup biler diýen pikir bar (Praut), emma şeýle ýagdaýlarda fugetta fugatodan kän tapawutlanmaýar. Fugettanyň öň ýanynda, köplenç, giriş eseri – prelýudiýa ýa-da fantaziýa berilýär (I. S. Bahyň *B-dur*, *D-dur* fantaziýalary we fugetta, BWV 907, 908). Käte fugettalar ýygyndylara ýa-da toplumlara jemlenýär (I. S. Bahyň prelýudiýalary we fugettalary, BWV 899 – 902, G. Gendeliň organ ýa-da klawesin üçin alty fugasy op.3, R. Şumanyň fortepiano üçin dört fugettasy op.12).

XVII asyrda we XVIII asyryň birinji ýarymynda organ fugettasy horal heňleriň (adatça, diňe manuallar) täzeden işlenilen görnüşinde köp we dürli hilli ulanylypdyr (I. Pahelbel, I. K. Fişer, I. K. Bah, I. G. Walter). Kämil nusgalary I. S. Baha degişlidir («Klawir gönükmeleriniň» üçünji bölüminden käbir organ fugettalary uly horal täzeden işlenilmeleriniň has ýönekeý manual wariantlary bolup durýar; mysal üçin, «Dies sind die heilgen zehn Gebot» BWV 678 we 679). Organ üçin kiçijek prelýudiýalary we fugalary (BWV 553 – 560) we klawir üçin fugettalary I. S. Bah pedagogik maksady üçin niýetläpdir. XVII–XIX asyrlaryň ikinji ýarymynyň kompozitorlary (I. S. Bah, L. wan Bethowen, A. Reýha, R. Şuman, N. Rimskiý-Korsakow) fugetta has seýrek ýüzlenipdirler; XX asyrda ol instruktiw-pedagogiki repertuarynda giňden ýaýrapdyr (S. Maýkapar, A. Gedike we başgalar).

**Derňew üçin mysallar:**

1. Bah. Kiçi prelýudiýalar we fugalar; Horalyň organ üçin täzeden işlenilmegi BWV 677, Bd. VI №10.
2. Gendel. Kiçi fuga №1 *C dur*; Alty sany kiçi fuga op. 3.
3. Bethowen. «Diabelliň temasyna wariasiýalar».
4. Şuman. Fugettalar op. 126.
5. Şedrin. «Polifoniki depder», Fugetta.

6. Rimskiý-Korsakow. «Rus temalaryna üç sany fugetta»; «Царская невеста», «Майская ночь», fragmentler.

7. Mýaskowskiý. Simfoniýa № 21, s. 24 (işlenilme bölüminiň bölegi).

## § 5. Fugato

Fugato (ital. *«fugato»* – fugirlenen, fuga görnüşli, fuga meňzeş) – temanyň (köplenç hem ösüşiň) beýan ediliş usuly boýunça fuga ýakyn imitasion forma. Fugatonyň, fugadan tapawutlylykda, aýdyň görkezilen polifoniki reprizasy ýok. Ol, düzgün boýunça, has uly göwrümli bitewüligiň bölümi hökmünde ulanylýar. Temanyň takyk beýany, sesleriň başlanyşynyň imitasiýasy we polifoniki fakturanyň kem-kemden dykyzlanmagy – fugatonyň esasy aýratynlyklarydyr. Diňe şu aýratynlyklary bar bolan imitasiýalar fugato diýlip atlandyrylyp bilner, olaryň bolmadyk ýagdaýynda «fugirlenen beýan» diýen adalga ulanylýar.

Fugato – formasy boýunça fuga görä, berk düzgünli däldir: sesleriň sany durnuksyz bolup biler (S. Taneýewiň *c-moll* simfoniýasynyň birinji bölümi, 12-nji belgi), tema hemme seslerde geçmän biler (L. wan Bethoweniň «Dabaraly messasyndan» Credonyň başy) ýa-da garşyheň bilen bilelikde berlip biler (N. Mýaskowskiniň №21 simfoniýasy, 1-nji belgi). Temanyň we jogabyň kwarta-kwinta gatnaşygy mahsusdyr, emma gaýraçekilmeler az däl (R. Wagneriň «Nýurnbergli meýsterzingerler» operasynyň üçünji perdesine giriş; D. Şostakowiçiň 5-nji simfoiýasynyň birinji bölümi, 17–19-njy belgiler).

Gurluşy boýunça fugatolar dürlüdir. Köp eserlerde fuganyň has durnukly bölümi – ekspozisiýa berilýär. Şunuň bilen birlikde-de, öňünden gelýän sazdan aýdyň tapawutlandyrýan, fugatonyň bir sesli takyk başlanyşy soňlama bilen gapma-garşy bolýar. Bu soňlama haýsy-da bolsa, köplenç, polifoniki bolmadyk bir dowamdan çäklendirilmeýär (L.wan Bethoweniň № 6 fortepiano sonatasynyň finaly, № 1 simfoniýasynyň ikinji bölümi).

Ekspozisiýadan başga, fugatoda fuganyň ösüş bölümine kybapdaş bolan bölüm saklanyp biler (P. Çaýkowskiniň № 2 kwartetiniň finaly, 32-nji belgi), soňra ol, adatça, sonatanyň işlenilme bölümine öwrülýär (S. Frankyň *D-dur* kwartetiniň birinji bölümi). Kämahal fugato durnuksyz gurluş hökmünde garalýar (P. Çaýkowskiniň № 6

simfoniýasynyň birinji bölüminiň başyndaky goşa fugato: *d-moll – a-moll – e-moll – h-moll*).

Fugatoda çylşyrymly kontrapunktiki usullaryň ulanylyşy gadagan edilenok (N. Mýaskowskiniň № 5 simfoniýasynyň saklanan garşyheňli fugatosy, 13-nji belgi; N. Rimskiý-Korsakowyň «Майская ночь» («Maý gijesi») atly operasynyň ikinji perdesinden «Пусть узнают, что значит власть» fugatosynda stretta; L. wan Bethoweniň № 7 simfoniýasynyň ikinji bölüminden goşa fugato; R. Wagneriň «Nýurnbergli meýsterzingerler» operasyna uwertýurada üçem fugato, 138 takt; W. A. Mosartyň *C-dur* «Ýupiter» simfoniýasynyň finalyndaky bäşem fugato. Emma ýönekeý imitasion formalar kadadyr.

Eger-de fuga ösüşiň dolulygy bilen we keşbiň çeper özbaşdaklygy bilen tapawutlansa, onda fugato eserde tabyn rola eýe bolýar we onuň «içine» ornaşýar. Sonata formasynyň işlenilme bölüminde fugatonyň ulanylmagy has mahsusdyr: imitasiýanyň dinamiki mümkinçilikleri täze temanyň ýa-da bölümiň kulminasiýasyny taýýarlamakda hyzmat edýärler; fugato işlenilme bölüminiň giriş böleginde (W. Kalinnikowyň № 1 simfoniýasynyň birinji bölüminde) ýa-da predykt böleklerinde ýerleşip biler (L. wan Bethoweniň fortepiano we orkestr üçin № 4 konsertiniň birinji bölümi).

Esasy partiýanyň aýdyň, takyk motiwleri temanyň esasy bolup hyzmat edýär (kömekçi partiýanyň mylaýym, aýdym häsiýetli temalary, köplenç, kanoniki işlenilýär).

Umuman, fugato saz eseriniň islendik bölüminde ulanylýar: temanyň beýanynda we ösüşinde (W. A. Mosartyň «Jadyly fleýta» operasyna uwertýuradaky Allegro; B. Smetananyň «Satylan gelinlik» operasynyň uwertýurasynda esasy partiýa), epizodda (S. Prokofýewiň № 5 simfoniýasynyň finaly, 93-nji belgi), reprizada (F. Listiň *h-moll* fortepiano sonatasy), solo kadensiýalarda (A. Glazunowyň skripka we orkestr üçin konserti), girişde (A. Glazunowyň № 5 kirişli kwartetiniň birinji bölümi) we kodada (G. Berliozyň «Romeo we Julýetta» simfoniýasynyň birinji bölümi), çylşyrymly üç bölümli formanyň ortaky bölüminde (N. Rimskiý-Korsakowyň «Şa gelinligi» operasynyň birinji hereketinden Grýaznoýyň ariýasy), rondoda (I. S. Bahyň «Matfeý boýunça hasratlar» № 36). Fugato formasynda opera leýtmotiwi beýan edilip biler (J. Werdiniň operasynyň girişinde «žresleriň temasy»), opera sahnasy gurnalyp biler (A. Borodiniň

«Knýaz Igor» operasynyň üçünji perdesinden № 20 sahna). Käwagt fugato – wariasiýalaryň biri (I.S.Bahyň «Goldberg wariasiýalaryndan» № 22; N. Rimskiý-Korsakowyň «Сказание о невидимом граде Китеже и деве Февронии» atly operasynyň üçünji perdesinden «Чудная небесная царица» atly hory; san 171). Fugato özbaşdak eser (I. S. Bah, BWV 962; A.Gedike, op. 36 № 40) ýa-da toplumyň bölümi (P. Hindemitiň in *E* simfoniýettasynyň ikinji bölümi) hökmünde seýrek gabat gelýär.

**Derňew üçin mysallar:**

1. Bah. «Goldberg wariasiýalary», № 22 wariasiýa; BWV, 962.
2. Mosart. «Rekwiýem», «Offertorium»; «Jadyly fleýta» operasy, Uwertýura, baş partiýa; «Ýupiter» simfoniýasy, final.
3. Bethowen. Simfoniýa № 1, II b., repriza; Simfoniýa № 7, II b.; Sonata op. 10, № 2; «Dabaraly messa», «Credo».
4. Wagner. «Nýurnbergli meýsterzingerler», III perde, giriş; «Nýurnbergli meýsterzingerler», Uwertýura, t. 138.
5. Borodin. Kwartet № 1, II b., işlenilme bölümi.
6. Rimskiý-Korsakow. «Garpamyk» operasy, s. 253; «Şa gelinligi» operasy, Grýaznoýyň ariýasy, epizod.
7. Çaýkowskiý. Simfoniýa № 6, I b., işlenilme; Simfoniýa № 1, final, başy (goşa fugato); Simfoniýa № 6, I b., başy (goşa fugato).
8. Glazunow. Kwartet № 5, I b., giriş; Skripka we orkestr üçin Konsert, kadensiýa.
9. Taneýew. Simfoniýa *c-moll*, giriş, s. 1.
10. Mýaskowskiý. Simfoniýa № 21, giriş, s. 1; Simfoniýa №5, I b., 13-nji belgi.
11. Prokofýew. Simfoniýa № 5, IV b.
12. Hindemit. Kwartet № 3, I b.

## § 6. Polifoniki wariasiýalar

Polifoniki wariasiýalar wariasion formanyň görnüşidir. Polifoniki wariasiýalaryň spesifikasy olaryň atlandyrylyşy bilen kesgitlenýär: üýtgeşmeler polifoniki usullar arkaly amala aşyrylýar. Polifoniki wariasiýalar özbaşdak saz eseri (eseriň ady käte formany kesgitleýär,

mysal üçin: I. S. Bahyň «Roždestwo aýdymyna kanoniki wariasiýalar») ýa-da uly toplumlaýyn eseriň bölümi (S. Taneýewiň op.30 *g-moll* fortepiano kwintetinden *Largo*), operada, kantatada epizod (N. Rimskiý-Korsakowyň «Сказание о невидимом граде Китеже и деве Февронии» operasyndan «Чудная небесная царица» hory); kämahal polifoniki wariasiýalar has iri, şol sanda polifoniki däl formalaryň bölümi (N. Mýaskowskiniň № 5 simfoniýasynyň ikinji bölüminiň merkezi böleginiň başy); käwagt olar polifoniki däl wariasion toplumyna girizilýär (R. Şumanyň «Simfoniki etýudlary»). Polifoniki wariasiýalara wariasiýalar formasynyň hemme umumy häsiýetnamalary degişlidir (formaýasaýyş, kadalylara we erkinlere bölünmegi we başg.).

Polifoniki warýirlenmäniň esasy serişdeleri: kontrapunktik sesleriň (dürli derejeli özbaşdaklykda), şol sanda esasy temanyň heň--ritmiki wariantlary bolup durýan sesleriň girizilmegi; temanyň ulaldylmasynyň, öwrülmesiniň ulanylmasy we başg.; akkord beýanynyň polifonizasiýasy we goltgy beriji ýanama şekilleriň melodizasiýasy, olara ostinato häsiýetiniň berilmegi, imitasiýalaryň, kanonlaryň, fugalaryň we olaryň görnüşleriniň ulanylmagy; çylşyrymly kontrapunktuň ulanylmagy; XX asyryň polifoniýasynda – aleatorika, dodekafon seriýasynyň özgermegi we ş. m. serişdeleriň ulanylmagy. Polifoniki wariasiýalarda (ýa-da has giňişleýin – polifoniki warýirlemede) kompozisiýanyň logikasy ýörite serişdeler arkaly üpjün edilýär. Olardan temanyň wajyp elementleriniň biriniň üýtgewsiz saklanmagy prinsipial ähmiýete eýe bolýar (mysal üçin, W. A. Mosartyň *g-moll* simfoniýasynyň menuetinde 1–3-nji we 37–39-njy taktlarda başky beýany polifoniki warýirlenen). Esasy formaýasaýyş serişdeleriň biri-de ostinatolyk bolup durýar. Oňa metr babatynda üýtgewsizlik we garmoniki durnuklylyk mahsusdyr. Polifoniki wariasiýalar formasynyň bitewüligi käteler polifoniki beýanyň haýsy-da bolsa bir görnüşine (mysal üçin, kanona) gaýdyp gelinmegi, tehnikanyň kem--kemden çylşyrymlaşmagy, sesleriň sanynyň artmagy we ş. m. bilen kesgitlenýär.

Polifoniki wariasiýalar üçin polifoniki epizodlary tamamlaýan we ulanylan usullary umumylaşdyrýan soňlamalar mahsusdyr; bu – çylşyrymly kontrapunktiki birleşme (mysal üçin, I. S. Bahyň «Gold-

bergi-wariasiýalarynda», BWV 988), kanon (D. Şostakowiçiň № 8 simfoniýasyndan Largo, op. 87 № 12 *gis-moll* prelýudiýasy) bolup biler; wariasiýalar toplumlaryň köpüsi (şol sanda polifoniki bolmadyk, emma olarda ösüşiň polifoniki usullary görnükli orun eýeleýärler) fuga-wariasiýa bilen tamamlanýarlar, meselem, P. Çaýkowskiniň, M. Regeriň, B. Britteniň we başgalaryň eserlerinde.

Polifoniki tehnikanyň, köplenç, gomofoniki beýana ýanalýanlygy üçin (mysal üçin, heňiň ýokarky sesden basa geçmegi, dikligine süýşýän kontrapunktda bolşy ýaly), polifoniki wariasiýalarda bolsa, warýirlenmäniň gomofoniki usullarynyň ulanylýanlygy üçin, polifoniki we polifoniki bolmadyk wariasiýalarynyň arasyndaky çäkler onçakly aýdyň däl, otnositeldir.

Polifoniki wariasiýalaryň görnüşleri temanyň ulanylyşyna görä, temanyň özüni özgerdýänlere bölünýär. Ilki bilen heň özgerýär (gönüden-göni warýirlenme) – bu ostinatoly däl wariasiýalar, şeýle hem diňe goltgy berýän sesleri täzelenýän wariasiýalardyr (gytaklaýyn warýirleme). Soňkularyň arasynda üýtgemeýän heňe (soprano ostinato) we üýtgemeýän basa (basso ostinato) wariasiýalar tapawutlanýar. Wariasiýalaryň bu iki görnüşi ostinato wariasiýalary diýen umumy at bilen düşündirilýär.

Heňi üýtgeýän polifoniki wariasiýalar horal täzeden işlenilmelerinde giňden ulanylypdyr (ser. I. S. Bahyň organ partitalaryna). Başga ulanylyşda olar seýrek gabat gelýär; ähli babatda meşhur bolan nusga – Goldberg wariasiýalary.

Basso ostinato wariasiýalary *cantus firmusa* bolan irki polifoniki formadan gözbaş alýar. Ol gaýtalananda täze kontrapunktlar bilen gurşalyp alnypdyr. Bu formanyň görnüşleri «passakaliýa», «çakona», «graund» ýaly atlar bilen XVII asyrda we XVIII asyryň birinji ýarymynda has giňden ýaýrapdyr, uly kompozisiýany döretmekde mümkinçilik berýändigi üçin, esasan, instrumental sazda orun tutupdyr. Polifoniki we polifoniki däl usullar bu ýerde utgaşýar. Forma üçin güýçli gapma-garşylyklar we düýpli üýtgetmeler mahsus däl. Şunuň bilen XVIII asyryň ikinji ýarymynda we XIX asyrda onuň ulanylyşynyň çäkliligi düşündirilýär (L. wan Bethoweniň № 3, I. Bramsyň № 4 simfoniýalarynyň finaly). Bu formanyň ähmiýeti XX asyrda (M. Reger, S. Taneýew, I. Strawinskiý, P. Hindemit, tä-

ze-wena mekdebiniň kompozitorlary, D. Şostakowiç) polifoniýa bolan gyzyklanmanyň artmagy bilen we täze sazyň dissonant şertlerinde formanyň saz materialyny birleşdirmäge mümkinçiligi bolanlygy üçin güýçli ösýär.

Irki nusgalarda bas esasy basganşaklardaky iki-üç taktly şekil bilen çäklenýär.

XVII asyryň ikinji ýarymyndan başlap ösdürilen baslar, esasan-da aşaklaýan hromatiki hereketli baslar ulanylyp başlapdyr. XX asyryň nusgalarynda temalar ähmiýetli garmoniki çylşyrymlylygy bilen tapawutlanýar.

Temalar ýapyk, ýagny, tonikada tamamlanýan görnüşde (*h-moll* Messasyndan *Crucifixus*) we açyk, dominantada tamamlanýan görnüşde bolup bilýär. Dominanta tonika çözülenden soňra täze geçirme başlanýar (D. Bukstehudeniň organ üçin *d-moll* Passakaliýasy). Şeýlelikde, basyň hereketiniň bitewüligi we üznüksizligi üpjün edilýär. Gaýtalanmalarda tema üýtgewsiz galýar, ýöne onuň warýirlenmesi, şeýle-de başga tonallyklarda geçirilmegi seýrek duş gelmeýär (*c-moll* Passakaliýasy BWV 582; hor üçin № 150 çakona we kantata; *d-moll* Konserti BWV 1052, II b.). Ýygy-ýygydan (esasan, soňky wariasiýalarda) tema ýokarky seslere geçýär. Seýrek ýagdaýlarda bas temasy heň taýdan esasy işjeň başlangyjy bolup biler (L.wan Bethoweniň № 3 simfoniýasynyň we D. Şostakowiçiň 134 op. skripka sonatasynyň finallary), köplenç, onuň geçirilişi ýokarky seslerde bolup geçýän ösüşiň fony hökmünde hyzmat edýär (S. Taneýew, *g-moll* fortepiano Kwinteti, III b.). Ýokarky sesleriň polifoniki özbaşdaklygy olaryň özleriniň emele getirýän formalarynyň we basdaky heňiň serhetleriniň gabat gelmezliginde beýan edilýär.

Basso ostinato garanyňda, soprano ostinato wariasiýalarynyň formasy onçakly bitewi däl, ýöne ol uly koloristik, öwüşginli (mysal üçin: M. Glinkanyň «Ruslan we Lýudmila» operasyndan «Pars horundaky» ikinji wariasiýa) we şekillendirişli (mysal üçin: M. Musorgskiniň «Boris Godunow» operasyndan Warlaamyň aýdymyndaky epizodlar) mümkinçiliklere eýedir, sebäbi bu görnüşdäki wariasiýalarda esasy gyzyklanma heňiň polifoniki (şeýle hem garmoniki, orkestrleýin we beýl.) üýtgetmelerde jemlenýär.

Düzgün boýunça, tema owazly, labyzly bolmalydyr (mysal üçin: F. Şubertiň *Es-dur* messasyndan Et incornatus, J. Werdiniň «Rekwiýeminden» «Lakrimosa» bölüminiň başy), bu jäht häzirkizaman sazyna hem degişlidir (O. Messianyň «Üç kiçijek liturgiýasynyň» ikinjisi).

Bu üýtgemeýän heňe (köplenç, ýokarky sesde, käwagt bir sesden beýlekä geçiş bilen) wariasiýalar irki döwürden bäri, ilkinji nobatda, horallaryň täzeden işlenenlerinde ulanylýar. XIX–XX asyrlarda, aýratyn hem rus sazynda aýdym ýa-da kantilena häsiýetli heňlere wariasiýalar giňden ýaýrapdyr.

Şeýle görnüşli polifoniki wariasiýalar onçakly köp däl we, köplenç, olar has uly formalaryň içinde ýa-da polifonik bolmadyk wariasiýalar bilen gezekleşmede ulanylýar.

Taryhy maglumatlar. Polifoniki wariasiýalar halk sazynyň tejribesinden gelip çykýar. Onda esasy heň kuplet gaýtalamalarda dürli polifoniki görnüşlere eýe bolýar. Professional sazda polifoniki wariasiýalaryň irki nusgalary ostinato görnüşine degişlidir. XIII asyryň galýarda görnüşli moteti muňa aýdyň mysal bolup biler. Bu eseriň esasyny grigorian horalyň üç sany bas geçişi düzýär.

Kadaly stiliň ussatlary polifoniki wariasiýalarda polifoniki ýazuwyň labyz serişdelerini, şol sanda heň özgermeleriniň tehnikasyny kebşirläpdirler. H. Izakyň «La mi la sol» motetini mysal hökmünde getirse bolar: cantus firmus geometriki ösüşde kemelýän ritm bilen bäş gezek tenorda ýaňlanýar (her bir soňraky geçiriliş iki esse kemeldilen ritmde berilýär), kontrapunktlar esasy temanyň kiçeldilen görnüşinden emele gelen.

Polifoniki wariasiýa prinsipi käte taryhy taýdan ilkinji uly göwrümli toplumlaýyn formanyň – messanyň esasy bolup hyzmat edipdir: *cantus firmus* ostinato hökmünde ähli bölümlerde geçirilip, äpet wariasion toplumyny alyp barýan daýanç bolupdyr.

Gadymy polifoniki wariasiýalarda *cantus firmus* wariasiýalardan öň aýratyn geçirilmändir; warýirleme üçin temany ýörite beýan etmek däbi intonasiýa bilen – messanyň öň ýanynda horalyň başky jümlesini aýtmaklygy bilen taýýarlanypdyr; bu usul passakaliýanyň we çakonanyň ýüze çykmagy bilen XVI asyrdan ir ornaşmandyr, olar XVII–XVIII asyrlarda polifoniki wariasiýanyň esasy görnüşlerine öwrülipdir. Polifoniki wariasiýalaryň (şol sanda

ostinatosyz görnüşleriniň hem) ösmeginde, instrumentalizm öz figurasion mümkinçilikleri bilen itergi beripdir. Iň halanylýan žanr – horal wariasiýalary. S. Şeýdtiň «*Warum berübst du dich mein Herz*»‘a düzülen organ polifoniki wariasiýalar olaryň nusgasy bolup durýar. Ý. P. Swelinkiň «*Est-ce Mars*» ‘a döredilen ornamental (tema adaty diminusiýaly fakturada anyklanylýar), kadaly (temanyň formasy saklanýar), ostinatosyz organ üçin polifoniki wariasiýalary –XVI–XVII asyrlarda ýörgünli bolan aýdymly tema döredilen wariasiýalaryň bir görnüşidir. XVII–XVIII asyrlaryň ostinatosyz polifoniki wariasiýalarynyň arasynda fuga bilen galtaşanlary has çylşyrymlydyr. Şeýlelikde, mysal üçin, D. Bukstehudeniň *F-dur* we *g-moll* fugalarynda kontrekspozisiýalaryň yzygiderligi polifoniki wariasiýalara ýakyndyr. J. Freskobaldiniň eseriniň kompozisiýasy has çylşyrymlydyr: ilki bilen iki sany fuga, soňra üçünji fuga-wariasiýa (ozalky fugalaryň temalarynyň birleşmegi) we dördünji fuga-wariasiýa (birinjiniň materialynda).

I. S. Bahyň sazy – polifoniki wariasiýalar sungatynyň ensiklopediýasy bolup durýar. I. S. Bah tarapyndan horal wariasiýalarynyň toplumlary döredilipdir. Olar köp ýagdaýlarda horalyň jümleleriniň arasynda improwizasion goşulmalaryň bolanlygy üçin erkin wariasiýalara ýakynlaşýar.

«Goldberg wariasiýalary» polifoniki warýirlemäniň özboluşly baýlygyny görkezýär: toplum warýirleýän bas we kanonyň tehnikasyna (refrena kybap) gaýdyp gelmek bilen beklenýär. Erkin sesli iki sesli kanonlar her bir üçünji wariasiýada ýerleşdirilen (27-nji wariasiýada erkin ses ýok). Kanonlaryň interwaly unisondan nona çenli giňeýär (12-nji we 15-nji wariasiýalarda öwrülen görnüşde); galan wariasiýalarda – başga polifoniki formalar. Olaryň arasynda fugetta (10-njy wariasiýa) we kwodlibet (30-njy wariasiýa), olarda birnäçe halk aýdymy äheňli temalar şadyýan kontrapunktirleýär.

Toplumy bir temanyň esasynda gurmak baradaky konstruktiw ideýany I. S. Bah täzeligi bilen öz «Fuganyň sungatynda» we «Saz sowgadynda» ulanypdyr; käbir kantatalar (mysal üçin № 4) horala düzülen erkin wariasiýalar ýaly gurulýar.

XVIII asyryň ikinji ýarymyndan başlap wariasionlyk we polifoniýa az-kem çäklendirilendir: polifoniki warýirleme gomofoniki

temanyň açylmagyna hyzmat edýär, wariasiýanyň nusgawy formasyna girizilýär. Şunuň ýaly L.wan Bethowen fugany wariasialaryň biri hökmünde (köplenç, dinamizirlemek üçin, mysal üçin, 33 sany wariasialarda op. 120, № 7 simfoniýadan *Largetto* fugatosy) ulanýar we ony wariasion toplumyň (mysal üçin, *Es-dur* wariasiýalary op. 35) finaly hökmünde tassyklapdyr.

Polifoniki warýirlemäniň taryhy ähmiýetli netijesi – garyşyk gomofon-garmoniki formalary. Nusgawy mysallar – L. wan Bethoweniň, W. A. Mosartyň eserlerinde.

Polifoniki wariasiýanyň we fuganyň özara baglanyşan görnüşdäki eserleri aýratyn topara degişlidir: G. Berliozyň «Rekwiýeminden» «*Sanctus*» (girişi we fuga ähmiýetli polifoniki we orkestr üýtgemeleri bilen gaýdyp gelýärler).

XVIII asyryň ikinji ýarymy we XIX asyr sazynda ostinatoly polifoniki wariasiýalar seýrek we örän erkin ulanylypdyr. L.wan Bethowen 32-nji *c-moll* wariasiýasynda gadymy çakonalaryň däplerine daýanypdyr, käwagt basso ostinato polifoniki wariasiýalaryna iri formanyň bölümi hökmünde garapdyr (mysal üçin, № 9 simfoniýanyň birinji bölüminiň tragiki kodasynda); basso ostinato (başlangyç tema) polifoniki wariasiýalary № 3 simfoniýanyň batyrgaý finalynyň esasyny düzýär. Onda rondonyň (esasy temanyň gaýtalanmagy), üç bölümli (ikinji fugatoda esasy tonallygyň gaýdyp gelmegi) we konsentriki formanyň alamatlary yzarlanýar.

XX asyrda polifoniki wariasiýanyň ähmiýeti birden ösýär (ilkinji nobatda, basso ostinato); ostinatolylygyň gurnaýyş ukyby häzirki zaman garmoniýasynyň we şonuň bilen birlikde basso ostinatonyň destruktiw ymtylyşyny bitarap edýär. Ol islendik kontrapunktiki we politonal gatlanmalara ýol berýär, garmoniki erkinlige päsgel berenok.

Ostinato formalaryna gaýdyp gelinmekde neoklassisizmiň estetiki düzgünleri rol oýnapdyr (mysal üçin, M. Regeriňki); köp ýagdaýlarda polifoniki wariasiýalar – stilizasiýanyň obýekti (mysal üçin, I. Strawinskiniň «Orfeý» baletiniň soňlamasy).

Ostinatosyz polifoniki wariasiýalarda kanonyň tehnikasyny ulanmakda adaty ymtylyş yzarlanýar (mysal üçin, B. Bartogyň «Mikrokosmosyndan» № 140 «Erkin wariasiýalary», A. Weberniň op.21

simfoniýasynyň finaly, R. Şedriniň «Variazioni polifonici» fortepiano sonatasyndan, A. Şnitkeniň wiolonçel, arfa we litawralar üçin «Gimni»). Polifoniki wariasiýalarda täze polifoniýanyň serişdeleri ulanylýar: dodekafoniýanyň wariasion çeşmeleri, gatlaklaryň polifoniýasy we polifoniki aleatorika (mysal üçin, W. Lýutoslawskiniň orkestr eserlerinde), kämil metrika we ritmiki tehnika (mysal üçin, O. Messianyň «Dört ritmiki etýudlaryndaky» polifoniki wariasiýalary) we başg. Olar, köplenç, adaty polifoniki usullar bilen utgaşýarlar; adaty serişdeleri iň çylşyrymly görnüşlerde ulanmak mahsus.

Häzirkizaman sazynda polifoniki wariasiýalaryň görnükli nusgalary az däldir; I. S. Bahyň we L.wan Bethoweniň tejribesine ýüzlenmeklik – beýik filosofiki mazmunly sungata ýol açýar (P. Hindemitiň, D. Şostakowiçiň döredijiligi). Şeýlelikde, D. Şostakowiçiň giçki (op. 134) skripka sonatasynda ostinatoly goşa wariasiýalar berilýär, onda *gis-moll*’daky kontrapunkty çuňňur saz pikirleriniň düzüminde, bitewüligiň gurluşynyň yzygiderliginde ähmiýete eýe bolýar; bu eser – polifoniki wariasiýalarynyň häzirkizaman formasynyň mümkindiginiň bir şaýady bolup durýar.

**Derňew üçin mysallar:**

**Cantus firmus’ly wariasiýalar**

1. Depre. «L’homme arme» messasy.
2. Palestrina. «L’homme arme» messasy.
3. Izaak. «Lýa mi lýa sol» moteti.

**Basso ostinato wariasiýalary**

1. Gendel. Çakona *G-dur*; Klawir üçin Passakaliýa *c-moll*.
2. Bah. «Goldberg wariasiýalar»; Messa *h-moll*, Crucifixus; Organ üçin Passakaliýa *c-moll*; «Roždestwo aýdymyna kanoniki wariasiýalar» BWV 769; «Fuga sungaty»; «Saz sowgady»; Skripka solo üçin Sonata, Çakona *d-moll*.
3. Bethowen. Simfoniýa № 9, I b., koda; Simfoniýa № 3, final (başky tema); 32 wariasiýa.
4. Brams. Simfoniýa № 4, final.
5. List. «Bahyň temasyna wariasiýalar – Weinen, Klagen, Sorgen».
6. Taneýew. Fortepiano kwarteti, II b.
7. Şostakowiç. Skripka üçin Konsert, III b.; Simfoniýa № 8, III b.

8. Şedrin. «Polifoniki depder»; Basso ostinato; Fortepiano üçin Konsert, III b.

**Soprano ostinato wariasiýalary**

1. Mosart. «Don Žuan» operasy, I perdäniň finaly, wariasiýalar.

2. Glinka. «Ruslan we Lýudmila» operasy: «Pars hory», «Türk tansy», «Kelläniň hekaýasy»; «Kamarinskaýa».

3. Werdi. Rekwiýem, «Lakrimosa» bölüminiň başy.

4. Musorgskiý. «Boris Godunow», Warlaamyň «Как в городе было» ariýasy; «Howanşina» operasyna «Исходила младшенька».

5. Rawel. Bolero.

## Hödürlenýän edebiýat


*Jumagulyýewa Z., Jumagulyýew G*. Polifoniýa. Aşgabat, 2012.

*Бать Н*. Полифонические формы в симфоническом творчестве П. Хиндемита. // Вопросы музыкальной формы. Вып. II. М., 1972.

*Богатырёв С*. Обратимый контрапункт. М., 1960.

*Генова Т*. Из истории бассо остинато XVII – XVIII вв. (Монтеверди, Пёрселл, Бах и др.). // Вопросы музыкальной формы. Вып. III. М., 1977.

*Григорьев С., Т. Мюллер*. Учебник полифонии. М., 1977.

*Друскин М*. Пассионы и мессы И. С. Баха. Л., 1976

*Дубравская Т*. Итальянский мадригал XVI века. В сб.: Вопросы музыкальной формы. Вып. II. М., 1972

*Евдокимова Ю*. Учебник полифонии. Вып. 1. М., 2000.

*Золотарёв В*. Фуга. Руководство к практическому изучению. М., 1965

*Левая Т*. Отношения горизонтали и вертикали в фугах Шостаковича и Хиндемита. // Полифония. М., 1975

*Лихачёва И*. Прелюдии и фуги Р. Щедрина. М., 1975

*Павлюченко С*. Руководство к практическому изучению основ инвенционной полифонии. М., 1953.

*Протопопов В*. Ричеркар и канцона в XVI-XVII веках и их эволюция. // Вопросы музыкальной формы. Вып. II. М., 1972

*Протопопов В*. Из истории форм инструментальной музыки XVI-XVII веков. Хрестоматия. М., 1980.

*Протопопов В*. История полифонии в её важнейших явлениях. Западноевропейская классика XVIII-XIX веков. М., 1965: Русская классическая и советская музыка. М., 1962.

*Протопопов В*. Очерки из истории инструментальных форм XVI – начала XIX веков. М., 1979.

*Пустыльник И*. Подвижной контрапункт и свободное письмо. Л., 1967.

*Пустыльник И*. Практическое руководство к написанию канона. Л., 1975.

*Скребков С*. Учебник полифонии. М., 1982.

*Танеев С*. Подвижной контрапункт строгого письма. М., 1959.

*Фраёнов В*. Учебник полифонии. М., 2006.

*Чугаев А*. Особенности строения клавирных фуг Баха. М., 1975.

*Южак К*. О природе и специфике полифонического мышления. // Полифония. М., 1975.

# XVIII BAP
# TOPLUM FORMALARY

## §1. Kesgitleme. Umumy düşünje

Forma babatynda özbaşdak, häsiýeti boýunça kontrastlaşýan, emma çeperçilik pikir taýdan bir bitewüligi emele getirýän iki ýa-da ondan hem köp bölümlerden ybarat saz formalaryna toplum formalary diýilýär.

Bu eserleriň bölümleriniň kähalatda aýratynlykda ýerine ýetirilmegi olaryň özbaşdaklygyny kesgitleýji alamatlaryň biri hökmünde hyzmat edýär. Eger toplum dolulygyna ýerine ýetirilen ýagdaýynda bölümleriň aralygyndaky uly bolmadyk säginme hiç bir belliksiz amala aşyrylyp, ýerine ýetiriji tarapyndan kesgitlenilýär. Toplumyň, haýsy hem bolsa, bölümleriniň arakesmesiz dowam etmeli ýagdaýynda, adatça, *attacca* belgisi bilen ýörite belgilenýär.

Toplum eserlerine sazyň dürli görnüşlerinde, ýagny wokal, instrumental, ýekelikde ýerine ýetirilýän, orkestr üçin eserlerde hem duş gelmek bolýar. Instrumental sazda toplum formalarynyň, esasan, iki görnüşi bellenilýär – sýuita we sonata-simfoniki toplum.

## § 2. Gadymy sýuita

Sýuita diýlip, dürli häsiýetdäki birnäçe pýesalardan ybarat bolan toplum eserine aýdylýar. Onuň bölümleriniň dürli-dürlüligine

garamazdan, tans häsiýeti olaryň bitewüleşdiriji tarapy bolup durýar. Sýuita žanrynyň döremegi XVI asyra degişli bolup, ol XVIII asyrda sonata toplumynyň esasy orna geçmegi bilen pese düşýär we XIX asyrda täze görnüşde öz beýanyny tapýar. XVI–XVIII asyrlardaky sýuita gadymy diýlip atlandyrylsa, XIX–XX asyrlardaky, täze sýuita adyna eýe bolýar.

Gadymy sýuita bir tonallykda beýan edilen birnäçe tanslaryň toplumyny emele getirýär. Şeýle-de bolsa, sýuita girýän tanslar depgini, metr-ritmi, häsiýeti boýunça biri-biri bilen kontrastlaşýar. Sýuitada hökmany bolan dört tans aşakdaky yzygiderlikde ýerleşdirilýär: allemanda, kuranta, sarabanda, žiga.

Allemanda – örän haýal depginli, 4/4 ölçegde ýazylan, adatça, polifoniki gurluşly tans. Kuranta – çaltrak hereketli, üç ülüşli, toparlaýyn ýerine ýetirilýän allemandadan tapawutlylykda iki bolup ýerine ýetirilýän tans. Sarabanda – örän haýal depginli, üç ülüşli tans. Onuň mazmuny, adatça, gaýgyly, gussaly. Žiga – örän çalt depginli, üçleme ritmli, topar bolup ýerine ýetirilýän tans.

Tanslaryň ýerleşiş ýagdaýlarynda olaryň kontrastlyk derejesi aýdyň görünýär: örän haýal depginli allemandadan soň çaltrak depginli kuranta dowam edýär; soňra haýal sarabanda bilen örän çalt depginli žiga gezekleşýär. Tanslaryň bir tonallykda ýazylmagy, şeýle-de kähalatda olaryň arasynda intonasion ýakynlygyň bellenilmegi toplumyň bitewüligini emele getirmekde ýardam berýän taraplar hökmünde çykyş edýär. Tanslaryň aglabasy gadymy iki bölümli formada bolupdyr.

Gadymy sýuitada hökmany bolan dört tansdan daşary, goşmaça (ýa-da hökmany däl) diýlip atlandyrylýan tanslaryň hem öz beýanyny tapýandygyna ýygy duş gelmek bolýar. Olar gawot, menuet, burre, paspýe, lur, polonez ýaly tanslar bolup, köplenç, sarabandanyň we žiganyň aralygynda ýerleşýär. Käwagt bir tansyň yzyndan onuň ornamental wariasiýasy hem dowam edýär we ol *Double* diýlip atlandyrylýar. Bu ýagdaý, esasan, sarabanda häsiýetli bolup, kähalatda kurantadan ýa-da allemandadan soň hem duş gelýär. Şeýle-de sýuitada ariýa, rondo, skerso ýaly tans häsiýetine eýe bolmadyk bölümler hem ulanylýar. Käwagt allemandanyň öňünden giriş bölümi (prelýudiýa, uwertýura) berilýär.

## § 3. Täze sýuita

Täze sýuita diýlip atlandyrylýan XIX–XX asyryň sýuitasy tans häsiýetli gadymy sýuitadan düýpli tapawutlanýar. Onuň bölümleri, gadymy sýuitadan gelip çykýan kontrastlyk ýörelgesini dowam etdirse-de, özüniň mazmuny we gurluş taraplary boýunça täze derejä galýar. Bölümleriň kontrastlygy dürli tonallyklaryň, žanrlaryň we formalaryň ulanylmagy bilen has-da güýçlendirilýär.

XIX asyra mahsus bolan programmalylyk ýörelgesi täze sýuitada ähmiýetli orun eýeleýär. Bu döwürde sýuitalaryň birnäçesi sahna eserlerine, şeýle-de kinofilmlere ýazylan sazyň esasynda döredilýär.

Sýuitada bellibir sýužet bilen bagly bolan birnäçe kartina jemlenende ol umumy programmaly atlandyrma eýe bolýar (meselem, R. Şumanyň «Kebelekler», «Karnawal» toplumlary). Kähalatda bolsa, sýuitanyň her bir bölümi aýratyn programma eýe bolup durýar (A. Borodin, «Kiçijik sýuita»).

## § 4. Sonata-simfoniki toplum

Sonata-simfoniki toplum – bu, bölümleriniň haýsy hem bolsa birini (adatça, birinji) sonata formasynda ýazmak mahsus bolan toplum eseridir. Oňa, adatça, sonata, simfoniýa, konsert, trio, kwartet, kwintet ýaly žanrlar degişlidir. Şeýlelikde, hiç bir bölümi sonata formasynda ýazylmadyk käbir köp bölümli eserler hem sonata toplumy hökmünde hasap edilýär (W. A. Mosartyň *A-dur* sonatasy muňa mysal bolup biler). Çünki, olar bölümleriniň sonata formasynda ýazylanynyň ýokdugyna garamazdan, şoňa degişli bolan žanrda beýan edilýär.

Çuň kontrastlylygy, düýpli bitewüligi özünde jemleýän sonata-simfoniki toplum sýuita bilen deňeşdireninde tapawutlanýar. Şeýle-de bolsa, gadymy sýuita bilen baglanyşyk duýulýar, ýagny žiga bilen final bölümleriň, sarabanda bilen haýal bölümleriň ýakynlygy, menuet bölüminiň bolsa, sonata toplumyna geçmegi aýdyň duýulýar. Sonatalaryň we simfoniýalaryň irki nusgalarynda sýuita bilen aratapawut onçakly uly bolmasa-da, saz sungatynyň soňky ösüşinde sonata-simfoniki toplum adamzat durmuşyny, durmuşyň dürli taraplaryny,

tebigy hadysalary düýpli we doly beýan ediji instrumental saz eseri hökmünde belli bolýar. Bu ýagdaý toplumyň her bir bölüminiň mazmun we göwrüm babatynda ähmiýetli bolmagyna getirýär. Sýuitanyň bölümlerinde aýratyn görnüşler garşy goýulýan bolsa, sonata-simfoniki toplumyň bölümleri bitewi çeper mazmunyň tapgyrlaýyn açylyp görkezilmegini emele getirýär.

Sonata-simfoniki toplum, adatça, dört ýa-da üç bölümli bolýar.

Birinji bölüme nusgawy sonata-simfoniki toplumda hereketlilik, dartgynlylyk, gapma-garşylyk mahsus bolup, ol sonata formasynda beýan edilýär.

Ikinji bölüm – haýal depginde. Ol birinji bölümiň dartgynly, gapma-garşy häsiýetinden soňky oýlanmany, adamyň pikir öwürmeleriniň üsti bilen onuň içki duýgularyny açyp görkezýär. Bu bölümiň liriki häsiýeti tebigatyň keşpleri bilen hem sazlaşyk emele getirýär. Onda çylşyrymly üç bölümli (seýrek, ýönekeý üç bölümli) forma, wariasiýalar formasy, işlenilmesiz sonata formasy (seýrek ýagdaýda işlenilmeli) we beýlekiler duş gelýär.

Üçünji bölüm – skerso ýa-da menuet – tans häsiýetli bolup, halkyň durmuşyndan bir sahnany emele getirýär. Tans žanryna esaslanýan bu bölüm özüniň hereketliligi, şahandazlygy bilen tapawutlanýar. Skerso hem, menuet hem, köplenç, trioly çylşyrymly üç bölümli formada ýazylýar.

Final toplumyň jemleýji bölümi bolmak bilen, oňa adatça işjeň hereketlilik mahsus. Ol tans, aýdym häsiýetiniň alamatlaryny özünde jemlemek bilen, skerso bölüminiň dowamyny hem emele getirýär. Skerso bilen deňeşdireniňde finalyň formasy has ösenligi bilen tapawutlanýar, ýagny onda sonata formasy, rondo-sonata formasy ýygy ulanylýar.

Bölümleriň bellenilip geçilen taraplary umumy toplumda beýan edilýän bitewi çeper ideýanyň dürli ýagdaýlarda tapgyrlaýyn beýan edilýändigini açyk görkezýär we bu ýagdaý sonata-simfoniki toplum üçin özboluşly kada öwrülýär.

Dört bölümli toplumda ortaky bölümleriň ýerleşiş ýagdaýyna laýyklykda toplumyň iki görnüşi emele gelýär. Haýal bölümiň ikinji orunda ýerleşmegi birinji görnüş bolup, ol Ý. Gaýdnyň we

W.A. Mosartyň döredijiligine mahsus bolupdyr. Haýal bölümiň üçünji orunda ýerleşmegi ikinji görnüş bolup, ol L. wan Bethoweniň döwründen başlap, giňden ulanylyp başlanylýar. Bu ýagdaýda birinji bölüm okgunly herekete eýe bolman, ony dowam edýän skerso ähmiýetli kontrast döredýär (L. wan Bethoweniň Dokuzynjy simfoniýasy). Toplumyň üç bölümli bolan ýagdaýynda skerso ulanylmaýar. Sonata-simfoniki toplumyň iki bölümli (P. Çaýkowskiniň «Памяти великого художника» triosy, R. Glieriň ses we orkestr üçin konserti, L. wan Bethoweniň fortepiano üçin № 27 sonatasy), şeýle-de bäş (A. Skrýabiniň ikinji simfoniýasy, P. Çaýkowskiniň üçünji simfoniýasy) we ondan hem köp bölümli bolýandygyny hem bellemek gerek.

Sonata-simfoniki toplumda bitewüligi emele getirýän taraplaryň biri hem tonal gatnaşyklar. Toplumyň çetki bölümleri, adatça, bir tonallykda ýazylýar (minor eserlerde final bölümi adybir mažorda ýazylýar). Tutuş toplumyň tonallygy birinji bölümiň tonallygyndan çen tutup aýdylýar. Ortaky bölümler dürli tonallyklarda ýazylyp bilner.

Toplumyň bölümleriniň arasyndaky intonasion ýakynlyk bitewüligi emele getiriji taraplaryň ýene-de biri bolup durýar. Bu ýagdaý dürli görnüşlerde ýüze çykýar: ikinji bölümiň temasy birinji bölümiň kömekçi partiýasy bilen intonasion baglanyşygy döredýär; final bölümiň temasy birinji bölümiň kömekçi temasy bilen intonasion taýdan ýakyn (L. wan Bethoweniň 1-nji, 6-njy simfoniýalary).

Sonata-simfoniki toplum dürli žanrda dürli alamatlara eýe bolýar. Konsert žanry üçin, adatça üçbölümlilik häsiýetli bolup, onda skerso bölümi ulanylmaýar. Ortaky bölüm göwrüm babatynda onçakly uly bolman, ýönekeý üç ýa-da iki bölümli formada ýazylýar. Kwartetlerde we triolarda, simfoniýalar bilen deňeşdireniňde, giň ýaýbaňlandyrylan ösüş we dartgynlylyk pes bolup, liriki häsiýet agdyklyk edýär.

**Derňew üçin mysallar:**

1. Bah. Fransuz we Iňlis sýuitalary, partitalary, skripka we wiolonçel solo üçin sýuitalar (sonatalar).
2. Gendel. Klawir üçin sýuitalar.
3. Gaýdn. Sonatalar, triolar, kwartetler, simfoniýalar, konsertler.

4. Mosart. Sonatalar, triolar, kwartetler, simfoniýalar, konsertler.
5. Bethowen. Sonatalar, triolar, kwartetler, simfoniýalar, konsertler.
6. Şubert. Sonatalar, triolar, kwartetler, simfoniýalar, konsertler.
7. Şuman. Fortepiano üçin sonatalar, simfoniýalar, fortepiano üçin konsert.
8. List. «Faust» simfoniýasy.
9. Grig. Fortepiano üçin sonata, skripka we fortepiano üçin konsert №№ 1, 2, 3.
10. Borodin. Birinji we ikinji kwartetler, birinji we ikinji simfoniýalar.
11. Çaýkowskiý. Simfoniýalar, fortepiano üçin konsert *b-moll*.
12. Balakirew. Simfoniýa *C-dur*.
13. Glazunow. Simfoniýalar, skripka üçin konsert.
14. Skrýabin. Fortepiano üçin sonatalar №№ 1, 3 we 4; fortepiano üçin konsert.
15. Prokofýew. Fortepiano üçin sonatalar №№ 2, 4.

# XIX BAP
# KAMERA-WOKAL SAZYNYŇ FORMALARY

## § 1. Umumy häsiýetnama

Bir ýa-da birnäçe adam sesine niýetlenen saz eserleri wokal sazlara degişli bolup, olar saz guraly bilen hem, saz guralsyz hem ýerine ýetirilip bilner. Ses we saz gurallary üçin niýetlenilen saz eserleri, köplenç, wokal-instrumental eserler diýlip bellenilýär.

Wokal sazy sintetiki sungat bolup, şahyrana tekst bilen baglanyşygy onuň tapawutlandyryjy alamatydyr. Şeýlelikde, wokal eserlerde sazyň we sözüň baglanyşygy uly ähmiýete eýedir. Köplenç, bu sintez forma emele getirme kanunlaryny kesgitleýji hökmünde hem çykyş edýär. Wokal eserlerinde saz bilen sözüň arabaglanyşygyna iki nukdaýnazardan seretse bolar: sazyň intonasiýalarynyň we tekstiň jümleleriniň ýa-da sözleriniň aýdylyş äheňiniň arabaglanyşygy; şeýle-de şahyrana tekstiň mazmunynyň umumy häsiýetini sazda beýan etmek. Bulardan başga-da, goşgy tekstine döredilen eserlerde

goşgynyň we sazyň metriniň we ritminiň gatnaşmagynyň hem uly ähmiýeti bar.

## § 2. Saz we sözleýiş intonasiýalarynyň özara gatnaşygy

Sazda beýan edilýän sözler reçitatiw ýa-da kantilena görnüşli bolup bilýär. Reçitatiw üçin tekstiň bogunlaryny owazlandyryp aýtmak häsiýetli bolman, ol gepleýiş intonasiýalaryna ýakynlaşýar. Bu ýagdaý, reçitatiwiň saz intonasiýalarynyň gepleýiş äheňine ýakynlaşmak bilen, oňa ritmiň we sesbelentlik ugrunyň gabat gelmegi arkaly gazanylýar.

Mysal üçin, M. Musorgskiniň «Сиротка» («Ýetim gyzjagaz») aýdymynda ýetim çaganyň umytsyz, ýöne şol bir wagtda hem çekinjeň haýyşly sözleýiş intonasiýasy anyk diýen ýaly beýan edilýär.

Reçitatiw sazda gepleýiş intonasiýalaryna inçe öwüşginlerini açmaga, jümläniň, sözüň aýratyn labyzlylygyny nygtamaga mümkinçilik berýär.

Janly, durmuşy sözleýşiň intonasiýalaryna esaslanýan intonasion-täsirli reçitatiwe ýa deklamasion-oratorlyk, ýa-da teksti aglaba şol bir sesde aýdýan (ýagny intonasiýasyz reçitatiwiň hut özi) şertli intonasiýalaryň esasynda gurlan reçitatiwler taryhy başlangyç bolupdylar (J. Rossini, «Sewilýa dellegi» («Севильский цирюльник»), II görnüş).

Şeýle reçitatiwler operalarda ariýany açyjy hökmünde ýa-da hereketiň ösüşi üçin zerur bolan dialoglary beýan etmekde ulanylypdyr.

XIX asyrdan başlap, janly sözleýiş intonasiýalarynda gurlan reçitatiwler giň gerim alýar.

Reçitatiwlerde sazyň gurluş kanunalaýyklyklary sözleýiş gurluşy bilen berk baglanyşykly bolup, olaryň formasy tekstiň strukturasyna tabyn bolýar.

Kantilena – teksti aýdym häsiýetli heň arkaly beýan etmek. Kantilena, ilkinji nobatda, sazyň giň owazlylygyny göz öňünde tutýar. Reçitatiwden tapawutlykda, bu ýerde tekstiň bogunlary süýndürilýär, ýagny bir bogna birnäçe nota düşýär. Onda arassa saz kanunalaýyklyklary öňe çykýar we gurluşyň formasy kesgitlenilýär.

Wokal sazynda reçitatiwlik we kantilenalylyk ýagdaýynyň utgaşdyrylmasy hem duş gelýär. Muňa mysal edip, A. Dargomyžskiniň «Расстались гордо мы», P. Çaýkowskiniň «Средь шумного бала» ýa-da «Забыть так скоро», S. Rahmaninowyň «Как мне больно» romanslaryna seretmek bolar. Olarda giň owazlylygyň uly ähmiýete eýe bolmagynda, aýratyn jümlelerde sözleýiş intonasiýalaryny eşitmek bolýar.

Kantilenaly heňde goşgynyň we heňiň ritmleriniň özara gatnaşygy, olaryň gabatlaşmasy ýa-da, tersine, gapma-garşylygy has aýdyň ýüze çykýar. Goşgy düzmek hem edil saz ýaly özünde metriki başlangyjyň, ýagny güýçli (basymly) we gowşak (basymsyz) ülüşleriň (bogunlaryň) gezekleşmesiniň barlygy bilen häsiýetlenýär. Bogunlaryň sanyna baglylykda stopalar iki-, üç-, bäş bogunlylara we ş.m. bölünýär. Stopada basymly bognuň ýerine baglylykda *ýamb* (basymsyz-basymly ◡|), *hore* (basymly-basymsyz |◡), *anapest* (iki sany basymsyz--basymly ◡◡|), *amfibrahiý* (basymsyz-basymly--basymsyz ◡|◡), *daktil* (basymly- iki sany basymsyz |◡◡), *spondeý* – diňe bir basymly bogundan düzülen bir bogunly stopa görnüşinde tapawutlanýarlar. Stopalaryň bu esasy görnüşleriniň dürli häsiýetdäki utgaşmasy we gatyşmasy hem mümkin. Goşga saz ýazylanda onuň heňiniň ritmi goşgynyňky bilen gabat gelip hem biler, ondan tapawutlanyp hem biler. S. Rahmaninowyň «Полюбила я» romansynda heňiň güýçli ülüşleri, köplenç, bäş bogunly stopanyň basymsyz bogunlary bilen gabat gelýärler. P. Çaýkowskiniň «Средь шумного бала» romansynda goşgynyň we heňiň ritmleriniň baglanyşygy has çylşyrymly. Bu ýerde sazyň tans häsiýeti, berk metrikligi höküm edýär. Şonuň üçin hem tekstiň basymly bogunlary ähli ýerde heňiň güýçli ülüşlerine gabat gelýär. Emma heňiň bölünmegi goşgynyň setirleri bilen gabat gelmeýär (mysal üçin, birinji setiriň soňky sözi dyngy bilen bölünýär: soňky setirleriň arasyndaky sezura «tötänden» gowşadylýar) we bu gabat gelmezlik jümlelenmäniň täsin inçeligine we çeýeligine ýardam edip, romansa jandan syzdyryjy, aljyraňňy sözleýşiň häsiýetini berýär.

Goşgynyň ritminiň heňiň ritmi bilen doly we hemişeki gabat gelmegi sazda duş gelmeýär, sebäbi bu ýagdaý ritmiki şekiliň birmeňzeşligine gutulgysyz sebäp bolardy. Goşgynyň we sazyň

ritminiň has gyşarnyksyz gabat gelmegi, esasan, hereketiň (tansyň ýa-da marşyň) ritmi bilen bagly sazda duş gelýär; süýndürip aýdylýan saz üçin bolsa şygyr we saz ritminiň gabat gelmezligi ýa-da doly bolmadyk gabat gelmegi has häsiýetlidir.

## § 3. Saz bilen tekstiň mazmunynyň baglanyşygy

Tekstiň we sazyň intonasiýa we metroritm babatynda baglanyşmagy bilen bir hatarda, tekstiň mazmuny bilen sazyň arasyndaky baglanyşyk ähmiýetli meseleleriň biri bolup durýar. Bu mesele örän çylşyrymly bolup, dürli nukdaýnazardan çemeleşmekligi talap edýär.

Wokal eserlerinde saz tekste görä gidip biler, şonda tekstiň başdan geçirýän her bir ýagdaýy sazda hem yzygiderli açylyp görkezilýär. Saz bilen tekstiň başgaça baglanyşýan tarapy hem bolup, onda tekstiň tutuş mazmunynyň häsiýeti umumylaşdyrylan görnüşde öz beýanyny tapýar. Kähalatda bolsa sazda döredilýän keşp, tekstiň mazmuny ýa-da çeper keşbi bilen gapma-garşylyk döredýär. Beýle ýagdaýlarda eser, umuman alanyňda, gapma-garşy, dartgynly, käte satiriki, degişmeli bolup biler.

Sazyň tekst bilen gatnaşygynyň şol ýa-da beýleki görnüşiniň amala aşyrylmagy has köp derejede kompozitoryň döredijilik şahsylygyna, döredijilik usulyna we anyk pikirine, onuň tekstiň mazmunynyň haýsy taraplaryny nygtamaklygy ýa-da bellemekligi isleýändigine, edebi eseriň gizlin manysyny açyp görkezişine bagly bolýar. Muňa baglylykda hem şol bir tekste, emma formasy we häsiýeti boýunça düýbünden tapawutlanýan dürli wokal eserleriň peýda bolmagy mümkin bolýar. Mysal üçin, A. Puşkiniň sözlerine döredilen «Не пой, красавица, при мне» romansynda M. Glinka kuplet formasyny, S. Rahmaninow bolsa – üç bölümli formany ulanýar.

## § 4. Kamera-wokal sazynda formalaryň esasy görnüşleri

Saz ösüşiniň häsiýetine, şeýle-de saz bilen sözüň arabaglanyşygyna baglylykda düzümleriň dürli görnüşi, ýagny dürli görnüşli formalar peýda bolýar.

Kamera-wokal sazynyň esasy formalary hökmünde onuň üç görnüşini tapawutlandyrmak bolýar:

1) kuplet formasy;
2) kuplet-wariasiýalar formasy;
3) zowwamlaýyn ösüşli forma.

## § 5. Kuplet formasy

Kuplet formasy diýlip, tekstiň setirlerine şol bir saz bilen goltgy berilmeginde emele gelýän wokal sazyň formasyna aýdylýar. Şeýlelikde, kuplet formasynda goşgy setirine goltgy berýän saz, şol eseriň mazmunynyň umumy häsiýetini, esasy ideýasyny beýan edýär. F. Şubertiň «Ýola» («В путь») aýdymynda kupletiň sazy esasy ýagdaýy – şat durmuşy janlandyrýar.

Kuplet formasy esasy bölüminden başga, gaýtalanma bölümini hem öz içinde jemläp biler. Gaýtalanma bölüminde tekstiň gaýtalanmagy onuň häsiýetli alamaty bolup durýar. Käwagt tekst dolulygyna däl-de, onuň bir bölegi gaýtalanyp biler. Gaýtalanma, forma babatynda dürli-dürli bolup, esasy bölümiň goşulmasy, ýa-da onuň soňky sözleminiň gaýtalanmasy, ýa-da aýratyn gurluş hökmünde duş gelýär.

Kuplet formasy, eseriň mazmunynyň bir esasy ideýa bilen eriş-argaç bolup geçýän eserlerde ulanylýar. Şu sebäpli-de ol ilki bilen aýdymlar üçin häsiýetlidir, çünki bu žanr mazmunyň umumylygy bilen tapawutlanýar. Halk hem-de köpçülik aýdymlarynyň köpüsinde kuplet formasy ulanylýar.

Bu forma romanslarda, aýdymlara garanyňda, has seýrek duş gelýär. Bu bolsa romansa duýgynyň emele gelmeginiň dinamikasyny görkezmeginiň has mahsus bolmagy bilen düşündirilýär. Şoňa görä-de, gaýtalanýan kupletiň formasy romans üçin aýdymdan juda az adatydyr. Eger-de bu forma romansda bar bolsa, onda, köplenç, iki-üç bentden köp ulanylmaýar; aýdymlarda bolsa, hususan-da, halk aýdymlarynda, olaryň sany kyrka çenli we hatda ondan hem köp bolýar.

## § 6. Kuplet-wariasiýalar formasy

Kuplet-wariasiýalar formasy diýlip, kupletleri ýa-da olaryň käbirleriniň birinji kupleti takyk däl-de, onuň wariant görnüşini geçirmekligine aýdylýar. Şoňa baglylykda bu forma, kuplet formasyna garanyňda, sazy ösdürmekde has köp mümkinçilige eýe. Onda käbir kupletler, köplenç, uly dinamikany we formanyň bitewüligini emele getirip, bir kulminasiýa bilen birleşýärler.

Sazyň we tekstiň baglanyşygy babatynda warýirlenen kuplet, kuplet formasy bilen deňeşdireniňde, sazda tekstiň mazmunynyň inçeliklerini beýan etmekde uly mümkinçilikleri berýär.

Kuplet-wariasiýalar formasynda aýratyn kupletleriň ösdüriliş usullary dürli görnüşli bolýar. Käbir ýagdaýda, birinji bilen deňeşdireniňde bentleriň käbirleriniň goltgusynyň wariasiýasy geçirilýär (A. Dargomyžskiý, «Hüwdi»).

Şeýle-de wariasion üýtgedilme dolulygyna däl-de, bendiň bir böleginde bolup geçýändigini hem görmek bolýar. Meselem, A. Dargomyžskiý üçin wariantlylygy kupletleriň ortaky bölümine girizme häsiýetlidir, başyny we soňuny bolsa, ol adatça, üýtgetmän saklaýar. Bu ýagdaýyň sözleýiş intonasiýasyny has takyk beýan etmäge çalyşmak bilen bagly bolmagy mümkindir, munuň netijesinde bolsa täze teksti täze ýa-da wariantly üýtgedilen saz bilen goldamak zerurlygy döreýär. Şeýlelikde, A. Dargomyžskide kupletleriň wariantlylygy, ilki bilen sazyň intonasiýalarynyň we tekstiň sözleýiş intonirlenmeginiň häsiýetiniň arasyndaky özara baglanyşygy bilen şertlendirilendir («Мне все равно» romansy).

P. Çaýkowskiý, esasan, kupletiň soňunyň ösüşiň kuwwatlandyrylmagy ugruna üýtgedilmegini, her indiki kupletdäki dartgynlylygyň ondan öňürti gelen kupletiňkiden artmagyny has köp ulanýar. Şeýle usul iň soňky bentde bir umumy kulminasiýanyň emele gelmegine we şu sebäpli bütin eseriň ösüşiniň bir liniýasynyň döremegine ýardam edýär. Bu ýerde arassa saz ösüşi birinji derejä çykýar. Mysal üçin, «То было раннею весной» romansynda ony düzýän her üç kuplet meňzeş başlanýar, ýöne olaryň soňky ösüşi tapawutly. Her soňky gelýän kuplet, öňki bilen deňeşdirilende forma, diapazon, garmoniýanyň dartgynlylyk derejesi, modulýasiýanyň baýlygy

taýdan has dinamiki, has ösdürilen bolup durýar. Şu sebäpli, ähli öňki ösüş bilen taýýarlanan soňky bentdäki kulminasiýa («О лес, о жизнь, о солнца свет» sözlerinde) bütin romansyň kulminasiýasy bolup durýar. Aýratyn kupletleriň arasyndaky çäkleri öçürýän şeýle kompozisiýa geçmişiň keşbiniň ýatlamada kem-kemden dikeldilmegi we täzeden başdan geçirilýän duýgy hökmünde seslenip başlanmagy täsirine ýardam edýär.

Eseriň ähli kupletleriniň warýirlenmä sezewar bolmagy hökman däldir. Käwagt üýtgeme diňe olaryň birnäçesine ýa-da hatda birine (şeýle ýagdaýda, köplenç, soňka) degişli bolýar.

Her aýratyn ýagdaýda şol ýa-da beýleki bendiň üýtgemegi tekstiň mazmunynyň aýratynlyklary bilen baglydyr. Mysal üçin, F. Şubertiň «Forel» aýdymynda soňky bentde tekstiň mazmunyna laýyklykda sazda hem özgeriş bolýar.

## § 7. Zowwamlaýyn ösüşli forma

Zowwamlaýyn ösüşli forma – erkin saz ýaýbaňlandyrylmasyna esaslanan wokal forma. Formanyň bu görnüşinde tematizmiň, bölümleriň gaýtalanmasy hökman däl. Şeýle-de bolsa, zowwamlaýyn ösüşli forma düzümleriň üznüksiz akgynlylygyny aňlatmaýar. Onda böleklere bölünmeklik bar, emma bu bölekler goşgynyň bentleri bilen hökmany gabat gelmeýär.

Zowwamlaýyn ösüşli formalaryň aglabasynda duş gelýän tematiki ösüş saz eseriniň içki bölümlerini bitewüleşdiriji hökmünde çykyş edýär. Muňa mysal edip, F. Şubertiň «Tokaý şasy» balladasyna seretmek bolar. Onda bitewüleşdiriji funksiýany üznüksiz hereket edýän triol ritmi ýerine ýetirýär. Bu ritm tutuş balladanyň içinden geçmek bilen, şol bir wagtda şekillendiriji we labyzlylyk ähmiýetine eýedir.

Zowwamlaýyn forma mazmunynda dürli häsiýetdäki epizodlary jemleýän ýa-da ýagdaýlaryň ýygy çalşygyny başdan geçirýän eserlere mahsus bolup, olar sazyň tekstde beýan edilen mazmuny yzarlamagyna we onuň her bir elementini saz arkaly janlandyrmagyna uly mümkinçilik berýär. Käbir ýagdaýda saz ösüşi bilen tekstiň mazmun ösüşiniň arasyndaky baglanyşyk has güýçli bolup, sazdaky forma

emele getiriş kanunalaýyklyklary gönüden-göni tekstiň gurluşyndan ugur alýar.

## § 8. Wokal sazynda adaty instrumental formalaryň ulanylyşy

Kamera-wokal eserlerinde bellenilip geçilen esasy üç formadan daşary, instrumental sazlaryna mahsus bolan formalaryň hem ulanylýandygyny görmek bolýar. Ilkinji nobatda hem ýönekeý formalaryň dürli görnüşleri, ýagny üç we iki bölümli, seýrek ýagdaýda bir bölümli formalar duş gelýär. P. Çaýkowskiniň «Ночь», «Отчего я люблю тебя», «Средь шумного бала», A. Borodiniň «Для берегов отчизны дальной», S. Rahmaninowyň «О нет, молю, не уходи» ýaly romanslaryny üç bölümli formada ýazylan, R. Şumanyň «Лилея и роза», «Лотос», P. Çaýkowskiniň «Отчего?», «Растворил я окно», S. Rahmaninowyň «Сирень», «В молчаньи ночи тайной» ýaly romanslaryny iki bölümli formada ýazylan, A. Dargomyžskiniň «Влюблен я, дева-красота», A. Borodiniň «Отравой полны мои песни» ýaly romanslaryny bolsa, bir bölümli formada ýazylan eserler hökmünde bellemek bolar.

Wokal sazlarynda çylşyrymly üç bölümli, rondo ýaly formalaryň ulanylmagy hem duş gelýär.

Adam sesiniň aýratynlyklary we mümkinçilikleri, oňa mahsus bolan diapazonyň çäkliligi bilen baglylykda, şeýle-de ýygy we ýiti modulýasiýa geçişleriň çylşyrymly bolup durýandygy sebäpli, wokal sazynda has çylşyrymly formalar (rondo, sonata) ulanylanda işlenilme bölümleri, uzyn baglaýjy bölekler gysgaldylyp ýa-da düýbünden ulanylman geçilýär. Şeýle-de bolsa, adaty formalaryň esasy kompozision kanunalaýyklyklary wokal sazynda hem saklanylýar.

## § 9. Wokal toplumlary

Kamera-wokal sazynda bir pikir bilen birikdirilen, formasy boýunça gutarnykly, aýratyn aýdymlardan ýa-da romanslardan düzülen wokal toplumlary uly orny eýeleýär. Şeýle toplum üçin birikdiriji esas bolup dürli alamatlar gulluk edip biler.

Romanslar topluma olaryň arasyndaky sýužet baglanyşygynyň alamaty boýunça birleşip bilerler. Mysal üçin, R. Şumanyň «Zenanyň söýgüsi we durmuşy» («Любовь и жизнь женщины») aýdymlar toplumy şeýledir. Bu toplumda her aýdym zenanyň – başda ýaş, arzuwçyl gyzyň, soňra bagtly aýalyň we enäniň, ahyrynda-da, hasratdan çöken dul aýalyň – durmuşyndan aýratyn sahypalaryny beýan edýär. Sazdaky bitewülik bu toplumda ilki bilen oýlandyryjy-arzuwçyl, täsirli, emma mydama mähirli-ýumşak, çuň liriki ýaly intonasiýalaryň bir umumy topary bilen gazanylýar; ikinjiden, «gurşap almak» usuly, haçanda iň soňky tragiki romansyň jemlemesinde ýatlama hökmünde birinji romansyň ýagty temasy ýaňlanyp başlanda, uly ähmiýete eýe bolýar.

Toplumyň aýratyn romanslarynyň arasynda baglanyşygyň başga prinsipiniň ulanylmagy hem mümkin. Sýužet liniýasynyň ýoklugynda olary toplumyň pýesalarynyň her birinde aýry, ýagny hakykatyň dürli hadysalarynyň (wakalarynyň) täsiri bilen beýan edilen bitewi tema birleşdirip bilýär. Mysal üçin, M. Musorgskiniň «Без солнца», «Детская», «Песни и пляски смерти» wokal toplumlary şeýle gurlan.

«Песни и пляски смерти» toplumynda esasy birikdiriji tema adamyň onuň ömrüniň dürli pursatlarynda gelýän ölüme garşylyk temasy dur. Toplum dört sany pýesadan ybarat: «Колыбельная» (çagany alyp gidýän ölüm), «Серенада» (ýaş gyzy ýaşaýyşdan sogurýan ölüm), «Трепак» (tokaýda doňup galan serhoşy aňtaýan ölüm) we «Полководец» (söweş meýdanynda ýeke-täk ýeňiji bolup durýan ölüm). Bu pýesalaryň umumy sýužeti ýok, emma olaryň arasyndaky ideýa-tematiki baglanyşyk örän güýçli. Olar öz arasynda, liniýanyň şahsy, indiwidual tragediýa manyda özgermeginden (birinji romanslarda) onuň sosial liniýa hökmünde açylyp görkezilmegine çenli (iň soňky romansda) tragiki başlangyjyň ösüşiniň bitewi liniýasy bilen birleşýärler. Muňa laýyklykda hem toplumyň bütin saz ösüşi, dramatiki kulminasiýa hökmünde jemleýji romansa gönükdirilen bolýar. Intonasiýalaryň häsiýeti üýtgeýär, formalaryň göwrümleri giňeldilýär. Şeýlelikde, iň soňky «Полководец» romansy toplumyň bitewüligini hem goldap, şonuň bilen birlikde onuň hakyky jemlemesi bolup durýar.

**Derňew üçin mysallar:**

**Kuplet formasy**

1. Mosart. «Bahar aýdymy» («Весенняя песня»).
2. Bethowen. «Toý aýdymy»; «Surok» («Сурок»).
3. Şubert. «Ýola» («В путь»); «Şarmankaçy» («Шарманщик»).
4. Şuman. «Gözel maý» («Прекрасный май»).
5. Grig. «Seni söýýän» («Люблю тебя»).
6. Alýabýew. «Соловей».
7. Glinka. «Ах ты, ноченька»; «Ночь осенняя»; «В крови горит огонь желанья»; «Не пой, красавица, при мне».
8. Dargomyžskiý. «Русалка» operasy, Olganyň aýdymy; «Лихорадушка»; «Не судите, люди добрые».
9. Çaýkowskiý. «Колыбельная»; «Цыганская песня»; «Евгений Онегин» operasy, Trikeniň kupletleri.
10. Dunaýewskiý. Aýdymlar.
11. Solowýew-Sedoý. Aýdymlar.
12. Rus halk aýdymlary.

**Kuplet-wariasion formasy**

1. Şubert. «Forel» («Форель»); «Sergezdan» («Скиталец»).
2. Şuman. «Düýşümde men ajy agladym» («Во сне я горько плакал»).
3. Dargomyžskiý. «Я все еще его люблю»; «Мне все равно»; «Расстались гордо мы»; «Червяк».
4. Borodin. «Песня темного леса».
5. Çaýkowskiý. «То было раннею весной»; «Страшная минута»; «Пиковая дама» operasy, Tomskiniň balladasy, Polinanyň romansy.
6. Rahmaninow. «Полюбила я на печаль свою»; «Уж ты нива моя».
7. Rimskiý-Korsakow. «Снегурочка» operasy, Leliň üçünji aýdymy.
8. Taneýew. «Сталактиты».

**Zowwamlaýyn ösüşli forma**

1. Şubert. «Tokaý şasy» («Лесной царь»).
2. Werstowskiý. «Чёрная шаль».
3. Musorgskiý. «Калистрат»; «Семинарист»; «Песни и пляски смерти»; «Колыбельная».

**Hödürlenýän edebiýat:**

1. *Васина-Гроссман В*. Музыка и поэтическое слово. М., 1972.

2. *Коврига Г*. Сквозная форма в песнях Шуберта. //Вопросы музыкальной формы. Вып. 2. М., 1972.

3. *Курышева Т*. Камерно-вокальный цикл в современной русской советской музыке //Вопросы музыкальной формы. Вып. 1. М., 1967.

4. *Лаврентьева И*. Вариантность и вариантная форма в песенных циклах Шуберта //От Люлли до наших дней. М., 1967.

5. *Ливанова Т*. Музыкальная классика XVIII века. М.– Л., 1939.

6. *Ручьевская Е*. О соотношении слова и мелодии в русской камерной вокальной музыке начала XX века. //Русская музыка на рубеже XX века. М., 1966.

# XX BAP
# OPERA, KANTATA, ORATORIÝA

## § 1. Opera. Umumy häsiýetnama

Sazy, sözi we sahna hereketlerini özünde utgaşdyrýan çylşyrymly sintetiki esere opera diýilýär. Şeýlelikde, operada saz diňe bir şygryýetiň kanunlary bilen däl-de, eýsem hökmany suratda şol eseriň dramaturgiýasynyň aýratynlyklary bilen hem bilelikde hereket edýär. Emma saz operanyň esasy bolup hyzmat edýär. Ýokarda aýdylanlara görä, operanyň häsiýeti, umuman alanyňda, saz dramaturgiýasy bilen kesgitlenilýär.

Opera saz eserleriniň içinde sazyň ähli görnüşlerini özünde toplaýan ýeke-täk žanr bolmak bilen, onda solo, ansambl, hor ýerine ýetirilişi, şeýle hem aýdyma, tanslara sazandarlyk edilmegini, özbaşdak instrumental sazy eşitmek bolýar.

Bu babatda opera edil şeýle ýagdaýlary özünde jemleýän oratoriýa žanry bilen ýakynlaşýar. Emma oratoriýada sahnalaşdyrylan hereket ulanylmaýar we opera ýaly dowamly bolmaýar. Dowamlylyk barada aýdylanda, opera instrumental sazyň belli bolan ähli toplum formalaryndan öňe geçýär.

Bellibir sýužete esaslanýan her bir sahna eseri ýaly, opera hem perdelere, görnüşlere we sahnalara bölünýär. Opera eseriniň bitewüli-

gine arassa saz serişdeleri arkaly ýetilýär. Bitewüligiň döredilmeginde bir ýa-da birnäçe esasy saz temalary ýa-da şol temalaryň aýratyn elementlerini gaýtalamagynyň we ösdürmeginiň dürli usullary ähmiýetli orun tutýar.

Şeýle temalar hemişe ýa gatnaşýan gahrymanlaryň häsiýetnamasy bilen, oýnuň esasy pikiriniň sazly beýany bilen baglydyr. Operanyň leýtmotiw, leýttema, leýthäsiýetnama ýaly esasy tematiki elementleriniň atlary-da hut şu ýerden gelip çykýar. Bir opera eseriniň içinde leýttemalar ýa-da leýthäsiýetnamalar toparlara jemlenip bilýärler, mysal üçin, položitel keşp bilen bagly leýttemalar otrisatel keşbiň tematizmine gapma-garşy goýulýar.

Umuman alanyňda, bütin operanyň tonal bitewüligi örän seýrek hadysadyr. Sahnanyň ýa-da görnüşiň içinde tonal bitewülik duş gelýär. Operanyň içindäki aktlar öz aralarynda beýleki sýužetli sahna formalarynyň aktlary ýaly gatnaşykda bolýarlar: sýužetiň, esasy gahrymanlaryň häsiýetleriniň we olaryň özara gatnaşyklarynyň eksponirlenmegi birinji perdede bolup geçýär, çözülişi – soňky perdede, wakalaryň we häsiýetleriň ösüşi – ortaky perdede (ortaky perdelerde) bolup geçýär.

Her bir sahnanyň häsiýeti umumy saz-dramaturgiýa meýilnamasyna baglydyr. Saz dramaturgiýasynyň esasynda, köplenç, dürli saz keşpleriniň gapma-garşylygy ýa-da deňeşdirilmegi ýerleşýär. Netijede, eseriň häsiýetini açyp görkezýän şol gapma-garşylyk intonasion dramaturgiýada berilýär. Intonasion dramaturgiýa adalgasy ssenariý sýužetiniň ähli aýratynlyklaryny, eseriň esasy tematiki elementlerini çaknyşdyrmak (uzak we ýakyn «aralyklarda») we ösdürmek arkaly düşündirilmegini aňladýar. Hut saz darmaturgiýasynyň dartgynlylygy bilen operanyň täsir ediji güýji kesgitlenilýär.

Özeninde toplumly bolan her bir iri saz eserinde bolşy ýaly, operada hem ençeme aýry-aýry kulminasiýalaryň (bellibir sahna, ýagdaý, nomer we ş.m. üçin) bolmagy mümkin. Emma, köplenç, eseriň umumy kulminasiýasynyň ýa-da şu ýa-da başga saz keşbiniň ösüşinde esasy kulminasiýasynyň görkezilmegi üçin esaslar bar. Eseriň umumy kulminasiýasy, köplenç, operanyň soňky görnüşleriniň birinde bolýar.

Eger-de perde görnüşlere ýa-da özbaşdak sahnalara bölünmeýän bolsa, onda ol mazmunynyň bitewüligi bilen birleşdirilen,

bütin akt üçin esasy kulminasiýasy bolan, tematiki, käwagt bolsa tonal reprizalarynyň pursatlary bolan özbaşdak saz-sahna forma bolup durýar. Eger-de akt az-kem bolsa-da özbaşdak görnüş ýa-da sahnalardan ybarat dursa, umuman alanyňda, hut şolar opera formasynyň içindäki esasy iri bölümler hökmünde şertli kabul edilmeli.

## § 2. Operanyň gelip çykyşy we ösüşi

Häzirkizaman operany düzýän aýry elementleriň gelip çykyşyny uzak geçmişden gözlemek gerek. Halk oýunlary we däp-dessurlary aýdymlaryň, tanslaryň, pantomimanyň utgaşmagyndan ybaratdyr. Saz antiki tragediýanyň, orta asyrlarda bolsa «mukaddes» tomaşalaryň hökmany gatnaşyjysy bolupdyr.

Sungatyň aýratyn görnüşi hökmünde opera ilkibaşda XVII asyryň başynda Italiýada emele gelýär. Operanyň emele gelşi we ösüşi, ýewropa sazynda akkompanementli heňiň emosional täsirliliginiň esasy bolup durýan täze gomofoniki stili kem-kemden ornaşmagy bilen baglanyşyklydyr.

XVII we XVIII asyrlaryň opera sazynyň agras opera (Italiýada – «opera-seriýa», Fransiýada – «grand-opera») we komiki opera (Italiýada – «opera-buffa», Fransiýada – «opera-komik») bölünişigi bellenip geçilýär. Agras operada diňe aýdym aýdylmagy göz öňünde tutulýan bolsa, komiki opera gepleşikler, dialoglar goşulýar. Şeýle bölünişik XIX asyryň ikinji ýarymyndaky opera sungaty we häzirkizaman operasy üçin ähmiýetli derejede adalatlylygyny ýitirdi. Agraslyk we gülkülilik, köplenç, bir stiliň çarçuwasynda birleşýärler. Üznüksiz aýdym aýtmak gülküli mazmunly operalarda hem bar. Operanyň ösüşiniň aýry döwürlerinde bu sungata reforma girizmek ugrundaky synanyşyklar arkaly (K. W. Glýuk – XVIII asyrda, R. Wagner – XIX asyrda) şygryýetiň we sazyň arasynda üýtgeşik aragatnaşyklar girizilýär, bu bolsa reçitatiw we melodiki sazlaryň arasyndaky täze aragatnaşyklarda, şeýle-de eseriň gurluşynda (aýratyn gutarnykly nomerlere bölünýän opera we zowwamlaýyn görnüşli opera) öz beýanyny tapýar.

Opera eserleriniň tapawutly elementleriniň ähmiýetine baglylykda has jikme-jik klassifisirlenmegi maksadalaýyk bolmaz, çünki şu

ýa-da beýleki utgaşmalarda operany düzýän elementleriň görnüşlere bölünme mümkinçilikleri örän uly bolup, her bir aýratyn ýagdaýda, esasan, kompozitoryň döredijilik ideýasy bilen kesgitlenilýär.

## § 3. Operalaryň dürli görnüşleri

Opera eserleriniň gurluşynyň iki esasy görnüşi bellidir:

1) ýapyk nomerler sistemasyna esaslanýan operalar;

2) üznüksiz zowwamlaýyn ösüşe esaslanýan operalar.

Bu iki ýörelgäniň utgaşdyrylan ýagdaýlary ýygy-ýygydan duş gelip, kähalatlarda olaryň biri has agdyklyk edýär. Nomer gurluşly operada, köplenç, käbir nomerleriň jemleýji epizodlary olaryň tamamlaýjy häsiýetine seretmezden, perdäniň saklanmagyna sebäp bolmaýar, çünki kompozitor garmoniki we faktura serişdeleri bilen garaşylýan arakesmäni aradan aýyrýar we hereketiň dowam etmegini üpjün edýär.

Onuň tersine, reçitatiw gurluşly we zowwamlaýyn ösüşli operada mazmuny we formasy taýdan özbaşdak, iri nomerler bolup biler.

Operanyň özenini düzýän tematizmiň häsiýetine we onuň ösüş usullaryna görä opera eserleri iki esasy görnüşe bölünýärler:

1) aýdym-melodiki häsiýetde beýan etmeklik agdyklyk edýän operalar (köplenç, nomer gurluşy bilen bagly);

2) reçitatiw häsiýetinde beýan etmeklik agdyklyk edýän operalar (esasan, zowwamlaýyn ösüşli opera gabat gelýär).

Reçitatiwiň ol ýa-da başga bir görnüşi operanyň haýsy-da bolsa bir görnüşine degişli däldir. Bu ýerde gürrüň, reçitatiwiň ýa-da aýdym-melodiki başlangyjyň agdyklyk etmeginiň eseriň umumy keşbini kesgitleýändigi baradadyr.

Reçitatiw görnüşli beýan etmeklige heňiň şekilini we onuň içindäki basymlaryň (aksentleriň) teksti söz bilen sözlemegiň ýa-da teksti deklamasiýaly okamagyň kanunlary bilen gabat getirmeklige bolan ymtylyş häsiýetlidir.

Opera reçitatiwiniň esasy görnüşlerine şular degişlidir:

1. Gury reçitatiw – solo sesiň wokal liniýasy akkordlar bilen güýçlendirilýär, wokal liniýasynyň melodiki täsirliligi şertli we ähmiýetli däldir.

Köplenç, gury reçitatiw gysga wagtyň dowamynda gahrymanyň degişli sahna wakasyny düşündirýän teksti aýdyp bilmegine mümkinçilik bermek üçin ritmiki taýdan gysylandyr (ýagny, hereketli depginde ownuk nota dowamlylyklarynda beýan edilýär). Gury reçitatiw, adatça, baglaýjynyň, bir opera nomerinden beýleki opera nomerine geçiş wezipesini ýerine ýetirýär.

2. Melodizirlenen reçitatiw adaty gepleýşiň ýa-da deklamasiýanyň käbir kanunalaýyklyklaryna daýanmagy dowam edýär, emma gury reçitatiwden tapawutlylykda, melodiki täsirlilige eýe bolýar, leýtmotiw ähmiýetli, ýa-da degişli gahrymanyň esasy häsiýetnamasyna ýakyn bolan aýratyn motiwleri ýa-da jümleleri öz içine alýar. Tekstiň bir ýa-da beýleki görnüşde gurnalmagy goşgy, ýa-da kyssa-melodizirlenen reçitatiwiň wokal liniýasynyň häsiýetine ähmiýetli täsirini ýetirýär. Melodizirlenen reçitatiw, köplenç, ösen orkestr goltgusyny aňladýar. Bu goltguda garmoniki we faktura serişdeleri gahrymanyň häsiýetiniň we özüni alyp barşynyň dürli aýratynlyklaryny açyp görkezýär. Şeýle reçitatiwde wokal liniýasy we orkestr partiýasy polifoniki taýdan utgaşyp biler, çünki, köplenç, leýtmotiw jümleler, melodizirlenen reçitatiwe goldaw berýän orkestr dokumasyna garyşan bolýar. Bu reçitatiw opera eseriniň bütin dowamy boýunça agalyk ediji ýazuw usuly bolup, öz içine gahrymanlaryň häsiýetlendirme pursatlaryny, olary umumylaşdyrýan epizodlaryny we ş.m. öz içine alýar (mysal üçin: A. Dargomyžskiniň «Daşdan myhman» («Каменный гость»), M. Musorgskiniň «Nika toýy» («Женитьба»), S. Prokofýewiň «Semýon Kotko» eserleri). Reçitatiw düzümli şeýle operalarda, köplenç, zowwamlaýyn gurluş agdyklyk edýär; durmuşy saz žanrlary bilen baglanyşykly nomerler – aýdymlar, romanslar, marşlar, tanslar – ýapyk bolup biler.

## § 4. Opera eserini düzýän formalar we žanrlar

Opera degişli bolan a r i ý a forma taýdan aýratyn, özbaşdak saz nomerleriniň arasynda esasy ähmiýete eýedir.

Ariýada gahrymanyň esasy häsiýetnamasy berilýär. Bu – gahrymanyň saz portretidir. Adatça, ariýada gahrymany häsiýetlendirýän esasy saz tematiki material jemlenýär. Sýužetiň we sahna

hereketiniň ösüşi nukdaýnazaryndan, ariýa, köplenç, gahrymanyň ykbalyndaky aýgytly pursada gabat gelýär.

Ariýanyň strukturasy örän köp görnüşli bolup biler: iki bölümli, üç bölümli, rondo (kadadan çykma hökmünde sonata formaly ariýa hem gabat gelip biler, mysal üçin M. Glinkanyň «Ruslan we Lýudmila» operasyndan Ruslanyň ariýasy).

Adatça, ariýada azyndan iki sany tapawutly saz materialy bolýar, bu bolsa gahrymanyň has doly häsiýetlendirilmegini üpjün edýär.

Ariýa baş gahrymanlaryň partiýalarynda hökmany düzüm bölegi bolup durýar. Ikinji derejeli şahsyýetler beýleki formalaryň (ariozo, aýdym, romans) kömegi bilen häsiýetlendirilip bilner.

Ariozo ariýadan ilki bilen mazmuny we ölçegi, az derejede gurluşy taýdan tapawutlanýar. Ariozo haýsydyr bir waka bilen baglylykda degişli gahrymanyň bölekleýin häsiýetnamasy bolup durýar. Ariozoda gahrymanyň haýsydyr bir beýleki personaža ýa-da onuň bellibir waka degişli gatnaşygy beýan edilýär. Ariozo hereketiň haýsydyr bir ýagdaýy bilen berk bagly bolýar (mysal üçin, Lenskiniň «Siz nirä ýitip gitdiňiz» («Куда, куда вы удалились») ariýasyny we ýene onuň «Men sizi söýýän, Olga» («Я люблю вас, Ольга») ariozosyny deňeşdirip görüň).

Şu aýdylanlar a r i ý e t t a hem degişlidir. Onuň ady göwrüminiň hökmany kiçiligini görkezýär: ariýetta – kiçijik ariýa.

Ariozo, köplenç, üç bölümli gurluşa eýedir. Ariýetta üçin hem şu häsiýet ulanylyp bilner, emma iki bölümli we bir bölümli formalardaky ariýettalara hem duş gelmek bolýar.

Gahrymanyň solo aýdyşlarynyň beýleki žanrlary – kawatina, romans, ballada, serenada, kansona we beýlekiler – dürli maksat we mazmunda bolup bilerler.

Ballada beýan edijiligiň kyssalaýyn häsiýeti bilen baglydyr, kawatinanyň, romansyň, serenadanyň mazmuny, köplenç, gahrymanyň liriki janköýerligi bolup durýar.

Ýokarda sanalyp geçilen ähli žanrlarda tapawutly gurluşlar bolup biler: muňa seretmezden, ballada üçin kupletlilik has häsiýetli bolsa, liriki opera nomerleri üçin üçbölümlilik häsiýetlidir.

Operany düzýän žanrlar bilen baglylykda operada häsiýetnamanyň žanr arkaly kabul edilmeginiň ähmiýeti barada hökman durup

geçilmelidir. Onuň özeni aşakdakydan durýar: özüne degişli bolan ähli aýratynlyklary bilen durmuşy sazyň haýsydyr bir formasy (mysal üçin, aýdym) gahrymanyň häsiýetnamasynyň serişdesi hökmünde ulanylýar (mysal üçin, M. Musorgskiniň «Howanşina» operasyndan Marfanyň «Исходила младшенька)», şeýlelikde, žanryň üsti bilen umumylaşdyrma üpjün edilýär – gahrymanyň ykbaly, onuň pikirleri we duýgulary, ýaýbaň durmuşy saz formasy arkaly berilýän häsiýetnama tipiki görnüşli diýlip tassyklanylýar.

Operadaky ansambllar – dialog duetden (dramadaky dialoga gabat gelýär) ansamblyň çylşyrymly formalaryna çenli – kwartet, kwintet we ş.m., olaryň esasynda ansambla gatnaşyjylaryň ykbalynda bolup geçýän haýsydyr bir waka bolan täsir ýatýar.

Opera ansambllarynyň köpgörnüşliliginiň içinde iň özboluşly ýagdaýlar saýlanyp bilner. Duetleriň arasynda – «ylalaşyk» we «düşünişmezlik» duetleri tapawutlandyrylýar. «Ylalaşyk duetinde» gahrymanlaryň ikisi-de haýsydyr bir waka meňzeş täsir görkezýärler, bu bolsa olaryň aýdyşlarynyň melodiki taýdan birmeňzeş häsiýetinde ýüze çykýar. «Düşünişmezlik duetinde» gahrymanlar şol bir waka tapawutly garaýyşda bolýarlar. Şonuň bilen birlikde gahrymanlaryň garaýyşlary olaryň wokal liniýasynyň tapawutly melodiki keşbinde beýanyny tapýar: şeýle duetdäki ösüş özbaşdak kontrast heňleriň gezekleşmegine we bir-biri bilen garyşmagyna esaslanýar.

Şeýle-de «düşünişmezlik dueti» meňzeş, emma tapawutly emosional mazmuna eýe bolan heňlere hem esaslanyp biler.

Has çylşyrymly ansambllar (triolar, kwartetler, kwintetler) gatnaşyjylaryň ählisi üçin umumy tematizmiň işlenilmegine ýa-da her biri degişlilikde gahrymanlaryň haýsy-da bolsa birini we onuň şahsy ýagdaýyny häsiýetlendirýän gapma-garşylykly heňleriň ösdürilmegine esaslanyp bilýärler. Ansamblyň imitasion gurnalmagy ýagdaýynda gahrymanlaryň käbirleriniň replikasynyň duýgy taýdan doldurylmagy gahrymanyň şol waka garaýşyna baglylykda tapawutly bolýar.

Operada hor aglaba ýagdaýlarda köpçülikleýin sahnalar bilen baglydyr. Operadaky hor haýsydyr bir toparyň häsiýetnamasyny beýan edýär. Köplenç, şol topar degişli waka birmeňzeş garaýyş bilen ýa-da umuman sýužetde birmeňzeş ýagdaýda jemlenýär. Ol halk köpçüligi, şäherlileriň köpçüligi, harby topar we ş.m. bolup biler.

Şeýle ýagdaýlaryň köpüsinde toparlaýyn häsiýetnama döretmek üçin bellibir sebäp bolup, şol sebäp bilen hem tematizm hem-de hor nomeriniň gurluş formasy kesgitlenilýär. Hor nomerleriniň saz tematizmi, köplenç, haýsydyr bir durmuşy žanr ýa-da jemgyýet durmuşynda berk orun alan däp-dessuryň görnüşi bilen baglydyr.

Hor epizodynyň gurluş formasy mümkinçilikleriň ägirt uly saýlawyny göz öňünde tutýar, emma şol nomeriň we onuň mazmunynyň sýužet ähmiýetine bagly bolup durýar.

Aýdym görnüşli horlar has-da ýaýbaňdyr, çünki özüniň dürli žanr özgermelerinde aýdym, iň ýaýbaňlaşan köpçülikleýin saz formasydyr.

Operada orkestr diňe bir köp görnüşli akkompanement wezipesini ýerine ýetirmek bilen çäklenmän, eýsem bellibir pursatlarda ýeke-täk täsirlilik başlangyjy bolup durýar. Uwertýuralar we sazly antraktlar hem şeýledir.

XIX asyryň we döwrümiziň köp operalarynda orkestr saz dramaturgiýasynyň esasy alypbaryjysy bolup durýar we eseriň bütin dowamy boýunça birinji derejeli rol oýnaýar.

Uwertýura tematiki taýdan operanyň sazy bilen baglanyşykly bolman biler. Şeýle ýagdaýlarda uwertýuranyň duýgy ýagdaýy özünden soň gelýän operanyň häsiýetine gabat gelýär.

XIX asyryň we has soňky döwürleriň opera sazlarynda, operanyň esasy saz ideýasyny orkestr girişinde ýüze çykarmaga çalyşma meýli has köp görülýär. Şonuň üçin şu döwriň opera uwertýuralary, introduksiýa we girişleri oýnuň esasy saz temalarynda gurulýar. Operanyň başlaýan orkestr uwertýurasy üçin, köplenç sonata formasy ulanylýar. Şeýle ýagdaýda sonata formasyna uly bolmadyk işlenilme täze gysgaça taýýarlygy ýa-da onuň ýerine täze tematiki materiala esaslanan epizod girizilip bilner.

Opera uwertýuralarynda taýýarlyksyz sonata formasy, gysgaldylan reprizaly sonata formasy hem giňden ulanylýar. Gysgaldylan reprizaly sonata formasy ulanylan ýagdaýynda reprizanyň ýerinde koda peýda bolýar.

Introduksiýalar we girişler, köplenç, uly bolmadyk göwrümleri bilen tapawutlanýarlar, emma ýeterli derejede dowamly bolup bilýärler. Opera introduksiýasy we girişi üçin üç bölümli forma has köp ulanylýar.

Operalardaky orkestr antraktlary kähalatlarda gönüden-göni indiki perdäni taýýarlaýar we ýa-ha saz serişdeleri bilen görnüşiň ýagdaýyny suratlandyrýar, ýa-da soňky görnüşiň esasy wakasyna gabat gelýän duýgy ýagdaýyny döredýär. Orkestr antrakty öňki we soňky aktlaryň arasyndaky wagtyň dowamynda bolup geçen wakalary suratlandyryp biler. Şeýle antraktlar saz kartinasynyň häsiýetine eýe bolýar. Şol bir zatlary aktyň içindäki, görnüşiň ýagdaýyny (tokaý, deňiz ýakasy we ş.m.) ýa-da haýsydyr bir wakany (sil, söweş, ýangyn) suratlandyrýan orkestr epizodlary üçin hem aýtmak mümkindir.

Ýokarda aýdylanlardan hem görnüşi ýaly, köp ýagdaýlarda operadaky özbaşdak orkestr epizodlary programmaly saza degişli bolup durýar.

## § 5. Kantatalar we oratoriýalar

Kantata belli alamatlary bilen tapawutlanmaýan, kesgitli formasy bolmadyk žanrdyr. Gadymy döwürlerde instrumental sazlaryň sonata diýlip atlandyrylyşy ýaly, kantata adalgasy bilen her bir wokal eseri atlandyrylypdyr. Kantata, köplenç, liriki häsiýetli bolup, oratoriýa garanyňda göwrümi boýunça onçakly uly däl. Şeýle-de, ol bir görnüşli mazmuna eýe bolup, onuň esasyny düzýän sýužetiň dramatiki işlenilmegi häsiýetli bolmaýar.

Kantatany ýerine ýetirmeklik üçin niýetlenilen düzüm dürli-dürli bolup, köplenç, bir ýa-da birnäçe solist, hor we orkestr üçin ýazylýar. Kähalatda, bu düzümiň solistsiz, käwagt bolsa, horsuz ulanylmagy hem gabat gelýär.

Kantatany kesgitlemekligiň kynlygyna garamazdan, birinjiden – orkestriň sazandarlyk etmeginde horuň öňdebaryjy orny eýelemegi, ikinjiden bolsa, haýsydyr bir keşbiň, ýurduň, hadysanyň, taryhy wakanyň şöhratlandyrylmagyna bagyşlanmagy onuň esasy alamatlary bolup hyzmat edýär.

Kantata bir bölümli we birnäçe bölümlerden ybarat bolan toplum görnüşli bolup biler.

Oratoriýa – solistler, hor we orkestr (organ) üçin niýetlenilen eser bolup, kantatadan tapawutlylykda ol has uly göwrüme we kesgitli ösüş häsiýetli sýužete eýe bolup durýar.

Oratoriýa köp alamatlary boýunça (mysal üçin, eseriň içinde uwertýura, ariýa, duet, hor ýaly gutarnykly nomerleriň ulanylmagy) opera žanryna ýakyndyr, emma ol sahnalaşdyrylan ýerine ýetiriliş üçin däl-de, konsert ýerine ýetirilişe niýetlenilen.

Irki döwürlerde – XVII–XVIII asyrlarda oratoriýalar, esasan, dini sýužetler bilen bagly bolupdyr. Isa pygamberiň çeken ejirlerine bagyşlanan oratoriýalar passionlar diýlip atlandyrylypdyr. XIX asyrda oratoriýa žanrynyň ulanylmagy seýrekleşýär. Bu döwürde onuň beýan edilişi erkinleşýär. Şeýle-de bolsa, temanyň ähmiýetliligi, eseriň giň göwrümliligi, horuň esasy başlangyç hökmünde ulanylmagy oratoriýanyň esasy alamatlary bolmaklygyna galýar.

**Derňew üçin mysallar:**

**Opera**

1. Mosart. «Don-Žuan», «Figaronyň toýy».
2. Weber. «Jadyly mergen».
3. Werdi. «Aida», «Otello».
4. Wagner. «Loengrin», «Reýniň altynlary», «Nýurnbergli meýsterzingerler».
5. Bize. «Karmen».
6. Guno. «Faust».
7. Smetana. «Satylan gelinlik».
8. Glinka. «Iwan Susanin», «Ruslan we Lýudmila».
9. Dargomyžskiý. «Rusalka», «Каменный гость».
10. Musorgskiý. «Boris Godunow», «Хованщина».
11. Borodin. «Knýaz Igor».
12. Rimskiý-Korsakow. «Sadko», «Garpamyk», «Царская невеста», «Сказка о золотом петушке», «Сказание о невидимом граде Китеже».
13. Çaýkowskiý. «Ýewgeniý Onegin», «Пиковая дама», «Чародейка», «Mazepa», «Iolanta».
14. Rahmaninow. «Aleko»
15. Paliaşwili. «Abesalom we Eteri».
16. Prokofýew. «Uruş we parahatçylyk», «Любовь к трем апельсинам», «Duenýa», «Semýon Kotko».
17. Şostakowiç. «Katerina Izmaýlowa».
18. Hrennikow. «В бурю».

21. Sargyt № 2832.

19. Kabalewskiý. «Семья Тараса».

20. Şebalin. «Укрощение строптивой».

**Kantata we oratoriýa**

1. Gendel. «Samson» oratoriýasy.

2. Bah. Ruhy kantatalar; «Кофейная кантата»; Messa *h-moll*.

3. Mendelson. «Iliýa» oratoriýasy.

4. Berlioz. «Fausty ýazgarmak» («Осуждение Фауста») dramatiki rowaýat.

5. Şuman. Gýoteniň «Faustyndan» sahnalar.

6. List. «Keramatly Ýelizaweta barada rowaýat» oratoriýasy.

7. Çaýkowskiý. «Москва» kantatasy.

8. Rimskiý-Korsakow. «Из Гомера» atly prelýudiýa-kantata; «Песнь о вещем Олеге», «Свитезянка» kantatalary.

9. Taneýew. «Ioann Damaskin», «Psalm okalandan soňra» kantatalary.

10. Rahmaninow. «Весна», «Колокола» kantatalary.

11. Şaporin. «На поле Куликовом» simfoniýa-kantata; «Сказание о битве за русскую землю» oratoriýasy.

12. Prokofýew. «На страже мира» oratoriýasy, «Aleksandr Newskiý», «Иван Грозный» kantatalary.

13. Şostakowiç. «Песнь о лесах», «On poema» oratoriýalary.

14. Swiridow. «Patetiki oratoriýa».

15. Arutýunýan. «Watan hakynda kantata».

**Hödürlenýän edebiýat:**


1. *Друскин М*. Пассионы Баха. Л., 1972.

2. *Ливанова Т*. Большая композиция в пору И. С. Баха. //Вопросы музыкознания. Вып. 1. М., 1955.

3. *Швейцер А*. Иоганн Себастьян Бах. М., 1964.

4. *Виеру Н*. Опера Р. Вагнера «Нюрнбергские мейстерзингеры». М., 1972.

5. Вопросы оперной драматургии. Сборник статей. М., 1975.

6. *Гейлиг М*. Форма в русской классической опере. М., 1968.

7. *Друскин М*. Вопросы музыкальной драматургии оперы. М., 1952.

8. *Якубов М*. Форма рондо в произведениях советских композиторов. М., 1967.

9. *Ярустовский Б*. Драматургия русской оперной классики. М., 1953.

10. *Ярустовский Б*. Оперная драматургия Чайковского. М., 1947.

# MAZMUNY


Sözbaşy .......... 7

**I BÖLÜM. SAZ FORMASYNYŇ UMUMY MESELELERI**

Giriş .......... 8
Saz eserleriniň derňewi dersi, onuň maksatlary we meseleleri .......... 8

**I bap.** Saz derňewi. Derňewiň žanrlary, görnüşleri we usullary .......... 10
§ 1. Saz derňewi. Umumy düşünje. Derňewiň žanrlary we görnüşleri .......... 10
§ 2. Kompleksleýin derňewiň usullary we görnüşleri .......... 11
*Derňew üçin eserler* .......... 15
*Hödürlenýän edebiýat* .......... 15

**II bap.** Saz sungaty. Sazyň mazmuny we formasy. Stil. Žanr (umumy düşünje) .......... 16
§ 1. Saz sungaty .......... 16
§ 2. Sazyň mazmuny we formasy .......... 17
§ 3. Saz stili .......... 19
§ 4. Saz žanry .......... 21
§ 5. Žanryň ýerine ýetirijilik tarapy .......... 23
§ 6. Žanryň mazmun esasynda häsiýetlendirilişi .......... 24
§ 7. Žanr bilen stiliň arabaglanyşygy .......... 25
§ 8. Žanr bilen formanyň gatnaşygy .......... 26
*Hödürlenýän edebiýat* .......... 27

**III bap.** Saz serişdeleriniň sistemasy .......... 28
§ 1. Saz dili .......... 28
§ 2. Saz serişdeleri we olaryň baglanyşyklary .......... 31
*Hödürlenýän edebiýat* .......... 36
§ 3. Heň .......... 36
*Derňew üçin eserler* .......... 48
*Hödürlenýän edebiýat* .......... 48
§ 4. Ritm .......... 49
*Derňew üçin eserler* .......... 52
*Hödürlenýän edebiýat* .......... 52
§ 5. Garmoniýa .......... 52

*Hödürlenýän edebiýat* ........ 59
§ 6. Faktura ........ 59
*Derňew üçin eserler* ........ 66
*Hödürlenýän edebiýat* ........ 66

**IV b a p.** Tematizm ........ 66
*Hödürlenýän edebiýat* ........ 72

**V bap.** Saz formasynyň ösüş prinsipleri. Bölümleriň funksiýalary ........ 72
§ 1. Saz formasynyň ösüş prinsipleri, olaryň umumy sistemasy ........ 72
§ 2. Formada bölümleriň funksiýalary ........ 75

## II BÖLÜM. SAZ ESERLERINIŇ GURLUŞY

**VI b a p.** Period formasy ........ 77
§ 1. Period. Onuň çäkleri we göwrümi ........ 77
§ 2. Periodyň garmoniki gurluşy ........ 82
§ 3. Periodyň tematiki gurluşy ........ 89
§ 4. Periodyň bölekleri ........ 101
§ 5. Kwadrat däl gurluşly periodlar ........ 109
§ 6. Period bütin eseriň formasy hökmünde ........ 127
§ 7. Periodyň taryhy ösüşine gysgaça syn ........ 134
*Derňew üçin mysallar* ........ 142
*Hödürlenýän edebiýat* ........ 144

**VII b a p.** Ýönekeý iki bölümli forma ........ 145
§ 1. Kesgitleme. Umumy gurluş. Görnüşler ........ 145
§ 2.Gadymy iki bölümli forma ........ 152
§ 3. Ýönekeý iki bölümli formanyň ulanylýan ýerleri ........ 153
*Derňew üçin mysallar* ........ 154

**VIII bap.** Ýönekeý üç bölümli forma ........ 155
§ 1. Kesgitleme. Umumy gurluş. Görnüşler ........ 155
§ 2. Ýönekeý üç bölümli formanyň ulanylýan ýerleri ........ 158
*Derňew üçin mysallar* ........ 169
*Hödürlenýän edebiýat* ........ 170

**IX bap.** Çylşyrymly iki bölümli forma ........ 171
§ 1. Kesgitleme, ähmiýetli aýratynlyklar ........ 171
§ 2. Çylşyrymly iki bölümli formanyň beýan ediji tarapy ........ 173
§ 3. Formanyň logikasy. Onuň ulanylýan ýerleri ........ 174
§ 4. Bölümleriň gurluşy ........ 175
§ 5. Bölümleriň baglanyşygy ........ 176
*Hödürlenýän edebiýat* ........ 177

**X bap.** Çylşyrymly üç bölümli forma.............................................................. 177
§ 1. Kesgitleme ........................................................................................ 177
§ 2. Çylşyrymly üç bölümli formanyň gurluşy.
Onuň esasy görnüşleri.......................................................................... 179
§ 3. Ortaky bölüm. Kontrastlygyň roly ..................................................... 183
§ 4. Ortaky bölüm. Trio............................................................................ 184
§ 5. Ortaky bölüm. Epizod........................................................................ 185
§ 6. Düzümli ortaky bölüm ...................................................................... 185
§ 7. Baglaýjylar ....................................................................................... 186
§ 8. Repriza............................................................................................. 186
§ 9. Koda................................................................................................. 187
§ 10. Tonal meýilnamalary......................................................................... 188
§ 11. Çylşyrymly üç-bäş bölümli forma ..................................................... 189
§ 12. Taryhy ösüşiniň käbir taraplary.......................................................... 189
*Derňew üçin mysallar* ............................................................................. 191
*Hödürlenýän edebiýat* ............................................................................ 193

**XI bap.** Konsentriki forma (umumy merkezli formalar)................................. 193
§ 1. Konsentriki forma (umumy merkezli formalar) ................................... 193
*Hödürlenýän edebiýat* ............................................................................ 194

**XII bap.** Wariasiýalar formasy.................................................................. 194
§ 1. Kesgitleme. Umumy düşünje............................................................. 194
§ 2. Wariasiýalaryň temasy. Temalaryň iki görnüşi ................................... 195
§ 3. Temalaryň umumy alamatlary .......................................................... 197
§ 4. Dowamlylyk...................................................................................... 197
§ 5. Temalaryň formalary......................................................................... 198
§ 6. Faktura, depgin ................................................................................ 198
§ 7. Warýirlemek usullary......................................................................... 199
§ 8. Wariasiýalaryň görnüşleri ................................................................. 201
§ 9. Basso ostinato wariasiýalary.............................................................. 202
§ 10. Kadaly wariasiýalar ........................................................................ 204
§ 11. Erkin wariasiýalar .......................................................................... 209
§ 12. Göçme görnüşleri............................................................................ 210
§ 13. Wariasiýalar formasynyň ulanylyşy.................................................. 212
*Derňew üçin mysallar* ............................................................................. 213
*Hödürlenýän edebiýat* ............................................................................ 215

**XIII bap.** Rondo formasy......................................................................... 215
§ 1. Kesgitleme we umumy häsiýetnama ................................................ 215
§ 2. Gelip çykyşy ..................................................................................... 216
§ 3. Beýleki formalar bilen deňeşdirme.................................................... 217
§ 4. Rondo görnüşli formalar.................................................................... 218
§ 5. Gadymy rondo ................................................................................. 219

§ 6. Nusgawy rondo ..... 220
§ 7. XIX–XX asyrlarda rondo formasynyň ösüşi ..... 221
§ 8. Rondo formasynyň ulanylýan ýerleri..... 222
*Derňew üçin mysallar* ..... 222
*Hödürlenýän edebiýat* ..... 224

**XIV bap.** Sonata formasy ..... 224
§ 1. Kesgitleme we umumy häsiýetnama ..... 224
§ 2. Ekspozisiýa ..... 226
§ 3. Baş partiýa. Baglaýjy bölüm ..... 227
§ 4. Kömekçi partiýa. Jemleýji bölüm ..... 233
§ 5. Işlenilme ..... 234
§ 6. Repriza ..... 237
§ 7. Koda ..... 240
§ 8. Giriş..... 241
§ 9. Sonata formasynyň taryhy gelip çykyşy we ösüşi ..... 244
*Derňew üçin mysallar* ..... 248
*Hödürlenýän edebiýat* ..... 249

**XV bap.** Rondo-sonata formasy ..... 250
§ 1. Kesgitleme we umumy häsiýetnama ..... 250
§ 2. Ekspozisiýa. Baş partiýa ..... 251
§ 3. Kömekçi partiýa. Baş partiýanyň gaýtalanmagy ..... 252
§ 4. Ortaky (merkezi) epizod ..... 253
§ 5. Repriza ..... 254
§ 6. Koda ..... 254
§ 7. Ulanylýan ýerleri ..... 254
*Derňew üçin mysallar* ..... 254

**XVI bap.** Erkin we garyşyk formalar ..... 255
§ 1. Kesgitleme. Görnüşler ..... 255
§ 2. XVII–XVIII asyrlaryň sazlarynda erkin formalar. Barokko formalary ..... 256
§ 3. Wena klassyky sazlarynda erkin we garyşyk formalar ..... 256
§ 4. XIX–XX asyrlaryň sazlarynda erkin we garyşyk formalar ..... 257
*Derňew üçin mysallar* ..... 261
*Hödürlenýän edebiýat* ..... 262

**XVII bap.** Polifoniki formalar ..... 262
§ 1. Kanon ..... 262
*Derňew üçin mysallar* ..... 266
§ 2. Inwensiýa ..... 269
*Derňew üçin mysallar* ..... 273
§ 3. Fuga..... 273
*Derňew üçin mysallar* ..... 281

§ 4. Fugetta ........ 283
*Derňew üçin mysallar* ........ 285
§ 5. Fugato ........ 286
*Derňew üçin mysallar* ........ 288
§ 6. Polifoniki wariasiýalar ........ 288
*Derňew üçin mysallar:* ........ 295
*Hödürlenýän edebiýat* ........ 296

**XVIII bap.** Toplum formalary ........ 297
§1. Kesgitleme. Umumy düşünje ........ 297
§ 2. Gadymy sýuita ........ 297
§ 3. Täze sýuita ........ 299
§ 4. Sonata-simfoniki toplum ........ 299
*Derňew üçin mysallar* ........ 301

**XIX bap.** Kamera-wokal sazynyň formalary ........ 302
§ 1. Umumy häsiýetnama ........ 302
§ 2. Saz we sözleýiş intonasiýalarynyň özara gatnaşygy ........ 303
§ 3. Saz bilen tekstiň mazmunynyň baglanyşygy ........ 305
§ 4. Kamera-wokal sazynda formalaryň esasy görnüşleri ........ 305
§ 5. Kuplet formasy ........ 306
§ 6. Kuplet-wariasiýalar formasy ........ 307
§ 7. Zowwamlaýyn ösüşli forma ........ 308
§ 8. Wokal sazynda adaty instrumental formalaryň ulanylyşy ........ 309
§ 9. Wokal toplumlary ........ 309
*Derňew üçin mysallar* ........ 311
*Hödürlenýän edebiýat* ........ 312

**XX bap.** Opera, kantata, oratoriýa ........ 312
§ 1. Opera. Umumy häsiýetnama ........ 312
§ 2. Operanyň gelip çykyşy we ösüşi ........ 314
§ 3. Operalaryň dürli görnüşleri ........ 315
§ 4. Opera eserini düzýän formalar we žanrlar ........ 316
§ 5. Kantatalar we oratoriýalar ........ 320
*Derňew üçin mysallar* ........ 321
*Hödürlenýän edebiýat* ........ 322

Rasul Hangeldiýewiç Amangeldiýew,
Zulfiýa Orazowna Jumagulyýewa,
Ýelena Pawlowna Osipowa,
Miwegözel Goçmyradowna Saparmyradowa,
Suhan Allyýewiç Tüýliýew

SAZ ESERLERINIŇ DERŇEWI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *Ş. Myratgulyýewa* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter işleri | *D. Piriýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *Ş.Annagylyjowa* |

Çap etmäge rugsat edildi 10.07.2017. Ölçegi 60x90$^{1}/_{16}$.
Edebi garniturasy. Şertli çap listi 20,5.
Hasap-neşir listi 20,2. Şertli reňkli ottiski 44,25.
Çap listi 20,5. Sargyt № 2832. Sany 700.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.